**H. Hajygurbanow, M. Myradowa**

# DÜNÝÄ DÖWLETLERINIŇ BANK ULGAMLARY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2020

UOK 378:339.732
H 16

**Hajygurbanow H., Myradowa M.**
H 16 **Dünýä döwletleriniň bank ulgamlary.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2020.

«Dünýä döwletleriniň bank ulgamlary» okuw kitabynyň esasy wezipesi ykdysadyýet ugrunda okaýan talyplara döwrebap bilim bermekden, olaryň dünýä döwletleriniň bank ulgamyna degişli öwrenen maglumatlaryny Türkmenistanyň bank ulgamynda ulanmaklaryna ýardam bermekden ybaratdyr.

Bu okuw kitaby ykdysadyýet ugrunda bilim alýan talyplara niýetlenilip, ondan aspirantlar, karz edaralarynyň, şeýle hem döwletiň ykdysady gulluklarynyň hünärmenleri peýdalanyp bilerler.

TDKP № 175, 2020 KBK 65,268 ýa 73

© H. Hajygurbanow, M.Myradowa, 2020



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Özüniň taryhy ösüşinde dünýä ykdysadyýeti dünýä söwdasynyň ösmeginde halklaryň arasynda maýalaryň halkara hereketiniň durnukly ýagdaýyny aňladýar. Emma bu halkara guramalarynda we häzirki döwürde dünýäde, şonuň bilen birlikde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen 193 döwletde hereket edýän iki ýüzden gowrak bank ulgamynyň milli aýratynlyklaryny aradan aýyrmaýar.

Federatiw, unitar, ösen, ösüş ýoluna düşen döwletlerde maliýe, bank ulgamlaryny dolandyrmagyň umumy ösüşi tapawutlansa-da, dünýä ýurtlarynyň her biriniň tejribesi özboluşlydyr we käbir ýagdaýlarda has täsindir. Milli bank ulgamlarynyň ösüşini, gurluşyny we işleýiş tejribesini öwrenmeklik olaryň arasyndaky arabaglanyşdyryjy bolup çykyş edýän dünýä bank ulgamynyň gurluşyna çuňňur aralaşmaga mümkinçilik berýär.

Okuw kitabynda dünýä ýurtlarynyň bank ulgamyny öwrenmek üçin saýlap almaklyk, onuň dünýä ykdysadyýetindäki udel agramyna, ýagny jemi içerki önümiň (JIÖ) umumy göwrümine we jan başyna düşýän JIÖ, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň derejesine, milli bank ulgamlarynda kuwwatly transmilli banklaryň sanyna baglylykda göz öňünde tutuldy.

Şeýle-de okuw kitabynda aýry-aýry ýurtlaryň bank ulgamlary baradaky ýygnalan we derňelen maglumatlaryň beýan edilişi bank ulgamynyň ösüş aýratynlyklaryna, merkezi bankyň ýolbaşçylygynda onuň gurluşyny görkezmeklige, islendik ýurduň bank ulgamynyň tapgyrlaryny häsiýetlendirmäge niýetlenendir. Dünýä halklarynyň arasynda walýuta-maliýe we karz gatnaşyklaryna aýratyn üns berilýär.

Ilkinji karz-pul we maliýe banklary döräli bäri köp ýurtlaryň hojalyklarynyň gurluşynda hemişe üýtgeşme bolup durýar. Karz ulgamy üýtgedilip durulýar, karz-maliýe institutlarynyň täze görnüşleri ýüze çykýar, bank we maliýe-karz institutlarynyň özara gatnaşyklary kämilleşdirilýär. Banklaryň hereket etmeginde düýpli üýtgeşmeler bolup geçýär, milli hojalyklarda banklaryň ähmiýeti we özbaşdaklygy ýokarlanýar, hereket edýän we täze döreýän maliýe--karz institutlarynyň mümkinçilikleri artýar, içerki, daşarky ykdysady gatnaşyklarda bank hyzmatlarynyň netijeliligi artýar, maliýe--karz we bank kärhanalarynyň hyzmat ediş çäklerini tapawutlandyrmak işleri geçirilýär.

Merkezi banklaryň ýüze çykmagy emissiýa banknotlarynyň täjirçilik banklarynda merkezleşdirilmegi bilen baglanyşyklydyr. Olaryň banknotlary umumy karz hyzmatlaryny ýerine ýetirip bilerler. Şeýle banklara *emission banklar* diýilýär.

Bank işiniň irki ösüş döwründe täjirçilik we emission banklaryň arasynda täjirçilik banklaryna özbaşdak banknotlary ýaýratmaga gadaganlyk bolmandyr. XVIII asyrda we XIX asyryň başynda serişdeleri çekmek we passiwlerini artdyrmak üçin täjirçilik banklary, adatça emission banknotlary ulanypdyrlar. XIX asyryň ortalarynda täjirçilik we emission banklaryň ýerine ýetirýän işleriniň arasynda düýpli tapawutlar ýüze çykyp başlapdyr. Döwlet degişli kanunlary kabul etmek bilen bu işe işjeň täsir edipdir, sebäbi karz bermek üçin köpsanly banklar tarapyndan banknotlaryň çykarylmagy emmitetleriň tozan ýagdaýynda öwrülişik ýagdaýyndan mahrum edipdir. Döwlet banknot emissiýasyny sazlamak üçin berk düzgünleri girizipdir, täjirçilik banklaryna emission banknotlary dolanyşyga goýbermek gadagan edilipdir. Şeýle düzgün hut emission banklar üçin girizilipdir. Bir Merkezi emission bankdan we köpsanly täjirçilik banklardan ybarat bolan iki derejeli bank ulgamy şeýle döräpdir. Bu Angliýada Angliýa banky, Fransiýada Fransuz bankydyr. Bu ýerden eýýäm ýurduň karz ulgamynda bankyň ähmiýeti görünýär. Merkezi bank karz ulgamynyň özeni bolmak bilen ykdysadyýeti sazlamagyň guraly bolup çykyş edýär.

Merkezi banklaryň ösüşiniň taryhy iki ýoly dowam edipdir. Olaryň biri uzak taryhy ösüşleriň netijesinde merkezi bolupdyr. Bu kapitalistik gatnaşyklar gaty ir ýüze çykan ýurtlarda mümkin bolupdyr. Şeýle banklaryň biri bolup Angliýanyň banky çykyş edipdir. 1694-nji ýylda Angliýanyň banky hakykat ýüzünde öz işine başlaýar. Ol döwlete ýyllyk 8% bilen 11 ýyl möhlete öz serişdelerini karzyna beripdir. Bank öz töleg serişdeleriniň emissiýasyny ýola goýmagy başarypdyr. Bu serişdeleriň möçberi hasaba alyş amallarynyň möçberine bagly bolupdyr. Telekeçiligi guramagyň emele gelen görnüşinden (paýdarlar jemgyýeti) peýdalanmak bilen ol döwletden bellibir ýekemenlik görnüşinde aýratyn ýeňillik alýar. Bu ýeňillik hökümete karz bermegiň ýerine maýany artdyrmaga hukuk berilmegini göz öňünde tutupdyr. Ýedi we ondan köp hyzmatdaşlardan durýan hiç bir bankyň banknotlary çykarmaga hukugy bolmandyr (ýarym ýyldan az üzülmeli möhlet bilen). Bu iş ýüzünde paýdarlar jemgyýetleriniň emission işden çykarylmagyna getiripdir.

1742-nji ýyldan başlap Angliýanyň banky banknot çykarmak boýunça ýeke-täk paýdarlar jemgyýeti bolýar. Angliýanyň bankynda «aýratyn ýeňillikleriň jemlenmegi» banknot çykarmakda onuň ýagdaýyny güýçlendirýär. Ownuk banklar onda öz pul serişdelerini saklamaga geçýärler. XIX asyryň başyna çenli Angliýanyň banky ýurduň merkezi bankynyň alamatlaryny alýar. Angliýanyň bankynyň banknotlary kanuny töleg serişdesi bolýar. 1812-nji ýylda hökümet olary ählumumy (uniwersal) töleg serişdesi diýip yglan edýär. Banklar merkezi bankyň banknotlaryna emission işi üpjün etmegiň serişdesi hökmünde seredip başlaýarlar. Ýerli pul dolanyşygynda Angliýanyň bankynyň borçlary aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolup başlapdyr. 1844-nji ýylda kabul edilen Piliň kanuny Angliýanyň bankynyň emission işiniň ýekemenligini gutarnykly yglan edýär. Altyn bilen üpjün edilmedik banknotlaryň emissiýasy çäklendirilýär. Banklar beýleki banklar bilen goşulanlarynda ýa-da birikdirilenlerinde, şeýle hem emissiýa hukugyndan meýletin boýun gaçyranlarynda emissiýa hukuklaryny ýitirýärler. Täze döredilen banklara emissiýa hukugyny almak gadagan edilýär. Bölünmeýän banknotlar ýurduň tutuş ykdysadyýetiniň çäklerinde karz pullara öwrülýärler. Olaryň içerki

gymmaty bolmaýar we milli söwda maýasynyň hem-de baýlygynyň hereketi bilen ýakyndan bagly bolup, döwlet karz ulgamynyň pul dolanyşygynyň durnuklylygyny üpjün edipdir, şeýle hem gymmat häsiýeti boýunça gaznaçylygyň kagyz pullary bilen deň bolupdyr.

Angliýanyň bankynda emission wezipäniň karz işinden aýrylmagy merkezi bank tarapyndan düzgünleşdirilýän pul dolanyşygynyň esasyny emele getirýär. Pul dolanyşygynyň durnuklylygyny saklamak üçin içerki döwlet bergisi işjeň peýdalanylyp başlanýar. 1844-nji ýyldan 1921-nji ýyla çenli aralykda Beýik Britaniýanyň 207 sany hususy bank öýleri we 72 sany paýdarlar banklary emissiýa hukugyny ýitiripdirler.

Mundan başga-da Angliýanyň bankyna döwlet zaýomlaryny ýerleşdirmäge hukuk berlipdir. Munuň netijesinde döwlet bergisini bu bankyň üsti bilen dolandyrmak ulgamy döräpdir. Bu bank 1844-nji ýylda Robert Piliň aktyna görä kanuny ýagdaýda emission banknotlara agalyk edijilik hukugyna eýe bolupdyr. 14 million funt sterlingden başga, köne banknotlar 100 göterim altyn bilen üpjün edilmeli täze banknotlar bilen çalşyrylypdyr. Ikinji Jahan urşundan soň, has takygy 1946-njy ýylda Angliýanyň banky millileşdirilipdir. Kesgitli pul syýasaty bilen birlikde oňa beýleki banklaryň üstünden gözegçilik etmek hukugy berlipdir.

Beýleki ýurtlarda hem merkezi banklar döräpdir, ýöne bu has gijräk bolup geçipdir. Meselem, Fransiýanyň banky 1800-nji ýylda, Germaniýanyň banky 1875-nji ýylda, Italiýanyň banky 1893-nji ýylda döredilipdir, ABŞ-da bankyň wezipesini 1913-nji ýylda dörän we federal akt kabul edilenden soň Federal ätiýaçlyk ulgamynyň (FÄU) düzümine girýän 12 sany federal ätiýaçlyk banklary ýerine ýetiripdir.

Merkezi bankda aýratyn ýeňillikleriň jemlenmegi pul maýasynyň merkezleşmegini öňünden kesgitledi. Netijede banklaryň karz amallary ösüş üçin goşmaça itergi alýarlar we durnuklylyga eýe bolýarlar. Bu bank hyzmatlarynyň edilýän çäkleriniň giňelmeginiň we iri müşderiler üçin ýeňillikleriň bellenilmeginiň hasabyna üpjün edilýär. Karz işiniň mundan beýläk hem kämilleşmegi maliýe bazaryndaky bäsleşigiň netijesinde Londonyň (paýtagtyň) banklary bilen welaýatlardaky banklaryň arasynda aram-aram ýüze çykýan

gapma-garşylyklary aradan aýyrmaga we ýeke-täk bank ulgamyny döretmäge mümkinçilik beripdir.

Ilkinji merkezi banklaryň tejribesi bu karz institutlarynyň işlemeginiň zerurlygynyň döwlet häkimiýetiniň hereket etmegi we onuň haryt-pul gatnaşyklaryna täsiriniň güýçlenmegi bilen baglydyr. Edil şonuň ýaly ilkinji merkezi banklaryň emission işi hem milli ykdysadyýetiň durnuklylygyny saklamaga gönükdirilendir.

Russiýada XIII asyryň başyndan başlap nemes şäherleri bilen işjeň söwda edilmeginiň netijesinde pul amallarynyň merkezleri – – Nowgorod we Pskow emele gelipdir. Monastyrlarda we buthanalarda söwda öýleri açylypdyr. Haryt we metal pullar bilen berilýän karzlar goýlan emläk bilen resmileşdirilmeýär. Russiýa wizantiýa hukugynyň düzgünlerini, onuň pul amallaryny guraýşyny kabul edýär. Döwlet amallary we göterimleriň ýol berilýän derejesini düzgünleşdirýär. Bu iş bilen meşgullanmak hukugy pul almak bilen tabşyrylýar. XII–XVI asyrlarda ykjam (mobil) pul maýasynyň ýokdugy bellenýär. Pul dolanyşygynyň gümrük paçlary we harytlara goýulýan aksizler görnüşinde daşary ýurt pullarynyň importyna baglylygy saklanyp galýar. Döwlet tarapyndan bellibir döwür aralygynda geçirilýän reformalar we ýurduň işewür merkezleriniň geografiýa babatda üzňeligi hususy pul telekeçiliginiň ösmegini bökdäpdir. Russiýada bank işi döwletiň işi hökmünde ösüpdir. Hususy we emissiýa banklary bolmandyr. Merkezleşdirilen Rus döwletiniň döreýän şertlerinde ykdysady aragatnaşyklaryň güýçlenmegi bolup geçýär. Petr I-niň reformalary ýeke-täk moneta ulgamyny döredýär, söwdanyň we karz bermegiň ösmegine ýardam edýär.

1754-nji ýylda imperator Ýelizaweta Petrownanyň permany bilen *Dworýanlaryň karz banky* we *Täjirler banky* diýen iki sany döwlet banky döredilýär. Birinji bank mülkleri we krepostnoý daýhanlary girew goýdurmak bilen, dworýanlara uzak möhletli karzlary beripdir. Ikinji bank täjirlere rus portlarynyň üstünden daşary söwda amallaryny geçirmek üçin täjirlere karz pul beripdir. Döwlet banklary birnäçe gezek reforma edilipdir, beýleki banklar bilen üsti ýetirilipdir ýa-da çalşyrylypdyr (saklaýyş banky, gaznalary, jemgyýetçilik hossarlygy edaralary). Olar öz aktiw amallaryny gazna tarapyndan berilýän

serişdeleriň hasabyna geçiripdirler. Döwlet banklarynyň serişdeleri, köplenç halatda döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň üstüni ýapmaga gönükdirilýär. XVIII asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap döwlet banklary uzak möhletli karzlaşdyrmak bilen meşgullanýarlar.

Döwlet-monopolist kapitalizm döwründe öň paýdarlar derejesine eýe bolan merkezi banklaryň köpüsinde millileşdirmek hadysasy uly ösüşe eýe bolupdyr. Ony 1929-1933-nji ýyllaryň ykdysady çökgünligi we ykdysadyýeti döwlet-monopolistik sazlama ýagdaýyny güýçlendiren Ikinji Jahan urşy has çaltlandyrypdyr. Ýokarda ady tutulan Angliýanyň we Fransiýanyň banklaryndan başga-da 1938-nji ýylda Kanadanyň, 1942-nji ýylda bolsa Ýaponiýanyň banky millileşdirilipdir.

Dünýäde merkezi banklaryň başgaça döreýşine GFR-de Bundesbanky (1957), Awstriýanyň Ätiýaçlyk bankyny (1960), ABŞ-da Federal ösüş banklarynyň ulgamyny (1913) mysal getirmek bolar. Bu ýagdaýda ilkibaşdan banklar emission merkezler hökmünde döredilipdir.

Germaniýanyň esasy bank ulgamy bolup, ýurduň merkezi banky hökmünde çykyş edýän Nemes Federal banky çykyş edýär. Ol Ikinji Jahan urşundan soň 1948-nji ýylda ýurduň günbatar böleginde basybalyjy döwletler tarapyndan döredilýär. 1957-nji ýylda Nemes Federal banky hakynda kabul edilen karara käbir üýtgeşmeler girizmek bilen ol häzir hem hereket edýär. Nemes Federal bankynyň wekilhanalary, baş şahamçalarynyň çäkli sany we şahamçalary GFR-iň ähli ýerinde hereket edýär.

Nemes Federal banky hakyndaky kanuna laýyklykda bu bank doly hukukly edara görnüşli tarapdyr. Onuň esasy maýasy döwlete degişlidir. Bankyň esasy wezipesi pul dolanyşygyny we walýutanyň durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen karzy sazlamakdan ybaratdyr. NFB ýurtda we ýurduň daşynda bankyň töleg öwrülişiginiň ösüşini üpjün etmäge çalyşýar. Bank hakyndaky kanun NFB-ä birnäçe halkara geleşiklerine gatnaşmaga hukuk berýär.

Merkezi bankyň bölümleri we şahamçalary bilen birlikdäki kategoriýalarynyň ýewropa kanunalaýyklygy ABŞ-da Federal ätiýaçlyk banklar ulgamyna degişlidir. 1913-nji ýylda ABŞ-da Federal

ätiýaçlyk hakynda kanun kabul edilýär. Onuň maksady durnukly pul ulgamyny üpjün etmek, gymmatly kagyzlardan peýda görmek, ABŞ-da bank işine has netijeli gözegçiligi amala aşyrmak üçin Federal ätiýaçlyklar banklarynyň ulgamyny döretmek bolupdyr. Ony üpjün etmek üçin Federal ätiýaçlyklar ulgamy (FÄU) döredilipir. FÄU-nyň döredilmegi giň hukuga eýe bolan guramaçylyk komitetini döretmekden başlapdyr.

Bu guramaçylyk komitetine maliýe ministri, oba hojalyk ministri we pul dolanyşygynyň gözegçisi agza bolupdyr. Özüniň işine başlan gününden başlap guramaçylyk komiteti ekspertleriň we maslahatçylaryň kömegi bilen Federal ätiýaçlyk banklarynyň baş edaralaryny ýerleşdirmek üçin 8-den az bolmadyk – 12-den köp bolmadyk şäheri saýlap almaly bolupdyr. Kanunda görkezilen okruglara ştatlaryň çägi bilen çäklenmek hökmany bolmandyr, ýöne olar adaty düzgünleri ýerine ýetirmäge borçly bolupdyrlar.

Kanun kabul edileni bäri Federal ätiýaçlyk banklarynyň okruglarynyň çäginiň we Federal ätiýaçlygyň aýry-aýry banklarynyň (FÄB) ýerleşýän şäherleriniň üýtgemek mümkinçiligine seredilýär. 12 FÄB-leriň döredileni bäri ştatlaryň çäkleri az mukdarda üýtgänem bolsa, şäherleriň sany şol 12-liginde galdy. Meýdany boýunça iň uly okrug ýurduň çäginde köpsanly bölümlere eýe bolmak bilen, olar käwagt baş edaranyň geçirýän çäresiniň mukdaryna deň ululykdaky çäreleri geçirip bilýärler. Baş edaradan başga-da köpsanly edaralaryň bolmagy bank maýasynyň ýygnanmagyny aňladýar. FÄB – bu korporasiýalar, ýagny paýdarlar jemgyýeti görnüşindäki edara görnüşli tarapdyr.

Ykdysadyýetde wajyp pudak hökmünde banklaryň ähmiýeti Ikinji Jahan urşundan soň artdy. Banklaryň maýasynyň jemlenmeginiň we merkezleşdirilmeginiň güýçlenmegi olaryň ornuny berkiden bolsa, alynýan peýdanyň mukdaryny artdyrmaklyga ymtylmaklyk diwersifikasiýanyň we bank işiniň köptaraply bolmagyny kesgitledi. Şeýle hem halkara amallarynyň giňelmegine, täze milli bank we halkara derejesindäki bankara birleşmeleriň döremegine getirdi. Merkezi bankyň bazar ykdysadyýetiniň ösmegindäki ähmiýeti ýurduň milli girdejisiniň we jemgyýetçilik önümleriniň öndürilişini

durmuşa geçirmek üçin gerek bolan pul mukdarynda artmagy bilen düşündirilýär.

Dünýä ýurtlarynyň merkezi banklary üç ýüz ýyldan gowrak wagt bäri hususy paýdarlar, täjirçilik we beýleki banklar bilen utgaşyklylykda ösdi hem-de dünýäde iki derejeli bank ulgamyndan ybarat bolan ulgamyň birinji derejesini eýeledi. Dünýädäki 200-den gowrak döwletiň ösen we ösüş ýoluna düşen bank ulgamlary bardyr. Şeýle-de 2019-njy ýylyň maglumatlaryna görä dünýäde 60-dan gowrak kuwwatly bank bardyr. Bu barada baplarda giňişleýin beýan edilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň strategiki ykdysady ýörelgelerinden ugur alyp, Türkmenistanyň banklary ýurduň ykdysadyýetini berkitmäge we güýçli depginler bilen ösdürmäge gönükdirilen pul-karz syýasatyny alyp barýar.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe Türkmenistanyň pul-karz ulgamyny özgertmeklik daşary ýurtlaryň pul akymlaryny sazlaşdyrmak, karz maýasynyň bazaryny döretmek baradaky tejribesini öwrenmegi talap edýär. Aýdylanlardan ugur alyp, häzirki wagtda dünýäde abraýly maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly üns berilýär. Türkmenistanyň banklary, halkara banklary we ösüş gaznalary hyzmatdaşlyk ugrunda Bütindünýä banky, Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky (ÝTÖB), Yslam ösüş banky, OPEK gaznasy we beýleki banklar, gaznalar bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn üns berýärler.

Banklar ÝTÖB bilen hyzmatdaşlykda maýa goýum, halkara hasaplaşyklar, tejribe-okuw meýilnamalary boýunça ugurlary öňe sürýär. ÝTÖB-niň Türkmenistan tarapyndan dolandyryş edarasy ýurdumyza bähbitli bolan daşary ýurtly maýadarlary hyzmatdaşlyga çekmeklige degişli geçirilýän forumlara işjeň gatnaşýar. Olarda ÝTÖB-niň karz ugruny ulanmak bilen ýurdumyzda ykdysadyýetiň hususy pudagyna maýa goýmak isleýän daşary ýurtly taraplara tanyşdyryş işleri geçirilýär. Şeýle hem, Bütindünýä bankynyň we onuň Halkara maliýe korporasiýasynyň mikrokarzlar ýaly möhüm

taslamalary giňden öwrenilýär. Dünýä bazarynyň mikrokarz görnüşiniň karz tejribesi eýýäm banklarymyzda öz ornuny tapýar.

Milli eksport-import we eksport ätiýaçlyk gulluklary bilen hyzmatdaşlyk ugrunda Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet iş banky tarapyndan uzak wagtyň dowamynda Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky, Hytaýyň, Çehiýanyň, ABŞ-nyň, Türkiýänyň, Malaýziýanyň Eksimbanklary, Germaniýanyň Germes, Fransiýadaky Kofas we Belgiýadaky OND eksport ätiýaçlyk kompaniýalary bilen işewürlik, hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýuldy. Bu gatnaşyklar banka onuň işjeň amallarynyň gaznasyny döretmegiň, aýratyn hem, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynda taslamalary maliýeleşdirmegiň esasy çeşmeleriniň biri bolup durýar.

Her bir ýurduň bank ulgamy boýunça ýygnanan we seljerme geçirilen maglumatlaryň beýan edilişiniň düzümi bank ulgamynyň ösüşiniň aýratynlyklaryny açmak, şeýle hem merkezi bankyň baştutanlygynda bank ulgamynyň düzümini görkezmek, islendik ýurduň bank ulgamynyň ikinji derejesini häsiýetlendirmek üçin guralandyr.

Häzirki döwrüň talaplaryndan ugur alyp, geljekki ykdysatçylaryň dünýä banklary barada ýeterlik düşünje almaklary üçin ýardamçy bolar diýen niýet bilen taýýarlanylan bu okuw kitaby döwletimiziň halkara ykdysady gatnaşyklarynyň ösdürilmeginde goşant bolar diýip ynanýarys. Bu okuw kitaby öz mazmuny boýunça «Bank işi», «Pul, karz we banklar», «Maliýe», «Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklary», «Dünýä ykdysadyýeti», «Halkara ykdysady gatnaşyklar» ýaly dersler bilen özara baglanyşyklydyr.

# I BAP
# Ýewropa Bileleşigi: Ýewropanyň bank ulgamy

## 1.1. Ýewropanyň bank ulgamynyň ösüşi

XXI asyryň başynda Ýewropa Bileleşigi (ÝB) ýarym asyrlyk ykdysady integrasiýa netijesinde özüne 28 döwleti birikdirýän dünýäde kuwwatly integrirlenen birleşmä öwrüldi.

Ýewropa Bileleşigi 2018-nji ýylda ilat başyna düşýän 44,44 trln dollarlyk jemi içerki önümi (JIÖ) bilen dünýäde ABŞ-dan (23,86 trln JIÖ) öňe geçdi.

2018-nji ýylda Ýewropa Bileleşigi  boýunça JIÖ jemi 3,3 göterim ösüp, 28 ýurt boýunça ilatyň jan başyna düşýän JIÖ-si ortaça 32,9 müň dollara ýetipdir. Bileleşigiň eksporty 3,47 trln dollara, importy 2,996 trln dollara ýetipdir. Ýewropa Bileleşiginiň eksportynyň ýaýraýyş çägi giň bolup, onuň 23%-i ABŞ, 7,6%-i Şwesariýa, 8,2%-i Russiýa, 6,2%-i Ýaponiýa we beýleki ýurtlara degişlidir. Onuň importynyň 13,8%-i ABŞ, 13,4%-i Hytaýa, 8,2%-i Russiýa Fedarasiýasyna, 6,2%-i Ýaponiýa we beýleki ýurtlara degişlidir. Ýewropa Bileleşiginiň  ykdysadyýetde ýeten derejesi köpsanly integrasion sebäpler bilen birlikde, onuň häzirki zaman bank ulgamy bilen hem baglanyşyklydyr.

Günbatar Ýewropa ýurtlary Ýewropa ykdysady we walýuta bileleşigi döredilen pursady eýýäm walýuta hyzmatdaşlygy baradaky tejribä eýediler. Ikinji Jahan urşundan soň ýewropa pul birlikleriniň dolanyşygy çäklidi we olaryň resmi bahasy bazar bahasyna gabat gelmeýärdi. «Janly» pul ýetmezçiligi sebäpli döwletleriň arasynda ikitaraplaýyn kliring boýunça töleg işleri geçirilýärdi, bu bolsa söwdanyň ösmegini güýçli çäklendirýärdi.

1969-njy ýylyň fewralynda Ýewropa ykdysady bileleşiginiň Komissiýasy Ýewropa ykdysady bileleşiginiň mejlisine ykdysady we walýuta syýasatyny koordinirlemek barada memorandum iber-

di. Ol ÝYB-niň wise başlygy Raýmon Barryň ýolbaşçylygynda taýýarlanandygy üçin Barryň memorandy adyna eýe boldy. Şol ýylyň dekabr aýynda ÝYB girýän alty ýurduň döwlet we hökümet ýolbaşçylary Gaaga sammitinde walýuta bileleşigini döretmek barada çözgüt kabul etdiler. Hökümet we döwlet ýolbaşçylary taslamany işläp düzmegi Lýuksemburgyň premýer-ministri Pýer Wernere tabşyrdylar. 1970-nji ýylyň oktýabrynda döredilen topar maksatnamanyň gutarnykly taslamasyny hödürledi, 1971-nji ýylyň fewralynda bolsa ÝYB-niň ministrler maslahaty ony tassyklady we walýuta bileleşigini on ýylda, ýagny 1980-nji ýyla çenli döwürde döretmek meýilleşdirilipdi. Bu döwürde Bileleşige gatnaşyjylar aşakdaky meseleleri üç basgançakda amala aşyrmalydylar:

1) özara hasaplaşyklarda walýutany doly ulanyşyga girizmek;

2) maýalaryň erkin hereketini üpjün etmek;

3) altyn walýuta goruny resmi birleşdirmek we arkalaşygyň walýuta gaznasyny döretmek, çalşygyň hümmetini berk hasaba almak hem-de netijede ýeke-täk ýewropa pul birligine geçmek.

1972-nji ýylyň aprelinde Şweýsariýanyň Bazel şäherinde ÝYB agza (GFR, Fransiýa, Italiýa, Niderlandlar, Belgiýa we Lýuksemburg) alty ýurduň merkezi banklarynyň iş dolandyryjylarynyň duşuşygy boldy. Duşuşygyň netijesinde ÝYB agza ýurtlaryň walýutalarynyň çalşygynyň hümmetini durnuklaşdyrmagy üpjün etmek baradaky ylalaşyga gol çekildi. 1972-nji ýylyň 24-nji aprelinde Bazel ylalaşygy güýje girip, ol 1979-njy ýyla çenli hereket etdi. Ilkinji ylalaşyga gatnaşyjy alty döwletden başga Britaniýa bilen Daniýa 1972-nji ýylyň 1-nji maýynda, Norwegiýa bilen Şwesiýa bolsa assosirlenen agza hökmünde 1972 – 1973-nji ýyllarda Bileleşige goşuldylar.

1978-nji ýylyň dekabrynda Brýusselde Ýewropa walýuta ulgamyny (ÝWU) döretmek hakyndaky ylalaşyga gol çekildi. Ol 1979-njy ýylyň 13-nji martynda güýje girizildi.

ÝWU-nyň öňünde aşakdaky wezipeleri çözmek meselesi goýuldy:

– ÝB-de walýuta durnuklylygyny gazanmak;

– ykdysady ösüşi sadalaşdyrmak;

– durnuklylyk şertlerinde ösüş strategiýasynyň esasy düzüm birliklerini derejelemek;



2. Sargyt №2512

- halkara walýuta we ykdysady gatnaşyklaryna durnuklaşdyryjy täsir etmek.

***ÝWU-nyň gazanan anyk üstünlikleri aşakdakylardan ybaradyr:***

– Ýewropa hasaplaşyk birliginiň doly manyda bolmasa-da, dünýä walýutasy hökmünde üstünlikli ösmegi;

– çäkli ýagdaýlarda walýutanyň hümmetiniň üýtgemesini ylalaşmak düzgüni;

– agza ýurtlary goldamagyň karz-maliýe gurluşynyň ösüşi;

– ykdysadyýetiň hökümetara we milli düzüm bölekleriniň sazlanyşygy.

***ÝWU-nyň ýetmezçiliklerine aşakdakylar degişlidir:***

– walýutanyň hümmetiniň yzygiderlikde resmi üýtgedilmegi (1979–1993-nji ýyllar aralygynda bu 16 gezek bolup geçipdir);

– ÝWU-nyň gowşaklygy agza ýurtlaryň ykdysadyýetiniň deňagramly gurluşynyň bolmazlygy, ykdysady ösüşiň depgininiň we derejesiniň dürli bolmagy, hümmetsizlenme hem-de töleg ýagdaýy bilen düşündirilýär;

– ykdysadyýet baradaky syýasatyň koordinirlenmegi ÝWU agza ýurtlaryň öz milli hukuklaryny başgalara bermegi islemezligine getirdi;

– Ýewropa hasaplaşyk birliginiň ulanyşyga girizilmegi ÝWU-nyň Merkezi banklarynyň özara amallaryna diýseň gowşak täsir edipdir;

– ÝWU-nyň hereket etmegi daşky ýagdaýlar sebäpli kynlaşypdyr. Dünýäniň walýuta ulgamynyň we dollaryň durnuksyzlygy ÝWU durnuksyz täsir edipdir.

1990-njy ýylyň başynda ýewropa walýutasynyň hümmetiniň güýçli üýtgemegi we aýry-aýry döwletleriň öz güýçleri bilen milli pullarynyň hümmetini saklap bilmezligi Ýewropa döwletleriniň ÝWU-dan ÝYWU geçmegine güýçli itergi berdi.

1988-nji ýylyň iýunynda Ýewropa Bileleşiginiň Gannowrede bolan maslahatynda topar döredilip, oňa ykdysady we walýuta bileleşigini döretmek barada teklip taýýarlamak tabşyryldy. 1989-njy ýylyň aprelinde Ýewropa komissiýasynyň başlygy Jak Deloryň ýolbaşçylygynda taýýarlanandygy üçin Deloryň doklady diýlip resmi däl atlandyrylan doklad taýýarlanylýar.

Taslamanyň awtorlary agza ýurtlaryň maliýe bazarlaryny birleşdirmek, milli walýutalary konwertirlemegi doly tamamlamak, **hümmet düzgünlerini** doly gözegçilige almak, soňra milli pul birliklerini ýeke-täk ýewropa walýutasy bilen çalyşmak maksady bilen ÝB-niň çäginde maýalaryň hereketini doly liberallaşdyrmagy teklip etdiler. Şeýle hem, Ýewropanyň Merkezi bankyny (ÝMB) döretmek we agza ýurtlaryň döwlet maliýe ýagdaýyna gözegçilik etmegiň düzgünnamasyny işläp düzmek meýilleşdirildi. ÝB 1990-njy ýylyň iýulyndan başlap maksatnamany iş ýüzüne geçirip başlady.

1990-njy ýylda ÝWU-nyň hataryna Beýik Britaniýa, Ispaniýa, Portugaliýa goşulýar.1991-nji ýylda bir ýewropa walýuta giňişligini döretmek baradaky Maastriht şertnamasyna gol çekilýär.

1993-nji ýylyň noýabr aýynda Maastrihtde 1992-nji ýylyň 7-nji fewralynda gol çekilen Ýewropa Bileleşigi hakyndaky şertnama güýje girdi. Şertnamanyň esasy maksady diňe bir ykdysady birleşigi däl-de, syýasy hyzmatdaşlyga ýardam bermek we işleriň beýleki taraplaryny hem öz içine alýan Ýewropa Bileleşigini döretmek bolupdy. Ýewropa Bileleşiginiň düzümini Maastriht şertnamasyna laýyklykda hyzmatdaşlygyň aşakdaky üç ugry emele getirýär:

- Ýewropanyň ykdysady birleşigi;
- umumy daşary syýasat we howpsuzlyk syýasaty;
- hukuk we içeri işler syýasatlaryndaky hyzmatdaşlyk.

Ýewropa Bileleşigi – Ýewropa parlamenti, Ýewropa Bileleşiginiň ministrler geňeşi, Ýewropa komissiýasy, Ýewropa Bileleşiginiň kazyýeti we Ýewropanyň hasap palatasy diýen bäş esasy institutу özüne birikdirýär.

Esasy institutlaryň işine Ýewropanyň durmuş-ykdysady komiteti, Sebitleýin komitet we beýleki düzümleýin komitet, Ýewropanyň merkezi banky (ÝMB), Ýewropanyň araçyl we maýa goýum banky hem kömek edýär. Bu ulgama ýene-de birnäçe düzümleýin birlikler girýär.

1993-nji ýylda Maastriht şertnamasynyň güýje girmegi bilen Ýewropanyň ykdysady birleşiginiň ady Ýewropa Bileleşigine öwrülýär.

Ýewropa Bileleşiginiň esasy maksatlary aşakdakylardan ybaratdyr:

• Ýewropanyň raýatlygynyň girizilmegi;
• erkinligiň, howpsuzlygyň we kanunlygyň üpjün edilmegi;
• ykdysady we durnukly ösüşe ýardam bermek;
• dünýäde Ýewropanyň ornunyň berkidilmegi.

Ýewropa Bileleşigi hakyndaky Şertnama gol çekileninden bäri yzygiderli giňelmeginiň dowamynda oňa agza ýurtlaryň sany 28-e ýetdi *(1.1-nji tablisa)*.

*1.1-nji tablisa*

**Ýewropa Bileleşiginiň giňelmegi**

| Sene | Ýurt | Agzalaryň umumy sany |
|---|---|---|
| 1957 ý., 25 mart | Belgiýa, Germaniýa, Italiýa, Lýuksemburg, Niderlandlar, Fransiýa | 6 |
| 1973 ý., 1 ýanwar | Beýik Britaniýa, Daniýa, Irlandiýa | 9 |
| 1981 ý., 1 ýanwar | Gresiýa | 10 |
| 1986 ý., 1 ýanwar | Ispaniýa, Portugaliýa | 12 |
| 1995 ý., 1 ýanwar | Awstriýa, Finlýandiýa, Şwesiýa | 15 |
| 2004 ý., 1 maý | Wengriýa, Kipr, Latwiýa, Litwa, Malta, Polşa, Slowakiýa, Sloweniýa, Çehiýa, Estoniýa | 25 |
| 2007 ý., 1 ýanwar | Bolgariýa, Rumyniýa | 27 |
| 2013 ý. | Horwatiýa | 28 |

1997-nji ýylda «Ösüşiň durnuklylygynyň meýilnamasynyň» kabul edilmegi Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamymyň (ÝMBU) döredilmeginiň aýgytly pursady boldy. Onuň netijesinde ÝMBU gatnaşyjy döwletleriň býujet tertibi kesgitlenildi, şeýle hem 1998-nji

ýylyň 2-nji maýynda 1999-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan girizilýän täze umumy ýewropa walýuta ulgamyna girýän döwletleriň düzümi tassyklanyldy.

Oňa birbada Ýewropa Bileleşigine girýän 15 döwletden 11-i– Awstriýa, Belgiýa, Germaniýa, Niderlandlar, Ispaniýa, Irlandiýa, Italiýa, Lýuksemburg, Portugaliýa, Finlýandiýa we Fransiýa girýär. Beýik Britaniýa, Daniýa we Şwesiýa **garaşyjy** derejäni eýeläpdirler. Gresiýada bolsa ykdysady meseleler bilen baglylykda diňe 2000-nji ýylyň martynda ýeke-täk ýewropa walýutasy girizildi.

1998-nji ýylyň 25-nji maýynda gatnaşyjy 11 ýurduň hökümetleri Ýewropanyň Merkezi bankynyň Prezidentini, wise-prezidentini we Ýerine ýetiriji direksiýasynyň dört agzasyny tassykladylar. Olar 1998-nji ýylyň 1-nji iýunynda wezipe borçlaryny ýerine ýetirmäge girişdiler. Şonuň üçin şol gün ÝMB-niň, şonuň bilen birlikde Merkezi banklaryň Ýewropa ulgamynyň esaslandyrylan güni hasaplanylýar. ÝMBU esaslandyrylanyndan bäri Ýewropa walýuta instituty özüniň wezipesini doly ýerine ýetirendigi üçin, ol ýatyrylmaga degişlidir. Olaryň ÝYWU-nyň meýilnamasyny durmuşa geçirmek üçin ýerine ýetiren taýýarlaýyş işlerini bu günki gün Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy dowam edýär.

1999-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan Ýewropa Bileleşiginiň ykdysady we walýuta bileleşiginiň ýurtlarynda ýewro walýuta nagt däl dolanyşyga parallel walýuta hökmünde girizildi. 1999-njy ýylda Ýewropa Bileleşiginiň 15 ýurdundan 10-sy ýewrozolagy döretdiler. 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Ýewropa Bileleşiginiň 12 döwleti nagt pul hasaplaşyklarynda ýeke-täk ýewropa walýutasy bolan – ýewronyň 5, 10, 20, 50, 100, 200 we 500-lik, banknotlaryny ýewro, 1, 2, 5, 10, 20, 50-lik şaýlyklary sent we 1, 2 ýewro ulanyp başladylar. Täze walýuta çykdajylary (olar walýutanyň islendik çalyşmasynda bolup geçýär) azaltmak we Ýewropa Bileleşigine harytlara nyrhlary unifisirlemäge mümkinçilik bermek üçin girizildi. Onuň netijesinde resmi ýewrozolak düşünjesi döredi.

Ýewrozolak Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň çägi, öz milli walýutasyndan ýewronyň ýeke-täk pul birliginiň peýdasyna ýüz öwren 19 ýurdy (Awstriýa, Belgiýa, Germaniýa, Gresiýa, Irlandiýa, Ispaniýa,

Italiýa, Kipr, Lýuksemburg, Malta, Niderlandiýä, Portugaliýa, Slowakiýa, Sloweniýa, Finlýandiýa, Fransiýa, Estoniýa, Latwiýa, Horwatiýa) birikdirdi. Bu döwletleriň ýewro nominirlenen şaýlyklary we banknotlary goýbermäge hukuklary bar. Gönükdiriji wezipeleri Ýewropanyň Merkezi banky ýerine ýetirýär we ýewrozolagyň çägindäki ýurtlaryň pul-karz syýasatyna jogap berýär.

Ýewrozolaga ilkinji agza bolup Ýewropa Bileleşiginiň 15 döwletiniň 11-si: Awstriýa, Belgiýa, Germaniýa, Niderlandlar, Ispaniýa, Irlandiýa, Italiýa, Lýuksemburg, Portugaliýa, Finlýandiýa we Fransiýa girdi. 2001-nji ýylda olara Gresiýa, 2007-nji ýylda Sloweniýa, 2008-nji ýylda Kipr we Malta, 2009-njy ýylda Slowakiýa, 2011-nji ýylda Estoniýa, 2014-nji ýylda Latwiýa, 2015-nji ýylda Litwa goşulyp, jemi 19 ýurt boldy.

Maastriht şertnamasyna gol çekilende ýeke-täk pul-karz syýasatyna degişli ähli hukuklary ÝYWB-ä gatnaşyjy ýurtlaryň milli merkezi banklaryndan 1998-nji ýylyň 1-nji iýunynda döredilen Ýewropanyň Merkezi bankyna (ÝMB) geçirmek hakynda çözgüt kabul edildi. ÝMB dünýäde iň ýaş merkezi bank bolup çykyş edýär, emma ol ýewrozolagyň ähli merkezi banklaryndan ygtybarlygyny we tejribesini alyp galdy.

Ýewrozolagyna birikmek isleýän ÝB-niň ýurtlary, oňa diňe konwensiýasynyň talaplaryna eýermek şertinde goşulyp bilýärler. Ýurduň ýewrozolaga goşulmak üçin konwensiýa boýunça ösüşiniň görkezijileriniň ýetilen derejesi barada ÝMB tarapyndan netijenama bermek talap edilýär.

Ýewropa Bileleşigine agza döwletleriň islendik raýaty Ýewropanyň raýaty diýlip hasaplanýar we Ýewropanyň pasportynyň eýesi bolup çykyş edýär diýlip Maastriht şertnamasynda görkezilýär.

Emma Maastriht ylalaşygyna gol çeken we Ýewropa Bileleşigine giren ýurtlaryň hemmesi, Ýewropanyň ykdysady we walýuta Bileleşiginiň (ÝYWB) agzasy däldir. ÝYWB agza bolmak üçin dalaşgärler Maastriht şertnamasynyň bellän konwensiýa talaplaryna laýyk gelmeli, şeýle hem bu Bileleşige girmäge höwesi bolmaly *(1.2--nji tablisa).*

*1.2-nji tablisa*

**Maastriht ylalaşygyna laýyklykda ýurtlaryň düzgünnamalara degişlilikde hereketleriniň görkezijileri**

| Işiň görkezijisi | Degişliligiň ölçegleri |
|---|---|
| Hümmetsizlenme, % | Bu görkeziji boýunça hümmetsizlenme ÝB-niň üç sany oňa agza ýurtlarynyň hümmetsizlenme derejesiniň 1,5%-inden geçmeli däl |
| Uzak möhletli karzlar boýunça takyklanan stawka, % | Bu görkeziji boýunça ÝB-niň üç sany oňa agza ýurtlarynyň ortaça derejesinden 2%-den ýokary bolmaly däl |
| JIÖ gatnaşdyrylanda Döwlet býujetiniň ýetmezçiligi, % | JIÖ-den 3%-den ýokary bolmaly däl |
| JIÖ gatnaşdyrylanda döwlet bergisi, %-de | JIÖ gatnaşdyrylanda 60 %-den ýokary däl |
| Milli walýutanyň alyş-çalyş hümmetiniň durnuklylygy | |

Ýewropa Bileleşiginiň raýaty ýaşamak (şol sanda pensiýa çykanyndan soň hem), işlemek, okuw maksady bilen Bileleşigiň ýurtlarynyň arasynda hiç hili çäklendirmesiz erkin hereket edip bilýär. Bu mümkinçilikleriň üpjün edilmegi bir ýurtdan beýlekisine göçülende talaplaryň ýönekeýleşdirilmegini we hünär derejeleriniň özara kabul edilmegini öz içine alýar.

Maýalaryň erkin hereketi öz gezeginde serhetleriň üsti bilen diňe bir bökdençsiz tölegleriň we geçirimleriň mümkinçiligini aňlatman, eýsem gozgalmaýan emlägiň, kompaniýalaryň paýnamalarynyň satyn alynmagyny hem-de ýurtlaryň arasynda maýa goýmaklygy aňladýar.

Hyzmatlaryň erkin hereketi we edaranyň erkinligi, özbaşdak ykdysady iş bilen meşgullanýan taraplara, Bileleşigiň ýurtlarynyň arasynda erkin hereket etmäge hem-de bu iş bilen hemişelik ýa-da wagtlaýyn esasda meşgullanmaga mümkinçilik berýär.

Agza döwletleriň köpüsinde, hyzmatlar JIÖ (jemi içerki önümiň) we iş ýerleriniň 70%-i bolup çykyş etse-de, kanunçylyk bu erkinlige garanyňda, beýleki erkinlik berilýän ugurlardaky ýaly kän ösmedikdir.

Ýewropa Bileleşigine agza döwletleriň umumy ilat sany 447,7 mln adama deňdir.

Bu Bileleşikde käbir döwlet agalyk edýän ýagdaýy eýeleýär. Mysal üçin, umumy býujete goşulýan paýyň 60%-den gowragy 4 döwlete – Germaniýa, Fransiýa. Beýik Britaniýa we Italiýa degişlidir. Emma Litwa, Latwiýa, Estoniýanyň bilelikdäki paýy 1%-den ýokary däldir.

Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň köpüsi umumy býujetden ykdysadyýetini we durmuş ösüşini goldamak üçin az bolmadyk serişdeleri alýarlar. Alýan serişdeleri öz gezeginde ilkibaşdaky goşan serişdeleriniň möçberinden ýokarydyr.

Köp ýyllardan bäri Germaniýa ykdysady ýolbaşçy diýlip hasaplanylýar.

Günbatar Ýewropanyň dört döwleti – Islandiýa, Norwegiýa, Şweýsariýa we Lihtenşteýn Ýewropa Bileleşigine girmeýär, emma ýeke-täk ykdysady bazara golaýdan baglanyşykly we Şengen zolagynyň gatnaşyjylary bolup çykyş edýärler.

2018-nji ýylyň ýagdaýyna görä Ýewropa Bileleşigine girmeklige Türkiýe (1987 ý. arza berlen), Makedoniýa (2004 ý. arza berlen), Çernogoriýa (2008 ý. arza berlen), Albaniýa (2009 ý. arza berlen), Serbiýa (2009 ý. arza berlen) döwletleri dalaşgär.

Ýewropa Bileleşigi dünýäde önüm öndürijileriň we sarp edijileriň iň kuwwatlysydyr. Onuň paýyna dünýä eksportynyň 57%-i we importyň 55%-i düşýär. Import edilýän harytlaryň esasy topary bolup senagat harytlary (60,6 %) çykyş edýär. Esasan hem, Ýewropa Bileleşigine harytlar Hytaýdan, ABŞ-dan, Russiýa Federasi-

ýasyndan, Norwegiýadan we Şweýsariýadan getirilýär. Ýewropa Bileleşiginiň eksport edýän harytlarynyň esasylary bolup senagat harytlary bolmak bilen, umumy eksportda olaryň paýy 81,3%-e deňdir. Esasan hem eksport önümleri ABŞ, Şweýsariýa, Hytaýa, Russiýa Federasiýasyna we Turkiýä ugradylýar. Ýewropa Bileleşiginiň esasy importçysy bolup ABŞ çykyş edýär. Onuň paýy 18 %-e deňdir, bu bolsa beýleki ýurtlardan ortaça 10% ýokary bolýar. Ýewropa Bileleşiginiň hyzmatlaryň dünýä eksportyndaky paýy 26,0%-e deň bolup, olaryň 62,5%-i täjirçilik hyzmatlaryna, 22,9%-i ulaga, 14,6%-i syýahatçylyga degişlidir. Hyzmatlaryň importynyň paýy bolsa 23,55%-e deňdir. Esasan hem, Ýewropa Bileleşigi täjirçilik hyzmatlaryny (57%) eksport edýär.

Beýik Britaniýa 1973-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Ýewropanyň ykdysady bileleşiginiň, 1992-nji ýyldan bolsa Maastriht ylalaşygyna gol çekip, Ýewropa Bileleşiginiň agzasy boldy.

Ähmiýetli ykdysady we syýasy soraglarda Beýik Britaniýa Ýewropa Bileleşiginde bolýan ilkinji ýyllaryndan mümkin bolan özbaşdaklygy saklajak boldy. Şol maksat, ýurt wajyp intergasion taslamalara, ýagny Şengen ylalaşygyna (1995 ý.), umumy şertlerde wiza gözegçiliginiň aýrylmagyna we ýeke-täk ýewropa walýutasynyň–ýewronyň girizilmegine (1999 ý.) goşulmady.

2016-njy ýylyň 23-nji iýunynda Ýewropa Bileleşigine gatnaşyjy Beýik Britaniýada bütin dünýä Brexsit ady bilen belli bolan sala salşygy geçirildi. Şonda geçirilen seslenmede britaniýalylaryň 51,9%-i Ýewropa Bileleşiginden çykmaga isleg bildirdiler, emma Şotlandiýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň ýaşaýjylary muňa garşy boldular.

2009-njy ýylda güýje giren Lissabon ylalaşygynyň 50-nji maddasyna laýyklykda Ýewropa Bileleşiginiň islendik agzasynyň bu bileleşikden çykmaga hukugy bar. Bu madda Ýewropa Bileleşiginden çykmagyň düzgünini sazlaýar, hususan-da şertleriň gutarnykly ylalaşylmagyna 2 ýyl möhlet berilýär. Beýik Britaniýa Ýewropa Bileleşiginden resmi taýdan 2020-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda çykdy.

## 1.2. Ýewropanyň bank ulgamynyň döreýiş taryhy we esasy wezipeleri

1998-nji ýylyň 1-nji iýunynda Ýewropanyň Merkezi bankynyň we Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamynyň döredilmegi Ýewropa Bileleşigi üçin iki sany wajyp netijä getirdi. *Birinjiden*, bu düzümleriň döredilmegi Ýewropa Bileleşiginiň ýeke-täk pul birligi bolan ýewronyň emissiýasyny öz içine almak bilen, walýuta syýasatyny geçirmek boýunça ähli hukuklara eýe bolan ÝB çäklerinde täze edaralaryň emele gelmegini aňlatdy. *Ikinjiden* ÝB agza ýurtlaryň merkezi banklarynyň ulgamynyň emele gelmegini, syýasy taýdan täsir etmek boýunça onuň garaşsyzlygyny walýutany kadalaşdyrmak boýunça islendik beýleki edaranyň garaşsyzlygyndan güýçlendirdi. Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy (ÝMBU) özüne Ýewropanyň Merkezi bankyny we ÝB agza döwletleriň milli merkezi banklaryny birleşdirýär.

Beýik Britaniýanyň, Daniýanyň we Şwesiýanyň merkezi banklary ÝMBU agza bolsalar-da, ýewrozolagyna girmeýändigi sebäpli, ýewrozolak üçin ýeke-täk pul syýasatyny ýöretmek we ony durmuşa geçirmek üçin çözgüt kabul etmäge gatnaşyp bilmeýär. Ýewrozolaga girýän ýurtlaryň merkezi banklary Ýewropanyň Merkezi bankynyň çözgütlerini gürrüňsiz ýerine ýetirýärler.

ÝMB we ÝMBU-nyň hukuk taýdan hereketiniň esasy bolup Ýewropa Bileleşiginiň hereket etmegi baradaky 1958-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje giren 1957-nji ýylda gol çekilen Rim şertnamasy we 1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan güýje giren Ýewropa Bileleşigi hakyndaky 1992-nji ýyldaky Maastriht şertnamasy çykyş edýär.

**Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy** – bu Ýewropanyň milli Ýewropanyň merkezi bankyndan we Bileleşiginiň we Ýewropanyň ykdysady we walýuta bileleşiginiň agza ýurtlarynyň milli Merkezi banklaryndan ybarat bolan halkara bank ulgamydyr.

Beýik Britaniýanyň, Daniýanyň we Şwesiýanyň Merkezi banklary, Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamynyň agzalary bolsalar-da, ýewronyň hereket edýän zolagyna girmeýändigi üçin ýewrozolagy üçin ýeke-täk pul syýasatyny geçirmeklige degişli çözgütleri kabul

etmäge we şeýle çözgütleri ýerine ýetirmäge gatnaşmaga hukuklary ýokdur. Ýewrozolagyna girýän ýurtlaryň milli banklary Ýewropanyň Merkezi bankynyň çözgütlerine gürrüňsiz boýun egýärler.

ÝMBU-nyň döredilmeginiň esasy iki maksady bolup, ol nyrhlaryň durnuklylygyny üpjün etmek we ÝB-niň umumy ykdysady syýasatyna goldaw bermekdir.

Pul-karz syýasatyny geçirmek üçin, esasanam, Ýewropanyň ykdysady we walýuta bileleşiginiň (ÝYWB) döredilmeginden öňki merkezi banklaryň köpüsi tarapyndan ulanylýan düzgünler we gurallar ulanylýar.

Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy ÝYWB gatnaşyjy ýurtlaryň resmi altyn walýuta ätiýçlyklarynyň saklanylmagyny we dolandyrylmagyny amala aşyrýar. Milli merkezi banklaryň hersiniň paýy Ýewropanyň merkezi bankynyň maýasyna goşan bölegine laýyklykda kesgitlenendir.

Ýewropanyň merkezi bankynyň düzgünnamasyna laýyklykda merkezi banklar oňa (karz esasynda) 50 mlrd ýewro (geljekde bu jem dolandyryjylar geňeşiniň çözgütleri boýunça köpelip biler) barabar bolan walýuta ätiýaçlyklaryny geçirmelidiler. ÝYWB gatnaşyjy ýurtlaryň on birisiniň merkezi banklary tarapyndan Ýewropanyň Merkezi bankyna altyn-walýuta ätiýaçlyklaryň möçberi 1999-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda 39,46 mlrd ýewro deň boldy, onuň 85%-i walýutadan, 15%-i bolsa altyndan ybaratdyr.

Milli merkezi banklaryň ygtyýarlyklarynda galýan altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny olar halkara guramalara garanyňda borçlaryny ýerine ýetirmek üçin ulanýarlar. Dolandyryjylar geňeşi tarapyndan bellenilen bu ätiýaçlyklardan köp walýuta ulanyljak bolsa, onda Ýewropanyň Merkezi banky bilen ylalaşylmaly.

Ýewropanyň Merkezi banky walýuta interwensiýalaryny **(Daşary ýurt walýutasyny satyn almak-satmak arkaly milli walýutanyň hümmetine täsir etmek maksady bilen Merkezi bankyň walýuta bazarynyň işine gös-göni aralaşmagyna walýuta interwensiýasy diýilýär)** geçirmek üçin altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny ulanyp bilýär. Oňa walýuta interwensiýalaryny özbaşdak geçirmek hukugy berlen. Emma bu ÝMB-niň başga walýuta gatnaşygynda hümmetiň

bellenilmegini gazanmagyny aňlatmaýar, sebäbi beýle çemeleşme bahalaryň durnuklylygyny üpjün etmek wezipesine ters gelýär. Muňa garamazdan Ýewropa ulgamynyň merkezi banklary Ýewropanyň Ykdysady bileleşiginden daşary esasy ýurtlaryň walýutasyna gatnaşdyranyňda ýewronyň hümmetiniň has güýçli ýa-da çäksiz üýtgemelerine garşy durmak maksady bilen walýuta bazarlarynda interwensiýalary geçirmek üçin tehniki mümkinçilikler bilen üpjün edilendirler. Altyn-walýuta ätiýaçlyklary bank tarapyndan walýuta interwensiýalary geçirmek üçin ulanylyp bilinýär.

ÝYWB-niň emele gelmeginiň üçünji tapgyrynda täze walýutanyň abraýyny üpjün etmek üçin tölegleriň we hasaplaşyklaryň netijeli tehniki binýadynyň bolmagy örän wajypdyr. Hususan-da, şeýle binýat ähli ýewrozolagynda umumy gysga möhletli bankara göterim derejeleriniň emele gelmegine kömek etmäge peýdalydyr. Bu bolsa öz gezeginde, uly möçberdäki daşary ýurt geleşikleri baglaşylanda, ol şol günüň dowamynda hyzmat edilip biler ýaly ulgamyň döredilmegini göz öňünde tutýar.

ÝMB-niň maliýe taýdan garaşsyzlygy onuň ÝB-niň býujetinden tapawutlanýan hususy býujetiniň bolmagydyr. ÝMB-niň hususy býujeti ýewro banknotlaryny emissiýa etmekden gelýän girdejileriň hasabyna, ÝMB-niň karzlary we depozitleri boýunça göterim derejeleriniň aratapawutlarynyň, ÝMB-ni saklaýan we hyzmat edýän ÝB agza ýurtlaryň resmi altyn-walýuta ätiýaçlyklaryna goýulýan maýa goýumlaryň hasabyna dolunýar.

Ýewropanyň çäginde tölegleri amala aşyrmak üçin TARGET ulgamy ulanylýar (Trans-European Antomated Realtine Gross settlement Express Transfer system). TARGET – bu hakyky wagtyň düzgüninde hereket edýän, ýewro üçin bankara hasaplaşyklarynyň ulgamydyr. Kliring hasaplaşyklary bolan – RTGS (Real Time Gross Settlements) – döwletiň içindäki ulgamlary we EWA (Ýewropanyň bank assosiasiýasynyň ulgamy) bank hasaplaşyklary hereket edýär.

TARGET, ol ÝYWB gatnaşyjy ýurtlarda ýerleşen we Ýewropanyň merkezi bankynyň umumy gurluşynyň, tertipnamasynyň we töleg ulgamynyň binýadynda, bu merkezleriň özara baglanyşmagynyň guraly görnüşinde hereket edýän, özara bagly bolan

RIGS– hakyky wagtyň düzgünindäki lomaý hasaplaşyklaryň milli garaşsyz ulgamlaryndan ybaratdyr. Häzirki pursatda ýewrozolaga girmedik Ýewropanyň ykdysady birleşmesiniň gatnaşyjy ýurtlarynyň hökümetleri, öz Milli merkezi banklarynyň binýadynda RTGS döretmegi zerur hasaplaýarlar.

Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy özüne Ýewropanyň Merkezi bankyny we ýewrozolaga agza ýurtlaryň milli merkezi banklaryny birikdirýär (*1.1-nji şekil*).




***1.1-nji şekil.* Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamynyň guramaçylyk düzümi**

Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy öz manysy boýunça Ýewropanyň Merkezi banklary bilen ÝB agza döwletleriň merkezi banklarynyň arasynda Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamynyň öňünde goýlan maksatlara we wezipelere ýetmek boýunça gatnaşyklaryň toplumlaýyn ulgamy bolup çykyş edýär.

Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy bilen Ýewropanyň Merkezi banklarynyň Düzgünnamasy barada 1992-nji ýylyň 17-nji fewralynda kabul edilen beýannamada bu guramalaryň Bileleşigiň beýleki edaralaryndan, Ykdysady walýuta ulgamynyň agza ýurtla-

rynyň döwletlerinden we dürli beýleki guramalardan garaşsyzlygy yglan edildi.

ÝMB-niň geňeşi çözgütleri kabul etmäge jogap berýär. Ol öz gezeginde ÝMB-niň direksiýasyndan we ýewrozolagyna gatnaşyjy ýurtlaryň milli emisson banklarynyň Prezidentlerinden ybaratdyr. ÝMB-niň geňeşi pul syýasatynyň hümmeti boýunça, pul syýasatynyň gurallary, maliýe gurluşy, nagt pullaryň emissiýasynyň esasy ýörelgeleri, şeýle hem Ýewropanyň pul-karz syýasatynyň beýleki soraglary boýunça çözgütleri kabul edýär. Ses berlende ÝMB-niň geňeşinde «Bir gatnaşyjy – bir ses» diýen ýörelge hereket edýär. Olaryň ykdysadyýetiniň ululygyna bagly bolmazdan ähli gatnaşyjylaryň sesleri deň derejelidir. ÝMB milli töleg ulgamlary üçin gözegçi edara hökmünde çykyş edýär, şeýle hem ýewrozolagyň çäginden daşary ulgamlara gözegçilik etmek boýunça işlere gatnaşýar.

Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy öz öňünde aşakdaky maksatlary goýýar:

– ýeke-täk pul-karz syýasatynyň düzülişi we geçirilişi;

– walýuta amallarynyň amala aşyrylyşy;

– Ýewropanyň Ykdysady walýuta bileleşigine gatnaşyjy ýurtlaryň resmi walýuta ätiýaçlyklarynyň saklanylyşy we dolandyrylyşy;

– Ýewropanyň Ykdysady walýuta bileleşiginiň töleg-hasaplaşyk ulgamlarynyň dogry hereket etmeginiň üpjün edilişi.

Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy öz içine Ýewropanyň merkezi bankyny we ýewrozolaga gatnaşyjy ýurtlaryň Milli merkezi banklaryny alýar. Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy ÝMB-niň ýolbaşçylary we ilki bilen hem dolandyryjylar geňeşi tarapyndan dolandyrylýar. Ýewropanyň Merkezi bankynyň baş edarasy bankyň dolandyryjy agzalaryndan we milli merkezi banklaryň dolandyryjylaryndan düzülýär. Çözgütler ýönekeý ses bermegiň köpçüligi bilen kabul edilýär, geňeşiň her bir agzasynyň haýsy ýurt tarapyndan çykyş edýänligine garamazdan diňe bir ses bermäge hukugy bar. Gündelik işler bilen bankyň dolandyrylyşy meşgullanýar.

**Dolandyryjylaryň geňeşi** – bu Ýewropanyň Merkezi banklarynyň iň ýokary dolandyryjy bölegidir. Ol 6 sany ýerine ýetiriji geňeşiň agzalaryny we ýewrozolaga girýän 15 ýurduň milli banklaryny

öz içine alýar. Dolandyryjy geňeşe Ýewropanyň Merkezi banklarynyň Prezidenti ýolbaşçylyk edýär. Ýewropanyň Merkezi bankynyň Prezidenti we dolandyryjylaryň geňeşiniň galan 5 agzasy Ýewropa Bileleşigine agza döwletler tarapyndan 8 ýyllyk möhlete bellenýärler. Geňeşiň agzalarynyň hiç biri möhleti dolansoň täze möhlete bellenip bilmeýär. Düzgünnamada görkezilen beýleki şertlerden başga ýagdaýlarda dolandyryjylaryň geňeşiniň agzalarynyň her biriniň bir sese hukugy bardyr. Dolandyryjylaryň geňeşi çözgütleri ýönekeý köpçülik bilen kabul edýär. Sesleriň deň bolan ýagdaýynda başlygyň sesi aýgytlaýjy sesdir.

Düzgün bolşy ýaly, Geňeş yzygiderli ýygnaklaryny aýda iki gezek geçirýär. Ýygnagyň geçirilýän ýeri, köplenç, Frankfurt-na-Maýne şäheridir (Germaniýa). Her aýyň birinji ýygnagynda Geňeş ykdysadyýetde we pul-karz ulgamynda bolup geçen üýtgemelere baha berýär we pul syýasatynyň ugurlaryna görä çözgütleri kabul edýär. Ikinji ýygnakda, esasanam, Ýewropanyň Merkezi bankynyň we Ýewropa ulgamynyň gaýry meseleleri we jogapkärçilikli pudak bilen bagly bolan soraglar ara alnyp maslahatlaşylýar.

Dolandyryjylaryň geňeşiniň esasy wezipelerine merkezi banklaryň Ýewropa ulgamynyň döredilmeginiň maksatlaryna ýetilmegi üpjün edýän düzgünnamalaryň we çözgütleriň kabul edilmegi, Ýewropanyň ykdysady walýuta bileleşiginiň pul syýasatynyň esasy düzüm birlikleriniň bellenilmegi, göterim derejeleriniň bellenilmegi, milli merkezi banklaryň ätiýaçlyklarynyň iň az ululygy we ony geçirmek boýunça düzgünnamalaryň işlenilmegi degişlidir. Ondan başga-da dolandyryjylar geňeşi Ýewropanyň Merkezi bankynyň içerki guramaçylygynyň we onuň ýolbaşçylyk edýän edaralarynyň tertibini tassyklaýar, ÝMB-niň maslahat beriji wezipelerini ýerine ýetirýär we merkezi banklaryň Ýewropa ulgamynyň halkara hyzmatdaşlykda çykyş etmeginiň tertibini kesgitleýär.

Dolandyryjylaryň geňeşi şertnamalar we hakyky Düzgünnama bilen ÝMBU-nyň üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin zerur bolan çözgütleri kabul edýär we çelgileri çykarýar.



Dolandyryjylaryň geňeşine direksiýanyň we Ýewropa Bileleşiginiň hem-de ýewrozolaga agza döwletleriň milli merkezi banklarynyň dolandyryjylary girýär.

Ýerine ýetiriji direksiýa – bu ýewrozolaga girýän ýurtlaryň hökümetleriniň ýa-da döwlet baştutanlarynyň ylalaşygy esasynda dalaşgärlerden saýlanyp bellenen bankyň Prezidentinden, wise-prezidentinden we ýene-de 4 adamdan ybaratdyr. Ýerine ýetiriji direksiýanyň wezipelerine esasy ugurlary we çözgütleri bilen, degişlilikde dolandyryjylaryň Geňeşi tarapyndan tassyklanan pul-karz we walýuta syýasatynyň ýörelgelerini kesgitlemek, şeýle hem ýewrozolaga agza döwletleriň merkezi banklaryna zerur görkezmeleriň taýýarlanylmagy degişlidir.

Ýerine ýetiriji direksiýa Ýewropanyň Merkezi bankynyň dolandyryjylarynyň Geňeşi tarapyndan kabul edilen gözükdirijilere we düzgünnamalara laýyklykda pul syýasatyny geçirmeli we şeýlelikde zerur bolan ýagdaýlarda edaranyň gözükdirijilerini göz öňünde tutup, Milli merkezi banklaryň hereketlerine ýolbaşçylyk etmeli. Direksiýanyň agzalary bolup, diňe Ýewropa Bileleşiginiň raýatlary çykyş edip bilýär.

**Baş geňeş** – bu Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi bankynda üçünji ýolbaşçy edaradyr. Baş geňeşiň düzümine Ýewropanyň Merkezi bankynyň Prezidenti we wise-prezidenti, şeýle-de Ýewropa



Bileleşigine girýän 27 ýurduň milli we merkezi banklarynyň dolandyryjylary, ýagny ýewrozolaga girýän 19 ýurduň we häzirlikçe oňa girmedik 8 ýurduň wekilleri girýärler. Baş geňeş aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

• Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi bankynyň maslahat beriji wezipelerini amala aşyrmak;

• statistika maglumatlaryny ýygnamak we işlemek;

• ÝMB-niň işi hakyndaky çärýeklik we ýyllyk hasabatlary, şeýle hem konsolidirlenen maliýe hasabatlaryny taýýarlamak;

• milli merkezi banklar tarapyndan geçirilýän amallar boýunça buhgalter hasabyny we hasabatyny standartlaşdyrmak boýunça zerur bolan düzgünleri taýýarlamak we kabul etmek;

• Ýewropanyň Ykdysady ulgamynyň umumy şertnamasy bilen kadalaşdyrylmadyk bölegindäki, Ýewropanyň Merkezi bankynyň esaslyk maýasynyň tölenilmegine degişli bolan çäreleri kabul etmek;

• Ýewropanyň Merkezi bankynyň esaslyk maýasynyň tölegine degişli bolan çäreleri geçirmek;

• ÝMB işe kabul etmekligiň wezipeleýin gözükdirijilerini we düzgünlerini işläp taýýarlamak;

• milli walýutalaryň ýewro gatnaşygynda gutarnykly kesgitlenen hümmetini bellemek işine guramaçylykly taýýarlyk;

• milli walýutalaryň ýewro gatnaşygynda kesgitlenen hümmetini bellemek.

Ýewropanyň Merkezi banklarynyň Prezidenti birbada onuň üç sany ýolbaşçylyk edýän edaralary bolan dolandyryjylaryň geňeşiniň, ýerine ýetiriji direksiýanyň we baş geňeşiň ýolbaşçysydyr.

Prezident daşky guramalarda-da Ýewropanyň Merkezi banklarynyň wekili bolup çykyş edýär ýa-da bu orun üçin ynamly tarapy belleýär.

Dolandyryjylaryň geňeşiniň ýolbaşçylygynda aşakdaky 13 komitet işleýär: buhgalter hasabynyň we pul girdejileriniň komiteti, bank gözegçiligi boýunça komitet, banknotlar boýunça komitet, daşky kommunikasiýalaryň komiteti, maglumatlar tehnologiýalary komiteti, içki auditorlaryň komiteti, halkara gatnaşyklar boýunça komitet; hukuk komiteti, bazar amallary boýunça komitet, pul-karz syýasat boýunça komitet, töleg-hasaplaşyklar ulgamlarynyň komiteti, statistika komiteti, býujet komiteti. Olar Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi bankynyň dolandyryş edaralaryna çözgütleri kabul etmeklige kömek berýärler, şeýle hem içerki kooperasiýada uly ähmiýete eýedirler.

Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi bankynyň döredilmeginiň esasy maksady bahalaryň we ýeke-täk ýewropa walýutasynyň durnuklylygyny saklamakdyr. Ýewropanyň Merkezi banky ýewrozolaga agza ýurtlaryň 15-niň milli merkezi banklary bilen bilelikde göterim derejesiniň bellenilmegi, daşary ýurt alyş-çalyş amallarynyň dolandyrylmagy we milli daşary ýurt ätiýaçlyklarynyň dolandyrylmagy arkaly bu maksady amala aşyrýar. Ýewropanyň Merkezi bankynyň daşary ýurt aktiwleriniň, ýagny altyn-walýuta ätiýaçlyklarynyň möçberi 2018-nji ýylda 80 mlrd ýewro deň boldy.

Walýuta ätiýaçlyklary Ýewropanyň Merkezi banky tarapyndan walýuta interwensiýalary geçirmek üçin ulanyp bilinýär. Oňa şeýle hem walýuta interwensiýalary geçirmek üçin özbaşdak çözgütleri kabul etmek hukugy berlendir. Emma bu Ýewropanyň Merkezi bankynyň islendik başga bir walýuta gatnaşygynda haýsy bolsa-da hümmet çeýeligini bellemek isleýändigini aňlatmaýar. Sebäbi beýle çemeleşme bahalaryň durnuklylygyny üpjün etmek meselesine çapraz gelip biler. Emma şeýle bolsa-da, Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi banky Ýewropa Bileleşiginden daşky ýurtlara garanyňda ýewronyň hümmetiniň çendenaşa we bulaşyk üýtgemelere garşy durmak maksady bilen walýuta bazarlarynda interwensiýalar üçin tehniki mümkinçilikleri arkaly üpjün edilendir. Şeýle hem Ýewropa

Bileleşiginiň Merkezi banky Ýewropanyň Ykdysady walýuta ulgamyna agza ýurtlaryň resmi altyn walýuta ätiýaçlyklarynyň saklanylyşyny we dolandyrylyşyny amala aşyrýar.

Ýewro banknotlarynyň emissiýasyny rugsat bermäge hukugy bolan ýeke-täk edara bolup ÝMB çykyş edýär. Ýewropanyň Ykdysady walýuta bileleşiginiň ýurtlarynda ýeke-täk kanuny töleg serişdesi bolup çykyş etjek bu banknotlary Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi banky emitirleýär.

ÝMB Ýewropanyň Geňeşine ýa-da Ýewropa Bileleşigine gatnaşyjy ýurtlaryň hökümetlerine özüniň wezipesine girýän taslamalar bolan pul dolanyşygyna, töleg-hasaplaşyk serişdelerine, milli merkezi banklara, statistiki maglumatlara, töleg-hasaplaşyk ulgamlaryna, karz edaralarynyň durnuklylygyna, maliýe bazarlaryna we ş.m. degişli soraglar boýunça maslahat berýär.

Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi banky garaşsyz bank ulgamy bolup çykyş edýär. Amallar ýerine ýetirilende onuň dolandyryş edaralarynyň agzalarynyň Ýewropa Bileleşigine girýän we daşary ýurtlaryň döwletleriniň düzgünnamalaryny we döwlet edaralarynyň kadalaryny ulanmaga hukuklary ýokdur. Öz gezeginde Ýewropa Bileleşiginiň institutlarynyň we ÝYWB gatnaşyjy döwletleriň hökümetleriniň Ýewropa ulgamynyň Merkezi banklarynyň işine gatyşmaga hukuklary ýokdur. ÝMBU-nyň Düzgünnamasynda durmuşa geçirilýän syýasatyň howpsuzlygyny we milli merkezi banklaryň dolandyryjylarynyň garaşsyzlygyny üpjün edýän aşakdaky çäreler görkezilendir:

• ÝMB-niň dolandyryjysynyň wezipesini ýerine ýetirmegiň iň az möhleti – bäş ýyl;

• ÝMB-niň Ýerine ýetiriji direksiýasynyň agzalary üçin wezipede bolmagyň iň az (dikeldilmeýän) möhleti – sekiz ýyl;

• wezipede bolmagyň möhletiniň bes edilmegi diňe wezipeli adamlaryň şahsy ukypsyzlygy ýa-da olaryň işlerinde goýberen düýpli ýalňyşlyklary bilen baglydyr;

• işler amala aşyrylanda ýüze çykýan soraglar boýunça ähli jedelleri we agzalalyklary çözmek Ýewropanyň Kazyýetiniň wezipesine girýär.

ÝMB-niň işiniň häsiýetli aýratynlygy zerur çözgütler ýönekeý ýa-da sesleriň köplügi (2/3 ses) bilen kabul edilende merkezi banklaryň ýolbaşçylarynyň ses bermegini göz öňünde tutýar. Bu ýerde olaryň her biriniň ses bermeginiň agramly mukdary degişli ýurduň (onuň merkezi bankynyň) ÝMB-niň maýalaryna goşan paýynyna laýyklykda kesgitlenilýär. Bu her biriniň diňe bir ses bermäge hukugy bolan Ýerine ýetiriji direksiýanyň agzalaryna degişli däl.

ÝMB-niň we ýewrozolaga agza ýurtlaryň-döwletleriň milli merkezi banklary üçin maliýe ýyly kalendar ýyly bilen gabat gelýär. Dolandyryjylaryň geňeşi tarapyndan tassyklanandan soň ÝMB-niň ýyllyk hasabaty çap edilýär. Birleşdirilen balans hasaby, ÝMBU agza merkezi banklaryň (olaryň amallary boýunça buhgalter hasabynyň we hasabatynyň standartlaşdyrmagynyň düzgünleri dolandyryjylaryň geňeşi tarapyndan kesgitlenilýär) aktiwlerini we passiwlerini öz içine almalydyr. ÝMB-niň maýalaryny saklaýjylary bolup diňe ýewrozolagyň merkezi banklary çykyş edip bilýärler, olaryň paýy ýurduň ilatynyň paýynyň Ýewropa Bileleşiginiň ilatynyň içindäki eýeleýän we onuň JIÖ-däki (jemi içerki önümdäki) paýy bilen kesgitlenilýär.

ÝMB-niň düzgünnamasy oňa we ÝB-niň ulgamyndaky milli banklara döwletara döwlet, sebitara we ýerli hökümet edaralaryny we döwlet hukugynyň esasynda hereket edýän edaralary islendik görnüşde karzlaşdyrmagy gadagan edýär. Düzgünnama boýunça merkezi banklar ÝMB karz esasynda jemi 50 mlrd walýuta ätiýaçlyklaryny geçirmelidiler. Her bir merkezi bankyň geçirmeli tölegi onuň ÝMB-niň maýalaryndaky paýyna laýyklykda bellenilýär.

Milli banklaryň ygtyýarynda galýan walýuta ätiýaçlyklary, olar tarapyndan halkara edaralaryna gatnaşygy boýunça olaryň borçlaryna laýyklykda ulanylýar. Bu ätiýaçlyklar we bellenilen çäklerden artykmaç gaýry amallar, ÝMB tarapyndan makullanylmalydyr. ÝMB-niň hususy maýasy onuň işläp başlan döwründe 5 mlrd EKÝU (ýewro) ululygynda kesgitlenipdi. Ähli maýalar diňe milli merkezi banklara degişlidir.

ÝMB-niň arassa peýdasynyň bir bölegi (20%-den ýokary däl) umumy ätiýaçlyk gaznasyna geçirilýär, galany ÝMBU-nyň agzalarynyň arasynda olaryň maýa goşan paýyna laýyklykda bölünýär.

ÝMBU-nyň ykdysady we monetar syýasatynyň aýratynlyklary bolup bahalaryň durnuklygyny üpjün etmekde we ýewronyň halkara ornuny berkitmekde ykdysady ösüşiň we iş bilen üpjünçiligiň höweslendirilmegi çykyş edýär.

ÝMB agza döwletleriň merkezi banklary bilen özara gatnaşykda bolup, olaryň her biri üçin geçirip bolýan emissiýanyň mukdaryny belleýär. Milli merkezi banklara halkara guramalary bilen hususy walýuta amallaryny we daşary ätiýaçlyk aktiwler arkaly amallary ÝMB-niň rugsady bolmazdan geçirmäge rugsat berilmeýär. Ýewropa ulgamynyň merkezi banklary asyl manysy boýunça ÝMBU-nyň öňünde goýlan maksatlara we wezipelere ýetmek boýunça, ÝMB-niň we ÝMBU agza döwletleriň milli merkezi banklarynyň arasyndaky emele gelýän gatnaşyklaryň toplumlaýyn ulgamy bolup çykyş edýär. Bu gatnaşyklarda esasy orun ÝMB degişlidir. ÝMBU-nyň ýolbaşçy edarasy bolup dolandyryjylar geňeşi, Ýerine ýetiriji direksiýa we Baş geňeş çykyş edýärler. Dolandyryjylaryň geňeşi ÝMBU-nyň alyp barýan işleri boýunça wajyp ugurlary kesgitleýän esasy ýolbaşçy edara bolup çykyş edýär.

Ýewropanyň Merkezi banklarynyň ulgamyna parallel we garaşsyz aşakdaky iki sany halkara Ýewropa banky hereket edýär:

**1. Ýewropanyň maýa goýum banky.** Ýewropanyň maýa goýum banky (ÝMGB) 1958-nji ýylda Rim ylalaşygyna laýyklykda döredilýär. Onuň Düzgünnamasy Ýewropa ulgamy baradaky ylalaşygyň düzümleýin bölegi bolup çykyş edýär. Bankyň meseleleri Ýewropa Bileleşiginiň çözgütleriniň esasynda kesgitlenilýär.

Ýewropanyň maýa goýum banky maliýe taýdan garaşsyz we hukuk taýdan özbaşdak guramadyr. Ýewropanyň maýa goýum bankynyň agzalary bolup ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary çykyş edýär. ýewropanyň maýa goýum bankynyň ştab-kwartirasy Lýuksemburg şäherinde ýerleşýär.

Ýewropanyň maýa goýum banky Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynda maliýe goýumlary amala aşyrýar. Ol şeýle hem ösüp gelýän ýurtlara we Merkezi hem-de Gündogar Ýewropanyň ýurtlaryna karz berýär. Onuň serişdeleriniň çeşmesi bolup başlangyç maýasy (62 mlrd

ýewrodan gowrak), altyn-walýuta ätiýaçlyklar we obligasiýon zaýomlaryň goýberilişi çykyş edýär.

Ýewropanyň maýa goýum bankynyň ýolbaşçylyk edýän edarasy bolup Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň maliýe ministrlikleriniň düzüminde dolandyryjylaryň mejlisi çykyş edýär. Ol karz syýasatyny kesgitleýär, ýyllyk bahasyny tassyklaýar, karzlaryň we kepillikleriň berilmegi, zaýomlaryň goýberilmegi hakynda çözgütleri kabul edýär, göterim derejelerini kesgitleýär. Ýewropanyň maýa goýum bankynyň ýerine ýetiriji guramasy bolup, bankyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda gyssagly (operatiw) işleri amala aşyrýan kollegiýa (direktorat) çykyş edýär. Ýewropanyň maýa goýum banky Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankyna maýada paýnamalaryň 3% -i bilen gatnaşýar.

**2. Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky.** Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky (ÝTÖB) 1991-nji ýylda hökümetara ylalaşyklaryň esasynda döredildi. Ol bazara gönükdirilen açyk ykdysadyýete geçilmegine, şeýle hem köp partiýaly demokratiýanyň, dürli pikirliligiň we bazar ykdysadyýetiniň ýörelgelerine ygrarly we olary durmuşa geçirýän Merkezi we Gündogar Ýewropa hem-de Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň ýurtlaryna hususy we telekeçilik başlangyçlaryny ösdürmäge ýardam edýär.

Bazar ulgamyna gönükdirilen geçiş döwründe ýardam etmek bilen bank hususy pudagyň işini, gurluş taýdan üýtgedip gurmagyň we hususylaşdyrmagyň işini göni, şeýle hem şeýle işi goldaýan gurluşy maliýeşdirýär. Onuň maýa goýumlary guramaçylyk gurluşlaryny guramaga we pugtalandyrmaga kömek edýär.

ÝTÖB-niň maliýeleşdirmeginiň esasy görnüşleri karzlar, paýdarlyk maýalaryna goýumlar (paýnamalar) we kepilliklerdir. Ştab-kwartirasy Londonda ýerleşen ÝTÖB halkara guramasy bolmak bilen, onuň düzümine agzalaryň 60-sy (58 ýurt, Ýewropa Bileleşigi we Ýewropanyň maýa goýum banky) girýär. Her bir agza ýurt bankyň dolandyryjylar geňeşinde we Direktorlar geňeşinde wekilçilik edýär. Banky döretmek hakyndaky ylalaşyga laýyklykda ÝTÖB diňe köp partiýaly demokratiýanyň, dürli pikirliligiň we bazar ýkdysadyýetiniň ýörelgelerine ygrarly we olary durmuşa geçirýän ýurtlarda işleýär.

ÝTÖB-niň başlangyç maýasy 20 mlrd-dan gowrak. ÝB agza ýurtlar başlangyç maýadan 51%, Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlary 14%, beýleki Ýewropa ýurtlary 11%, Ýewropa degişli däl ýurtlar 24% paý almaga haklydyr. Maýada ABŞ-nyň paýy 10%, Beýik Britaniýanyň, Germaniýanyň, Italiýanyň, Fransiýanyň we Ýaponiýanyň hersiniň paýy 8,5%, Russiýa Federasiýasynyň paýy bolsa 4%-dir.

**ÝTÖB-niň esasy maksady aşakdakylardan ybaratdyr:**

– Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň bazar ykdysadyýetine geçmegine kömek etmek;

– hususy telekeçiligi ösdürmäge ýardam bermek;

– täjirçilik we ösüş banklarynyň wezipesini ýerine ýetirmek.

Häzirki wagtda ÝTÖB öz amallaryny Ýewropa we Aziýa ýurtlarynyň 34-ünde amala aşyrýar. Merkezi we Gündogar Ýewropanyň ýurtlarynyň bazar ykdysadyýetine geçmekligine ýardam bermekdäki esasy wezipesini durmuşa geçirmek maksady bilen, ÝTÖB-niň Düzgünnamasynda aşakdaky wezipeler göz öňünde tutulan:

– bäsleşlige ukyply bolan hususy eýeçiligiň, ilkibilen kiçi we orta telekeçiligiň ösmegine, döredilmegine we giňelmegine ýardam bermek;

– ýokarda görkezilen işi ýerine ýetirmek üçin daşary ýurt we ýerli maýalaryň çekilmegini gazanmak;

– hususy eýeçiligiň goldawy üçin zerur bolan önümçilik işlerine, şeýle hem maliýe ulgamyna we hyzmatlar işlerine maýa goýumlary goýmak;

– taslamalaryň taýýarlanmagy we durmuşa geçirilmegi üçin tehniki taýdan ýardam bermek;

– maýanyň milli bazarlarynyň ösmegini höweslendirmek;

– birnäçe ýurt gatnaşýan ykdysady taýdan bähbitli bolan taslamalara goldaw bermek;

– tebigaty goraýyş häsiýetli, şeýle hem durnukly ösüşi üpjün etmeklige gönükdirilen amallary işjeň geçirmek;

– ýokarda agzalan maksatlaryň ösmegine gönükdirilen beýleki wezipeleri ýerine ýetirmek.

Beýleki halkara maliýe guramalaryndan tapawutlylykda, bankyň Düzgünnamasynda (1-nji madda), bank tarapyndan amallar geçirilýän ýurtlar köp partiýaly demokratiýanyň, aç-açanlygyň we bazar ykdysadyýyeti ýörelgelerini berjaý etmelidigini göz öňünde tutýan syýasy ygtyýarnamasy bar.

ÝTÖB hususy täjirçilik we senagat edaralarynyň ösüşini işjeň höweslendirýär we öz serişdeleriniň 60%-den az bolmadyk möçberini döwlete degişli däl edaralaryň eýeçiligine gönükdirmäge borçly bolýar. Şeýlelikde, beýle taslamalar boýunça döwlet kepilnamalary talap edilmeýär we olar diňe harajaty ödeýjiligiň hasaplanmagynda we töwekgelçiligiň derejesini göz öňünde tutmak bilen amala aşyrylýar. Başgaça aýdanyňda, hususy eýeçilikde amallar geçirilende, ÝTÖB öz üstüne ýokary töwekgelçiligi almaga taýýar bolan täjirçilik banky hökmünde hereket edýär.

Şeýle hem bank dürli taslamalary seretmeklige kabul edýär. Arzalara seredilmeginiň esasy şerti berlen materiallaryň hili we olaryň taslamany maliýeleşdirmek ugrundaky dünýä standartlaryna laýyk gelmekligidir. ÝTÖB-niň karzlaşdyrmagynyň esasylary bolup hususy firmalar ýa-da hususylaşdyrylýan döwlet edaralary, şeýle hem gaýtadan döredilýän kompaniýalar, şol sanda halkara maýa goýumlary bilen bilelikdäki edaralar hyzmat edýär. Bankyň esasy maksady sebitdäki maýa goýumlary höweslendirmekdir. ÝTÖB başga maýa goýujylar we karz berijiler bilen karz we güwänama bermekde, şeýle hem paýdarlar maýalaryna serişdeleri maýalaşdyrmakda hyzmatdaşlyk edýär. Bu iş pudaklaryň toplumynyň (infrastrukturanyň) ýa-da döwlet eýeçiligindäki hususy eýeçiligiň tekliplerini goldamaklyga gönükdirilen başga taslamalaryň karzlaşdyrmagy bilen doldurylýar. ÝTÖB sebitleýin hyzmatdaşlygy höweslendirýär we onuň goldaýan taslamalary birnäçe ýurda degişli bolup bilýär.

Öz işini başlanda (1991-nji ýylyň aprelinde) ÝTÖB öz öňünde duran wezipeleri kesgitledi. Olaryň iň ähmiýetlisi ÝTÖB-niň hereket edýän ýurtlarynda, syýasy ulgamynyň üýtgeýän döwründe, täze ykdysady şertleriň döredilmegine ýardam bermeklik boldy. Bu ýerde maksat beýle ýagdaýlarda bu ýurtlardaky jemgyýetleriň dargamaklygyna getirip biljek we olaryň goňşy ýurtlaryny howp

astyna alyp biljek sosial şertleriň öňüni almaklyk zerur diýlip hasaplanylýar. Beýleki wezipeler täjirçilik ugruna (maýa goýumlary höweslendirmek, täjirçilik tejribesini kämilleşdirmek, hususylaşdyrma we gurluşy täzeden gurama), infrastruktura (aragatnaşygyň setlerini, energetiki ulgamlaryny, ýerli gulluklary we ýaşaýyş hojalygyny dikeltmek, modernizasiýa etmek we giňeltmek) we ekologiýa (syýasaty kämilleşdirmek we daşky gurşawy dikeltmeklige göni maýa goýumlary goýmak) degişli bolup durýar.

Karz işini ýerine ýetirmekde ÝTÖB aşakdaky gurallary ulanýar:

– ösen ýurtlarda hemmeler tarapyndan kabul edilen bank işiniň standartlarynyň esasynda başarnykly karzlaşdyrma üçin dürli gurallary ulanýar;

– eýeçilikler boýunça amallaryň strategiýasy bilen bellenen wezipeleriň ýerine ýetirilişini, strategiýada göz öňünde tutulmadyk hususy eýeçiligiň tekliplerini goldaýan amallary bilen utgaşdyrýar;

– hususy maýa goýujylar, olaryň maslahatçylary, şeýle hem täjirçilik banklary bilen hyzmatdaşlyk edýär;

– uzak möhletli ösüş meýilnamalarynyň ýerine ýetirilmeginde hökümetler bilen hyzmatdaşlyk edýär;

– halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýär;

– döwletara we sebitleýin ugurlary utgaşdyrýar;

– daşky gurşawy goramaklygy we gowulandyrmaklygy üpjün etmäge çalyşýar.

Kararlar kabul edilende, ÝTÖB esasy işinde Direktorlar geňeşi tarapyndan tassyklanan syýasat we ýurtlar boýunça strategiýalary ulanýar. Ýurtlar boýunça strategiýalar öz içine syýasy we ykdysady wakalaryň seljerilişini alýarlar we işiň ilkinji ugurlaryny kesgitleýärler. Käbir ýagdaýlarda, bank tarapyndan ýüze çykarylan kömege bolan mätäçlikler sebitiň ýurtlarynyň köpüsi üçin umumy häsiýete eýe bolýar we strategiýa her bir ýurtda önümçilik maýa goýumlaryny höweslendirmeleri birikdirýär.

Köp döwletler durmuş-ykdysady durnuksyzlyk, kanuny esasynyň ýoklugy we bazar şertleriniň näbelliligi sebäpli ykdysady ugurlarda şertleşdirilen kynçylyklary çekýärler. Aýry-aýry ýagdaýlarda, bu ÝTÖB-niň beren serişdelerini ulanmaklygyň gijä galdyrylmagyna

getirýärdi. Bu şertleriň göz öňünde tutulmagy, ÝTÖB taslamalary saýlamaklygyň anyk modellerini işläp taýýarlamaga kömek etdi.

Öz işinde ÝTÖB hususy eýeçilikde taslamalaryň karzlaşdyrmagyny giňeltmeklikde halkara maýa goýujylaryň we täjirçilik banklarynyň sabyrlylygyna duçar boldy. Bu bolsa ÝTÖB-niň maýa goýumlaryň katalizatory hökmünde bolan ähmiýetini ýüze çykardy. Käbir hökümetleriň öz ýurtlaryndaky gurluş ugrundaky taslamalar üçin kepilnama bermek islemezlikleri hem ÝTÖB-niň amallaryny bökdeýär. Tehniki hyzmatdaşlyk ugrundaky iş ÝTÖB-niň maýa goýumlaryny we karzlaryny goldaýar. Ol taslamalaryň taýýarlanylmagyna, ykdysadyýetiň pudaklarynyň öwrenilmegine we maslahat hyzmatlaryna gönükdirilendir. Şol sebäpli, onuň ÝTÖB-niň işinde ähmiýeti örän uludyr. ÝTÖB-niň işiniň wajyp wezipesi dolandyryjy hünärmenleri taýýarlamak we hemme ýurtda we dürli derejelerde hünärmenleriň derejelerini, bilimlerini ýokarlandyrmakdyr. Şol maksat bilen, ÝTÖB-niň işiniň esasynda bilim bermeklik goýlan we onuň taslamalarynyň ählisiniň ýerine ýetirilmeginde amala aşyrylýar. Şunlukda, 1992-ji ýylda ÝTÖB-niň we beýleki bäş hemaýatkär halkara guramalarynyň (HPG, HAÖB, HÖA, ÝB we YHÖG) teklipleri esasynda bazar ykdysadyýeti şertlerinde işlemäge ukyply bolan bank we hojalyk hünärmenlerini taýýarlamak boýunça wezipeleri çözmekde öňki sossialistik ýurtlara kömek bermek üçin Birleşen Wena instituty açyldy.

**ÝTÖB-niň gurluşy.** ÝTÖB-niň işine ýolbaşçylygy dolandyryjylar geňeşi alyp barýar. Dolandyryjylar geňeşi ÝTÖB-niň ýokary buýrujy guramasy bolmak bilen onuň her gatnaşyjy bankdan (ýurtdan ýa-da halkara guramadan) 2 wekili (dolandyryjy we onuň orunbasary) bar. ÝTÖB-niň agzasynyň islegi boýunça oňa wekilçilik edýän dolandyryjy ýa-da onuň orunbasary islendik wagtda yzyna çagyrylyp bilinýär. Orunbasar ses bermeklige diňe dolandyryjynyň ýok wagtynda gatnaşyp bilýär. Her ýylky ýygnakda Geňeş dolandyryjylaryň birinden indiki başlyk saýlanýança, borçlary ýerine ýetirýän başlygy saýlaýar. ÝTÖB-niň hemme ygtyýarlyklary bankyň işiniň ýörelgeleýin meselelerini çözýän Dolandyryjylar geňeşine degişli bolup durýar. Işiň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady

bilen, ÝTÖB, zerurlyk ýüze çykan wagty, ygtyýarlyklaryň bir bölegini Direktorlar geňeşine geçirip bilýär. Emma dolandyryjylar geňeşi Direktorlar geňeşine geçirilen ýa-da buýrulan islendik meseleleri boýunça doly ygtyýarlygyny saklaýar. Şunuň bilen birlikde, aşakdaky meseleleriň çözülmegi diňe dolandyryjylar geňeşiniň ygtyýarlygyna degişli bolýar:

– ÝTÖB täze agzalary kabul etmek, olaryň kabul etmek şertlerini kesgitlemek, bankdaky agzalygyny togtatmak;

– ÝTÖB-niň direktorlaryny we prezidenti saýlamak, direktorlara we olaryň orunbasarlaryna iş hakynyň möçberini, şeýle hem prezident bilen şertnamanyň beýleki şertlerini kesgitlemek;

– ÝTÖB-niň çykarylyşa rugsat berlen tertipnama maýasyny köpeltmek ýa-da azaltmak;

– beýleki halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk baradaky baş ylalaşyklary baglaşmaklyga ygtyýarlyk bermek;

– ÝTÖB-niň umumy balansyny, girdejiler we çykdajylar hasabyny tassyklamak (auditor hasabatyna seredilenden soň), ätiýaçlyklaryň möçberini kesgitlemek, girdejini paýlamak, ÝTÖB-niň işini gutarnykly ýatyrmak we onuň aktiwlerini paýlamak barada karar kabul etmek;

– ÝTÖB-ni döretmek baradaky ylalaşyga üýtgetmeleri girizmek, ylalaşygyň düşündirilmegi ýa-da ony Direktorlar geňeşi tarapyndan ulanmak bilen bagly şikaýatlar boýunça kararlary kabul etmek.

Dolandyryjylaryň geňeşi her ýylky ýygnagyny, şeýle hem öz islegi ýa-da Direktorlaryň geňeşiniň haýyşy boýunça ýygnaklary geçirýär. Dolandyryjylar geňeşiniň ýygnagy ÝTÖB-niň 5-den az bolmadyk agzalarynyň ýa-da ÝTÖB-niň seslere hukugy bolan agzalarynyň sesleriniň umumy sanynyň ¼-den az bolmadyk agzalarynyň talaby boýunça Direktorlaryň geňeşi tarapyndan çagyrylýar.

Dolandyryjylaryň 2/3-si dürli ýygnaklarda Geňeşiň forumyny düzýärler, emma bu köplük sesleriň umumy sanyndan 2/3 möçberinden az bolmadyk ýagdaýynda mümkindir.

ÝTÖB-niň ýerine ýetiriji guramasy Direktorlaryň geňeşidir. Ol ygtyýarlygynda ÝTÖB-niň işiniň gündelik meseleleri, şeýle hem, dolandyryjylar geňeşi tarapyndan geçirilen ähmiýetli ygtyýarlyklaryň

ýerine ýetirilmegi bolan baş ýerine ýetiriji guramadyr. Onuň ygtyýarlyklaryna aşakdakylar degişlidir:

– dolandyryjylar geňeşiniň işini taýýarlamak;

– dolandyryjylar geňeşiniň görkezmeleriniň çäklerinde syýasaty kesgitlemek we berilýän karzlar, kepillendirmeler, paýdarlar maýasyna bolan maýa goýumlary, serişdeleriň karz alynmagy, tehniki kömegi bermeklik we ÝTÖB-niň beýleki amallary boýunça kararlary kabul etmek;

– her ýylda geçirilýän ýygnakda Dolandyryjylar geňeşiniň tassyklanylmagyna auditorlar tarapyndan barlanan maliýe ýyly üçin hasabaty bermek;

– ÝTÖB-niň býujetini tassyklamak.

Direktorlar geňeşi 23 agzadan ybarat bolup, onuň ikisi ÝIB-den we ÝB-den; 6-sy ABŞ-dan, Beýik Britaniýadan, Fransiýadan, Italiýadan we Ýaponiýadan saýlanýarlar. Galan 15-i bir ýurtdan köp ýurda wekilçilik edýärler, 4 sanysyny beýleki donor-ýurtlar hödürleýärler, 5 sanysy diňe amallar amala aşyrylýan ýurtlar we 6 sanysy hem donor ýurtlar, hem amal geçirilýän ýurtlar. Direktorlar her üç ýyldan täzeden saýlanýarlar. Direktorlar geňeşiniň ýygnagynda köplügiň bolmagy üçin ýönekeý köplügiň, emma ÝTÖB-niň sesleriniň umumy sanynyň 2/3-si möçberinden az bolmadyk agzalaryň sany zerur bolýar. Her bir agzanyň sesiniň sany onuň ýazylan paýnamalarynyň sanyna deň. Direktorlaryň orunbasarlarynyň özleriniň direktorlarynyň wezipesini ýerine ýetirýän wagtlary ses bermäge hukuklary bar. ÝTÖB-niň ýolbaşçy guramalarynda kararlary kabul etmek üçin sesleriň ýönekeý köplügi zerur bolýar (sesleriň umumy sanynyň ýarysy). Käbir meseleler üçin sesleriň ýörite köplügi zerur bolýar (ses bermekde gatnaşýan agzalaryň sesleriň 2/3-si ýa-da 85% hukuklary bolan). Bankyň paýdarlar maýasynyň gurluşy «ýediligiň» ýurtlary ýa-da ÝB agza bolan ýurtlaryň bankynyň paýnamalarynyň köpüsine eýe bolup, dürli kararlaryň kabul edilişine täsir edip biler ýaly guralandyr.

ÝTÖB-niň düzgünnama maýasynda Russiýa Federasiýasynyň paýy 4%, şol sanda Türkmenistanyň paýy 0,2%-e barabar (SSSR-iň paýyna 6% düşýärdi). Degişli ýurtlar bilen şertleşikler esasynda

Russiýa Federasiýasynyň ÝTÖB-däki direksiýasy 1992-nji ýylyň oktýabryndan bäri Belarussiýanyň (maýalardaky paýy 0,2%), 1993-nji ýylyň aprelinden bolsa Täjigistanyň (maýalardaky paýy 0,1%) wekili hökmünde hem çykyş edýär.

ÝTÖB-niň prezidenti sesleriň umumy sanyndan ýarysyna eýe bolan dolandyryjylaryň umumy sanyndan sesleriň köplügi bilen dolandyryjylar geňeşi tarapyndan 4 ýyl möhlete saýlanylýar. ÝTÖB-niň prezidenti Direktorlar geňeşiniň ýolbaşçylygynda ÝTÖB-niň gündelik işini dolandyrýar. Ol ses bermeklige gatnaşmaýar, emma sesleriň deň paýlanan wagty, onuň çözüji ses hukugy bar. Ol dolandyryjylar geňeşiniň ýygnaklaryna gatnaşyp we Direktorlar geňeşiniň ýygnaklarynda başlyklyk edip bilýär.

**ÝTÖB-niň serişdeleriniň döredilmegi.** Ilkibaşda ÝTÖB-niň çykarylmagyna ygtyýary bolan 10 mlrd ýewro möçberindäki paýdarlar maýasy bellenilen paýnamalara, şol sanda talap boýunça tölege degişli bolan tölenilýän paýnamalara bölünýärdi. Tölenýän paýnamalaryň ilkibaşdaky möçberi çykarylmagyna ygtyýary bolan paýdarlar maýasynyň 30%-ine barabardy, paýnamalaryň 70%-i tölenilmedik bolup, zerurlyk ýüze çykan wagty ÝTÖB-niň borçnamalaryny tölemek üçin berilmegine talap edilip bilinýärdi. Şeýle-de paýnamalaryň kesgitli bölegi ÝTÖB-niň agzalarynyň aralarynda paýlanylmaga degişli däldi.

1997-nji ýylyň aprelinde ÝTÖB-niň maýalaryny 20 mlrd ýewro çenli iki esse ýokarlandyrmak barada karar güýje girdi. Goýberilişe ygtyýarlandyrylan paýdarlar maýasynyň köpeldilen 10 mlrd ýewrosy möçberindäkisiniň 22,5%-i her ýyl sekiz deň gatançlar bilen tölege degişli bolup, 77,5%-i talap boýunça tölege degişlidi. Ýöne ÝTÖB-niň maýasynda paýdarlaryň gatnaşmaklygynyň deň möçberdäki paýlanmagy üýtgewsiz galdyryldy.

ÝB-niň hut özüniň ÝTÖB-niň maýalarynda 51% möçberinde, Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň – 13%, beýleki Ýewropa ýurtlarynyň – 11%, ýewropa däl ýurtlaryň – 24% paýy bar. Maýalardaky paýlaryň has köp möçberi ABŞ (10%), Italiýa, Fransiýa, Beýik Britaniýa we Ýaponiýa (hersine 8,5%-den) degişlidir.

ÝTÖB-niň bilelikdäki karz serişdeleri, adaty serişdelerden we ýörite gaznalaryň serişdelerinden ybarat. Adaty serişdelere aşakdakylar degişlidir:

– ÝTÖB-niň düzgünnama maýalary;

– alnan karz serişdeler;

– karzlary üzmek hasabyna ýa-da kepilnamalar boýunça alnan serişdeler, şeýle hem paýdarlar maýasyna maýa goýumlary ýerlemekden alnan girdejiler;

– tehniki we maýa goýumlar boýunça hyzmatdaşlygyň gaznalarynyň serişdeleriniň bölegi bolmadyk ÝTÖB-niň beýleki serişdeleri we girdejileri;

– ÝTÖB adaty serişdelerden ösüşiň girdejili taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin karzlary berýär.

Tehniki we maýa goýumlar boýunça hyzmatdaşlygyň gaznalary öz içine degişli gazna gönükdirilen serişdeleri we bu gaznalaryň serişdelerinden emele gelen maýa goýumlaryndan alnan girdejileri alýar. Bu gaznalara gatançlar donorlar tarapyndan meýletin esasda tölenilýär.

Tehniki hyzmatdaşlygyň gaznalary ýörite gaznalardan (Tehniki ýardamynyň ýörite Baltika gaznasy, Russiýa Federasiýasynyň kiçi edaralary üçin tehniki hyzmatdaşlygyň Ýörite gaznasy, ÝTÖB-niň tehniki hyzmatdaşlygynyň Ýörite gaznasy), aýratyn taslamalaryň gaznalaryndan we aýry-aýry donor ýurtlaryň gaznalaryndan ybarat. Bu gaznalaryň maksady taslamalaryň işlenip taýýarlanylmagynda we durmuşa geçirilmeginde tehniki ýardamyny, maslahat hyzmatlaryny bermek we hünärmenleri taýýarlamakdyr. Şeýle hem maýa goýumlar hyzmatdaşlygynyň gaznalary öz içine ýörite maýa goýum gaznalary alýarlar. Olara Ýörite maýa goýum Baltika gaznasy, Russiýa Federasiýasynyň kiçi edaralary üçin ýörite maýa goýum gaznasy, Moldawiýanyň kiçi edaralary üçin ýörite maýa goýum gaznasy, Maliýe dellallar üçin ýörite maýa goýum gaznasy, Italiýanyň ýörite maýa goýum gaznasy, Kiçi we orta telekeçiligi maliýeleşdirmegiň Ýörite gaznasy, Balkan sebiti üçin Ýörite gazna, Kiçi we orta telekeçiler edaralary üçin ÝTÖB-niň Ýörite gaznasy, Merkezi Aziýa üçin töwekgelçilikleriň paýlanyşyk Ýörite gaznasy, şeýle hem

aýratyn taslamalaryň we aýry-aýry ýurtlaryň maýa goýum gaznalary degişlidir. Bu gaznalaryň maksady dürli taslamalaryň, şol sanda harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň üpjün edilmegi boýunça durmuşa geçirilmegine ýardam bermekden ybaratdyr.

Bulardan başga-da, ÝTÖB-niň Direktorlar geňeşi «ýediligiň» tekliplerine esaslanyp, 1993-nji ýylda Ýadro howpsuzlygynyň hasabyny, 1997-nji ýylda bolsa Çernobyly gorama gaznasyny döretdi. 2000-nji ýylda Ýewropa komissiýasynyň teklipleri esasynda AES-iň könelen enjamlaryny ulanyşdan aýyrmak boýunça Ingalin, Kozloduý we Bogunis gaznalary döredildi. ÝTÖB atom elektrostansiýalarynyň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak boýunça çärelere gönükdirilýän bu gaznalaryň serişdeleriniň buýruk berijisi bolup çykyş edýär.

2001-nji ýylda Demirgazyk Ýewropa ýurtlarynyň Maýa goýum bankynyň teklipleri boýunça, «Demirgazygyň tebigaty goraýyş hyzmatdaşlygynyň» goldaw gaznasy döredildi. ÝTÖB tarapyndan dolandyrmaklyk amala aşyrylýan bu gaznanyň serişdeleri Demirgazyk Ýewropanyň tebigatyny goramak boýunça uly taslamalaryň maliýeleşdirilmegine gönükdirilýär. Gaznalaryň hasabyna haryt we hyzmatlary ýerine ýetirmeklik amala aşyrylýar.

Adaty bolşy ýaly, ýörite gaznalaryň serişdeleri sosial gurluşyň pes girdejili pudaklaryny ýeňillikli karzlaşdyrmak we tehniki ýardamyny bermek üçin ulanylýar. Beýleki halkara maliýe guramalary ýaly, ÝTÖB hem karz alnan serişdeleriniň köpüsini dünýä bazarlaryndan alýar.

**ÝTÖB-niň karz-maýa goýum syýasaty.** ÝTÖB öz işinde hojalygyň bazar usullaryna geçýän hususy we döwlet edaralary üçin amallaryň aşakdaky görnüşlerini ulanýar:

– önümçiligi ösdürmeklige karzlary bermek (şol sanda bilelikdäki maliýeleşdirme);

– edaralaryň paýdarlar maýalaryna maýa goýmak;

– gymmatly kagyzlaryň kepillendirilen görnüşinde ýerleşdirilmegi;

– güwänamalary bermek we başga görnüşde ýardam bermek arkaly maýalaryň bazaryna bolan ygtyýaryny ýeňilleşdirmek;

– ulanyşlaryny kesgitleýän ylalaşyklara laýyklykda ýörite gaznalaryň serişdelerini ýerleşdirmek;

– karzlaryň berlişi (şol sanda goşmaça maliýeleşdirme) we gurluşyň abatlanyşyna we ösüşine tehniki ýardamy bermek (şol sanda tebigaty goraýyş maksatnamalar);

– daşary söwdany goldamak maksatnamasynyň çäklerinde eksport-import amallary boýunça kepilnamalary bermek.

Umuman, ÝTÖB-niň döredilen wagtyndan 2004-nji ýyla çenli ÝTÖB-niň Direktorlar geňeşi 70 mlrd ýewrolyk 1000-e golaý möçberinde taslamalary makullady. ÝTÖB-niň karz-maliýe ugurlarynyň has wajyplary hökmünde maliýe ulgamy, energetika, telekommunikasion gurluş, ulag we agrobiznes öňe çykýarlar. Hususylaşdyrma aýratyn üns berilýär. Olar barada gysgaça durup geçeliň.

**Maliýe ulgamy.** Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde öňki sosialistik ýurtlaryň karz-maliýe edaralarynyň öňünde üzülmegi ynamsyz karzlar, bank ätiýaçlyklarynyň çäkliligi we maliýe ulgamynyň hetdenaşa ýekemenligi ýaly uly meseleler bardy. Bu karz guramalarynyň paýdarlary bolup uly karz alyjylar hökmünde döwlet edaralarynyň çykyş edýändigi bilen bagly boldy. Iň çylşyrymly mesele karz-maliýe edaralaryny karzlaryň paýlanyş merkezlerindäki passiw dellallardan erkin bäsdeşlik şertlerinde bazar ýörelgeleriniň esasynda serişdeleri ulanmaklygyň wajyp wezipesini ýerine ýetirmäge ukyply bolan aýratyn häsiýetli edaralara öwürmeklik boldy. Karz-maliýe ulgamy, ony bazar ykdysadyýeti derejesine çenli galdyryp biljek täze gurluşy döretmekligi talap edýär.

ÝTÖB maliýe ulgamynyň umumy strategiýasyny we ösüş maksatnamalaryny işläp taýýarlamaklyga gönükdirilen maslahat beriji hyzmatlary bazar ykdysadyýeti şertlerinde banklaryň wezipelerini ýerine ýetirip biljek edaralaryna maksatlaýyn maýa goýumlary goýmak bilen utgaşdyrýar. Şolbir wagtda, ÝTÖB banklary hususylaşdyrmak boýunça işleri geçirýär we hususy banklaryň güýçlenmeklerine, şeýle hem maýa goýumlar we tehniki hyzmatdaşlyk arkaly täze institutlaryň döredilmegine ýardam berýär. Köp ýurtlarda bank has uly daşary ýurt banklaryndan ýa-da maýa goýujylardan serişdeleri alyp bilmeýän kiçi we ortaça telekeçileri karzlaşdyrmak meselelerine garaýar.

Merkezi we Gündogar Ýewropanyň käbir ýurtlaryndaky kiçi we orta telekeçiler hem ÝTÖB-ni halkara we ýerli banklary bilen gatnaşykda goldaýan gullukçy karz ugurlary bilen peýdalanyp bilýärler. Gullukçy ugurlar kiçi we ortaça telekeçiler edaralary üçin bank hyzmatlaryny gowulandyrmak, halkara karz serişdelerini almak, önümçilige ýardam bermek we hereket edýän karz alyjy edaralaryň giňelmekleriniň ýa-da täzeleriniň döredilmeginiň hasabyna iş ýerlerini döretmek üçin işlenip taýýarlandylar.

**Energetika.** Ýewropadaky öňki sosialistik ýurtlaryň energetiki pudagynyň ösdürilmegine ÝTÖB-niň gatnaşmagy, ol ýurtlarda 1991-nji ýyldan soň energetika pudagynda çökgünligiň bolmagy bilen düşündirilýär. Bu çökgünlik öňki SSSR-iň ýurtlaryndan energogöterijileriň üpjün edilmeginiň kemelmegi we olara bolan bahalaryň dünýä derejesine galmaklary bilen bagly boldy. ÝTÖB hereket edýän energetiki mümkinçilikleriň modernizasiýasy we energiýany sarp edijiler bilen ulanmaklygyň täze görnüşleri bilen bagly taslamalary işjeň ýerine ýetirýärdi. Bu taslamalaryň ýerine ýetirilişi energogöterijilere we elektroenergiýa bolan içerki bahalaryň tizden dünýä bazarlarynyň bahalaryna deňleşmegine gönükdirilen nyrh dörediş ulgamyndaky çäreler bilen bile geçirilýärdi. Şunlukda, nebit we gaz ýataklaryny has doly we netijeli ulanmaga mümkinçilik berýän täze tehnologiýalara eýe bolan daşary ýurtly maýa goýujylary çekmeklik uly ähmiýete eýe boldy. Bu ýerde hyzmatdaşlygyň esasy görnüşi daşary ýurt firmalarynyň gatnaşmagy bilen bilelikdäki edaralaryň döredilmegi boldy. ÝTÖB bolsa taslamanyň durmuşa geçirilmegi üçin karzyň diňe bir bölegini berýär.

**Telekommunikasiýalar.** Döwrebap telekommunikasion pudaklaryň bolmaklygy öňki sosialistik ýurtlaryň içerki bazarlarynyň integrasiýasynyň ösüşiniň we olaryň dünýä bazarlary bilen aragatnaşygynyň wajyp şertleri bolup durýar. Degişli gurluşyň täzelenişi we ösüşi kadaly bazar ykdysadyýetiniň ösüşiniň hökmany şerti bolup durýar. Telekommunikasiýa ulgamynda ÝTÖB aragatnaşygyň pudaklarynyň, hyzmatlaryň görnüşleriniň we guramaçylyk çäreleriniň giňelmegine getirýän döwlet we hususy eýeçiligiň tekliplerini goldaýar. ÝTÖB-niň bu eýeçilikde esasy wezipesi döwrebap



4. Sargyt №2512

telekommunikasion ulgamlaryny gurmak we ulanmak arkaly esasy hyzmatlary bermekligi üpjün edýän telekommunikasiýalaryň döwlet pudagynyň gurluşyny berkitmekdir.

**Ulag.** Ýurtlaryň köpüsinde, ilkinji wezipeleriň biri, şäherlerde we obalarda awtomobil we demir ýollary dikeltmek we döwrebaplaşdyrmakdyr. Olara üns bermezligiň netijesinde heläkçilikler, hereketiň bozulmagy we ýolagçylaryň we ýükleriň netijeli gatnawlaryny kynlaşdyrýan başga meseleler ýüze çykýar. Şol sebäpli, ulag ulgamynda ÝTÖB ilki bilen bu meseleleri çözýän we Merkezi we Gündogar Ýewropanyň Günbatardaky we Gündogardaky goňşular bilen integrasiýa ýardam berýän, şeýle hem daşky gurşawyň abadanlaşdyrylmagyna goşant goşýan taslamalara üns berýär. Ulagyň her bir görnüşiniň has gowy ýerine ýetirip bilýän ulag akymlaryny çekýändigi we gatnawlary amala aşyrýandygy sebäpli, ÝTÖB ulag ulgamynyň deňagramly ösüşini goldaýar. ÝTÖB, Gündogar we Günbatar ýurtlarynyň oňyn çözgütlerini tapmaklyga sagdyn bäsdeşlik has gowy ýardam eder we ulag ulgamlarynyň ösüşi ilkibilen ykdysady ähmiýetler we tehniki netijelilik bilen kesgitlenmeli diýip hasaplaýar.

Gündogar Ýewropa ýurtlary üçin bu pikirler awtoýol gatnawlarynyň we olara bolan maýa goýumlarynyň möçberini ýokarlandyrmak zerurlygyny, şeýle hem demir ýollaryň täzeden gurluşygyny aňladýar. Häzirki döwürde demir ýollaryň täzeden gurluşygynda we olary bäsdeş ykdysadyýetiň täze şertlerinde ulanmazlykdan az ýurtlar ösüşi gazanyp bildiler. Şu sebäpli ÝTÖB demir ýollaryň geljekki ähmiýetini we bu ugurda degişli hereketleri kesgitlemek maksady bilen sekiz ýurtda ylmy işleri geçirýär. Bütindünýä banky bilen bilelikde, ÝTÖB sebitiň başga ýurtlarynda hem şeýle işleri geçirýär, ulag gurluşygynyň ösmegi bilen bagly taslamalara aýratyn üns berilýär.

Bu ýerde karzlaşdyrmaklyga ykdysady ösüşiň höweslendirilmeginiň gurallarynyň biri hökmünde seredilýär. Deň derejede döwlet syýasaty, guramaçylyk çäreleri, maýa goýumlaryň has kämilleşen meýilnamalaşdyrylmagy hem wajypdyr. Şol sebäpli ÝTÖB bu ugurlardaky ösüşlere ýardam bermeklige has köp üns berýär.

**Agrobiznes.** Bu ugurda ÝTÖB öz esasy güýçlerini, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän döwrebap kärhanalaryň gurluşygyny, azyk harytlarynyň satuwyny we paýlanylyş gurluşyny karzlaşdyrmaga gönükdirýär. Munuň üçin ÝTÖB birnäçe ýurtda lomaý bazarlary döretmek boýunça taslamalaryň üstünde işleýär. Hususy agrobiznesi karzlaşdyrmak ýerli uly banklar üçin açylýan we agroönümleriň öndürilmegini we diňe gaýtadan işlenilmegini amala aşyrýan hususy telekeçileriň ulanmaklary üçin niýetlenen karz ulgamlary arkaly amala aşyrylýar. Bu hususy eýeçiligi ýerli we daşary ýurt walýutada karzlaşdyrmak üçin niýetlenendir.

**Hususylaşdyrma.** Her bir ýurt boýunça ÝTÖB-niň strategiýasynda ilkibilen ýerine ýetirilmeli wezipeleriň biri hususylaşdyrmaklygy tizleşdirmäge ýardam etmekdir. ÝTÖB-de hususylaşdyrma diýlip düşünilýän çäreleriň sanyna diňe hereket edýän döwlet edaralarynyň hususy eýeçiligine geçirilmegi däl-de, hojalygyň bazar şertlerine geçýän döwlet eýeçiliginiň hereket edýän edaralarynyň gurluşlaryny täzeden düzmeklik we kämilleşdirmeklik, şeýle hem hususy edaralary döretmeklik hem girýär.

Şeýlelikde, hukuk özbaşdakdyklaryna garamazdan Ýewropanyň maýa goýum banky (ÝMGB) we Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky (ÝTÖB) iş ýüzünde ýerine ýetirýän işleriniň köpüsinde bir-biriniň üstüni ýetirýärler we ähli Ýewropa ulgamy, şeýle hem onuň düzüm bölekleri bolan Ýewropanyň Merkezi banky hem-de Ýewropa ýurtlarynyň milli banklary boýunça özara hyzmatdaşlykda hereket edýärler. ÝMB-niň Ýewropanyň beýleki banklary bilen özara hyzmatdaşlygynyň netijeleri maliýe kynçylyklary ýagdaýlarda synagdan geçýär.

## 1.3. Ýewropanyň Merkezi bankynyň maksady we wezipeleri

**Ýewropanyň Merkezi banky** – bu Ýewropa Bileleşigine girýän ýurtlaryň ýeke-täk garaşsyz syýasatyny durmuşa geçirmek, ýewrozolagyň çäginde ýewropa walýutasynyň we nyrhlaryň durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen, ýewrozolagyň resmi altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny döretmek, Ýewropa Bileleşigine agza



döwletleriň arasynda özara halkara karzlaşdyrmak we maliýe kömegini guramak üçin döredilen Ýewropa Bileleşigine we ýewrozolaga girýän döwletleriň maliýe-pul ulgamlaryny birikdirýän öňdebaryjy halkara karz-maliýe edarasydyr.

Ýewropanyň Merkezi banky 1998-nji ýylyň 1-nji iýunynda döredildi. Onuň ştab-kwartirasy Frankfurt-na-Maýne şaherinde ýerleşýär. Ýewropanyň Merkezi bankynyň Prezidenti Mario Dragidir.

Ýewropanyň Merkezi banky ýewrozolagyň we Ýewropa Bileleşiginiň esasy bankydyr. Onuň esasy wezipesi ýewrowalýutany ulanýan döwletlerde durnukly nyrhlary saklamak we hümmetsizlenmäniň derejesine gözegçilik etmekdir.

Ýewropanyň Merkezi bankyna alty adamdan ybarat bolan direksiýa ýolbaşçylyk edýär. Onuň sekiz ýyl möhlet bilen bellenilýän Prezidenti, wise-prezidenti, şeýle hem dört agzasy bolýar. Direksiýanyň dört azgasy Ýewropanyň öňdebaryjy iri merkezi banklary bolan german, fransuz, ispan we italiýan banklaryna degişlidir.

Häzirki günde Ýewropanyň Merkezi banky (ÝMB) halkara ylalaşyklar esasynda hereket edýän aýratyn edara görnüşli tarapdyr. Döredilen pursadynda onuň esaslyk sermaýasy (ustaw kapitaly) 5 mlrd ýewrodan hem ýokarydy, paýdarlary bolup Ýewropa ýurtlarynyň merkezi banklary çykyş edýär. Has uly paýlary Germaniýanyň Doýçe Bundesbank (18,9%), Fransiýanyň banky (14,2%), Italiýanyň banky(12,5%) we Ispaniýanyň banky(8,3%) goşdy. Ýewrozolak ýurtlarynyň beýlekileriniň paýy 3,9%-e deňdir.



Ýewropanyň Merkezi bankynyň ýokary guramasy bolup, dolandyryjylaryň geňeşi çykyş edýär, oňa bolsa ýerine ýetiriji direksiýanyň agzalary we ýewrozolaga gatnaşyjy ýurtlaryň merkezi banklarynyň ýolbaşçylary gatnaşýar. Bankyň gündelik işini dolandyrmaklygy ýerine ýetiriji geňeş alyp barýar, ol öz gezeginde alty sany gatnaşyjydan, şol sanda ýolbaşçydan we onuň orunbasaryndan ybarat. Olar dolandyryjylaryň geňeşi tarapyndan dalaşgär görkezilýär we Ýewropanyň parlamenti, şeýle hem ýewrozolaga girýän döwletleriň baştutanlary tarapyndan tassyklanylýar.

Ýewropanyň Merkezi bankynyň esasy wezipelerine aşakdakylar degişlidir:

– Ýewropa Bileleşiginiň we ýewrozolaga girýän döwletleriniň pul-karz syýasatyny işläp taýýarlamak we amala aşyrmak;
– Ýewrozolaga girýän ýurtlaryň resmi walýua-pul ätiýaçlyklarynyň düzümini öwrenmek we olar bilen dolandyrmak;
– Ýewronyň pul belgileriniň emissiýasyny amala aşyrmak;
– esasy göterim möçberleriniň bellenilmegi;
– ýewrozolakda ykdysady durnuklylygyň saklanmagy, ilkibilen hem hümmetsizlenmäniň derejesiniň 2%-den ýokary bolmazlygy.

Bu wezipeleri ýerine ýetirmek üçin Ýewropanyň Merkezi banky öz işinde resmi taýdan garaşsyzdyr. Şolbir wagtda-da ol Ýewropar-




lamentiň, Ýewropanyň komissiýasynyň, Ýewropa Bileleşiginiň mejlisiniň we Ýewropanyň mejlisiniň öňünde hasabat bermelidir.

Ýewropanyň ykdysady we walýuta bileleşiginiň, onuň hereket etme gurluşynyň emele gelmegi we Ýewropa Bileleşiginiň 19 döwletiniň çäginde nagt dolanyşyga ýewronyň girizilmegi ýewropa integrasiýasynyň ösüşinde täze tapgyryny belledi. Içerki ýewropa bazarynyň döredilmeginiň ýolundan gidip ÝB agza döwletler öňki taryhy taýdan mysal bolup gelýänlerden hil taýdan tapawutlanýan, täze ykdysady we maliýe gatnaşyklarynyň ýola goýulmagynyň we ösüşiniň çylşyrymly ýoluny geçdiler. Geçen ýüzýyllygyň 50–60-njy ýyllarynda ýeke-täk walýuta bazaryny döretmek boýunça amala aşyrylan ilkinji ädimler hakykatda asyryň başynda häzirki kuwwatly halkara düzüminiň, Ýewropanyň Merkezi bankynyň döredilmegine we ýewropa walýuta integrasiýasynyň jedelsiz nyşany bolan ýewronyň – täze halkara pul birliginiň ýüze çykmagyna getirdi.

ÝB agza ýurtlaryň maliýe integrasiýasy – bu dünýä maliýe ulgamyna täsir edýän köp meýilli hadysadyr. Bu täsiriň ugry we derejesi täze ýewropa walýutanyň durnuklylygyna we ygtybarlylygyna, şeýle hem Ýewropanyň Ykdysady walýuta bileleşiginiň ýeke-täk pul-karz syýasatynyň ýerine ýetirilmeginiň gurluşyna köp derejede baglydyr.

Ýewropanyň Merkezi bankynyň esasy maksady ÝB gatnaşyjy ýurtlaryň durnukly ösüşi üçin nyrhlaryň durnuklylygynyň üpjün edilmegi bolup çykyş edýär.

## 1.4. Ýewropa Bileleşiginiň halkara sebitleýin maliýe guramalary

Ýewropa Bileleşigi özüne birnäçe halkara sebitleýin walýuta-karz we maliýe guramalary birleşdirýär. Bu aşakdaky sebäpler bilen düşündirilýär:

– ykdysady, şol sanda walýuta-karz we maliýe integrasiýasynyň ösmegi; ýeke-täk bazaryň we ýeke-täk walýutanyň döredilmegi;
– Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň beýleki merkezleriniň (ABŞ we Ýaponiýa) garşysyna dünýä ykdysadyýetinde öz orunlaryny berkitmegi;
– ösýän assosirlenen ýurtlara kömek bermek we sosial sebitleýin syýasatyny üpjün etmek üçin maksatly bileleşen gaznalary giňeltmek zerurlygy.

Ýewropa Bileleşiginiň maliýe guramalarynyň öz institusional gurluşyny döretmek arkaly Ýewropa integrasiýasyny we dünýä merkezini berkitmek; Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň ykdysadyýetini ösdürmek; ýeke-täk oba hojalyk syýasatyny geçirmek; 1993-nji ýylyň noýabrynda güýje giren Maastriht şertnamasyna laýyklykda Ykdysady we walýuta birleşigini döretmek; assosirlenen agzalara baglylykda ylalaşylan syýasaty alyp barmak ýaly dürli maksatlary bar. Öňde goýlan maksatlara laýyklykda, bu guramalar ykdysadyýetiň sebitleýin derejesinde döwletara ugrukdyrmasyny amala aşyrýarlar we Günbatar Ýewropa ykdysady integrasiýasynyň ösmeginde wajyp ähmiýete eýedirler. Ýewropa Bileleşiginiň ykdysady we syýasy birleşigini döretmek maksady, onuň sebitleýin maliýe institutlarynyň aýratynlygyny kesgitledi. Olar öz içine milletara institutlary bolan Ýewropa parlamenti, Ýewropa jemgyýetleriniň geňeşini, KES, Kazyýeti alýan Ýewropa Bileleşiginiň institusional gurluşynyň düzüm bölekleri bolup durýarlar. Olaryň döredilmeginiň maddy esasy Ýewropa Bileleşiginiň bilelikdäki býujetidir. Ol bolsa agza ýurtlaryň milli býujetlerinden gatançlaryny birikdirýär. Sebitleýin institutlaryň işinde 1979-njy ýyldan başlap ýewropa walýuta birligi bolan ekýu, 1999-njy ýylyň ýanwaryndan bolsa ýewro ulanylýar.

Ýewropa Bileleşigindäki maliýe institutlarynyň döredilmegi kem-kemden, esasan, Günbatar Ýewropada integrasion wakalaryň ösüşiniň belli tapgyrlaryna laýyklykda geçirildi. Ykdysady integrasiýanyň birinji tapgyrynda, ýagny Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň özara satuwlarynda çäklendirmeleri ýatyrmak we üçünji ýurtlardan importa ýeke-täk *tarifi* girizmek arkaly gümrük birleşigi döredilende, 1957-nji ýyldaky Ýewropa ykdysady bileleşigini döretmek baradaky Rim şertnamasyna laýyklykda, 1958-nji ýylda Lýuksemburgda ***Ýewropa Inwestision banky*** (ÝIB) döredildi.

Bank uzak möhletli karzlary 7–12 ýyla çenli (senagat), 20 ýyla çenli (infrastruktura); ösýän ýurtlara pes girdejili tasalamalara bolan karzlary – 40 ýyla çenli, ýylda 1–2 % bilen berdi. Bulardan başga hem, ÝIB hususy we döwlet edaralaryna güwänamalary berýär. ÝIB-niň agzalary hökmünde 2004-nji hasabyna görä Ýewropa Bileleşiginiň 15 ýurdy çykyş edýär.

ÝIB-niň wezipelerine Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň has az ösen sebitleriniň ösmegine ýardam bermek; bir ýurduň serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilip bilinmejek edaralaryň abatlaýyş we gurluşygy; önümçiligiň ýöriteleşdirilmeginiň we köpeldilmeginiň çäklerinde pudaklaýyn gurluşynyň modernizasiýasy; ÝB agza ýurtlaryna umumy bähbitli bolan bilelikdäki hojalyk pudaklaryny döretmek; ulagyň, telekommunikasiýalaryň, energetikanyň ösdürilmegi, daşky gurşawy goramak, kiçi telekeçiligi goldamak girýär. Taslamalary karzlaşdyrmakda ÝIB-niň paýy taslamanyň bahasynyň 50%-ine çenli bolup bilýär. Serişdeleriň çeşmeleri bolup, esaslyk sermaýasy (şol sanda tölenilen 7,5 %, kepillendirilen 92,5 %), obligasion karzlaryň çykarylyşy hyzmat edýär.

Bileleşikden daşary ÝIB-niň amallary Rim şertnamasynyň 18-nji maddasyna laýyklykda, Ýewropa Bileleşigi üçin ähmiýetli taslamalary karzlaşdyrmak maksady bilen bankyň dolandyryjylar geňeşiniň rugsady arkaly amala aşyrylýar. ÝIB-niň işi ÝB bilen assosirlenen ösýän ýurtlara ýaýraýar. Bank Ortaýer deňiz töwerekleriniň, Afrikanyň, Aziýanyň, Latyn Amerikasynyň we Karib basseýniniň, Merkezi we Gündogar Ýewropanyň ýurtlarynda maýa goýum taslamalary karzlaşdyrmaklyga gatnaşýar. ÝIB-niň işine

Bütindünýä bankyna degişli bolan karz maýasynyň dünýä bazary bilen özara hereketde bolmak ösüşleri hem mahsusdyr. Bu döwletara institutyň üsti bilen Ýewropa ykdysady integrasiýasynyň ösdürilmegi we bu dünýä maliýe merkeziniň orunlaryny berkitmek maksady bilen karz maýasynyň bir bölegi gaýtadan paýlanylýar.

Ýewropa Bileleşiginiň institusional gurluşynyň tapawutly häsiýeti bolup gurluş we başga maksatlaýyn halkara gaznalaryň ulgamyny döretmek çykyş edýär. Gurluş gaznalarynyň arasynda aşakdakylar bardyr:

Baş çykarmak we oba hojalygynyň kepillendiriş Ýewropa gaznasy (BÇOHKÝG) 1962-nji ýylda döredilen, 1964-nji ýyldan bäri işleýär) aşakdaky iki bölümçä bölünen:

1) goldaw we kepillendirş bölümçesi Ýewropa Bileleşiginiň bilelikdäki býujetiniň hasabyna umumy oba hojalyk syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça çäreleri maliýeleşdirýär («Ýaşyl Ýewropa» meýilnamasy);
2) oba hojalyk baş çykarma bölümçesi, ýagny ÝB-niň gurluş gaznasyna goýberilen pul serişdeleriniň hasabyna bahalary sazlaşdyrmak we fermerleriň girdejileriniň derejesini saklamak üçin bu ugurdaky belli çäreleri maliýeleşdirýär.

Integrasiýa ösüşlerine oba hojalygy goşmaklyk bilelikdäki oba hojalyk syýasatyny maliýeleşdirmek üçin ösüş derejesini ýokarlandyrmak, önümçiligi konsentrirlemek we ýöriteleşdirmek, oba hojalykda maýany senagat derejesine çenli toplap, şeýlelikde täzeden işläp çykarylmakda gapma-garşylyklary aýyrmak maksady bilen döwletara gaznasyny döretmekligi talap etdi. BÇOHKÝG-niň ýolbaşçylygyny oba hojalyk syýasatynyň meseleleri boýunça Gaznasynyň Hemişeki komitetiniň ýardamy bilen *KES* ýerine ýetirýär. BÇOHKÝG-niň serişdeleriniň çeşmesi ÝB-niň umumy býujeti bolup, onuň 70%-i başda bilelikdäki oba hojalyk syýasatyny maliýeleşdirmek üçin ulanylýardy. BÇOHKÝG-niň serişdelerini döretmeklik Ýewropa Bileleşiginiň girdejiler býujetiniň gurluşy ýörelgelerine meňzeş, oňa öwezini dolýan ýygymlar, gümrük paçlar, 1% GBS (goşmaça baha salgydy) tölenilýär. BÇOHKÝG ÝB-de kesgitlenen kepillendirilen we dünýä bahalarynyň aralaryndaky tapawudy bilen

kesgitlenilýän oba hojalyk harytlarynyň importýor edijilerinden öwezini dolýan ýygymlar gelip gowuşýar. ÝB-niň guramalary tarapyndan ammara ýerleşdirilýän ýa-da eksport edilýän artykmaç önümiň satyn alynmagynda kepillendirilen bahalar ulanylýar. Gaznanyň hasabyna eksport edijiler içerki we dünýä bahalarynyň aralaryndaky tapawudyň möçberinde kömek pullaryny alýardylar. Netijede, BÇOHKÝG oba hojalyk önümlerini import edijilerden ep-esli möçberde ýygym alýardy, onuň esasy serişdelerini bolsa, bu önümleri üçünji ýurtlara äkitmeklige kömekleşmek tertibinde eksportýor ýurtlar alýardylar. Şol sebäpli, BÇOHKÝG-niň serişdeleriniň döredilmegi we gaýtadan paýlanylmagy, ÝB-den oba hojalyk önümleriniň eksportyny maliýeleşdirlemeklige (subsidirlemeklige) garşy çykýan agza ýurtlaryň, şeýle hem ÝB bilen ABŞ-nyň arasynda gapma-garşylyklary döredýär.

BÇOHKÝG agrar bazarda hasaplaşyklar üçin ulanylýan walýutalaryň «ýaşyl» hümmetini goldaýardy. Bazar walýuta hümmeti «ýaşyldan» pes bolan ýurtlar, oba hojalyk önümleriniň importynda BÇOHKÝG-den kömek pullaryny alýardylar, eksportda bolsa gazna öwezini dolýan salgydyny töleýärdiler. Tersine, walýuta hümmeti «ýaşyldan» ýokary bolan ýurtlar oba hojalyk harytlarynyň eksportynda öwezini dolýan kömek serişdelerini alýardylar, importda bolsa salgyt töleýärdiler. 1990-njy ýyldan bu kömek pullar kemeldildi, soňra bolsa olar ýatyryldy.

Sebitleýin ösüşiň Ýewropa gaznasy (1975 ý.) Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň aýry-aýry gurak we ykdysadyýeti pese düşen sebitleriniň ösmeklerinde deňsizlikleri azaltmak maksady bilen, sebitleýin syýasatyň maliýe goldawyny ýerine ýetirýär. Serişdeleriň paýlanylmagynda birnäçe ýurtlaryň sebitleýin syýasatlarynyň bilelikdäki maksatnamalary ileri tutulýar.

Ýewropa durmuş-sosial gaznasy (1960-njy ý.) bellibir hünärleriň, pudaklaryň, sebitleriň wekillerine senagatyň täzeden gurulmak şertlerine öwrenişmäge kömek edip, ÝB-niň durmuş syýasatyna maliýe goldawyny berýär. Işsizligi azaltmak, hünär we maşgala durmuşyny sazlamak maksatnamalaryny maliýeleşdirmeklige aýratyn üns berýär. Hünär okuwlaryny we boş iş ýerleriniň barlygy barada

maglumat ulgamyny döretmekligi maliýeleşdirmeklik gaznanyň işinde ähmiýetli orny eýeleýär.

Ýewropa Bileleşiginiň umumy býujetinden gurluş gaznalaryna goýberilen pul serişdelerini maksadalaýyk ulanmaklygy güýçlendirmek üçin, maliýeleşdirilýän ösüş maksatnamalarynyň sany 1994–1999-njy ýyllarda 6-dan 2000–2005-nji ýyllarda 3-e çenli kemeldildi.

Bu goýberilen pullaryň köp bölegi (2000-nji ýylyň başynda 56%) Ýewropa sebitleýin ösüş gaznasynyň paýyna, has az möçberi (32,6%) Ýewropa durmuş gaznasynyň we Baş çykarma we oba hojalygyň kepillendirilmegi Ýewropa gaznasynyň (9,3%-i oba hojalygyna ugrukmak bölümçesi) paýlaryna düşýär. Emma goldaw we kepilnamalar bölümçeleri tarapyndan alynýan serişdeleriň hasaba alynmagy bilen, BÇOHKÝG-niň serişdeleri 44 mlrd ýewrodan geçýär.

Gurluş gaznalaryndan başga, Ýewropa Bileleşiginde aşakdaky maksatlaýyn gaznalary işleýärler:

– Ýewropa jebisleşme gaznasy (1993-nji ý.) Ýewropa Bileleşiginiň umumy ekologiýa syýasatynyň çäklerinde daşky gurşawy goramak boýunça taslamalaryň maliýeleşdirilmegine gatnaşýar. Bu maksada gaznanyň serişdeleriniň, takmynan 5,05%-i berilýär. Onuň işiniň ýene bir ugry jan başyna jemi içerki önümiň möçberi Ýewropa Bileleşiginiň ortaça derejesinden 90% pes bolan Gresiýada, Irlandiýada, Ispaniýada, Portugaliýada ulagyň ösüş taslamalaryny goşmaça maliýeleşdirmekdir.

Balyk tutmaklyga ýardam bermek Gaznasy ÝB girýän ýurtlaryň balyk tutma senagatynyň bäsleşlige ukyplylygyny ýokarlandymaklyga gönükdirilen çäreleri maliýeleşdirýär.

Ýewropa Bileleşiginiň tejribesi, halkara gurluş we maksatlaýyn gaznalara agza bolan ýurtlaryň bähbitleriniň jebisleşmeginiň, olaryň gapma-garşylyklary ýeňip geçmekleriniň we sebitleýin ykdysady integrasiýanyň güýjemegi syýasatynyň maliýe gurallary hökmündäki halkara gurluş we maksatlaýyn gaznalaryň ähmiýetli orny barada şaýatlyk edýär.

Milletara emission institutlary ÝB-niň halkara sebitleýin guramalarynyň ulgamynda aýratyn orun tutýarlar. Olaryň ösüş döwürleri

integrasion wakalaryň ösmeginiň degişli tapgyrlarynda halkara walýuta gatnaşyklarynyň aýratynlygyny görkezýär.

Walýuta hyzmatdaşlygynyň Ýewropa gaznasy (WHÝG) (1973––1994 ý.) Ýewropa walýuta ulgamynyň (ÝWU) girizilmegi bilen baglylykda döredilip, ekýu emissiýasy we sebitleýin döwletara walýuta ugrukdyrylmagy üçin niýetlenendir. Gazna ÝWU agza ýurtlara töleg balansynyň ýetmezçiligini we «ýewropa walýuta ýylany» çäklerinde walýuta hümmetini sazlamak bilen bagly hasaplary ýapmak üçin karzlary berýärdi.

WHÝG 1970-nji ýylyň fewralyndan bäri işleýän gysga möhletli karzlaryň gaznasyny (3–6 aý möhletini uzaltmak hukugy bilen) 1971-nji ýylyň 22-nji martynda döredilen orta möhletli karzlaryň gaznasyna (2-den 5 ýyla çenli) birleşdirildi. Karzlar karz alyjy ýurt tarapyndan durnuklaşdyryş maksatnamasynyň (HPG-niň nusgasy boýunça) berjaý edilmek şerti bilen berilýärdi. WHÝG serişdeleri onuň hasabyna ÝWU agza ýurtlar tarapyndan resmi altyn walýuta ätiýaçlyklarynyň 20% ekýu çalşyp töländigi sebäpli, 6,6 mlrd.-dan 25 mlrd ekýu çenli köpeldi.

Walýuta hümmetlerini özara goldamak bilen bagly amallar 1985-nji ýylda HAÖB-niň ýanynda döredilen köptaraplaýyn kliringiň üsti bilen ýerine ýetirilýärdi. Umuman, WHÝG-niň işi ýeterlikli netijeli däldi, onuň karzlarynyň möçberi azdy (agza bolan ýurtlar töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin ýewrokarzlary almaklygy amatly görýärdiler).

Ykdysady we walýuta birleşigini döretmek barada «Delor meýilnamasy» (1980-nji ýylyň ortasy) we Maastriht şertnamasy 1990-njy ýylda Ýewropa integrasiýasynyň täze ösüş tapgyryny yglan etdiler. Agza bolan ýurtlaryň Ykdysady we walýuta birleşigi esasynda esaslanan Ýewropa birleşmesine Ýewropa Bileleşigini öwürmek barada Maastriht şertnamasyna 1991-nji ýylyň dekabrynda gol çekildi we 1993-nji ýylyň noýabrynda güýje girizildi. 1993-nji ýylyň aprelinde satyn alyjylyk ukyplylygy örän uly bolan 12 ýurdy (soňra 15) birleşdirýän ýeke-täk bazar giňişliginiň döredilmegi resmi taýdan tamamlandy. Şunuň bilen birlikde, ýeke-täk walýuta, karz, maliýe giňişliginiň döredilmegine ugur alyndy, bu bolsa

ÝB-niň institusional gurluşynda we öň döredilen guramalaryň işinde üýtgemelere getirdi.

Ykdysady we walýuta birleşmesiniň döredilmeginiň ikinji tapgyry bilen baglylykda Ýewropa walýuta instituty (ÝWI) WHÝG-ni çalyşdy (1994–1998 ý.).

Ýewropa Bileleşigine agza 15 ýurduň merkezi banklarynyň hyzmatdaşlygynyň milletara instituty ekýunyň emissiýasyny, pul--karz we walýuta syýasatyny amala aşyrýardy, Ýewropa walýuta ulgamynyň işine gözegçilik edýärdi, ýewrony girizmäge taýýarlyk işlerini geçirýärdi. Düzüminde ÝWI-niň Prezidenti we merkezi banklaryň dolandyryjylary bolan Geňeş, ýurtlaryň hökümetlerine we Ýewropa Bileleşiginiň ministrler Geňeşine hödürnamalary we teklipleri taýýarlaýardy, býujet tertibini berjaý etmeýän ýurtlara ykdysady çäreleri ulanýardy. Olaryň arasynda býujet ýetmezçiligi sazlaşdyrylýança ÝIB-den karzlary almaklygy çäklendirmek, Ýewropa Bileleşiginiň adyna bellibir möçbere göterimsiz gatanjy açmaklyk, jerime we beýlekiler bardy.

ÝWU-nyň döredilmeginiň üçünji tapgyrynda 1998-nji ýylyň 1-nji iýulyndan Ýewropa walýuta institutyna derek Ýewropa Merkezi banky (ÝMB) döredildi.

ÝMB – bu düzüminde ýewrozolakda 19 ýurduň merkezi banklarynyň dolandyryjylary bolan özbaşdak milli merkezi bankdyr. Ol ýeke-täk ýewropa walýutasynyň emissiýasyny amala aşyrýar. Pul-karz we walýuta syýasatynyň düzüm böleklerini öz içine alýan ýeke-täk monetar syýasatyny düzüp, onuň durmuşa geçirilmegine jogapkärçilik çekýär. Onuň baş maksady ýewronyň durnuklylygyny üpjün etmekdir. Ony ýerine ýetirmek üçin ÝMB sarp ediji nyrhlaryň sazlanylan indeksiniň ýyllyk ösüşini çaklaýar (2%-den pes), onuň we makroykdysady görkezijileriň berjaý edilişine gözegçilik edýär. Nyrh durnuklylygyny goldamak maksady bilen ÝMB pul bazarynyň göterim derejelerini sazlaşdyrýar. ÝMB ýeke-täk walýuta syýasatyny alyp barýar we wagtal-wagtal ýewronyň hümmetine, esasan, dollary sazlaşdyrmak üçin walýuta interwensiýasyny geçirýär. Emma ýewronyň walýuta hümmeti, ösüşi her ýyl tassyklanylýan (4,5%) pul toplumyndan (agregat $M_2$) we hümmetsizlenmeden tapawutlylykda,

targetlemek bolmaýar. Ýeke-täk monetar syýasaty ýewronyň internasionalizasiýasyna, ony halkara ätiýaçlyk we töleg serişdesi hökmünde ulanmaklyga gönükdirilen.

ÝMB hakyky wagt tertibinde (TARGET) özara lomaý hasaplaşyklaryň ýeke-täk töleg ulgamynyň işini ugrukdyrýar. Öz ätiýaçlyklarynyň 10%-ine golaý möçberini ÝMB altynda saklaýar. ÝMB we Ykdysady we walýuta birleşigine girýän 19 sany ýurt Ýewroulgamy düzýärler.

Maastriht ylalaşygyna laýyklykda, 1999-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan ÝMB we Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň, şol sanda ýewro giňişligine goşulmadyk (onuň ölçeglerine gabat gelseler-de)[1] we şol sebäpli ÝMB-niň ýeke-täk monetar syýasaty boýunça kararlary kabul etmekde gatnaşmaýan Beýik Britaniýanyň, Daniýanyň, Şwesiýanyň, jemi 15 sany merkezi banky öz içine alýan Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy işleýär (ÝMBU).

ÝMBU-nyň ýolbaşçy geňeşi bu merkezi banklaryň dolandyryjylaryndan we ÝMB-niň müdiriýetiniň agzalaryndan ybarat. Müdiriýet gaýtadan saýlanmaga hukuksyz 8 ýyl möhleti bilen saýlanýar. Olaryň agzalary öz işinde saýlanan ýurtlaryndan özbaşdak işleýärler. Kararlar her agzanyň bir sesi bolmak ýagdaýynda sesleriň köplügi bilen kabul edilýär.

ÝMBU-nyň esasy maksady umumy ykdysady syýasatyň geçirilmegine ýardam bermek we Ýewropa Bileleşiginde nyrhlaryň durnuklylygyny saklamakdyr. Bu maksat ýeke-täk monetar syýasatyny düzmek we durmuşa geçirmek, halkara walýuta amallaryny geçirmek, resmi walýuta ätiýaçlyklaryny dolandyrmak, ýeke-täk töleg ulgamynyň işlemegine ýardam bermek ýaly wezipeleri kesgitleýär. MBÝU-nyň wezipelerine maliýe bank guramalaryna netijeli gözegçilik etmek hem girýär.

Ýurduň Ýewropa zolagyna goşulmaklygyna geçen ýylyň maglumatlary esasynda aşakdaky bäş ölçeg boýunça baha berilýär:

1) hümmetsizlenme has durnukly nyrhly ýurtlaryň üçüsindäkiden 1,5%-den ýokary bolmaly däl;
2) býujet ýetmezçiligi – şol ýurduň jemi içerki önüminiň 3%-inden köp däl;

3) döwlet bergisi – JIÖ-niň 60%-inden köp däl;
4) milli walýutanyň bazar hümmetiniň üýtgemegi belli çäklerde;
5) uzak möhletli karzlar boýunça bellenilen göterim haklary – ÝB-niň ýurtlarynyň üç sany iň pes derejeli haklarynyň 2 %-inden ýokary däl.

ÝMB, Ýewroulgam, ÝMBU Ýewropa Bileleşiginiň makroykdysady görkezijilerini durnuklaşdyrmak maksady bilen ýeke-täk monetar syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça institusional gurluşy düzýärler. Bu guramalar, *birinjiden*, dolanyşykdaky pul toplumlaryna we nyrhlara gözegçilik edýärler, *ikinjiden*, binýatlaýyn göterim derejelerini belleýärler; *üçünjiden*, býujet ýetmezçilikleriniň çägini kesgitleýärler we mümkinçiliklerinden köp serişdeleri sowýan gatnaşyjy ýurtlara güýç ulanýarlar.

Milletüsti institutlar agza bolan ýurtlaryň maliýe, pul, walýuta we karz tertibini berjaý edişlerine gözegçilik edýärler.

## Esasy düşünjeler

**Ýewropa Bileleşigi (ÝB)** ilat sany 447 mln adamdan gowrak bolan 27 döwleti öz içine almak bilen, Ýewropa ulgamynyň merkezi banklaryny Ýewropanyň Merkezi bankynyň ýolbaşçylygynda emele getirýän sebitara integrasiýa birleşmesidir. Ýewropa Bileleşiginiň ştab-kwartirasy Brýuselde (Belgiýa) ýerleşýär.

**Ýewropa walýuta birleşmesi (ÝWB)** 1999-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan ýeke-täk walýuta – ýewro girizen Ýewropa birleşmesine agza 16 döwletiň (Awstriýa, Belgiýa, Germaniýa, Gresiýa, Irlandiýa, Ispaniýa, Italiýa, Kipr, Lýuksemburg, Malta, Niderlandlar, Portugaliýa, Slowakiýa, Sloweniýa, Finlýandiýa we Fransiýa) birleşmesidir.

**Ýewropanyň maýa goýum banky (ÝMGB)** 1957-nji ýylda Rim ylalaşygyna laýyklykda döredilip, 1958-nji ýyldan hereket edip başlady. Ýewropanyň maýa goýum bankynyň agzalary bolup Ýewropa Bileleşigine agza döwletler çykyş edýärler. Ýewropanyň maýa goýum bankynyň ştab-kwartirasy Lýuksemburgda ýerleşýär. Ol Ýewropanyň maýa goýum bankynyň paýnamasynyň 3%-ini eýeleýär.

**Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky (ÝTÖB)** Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlaryna bazar ykdysadyýetine geçmeklige kömek etmek, şeýle hem ol ýerde hususy we telekeçilik başlangyjy (inisiatiwa) goldamak üçin 1990-njy ýylda döredilen. Onuň döredijileriniň arasynda iki halkara guramasy – Ýewropanyň Ykdysady bileleşigi (häzirki Ýewropa Bileleşigi) we Ýewropanyň düýpli goýum banky, şeýle hem Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankynda 60 agza ýurt bardyr. Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankynyň ştab-kwartirasy Londonda ýerleşýär.

**Ýewropanyň Merkezi banky (ÝMB)** Ýewropanyň Merkezi bankynyň prezidentini, wize prezidentini, ýerine ýetiriji direksiýanyň dört sany agzasyny saýlap, Ýewropa Bileleşiginiň çäklerinde ilkibaşda walýuta bileleşigine gatnaşyjy 11 ýurduň çözgüdi bilen 1998-nji ýylyň maýynda döredilip, 1998-nji ýylyň 1-nji iýunynda güýje girdi. Bu sene Ýewropanyň Merkezi bankynyň döredilen senesi diýlip hasap edilýär. Ýewropa ulgamynyň merkezi banklarynyň. Ýewropanyň Merkezi bankynyň ştab-kwartirasy Frankfurt-na-Maýne (Germaniýa) şäherinde ýerleşýär.

**Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy** Ýewropa Bileleşiginiň Ýewropa ykdysady we walýuta bileleşiginiň Ýewropanyň merkezi bankyndan (ÝMB) we agza döwletleriň milli merkezi banklaryndan ybarat bolan halkara bank ulgamydyr. Ýewropanyň Merkezi banklarynyň ulgamynyň döredilmeginiň esasy maksady bahalaryň we ýeke-täk ýewropa walýutasy bolan ýewronyň durnuklylygyny saklamakdyr. Ýewro halkara ýewropa pul birligidir. Ýewronyň ilkibaşdaky hümmeti 1 ekýu (1,1–1,2 amerikan dollary) deňdi.

## Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Ýewropa Bileleşigi 2014 – 2018-nji ýyllarda bäşinji gezek giňeldilenden soň, ykdysadyýetinde nähili üýtgemeler bolup geçdi?
2. Ýewropanyň walýuta ulgamyndan Ýewropanyň ykdysady we walýuta bileleşigine ösüş döwründe Ýewropanyň walýuta integrasiýasy haýsy tapgyrlary geçdi?

3. Ýewropanyň bank ulgamynyň emele gelmeginiň başlangyçlary nämede jemlenipdi?
4. Ýewropanyň Merkezi banklarynyň ulgamynyň döredijilik düzümi bolup näme çykyş edýär?
5. Ýewropanyň Merkezi banklarynyň ulgamynyň esasy wezipeleri nämeler?
6. Ýewropanyň Merkezi banklarynyň ulgamynyň esasy maksady näme we ol oňa ýetmek üçin haýsy meseleleri çözýär?
7. Ýewropanyň Merkezi banklarynyň ulgamynyň pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary nähili tapawutlanýar?
8. Ýewropanyň Merkezi banklarynyň ulgamynyň geljekdäki ösüşi nähili?
9. Ýewropanyň ykdysady integrasiýasyna ýewro nähili täsir edýär?

# II BAP
# Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen patyşalygynyň bank ulgamynyň ösüşi

## 2.1. Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen patyşalygynyň bank ulgamynyň ösüşi

Beýik Britaniýa Günbatar Ýewropada ýerleşmek bilen onuň doly ady Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen patyşalygy ýa-da gysgaça Birleşen patyşalyk diýlip atlandyrylýar. Ol Ýewropada iri, ýadro ýaragyna eýe döwlet bolmak bilen BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzasy, Britan imperiýasynyň mirasdüşeridir. Britaniýa dört sany taryhy döwletden ybaratdyr. Olara Angliýa, Şotlandiýa, Uels we Demirgazyk Irlandiýa degişlidir. Ülkeleriň hemmesi-de adalardan ybarat bolup, olaryň içinde iň irisi Angliýadyr. Şonuň üçin bu döwlete, köplenç, Angliýa hem diýilýär.

Döwlet gurluşy boýunça parlamentar monarhiýadyr. Angliýa dünýäde iň gadymy konstitusion monarhiýadyr. Häzirki monarhy

Ýelizaweta II bolup, ol iňlis buthanasynyň, ýaragly güýçleriň, kazyýet ulgamynyň, ozalky Britan imperiýasynyň düzümine giren häzirki wagtda «Britan Arkalaşygy» diýlip atlandyrylýan guramanyň we başga-da birnäçe ýurtlaryň we koloniýalaryň döwlet baştutanydyr. Hökümetiň başlygy premýer-ministr bolup, ol hökümeti düzýär we ýurdy dolandyrýar.

Ýurduň paýtagty London dünýäniň iri şäherleriniň we möhüm maliýe-ykdysady merkezleriniň biridir. Klimaty aram umman howasy bolup, ýylyň dowamynda ýagşyň örän köp ýagýanlygy bilen tapawutlanýar. Şonuň üçin oňa ümür-dumanly Angliýa diýilýär.

Birleşen patyşalyk ýokary derejede ösen industrial ýurt bolmak bilen jemi içerki önümiň möçberi boýunça dünýäde altynjy we Ýewropa ýurtlarynyň arasynda ikinji orny eýeleýär. Ýurduň JIÖ-si 2,147 trln dollar, adam başyna düşýän içki önüm bolsa 35 müň amerikan dollaryndan geçdi.

Ýurduň ilaty 61 milliondan geçip, dünýäniň 1% ilatyny düzýär. Hümmetsizlenme 2019-njy ýylda 2,4%-den geçmedi. Şol ýyl esasy maýa goýumyň mukdary ýurduň JIÖ-siniň 18,3%-ine deň boldy. 2018-nji ýylda Beýik Britaniýanyň ätiýaçlyk altyn walýutasy 47,04 mlrd amerikan dollary mukdaryndady.

Bu sanalan maliýe-ykdysady görkezijilere köpsanly guramaçylyk-ykdysady ýagdaýlar, şonuň bilen birlikde netijeli milli bank ulgamy sebäpli ýetildi.

Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen patyşalygynyň bank ulgamy dünýäde gadymy we has ösen ulgamlara degişlidir. Onuň oňat gurnalan we köpşahaly ösen maliýe gurluşy bolup, ol dünýäniň ösen maliýe merkezleri bilen gysga aragatnaşyklaryny ýola goýan, London sitidäki kuwwatly pul bazaryna daýanýar. Beýik Britaniýanyň bank statistikasy maliýe institutlaryny bank pudagy we maliýe işleri boýunça bank däl maliýe edaralary diýen iki topara bölýär *(2.1-nji şekil)*.

Britan bank ulgamynyň esasy bolup Angliýanyň banky çykyş edýär. Ol dünýäde köne merkezi bankdyr. Ol 1694-nji ýylda Angliýada tas çöken döwletiň we maliýeçileriň toparynyň arasyndaky geleşigiň netijesinde emele gelen bankdyr.

| Bank pudagy | Täjirçilik banklary<br>(şol sanda kliring banklar);<br>hasap öýleri;<br>söwda banklary;<br>daşary ýurt we konsorsial banklar |
|---|---|
| Bank däl maliýe edaralary | gurluşyk jemgyýetleri;<br>ätiýaçlandyryş kompaniýalary;<br>düýpli maýa goýum kompaniýalar (ýunit-trastlar);<br>pensiýa gaznalary;<br>karz bileleşikleri |

***2.1-nji şekil.*** **Beýik Britaniýanyň maliýe institutlary**

Kapitalizmiň çalt ösmegi netijesinde 1844-nji ýylda Angliýanyň banky kanun esasynda banknotlaryň emissiýasyna eýe boldy. Şeýlelik bilen, täze paýdarlar jemgyýetiniň giňden emele gelşi we ýurduň içindäkisi ýaly, daşynda-da söwdanyň güýçli tapgyrlar bilen ösüşi bolan ýagdaýynda, kapitalizmiň şu tapgyryndaky ösüşine pul dolanyşygynyň has ýokary durnuklylygyny üpjün edip biljek institut döredildi. Dolandyrylýan köne banknotlar ulanyşdan yzygiderli çykarylyp, Angliýanyň banky tarapyndan goýberilen täzeler bilen çalşyryldy.

1844-nji ýylyň kanuny banknotda görkezilen pul toplumynyň ululygyny kesgitledi. Şuňa baglylykda banknotlaryň has artykmaç emissiýasynyň öňi alynmalydy. Bu bolsa öz gezeginde hojalyk ulgamynyň pul toplumyndaky zerurlyklarynyň kadaly üpjün edilmegine ýardam bermelidi. Beýle ösüş banknotlaryň emissiýasynyň bankyň beýleki täjirçilik işlerinden (mysal üçin, ýer eýeçiligi görnüşindäki üpjünçilik esasynda karzlaryň berilmegi) aýrylmagyna getirdi, ol yzygiderli gysgaldy we häsiýeti boýunça has-da merkezi banka meňzäp ugrady.

1946-njy ýylda leýboristler tarapyndan bankyň millileşdirilmäge synanyşylmagy ony «köpçülikleýin korporasiýalaryň» hataryna getirdi. Onuň paýdarlar maýasy Gaznaçylyga geçirildi, öňki eýelerine bolsa paýnamalaryň nominal bahasyndan 4 esse ýokary döwlet

obligasiýalary görnüşinde öwez tölegi tölendi. Bank, şeýlelik bilen döwlet edarasynyň bir bölegine öwrülmedi, emma bankirlerden maglumat almaga we maslahat bermäge hukuklandyryldy. Gaznaçynyň rugsady bilen Angliýanyň banky maslahatyň ýa-da haýyşyň ýerine ýetirilişini üpjün etmek maksady bilen islendik banka şeýle görkezmeleri çykaryp bilýärdi. Ähli haýyşlarynyň ýerine ýetirilendigi üçin bank tä özüniň möhleti gutarýança (1976-njy ýyla çenli) özüniň bu hukugyndan peýdalanmady.

Bank maýasynyň jemlenmek derejesi boýunça Beýik Britaniýa hemişe dünýäde öňdäki ýerlerde durýardy. Iňlis täjirçilik banklarynyň arasynda köp ýylyň dowamynda öňdebaryjy orny Londonyň banklarynyň güýçli «uly bäşligi» bolan «Barkleýz Benk». «Lloýdz Benk», «Midlend Benk», «Neşnl Benk», «Westminster Benk» eýeleýärdi. 1968-nji ýylda «uly bäşligiň» içinde birikme bolup geçdi, ýagny iki soňky bank birikdi. Bu bolsa ýurduň bank ulgamynyň has-da kuwwatlanmagyna getirdi.

Halkara karzlaşdyrmagyň 20%-e golaýy Londonyň banklarynyň paýyna düşýär. Şeýle hem Beýik Britaniýada dünýäde iri ätiýaçlandyrma pudagy (dünýä bazarynyň 1/5 bölegi) ýerleşýär. London dünýäde iri walýuta bazarydyr, çünki Sitide walýuta amallarynyň 1/3 bölegi amala aşyrylýar. Londonyň üsti bilen ätiýaçlandyrma amallarynyň we gaýtadan ätiýaçlandyrylýan halkara amallarynyň iň uly möçberi geçýär. Bu ýerde metalyň, nebitiň we beýleki strategik harytlaryň ep-esli bölegine gözegçilik edilýär. Başga söz bilen aýdanyňda, Beýik Britaniýa dünýä ykdysadyýetinde häzirki wagtda hem öňdäki orny eýeleýär. Bu ýerde esasy zat Britaniýanyň maliýe maýasynyň hojalyk kuwwatynyň öňküsi ýaly onuň milli ykdysadyýetiniň mümkinçiliklerinden ýokary bolmagydyr.

## 2.2. Angliýanyň bankynyň maksady we ýerine ýetirýän wezipeleri

Beýleki döwletleriň merkezi banklary ýaly Angliýanyň banky hem häzirki wagtda çalşyp durýan şertlere uýgunlaşmak boýunça ondan täze tijenmekligi talap edýän maliýe we ykdysady üýtgemeleriň

merkezinde ýerleşýär. Bu bolsa olaryň wezipelerine, guramalaçygyna we tehnologiýasyna düýpli üýtgemeleriň girizilmeginiň, şeýle hem bankara korporasiýasyna we halkara hyzmatdaşlygyna täze çemeleşmäniň girizilmeginiň wajyplygyny ýüze çykarýar.

Angliýanyň bankynyň ýerine ýetirýän köpsanly wezipelerini aşakdaky iki topara bölmek bolýar:

1) bank derejesinden gelip çykýan (depozit-karz, hasaplaşyk we emission amallar) göni wezipe borçlar;

2) gözegçilik wezipeleri. Olaryň kömegi bilen döwlet ykdysady ýagdaýlaryň gidişine täsir etmek üçin pul-karz ulgamyna garyşmaga çalyşýar.

Bu ýagdaýda Angliýanyň banky, esasan hem, hukuk kadalaryna däl-de, däplere esaslanyp çykyş edýär. Karz-bank edaralarynyň işlerini tassyklaýan dürli görnüşli düzgünnamalar we ýagdaýlar edaralar bilen Angliýanyň bankynyň arasynda «jentelmen ylalaşyklar» tertibinde goýlan.

Döwlet, onuň merkezi banky we hususy banklar bilen aragatnaşyklaryň aýratynlygy Angliýanyň bankyny birbada Sitidäki «sag eli» ýaly we döwletde Sitiniň wekili hökmünde häsiýetlendirmäge mümkinçilik berýär. Angliýanyň bankynyň bu goşa wezipesi, döwlete has erkin pul-karz syýasatyny durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär, Sitiniň maliýe öňbaşçylaryna bolsa islendik hökümetde we ykdysady ýagdaýda olaryň bähbitleriniň goraljakdygyna ynam döredýär.

Angliýanyň bankynyň köp wezipeleri bar bolsa-da, olaryň ählijesi aşakdaky esasy üç maksada ýetmek üçin gönükdirilendir:

– döwlet bilen ylalaşylan bazardaky amallaryň kömegi bilen milli walýutanyň gymmatyny goldamaklyga, başga söz bilen aýdylanda, pul syýasatynyň amala aşyrylmagyna;

– banklara we Sitiniň maliýe bazarlaryna gatnaşyjylara göni gözegçilik etmek bilen maliýe ulgamynyň durnuklylygyny gazanmak, şeýle hem tölegleriň durnukly we netijeli ulgamyny üpjün etmek;

– ýurduň içinde maliýe ulgamynyň netijeliligini hem-de bäsleşlige ukyplylygyny üpjün etmek we ýokarlandyrmak, öňdebaryjy halkara maliýe merkez hökmünde London Sitiniň ornuny berkitmek.

Angliýanyň banky öz müşderilerine hyzmatlaryň birnäçe görnüşlerini hödürleýär. Emma Angliýanyň bankynyň müşderileri beýleki banklaryň müşderilerinden tapawutlanýarlar. Ol müşderileri aşakdaky üç sany has wajyp topara bölmek bolar.

1. Täjirçilik banklary. Ähli kliring banklaryň Angliýanyň bankynda hasaplary bar. Kliring amallarynda Angliýanyň bankyndaky kliring banklaryň hasaplary ulanylýar. Banklar öz hasaplarynda belli-bir mukdardaky puly saklamaga borçludyrlar we ony ýokarlandyrmaga haklary ýokdur. Beýik Britaniýada işlerini amala aşyrýan ähli banklar ähli depozitleriniň 0,35%-ini Angliýanyň bankynyň depozit hasabynda saklaýarlar. Bu ätiýaçlandyryş mukdary Angliýanyň bankynyň esasy girdejisini düzýär.

2. Beýleki ýurtlaryň merkezi banklarynyň Angliýanyň bankynda hasaplary bar, altynlaryny saklaýarlar we Angliýanyň bankynyň üsti bilen Londonda öz işlerini alyp barýarlar.

3. Angliýanyň bankynda hökümet öz hasaplaryny saklaýar, şeýlelik bilen býujete tölegler, salgytlar we durmuş zerurlyklara býujetden tölegler Angliýanyň bankynyň üsti bilen geçirilýär.

Angliýanyň bankynyň üç sany ilkinji wezipelerini belläp bolýar. Şeýlelik bilen Angliýanyň banky:

1) täjirçilik banklary;

2) beýleki merkezi banklar;

3) döwlet üçin  bank bolup hyzmat edýär.

Bulardan başga-da Angliýanyň bankynyň aşakdaky wezipeleri hem bardyr:

– monetar syýasaty alyp barmak (Angliýanyň banky syýasatyň usullary boýunça maslahat berýär we onuň ýerine ýetirilişine jogap berýär);
– pullaryň emissiýasy;

– walýuta amallarynyň we gözegçiligiň amala aşyrylmagy;
– gaznaçylygyň adyndan ýurduň altyn walýuta ätiýaçlyklary bilen dolandyrmak;
– karz edaralaryna, walýuta we karz bazarlaryna, umuman bank ulgamyna gözegçilik.

Maliýe ministrliginiň ýolbaşçylygynda işlese-de Angliýanyň banky hökümetden kanuny taýdan garaşly däldir. Şeýle-de Angliýanyň bankynyň dolandyryjysynyň wezipe möhleti hökümetiň çalyşmasyna bagly däl.

Angliýanyň bankynda ýolbaşçylyk dolandyryjydan, dolandyryjynyň orunbasaryndan we 16 sany direktordan ybaratdyr. Bu wezipeler saýlaw esasynda bellenilýär. Saýlawlar Angliýanyň bankynyň paýdarlarynyň ýygnaklarynda geçirilýär. Bankyň dolandyryjysy we onuň orunbasary bäş ýyl, direktorlar üç ýyl möhlete saýlanýarlar.

Esasy üç bölüme (departamente) sekretar, baş hasapçy we baş kassir ýolbaşçylyk edýär. Baş hasapçy bankyň hasaplaryny ýöredýär, onuň paýnamalarynyň we döwletiň gymmatly kagyzlarynyň goýberilişini hasaba alýar. Baş kassir *bankyň marjasyna* we Angliýanyň bankynyň banknotlarynyň çykarylyşyna gözegçilik edýär. Sekretar geňeşiň işini we geňeşiň ýygnaklaryny ugrukdyrýar, bankyň umumy hojalyk işine gözegçiligi amala aşyrýar.

Bu üç bölüm 1932-nji ýyla çenli hereket etdi, garaşsyz topar tarapyndan bankyň işini öwrenmek netijesinde ýene-de aşakdaky iki sany bölüm döredildi:

– beýleki döwletleriň merkezi banklary bilen aragatnaşyklar boýunça işlerini we Britaniýanyň koloniýalarynda bank işine gözegçiligi has giňişleýin amala aşyrýan daşary ýurt bölümi (departamenti);

– bankyň içindäki meseleler boýunça (desgalar, işgärler meseleleri, durmuş üpjünçiligi) sekretardan geçirilen wezipelere gözegçilik edýän hojalyk bölümi (departamenti).

1946-njy ýylda Angliýanyň banky millileşdirilip, paýdarlar maýasy Beýik Britaniýanyň Maliýe ministrligi tarapyndan satyn alynýar. Soňky ýyllarda dürli görnüşdäki içki düzüm üýtgemeleri we Angliýanyň bankynyň bölümleriniň (departamentleriniň) gaýtadan

gurluşy bolup geçýär. Olaryň ählisi banky dolandyrmagyň hilini ýokarlandyrmak üçin gönükdirilipdi. Bu ýerde esasy maksat ýurduň merkezi bankynyň derejesi bilen şertlenip, bank tarapyndan esasy wezipeleriň ýerine ýetirilişiniň hilini ýokarlandyrmak we ilkibilen hem ulgamyň pul-karz durnuklylygyny üpjün etmek boldy.

Häzirki wagtda Angliýanyň bankynyň düzümi aşakdakylardan ybaratdyr:

- hasap bölümi (departamenti) paýdarlaryň hasabyny we bellige alynmagyny alyp barýar, bankyň paýnamalarynyň goýberilmegini guraýar;
- administrasiýa bölümi (departamenti) bankyň içerki hasabyny alyp barýar;
- ýyllyk hasabatlary düzýär, arhiw işini alyp barýar, bankyň gazanjynyň alnyp barlyşynyň usullaryny guraýar we işleýär;
- audit bölümi (departamenti) bankyň içerki bölümleriniň auditini alyp barýar;
- kassa bölümi (departamenti) banknotlary goýbermek, altyn walýuta ätiýaçlyklaryny hasaba almak we saklamak, walýuta gözegçiligi, döwlet zaýomlary we ş.m. boýunça wezipeleri amala aşyrýar;
- ştatlaryň bölümleri (departamentleri) Angliýanyň banky üçin hünärmenleri tapmak bilen meşgullanýar;
- walýuta ätiýaçlygynyň bölümi (departamenti) walýuta bazarlaryndaky üýtgemeleri seljerýär, walýuta gözegçiligi gurşawyndaky we walýuta kadalaşdyrmasyndaky kanunçylygyň berjaý edilmegine gözegçilik edýär;
- ykdysady maglumatlar bölümi (departamenti) içerki we daşarky maliýe soraglary boýunça, umumy ykdysady dolandyrmagyň soraglary boýunça maslahat berýär; pul we maliýe bazarlarynyň ýagdaýlaryna Angliýanyň bankynyň täsiriniň netijeliligine baha berýär; statistiki maglumatlary taýýarlaýar we her çärýekde býulleten çykarýar;

– sekretariat Angliýanyň bankynyň direktorlarynyň geňeşiniň beýannamasyny alyp barýar, dolandyryjynyň kararlaryny taýýarlaýar we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär we ş.m.;
– daşary ýurt bölümi (departamenti) beýleki ýurtlaryň merkezi banklary;
– Halkara pul gaznasy we beýleki halkara maliýe guramalary bilen özara gatnaşyk wezipelerini ýerine ýetirýär.

Bankyň Beýik Britaniýanyň çäginde 12 agentligi bolup, olar Beýik Britaniýanyň Maliýe ministrligine garaşlydyr.

Sagdyn ykdysadyýetiň esasy bolan netijeli we durnukly pul hem-de maliýe ulgamyny goldamak maksady bilen Angliýanyň banky aşakdaky üç sany wezipäni ýerine ýetirýär:

1) walýutanyň durnuklylygyny we gymmatyny goldamak. Bu durnukly ösüşiň we meşgullygyň has giň ykdysady wezipelerini çözmek üçin döwlet tarapyndan bellenen maksatlaýyn gönükdirijiniň çäginde, bahalaryň durnuklylygyny goldamagy öz içine alýar;
2) içerki we halkara maliýe ulgamynyň durnuklylygyny goldamak;
3) Britan maliýe hyzmatlarynyň iň ýokary netijeliligini gazanmak.

Bu meseleleleri Angliýanyň banky aşakdaky usullar bilen çözýär.

Bank dürli ululykdaky firmalalara maýadarlaryň deňlik goraglylygyny üpjün edýän şertlerinde we London sitiniň hem-de beýleki Britan maliýe merkezleriniň halkara bäsleşlikde orunlaryny berkidýän, maýasyna gatnaşmaga mümkinçilik berýän maliýe ulgamyny döredýär. Bu maksatlara ýetmegiň usullary bazarlaryň ýerleşmeginiň ekspertizasyndan; diňe bir bazar güýçleriniň ýeterlik bolmadyk ýagdaýlarynda başyny başlaýjy hökmünde toplumlaýyn hereketleriň täsirinden; maliýe infrastrukturasynyň ösüşini goldamakdan; döwletiň maslahatlaryndan; beýleki ýurtlaryň maliýe hökümetleri bilen

aragatnaşyklaryň üsti bilen britan bähbitleriniň goldanmagyndan we goranmagyndan ybaratdyr.

Ýurduň altyn we walýuta ätiýaçlyklaryny ulanyp Angliýanyň banky walýuta paritetine täsir edip bilýär. Angliýanyň banky Gaznaçylygyň adyndan ätiýaçlyklar bilen dolandyryp bilýär. Altyn-walýuta ätiýaçlyklar **walýuta deňlendiriji** hasap (Exchange Egualisation Account) diýlip atandyrylýan ýörite hasapda saklanýar. Ol sterlingiň «daşky gymmatynda» garaşylmadyk yranmalary ýüze çykarmak maksady bilen 1930-njy ýylda döredildi. Walýuta interwensiýasy ýaly atlandyrylýan ýagdaý, hümmetiň aşak gaçmagyny saklamak üçin Angliýanyň banky tarapyndan daşary ýurt walýutasynyň hasabyna funt sterlingi satyn almakdan ýa-da hümmetiň ösüşini saklamak üçin olary satmakdan ybaratdyr. Bu amallar elbetde funt sterlingiň bazardaky hümmetini has anyk kesgitläp bilmeýär, şonuň üçin resmi interwensiýadan başga-da usullaryň dürli görnüşleri ulanylýar.

Häzirki monetar syýasatyň wajyp gurallarynyň biri bolup, merkezi bankyň täjirçilik banklaryň we beýleki karz institutlaryň hökmany (minimal) ätiýaçlyklaryna talaplaryň üýtgemegine esaslanan ätiýaçlyk **syýasaty** çykyş edýär. Pul-karz gözegçiliginiň ähli esasy gurallary ilkibilen karz edaralarynyň merkezi bankdaky ätiýaçlyk hasaplaryndaky galyndylaryň ululygyny kadalaşdyrmaklyga ýa-da şol hasaplaryň üstüni dolmaklygyň şertlerine gönükdirilendir.

Ýokary derejede ösen iki derejeli bank ulgamynyň emele gelmegi bilen, täjirçilik banklarynyň merkezi bankyň hasaplarynda ýerleşdiren kassa ätiýaçlyklary goýumlar boýunça bergileri ýapmak üçin kepil gaznasy bolup çykyş etmegini bes etdi. Bank amallarynyň amala aşyrylyşynyň guralyşynyň we tehnikasynyň gowulandyrylmagy, şeýle hem depozitleriň ätiýaçlandyryş ulgamynyň döredilmegi bu ýerde wajyp orunlaryň birini eýeledi. Käbir ykdysatçylaryň bellemegine görä, häzirki banklara 2%-den ýokary bolmadyk öz pul serişdeleriniň nagt bolmagy ýeterlikdir.

Häzirki wagtda iň az ätiýaçlyklaryň aşakdaky iki wezipesi bar:

1) olar täjirçilik banklarynyň elýeterliliginiň hemişeki derejesini üpjün etmelidirler;

2) olar täjirçilik banklarynyň tölege we karza ukyplylygyny kadalaşdyrmak üçin merkezi bankyň guraly bolup çykyş edýärler.

Angliýanyň bankynyň esasy wezipesi ýurduň döwlet bergisini dolandyrmakdyr. Britan döwleti kada bolşy ýaly, salgyt görnüşinde alanyndan, has köp harajat edýär. Döwlet bilen bazaryň arasyndaky serişdeleriň gündelik akymlary Angliýanyň bankyndaky Milli karz gaznasynyň (National Loans Fund, NLF) hasabynda hereketleri bilen görkezilýär. Gysga möhletli gytçylyk ýagdaýynda NLF Angliýanyň bankyndan serişdeleri alyp, gytçylygy ýapyp bilýär, artykmaç serişdeleri bolsa oňa ýerleşdirýär.

Şeýle göni maliýeleşdirmek diňe gysga möhletli bolýar we Gaznaçylygyň adyndan hereket edýän Angliýanyň bankynyň orny serişdeleri çekmekden ybaratdyr. Bank döwletiň täze bergisine we berginiň häzirki möçberine gözegçilik edýär. Döwlet zaýomlarynyň üç sany esasy görnüşi bolup, olar gazna wekselleri, döwletiň gazna kagyzlary (ýokary ynamly gymmatly kagyzlar ýaly belli bolan) we walýuta bazaryndaky zaýomlardyr.

Angliýanyň banky Angliýada we Uelsde (Gaznaçylygyň adyndan şaýlyklar patyşalygyň zikgehanasy (Roýal Mint) tarapyndan goýberilýär, olaryň goýberilişi Angliýanyň bankynyň elinde däldir) ýeke-täk emission institutdyr. Banknotlary goýbermekden gelýän girdeji döwlete geçirilýär.

Angliýanyň banky banknotlary 300 ýyldan bäri goýberýär. Emissiýa uly zähmet harajatlary we az bolmadyk serişdeleri talap edýär. Banknotlaryň dizaýny we olaryň goýberilişi Esseksdäki bank çaphana fabriginiň wezipesine degişlidir. Bank diňe bir pullary zikgelemän, eýsem, bütin ýurt boýunça öz bölümleriniň üsti bilen (Bristoldaky, Birmingemdäki Lidsedäki, Mançesterdäki we Nýukasledäki) täjirçilik banklary üpjün edýär, dolanyşykdan köne pullary çykarýar. Bäş funt sterling bolan pullaryň dolanyşygynyň ortaça möhleti 1 ýyl, 50 funt sterling pulunyňky – üç-dört ýyl.

Dürli ýurtlarda karz-maliýe edaralaryna gözegçilik işiniň guralyşynyň formasy we ulgamyň gurluşy tapawutlanýar. Gözegçilik işi diňe merkezi banka degişli bolan ýurt Beýik Britaniýadyr.

Angliýanyň banky gözegçilik wezipelerini aşakdaky ýol bilen alyp barýar:

*a)* edaranyň bank hyzmatlarynyň bazaryna çykyşyny kadalaşdyrmak. Bankyň döredilmegi bank kanunçylygy bilen kadalaşdyrylýar. Mysal üçin, ilkibaşdaky maýanyň iň az mukdary banklar üçin 5 mln f.st. we beýleki karz institutlary üçin 1 mln f.st.-den az bolmaly däl.

*b)* banklar üçin ykdysady kadalaryň we işleriniň kadalarynyň bellenmegi we olaryň ýerine ýetirilişine resminamalaýyn gözegçiliginiň amala aşyrylyşy;

*ç)* ýerlerde inspektor barlagynyň geçirilmegi (Angliýada bu borç daşky auditorlara ýüklenilýär);

*d)* karz edaralaryna ýüze çykan kemçilikleri aradan aýyrmak boýunça talaplaryň bildirilmegi, şeýle hem bu talaplaryň banklar tarapyndan berk bellenilen möhletlerde ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

*e)* zerur bolan ýagdaýynda karz edaralarynyň işine gatnaşmak.

Şeýlelik bilen Angliýanyň banky Birleşen patyşalygynyň bank ulgamynyň birinji, ýagny ýokary derejesi bolup çykyş edýär.

## 2.3. Beýik Britaniýanyň täjirçilik banklary we maliýe kompaniýalary

Britaniýanyň bank ugamynyň ikinji derejesi bolup täjirçilik banklar we maliýe kompaniýalary çykyş edýärler. Britaniýanyň täjirçilik banklarynyň ulgamy gaty differensirlenen. Onda ýörite banklaryň ýörelgesi hereket edýär. Şeýlelikde iki *ösüşi* (tendensiýany) görüp bolýar. Ol, bir tarapdan, ýöriteleşdirilen banklaryň pul islegleriniň we teklipleriniň üýtgemegine uýgunlaşmagyny, beýleki tarapdan, iri täjirçilk banklarynyň we süýşürintgi kassalarynyň ýurduň daşyndaky amallarynyň giňeldilmegine meýliniň bolmagyny aňladýar *(2.2-nji şekil)*.

Britan banklaryny toparlamak aňsat däldir. Angliýanyň banky Angliýada hereket edýän täjirçilik banklary depozit banklaryna (bölekleýin, retail banks) ýa-da «esasy köçäniň banklaryna (high street




***2.2-nji şekil.*** **Beýik Britaniýanyň Birleşen patyşalygynyň we Demirgazyk Irlandiýanyň bank ulgamynyň gurluşy**

banks)», hasap öýlerine, aksept öýlerine, daşary ýurt banklaryna bölünýär.

Angliýanyň wajyp depozit banklaryna ***kliring banklar*** degişlidir. Bular kliring borçlary bolan iri paýdarlar banklarydyr. Kliring banklaryna «uly altylyk», ýagny «HSBC», «Roýal Bank of Scotland», «Barclaus», «HBOS», «Lloyds» we «Standart Chartered» ýolbaşçylyk edýär. Bulara «Uulýams end Claýns» we «Kauts» banklaryny hem goşmak bolýar. Häzirki wagtda olaryň Angliýada we Uelsde 12 müňden gowrak bölümleri ýerleşýär. «Uly altylyk» birinji 100 transmilli banklaryň we 500 transmilli korporasiýalaryň (TMK) arasynda öňdebaryjy orunlary eýeleýärler.

Şotlandiýada we Demirgazyk Irlandiýada iri iňlis banklaryna şahamçalary açmak gadagandyr. Şonuň üçin olar Şotlandiýada we Demirgazyk Irlandiýada täjirçilik banklarynyň syýasatyna tasir etmäge mümkinçilik almak üçin, ýerli depozit banklarynyň işine işjeň gatnaşýarlar. Bu alty banka (olaryň golçur kompaniýalaryny hem goşmak bilen) depozit banklaryň amallarynyň 90%-e çenli möçberi we Beýik Britaniýanyň sterling goýumlarynyň ýarysy gelýär.

Bank ygtyýarnamasyny alan has ähmiýetli karz gurama bolup depozit banklar (Londonyň we Şotlandiýanyň kliring banklary, Demirgazyk Irlandiýanyň banklary), söwda, daşary ýurt, süýşürintgi banklar, hasaba alyş öýler) çykyş edýärler.

Kliring banklarynyň esasy amallary goýumlary kabul etmek we karz bermekdir. Kliring banklar iri, orta we ownuk senagat kärhanalarynyň, şeýle hem ilatyň töleglerini amala aşyrýarlar. Bu banklaryň arasynda töleg aýlanyşygy kliring ylalaşyklarynyň çäginde bolup geçýär. Bu bolsa özara talaplaryň we  galyndynyň (saldonyň) geçirilmegini aňladýar. Bu banklaryň arasynda ýurt boýunça çekler arkaly ýylda 1 mlrd funt sterling aýlanyşygy hasaba alynýar. Kliring banklarda köp ugurlyklara meýil güýçli ýüze çykýar we olar has köp bank däl hyzmatlary amala aşyrýarlar. Hyzmatlar aýrybaşga gurluşygy, senagatyň maliýe amallaryna hyzmat etmegi, eksporty taýýarlamagy we maliýeleşdirmegi, zähmet hakyny hasaplamak üçin kärhanalara kärendesine kompýuterleri bermegi we ş.m. özüne birikdirýär. Kliring banklar üçin durmuşy ätiýaçlandyrmak we syýahatçylygy guramakda araçyl bolmak täze hyzmat bolup çykyş edýär. Bularyň ählisi olar üçin bank amallary umumy işiniň bölegi ýaly bolup çykyş edýän kliring banklaryny maliýe birleşdirijisi (konglomerat) ýaly häsiýetlendirmäge mümkinçilik berýär.

Maliýe bazarlarynyň liberallaşmagy we kommunikasiýa hem-de kompýuter tehnologiýalaryndaky ösüş hödürlenýän hyzmatlary hemişe giňeltmek üçin amatly mümkinçilikleri döretdi. Şeýle hem bank hyzmatlarynyň ulgamyndaky ýokary bäsdeşlik banklary beýleki maliýe institutlar bilen birikmäge iterdi. Şeýle ýagdaýyň anyk mysaly bolup dünýäde 4-nji ýeri eýeleýän Beýik Britaniýada iri bank maliýe birleşmesiniň – «Hong Kong and Shanghai Banking Corporation Holdings» (HSBC) döredilmegi çykyş etdi. Bu birleşmä halkara, esasanam, Aziýa döwletleri tarapyndan döredilen maýa goýumlar we iki sany Britan banky (Samuel Mantau we Midland Bank) girdi.

Toparyň gyzyklanmalarynyň gurşawy – Aziýa, Gonkong, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, ABŞ, Kanada we Beýik Britaniýadyr. Onda ýöriteleşdirilen birleşmeler we gaznalar, hususan-da, «Hong Kong Bank Group» yň düzümindäki «Wardly Group» we «Midland Group» yň düzümindäki «Montagu Private Equity» çykyş edýär.

Topar tarapyndan hödürlenýän hyzmatlaryň görnüşleri çäklendirilmedik bolup, olara bölekleýin we korporatiw hyzmat; söwda hyzmat etmek boýunça hasaplaşyk amallary; ýeke-täk we maýa

goýum bank serwisi; maýa goýum bazaryndaky hyzmatlar; sarp ediş we täjirçilik maliýeleşdirilmegi (bellibir möhlete satyn almaklygy maliýeleşdirmek); pension we maýa goýum gazna bilen dolandyrmak; ynanç haty boýunça hususyýetçiligiň dürli görnüşlerine gözegçilik; ätiýaçlandyrmak; howpsuzlyk we goranmak boýunça hyzmatlar degişlidir.

Depozit banklara ilkibilen sarp ediş karzlaryny berýän ýörite banklar bolan ***maliýe öýleri*** degişlidir. Olaryň aktiw amallarynyň 2/3 bölegini möhletleýin berilýän sarp ediş karzlar düzýär, öz gezeginde bu karzlaryň 60%-den gowragyny satyn alynýan ulaglaryň maliýeleşdirmegi tutýar. Sarp ediş karzy bermekligi resmileşdirmek üçin müşderi kesgitlenen nusgadaky resminamany doldurýar. Onda görkezilen maglumatlary seljerenden soň bank karzy bermek mümkinçiligi boýunça çözgüdi kabul edýär. Karz berilmänkä karzyň ululygy we ony üzmekligiň möhletleri kesgitlenilýär. Hususy taraplara karzy üzmekligi ätiýäçlandyrmak mümkinçiligi berilýär. Banklaryň karzlarynyň, wekselleri hasaba almaklygyň, şeýle hem iri senagat we söwda kompaniýalarynyň goýumlaryny çekmekligiň hasabyna maliýe öýleri pullary alýarlar.

Angliýada banklaryň indiki görnüşi bolup ***hasap öýler*** çykyş edýär. Häzirki wagtda Londonda bilelikde şäheriň bazaryny emele getirýän sekize golaý hasap öýleri we aýratyn kiçi ýöriteleşdirilen firmalar-maklerler (running brokers, money brokers) hereket edýärler.

Hasap öýleri agzalary CL Alexanders Discount Plc; Cater Allen Ltd; Clive Discount Co. Ltd; Gerrald and National Ltd; King and Shaxson Ltd; Quin Cope Limited; Seccombe Marshall and Campion Plc; Union Discount Company Ltd bolan London bileleşiginiň hasap bazaryna (London Discount Market Association, LDMA) birikdirilendirler.

*Hasap öýler* Londonyň bazarynyň maliýe institutynyň aýratyn görnüşidir. Olar talap boýunça (bellenilen seneden öň ýa-da onuň çäginde ylalaşylan karzyň derejesine stawka boýunça) kepillendirilen depozitleriň üsti bilen banklar üçin likwidli gaznalaryň amatly ýerleşmegini üpjün edýärler. Bu gaznalar gysga möhletli gazna obligasiýalaryny (T-bills), täjirçilik wekselleri (commercial bils) we

birinji klasly gazna kagyzlary (gift-edged) öz içine almak bilen, dürli aktiwleri satyn almak üçin ulanylýar. Ondan başga-da hasap öýleri wekselleri ýerleşdirmegiň we satyn almagyň bazary bolup çykyş edýärler.

*Hasap öýleri* döwletiň gysga möhletli gymmatly kagyzlaryny (paýnamalary), şeýle hem ýerli hökümetiň paýnamalaryny we obligasiýalaryny satmak boýunça aktiw agentlerdir.

***Aksept öýleri*** (Britaniýanyň söwda banklary) aksepte we wekselleriň kepillendirmegine ýöriteleşýärler, şeýle hem weksel dolanyşygynyň häsiýetinden gelip çykýan galan wezipeleri ýerine ýetirýärler. Olar banklaryň zaýomlaryň we gymmatly kagyzlaryň goýberilmegi we ýerleşdirilmegi; ynam esasynda gymmatly kagyzlaryň bukjasy bilen dolandyrmak; özara gaznalaryň guralmagy we dolandyrylmagy ýaly beýleki hyzmatlarynam hödürleýärler. Şeýle banklar taryhy taýdan daşary söwda amallary bilen meşgullanýan söwda öýlerinden emele geldiler we olar Beýik Britaniýanyň maliýe bazarynda ýeterlik iş tejribesi bolany üçin uly abraýa eýedir. Olar hususylaşdyrmak meselesi boýunça döwlete, hususy firmalara maliýe soraglar we ş.m. boýunça maslahat berýärler.

***Diskont öýlere*** uly bolmadyk möçberdäki kliring söwda banklary degişlidir. Hyzmatlarynyň görnüşleri, iş usullary we dolandyrmagy iri banklardaky ýaly bolsa-da, olar has pes derejededir. Diskont öýler talap boýunça kepillendirilen depozitleriň ýoly bilen banklar üçin likwidli gaznalaryň amatly ýerleşmegini üpjün edýärler. Bu gaznalar dürli aktiwleri, şonuň bilen birlikde gysga wagtlaýyn gazna degişli obligasiýalary, täjirçilik wekselleri we birinji derejeli gazna kagyzlaryny satyn almak üçin peýdalanylýar.Diskont öýler Angliýanyň banky we beýleki bank ulgamynyň arasynda araçy hökmünde hereket edýärler. Olaryň üsti bilen Angliýanyň banky bank ulgamyna maliýe serişdelerini geçirýär we olary alýar. Kompaniýalar üçin diskont öýleriň esasy wezipesi wekselleri gaýtadan hasaba almak (diskontlamak) bilen zaýom bermek, şeýle hem gysga möhletli bukjaly düýpli goýumlaryň dürli görnüşlerini hödürlemekdir. Olar döwletiň gysga möhletli gymmatly kagyzlarynyň we ýerli häkimlikleriň obligasiýalarynyň satylmagyny üpjün edýärler.

Ähli iri banklar, gurluşyk jemgyýetleri, maliýe kompaniýalar diýen ýaly, ol ýa-da beýleki holding kompaniýalarynyň düzümine girýärler.

Angliýada ýene-de bir bank topary bolup, olara **konsorsial banklar** diýilýär. Olar bolmanda iki ýurduň baklarynyň gatnaşmagyndaky, ýöne hiç birinde-de agdyklyk ediji paketi bolmadyk institutlardyr. Bu institutlar Ýewropa bazarynyň güýçlenmegi bilen has hem ösüp başladylar. Esasan hem, bu köp milletli karz alyjylaryň ýöriteleşen banklary, olara ilkibilen transmilli we multimilli senagat konsernler degişlidir. Olar öňdebaryjy günorta ýurtlarynyň banklarynyň paý gatnaşygy esasynda emele gelendigi sebäpli, Ýewrobazarda iri serişdeleri has uly möhlete ýerleşdirmäge ýagdaýlary bar, bu bolsa günorta dünýäsiniň hiç bir bankynyň görnüşine başartmaýar. Konsorsial banklarynyň ýüze çykmagy häzirki dünýä ykdysadyýetiniň şertlerinde maýanyň internasionallaşma ýagdaýyny has hem açyk görkezýär. Iri konsorsial banklaryna Britan, Kanada we Awstraliýa hyzmatdaşly «Modlend end internasional bank ltd», Britan, Amerikan we Ýapon hyzmatdaşly «Western American bank torope Ltd», ABŞ-dan, Ýaponiýadan we Beýik Britaniýadan hyzmatdaşlary bolan «Industrial c kommercial bank» degişlidirler.

## 2.4. Angliýada daşary ýurt banklary

Balans aktiwleriniň ululygy boýunça gönüden-göni Angliýanyň bank ulgamyna girmeseler-de, özara aktiw işleşýän **daşary ýurt banklary** Angliýada iri bank toparlaryna degişlidirler. Beýik Britaniýanyň bank pudagynda 415 sany bank, şonuň bilen birlikde 102 sany bank-rezident, Ýewropa Bileleşigine girýän ýurtlaryň 106 sany banky, ABŞ-nyň 61 banky, Ýaponiýanyň 17 banky, beýleki ýurtlaryň, şonuň bilen birlikde ösüp barýan ýurtlaryň 129 banky hereket edýär.

Ýokardaky sanlardan görnüşi ýaly Beýik Britaniýada hereket edýän Amerikan banklary daşary ýurt banklarynyň iň iri topary bolup, ondan soňky orunlary Ýapon, Ýewropa Bileleşigine girýän ýurtlaryň banklary eýeleýär. Aýry-aýry topary bank bileleşikleri (konsorsiumlar) düzýär. Olaryň maýasy dürli ýurtlaryň banklaryna degişlidir. Daşary

ýurt banklary Ýewropa bazaryndaky amallarda ýöriteleşýärler, daşary ýurt we transmilli kompaniýalary karzlaşdyrýarlar, daşary söwdany maliýeleşdirýärler. Ondan başga-da olar daşary ýurt maýa goýumynyň meselelleri we dürli halkara amallar geçirilende ýüze çykýan beýleki soraglar hem-de işdeşleri saýlamak boýunça kompaniýa maslahat berýärler, olara ykdysady we maliýe maglumatlary hödürleýärler. 1986-njy ýyldan başlap Beýik Britaniýada ýeke-täk paýdarlar ynamly-süýşürintgi bank (Trasti seýwings bank) hereket edýär. Ol XIX asyrda dörän ynamly-süýşürintgi banklary süýşürintgi kassalar hökmünde birleşdirdi.

XIX asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyrynda bu edaralaryň arassa bank amallary, ilkibilen hem karz bermek amallary giňeýär. 1976-njy ýylda kanun kabul edilýär, oňa laýyklykda ynamly-süýşürintgili banklara korporasiýalar ýaly, şeýle hem ýeke-täk karz alyjylara karz bermek rugsat edilýär. Ynamly-süýşürintgi bank täjirçilik banklarynyň hemme esasy amallaryny ýerine ýetirýär.

Beýik Britaniýada birnäçe maliýe we ýöriteleşen karz-maliýe institutlary hereket edýär. Olaryň arasynda:

– ýygnalan serişdelerini we uzak möhletli aktiwlerini 20–25 ýyl möhlete (esasan hem, paýnamalara we beýleki gymmatly kagyzlara) gönükdirýän ätiýaçlyk kompaniýalar we pensiýa gaznalary hereket edýär. Olaryň ýöriteleşen hünärine – ätiýaçlyk işine we pensiýa üpjünçiligine garanyňda maliýe-karz işi ikinji bolup çykyş edýär;

– diňe gymmatly kagyzlaryň amallary bilen meşgullanýan maýa goýum trastlar bar. Hususy paýnamalarynyň we obligasiýalarynyň emissiýasynyň ýoly bilen olar maýany çekip, beýleki kompaniýalaryň gymmatly kagyzlaryna goýýarlar;

– ynamly paý gaznalary bar, olar ýörtelişişi (ugry) boýunça maýa goýum trastlaryna meňzeş; olar serişde ýygnap, ony gymmatly kagyzlara gönükdirýärler;

– karz maýanyň ýönekeý çeşmelerine goýberilmeýän, hususy firmalary karzlaşdyrmaga ýöriteleşen maliýe korporasiýalar hereket edýär. Olaryň irisi – senagatyň maliýe korporasiýasy, oba hojalyk, ipoteka korporasiýa we ş.m.

Londonyň maliýe merkez ýaly halkara ähmiýeti ilkibilen Britan banklarynyň daşary ýurtdaky ýagdaýlary we Sitidäki daşary ýurt banklarynyň barlygy bilen kesgitlenýär. Britaniýanyň daşary ýurt banklary – bu ştab kwartiralary Londonda, şahamçalary, esasanam, Britaniýanyň öňki koloniýalarynda ýerleşýän edaralardyr. Ol banklara *arkalaşyk banklary* diýilýär. Olara daşary ýurtda 1650-ä golaý şahamçasy bolan «Barklaýz merkant bank» ýolbaşçylyk edýär. «Standart Çartedyň» ygtyýarynda 1400-den gowrak şahamçasy bar. Deňeşdirme üçin aýtsak, amerikan «Sitibenkyň» daşary ýurtda 33 şahamçasy bar.

Häzirki wagtda Beýik Britaniýanyň wajyp ugry karz institutlarynyň aýry-aýry görnüşleriniň arasyndaky tapawutlyklary aýyrmak bolup durýar.

Hasaplaşyk we beýleki hyzmatlaryň gurşawynda gurluşyk jemgyýetler we ynamly-süýşürintgi bank aktiw kliring banklar bilen bäsleşýär, iri banklar bolsa ipoteka bazarynda berkemäge çalyşýarlar. Käbir daşary ýurt banklary (Sitibenk) Angliýanyň içerki bazarynda ornaşyp, bölümleriniň torlaryny, käbir senagat monopoliýalary bolsa hususy maliýe edaralaryny döretdiler.

Maliýe institutlarynyň gurplaşmagy we olaryň köpugurly bolmagy sazlaýjy edaralaryň öňünde çylşyrymly meseleleri goýýar. Sebäbi olara, bir tarapdan, ähli banklaryň we maliýe bazaryna gatnaşyjylaryň adaty bäsdeşlige ukyply deňligi, ikinji tarapdan, maliýe ulgamyna uly howp döredýän araçyllyk we töwekgelçilikli amallaryna gözegçilik gerek.

## 2.5. Şotlandiýanyň bank ulgamy

Eger birleşdirme baradaky kanun 10 ýyl gijikdirilmedik bolsady, onda Angliýanyň bankyna derek Angliýanyň we Şotlandiýanyň birleşdirilen banky hereket ederdi. Emma Şotlandiýada bank ulgamynyň ösüşi garaşsyz ýagdaýda bolup geçdi. Ilkibada ol ýerde banklara rugsat berme şertnamasyny ulanmak tejribesi ulanyldy. Şotlandiýanyň banky 1695-nji ýylda Şotlandiýanyň söwdagärleriniň topary tarapyndan, Angliýanyň bankynyň döredilmeginden bir ýyl soňra

döredildi. Ol 21 ýylyň dowamynda Şotlandiýanyň parlamentiniň meýilnamasyna laýyklykda berlen ýeke-täk hukuklara eýe boldy.

Şotlandiýanyň banky ilki başdan bölümleri döretmek boýunça synaglara başlady, ondan başga-da dolanyşyga gymmaty bary-ýogy 1 funt bolan banknotlary goýberdi. 1716-njy ýylda onuň ýeke-täk hukuklarynyň hereketiniň möhleti tamamlanandan soň, bank berk, ýöne bäsdeşlige garşy ukypsyz göreşdi. Netijede 1727-nji ýylda ikinji çarter Şotlandiýanyň korollyk bankyna berildi.

Aýratyn ýeňillikli hukuklar  almak bilen banklar hasaba alnanda olar çäklendirilen jogapkärçilige eýe bolýardy. Emma paýdarlar bankynyň bergileriniň çäksiz jogapkärçiliklerini öz üstüne almaga taýýar bolan ýagdaýlarynda Şotlandiýada paýdarlar kompaniýalary tarapyndan bank işini amala aşyrmak üçin hiç hili çäklendirme bolmandan soň, tiz wagtda ýurtda çarteri bolmadyk paýdarlar banklary ýüze çykyp ugradylar.

Şondan soň diňe soňky çarter 1746-njy ýylda Britaniýanyň Lýon kompaniýasyna berildi. Galan banklar adaty kanunlara laýyklykda döredildi. Hyzmatlaryň sanyna hiç hili çäklendirmeler ýokdy. Bank işiniň ösüşiniň başlangyç tapgyrynda kän bolmadyk düzgün bozmalardan soň, telekeçilik iri we maliýe taýdan güýçli paýdarlar kompaniýalarynyň eline geçdi. 1772-nji ýylda «Air Bank»-iň bolup geçen çökgünliginden soň banknotlarynyň artykmaç emissiýasynyň netijesinde ilatyň ownuk banklara bolan ynamy gaçdy, şondan soň olaryň ýerine paýdarlar, şeýle hem ep-esli maýasy bolan hususy banklar geldi.

Şotlandiýanyň bank ulgamy ilkibaşdan ony beýleki ýurtlardaky ulgamlardan tapawutlandyrýan ýöriteleşdirilen aýratynlyklar bilen tapawutlanýardy. Ol banklaryň arasyndaky ýiti bäsleşige gatnaşmak bilen, banknotlaryň özara yzygiderli üzmeginiň tejribesiniň berk ýerine ýetirilmegini gazandy. Banknotlary hepdede iki gezek çalyşmaklyk geçirilýärdi we şol wagtda balanslar jemlenýärdi. Bölümler ulgamy ilkibaşdan ornaşdyryldy we beýleki ýurtlar bilen deňeşdireniňde depozit telekeçiliginiň we karz gurallarynyň ösüşi has ýokary boldy.

1826-njy ýylda üç sany aýratyn ýeňillikli hukuklary bolan (24 bölümli) bankdan başga-da, Şotlandiýada 22 paýdarlar banky we 11 sany (97 bölümli) hususy banklar hereket edýärdi. Ol wagt Angliýada ýaňy paýdarlar bankyny döretmek barada kanun kabul edilipdi, şeýle hem Angliýanyň banky bir bölüm hem döretmändi. Şol wagtda Şotlandiýanyň bank telekeçiliginiň taryhynda diňe bir amatsyz ýagdaý döräp, ol «Air Bank»-yň çökgünligi we ilatyň şonuň bilen bilelikdäki ýitgileridi.

Şotlandiýadaky ösen kuwwatly bank ulgamy özlerindäki bank çökgünliginden ruhdan düşen angliýalylarda uly täsir döredipdir. Beýle ýagdaý bu yklymdaky erkin bank telekeçilerinde has hem uly täsir galdyrypdyr. Şotlandiýa bir funtluk banknotlara gadaganlyk girizilmeginden sowlup geçmek başartsa-da, ol 1845-nji ýylda Piliň kanunyny goldanmaga mejbur boldy. Kanun şotland banklaryna onuň kabul edilmeginden öň banknotlaryň emissiýasyna monopoliýany beripdi. Olaryň her biriniň findusiar emissiýasy öň ýanyndaky ýylyň ortaça derejesi bilen çäklenýärdi, emma iňlis banklaryndan tapawutlylykda şotland banklarynyň goşmaça banknotlary doly altyn bilen üpjün edip bilen ýagdaýlarynda bellenen çäkden hem ýokary banknotlaryň goýberilmegine hukuklary bardy. Ondan başga-da iki bank birigen ýagdaýynda, olaryň aýrybaşga emissiýasyna deň bolan findusiar emissiýanyň möçberinde özlerinde hukugy alyp galýardylar.

Piliň kanunyna laýyklykda bellenilen gözegçilik ýene-de ençeme ýyllap müşderiler tarapyndan ýaramaz kabul edildi. 1864-nji ýylda bank aktiwliginiň peselmegi netijesinde şotland banklarynyň emissiýasy azaldy diýip Şotlandiýadan arza gelip başlady, şol wagtda bolsa Angliýanyň bankynyň banknotlarynyň emele gelen boşlugy doldurmaga ýagdaýlary bolmady, sebäbi olar 5 funt sterlingden pes bolmadyk nominal bilen goýberilýärdiler. Şotlandiýada soňky 30 ýylyň dowamynda bu ýurduň taryhynda 100 ýyl şondan öň bolup geçen «Air Bank»-yň batmaklygy bilen deňeşdirip bolýan iki sany ýaramaz bank weýrançylyklary bolup geçdi. Bular 1857-nji ýyldaky «Western Bank» we 1878-nji ýyldaky «Glazko Bank» weýrançylyklarydy.

Häzirki wagtda Şotlandiýanyň banky (Bank of Scotland) Şotlandiýanyň merkezi banky hökmünde hereket edýär, sebäbi oňa britan funt sterlinginiň gymmatyna deňleşdirilen we Birleşen patyşalygyň çäginde erkin dolandyrylýan, Şotlandiýanyň funt sterlinginiň emissiýasynyň hukugy berlen. Beýleki ýurtlarda Şotlandiýanyň banknotlarynyň alyş-çalşygynda mesele ýüze çykmagy mümkin.

Beýik Britaniýa Ýewropa Bileleşiginiň Walýuta ulgamynyň agzasy bolmandygy we ýewrozolaga girmändigi üçin Angliýanyň banky, Şotlandiýanyň banky ýaly Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamyna girmän özbaşdak karz-pul syýasatyny amala aşyrmagy dowam etdirdi we 2020-nji ýylyň 31-nji ýanwaryndan resmi ýagdaýda ÝB-niň düzüminden çykdy.

## Esasy düşünjeler

**Angliýanyň banky** 1694-nji ýylda Angliýada döredilen dünýäniň iň gadymky merkezi banky bolmak bilen oňa kanuny taýdan funt sterlingiň banknotlarynyň ýekemenlik emissiýasyna hukuk berlen. Angliýanyň bankynyň işiniň esasy maksatlary bolup: *a)* milli walýutanyň gymmatyny goldamak; *b)* maliýe ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmek; *ç)* ýurduň içindäki maliýe ulgamyň netijeliligini, bäsleşige ukyplylygyny üpjün etmek we ýokarlandyrmak hem-de öňdebaryjy halkara maliýe merkez hökmünde London Sitiniň ornuny berkitmek çykyş edýär. Angliýanyň bankynyň ştab-kwartirasy Londonda ýerleşýär.

**Beýk Britaniýanyň täjirçilik banklary** Britan bank ulgamynyň ikinji derejesini düzýärler we Angliýanyň banky tarapyndan depozit banklar, hasap öýleri we aksept öýleri diýen üç topara bölünýär.

**Beýik Britaniýanyň iri banklarynyň «uly altylygyna»** bazar maýalaşmagynyň köp milliardly pudaklary bolan HSBÇ (202,1 mlrd dol.), Royal Bank of Scotland (122,5 mlrd dol.); Barclays (92,4 mlrd dol.); HBOS (77,1 mlrd dol.); Lloyds (61,9 mlrd dol.) we Standard – Chartered (39,7 mlrd dol.) girýär.

**Şotlandiýanyň banky** Angliýanyň bankyndan bary-ýogy bir ýyl soň, ýagny 1695-nji ýylda döredilen dünýäniň iň köne banklarynyň

biridir. Şotlandiýanyň bankyna gymmaty boýunça britan funtuna deňleşdirilen we Birleşen patyşalygyň çäginde erkin hereket edýän şotland funt sterlingi emissiýa etmäge hukuk berlen. Şotlandiýanyň bankynyň baş kärhanalary iri Edinburg we Glazgo şäherlerinde ýerleşýärler.

**Funt sterling** – britan bank ulgamynyň pul birligi. Ol merkezleşdirilen döwlet döremezden öň IX–X asyrlarda ulanylyp başlanýar. Funt sterlingiň ady onuň ilkibaşdaky agramynyň mazmunyny alamatlandyryp, bir funt kümüşden 240 pens zikgeläpdirler. Onuň «sterling» diýip atlandyrylýan ikinji ady hem bar. 20 pens bir şilinge deň bolup, degişlilikde bir funt 12 şilinge barabardyr.

## Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen patyşalygynyň ykdysadyýetiniň häzirki ýagdaýy nähili üstünlikler bilen häsiýetlendirilýär?
2. Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen patyşalygynyň bank ulgamy köp asyrlyk ösüşiniň dowamynda haýsy tapgyrlary geçdi?
3. Angliýanyň banky haçan döredildi, onuň maksatlary we esasy wezipeleri näme?
4. Angliýanyň bankynyň müşderileriniň nähili üç sany wajyp topary bar?
5. Angliýanyň bankynyň nähili düzümi we dolandyryş ulgamy bar?
6. Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen patyşalygynyň bank ulgamynyň häzirki zaman düzümi nähili?
7. Angliýanyň banky ýurtlardaky hereket edýän täjirçilik banklaryny nähili üç topara bölýär?
8. Dünýä bank ulgamynda iri Britan banklarynyň wajyp ornuny nähili anyk maglumatlar bilen delillendirip bolýar?

# III BAP
# Germaniýanyň bank ulgamy

Germaniýanyň täsirli we kuwwatly ykysadyýeti 2018-nji ýyldaky ýagdaýa görä 3,833 trln dollar möçberindäki JIÖ-si bilen dünýäde ABŞ-dan, Hytaýdan, Ýaponiýadan we Hindistandan soň 5-nji orny eýeleýär. XXI asyryň ilkinji bäş ýylynyň dowamynda ýewrozolaga giren döwletleriň arasynda JIÖ boýunça iň pes derejede bolup, diňe 2018-nji ýylda ol san 2,6%-e ýetdi. Şol ýyl ilatyň jan başyna düşýän JIÖ-si 34,4 müň dollara ýetdi. Ýurtda işsizlik ýiti duýlup, ony 2018-nji ýylda 9,1% azaltmak başartdy. 2% hümmetsizlenme kanagatlanarly ýagdaýdyr. Soňky ýyllar hökümete döwlet býujetini sazlamak başartdy.

Germaniýa halkara söwdasyna işjeň gatnaşýar. Onuň eksporty 1,761 trln dollardan geçdi, importy bolsa 1,621 trln dollara ýetdi. 2018-nji ýylda Germaniýanyň 311,6 mlrd dollarlyk altyn ätiýaçlygy bardy, emma ýurduň daşarky bergisi 4,489 trln dollardy. Çekilen daşary ýurt maýa goýumlary 697,4 mlrd dollara ýetdi.

Germanýanyň bu makroykdysady görkezijileri ýurduň köpsanly durmuş-ykdysady we maliýe-ykdysady ýagdaýlarynyň kömegi bilen ygtybarly ykdysadyýetiniň bardygyna şaýatlyk edýär.

Gowy ösen infrastrukturanyň, zähmete bolan netijeli motiwasiýaly hünärli işçi güýjüniň netijesinde german ykdysadyýeti gülläp ösýär, maýa goýumlarynyň uly mukdaryny çekýär. GFR-iň ykdysady ulgamynda birnäçe aýratyn sypatlary tapawutlandyrmak bolar.

**Birinjiden,** ol sosial balansyň we bazar erkinliginiň utgaşmagy bilen häsiýetlendirilýän «sosial bazar ykdysadyýeti» diýlip atlandyrylýan ýörelge boýunça guraldy. Munuň özi şahsy üstünliklere laýyklykda girdeji bilen peýdany gaýtadan paýlamak bilen birhatarda bazarda teklibiň ösüşini we differensiýasyny nazarda tutýar (diýmek, işçiler synpynyň ýokary motiwasiýasyny).Bu nusga ep-esli bazar güýçleriniň erkin hereketini nazara alýar, ýöne esasy üns durmuş üpjünçiligine berilýär. Sosial bazar ykdysadyýetiniň konsepsiýasy ilkinji gezek GFR-i uruşdan soňky dikeltmek maksady bilen 1947–

–1949-njy ýyllarda Lýudwig Erhard we Alfred Mýuller-Armak tarapyndan işlenip taýýarlanyldy we durmuşa geçirildi.

Bu ykdysady ulgamyň esasy häsiýetnamalary şeýledir: ilaty iş bilen doly üpjün etmek; sosial howpsuzlyk, sosial adalatlylyk we sosial ösüş (sosial kömek, sosial pensiýalary we deňeşdirilýän tölegleri, subsidiýalary, dotasiýalary, girdeji salgydynyň progressiw şkalalaryny we ş.m. durmuş üpjünçiliginiň ulgamynyň, pensiýa, lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy, işsizlik boýunça we seretmek boýunça, betbagçylykly ýagdaýdan ätiýaçlandyrmak ulgamy arkaly; zähmet we sosial kanunçylyk arkaly) görnüşde gaýtadan paýlamak boýunça döwlet tarapyndan çäreleri geçirmek arkaly; önümçilik serişdelerine hususy eýeçilik we erkin nyrh emele getirmek; bäsleşik üçin şertleri döretmek we bäsleşigi üpjün etmek (mysal üçin, antimonopoliýa kanunçylygy, bikanun bäsleşigiň garşysyna kanunlar arkaly); ykdysady ösüşiň konýukturasyny pugtalandyrmagyň aňly-düşünjeli durnukly walýuta syýasaty (şol sanda garaşsyz emissiýa banky arkaly); daşary söwdanyň erkinligi, erkin walýuta alyş-çalşygy.

Şeýlelik bilen, sosial bazar hojalygynyň nusgasy ykdysady ösüş bilen baýlygy deňölçegli paýlamagyň ylalaşygydyr. Döwletiň telekeçilik işi ulgamyň merkezinde  goýuldy, ol jemgyýetde sosial şertleriň  nähili-de bolsa deňölçegli paýlanylmagyny üpjün edýär. Kärdeşler arkalaşyklary bilen iş berijileriň arasynda sosial hyzmatdaşlyk ýeterlik durnukly sosial parahatçylygy üpjün edýär. Sosial ätiýaçlandyryş ulgamlaryndaky reformalar we zähmet bazaryndaky gurluş reformalary işçi güýjüne ugurdaş çykdajylary azaltmaga we heniz Ýewropa Bileleşiginiň beýleki ýurtlary bilen deňeşdirilende has pes ykdysady ösüşi höweslendirmäge gönükdirildi.

Ýöne soňky wagtda Germaniýa sosial bazar hojalygyny ýöretmegiň öz nusgasyny durmuşa geçirmegiň netijesinde bellibir kynçylyklary başdan geçirýär. Sosial kepillikleriň ýokary derejesi nemes kompaniýalarynyň sap girdejisiniň 40%-iniň zähmet hakyna, sosial gaznalara serişde geçirmelere gitmegine getirdi. Arassa iş hakynyň 100 ýewrosyndan ortaça iş berijileriň sosial gaznalaryna serişde geçirmelerine 81 ýewro düşýär. Işsizlik boýunça kömek pullarynyň derejesi örän uludyr, munuň özi nemesleriň bir böleginiň

eklençde bolmagyna ýardam edýär. Sosial kömek pullaryny degişli derejede saklamak üçin ilat we kompaniýa üçin kuwwatly fiskal syýasaty ulanylýar. Ýurtda salgyt salmagyň derejesi 1990-njy ýylyň ahyrynda görlüp-eşidilmedik möçberlere ýetdi. Mysal üçin, eger ABŞ-da salgytlar üçin paýlanylmadyk girdejiniň 32%-e golaýy geçirilen bolsa, Beýik Britaniýada – 45%, Germaniýada bu görkeziji – 65%-e ýetdi. Şu günki güne paýlanylmadyk girdeji üçin salgydyň derejesi GFR-de 50%-dir.

Ilatyň garramagynyň ýokary derejesi hem pensionerleriň sosial üpjünçiligine uly çykdajylary şertlendirýär. Işsizler üçin kömek pullarynyň ýokary derejesi, köplenç, jemgyýetde eklençde bolmak keýpini döredýär, diýmek işsizligiň gyşarnyksyz ýokary göterimini höweslendirýär (dürli baha bermeler boýunça 7,8–8,5%).

**Ikinjiden,** Germaniýany ösdürmegiň ykdysady ýolunyň aýratynlygy ýurduň ykdysadyýetinde banklaryň uly ornuny häsiýetlendirýän, «reýn kapitalizmi» diýlip atlandyrylýan bolup durýar. Banklar Germaniýada uly paýdarlar senagat kompaniýalary we hyzmatlar çygryndaky kompaniýalardyr, şoňa görä-de täjirçilik çözgütlerini kabul etmegiň barşyna banklaryň işjeň gatnaşmagy tötänden däldir. Şeýlelik bilen, Germaniýanyň ykdysadyýetindäki banklaryň orunlary olaryň täjirçilige hakyky täsirini hasaba almak bilen dünýäniň beýleki ýurtlaryna garanda has güýçli bolup durýar.

**Üçünjiden,** Germaniýanyň ykdysadyýeti üçin industrializasiýanyň ýokary derejesi häsiýetlidir. Dünýäniň köp ösen ýurtlary bilen deňeşdirilende bu ýerde JIÖ-niň önümçiliginde örän uly paýy senagatdünýä ykdysadyýetinde GFR-iň ýöriteleşmesiniň esasy ugry düzýär.

**Dördünjiden**, taryhy taýdan şertlendirilen sebäpleriň esasynda ýurduň çäklerinde deňölçegsiz ykdysady ösüş göze ilýär. Germaniýanyň integrasiýasy we gündogar ykdysadyýetiniň döwrebaplaşdyrylmagy wagty we uly maliýe harajatlaryny talap edýän mesele bolup galýar. Federal hökümetiň her ýylky goýumlary bu ýerde 200 mlrd dollara golaýdyr.

Germaniýanyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklaryndan biri-de senagatdyr, onuň JIÖ-däki paýy 29%-i, jemlenen eksportda bolsa – 87%-i düzýär, şeýle-de ol daşary söwdada öňdebaryjylaryň biri

bolup durýar. Şeýle hem oba hojalygy, energetika ösdürilýär, soňky wagtda ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynyň ähmiýeti üýtgedi. Hyzmatlaryň ähli çygyrlary ep-esli ýokarlandy, ol bu gün GFR-iň senagat pudagyndan ozdy. Germaniýada öndürilen maglumat we biotehnologiýalary, şeýle hem energiýanyň täzelenýän çeşmelerini peýdalanmak boýunça tehnologiýalar we ekologik taýdan arassa tehnologiýalar dünýäde esasy ugurlary eýeleýär.

## 3.1. Germaniýanyň bank ulgamynyň ösüşi

«Deutsche Bundes bank» nemes federal banky uruşdan önki Germaniýanyň merkezi banky bolan Reýhsbankynyň mirasdüşeridir. 1937-nji ýylda kabul edilen karz ulgamy hakyndaky kanun Reýhsbanka karz ulgamyna degişli uly hukuk berdi. 1948-nji ýylda bu bankyň esasynda «Nemes ýerleriniň banky» döredildi. «Nemes federal banky hakyndaky» kanuna laýyklykda bu bank döwlete garaşsyz bankdyr. 1957-nji ýylyň 4-nji iýulynda Germaniýanyň Federatiw Respublikasynda täze emission banky döretmek hakyndaky kanun Bundestag tarapyndan kabul edilip, şol ýylyň 1-nji awgustyndan güýje girdi. Nemes federal banky merkezi banklaryň öňki hereket edip gelýän ulgamyny çalyşdy, ol özüne nemes ýerleriniň bankyny, ýerleriň dokuz sany merkezi banklaryny we Merkezi Berlin banky birleşdirdi. Olaryň hemmesiniň birikmegi netijesinde ýeke-täk merkezi bank bolan «Deutsche Bundesbank» emele geldi.

Nemes bank ulgamy ýüzlerçe bankdan ybarat bolup, olaryň arasynda ady dünýä belli banklar bilen birlikde köpsanly orta we ownuk banklar hem bardyr. Şonuň bilen birlikde, eger Ýewropa banklary düzgün boýunça ýöriteleşdirilen bolsa, Germaniýanyň banklary köpugurlydyr. Iş ýüzünde Germaniýanyň islendik banky hasap-hesibinden başlap, gymmatly kagyzlara, gurluşyk üçin karzlara we dürli ätiýaçlyklara degişli hyzmatlary ýerine ýetirip bilýär. Bu banklaryň arasyndaky esasy tapawut olaryň bahasynda we hyzmatyndadyr.

Germaniýanyň kuwwatly bäş bankyna ýurduň bank ulgamynyň ähli aktiwleriniň 20%-e golaýy degişlidir. Germaniýanyň hersi 100 müň adama hyzmat edýän 60 banky bardyr.

Germaniýanyň bank ulgamy üç ugur boýunça ösýär. Hususy bank pudagy az bolup, ol bazaryň az mukdaryna eýedir. Ol özüne «Deutsçhe Bank HVM», «Group Dresdner Bank, «Commerzbank» hem-de ýurduň içinde-de, daşynda-da meşhur «Postbank» atly kuwwatly dört banky birikdirýär.

Bazaryň esasy uly bölegi «Sparkassen» atly amanat banka degişli bolup, ol hem öz gezeginde ýerli banklara bölünýär. Şeýle hem sebitlere degişli 11 sany kuwwatly «Landesbank» bardyr. Häkimiýet hem bank bölümleri bolan iri poçta edaralaryna eýedir. Üçünji ugur hususyýetçileriň 30% depozitine eýe bolan 1400 kooperatiw banka degişlidir.

Bäsleşigiň şeýle ösen bazarynda ýurtda hususy eýeçiligi ösdürmek kyndyr. Bank maýa goýum işi arkaly uly peýda gazanan «Deutsche Bank» hususy banky uly üstünlikler gazandy. Banklarda kynçylyklar döwlet kepilligine eýe bolan döwlet banklary bilen bäsleşikde ýüze çykýar. Kooperatiw banklar üçin peýda görmek dereje bolmany üçin, olar bilen hem bäsleşmek kyndyr. Şonuň bilen birlikde karzyň göterim derejesi Germaniýada Ýewropa boýunça iň pes derejededir.

Emma Germaniýada hereket edýän üç derejesi – hususy, döwlet we kooperatiw bank ulgamy onuň ösmegini we jebisleşmegini çäklendirýär. Goşulyşma banklaryň arasynda däl-de, diňe olaryň aýry-aýry bölekleriniň arasynda ýüze çykýar. Şonuň bilen birlikde döwlet we kooperatiw pudakdaky banklaryň sany hemişe azalýar.

Bankyň düzümi üç derejeden ybarat bolup, onuň birinji derejesini Frankfurt-na-Maýnde ýerleşen direktorat (esasy edara) düzýär. Ikinji derejesini Nemes federal banky döredilenden soň, onuň esasy dolandyryjylaryna öwrülen, ýerleriň merkezi banklary düzýär. Emma nemes ýerleriniň merkezi banklarynyň atlaryny olar saklap galdylar. Üçünji derejesini iri ilatly ýerlerdäki federal bankyň şahamçalary (esasy bölümler we bölümler) düzýärler.

1999-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap ýewronyň nagt däl görnüşine geçilenden soň nemes markasy özbaşdak walýuta bolup çykyş etmegini bes etdi we dolanyşykda tabyn bolan pul birlik hökmünde çykyş edip başlady. Şaýlyklar we banknotlar 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli kanuny töleg serişdesi bolup galdylar. Şol

pursatdan başlap nemes markalary çykdajysyz hiç bir çäklendirmesiz we Bundesbankyň bölümlerinde goşmaça çykdajylarsyz ýewro çalyşmak üçin kabul edilýärdiler. Söwda kärhanalarynyň we karz edaralarynyň köpüsi öz üstlerine meýletin borçnamalary alyp, nagt ýewro girizilendenem soň könelen töleg serişdelerini 2002-nji ýylyň 28-nji fewralyna çenli kabul etdiler.

**Germaniýada banknotlaryň emissiýasyny Nemes federal banky («Deutsch Bundesbank») amala aşyrýar.**

Häzirki wagtda Germaniýada bäş sany zikgehana hereket edýär, olaryň her biriniň harp görnüşinde bellenmesi bar: A-Berlin, D-Mýunhen, F-Ştutgart, G-Karlsrue, J-Gamburg.

Germaniýa dünýäde Hytaýdan we ABŞ-dan soň iň uly altyn ätiýaçlyklaryna (3396 tonna) eýedir. Olaryň bazar bahasy häzir 174 mlrd ýewro deňdir. Emma diňe 31%-ine Frankfurt-na-Maýnde ýerleşýän Nemes federal banky (Bundesbank) eýedir. Esasy bölegi bolsa ýurduň daşynda bolup, amerikan (45%), britan (13%) we fransuz (11%) merkezi banklarynyň pul gaznalarynda saklanýar.

Emma golaý geljekde ýurduň altyn ätiýaçlyklarynyň ýerleşmeginiň ulgamyny deňagramly ýagdaýa getirmek göz öňünde tutulýar. Hususan-da, golaý üç ýylyň içinde Nýu-Ýorkdan Germaniýa 50 *t* altyn getirilip, soňra olar has häzirki döwür guýmalara guýulmalydyr.

## 3.2. Germaniýanyň bank ulgamynyň gurluşy

Germaniýanyň bank ulgamy dünýäde iň bir durnukly we guramaçylykly bank ulgamydyr. Germaniýanyň banklarynyň ygtybarlylygy köpugurly banklaryň bellibir ugry, şeýle hem köpsanly sebitara banklaryň bolmagy bilen utgaşýar. Bu banklaryň işi sebitleriň kärhanalary we guramalary, şol sanda kiçi telekeçilik bilen alnyp barylýan işlere esaslanýar. Hususy täjirçilik banklar senagatda işläp, öňküleri ýaly peýdany gazanmagy maksat edinýärler. Kooperatiw banklaryň maksady öz agzalaryna hyzmat etmek, şeýle hem jemgyýetçilik-hukuk karz edaralaryna arzan bank hyzmatlaryny hödürlemek bolup durýar. Banklaryň arasyndaky bazarda müşderileri özüňe çekmekde ýüze çykýan gazaply bäsdeşligiň

bolmagy netijesinde aýry-aýry banklaryň arasyndaky tapawudy saýgarmak kyn bolýar.

Germaniýanyň karz ulgamy düzümi boýunça bank ulgamyny we ýöriteleşdirilen karz-maliýe institutlaryny öz içine alýar.

Germaniýanyň bank ulgamy iki derejeli bolup, birinji derejede Nemes federal banky (ýurduň merkezi banky), ikinji derejede täjirçilik banklar ýerleşýär, olar bolsa öz gezeginde köpugurly we ýöriteleşdirilen banklara bölünýärler. Ondan başga-da hukuk formalaryna baglylykda olar hususy we jemgyýetçilik-hukuk karz edaralaryna (süýşürintgi kassalara) bölünýärler.

2018-nji ýylyň ahyrlarynda Germaniýada 2121 bank hereket edýärdi, bu bolsa bäş ýyl mundan öňküsi bilen deňeşdireniňde 105 bank azdyr. Germaniýanyň ykdysadyýetiniň bank pudagynyň düzümi *hususy, döwlet we kooperatiw* diýen üç pudakdan ybaratdyr. Olardan *hususy banklara* dört sany transmilli banklar, 42 maýa goýum banklary, 176 sebitara we beýleki banklar degişlidir. Hususy bank pudagy az bolansoň bazaryň az bölegini tutýar. Ol özüne «Deutsche Bank HVM», «Group Dresdner Bank» (Alianz iri ätiýaçlyk toparyna degişli), «Commerzbank» we «Postbank» diýen dört sany iri banky birikdirýär. *Döwlet pudagyna* 431 süýşürintgi bank, 10 ýerli bank we gaýry institutlar girýär. Bazaryň iri bölegi «Sparkassen» süýşürintgi banklara degişlidir *Kooperatiw pudak* 1144 karz bileleşiklerinden we iki sany kooperatiw merkezi banklaryndan ybaratdyr. Germaniýada daşary ýurt banklarynyň 167 bölümi, şol sanda 60 maýa goýum banklar hasaba alnypdyr. 2012-nji ýylda GFR-de 39441 sany bankyň bölümleri hereket edýärdiler.

Şeýle bäsleşikli bazarda hususy pudaklara ýurtda telekeçiligi ýöretmek kyn bolýar. Uly üstünliklere «Deutsche Bank» hususy banky eýe boldy, ol peýdasynyň uly bölegini bank maýa goýum işiniň hasabyna alýar. Kooperatiw banklar üçinem peýda almak esasy maksady bolmansoň olar bilen hem bäsleşmek kyn.

Germaniýanyň bank ulgamy aşakdaky üç topara bölünýär:

1) Nemes Federal banky – Deutsche Bundesbank;

2) köpugurly banklar, şol sanda grossbanklar, senagat banklar, täjirçilik banklar, hususy banklar;

3) ýöriteleşdirilen banklar – bular ýöriteleşdirilen döwlet banklary; süýşürintgi kassalary; kooperatiw banklary; ipoteka banklary, karz şereketleridir.

GFR-iň bank ulgamy 3,4 müň täjirçilk karz-maliýe institutlaryndan we Merkezi bankdan ybaratdyr. Karz edaralaryny köpugurly we ýöriteleşdirilen banklara, şeýle hem hukuk formasyna laýyklykda hususy, jemgyýetçilik-hukuk we kooperatiw edaralara bölmek bolar. Hususy banklar öz öňlerinde girdeji gazanmagy maksat edinýärler, şolbir wagtda köpsanly kooperatiw banklar öz agzalaryny sylaglaýarlar. Jemgyýetçilik-hukuk karz edaralary ýurduň içinde we daşynda köpsanly şahamçalaryny döredýärler. Jemgyýetçilik-hukuk karz edaralary özlerine amanat kassalar we ýer banklaryny birikdirýärler.

Häzirki wagtda Germaniýada 500-den gowrak amanat kassalar bolup, olaryň 20 müňe golaý şahamçalary bardyr. Olaryň ählisi diýen ýaly ýerli edaralardyr. Şonuň üçin olar şäherleriň goýumlarynyň eýeleri we goragçylarydyrlar. Olaryň esasy wezipesi olaryň çäginde ýaşaýan ilata ýygymlaryny goramak üçin hyzmatlary teklip etmek we ýerli ýygymlaryň hasabyna ilatyň karz isleglerini kanagatlandyrmakdyr.

Federal ýerleriň merkezi banklaryny maliýeleşdirmäge gatnaşýan region bileleşiginiň amanat kassalar bileleşigi öz agzalaryna hukuk maslahatlaryny bermek bilen birlikde hasap merkezleri bolup hem çykyş edýärler. Federal ýerleriň merkezi banklary hasap banklary diýlip atlandyrylýar. Karz- depozit wezipelerinden başga-da, olar öňi bilen degişli federal ýerlere hyzmat edýärler we häkimiýetiň öňlerinde goýan wezipelerini ýerine ýetirýärler. GFR-iň bank ulgamyna 1957-nji ýylyň 26-njy iýunynda kabul edilen karar bilen döredilen merkezi bank (Deutsche Bundesbank) ýolbaşçylyk edýär.

## 3.3. Bundesbank – bank ulgamynyň gurluşynyň birinji derejesi

Bundesbank – Nemes federal banky Germaniýanyň bank ulgamynyň gurluşynyň birinji derejesidir. Ol ýurduň ýeke-täk pul-karz syýasatyny durmuşa geçirýär. Oňa köpugurly we ýöriteleşdirilen

banklar hökmünde bank ulgamynyň ikinji derejesi degişlidir. Bundesbankyň merkezi bank hökmünde esasy wezipesi walýutanyň durnuklylygyny saklamak, pul aýlanyşygyny we karzy sazlamakdyr. Ýewronyň dolanyşyga girizilmegi bilen walýutanyň durnuklylygyny saklamak kynlaşdy. Indi Bundesbank bu meseläni Ýewropanyň Merkezi banky we ýewrozolaga girýän beýleki döwletleriň merkezi banklary bilen bilelikde çözýär.

Bundesbank 1999-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan pul-karz ulgamynda özüniň hukuklaryny Ýewropanyň Merkezi bankyna berdi. Şol günden bäri ýewrozolaga girýän beýleki döwletler ýaly pul-karz we walýuta syýasatyna degişli çözgütleri kabul etmek hukugyna eýe bolan Ýewropanyň Merkezi bankynyň görkezmelerine we direksiýalaryna tabyndyr.

Bundesbankyň wezipesi Ýewropanyň Merkezi bankynyň çözgütlerini Germaniýada ýerine ýetirmekdir. Ykdysady walýuta ulgamyna goşulandan soň Germaniýada üç derejeli bank ulgamy emele geldi (*3.1-nji şekil).*




***3.1-nji şekil.*** **Germaniýanyň bank ulgamynyň gurluşy**

Nemes Federal banky walýutanyň durnuklylygyny üpjün etmek boýunça esasy wezipäni ýerine ýetirýär we merkezi bankyň emission banky, banklaryň banky, döwletiň banky we walýuta ätiýaçlyklarynyň dolandyryjysy ýaly wezipeleri ýerine ýetirýär. Federal bank banknotlary dolanyşyga goýbermäge we dolanyşykdan çykarmaga hukuklydyr. Karz işine gözegçilik edýän edara hökmünde ol karz edaralaryna gözegçilik etmekligiň birnäçe wezipelerini ýerine ýetirýär.

Federal bank karz edaralary gaýtadan maýalaşdyrmak ylalaşyklarynyň çäginde hasap göteriminiň derejesini belleýär, göterim derejesini we lombard karzlaryň göterim derejesini, şeýle hem diskont syýasatyny kesgitleýär.

Federal banky bellibir wekselleri, gysga we orta möhletli gazna borçnamalary, şeýle hem biržada resmi söwda goýberilen bergi borçnamalary (açyk bazar syýasaty) satyn almaga we satmaga haklydyr.

Karz edaralarynyň Nemes federal bankynda saklamaly hökmany ätiýaçlyklary merkezi bankyň pul-karz syýasatynyň wajyp guralydyr. Federal bank talap edilýänçä goýumlar boýunça 30%-den ýokary bolmadyk ululykda, möhletli borçnamalar boýunça 20%-den ýokary bolmadyk we süýşürintgi boýunça 10 %-den ýokary bolmadyk derejeleri (stawkalary) belläp bilýär. Daşary ýurt institutlarynyň öňündäki borçnamalara görä bank göterim derejesini 100 %-e çenli belläp bilýär.

Federal bank her ýyl indiki 12 aý üçin puluň möçberini köpeltmek baradaky maksatlaýyn meýilnamany çap edýär. Puluň möçberini köpeltmeklige önümçilik kuwwatynyň artmagy, bahalaryň ýokarlanmagy we puluň aýlanyşygynyň tizliginiň çaltlanmagy esas bolup hyzmat edýär.

Federal bank nemes ykdysadyýetini sazlaýjy, ýagny ösüşi we hümmetsizlenmä gözegçilik ediji hökmünde çykyş edýär.

Bank edarasy hökmünde Federal bank Germaniýanyň «öý bankynyň» – çäkli ýeriň wezipesini ýerine ýetirýär. 1994-nji ýyldan ÝB-ä girýän ýurtlarda ykdysadyýetiň we walýuta bileleşiginiň ikinji basgançagynyň başlanmagy bilen emission banklara döwlet pudagyna karz bermeklik gadagan edildi. Şeýlelik bilen bileleşige girýän ýurtlarda býujet tertip-düzgüni ýola goýuldy we şolbir wagtda bolsa hümmetsizlenmäniň öňi alyndy.



7. Sargyt №2512

Federal bankynyň dolandyryjy edaralaryna Merkezi banklaryň geňeşi, direktorlaryň we ýerleriň merkezi banklarynyň dolandyryjy geňeşi girýär.

Federal bankynyň ýokary edarasy – merkezi banklaryň geňeşi bankyň pul we karz syýasatyny kesgitleýär. Ol banklaryň iş ýöretmegi we diwanyň dolandyryjylygy üçin umumy görkezmeleri çap edýär, kanunyň çäklerinde direktorlar geňeşiniň, şeýle hem ýerleriň merkezi banklarynyň müdirlikleriniň hukuklaryny çäklendirýär, aýratyn ýagdaýlarda olara göni tabşyryk hem berip bilýär. Onuň düzümine Federal bankyň prezidenti we wise-prezidenti, direktorlar geňeşiniň agzalary hem-de ýerleriň merkezi banklarynyň prezidentleri girýär. Maslahata Federal bankyň prezidenti, onuň ýok wagty wise-prezident ýolbaşçylyk edýär. Kanun ýurduň ähli ykdysady meselelerine Merkezi bankyň ýokary edarasyna gatnaşmaga hukuk berýär. Bu edara sesleriň ýönekeý köplügi bilen karar kabul edýändigi üçin merkezi banklaryň geňeşiniň çözgüdi diňe merkeziň däl, ýurduň ähli etraplarynyň bähbidini hem göz öňünde tutýar.

Direktorlaryň geňeşi – Federal bankyň ýerine ýetiriji merkezi edarasy bolmak bilen, ol merkezi banklaryň geňeşiniň çözgütleriniň ýerine ýetirilişine jogap berýär. Ol ýerleriň merkezi banklarynyň müdirligine degişli soraglardan beýleki banklaryň iş we administratiw dolandyryş baradaky wezipeleri ýerine ýetirýär. Direktorlaryň geňeşiniň ygtyýarlyklaryna, hususan-da, aşakdakylar degişlidir:

– federasiýa we onuň ýörite gaznalary bilen amallar;
– federal ähmiýetli wezipeleri ýerine ýetirýän karz institutlary bilen amallar;
– walýuta amallary we daşary ýurtdaky amallar;
– açyk bazardaky ylalaşyklar.

Direktorlar geňeşiniň düzümine direktor girýär. Ol bank işi ulgamynda meşhur hünärmen bolmalydyr. Direktorlar geňeşiniň agzalary merkezi banklaryň geňeşine dalaşgärler hödürlenenden soň Federal hökümet tarapyndan hödürlenilýär we GFR-iň prezidenti tarapyndan 8 ýyl möhlete saýlanylýar. Özüniň ýa-da merkezi banklaryň geňeşiniň teklibi bolmasa olary bu wezipeden yzyna çagyrmak bolmaýar.

Ýewropanyň birnäçe beýleki ýurtlaryndaky ýaly Germaniýada hem karz işine gözegçilik ýörite döwlet edarasy we merkezi bank tarapyndan alnyp barylýar. Karz işi hakyndaky kanuna laýyklykda karz edaralaryny dolandyrmak boýunça wezipe munuň üçin 1961-nji ýylda Berlinde döredilen karz işine gözegçilik baradaky Federal edaranyň üstüne ýüklenendir. Karz işi hakyndaky kanun öňi bilen barlagyň we gözegçiligiň görnüşi, alnyp barylýan işiň kommersiýa bölegi, hususy maýa we ony ýok etmegiň ýollary baradadyr.

Goýumlary (depozitlere) kabul etjek bolýan karz edarasynyň 5 mln ýewro barabarlykda öz iň az hususy maýasy bolmaly. Beýleki karz edaralarynyň iň az maýasyny karz işine gözegçilik edýän kärhana belleýär.

Germaniýa Federatiw Respublikasynyň çäginde bank işini amala aşyrmak üçin Ýewropa Bileleşigine agza döwletleriň daşary ýurt bank bölümlerine ygtyýarnama hökman däldir, emma banky bellige alan döwlet tarapyndan olara gözegçilik edilýär. Beýleki döwletleriň daşary ýurt banklarynyň bölümleriniň işine gözegçilik (milli karz edaralarynyň işindäki ýaly) kärhana tarapyndan gözegçilik edilmäge borçludyr.

Nemes federal banky «Deutshe Bundesbank» 1875-nji ýylyň 14-nji martynda Pruss bankynyň esasynda döredildi. Rehsbank bilen bir hatarda banknotlaryň emissiýasyny başda 32 hususy bank amala aşyrýardy, emma 1875-nji ýylyň 1-nji aprelinde olaryň 14-si berk tertipnamanyň girizilmegi bilen emission hukukdan ýüz döndürdiler.

Birinji Jahan urşundan soň diňe dört sany hususy emission bank hereket edýärdi, olaryň bu ýerde orny kän bir uly däldi. 1935-nji ýylda bu banklar banknotlaryň emissiýasyna hukuklaryny ýitirdiler.

1923-nji ýylyň ahyrynda Germaniýada täze rent markasy diýlip atlandyrylýan walýuta girizilende, onuň bilen deňlikde iki emission bank – Rent banky we Reýhsbank hereker edýärdi. Rent bankynyň maýasy altyn bolman, eýsem hususy oba hojalykçylaryň, senagatçylaryň, söwdagärleriň we banklaryň eýeleriniň bergi borçnamalaryndan ybaratdy. Bu borçnamalaryň üpjünçiligi bolup olaryň kärhanalarynyň bahasynyň 4%-indäki girew hatlary we obligasiýalary çykyş edýärdiler. Emma bankyň döredijileriniň banknotlary ýaly borçlaram altyn

markada hasaplanylýardy. Bankyň maýasy 3,2 mlrd marka bolup, olaryň 1,2 mlrd markasy döwlete Reýhsbanka bergilerini ýapmak we býujeti sazlaşdyrmak üçin karz berilýärdi. Beýleki bölegi (1,2 mlrd marka) hususy-hojalyk dolanyşygyny karzlaşdyrmak üçin Reýhsbanka berilýärdi, galan markalar bolsa ätiýaçlykda saklanýardy.

1924-nji ýylyň awgustynda pul reformasynyň tamamlanmagy we bergisini ýapdygyça dolanyşykdan rent markalaryň çykarylmagy bilen Rent bank hereket etmegini bes etdi, onuň wezipeleri gaýtadan guralan Reýhsbanka geçdi.

1934-nji ýylyň 5-nji dekabryndaky karz ulgamy baradaky kanun Reýhsbanka ähli karz ulgamyna garanyňda aýratyn hukuklary berýär. Ikinji Jahan urşundan soň GDR-de Reýhsbankyň ähli bölümleri ýapylypdy, ýeke-täk merkezi bolmasa-da günbatar tarapynda olar hereket etmäni dowam edýärdiler. 1946-njy ýylda Germaniýanyň amerikan, soňra bolsa Reýhsbankyň iňlis we fransuz şahamçalarynyň binýadynda, her bir ýeriň çäginde öz merkezi banky döredildi. Şeýle görnüşde döredilen 11 sany merkezi banklaryň maýasy täjirçilik we beýleki banklaryň goýan paýlaryndan ybarat boldy. Germaniýanyň emission bank ulgamynyň düzümi ABŞ-nyň banklarynyňka meňzeşdi.

1948-nji ýylyň 12-nji fewralynda *nemes ýerleriniň Döwlet banky döredildi* (Bank Deutscher Laender). Onuň 100 mln markadan ybarat bolan maýasyny ýerli merkezi banklaryň goşan paýlary düzýärdi. Bank Deutscher Laender diňe ýeriň merkezi banklary, döwlet we daşary ýurt emission banklary bilen amallary amala aşyrýardy. Ol hasap derejelerini (stawkalary) belleýärdi, ýerli merkezi banklaryň ätiýaçlyklaryny kesgitleýärdi, olaryň töleg gatnaşyklaryny kadalaşdyrýardy, açyk bazarda amallary geçirýärdi, banknotlary çykarmagyň monopol hukugyny ulanýardy.

1957-nji ýylda federal bank hakyndaky kanun kabul edilenden soň nemes ýerleriniň banky ýerleriň merkezi banklary we merkezi Günbatar Berlin banky bilen ýeke-täk merkezi banka – nemes federal bankyna (Deutsche Bundesbanka) birigýär. Nemes federal bankynyň ştab-kwartirasy Frankfurt-na-Maýnde ýerleşýär.

Nemes federal banky dünýäde hökümete garaşsyz banklaryň biridir. Onuň netijeli guramaçylyk düzümi bolup, ol ýerleriň merkezi

banklarynyň geňeşi, direktorlaryň geňeşi, ýerleriň merkezi banklarynyň dolandyryjysy ýaly dolandyryjy edaralary özüne birikdirýär.

Germaniýanyň birikmegi netijesinde 1992-nji ýylyň 1-nji noýabryndan «Nemes federal banky hakyndaky» kanuna girizilen düzedişlere laýyklykda, nemes federal bankynyň guramaçylyk düzümi ýurduň döwlet gurluşyna laýyklykda üýtgedildi we birbada azaldylyp, ýerleriň 11 merkezi banklaryna derek bir ýa-da birnäçe federal ýerlerini öz içine alýan dokuz bank döredildi.

Nemes federal bankynyň wajyp wezipeleri bolup aşakdakylar çykyş etdiler:

- banknotlaryň emissiýasy;
- altyn we dewizler bilen amallar;
- býujetiň kassalaýyn ýerine ýetirilmegi;
- bank ulgamynyň beýleki bölümleriniň, halkara guramalarynyň döwletleriniň karzlaşdyrylmagy;
- hasap syýasaty;
- açyk bazardaky amallar;
- bank ätiýaçlyklarynyň we pul toplumlarynyň kadalaşdyrylmagy.

GFR we GDR pul-karz ulgamlarynyň birikmegi bilen 1990-njy ýylyň 1-nji iýulyndan GFR-iň markasy tutuş Germaniýada ýeke-täk kanuny töleg serişdesi bolup çykyş edýär. Monetar kadalaşdyrmakdaky ähmiýetlilik (kompetensiýa) we ýurduň ähli çägindäki merkezi bankyň beýleki wezipeleri Bundesbanka geçirildi.

1999-njy ýyldan başlap Bundesbank monetar syýasatyny geçirende öz öňbaşçylyk ornuny Ýewropanyň merkezi bankyna geçirdi. Özi bolsa merkezi banklaryň Ýewropa ulgamynyň düzüm böleklerine öwrüldi. Nagt görnüşindäki ýewronyň girizilmegi bilen **(01.01.2002)** Bundesbankyň wezipeleýin ornunyň üýtgemegini markanyň däl-de ýewronyň emissiýasynda görüp bolýar. Galan zatda bolsa nemes federal banky Germaniýanyň we Ýewropanyň monetar syýasatynyň öňbaşçysy bolup çykyş edýär.

## 3.4. Germaniýanyň banklarynyň görnüşleri we ýerine ýetirýän amallary

***Köpugurly banklar.*** Beýleki ösen ýurtlar bilen deňeşdireniňde Nemes bank ulgamynyň aýratyn häsiýeti hereket edýän köpugurly karz edaralaryna esaslanýar. Karz edaralarynyň guramaçylyk-hukuk formalarynyň tapawutlanýandygyna, hususyýetçileriň gatnaşygyna garamazdan banklaryň ululygy dürli bank amallaryny ýerine ýetirmekde bir-birine meňzeşdir. Mysal üçin, karz işi hakyndaky kanuna laýyklykda banklar depozitleri kabul edýärler, karz we aksept berýärler, wekselleri hasaba alýarlar we çeklere töleýärler, tabşyryk boýunça gymmatly kagyzlary satyn alýarlar we ýerleýärler, gymmatly kagyzlary saklaýarlar we dolandyrýarlar, gymmatly kagyzlara maýa goýumlary goýýarlar (Bukjalaýyn maýa goýumlar) we beýleki aktiwlere maýa goýýarlar, nagt däl hasaplaşyklary geçirýärler we ş.m.

Köpugurly bank ulgamynyň döredilmegi Germaniýanyň senagat taýdan ösüp başlany bäri ýeterlik mukdarda özüniň maýasynyň bolmazlygy bilen düşündirilýär. Senagaty maliýeleşdirmegiň nemes ulgamynyň netijeliligi Ikinji Jahan urşundan soňky dikeldiş işlerinde mälim boldy.

Iňlis-sakson bank ulgamy bilen deňeşdireniňde köpugurly bank ulgamynyň esasy üstünlikleri has durnuklylygy we pul goýumlarynda ähtibarlylygy bilen tapawutlanýar. Mundan başga-da bankda ugurlar boýunça bölünişikleriň bolmazlygy müşderilere bir ýerden ähli hyzmatlaryň edilmegine we köpsanly bank hyzmatlarynyň elýeterli bahadan hödürlenilmegine mümkinçilik döredýär.

Köpugurly nemes banklaryna senagatyň täsiri bank ulgamynyň tankytlanmagyna sebäp bolýar. Ol banklaryň kärhanalaryň işine gatyşmagy, gözegçilik geňeşinde bank mandatynyň we ses hukugynda bankyň eýeçiliginiň bolmagy sebäpli ýüze çykýar.

GFR-de 4000-den gowrak karz edarasy hereket edip, olaryň 45 müň şahamçasy bardyr. Ilat 80 mln-dan gowrak diýlip hasap edilende, her 1600 adama bir bank bölümi hyzmat edýär. Germaniýa dünýäde bank şahamçalary iň gür ýerleşen ýurtlaryň hataryna girýär.

Germaniýanyň köpugurly bankyny aşakdaky esasy üç topara bölmek bolar:

1) özüne kuwwatly üç banky birikdirýän 350-ä golaý hususy bank, sebit ähmiýetli we beýleki karz edaralary, şeýle hem banklaryň amallarynyň 30%-ini eýeleýän daşary ýurtlaryň banklarynyň şahamçalary;
2) 700-den gowrak hukuk edaralar – amanat kassalar, nemes ýerli banklary bolup, olaryň paýy 50%-e golaýdyr;
3) merkezi banklar bilen birlikde 3000-e golaý kooperatiw banklar bolup, olaryň paýy 20%-e golaýdyr.

**Köpugurly banklar aşakdaky görnüşlere bölünýär:**

**1) Hususy banklar** bank ulgamynyň esasy bölegini düzmek bilen, dürli görnüşli aşakdaky esasy banklary özüne birikdirýärler:

– ***federal ähmiýetli banklar.*** Şeýle banklar Germaniýada jemi 3 sany. Olaryň öňbaşçysy dünýäde iň baý banklaryň biri bolan Deutschebankdyr. Bu banklar gymmatly kagyzlar we gozganmaýan emläkler bazarynda iň abraýly banklardyr;

– ***sebit ähmiýetli banklar.*** Olaryň käbiriniň ýurduň ähli ýerinde şahamçalary bar bolsa-da, bu banklar ol ýa-da beýleki ýerlerde hereket edýärler. Bu banklaryň öz ýerleriniň çäginde federal banklara garanda şahamçalarynyň we awtomatlarynyň kuwwatly torlary hereket edýär;

– ***göni banklar.*** Haýsydyr bir «göni bankyň» aslynda şahamçasy ýokdur. Beýle banklarda işler telefon, faks ýa-da E-mail arkaly ýerine ýetirilýär. Beýle banklarda şahamçalar, aýlyk tölenilip oturyp işleýän işgärleri bolmany üçin az çykdajyly banklardyr. Bu banklar düzgün bolşy ýaly goýum boýunça ýokary göterim we pul goýmak üçin amatly şertleri teklip edýärler. Beýle banklaryň esasy ýetmezçiligi awtomatlar torunyň gowşaklygy we aýyň ahyrynda telefon hyzmatlary üçin telefon hasaplarynyň bolmagydyr;

– ***gurluşyk amanat kassalar banklary***. Gurluşykda jaý ýa-da öý satyn almak üçin karz bermäge ýöriteleşendir. Şeýle banklara meňzeş uzak möhletli (30 ýyllyk) karz bermäge ýöriteleşen ipoteka banklar bardyr;

– **Şprarkassa** atly banklar topary köpsanly şahamçalara eýedir. Bu banklar toplumy giň awtomatlara eýedigi üçin islendik obada olara

duşmak bolýar. Bu topara degişli banklaryň ady meňzeş we umumy nyşanlary bar bolsa-da, olar bir-birine garaşly däldir. Häzirki döwürde Germaniýada 500-den gowrak amanat kassa bolup, olaryň 20 müňe golaý şahamçalary bardyr. Olaryň ählisi diýen ýaly ýerli edaralar bolany üçin, olaryň eýeleri we goýumlaryň goragyna kepil geçijileri şäher we welaýatdyr. Olaryň esasy wezipesi öz çäginde ýaşaýan ilata ýygymlaryny goramak üçin hyzmatlaryň toplumyny teklip etmek we ýerli goýumlaryň hasabyna olaryň karza bolan islegini kanagatlandyrmak. Sebit birleşigindäki federal ýerleriň merkezi banklaryny maliýeşdirmäge gatnaşýan, öz agzalaryna maslahat berýän we hukuk soraglaryny çözmäge kömek berýän, şeýle hem tölegçi bolup hyzmat edýän merkezler amanat kassalaryň bileleşigidir;

– ***kooperatiw banklar*** köpsanly toparlary düzýärler. Olaryň beýleki banklardan esasy tapawudy olardan diňe müşderiler däl-de, «bank» eýeleri hem peýdalanýarlar. Onuň sebäbi bu banka müşderi bolmazdan ozal onuň bankda paýy bolmaly. Şeýle paýlara banklaryň töleýän göterimleri köpýagdaýlarda üç esse köpdür. Elbetde paýyň aňryçäk möçberi çäklendirilendir.

– ***poçta banklary***. Poçta banky banklaryň aýratyn toparyna degişli edip bolar. Ol has ýaş bank bolup, ol resmi ýagdaýda 1995-nji ýyldan bäri işleýär we onuň şahamçalary ähli kuwwatly poçta bölümlerinde bardyr. Bu bankyň müşderilerine hat alyşmak, telefon boýunça ýa-da kompýuter arkaly hyzmat edilýär. Şeýle poçta banklarynyň hyzmat üçin tölegleri gaty bir uly däl. Emma bu artykmaçlyk amallary amala aşyrmagyň tizliginiň örän haýallygy we hususy awtomatlaryň torunyň haýallygy bilen ýitirilýär.

**2. Hususy täjirçilik banklary** 7000-den gowrak şahamçasy we 200 müňden gowrak işgäri bolan 350-ä golaý köpugurly hereket edýän karz edaralaryny özüne birikdirýär. Bu banklar toplumyna üç sany kuwwatly bank, 200 sany sebit we beýleki banklar, 80-e golaý hususy bankirler we daşary ýurt banklarynyň 60-a golaý şahamçalary girýär.

Hususy täjirçilik banklarynyň umumy zerur alamatlary soňky döwürde uzak möhletleýin karzlar köpelýänem bolsa olaryň möçberine we gurluşyna garamazdan gysga wagtlaýyn karz geleşiklerine

eýedirler. Hususy täjirçilik banklary emläk dolanyşygynda we maýa goýumda gymmatly kagyzlar bilen işjeň işleýärler. Takmynan ýokary göterimli gymmatly kagyzlaryň, maýa goýum sertifikatlarynyň we paýnamalarynyň dörtden üç bölegi hususy banklaryň hasabynda ýatyr. Hususy täjirçilik banklarynyň işiniň esasy bölegi söwda geleşiklerinde, şonuň bilen birlikde daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen hasaplary ýerine ýetirmekden ybaratdyr. Olarda daşary ýurt habarçy banklaryň dörtden üç bölek işçi balansy jemlenendir. Daşary ýurt maýadarlarynyň edil şonuň ýaly mukdardaky täjirçilik töleg amallary hususy karz edaralarynyň hasabyndan geçýär.

Kuwwatly hususy täjirçilik banklarynyň arasynda 1871-nji ýylda Germaniýa imperiýasy döredilen wagtynda işläp başlan has meşhur nemes banklary bolan «Deutshe bank», «Kommerz bank» we «Deutshe bank» tapawutlanýar. Bu paýdarlar jemgyýetleriniň maýasy ýurduň içinde-de, daşynda-da ýaýrandyr. Olaryň hersiniň köpüsi öz işgärleri bolan 200 müňden –300 müňe çenli paýdarlary bardyr.

Bu banklar bank hyzmatlarynyň ähli görnüşlerini ýerine ýetirip, olaryň balansy Germaniýanyň karz edaralarynyň balansynyň ondan bir bölegini düzýär. Daşky söwdalary maliýeleşdirmekde, emission geleşiklerde we gymmatly kagyzlary dolandyrmakda bu banklar uly ähmiýete eýedir. Bu banklar bütin Germaniýada hereket edýän 4000-den gowrak şahamça eýe bolmak bilen 25 mln-a golaý müşderisi bardyr. Olaryň köptaraply halkara hyzmatlary daşary ýurtly kärdeşleri, olaryň şahamçalary we wekiliýetleri bilen amallary ýerine ýetirýän ýurduň içindäki kuwwatly bank şahamçalaryna esaslanýar.

Germaniýada hususy täjirçilik banklaryna 200-e golaý sebit ähmiýetli banklar degişlidir. Bu banklar paýdarlar jemgyýetinde guramaçylyk-hukuk görnüşinde, paýdarlar jemgyýetinde we jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýetlerde döredilendir. Bu topara degişli köpugurly görnüşdäki banklar ýurduň içindäki we daşyndaky köpsanly şahamçalary arkaly iş alyp barýarlar. Olar işlerini kesgitli bir sebite jemlemeýärler. Olaryň käbiri halkara abraýa eýedir.

Hususy täjirçilik banklarynyň toparyna hususy bankirler degişlidir. Häzirki wagtda GFR-de 50-den gowrak ýurduň 300-den gowrak daşary ýurt karz edaralary, on müňlerçe şahamçalary işleýär.

**3. Açyk-hukukly karz edaralary**. Bu edaralar 700-den gowrak amanat kassalardan we açyk hukukly edara görnüşli taraplardan ybaratdyr.Täjirçilik banklarynyň bank amallarynda paýy 50%-e golaýdyr. Germaniýada berlen çäkde amanat kassalarynyň merkezi edarasy bolup çykyş edýän 12 sany weksele gol çekilýän ýer bar. **(Weksel – bu kanun esasynda berkidilen görnüşde hökmany ýazuw bergidarlyk-borçnamasy bolup, onuň eýesine bergidardan wekselde görkezilen puluň jemini jedelsiz talap etmäge hukuk berýär).** Olar alnyp barylýan işlere ýörite kanuna, şeýle hem karz işi hakyndaky kanuna laýyklykda ýolbaşçylyk edýärler. Weksele gol çekýänleriň wezipesine laýyklykda oňa degişli federal ýer, amanat kassalar we sebit bileleşikleri jogapkärçilik çekýärler. Bu karz edaralary özlerine degişli ýerlerde iş alyp barýarlar. Bu merkeziň 19 müň şahamçalarynda bank işiniň hyzmatlary hödürlenilýär. Bu karz edarasyna degişli ýeriň ministri, şeýle hem karz işi boýunça gözegçi Federal edara döwlet gözegçiligini amala aşyrýar.

Öň amanat kassalaryň işine ilatyň goýum ýygymy we hakyky girew esasynda karz bermek degişlidi. Häzirki döwürde ol köpugurly bank hökmünde işleýär. Daşarky söwdalary maliýeleşdirmek amallary we gymmatly kagyzlar bilen geleşikler amanat kassalar üçin täjirçilik banklary ýaly uly ähmiýete eýe däldir, ýöne olar soňky döwürde daşarky söwda işlerine işjeň gatnaşýarlar.

Amanat kassalar wekselli gol çekmeli merkezler bilen nagt däl hasaplaşyklar amallar ulgamynda uly wekselli ulgamy döredýärler. Olar amanat kassalaryň ýok ediji serişdeleri bilen dolandyrýarlar we bank hyzmatlarynyň çäginde başga ýurtly müşderiniň amal hasaplarynyň mysalynda amallary ýerine ýetirýärler. Şeýle hem adaty işler bilen birlikde olar kuwwatly senagat geleşiklerine we daşky söwdalaryň geleşiklerine hyzmat edýärler. Käbir ýerlerde olar federal ýer, kommunal ýa-da ipoteka banklary bolup çykyş edýärler.

**4. Kooperatiw banklar**. Germaniýada 3000-e golaý kooperatiw bank hereket edýär. Olar şäherlerde Folksbank, oba ýerlerinde bolsa «Raýffaýzenbank» diýlip atlandyrylýarlar. Kooperatiw banklar ýyl geçdigiçe sany azalýan uly bolmadyk karz edaralardyr. Kooperatiw banklar 125 ýyldan gowrak mundan ozal «öz-özüňe kömek ýoly

bilen kömek» ýörelgesi esasynda özüňi dolandyrmak we raýdaşlygyň jogapkärçiligi diýen pikir esasynda döräpdir. Bu günki gün bankyň esasy işi öz agzalaryna möhletsiz we amanat goýumlar hem-de gysga we orta möhletli karz bermek bolsa-da, hyzmatlaryň dürli görnüşlerini müşderilere teklip edýär. Uzak möhletli karzlaryň möçberi hemişe ösýär. Eger öň kooperatiw banklaryň agzalary senetçiler, awçylar we fermerler bolsa, indi onuň agzalary işçi we gullukçylardyr.

**Ýöriteleşdirilen banklar**. Hereket edýän köpugurly täjirçilk banklary bilen birlikde Germaniýada köpsanly ýöriteleşdirilen banklar bardyr. Oňa gymmatly zatlaryň esasynda karz berýän ipoteka banky we beýleki karz edaralary, ýörite tabşyrykly karz edaralary, gaýra goýulma ýagdaýynda üzlüşmäge niýetlenip karz berýän banklar, aýrybaşga gurluşyklara karz berýän banklar, poçta banky, senagatyň karz edaralary we beýlekiler girýär. Ýöriteleşen banklar arkaly Germaniýanyň karz edaralarynyň iş dolanyşyklarynyň dörtden bir bölegi geçýär.

Ýöriteleşdirilen banklaryň esasy toparyny 30 sany ipoteka banklary, ýer bölegi we jemagat karzlar üçin karz berýän ýöriteleşdirilen banklar düzýär. Olar ýaşaýyş jaýlaryny gurmak, ýaşaýyş jaýlaryny durkuny täzelemek, şeýle hem ýeri girewine goýmak bilen senagat we oba hojalygy maýa goýumlary üçin uzak möhletleýin karz berýärler. Jemagat karz bermegiň ikinji esasy görnüşi Federasiýa, ýere, ýerli edaralara, beýleki korporasiýalara we kärhanalara jemagat hyzmatlary üçin karz bermekdir. Jemagat karzlar ýaşaýyş jaý gurluşygyna has köp berilýär.

Ýörite banklar toparyna 30-a golaý kepillendirýän banklar we karzlaşdyrma boýunça kepillendirme jemgyýetleri girýär. Olar özlerini orta we kiçi kärhanalara kömek berýän edaralar hasaplaýarlar. Geçen asyryň 50-nji ýyllarynda döredilen bu karz edaralarynyň esasy meselesi pes maliýe üpjünçiligi sebäpli orta we kiçi kärhanalarda ýüze çykaýjak ýagdaýlary aradan aýyrmakdyr. Bu banklar we jemgyýetler kärhanalarda, işiň söwda we senagat pudagynda ýitgi çekilende güwä geçýärler. Olar bolsa öz gezeginde karz berýän banklara güwä geçip hyzmat edýärler.

**Bank bileleşikleri.** Germaniýada banklar kanun çykaryjy edaralar, Federal banklar, karz işi boýunça gözegçiler, şeýle hem banklaryň jemgyýetçilik topary bilen iş salşanlarynda banklaryň bähbidini goraýan karz bileleşigi döredilendir. Karz bileleşigi parlament tarapyndan zerur kanuny çözgütler kabul edilende parlament diňlenişigine gatnaşýar, Nemes Federal banky we karz işi boýunça gözegçi bilen bank işini işläp taýýarlamakda hem-de bir nusga getirmekde hyzmatdaşlyk edýär. Bu ýerde nemes banklarynyň Federal bileleşiginiň alyp barýan işi uly ähmiýete eýedir.

Federal merkezi banklaryň derejesinde hereket edýän hususy banklaryň bileleşiginiň, amanat kassalaryň we kooperatiw banklaryň sebit we çäkli guramalary bardyr. Bank bileleşikleriniň düzümine derňew birleşikleri girýär. Döwlet gözegçiligi guramasyna bagly bolmazdan bileleşige girýän banklaryň üstünden gözegçilik edýärler. Döwlet gözegçiligi guramasynyň bu bileleşik bilen hyzmatdaşlygy ýokarydyr. Mysal üçin, karz işi boýunça gözegçilik bölümleri ygtyýarnama berende hökmany degişli bank bileleşiginiň pikirini soraýar. Banklar topary boýunça degişli bileleşikler hem ätiýaçlyklar depozitler ulgamynyň guramaçylygy bilen meşgullanýar. Bu Germaniýanyň goýumçylary goramak ulgamynyň häsiýetli aýratynlygydyr. Munuň esasynda müşderileriň hasaplardaky serişdeleri doly ýagdaýda goralýar. GFR-iň bank ulgamy dünýäniň ösen gadymy banklarynyň biridir. Ol gowy gurnalan we infrastrukturasy ösen hem-de dünýäniň maliýe merkezleri bilen berk baglanyşygy bolan maliýe we köp mukdardaky pully bazaryna daýanýan bankdyr. Bank ulgamynyň ösmeginiň zerur ýagdaýlary dürli karz institutlarynyň arasyndaky çagiň aýrylmagydyr. Gurluşyk jemgyýetleri we Ynanç-amanat kassalar hasap ulgamynda we beýleki hyzmatlarda kliring banklar bilen işjeň bäsleşýärler, kuwwatly banklar bolsa ipoteka bazarynda berkemäge çalyşýarlar.

## 3.5. Germaniýanyň bank ulgamynyň Ýewropa ulgamynyň Merkezi banklary bilen özara gatnaşyklary

Germaniýa Federatiw Respublikasynyň bank ulgamy dünýäniň has ösen köne ulgamlaryna degişlidir. Häzirki wagtda GFR-iň bank ulgamy üýtgeýän täze şertlere uýgunlaşmak talap edýän maliýe we ykdysady özgertmeleriň merkezinde bolup çykyş edýär. Bu onuň wezipelerine, guramaçylygyna we tehnologiýalaryna, şeýle hem bankara kooperasiýalarda we halkara gatnaşyklarynda täze çemeleşmelere düýpli üýtgeşmeleri girizmegi talap edýär.

Germaniýa Federatiw Respublikasy Ýewropanyň ykdysady we walýuta bileleşmeleriniň agzasydyr. 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan nemes markasy ýewro bilen çalşylandygy üçin töleg serişdesi diýip hasaplanmaýar. Ýewronyň girizilmeginiň maksady Ýewropa Bileleşiginiň ähli ýurtlar üçin ýeke-täk walýutanyň kömegi bilen, önümçiligiň durnukly ösmegine we işsizligiň derejesiniň peselmegine getirip biljek maliýe-syýasy durnuklylygy gazanmakdyr. Ýewropa Bileleşiginiň kärhanalary walýutalaryň alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemezligi netijesinde utuş gazanýarlar. Ýewronyň girizilmegi bilen syýahatçylyk wagtynda töleg hyzmaty ýönekeýleşýär.

Bundesbank Germaniýanyň bank ulgamynyň gurluşynyň ýurduň içindäki birinji derejesi bolup çykyş edýär. Ol ýeke-täk pul-karz syýasatyny amala aşyrýar. Oňa köpugurly we ýöriteleşdirilen banklar görnüşindäki ikinji derejeli banklar tabyndyr.

Bundesbankyň merkezi bank hökmünde esasy wezipesi milli walýutanyň durnuklylygyny saklamak, pul dolanyşygy we karzy kadalaşdyrmak bolup durýar. Ýewronyň girizilmegi bilen walýutanyň durnuklylygyny goldamak wezipesi çylşyrymlaşdy. Indi Bundesbank bu wezipäni Ýewropanyň merkezi banky we ýewrozolaga girýän beýleki ýurtlaryň merkezi banklary bilen Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamynyň çäginde we düzüminde çözýär.

Integrirlenme ýagdaýy, umuman, german ykdysadyýetine peýdaly täsir etdi. Bu öňi bilen bank hyzmatlaryny guramagyň soraglaryna, bank işini döwlet sazlaýşyny kämilleşdirmäge täsir etdi. Germaniýanyň bank ulgamy ÝB girýän beýleki döwletleriň bank ulgamlarynyň

işine göreldedir. Şonuň üçin bank-maliýe işlerini dolandyrmakda german tejribesi bütin Ýewropanyň ýeten derejesini aňladýar. German hünärmenleriniň ÝB-niň çäklerinde pul-karz syýasatyny ylalaşygyny üpjün etmekdäki ähmiýeti uludyr. Olar ÝMB-niň düzüm böleklerinde bank işine gözegçilik we dolandyryjylyk wezipelerini ýerine ýetirmek işlerine işjeň gatnaşýarlar.

Maliýe bazarlarynyň açyklyk şertlerinde we bank maýasyny jemlemekdäki bäsdeşligiň ýitileşmegi, bank gurluşynyň berkemegi Germaniýanyň bank ulgamynyň ýeterlik meseleleridir. Emma hereket edýän üç derejeli ulgam goşmaça päsgelçilikleri döredýär. Mysal üçin, dürli derejeli bank gurluşlaryny birikdirmegi kanun gadagan edýär. Ýary döwlete degişli amanat kassalary döretmegiň wagty ýetdi. Halkara walýuta gaznasy we Ýewropa Bileleşiginiň komissiýasy amanat kassalara döwlet kömegini bermekligi bes etmek barada Germaniýanyň öňünde birnäçe gezek mesele goýdy.

Dünýäniň maýa goýum bazaryndaky bäsdeşlik göreşi berk we gazaply. Germaniýanyň ähli banklarynda amerikan we ýapon banklarynyň güýçli zarbasynyň öňünde durar ýaly «Deutsche bankyndaky» ýaly kuwwatly maliýe mümkinçilgi ýokdy. Bu «Dresdener banka», «Commerzbanka» West-Landesbanka» we beýlekilere degişlidir. Şonuň bilen birlikde öňbaşçy hasaplanylýan Deutsche bank hem soňky döwürde belli derejede öňdeligi elden giderdi. Durmuşyň görkezişi ýaly nemes banklary guramaçylyk işinde netijeliligi, amerikan, britan we ýapon banklary bilen deňeşdireniňde çözgüt kabul edilende çeýeligi elden gidirdiler. Şonuň üçin dünýäniň iri banklarynyň sanawynda Deutsche bank 2017-nji ýylda 89,9 mlrd dollar möçberindäki maýasy bilen 26-njy ýerde boldy.

Häzirki wagtda Germaniýa üçin esasy merkezi bank bolup Ýewropanyň Merkezi banky çykyş edýär. Onuň ştab-kwartirasy resmi däl ýagdaýda Germaniýanyň maliýe metropoli bolan Frankfurt-na-Maýnede ýerleşýär. Ýewropanyň Merkezi bankyna direktorlaryň mejlisi ýolbaşçylyk edýär. Olar milli merkezi banklaryň prezidentleri bilen Ýewropa Merkezi bankynyň mejlisini emele getirýärler. Öz gezeginde nemes federal banky Ýewropanyň Merkezi bankynyň çözgütlerini ýerine ýetirende federal ýerleriň merkezi

banklaryna daýanyp bilýär. Germaniýanyň bank ulgamynyň edaralary süýşürintgi kassalar, kooperatiw banklar, birnäçe ýerli şahamçaly we baş ofisli täjirçilik banklar diýen üç iri topara bölünýär. Başynda ýerleriň Merkezi banklary we nemes federal banky durýar.

Häzirki döwürde GFR-niň jemgyýetçilik düzüminde karz edaralary güýçli orun eýeleýär. Germaniýanyň ykdysady netijeliligi pul we walýuta ulgamynyň durnuklylygyna, liberal kanunalaýyklylyga we durmuş gyzyklanmanyň deňagramlylygyna esaslanýandygy sebäpli gyzyklanma döredýär.

## Esasy düşünjeler

**«Nemes federal banky» (Deutsche Bundesbank)** 1957-nji ýylyň 26-njy iýulynda kabul edilen kanuna görä döredildi. Bundesbank Germaniýanyň merkezi banky bolmak bilen ýurduň pul-karz syýasatyny durmuşa geçirýär. Oňa Germaniýanyň köpugurly we ýöriteleşdirilen banklary degişlidir. Ýewropanyň ýeke-täk pul birligi bolan ýewronyň 1999-njy 1-nji ýanwarynda nagt däl dolanyşyga, 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan bolsa nagt dolanyşyga girizilmegi bilen nemes federal banky Ýewropa ulgamynyň merkezi banklarynyň düzümine doly bahaly agza hökmünde girdi. Häzirki wagtda ol Ýewropanyň merkezi banky we Ýewropa ulgamynyň Merkezi banklaryna agza döwletleriň merkezi banklary bilen birlikde walýuta meselelerini çözýär.

**«Doýçe bank» (Deutsche Bank)** Germaniýanyň iri bank konsernidir. Ol 1870-nji ýylda döredilen we özüne täjirçilik, ipoteka, düýpli goýum banklary, lizing kompaniýalary we ş.m. birikdirýär. Dolandyryjy edarasy Frankfurt-na-Maýn şäherinde ýerleşýär. «Doýçe bank» hususy müşderilere hyzmat etmek boýunça gurply we ýokary girdejili bölümleriň köplügine, öňdebaryjy halkara maýa goýum bankydyr. Bankyň 78 müňden gowrak işgärleri 75 ýurtda işleýärler. Bu bank dünýäde ýokary derejede maliýe hyzmatlaryny ýerine ýetirýär. Ol Germaniýada we Ýewropada öňdebaryjylykly ornuny eýeleýär we ýuwaş-ýuwaşdan Demirgazyk Amerikada, Aziýada we aýgyrtlaýjy ösüp gelýän bazarlara gatnaşmagyny yzygiderli artdyrmak bilen «Doýçe bank» Russiýa Federasiýasynyň maliýe bazarynyň ösüşine işjeň

gatnaşýar, Russiýa Federasiýasynyň hökümetiniň ýanyndaky daşary ýurt maýa goýumlary baradaky Konsultatiw birleşigiň, Russiýanyň banklarynyň assosiasiýasynyň, amerikan Söwda palatasynyň, Ýewropa telekeçiliginiň assosiasiýasynyň, nemes Ykdysadyýetiniň birleşiginiň we Russiýanyň maliýe bazarynyň birleşiginiň beýleki ähmiýetli edaralarynyň agzasydyr.

**«Täjirçilik banky» (Commerzbank)** Germaniýanyň bank konsernidir. Ol 1870-nji ýylyň 2-nji fewralynda döredildi. Dolandyryjy edarasy Frankfurt-na-Maýn şäherinde ýerleşýär. Kommersiýa bankynyň aktiwleri 40 mlrd ýewro deňdir, 40-dan gowrak ýurtlarda 8 mln golaý müşderilere 36 müň işgär hyzmat edýär. Aktiwleriniň ululygy boýunça täjirçilik banky aktiwleriniň köplügi boýunça Germaniýada ikinji orny eýeleýär. Onuň 8,6% paýy bilen iri paýdary italýan ätiýaçlyk topary Generalydyr. Täjirçilik bankynyň Russiýadaky paýdarlaryň umumy sany 290 müňe golaýdyr. «Kommersbank» ÝPJ – bu «Kommersbank АГ»-niň 100%-li aýrybaşgalaşan banky bolmak bilen Franfurt-na-Maýn şäherinde ýerleşýär.

**«Dresdner bank» (Dresdner bank)** Germaniýanyň bank konsernidir. Ol 1872-nji ýylda döredildi we öz adyny Germaniýanyň gündogar bölümindäki Saksoniýada ýerleşýän Drezner şäherinden alýar. «Drezdner bankyň» baş edarasy Germaniýanyň Frankfurt-na-Maýn şäherinde ýerleşýär. 1100-e golaý şahamçasy bolan Dresdner banklar topary dünýäniň 60-dan gowrak ýurdunda iş alyp barýar. Aktiwleriniň ululygy, bank maýasy we müşderileriniň sany boýunça «Dresdner bank» Ýewropanyň bank toparlarynyň öňdebaryjylarynyň biri bolup çykyş edýär. «Drezdner bankyň» wekilhanasy Russiýanyň bankyndan akkreditasiýa alan ilkinji nemes bankynyň wekilhanasydyr. Russiýa bilen uzak ýyllaryň hyzmatdaşlygy netijesinde «Drezdner bank» täjirlere we döwlet edaralaryna maliýe hem-de maslaht kömeklerini berip geldi. Şeýle hem Ýewropanyň kuwwatly kompaniýalary bilen Rusiýanyň nebit-gaz toplumynda uzakwagtlaýyn hyzmatdaşlygy ýola goýmakda uly işler bitirdi.

**«Poçta banky» (Postbank)** Germaniýada bölek sowda edýän banklaryň irileriniň biri. «Poçta banky» nemes we dünýä bazarynda öňdebaryjy bank bolup çykyş edýär. Onuň önümleriniň giň köplügi

hususy, korporatiw müşderiler üçin amatly çözgütleri hödürleýär. «Poçta bankyň» aktiwleri 222 mlrd ýewro golaýdyr. Onuň 22 müň işgäri 14,4 mln golaý müşderä hyzmat edýär. «Poçta banky» topary Germaniýada maliýe hyzmatlary bazarynda öňdebaryjylaryň biridir. Bu ýerde esasy üns hususy müşderiler bilen bölekleýin söwda gönükdirilendir. Ol, şeýle hem, korporatiw bank pudagyna işjeň gatnaşýar. Onuň paýdary bolup «Deutsche Postbank AG» çykyş edýär.

**Marka** – 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan öň GFR-de ýeke-täk ýewropa walýutasy bolan «ýewro» geçilmänkä hereket eden german pul birligi.

## Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Haýsy makroykdysady görkezijiler bilen häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde Germaniýanyň tutýan ornuny we ähmiýetini häsiýetlendirip bolar?
2. Germaniýanyň bank ulgamy taryhy ösüşiň dowamynda haýsy tapgyrlary geçdi?
3. Nemes federal banky haçan döredildi, onuň esasy maksady näme we haýsy esasy wezipeleri ýerine ýetirýär?
4. Germaniýanyň bank ulgamynyň häzirki zaman gurluşy nähili? Onuň esasy düzüm bölekleri haýsylar?
5. Germaniýanyň bank ulgamynyň ikinji derejesini haýsy maliýe edaralary düzýär?
6. Germaniýanyň bank ulgamynda köpugurly banklar haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
7. Germaniýanyň bank ulgamynda ýöriteleşdirilen banklar haýsy wezipeleri ýerine ýetirýärler?
8. Merkezi banklaryň Ýewropa ulgamynda Nemes federal bankynyň orny nähili?
9. Dünýäniň transmilli banklarynyň arasynda german banklarynyň irisi haýsy orunlary eýeleýärler?
10. Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşi üçin Germaniýanyň ýewro zolagyna girmekliginiň netijeleri nähili?


8. Sargyt №2512

# IV BAP
# Fransiýanyň bank ulgamy

## 4.1. Fransiýanyň bank ulgamynyň ösüşi

Fransiýa döwletiň emläginden we döwletiň ykdysadyýete täsir etmeginden tapawutlanýan sazlaşykly hereket edýän häzirki zaman ykdysadyýetinden sazlaşykly bazar işleýşine meňzeş çatrykda ýerleşýär. Fransiýa dünýäde ykdysady taýdan iň ösen ýurtlaryň biridir. Ol Günbatar Ýewropanyň ykdysady kuwwaty boýunça ikinji ýurdy bolup durýar. Fransiýa ozalky kolonial imperiýadyr. Koloniýalarynyň möçberi boýunça diňe Angliýadan yzda durýardy. Köp ýurtlary basyp almagy Fransiýa ägirt uly baýlygy toplamaga mümkinçilik beripdi. Ýöne şeýle uly imperiýalary basyp alan hem bolsa özüniň tutýan meýdany koloniýalaryndan onlarça esse kiçidir. Fransiýanyň jemi meýdany 551 müň km² bolup, Günbatar Ýewropada meýdany boýunça iň uly ýurtdur. Ýurduň ilaty 56,5 mln adam bolup, onuň 90%-i fransuzlardyr. Fransiýanyň tebigy geografiki ýerleşişi amatlydyr. Onuň açyk deňze göni çykalgasy bar. Şeýle hem Ýewropanyň köp döwletleri bilen gury ýer arkaly serhetleşýär. Suw ýoly arkaly Aziýa we Afrika döwletleri bilen gatnaşyk saklamaga mümkinçiligi bardyr. Munuň özi ýurduň daşary gatnaşyklaryny ösdürmeklige mümkinçilik berýär. Ýurt özüniň ykdysady kuwwaty boýunça bütin dünýäde 5-nji orunda durýar. Ol Ýewropada bu görkeziji boýunça Germaniýadan, dünýäde ABŞ-dan, Hytaýdan we Ýaponiýadan yza galýar.

Ýurduň häkimiýeti köpsanly kuwwatly senagat kompaniýalaryny, bank we ätiýaçlandyrma kompaniýalaryny bölekleýin, käwagt tutuşlygyna hususyýetleşdirdi, döwletiň gözegçiliginde käbir «Air France», «France Telekom», «Renault» we «Theles» kompaniýalar ýaly öňdebaryjy firmalaryň käbir bölekleri galdy. Milli ykdysadyýetde, aýratyn hem energetikada, jemgyýetçilik awtoulaglarynda we goranmak senagaty toplumynda döwlet gözegçiligi agdyklyk edýär. Dürli kompaniýalaryň arasynda erkin bäsdeşlik üçin

telekommunikasiýa pudagynda haýaldan hem bolsa aýdyňlyk ýüze çykýar.

Fransuz ykdysadyýetiniň esasy aýratynlyklarynyň biri hem döwletiň kiçi we orta telekeçilige berýän goldawydyr. Ykdysadyýetiň kiçi we orta telekeçiligine döwlet tarapyndan «deňölçegli goldaw we höweslendirme» atly ýörite maksatnamanyň esasynda kömek berilýär. Bu kömegiň ähmiýeti oba hojalyk pudagyna aýratyn güýçli täsir edýär. Dürli gurakçylyk we keselçilik wagty, şeýle hem dürli kesellere garşy çäreleri döwlet öz üstüne alýar. Hut şonuň netijesinde fransuz oba hojalyk önümleri beýleki ýurtlaryň oba hojalyk önümlerine garanyňda ep-esli arzan düşýär. Döwlet tarapyndan geçirilýän şeýle çäreleriň netijesinde oba hojalyk önümleriniň bäsleşik ukyby ýokarlanýar. Ownuk we orta ululykdaky kärhanalaryň jemi sany boýunça ol ösen ýurtlaryň ählisinden ýokarydyr. Fransiýada hereket edýän kärhanalaryň 95 göteriminde işçileriň sany 20%-den geçmeýär. Ýurduň senagat önüminiň $^2/_3$ bölegi 100 sany iri şereketler tarapyndan öndürilýär. Ownuk we orta telekeçiligiň sanynyň köp bolmagy hödürlemäni ýokarlandyrýar we kärhanalaryň çeýeligini artdyrýar. Fransuz kärhanalary bilen önümiň köpdürlüligi boýunça bäsleşip bilýän ýekeje döwlet hem ýok. Ýöne, bu ýagdaý halkara derejesinde oňaýsyz täsirini görkezýär. Mysal üçin, dünýäniň 10 sany iň iri şereketleriniň arasynda ýekeje-de fransuz şereketi ýok. Iri şereketleriň ownuk telekeçiligi «ýuwutmagyna» garşy kanun arkaly garşy çykylýar. Emma olaryň birleşmek meýilleri welin barha artýar. Sebäbi iri şereketleriň dünýä bazarynda bäsdeşlik ukyby has ýokarydyr.

Fransiýada XXI asyryň başynda ykdysady ösüş JIÖ-niň ýokary bolmadyk ösüş derejesi (2%-e golaý) hasaplanýardy, emma şeýle-de bolsa 2018-nji ýylda JIÖ-niň derejesi 3,067 trln dollara ýetdi, ilatyň jan başyna düşýän JIÖ 43, 8 müň dollar bolup, Ýaponiýanyňky (43,8 müň dol.), Beýik Britaniýanyňky (45,3 müň dol.), Germaniýanyňky (44,4 müň dol.) bilen deňeşerlikdir. 2018-nji ýylda esasy maýa goýum ýurduň JIÖ-sinden 20% ýokary boldy. Işsizligiň derejesiniň otnositel ýokary bolmagyna (8%) garamazdan hümmetsizlenme bary-ýogy 1,5% boldy. Ýurduň ýygnanan altyn ätiýaçlygy 98 mlrd-dan ýokary

bolmagyna garamazdan, Fransiýanyň daşary ýurtda ýerleşdirilen maýa goýumy 2,5 trln dollardan geçdi. Fransiýanyň gysga wagtdaky makroykdysady üstünlikleri aňly-başly ykdysady syýasatyň we milli bank ulgamynyň netijeli hereket etmegi bilen baglydyr.

Halkara söwdasynyň barha globallaşmagy, halkara bäsleşigiň ýitileşmegi ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklaryny mundan beýläk ösdürmegiň köptaraply meselelerini döredýär. Fransiýa häzirki wagtda Ýewropa Bileleşiginiň iri ýurtlary, şeýle hem Ýaponiýa we ABŞ bilen özüniň bäsdeşligini saklamaga çalyşýar. Ýewropa Bileleşiginiň döredilmegi bilen onuň düzümine girýän ýurtlar bilen arasyndaky ykdysady gatnaşyklary bir tarapdan has ýeňilleşdi. Beýleki tarapdan bolsa oňaýsyz täsiri ýüze çykyp başlady. Bu täsir gümrük paçlary bilen baglanyşyklydyr. Oňaýly tarapy  oba hojalyk önümleri bilen baglanyşyklydyr. Bu ýurtda oba hojalyk önümleri beýleki Ýewropa ýurtlaryna garanyňda ep-esli arzan düşýänligi sebäpli, beýleki bazarlarda arkaýyn bäsleşip bilýär. Meselem, Ýewropa Bileleşiginiň beýleki ösen ýurdy bolan Germaniýanyň bazarlarynda fransuz oba hojalyk önümleri bäsleşige has ukyplydyr. Ýöne garşylykly taraplary hem bar. Mysal üçin, Germaniýanyň awtoulaglarynyň fransuz awtoulaglaryna garanyňda hili has ýokarydyr. Munuň özi Fransiýanyň awtomobil gurluşyk pudagyna uly zarba urýar. Şolbir wagtyň özünde ýurduň daşary ýurda çykarýan maýasyna hem täsirini ýetirýär. Sebäbi fransuz öndürijileri önümleriň hil tarapyna köp maýa goýmaklyga mejbur bolýarlar. Bu bolsa ýurduň «ikinji ykdysadyýetine» uly zarba urýar. «Ikinji ykdysadyýet» diýen düşünje, ýurduň daşyna çykarýan maýasyndan gelýän girdejileri aňladýar. Ýewropa Bileleşigine girmegi bilen Fransiýa daşary ýurtlara çykarýan maýasynyň bir bölegini öz içine gönükdirmeli bolýar. Şeýle ýagdaý amerikan we ýapon maýasy üçin amatlylyk döredýär. Sebäbi olar fransuz maýasynyň agdyklyk edýän ýurtlarynda has işjeňleşip başlady. Munuň özi fransuz tarapyna öz güýjüni has tijemegine iterýär.

Soňky ýyllarda fransuz maýalarynyň häsiýeti üýtgedi. Geçen asyryň 90-njy ýyllaryna çenli fransuz maýasy süýthorçylykly häsiýete eýedi. Munuň özi fransuz maýasyndan gaça durulmagyna getirýärdi. Indi ol öz häsiýetini üýtgetdi. Ýagny bu ýurt ynsanperwerçilikli

maýany ulanyp başlady. Munuň özi daşary ýurtlardaky maýa goýum göreşinde fransuz tarapyna artykmaçlyk berip başlady. Ýurduň mineral çig mallaryna bolan isleginiň agramly böleginiň daşyndan getirilmegi kynçylyk döredýär. Nebitiň we gazyň bahasynyň ýokary galmagy hem munuň üstesinedir. Şeýle hem öňki nebit import edýän kolonial ýurtlary öz içinden fransuz nebit kompaniýalaryny çykaryp başladylar. Bu ýurtlara Latyn Amerikasy, Arap we Afrika döwletleri degişlidir. Bu ýurtlardan fransuz kompaniýalarynyň çykarylmagy ýa-da olaryň millileşdirilmegi ýurda nebitiň we gazyň arzan bahadan bökdençsiz akyp durmagyna böwet bolýar. Bu ýagdaý döwlet býujetine hem täsirini ýetirýär. Aýratynam nebit kompaniýalarynyň nebitden gelýän peýdasyndan alynýan salgytlar azalýar.

Daşyndan satyn alynýan uglewodorod serişdeleriniň bahasynyň ýokarlanmagy kynçylyklara getirýän hem bolsa, Fransiýanyň bu ugurda dünýäniň beýleki ösen döwletlerinden tapawutly artykmaçlyklary hem bar. Ol artykmaçlyk elektrik energiýasyny öndürmek bilen baglanyşyklydyr. Ýagny Fransiýada elektrik energiýasynyň agramly bölegi atom elektrik stansiýalarynda we kömür bilen işleýän stansiýalarda alynýar. Emma, dünýäniň ösen döwletlerinde, esasan, gaz turbinalaryna geçilipdi. Dünýäde gazyň bahasynyň birden ýokary galmagy gaz turbinalaryndan sowaşmagyna getirdi. Mysal üçin, Fransiýanyň bu ugurdaky bäsdeşi ABŞ-nyň kompaniýasy bolan «Jeneral Motors» we Italiýanyň «Inter» kompaniýalary öz önümçiligini tutuşlygyna diýen ýaly gaz turbina enjamlaryny öndürmeklige ýöriteleşdiripdir. «Jeneral Motors» öz önümçiliginiň 90 göterimini, Italiýa 75 göterimini gaz turbinasyny öndürmeklige geçiripdir. Emma, Fransiýanyň energetika balansynda kömrüň uly orny bar. Soňky wagtlarda nebitiň we gazyň bahasynyň ýokarlanyp başlamagy bilen elektrik energiýasyny almakda gaza bolan isleg pese gaçyp başlady. Ösen döwletleriň köpüsinde gaz turbinasyny ýene-de kömür bilen işleýän stansiýalara öwrüp başladylar. Fransiýada bolsa önümçiligi üýtgetmeklige hiç-hili zerurlyk ýok. Galyberse-de kömür öz içinde gazylyp alynýanlygy üçin elektrik energiýasynyň özüne düşýän gymmaty Ýewropa Bileleşiginiň beýleki ýurtlaryna garanyňda ep-esli arzandyr.

Fransiýanyň daşary ykdysady syýasatynda bäsdeşlerine garanyňda has artykmaçlyk berýän taraplaryny bellemeli. Bu ýurt özüniň bäsdeşleri bolan Angliýa we ABŞ garanyňda hoşniýetli daşary gatnaşyklary alyp barýar. Ýagny Fransiýa daşary syýasatynda zor salmak, ykdysady gysyş görkezmek, harby howp salmak ýaly mejbur ediji çäreleri az ulanýar. Bu ýagdaý bolsa öz gezeginde fransuz tarapy bilen hyzmatdaşlyk etmek isleýänleriň sanynyň artmagyna getirýär. Mysal üçin, Fransiýa dünýäniň iri ýurtlary bolan Russiýa Federasiýasynyň, Hytaýyň, Hindistanyň, Braziliýanyň ykdysadyýetine maýa goýmak boýunça beýleki ösen döwletler bilen arkaýyn bäsleşýär. Häzirki wagtda bu ýurtlarda fransuz maýasynyň möçberi beýleki ösen ýurtlarynyňka garanyňda has ýokarydyr.

Umuman alanyňda Fransiýanyň daşary ykdysady gatnaşyklaryny aşakdaky toparlara bölmek bolar:

1) Ýewropa Bileleşigi bilen hyzmatdaşlyk;
2) ABŞ we Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlyk;
3) ozalky koloniýasy bolan ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk;
4) beýleki ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk.

Fransiýanyň ABŞ we Ýaponiýa bilen daşary söwdasy oňaýly däldir. ABŞ-dan we Ýaponiýadan getirilýän önümler ol ýurtlara satylýan harytlardan agdykdyr. Ýewronyň dolanyşyga girizilmezinden öň Fransiýany walýuta ýetmezçiligine getirýän esasy meseleleriň biri hem hut şu oňaýsyz söwda bolup durýardy. Häzirki wagtda hem bu ýetmezçiligiň öňüni alyp bolmaýar. Sebäbi Fransiýa bu ýurtlardan ýokary tehnologiýaly taýýar önümleri satyn alýar. Ýokary tehnologiýaly şeýle harytlar Ýewropa Bileleşiginiň beýleki ýurtlarynda hem öndürilmeýär. Şonuň üçin ABŞ we Ýaponiýa bilen deňeçer söwda gatnaşyklaryny alyp barmak entekler başa barmaýar.

Umuman alanyňda Fransiýanyň daşary söwdasy oňaýlydyr. Onuň eksportynyň 3/4 bölegi taýýar önümler, 1/4 bölegi dürli hyzmatlardan ybaratdyr. Ýurduň importynyň agramly bölegini çig mallar we taýýar önümler tutýar.

Fransiýanyň Ýewropa Bileleşigi ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy örän giňdir. Bu ýurtlar bilen söwdanyň maýanyň, işçi güýjüniň

hereketini has hem ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýar. Ýewropa Bileleşiginiň barha giňelmegi fransuz tarapyna bu ýurtlara eksportyny ýokarlandyrmaga mümkinçiligi artdyrýar. Fransiýanyň öňki koloniýasyndaky bilen hyzmatdaşlygy aýratyn ähmiýete eýedir. Munuň hem sebäbi bu ýurtlara edýän eksportynyň düzümi tutuşlaýyn taýýar harytlardyr. Bu ýurtlardan bolsa arzan bahadan çig mallar satyn alynýar. Şonuň üçin bu ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk aşakdaky iki ugur boýunça alnyp barylýar:

1) termondizm;

2) antitermondizm.

Termondizm ýörelgesi öňki koloniýasyndaky ýurtlaryň ösüşini bökdemek we şolbir wagtyň özünde birek-biregiň öwezini dolmak ýaly ýörelgä esaslanýar. Bu ýörelgäniň düýp mazmuny bu ýurtlardan arzan çig mal almak we bu ýurtlara taýýar önümi satmakdan ybaratdyr. Antitermondizm ugrunyň esasy maksady ozalky koloniýasyndaky ýurtlar güýçli ykdysady we syýasy garşylyk görkezen ýagdaýynda, olara eglişik etmekden ybaratdyr. Şonuň üçin Fransiýa olar bilen örän ýygjam aragatnaşyk saklaýar. Ýurduň daşary gatnaşyklarynda geçen asyryň ahyrlarynda garaşsyz bolan döwletler uly ähmiýete eýe bolup durýar. Bu ýurtda fransuz harytlaryna we hyzmatlaryna bolan isleg örän ýokarydyr.

Fransiýa dünýä söwdasynda ähmiýetli orun tutýar. Onuň paýyna dünýä eksportynyň 6–6,5 göterimi düşüp, bu görkeziji boýunça dünýäde 4–5-nji orunda durýar. Ýagny ondan öňde, degişlilikde ABŞ, Ýaponiýa, Germaniýa we Hytaý durýar. Fransiýanyň importynyň möçberi hem uludyr. Bu görkeziji boýunça dünýäde 3-nji orunda durýar. Fransiýada hyzmat pudagy örän ösendir. Hyzmat pudagynyň möçberi we eksporty boýunça Ýewropa Bileleşiginde birinji, dünýäde bolsa ABŞ-dan soň ikinji orny eýeleýär.

Ýewropa Bileleşiginiň öňdebaryjy döwletleriniň häzirki zaman pul-karz we maliýe hojalygy Ýewrogiňişligiň ösüşiniň şertlerinde wajyp düzümleýin üýtgemeleri başdan geçirýärler. Sebäbi karz-maliýe institutlarynyň we amallaryň täze görnüşleri emele gelýär, merkezi bankyň maliýe-karz institutlar bilen özara gatnaşyklarynyň ulgamy

kämilleşýär, milli merkezi bankyň Ýewropanyň Merkezi banky we Ýewropa ulgamynyň merkezi banklary bilen özara hereketleriniň tertibi emele gelýär.

Agzalan üýtgemeler Fransiýanyň bank ulgamynyň ösüşinde anyk görünýär. Onuň esasyny milli merkezi bank (Fransiýanyň banky), şeýle hem täjirçilik banklarynyň we beýleki maliýe-karz edaralarynyň giň tory düzýär. Iki asyrdan gowrak wagtyň dowamynda emele gelen bu ulgam Ýewropada gurluşy boýunça iň bir çylşyrymlylaryň we köptorly ulgamlaryň biridir.

Senagatyň ösüşi boýunça Fransiýa Birinji Jahan urşuna çenli beýleki iri günbatar ýurtlardan has yza galyp, ssuda maýasynyň çalt ýygnalmagyny amala aşyrdy. 1890-njy ýyldan 1912-nji ýyl aralygynda ýurtda iri depozit banklarynyň depozitleriniň jemi 4 esse ösdi. Fransiýa daşary ýurtlara (esasanam, Russiýa Federasiýasyna) senagat däl-de, eýsem ssuda maýasyny eksport etdi.

Fransuz maýalarynyň süýthorlyk ýaly häsiýeti fransuz bank ulgamynyň aýratynlygyny kesgitläp, onuň işinde uly orny döwlet zaýomlarynyň goýberilmegi we ýerleşdirilmegi bilen bagly amallar eýeledi. Fransuz banklary diňe bir içerki fransuz zaýomlarynyň goýberilmegine işjeň gatnaşman, eýsem beýleki döwletleriň daşarky zaýomlaryna hem gatnaşdylar.

Fransiýanyň bank ulgamynyň aýratynlygy bolup, onda uzak wagtyň dowamynda bakna (kolonial) banklar hereket edipdir. Olar Fransiýada XIX asyrda döräp başlapdyrlar, ýöne XX asyrda uly ösüşe eýe bolýarlar. 1904-nji ýylda 136 sany bölümçeli 20 sany bakna banklar hereket edip, olar 1950-nji ýylda 708 bölümçeli 40 sany banka barabar bolupdyrlar. Fransuz bakna banklary Fransuz maýasynyň Afrika we Aziýa ýerleşdirilmeginde wajyp orny eýelediler. Bakna eýeçiligindäkiler üçin zaýomlary çykaryp, fransuz bakna banklar ssuda maýasynyň köpçülikleýin Fransiýa getirilmegine ýardam berdiler. Koloniýalaryň daşarky söwdasyny karzlaşdyrmak ýoly bilen olar fransuz kompaniýalaryna baknalardan arzan çig mal almaga kömek etdiler. Şonuň bilen bilelikde bu banklar koloniýalardaky bank amallaryny monopollaşdyryp, ol ýerde hususy karz ulgamynyň we milli senagatynyň ösmegine päsgelçilik döretdiler.

Ikinji Jahan urşuna çenli koloniýalarda milli emission banklar ýokdy we banknotlaryň emissiýasy fransuz bakna banklar tarapyndan amala aşyrylýardy. Mysal üçin, Indohitaýda Indohitaý banky; Alžirde we Tunisde-fransuz gözegçiligindäki Alžiriň we Tunisiň banky; Marokkoda şa Marokkanyň döwlet banky bilen amala aşyrylýardy. Ony döredijileriň biri we esasy paýdary bolup Pariž-Niderland banky çykyş edýärdi. Fransiýanyň Günbatar Afrikadaky eýeçiligindäki Günbatar Afrika banky bilen Fransiýanyň iri kolonial banky bolan Indohytaý banky öň Indohytaýyň ähli dag-magdan (gornorudnyý) we beýleki senagat kärhanalaryna, oba hojalyk ýerleriniň ep-esli bölegine, şeýle hem beýleki birnäçe banklara gözegçilik edýärdi.

Fransiýanyň kolonial imperiýasynyň weýran bolmagy onuň bakna banklarynyň işine hem öz täsirini ýetirdi. *Birinjiden*, olar emissiýa ýeňilliklerinden mahrum boldular, sebäbi emissiýa ýeňilligi täze döredilen milli emission banklara berlipdir. *Ikinjiden,* bank amallarynyň beýleki görnüşlerinde-de kolonial banklar, ýagny mundan beýläk daşary ýurt banklary diýlip atlandyrylýan banklar garaşsyzlyga eýe bolan ýurtlarda milli bank işiniň ösmegi netijesinde gysylmaly boldular. Şeýle-de bolsa bu banklar käbir ösüp gelýän ýurtlarda özleriniň wajyp orunlaryny sakladylar.

1920-nji ýyldan başlap Fransiýa senagat taýdan yzygiderli ösüp başlady we öňki «süýthor» däplerinden el çekdi. Hususan-da, Ikinji Jahan urşundan soň senagat ösüşiniň depginleri boýunça ol birnäçe Günbatar döwletlerinden öňdedi. Fransuz banklary daşary ýurt amallaryny bes etmezden, öz ýurdunyň senagatyna giňişleýin aralaşyp başladylar. Olaryň käbiri bolsa dünýäniň 50 sany iri banklarynyň sanawyna girdiler.

Fransiýada taryhy taýdan banklaryň anyk ýöriteleşmegi emele geldi. Onuň esasyny depozit-karz we emissiýa döredij amallaryň bölünmegi goýdy, bu bolsa 1929–1933-nji ýyllaryň dünýä ykdysady çökgünliginiň täsiri esasynda hasam güýçlendi.

1945–1946-njy ýyllarda Fransiýanyň merkezi banky (Bangue de france), dört sany öňdebaryjy täjirçilik banklary (şol wagtda olaryň paýyna depozitleriň 55%-i düşýärdi), 34 sany ätiýaçlyk kompaniýalary (baýraklaryň 62%-ini özünde jemlän) we hususy

elektrik we gaz kompaniýalary (häzirki wagtda «Elekrtrisiti de Frans» we «Gaz de Frans» (Electricite de France and Gas de France) millileşdirildi. Käbir milli kärhanalar hususy ýaly işlerini dowam etdiler we fransuz ykdysadyýetiniň bäsleşige ukyply pudagynyň düzüm bölegi bolup galdylar.

1945-nji ýylyň kanunyna laýyklykda Fransiýanyň merkezi banky, şeýle hem dört sany iri depozit banklar bolan «Kredi Lione» (Credit Lionnais), «Sosvete Jeneral» «(Societe General),» «Bank Nasional Pur le Kommers e I,Endýusri» we «Komtuar Nasýonal L,Eskont de pari» (Bangue Nationale pour le Commerce et I,Industrie, and Comptoir National L,Eskompte de Paris) banklar millileşdirilenden soň 1966-njy ýylyň ortalarynda soňky iki sany bank «Bank Nasýonal de pari» ((Bangue Nationale de Pari) birikdiler, şeýle hem milli karz birleşigi (the National CreditCouncil) döredildi.

Onuň düzümine maliýe ministri (birleşigiň prezidenti hökmünde), Fransiýanyň bankynyň dolandyryjysy (maliýe ministriniň ýok wagtynda birleşige başlyklyk edýär) we 43 agzasy (maliýe edaralarynyň, telekeçileriň we kärdeşler arkalaşygynyň wekilleri) girýär. Ilkibaşda maslahat beriji gurama hökmünde döredilen birleşik, soňlugy bilen pul-karz syýasatyny taýýarlaýan gurama öwrüldi. Hakykatdan-da Fransiýanyň banky öz dolandyryjysynyň üsti bilen karz syýasaty işlemekde aýgytlaýjy orny eýeläp bilýär diýip hasaplanýardy. Hakykatda bu maliýe ministriniň birleşikde has täsirli orny eýelemeýändigini, şeýle hem pul-karz syýasatynyň ýurduň ykdysady syýasatynda has ýokary orny eýeleýändigini aňlatmaýardy. Hakykat ýüzünde pul-karz syýasaty býujet syýasatyna tabyndy we ykdysady meýilnamalary hem-de beýleki döwlet maksatnamalaryny ýerine ýetirmekde kömek bermäge niýetlenendi. Elbetde, Fransiýanyň bankynyň dolandyryjysy maliýe ministri bilen bilelikde ykdysady syýasata degişli maslahatlar berip bilýärdi.

Fransiýanyň bankynyň dolandyryjysy eýeleýän wezipesine laýyklykda 1941-nji **ý**ylda banklar we bank däl maliýe institutlar tarapyndan bellenen kadalaşdyryjy kadalary berjaý edýänligine seredýän we gözegçilik edýän gurama hökmünde döredilen bankyň gözegçilik

komissiýasyna ýolbaşçylyk etdi. Milli karz birleşigi fransuz pul-karz ulgamy boýunça pul häkimliligini durmuşa geçirýär. Fransiýanyň banky ýerine ýetiriji gurama, bank gözegçilik guramasy kazyýet guramasydyr.

Häzirki Fransiýada dürli amally garyşyk banklaryň görnüşleri hereket edýär. Bu bolsa banklaryň köpugurlaşmagyna garşy meýilleri görkezýär. 1966–1967 we 1984-nji ýyllaryň bank reformalary bu meýilleri kanunlaşdyrdy. Bu birinjiden, depozit banklara möhletsizler bilen deň hatarda 2 ýyldan gowrak möhlete goýumlary, işewür banklara talap edilýänçä goýumlary, şol sanda ilatdan hem goýumlary kabul etmäge hukuk berdi. Ikinjiden, depozit banklaryň karzlarynyň iň ýokary möhleti 5-den 7 ýyla çenli ýokarlandy, işewür banklara gysga möhletli karzlary hem bermäge rugsat berildi. Üçünjiden, depozit banklar söwda-senagat kärhanalarynyň işine (maliýe häsiýetsiz) gatnaşyp, ol kärhanalaryň maýasynyň 20%-ine çenli ululygynda (10%-ine derek) ýa-da bankyň hususy maýasynyň 100%-ine çenli (75%-ine derek) eýelik edýärler.

Fransiýanyň karz ulgamynyň esasy düzümi bolup Fransiýanyň banky, täjirçilik banklary, ýörite karz-maliýe institutlary çykyş edýärler. Häzirki wagtda dünýäniň 50 sany iri banky bar. Olaryň iň kiçisiniň maýasy 50 milliard dollardan hem artykdyr. Şol 50 sany iň iri banklaryň 4-si fransuz banklarydyr. Olar Pariž milli banky, Lion karz banky, Baş jemgyýet banky, Oba hojalyk karz bankydyr.

Ýewropa Bileleşiginiň öňdebaryjy döwletleriniň häzirki zaman karz-pul we maliýe hojalygy ýewrozolagyň ösüşiniň şertlerinde wajyp düzümleýin üýtgemeleri başdan geçirýärler. Netijede karz-maliýe institutlarynyň we amallarynyň täze görnüşleri emele gelýär, merkezi bankyň we maliýe-karz institutlarynyň özara gatnaşyklarynyň ulgamy kämilleşýär, milli merkezi bankyň Ýewropanyň Merkezi banky (ÝMB) we Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy (ÝMBU) bilen özara hereketleriniň tertibi döreýär.

Sanalyp geçilen üýtgemeler Fransiýanyň bank ulgamynyň ösüşinde aýdyň görünýär, onuň esasyny milli merkezi banky (Fransiýanyň banky), şeýle hem täjirçilik banklarynyň tory we beýleki maliýe-karz edaralary düzýär. Iki asyrdan gowrak wagtyň dowamynda

hereket edip bu ulgam Ýewropada gurluşy boýunça iň köpugurly we çylşyrymlylaryň biri bolup çykyş edýär.

## 4.2. Fransiýanyň bank ulgamynyň gurluşy

Fransiýanyň bank ulgamy Fransiýanyň bankyny, talap edilýänçä we iki ýyldan ýokary bolmadyk möhletlere möhletli depozitleri kabul edýän depozit banklary, işewür banklary – maýa goýujy bank şereketlerini (işewür banklar maýa goýum bank wezipesinden (gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy we ýerleşdirilmegi), şeýle hem hemişelik maýa goýumlary amala aşyrýan (maýa goýumda gatnaşmak we kärhanalar bilen dolandyrmak) orta möhletli we uzak möhletli karzlaşdyrylan banklary özüne birikdirýär *(4.1-nji şekil)*.




***4.1-nji şekil.*** **Fransiýanyň bank ulgamynyň guramaçylyk düzümi**

### Bank ulgamyna aşakdaky birnäçe esasy toparlar girýär

*1. Depozit banklar* iki ýyldan kän bolmadyk möhletli depozitleri we talap edilýänçä goýumlary kabul edýärler, olaryň çekýän möhletli we süýşürintgi depozitleriniň jemi uly däl (ähli depozitleriň 10%-inden hem azrak); möhletli depozitleriň uly bölegi telekeçileriň möhletli depozitlerine degişli (köplenç, 24 aýa çenli üzülmeli möhletli dolandyrylýan sertifikatlary görnüşinde çykyş edýän). Depozit banklaryň arasynda döwletiň ýokarda ady tutulan üç sany banky agdyklyk edýärdi. Ondan başga-da depozit banklara heniz şol wagt mil-

lileşdirilmedik «Kredi Kommersyal de Frans» (Credit Commersial de France), «Kredi Endistriel a Kommersyal» (Credit Industriel et Commercial) we «Sossýet Żeneral» (Societe General), şeýle hem 1945-nji ýylda işewür banklar (maýa goýum banklar), sebitara banklar we ýerli banklar ýaly bellige alnan beýleki Pariž banklaryndan tapawutlykda depozit banklar ýaly bellige alynmakçy bolan «Pariž depozit» banklary (daşary söwdany aktiw karzlaşdyrýarlar, walýuta amallaryny amala aşyrýarlar) degişlidir.

Iri depozit banklary täjirçilik we maýa goýum banklarynyň amallaryny utgaşdyrýarlar (gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy we ýerleşdirilmegi; maliýe däl häsiýetli kärhanalara bu kärhananyň paýdarlar maýasynyň 10%-i möçberinde maýa goýmak (1966–1967-nji ýyllarda 20%) ýa-da bankyň hususy maýasynyň 75%-i möçberinde (1966–1967-nji ýyllarda 100%), şeýle hem olaryň zerurlygyny esaslandyrmak şertlerinde beýleki banklarda we maliýe institutlarynda; Pariž biržasynyň agzasy ýaly dillerler we brokerler hökmünde iş alyp barmak; düýpli goýum kompaniýalar üçin maslahat hyzmatlary we depozitariý wezipeleri we ş.m.)

Fransiýada has iri depozit banklar bolan «Bank Nasýonal de Pari» (BNP), «Kredi Lionne», «Sosýete Żeneral» banklar millileşdirildi. Hususy depozit banklaryň arasynda has irisi bolup Pariž-Niderland bank, «Fransiýanyň täjirçilik karzy», «Senagat we täjirçilik karzy», «Pariž bileleşiginiň banky» çykyş edýärler.

Emma fransuz banklarynyň ýöriteleşdirilmegi otnositel häsiýetde bolup, banklaryň has köpugurlylygy görünýär. Bir tarapdan, işewür banklar depozit amallaryny giňden ösdürýärler we depozit banklar bilen goýumlary çekmeklik babatynda bolşy ýaly, karz-ssuda amallar babatynda hem bäsleşýärler. Beýleki tarapdan bolsa depozit banklar diňe bir gysga möhletli karz amallary bilen çäklenmän, uzak möhlete karzlaşdyrmak we senagaty maliýeleşdirmek boýunça amallary has giňden ösdürýärler.

2. *Işewür banklar* (1945-nji ýylda maýa goýum bank guramalary şeýle görnüşde bellige alynmagy we degişli kadalaşdyrmaga tabyn bolmagy makul bildiler) indi düýpli maýa goýum bank amallaryndan başga-da (gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagy we ýerleşdirilmegi)

hemişelik maýa goýumlary amala aşyrýarlar (maýa goýumlara gatnaşmak we kärhanalary dolandyrmak), şeýle hem şol kärhanalardan gysga möhletli depozitleri kabul edýärler, olarda maýa goýum banklary goýbermäge rugsat berlen paýdarlar maýasynyň 15%-inden az bolmadyk bölegine eýeçilik edýärler. Her bir kadalaşdyrýan işewür banka döwlet komissary bellenilýär. Ol bank syýasaty boýunça maslahat berip bilýär we onuň umumy ykdysady syýasata garşy gelýän çözgütleri gadagan etmäge hukugy bar. Bu gadagan edilen çözgüde milli karz geňeşinde gaýtadan seredip bolýar. Şeýlelik bilen maýa goýum banklar millileşdirilmedik bolsa-da, gözegçilikde saklanýarlar.

Fransiýada 25 sany işewür bank hereket edýär. 1945-nji ýylyň 2-nji dekabryndaky kanunyna laýyklykda «işewür» ady esaslandyryjylyk işi we gatnaşýan kärhanalaryny uzak möhlete karzlaşdyrmak bilen meşgullanýan banklara berildi.

Işewür banklaryň toparyna, esasan hem Fransiýanyň «bankynyň başy» bolup çykyş edýän öňki bank öýleri girdi. Şeýlelik bilen işewür banklara «Wormsa Bank», «Lui Dreýfusa Bank», «Doganlaryň Lazar we K Banky» we beýlekiler girdiler. Işewür banklaryň jemlenmesi ep-esli bolup, bäş sany iri banklaryň paýyna ähli işewür banklaryň jemlenen balanslarynyň 64%-den gowragy düşýärdi. Iki sany iri «Pariba», «Indosýuez» banklar hem millileşdirildi.

Depozit we işewür banklarynyň arasynda aşakdaky tapawutlar bardyr:

*a)* işewür banklaryň serişdeleriniň umumy jeminde hususy maýanyň paýy depozit banklaryňkydan ýokary;

*b)* işewür banklaryň depozitleriniň düzüminde möhletli goýumlaryň paýy ýokary, depozit banklarynda bolsa depozitleriniň uly bölegi talap edilýänçä goýumlara düşýär;

*ç)* depozit banklarynda hasap-karz amallarynyň ýerine ýetirýän orny işewür banklaryňkydan ýokarydyr. Tersine gazna amallarynyň paýy işewür banklarda depozit banklaryňkydan ýokary bolup, olar maýalarynyň ep-esli bölegini senagat we beýleki kärhanalaryň paýnamalaryna goýýarlar;

1945-nji ýylyň kanuny boýunça depozit banklara beýleki kärhanalaryň maýasyna gatnaşmak çäklendirme girizilip, ol kärhanalaryň maýasynyň 10%-inden ýokary we öz maýasynyň 75%-inden ýokary bolmaly däldir. Depozit banklar üçin goýum goýmagyň gutarnykly möhleti iki ýyl bilen çäklendirilip, olar tarapyndan berilýän karzlaryň gutarnykly möhleti bäş ýyl bilen çäklendirilendir.

1966-njy ýylda banklaryň geljekki köpugurlygyna (uniwersallaşmagyna) ýardam berýän bank reformasy geçirildi. Bu reforma aşakdakylardan ybaratdyr:

– depozit banklar goýumlary iki ýyldan ýokary bolan möhlete kabul etmäge, işewür banklar talap edýän goýumlary kabul etmäge hukuk aldylar;
– berilýän karzlaryň gutarnykly möhleti depozit banklara bäş ýyldan ýedi ýyla çenli uzaldyldy, şonuň bilen bilelikde işewür banklar gysga möhletli, şeýle hem uzak möhletli karzlary bermäge hukuk aldylar;
– depozit banklaryna söwda-senagat kärhanalarynyň maýasynyň 20%-ine çenlisine we bankyň hususy maýasynyň 100%--ine çenlisine gatnaşmaga hukuk berildi.

Ol ýa-da beýleki Fransuz bankynyň hukuk derejesi olaryň hakyky ýagdaýyny häsiýetlendirmeýär. Mysal üçin, ilkibaşda işewür bank diýip hasaplanan «Pariž bileleşiginiň banky» kärhanalara uzak möhletli we orta möhletli goýumlary bar bolsa-da, häzirki wagtda depozit bank diýlip hasaplanýar.

3. *Orta möhletli we uzak möhletli karzlaşdyrýan banklar* depozit we işewür banklaryň arasynda aralyk orun eýeleýärler. Olaryň aýratynlyklary bolup, olar depozitleri iki ýyldan az bolmadyk möhlete kabul edip we iki ýyldan az bolmadyk möhlete karz berip bilýärler. Ýurduň bank ulgamynda olaryň sany we udel agramy uly däl. Olaryň köpüsi maliýe amallarynyň bellibir görnüşinde ýöriteleşýän maliýe institutlar bolup çykyş edýärler.

Kuwwatly «Kess de Depo e Konsinýasion» (Caisse des Depotset Consignations) 1816-njy ýylda çykdajy kassalaryndaky nagt serişdelerinden (1950-nji ýyldan başlap süýşürintgi banklar öz islegleri boýunça çekilen depozitleriň 50%-ine çenlisini ýerli döwlet edara-

larynyň gymmatly kagyzlaryny satyn almak üçin ulanyp bilýärler), sosial ätiýaçlandyrmak ulgamynyň pensiýa gaznalaryny we beýleki süýşürintgi gaznalary, şeýle-de hususy ätiýaçlandyryş kompaniýalaryny öz içine almakdan özgesiniň süýşürintgi banklaryň serişdeleriniň depozitariýasy hökmünde döredildi. Ululygy boýunça, takmynan, dört sany milli depozit banklara deň bolan Kess aktiwleriniň ýarysyndan gowragyny kärhanany, gurluşygy we enjamlary karzlaşdyrmak bilen bagly orta möhletli weksellere ýerleşdirýär; ol wekselleriň uly bölegi banklar tarapyndan hasaba alnyp we ýöriteleşdirilen döwlet we döwlete doly degişli bolmadyk institutlar tarapyndan tassyklanylýar (akseptlenýär) we «Kessde» gaýtadan hasaba alynýar.

Öz gezeginde «Kess» bu wekselleriň käbirini Fransiýanyň bankynda gaýtadan hasaba alyp bilýär. Kessiň esasy wezipeleri bolup gaznaçylygy karzlaşdyrmak we döwletiň gymmatly kagyzlaryna maýa goýmak; doly döwlet eýeçiliginde bolmadyk institutlaryň (Kredi Nasýonal), «Kredi Fonsýe» (Credit Foncier) we «Kess de Kredi Agrikol» (Caisse de Credit Agricole) üpjün edilmedik obligasiýalaryny satyn almak; gazna wekselleri bilen söwda etmek we ilatdan uzak möhletli döwletiň gymmatly kagyzlaryny goldanýan baha boýunça satyn almak; fransuz pul bazarynda hasap öýlerine bir günlük karzlaryň yzygiderli berilmegi çykyş edýärler.

«Kredi Nasýonal bank» (Credit National) senagata we söwda orta we uzak möhletli karzlary bermek ýoly bilen ykdysadyýeti dikeltmek karzlaşdyrmak üçin 1919-njy ýylda döredildi. Bäş ýyl möhlete çenli orta möhletli karzlary enjamlary satyn almak we gurluşyk maksady bilen hasam ownuk we orta telekeçilige bermekde ol wajyp orny eýeleýär. Ol bu karzlar boýunça wekselleri hasaba alyp bilýär ýa-da «Kessde Depoda» (Caisse des Depots) gaýtadan hasaba almak mümkin bolar ýaly olary indisirläp (üçünji tarapa berip) bilýär.

«Kredi Fonseýe» (Credit Foncier) 1852-nji ýylda döredildi. Ol emläk girewliligi esasynda ipoteka karzlary we ýerli döwlet edaralaryna karzlary, şahamçalarynyň üsti bilen bolsa gurluşyk üçin orta möhletli karzlary berýär.

Oba hojalyk karz ulgamy ýerli karz jemgyýetlerini (asosiasiýalary), birleşen sebitara jemgyýetleri öz içine almak bilen, öz geze-

ginde Kess Nasýonal de Kredi Agrikole (Caisse National de Credit Agricole) agza bolup çykyş edýär. Merkezi oba hojalyk karzlarynyň bu esasy edarasy Fransiýanyň bankynda wekseller gaýtadan hasaba alnanda ýeňilliklerden peýdalanýar, gysga, orta we uzak möhletli oba hojalyk karzlaryny berýär.

«Meşhur» banklar (şäher karz kooperatiwleri) kooperatiw karzyň Merkezi kassasynyň üsti bilen ownuk ýerli kärhanalara, özara güwä jemgyýetlerine we balyk hem-de deňiz azyk önümlerini awlamaklyga hyzmat edýän birleşiklere bank hyzmatlaryny edýärler.

1980-nji ýylda Fransiýada bank ulgamynda üýtgemeler boldy. M.Fransua Mitterana 1981-nji ýylyň 10-njy maýynda fransuz prezidenti bolmaga ýardam beren saýlaw maksatnamasynyň esasy bolup, onuň: «Sosialistik häkimiýet milli ykdysadyýetiň aýratyn goşmaça pudaklaryny we maliýe edaralaryny millileşdirmäge çalşar» diýip beren sözi boldy. Ösen döwletleriň arasynda öz ornuny saklamakda Fransiýa döwlet pudagynyň giňeldilmegine daýanýardy.

Mitteranyň saýlawdan öň beren sözi 1982-nji ýylda hakykata öwrüldi. Şol ýylyň 11-nji fewralynda bäş sany senagat toparynyň, 39 bankyň we iki sany maliýe edaranyň millileşdirilmeginiň meýilnamasy gutarnykly tassyklanyldy. Millileşdirmek hakyndaky çözgüt Mitteranyň administrasiýasynyň üç sany esasy ýörelgesine esaslanýardy. Olaryň birinjisi, işleriniň häsiýetine baglylykda fransuz ykdysadyýetiniň käbir bölümleri Fransiýa ykdysady çökgünligi ýeňip geçmeklige ýardam bermek üçin jemgyýetçilik bähbitlerine hyzmat etmelidiler. Ikinjisi, tehnologik özgertmeleriň arasynda iri önümçilikler halkyň haýryna ulanylyp bilinjek täze açyşlary etmek üçin nou-haulary ulanmalydylar. Üçünjisi, millileşdirilen kärhanalar öndürijiniň öz iş ýerine täze gatnaşygyna mysal bolup hyzmat edip biler diýip umyt edilýärdi.

Şeýle hem Fransiýanyň maliýe serişdeleriniň üstünden netijeli gözegçiliksiz täze industrial syýasaty amala aşyrmagy başlap bilmejekdigi üçin karzyň döwlet pudagy giňeldildi. Banklaryň düzümleýin karzlaşdyrmasyndaky we strategiýasyndaky üýtgeşmelerden soň olar millete has oňat hyzmat eder diýip döwlet umyt edýärdi.



9. Sargyt №2512

Millileşdirmek hakyndaky kanunyň III baby «Pariba» (Paribas) ady bilen belli bolan «Finansýer de Pari e de Pei-Ba Kompanii» (Compagnie Financiere de Paris et des Pays-Bas) we «Finansýer de Cuez Kompanii» (Compagnie Financiere de Suez) atly iki sany maliýe edaralarynyň millileşdirilmek meselelerini çözdi. Bu holding kompaniýalaryň ikisem öz işlerini senagatda, bank işinde, ätiýaçlandyrmada we gozgalmaýan emläkde amala aşyrýardylar. Ikisem bäş sany millileşdirilen senagat toparlarynyň iri paýdarlary bolup çykyş edýärdiler. Mysal üçin, «Cuez» (Suez) we onuň şahamçalary «Sen Gobeniň» (Saint-Gobain) maýalarynyň 20,3%-ine gözegçilik edýärdiler. Ady belli Sen Goben 1655-nji ýylda Ludowik XIV-niň karary boýunça Wersaldaky korolyň köşgüni aýna bilen üpjün etmek üçin döredildi. Häzirki şertlerde bu topar «Pon-a-Musson» (Pont-a-Mousson) kompaniýasyny satyn almak ýoly bilen dürli görnüşli senagat aýnalarynyň öndürilişine gözegçiligini giňeldi. 1968-nji ýylda bolsa ol «Sen-Goben-Pon-a-Musson» (Saint-Gobain-Point-a-Mousson) diýlip atlandyrylyp başlandy we öz täsirini gurluşyga we gaplandyrylýan materiallara ýaýratdy. Ol «Kompanii de Maşin Býullyň» (Compagnie des Machines Bull) 51 %-ine gözegçilik edýär, öz gezeginde ol «C.I.I. – Honeywell-Bull» kompýuterleriň öndürilişiniň 53%-iniň eýesi bolup çykyş edýär.

Millileşdirmek hakyndaky kanun ýokarda ady tutulan senagat toparlarynyň we maliýe edaralarynyň paýnamalarynyň hususy ellerden döwlete geçmek ýoly bilen, golçur kompaniýalarynyň döwlete geçirilmegini üpjün etdi. Bu bolsa döwlet öz gözegçiligine paýnamalardan daşary emläklerem alanda bellibir derejede öňki şahtalaryň, elektro we gaz jemagat kärhanalarynyň we «Renonyň» millileşdirilmeginden tapawutlanýardy. Biržada amallary geçirmeýän banklar üçin, millileşdirmegiň möhleti 1982-nji ýylyň 1-nji iýulyna çenli uzaldyldy.

Millileşdirmek hakyndaky kanunyň Fransiýada banklary döretmek üçin daşary ýurtlularyň hukuklaryna täsir etmeýändigi resmi taýdan aýdyldy. Bu barada 1975-nji ýylyň 10-njy iýulyndaky kanunda hem aýdylýar. Fransiýada täze daşary ýurt banklaryny bölüm görnüşinde ýa-da fransuz kanunlary boýunça döreden eda-

ralarda mažoritar gatnaşmagyň üsti bilen açmak üçin ýüzlenmeler geljekde öňki ölçeglere laýyklykda, ylaýta-da, milletparazlyk ýaly islendik diskriminasiýany öz içine almaýan, liberilizasiýa görnüşinde serediljekdigi kanunda aýdylýar. Döwlet öz gözegçiligine paýnamalardan daşary emläklerem alanda, şeýle ýagdaýlar, ol banklaryň Fransiýada işerini alyp barmaklyk şertlerine garanyňda hem dogrudyr.

## 4.3. Fransiýanyň bankynyň (Bank de Franc) wezipeleri we ýerine ýetirýän amallary

Ýurduň Merkezi banky hökmünde Fransiýanyň banky (Bank de Franc) çykyş edýär. Ol 1800-nji ýylda 30 mln frank maýasy bolan hususy paýdarlar kompaniýasy hökmünde döredildi. 1803-nji ýylda Parižde banknot emissiýasynyň, 1848-nji ýylda tutuş Fransiýa boýunça dokuz sany ýerli emission banky öz içine alyp we öz şahamçalaryna öwrüp, ýekemenlik hukugyna eýe boldy.

Ilkibilen Fransiýanyň banky umumy ýygnak bilen iri paýdarlar tarapyndan saýlanan düzümi 15 regentden (direktordan) ybarat bolan geňeş tarapyndan dolandyrylýardy. 1936-njy ýylyň kanuny boýunça 20 direktordan ybarat bolan direktorlar geňeşi Gener geňeşi bilen çalşyldy. Olaryň ikisi paýdarlar tarapyndan saýlanyp, galany döwlet tarapyndan bellenip hem döwlet edaralary (maliýe ministrligi) ýaly, şeýle hem senagatçylaryň birleşmesi, kärdeşler arkalaşyklary we beýleki guramalar ýaly çykyş etmelidiler. Ikinji Jahan urşundan soň 1945-nji ýylyň 2-nji dekabryndaky kanun boýunça Fransiýanyň banky millileşdirildi, onuň öňki hususyýetçileri bolsa ýokary bahalandyrylýan paýnamalar görnüşinde öwezini doldurdylar, olar 3%-li döwlet obligasiýalaryna çalşyldy.

250 mln frankdan ybarat bolan bankyň paýdarlar maýasy doly döwlet eýeçiliginde saklanýar. Bankyň dolandyryjysy we onuň iki sany orunbasary ministrler Geňeşi tarapyndan bellenýär. Bankyň Baş Geňeşi dolandyryjydan, onuň orunbasarlaryndan we 12 agzasyndan (maslahatçylaryndan) ybarat, olaryň ýedisi maliýe ministri tarapyndan bellenilýär, direktorlaryň dört sany ornuny baş direktor ýa-da döwlet karz institutlarynyň prezidentleri eýeleýär.

Bankda iri Pariž telekeçileriniň wekillerini öz içine alýan hasaba alyş komiteti hereket edýär. Fransiýanyň banky pul-karz syýasatynda maliýe ministriniň we Milli karz geňeşiniň (ýurtda karzy sazlaşdyrýan ýörite döwlet edara) görkezmeleri esasynda hereket edýär.

Ýurduň ýeke-täk emission banky hökmünde Fransiýanyň banky dolanyşyga banknotlary goýberýär. 1939-njy ýyldan bäri onuň emissiýasy öňünden kesgitlenen möçberler bilen çäklendirilmedik. Fransiýanyň banky ýurduň altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny saklaýar. Ol şeýle hem, döwlet bankynyň wezipesini ýerine ýetirýär.

Bank tarapyndan döwletiň göni karzlaşdyrmasy, bankyň dolandyryjysy we ykdysadyýet hem-de maliýe ministriniň arasyndaky kesgitlenen ylalaşyklaryň çäginde amala aşyrylýar. Bank tarapyndan döwleti gytaklaýyn karzlaşdyrmak «hasaba alyş bukja» ýaly atda saklanýar (gizlenýär), onuň düzüminde esasy orny gazna wekselleri eýeleýärler. Fransiýanyň banky şeýle hem döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn alýar we olara karz berýär. Gaznaçylygyň erkin pul serişdeleri şol bankda onuň gündelik hasabynda saklanýar. Bankyň işiniň wajyp tarapy bolup göterim derejeleri we hökmany ätiýaçlyklaryň kadalaryny başarnykly peýdalanmak arkaly walýuta gözegçiliginiň we karzyň sazlaşdyrylmasy amala aşyrylýar.

258 edarasy bolan Fransiýanyň banky «banklaryň banky» diýip atlandyrylýar. Bu bolsa onda bank ätiýaçlyklarynyň ýerleşmeginde we banklara karz bermeginde onuň aýratynlygydyr. 1967-nji ýylyň 9-njy ýanwaryndaky kanunalaýyklykda hökmany bank ätiýaçlyklarynyň ulgamy girizildi. Bu kanunalaýyklykda banklar Fransiýanyň bankynda ýerleşýän hasabynda gündeki hasaplarynyň umumy jeminiň 42%-ini we möhletli depozitleriniň jeminiň 2%-ini saklamalydylar.

Haýsy syýasatyň alnyp barylýandygyna baglylykda soňabaka bu kadalar birnäçe gezek üýtgedi. 1972-nji ýylyň 21-nji iýulyndan hökmany ätiýaçlyklaryň kadasy dahylsyzlaryň gündeki hasaplarynyňky 10%, daşary ýurtlularyňky12%, dahylsyzlaryň süýşürintgi goýumlary 5%, daşary ýurtlularyňky 6% diýip kabul edildi.

Fransiýanyň bankynyň işi döwlet edaralary üçin açyk bolany üçin, oňa bahalaryň durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen netijeli pul-karz syýasatyny alyp barmaga päsgel bermeýär. Bu iş döwletiň umumy ykdysady syýasatynyň çäklerinde ýerleşýär.

Fransiýanyň bankynyň mysalynda merkezi bank bilen döwletiň gatnaşyklarynyň ulgamy oňaýly bolup çykyş edýändigi üçin merkezi bank öz gündelik işinde özbaşdak bolsa-da, hökümetiň uzak möhletli ykdysady maksatnamasy bar ýagdaýynda ondan ugur alýar. Şeýlelik bilen giň mümkinçilikleriniň çäginde merkezi bankyň öňünde hökümetiň ilkinjilik strategiýasyny kabul etmek zerurdyr.

Fransiýanyň banky tarapyndan telekeçiligiň dürli ugurlary üçin bitarap syýasatyň goldanylmagyna, täjirçilik syryny berjaý etmeklige, ýygnanan maglumatlaryň jikme-jik barlanylmagyna berýän uly ünsi, ýurt boýunça gymmat maglumatlary ýygnamaga we 2,3 mln-dan gowrak kärhanalara we edaralara gymmat maglumatlar bilen üpjün edilen bank kartotekasyny (Fibenyň kartotekasy); wekseller boýunça töleg geçirilmedik kartotekany; ýitirilen we ogurlanan çek kitapçalar barada habarlaryň kabul edilýän milli merkezini; hereket etmeýän çekler barada milli kartotekany; yzyna gaýtarylmadyk karzlaryň milli kartotekasyny döretmäge mümkinçilik berdi.

Maglumat gulluklaryny döretmek we guramak boýunça Fransiýanyň bankynyň tejribesi wajyp we gyzyklydyr. Umumy ykdysady peýdaly bolmak bilen, şeýle merkezler we kartotekalar Fransiýanyň bankyna maliýe bazaryna gatnaşyjylaryň hakyky pudagy we hyzmatlar gurşawy barada giň we dogry maglumatlar bilen ygtyýar üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa oňa ykdysadyýetiň döwlet we hususy pudaklarynyň sepgidinde amatly orunlary saklamaga kömek edýär.

Şeýle hem Fransiýanyň bankynyň maliýe torunyň köp şahamçalydygyny bellemek gerek. Fransiýanyň bankynyň şahamçalary müşderilere hasaplaşyk we kassa hyzmatlaryny etmekden başga-da, netijeli we dogry maglumatlaryň ýygnalmagyny amala aşyrýarlar.

## 4.4. Fransiýanyň bank ulgamynyň ýewrozolakda tutýan orny

Ýewrozolagyň döredilmegi bilen Fransiýanyň bank ulgamynyň esasy düzümleri saklanyp galdy. Ýöne olar bellibir içerki düzümleýin üýtgemeleri, esasanam, aýry-aýry wezipeleriniň üýtgemegini we gaýtadan paýlanylmagyny başdan geçirdiler.

Häzirki wagta ýewrozolak diýip Ýewropa Bileleşigine girýän 28 ýurtdan 19-ynyň bileleşmesine düşünilýär. Olaryň ýeke-täk pul birligi bolup ýewropanyň walýutasy bolan ýewro çykyş edýär.

Ýewrozolagyň hereket etmek gurluşynyň esasy Ýewropa Bileleşigine girýän ýurtlaryň merkezi banklarynyň köp ýyllyk netijeli işleriniň esasynda goýuldy. Şeýle bolsa-da ýewrozolagyň döredilmeginiň dowamynda Ýewropanyň Merkezi banky döredilende, ştab-kwartirasynyň ýerleşmeli ýerleri tassyklananda, Ýewropanyň Merkezi bankynyň prezidenti saýlananda we ş.m. Fransiýa bilen ýewrozolagyň beýleki ýurtlarynyň arasynda düýpli meseleler döredi.

Ýewronyň çäklerinde Fransiýanyň bank ulgamy iki sany degerli ýeňiş gazanmak bilen Angliýanyň kuwwatly bank ulgamynyň bäsdeşinden dyndy we Ýewropanyň Merkezi bankynyň Prezidentligine öňki Fransiýanyň bankynyň ýolbaşçysynyň bellenmegini gazandy. Ondan başga-da häzirki wagtda Fransiýanyň banky Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamyna (ÝMBU) girýär we Ýewropanyň Merkezi bankynyň talaplaryna tabyn bolýar. Onuň Ýewropanyň Merkezi bankynyň başlangyç maýasyndaky paýy 16,87%-e deň bolup, Germaniýadan soň ikinji orunda durýar. Bu bolsa Fransiýa ýewrozolaga girýän ýurtlaryň walýuta syýasaty bilen bagly wezipeleriň çözülmegine täsir etmäge mümkinçilik berýär.

Köpsanly ýagdaýlar göz öňünde tutulyp, ÝB girýän döwletleriň Merkezi banklarynyň döwlete garaşsyz bolmagy üçin klassifikasiýasy işlenip taýýarlanylandyr. Bu merkezi banklaryň Ýewropa ulgamy we Ýewropanyň Merkezi banky bilen bolan gatnaşykda banklaryň ornuny we özbaşdaklygyny kesgitleýär. Merkezi banklaryň döwlete garaşsyzlygyny kesgitleýän esasy sebäplere olaryň emläginiň for-

masy (döwlete degişli, paýdarlaryňky, garyşyk), bankyň ýolbaşçysynyň bellenilişi ýa-da saýlanylyşy, olaryň işiniň maksadynyň we wezipeleriniň kanunda kesgitlenilişiniň derejesi (merkezi bankyň işiniň özbaşdaklygynyň çägi we onuň wezipeleri), banklaryň pul-karz syýasatyna döwlet edaralarynyň goşulyşmagynyň kanunda göz öňünde tutulyşy, häkimiýetiň karzlaşdyrmagy çäklendirişi girýär.

Ýewrozolagyň döredilmegi we ösmegi bilen baglylykda Fransiýanyň bankynyň käbir wezipeleri, edil Ýewropa Bileleşiginiň beýleki agza ýurtlarynyň merkezi banklary ýaly üýtgedi.

Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamynyň çäklerinde häzirki wagtda Fransiýanyň banky aşakdaky iki sany esasy wezipäni ýerine ýetirýär.

1. Ýewropanyň Merkezi bankynyň dolandyryjylarynyň geňeşi tarapyndan işlenip taýýarlanylan ýeke-täk pul-karz syýasatynyň durmuşa geçirilmegi. Munuň üçin geňeşiň agzalary her 15 günden Frankfurt-na-Maýnede ykdysady we maliýe maglumatlary, şol sanda pul toplumynyň möçberiniň we onuň esasy agregatlarynyň üýtgemegini, milli töleg balanslary we ş.m. seljermek üçin ýygnanýarlar.

2. Walýuta syýasaty we halkara amallara hyzmat etmek. Fransiýanyň banky döwletiň altyn walýuta ätiýaçlyklaryny dolandyrýar. Onuň bir bölegi ÝMB berlendir, şeýle hem halkara maliýe guramalarynyň işine işjeň gatnaşýar.

Emma emissiýanyň möçberi ýewrozolagyň her bir ýurdy üçin aýratyn kesgitlenilýär, ol ýerde bu emissiýa merkezi banklaryň gözegçiliginde amala aşyrylýar.

Fransiýanyň banky ÝMBU-nyň düzüm birligine girýändigi üçin Ýewropanyň Merkezi bankynyň çözgütlerine boýun bolmalydyr.

Şeýlelikde aşakdaky birnäçe pursatlary belläp geçmeli.

Birnaçe kesgitli ýagdaýlarda milli bähbitleri yzarlaýan Fransiýanyň bankynyň wezipeleri ikinji derejeli bolup, oňa hakykat ýüzünde üns berilmezligi mümkin.

ÝMB ýewrozolaga girýän döwletleriň ýeke-täk pul-karz syýasatyny kesgitleýär we ýerine ýetirýär hem-de pul emissiýasyny amala aşyrýar. Pul emissiýalary geçirilende Fransiýanyň bankyna diňe arassa tehniki (ýerine ýetiriji) wezipeleri  galýar.

Ýewropanyň Merkezi bankyna garanyňda häzirki wagtda Fransiýanyň banky hukuk taýdan oňa tabyndyr. Degişlilikde Fransiýanyň banky däl-de Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamy Fransiýanyň çäginde ýeke-täk pul-karz syýasatyny amala aşyrýar, şeýle hem ýeke-täk walýutany dolandyrýar. Şeýlelikde taryhda ilkinji gezek özbaşdak döwletiň milli ygtyýarlyklary ondan ýokardaky duran guramalara geçirildi.

Ýurt boýunça gaty uly maglumatlara eýe bolan Fransiýanyň banky, bu maglumatlary ÝMB bilen diňe paýlaşman, ÝMB-niň talaplary boýunça maglumatlary ýygnamak bilen hem meşgullanmaly. Bu maglumatlaryň öz gezeginde milli däl-de döwletara bähbitlerinde ulanylmagy mümkin. Munuň öz gezeginde Fransiýanyň gönüden-göni bähbitlerine gabat gelmezligi mümkin.

Ýewropanyň Merkezi bankynyň rugsady bolmasa Fransiýanyň banky halkara walýuta bileleşiklerine, ylalaşyklara we guramalara gatnaşyp bilmeýär. Şonuň bilen bilelikde Fransiýanyň banky Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamynyň syýasatyna we halkara maliýe-karz gatnaşyklaryna (Dolandyryjylar geňeşiniň üsti bilen) gönüden-göni täsir edip bilýär. Şeýlelik bilen Fransiýanyň banky ýewrozolaga girmek bilen birnäçe mümkinçiliklerini ýitirenem bolsa, birnäçe täze wezipelere eýe boldy.

Fransiýanyň banky ähmiýeti boýunça dolandyryjylar geňeşinde Ýewropanyň Merkezi bankyndaky (ÝMB) paýyna laýyklykda Germaniýadan soň ikinji orny eýeleýär. Şoňa görä-de oňa zerur bolan wekilçiligi gazanmak üçin hyzmatdaşlary tapmak aňsat bolýar. Eger ÝMB milli merkezi bank öz borçlaryny ýerine ýetirmedi diýip hasap etse, onda ol onuň işini kazyýete geçirip bilýär. Soňky ýyllarda ÝMB-niň wezipeleriniň ösüşi Fransiýanyň bankynyň ösüşini kesgitledi we geljekde-de kesgitlär.

Fransiýanyň bank ulgamynda bolup geçýän hadysalar bellibir derejede umumy milli ykdysady syýasaty aňladýar. Onda bellibir döwürde millileşdirmäge ýa-da hususylaşdyrmaklyga ugur artykmaçlyk edýär. Ondan başga-da 1980-nji ýyldaky maliýe erkinleşdirilmekde (liberilizasiýa) birnäçe näsazlyklar bolup geçdi. Ol ýyllaryň reformalary bazaryň düzüminiň üýtgemegine getirmedi,

sebäbi reforma iş bilen üpjünçiligi kepillendirýän kadalaryň aýrylmagy bilen baglylykda alnyp barylmady. Netijede aýry-aýry institutlar we döwlet tarapyndan dolandyrylýan  banklar, bäsleşikli bank bazaryna geçmedi.

Fransiýadaky bank ulgamy dünýäde gür banklaryň biridir (1 mln ýaşaýjynyň paýyna 439 bank bölümi düşýär, emma ABŞ-da, Beýik Britaniýada we Niderlandlarda bolsa bu görkeziji 310-320). Ýurduň bütin çäginde 26 müňe golaý bank bölümleri bar diýip hasaplanýar.

Bank ulgamynyň guralmagynyň nukdaýnazaryndan seredeniňde Fransiýada gyzykly bolup birbada müşderileriň hasaplarynyň diwersifikasiýasy bilen (hasaplaryň umumy mukdarynyň 95%-e golaýy sebitara edaralaryň paýyna düşýär) birlikde maliýe akymlarynyň jemlenmeginiň ösüşi çykyş edýär (iri on bankyň paýyna ýurduň maliýe-karz edaralarynyň bilelikdäki balansynyň 80%-i düşýär).

Fransiýanyň bank ulgamy diňe bir ýewrozolagyň talaplaryna uýgunlaşman, eýsem Fransiýa üçin has amatly walýuta syýasatyny kesgitlemäge we emele getirmäge çalyşýar. Şol wagtda hem ÝMB-niň walýuta syýasaty ilkinji nobatda ýewrozolakdaky bahalaryň durnuklylygyna gönükdirilendir we aýry-aýry ýurtlar ýa-da sebitler üçin hiç hili differensiýasiýa, hiç hili aýratyn düzgün şol syýasatyň çäklerinde görkezilmedikdir.

Häzirki wagtda Fransiýanyň bank ulgamynyň aşakdaky dürli şahamçalary emele geldi:

- milli karz geňeşi Fransiýanyň pul-karz syýasatynda pul höküminiň kanunçylyk şahasyny durmuşa geçirýär;
- Fransiýanyň banky we onuň garamagyndaky bank düzümleri ýerine ýetiriji edara bolup çykyş edýär;
- bankyň gözegçilik topary kazyýet edarasy bolup çykyş edýär.

## Esasy düşünjeler

**Fransiýanyň banky** – bu 30 mln frank maýasy bolan hususy paýdarlar kompaniýasy hökmünde 1840-njy ýylda döredilen Ýewropanyň gadymy banklarynyň biridir. Ol 1803-nji ýylda Parižde bank emissiýasynyň hukugyna, 1848-nji ýylda bolsa ähli Fransiýa boýunça bank emissiýasynyň hukugyna eýe bolýar. Häzirki wagtda Fransiýanyň banky dolandyryjydan, onuň orunbasarlaryndan we

12 sany agza – maslahatçylaryndan ybarat bolan bankyň baş geňeşi tarapyndan dolandyrylýar. Fransiýanyň banky ÝMBU girip, ÝMB-niň talaplaryna tabyn bolýar. Onuň ÝMB-niň başlangyç maýasyndaky paýy 16,87% bolup, ol ululygy boýunça Germaniýadan soň ikinji orundadyr.

**Fransiýanyň depozit banklary** iki ýyldan ýokary bolmadyk möhlete talap edilýänçä we möhletli depozitlere goýumlary kabul edýän banklardyr. Iri depozit banklar täjirçilik we maýa goýum banklarynyň amallaryny utgaşdyrýan banklardyr (satyn almak, anderraýting, gymmatly kagyzlaryň satylmagy, maliýe däl häsiýetli kärhanalara göni maýa goýum goýmak, Pariž biržasynyň agzalary ýaly dillerler we brokerler hökmündäki işler, maslahat bermek hyzmatlary we ş.m.)

**Fransiýanyň işewür banklary** maýa goýum wezipelerinden başga-da hemişelik maýa goýmaklygy amala aşyrýan, şeýle hem firmalardan gysga möhletli depozitleri kabul edýän banklardyr. Olarda işewür banklar 15%-den az bolmadyk paýdarlar maýasyna eýeçilik edýärler. Özleriniň gatnaşýan kärhanalarynyň esaslandyryjylyk işi bilen meşgullanýan we uzak möhlete karzlaşdyrýan banklar «işewür» banklar diýlip atlandyrylýar.

**Fransiýanyň orta we uzak möhlete karzlaşdyrýan banklary** depozit we işewür banklaryň arasynda araçy orny eýeleýän banklardyr. Kanun boýunça olar depozitleri iki ýyldan az bolmadyk möhlete kabul edip bilýärler we karzlary iki ýyldan az bolmadyk möhlete berip bilýärler. Bu banklar maliýe amallarynyň bellibir görnüşinde ýöriteleşýärler.

**Fransiýanyň ady belli banklary** – şäher karz kooperatiwleri kooperatiw karzyň merkezi kassasynyň üsti bilen ownuk ýerli firmalara, balyk we deňiz önümlerini awlaýanlara hyzmat edýän, özara kepillikleriň jemgyýetlerine we assosiasiýalara karz berýän banklardyr.

**Frank** – Fransiýanyň ýeke-täk ýewropa walýutasy bolan ýewronyň 1999-njy ýylda nagt däl dolanyşygyna, 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan nagt dolanyşygyna geçmänkä, hereket edip gelýän öňki fransuz pul birligi.

### Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Fransiýanyň häzirki zaman ykdysadyýeti nähili makroykdysady görkezijileri bilen tapawutlanýar?
2. Taryhy ösüşiň dowamynda Fransiýanyň bank ulgamy haýsy tapgyrlary geçdi?
3. Fransiýanyň banky haçan döredi we haýsy görnüşde onuň wezipeleri üýtgedi?
4. Fransiýanyň bankynyň gurluşy nähili? Onuň wezipelerine nämeler girýär?
5. Fransiýanyň bank ulgamynyň häzirki zaman düzümi nähili?
6. Fransiýanyň bank ulgamynyň ikinji derejesini haýsy maliýe edaralar düzýär?
7. Fransiýanyň depozit banklary haýsy wezipeleri ýerine ýetirýärler?
8. Fransiýanyň işewür banklary haýsy wezipeleri ýerine ýetirýärler?
9. Merkezi banklaryň Ýewropa ulgamynda Fransiýanyň bankynyň orny nähili?
10. Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşi üçin Fransiýanyň ýewrozolaga girmeginiň soňky netijeleri nähili?

# V BAP
# Italiýanyň bank ulgamy

## 5.1. Italiýanyň bank ulgamynyň ösüşi

Italiýa ýokary derejede ösen industrial-agrar döwletdir. JIÖ-niň möçberi 2018-nji ýylda 3 trln 041 mlrd 113 müň amerikan dollaryna barabar bolup, bu görkeziji boýunça dünýäde 7-nji orna eýedi. JIÖ-niň adam başyna düşüşi 2018-nji ýylda 31 700 dollara deň bolup, Beýik Britaniýa we Fransiýanyň bu görkezijileri boýunça deňeçerräk ýurtdur. Emma ykdysadyýeti iki bölege bölünip, onuň demirgazygynda senagat, günortasynda oba hojalygy ol diýen ösmedikdir. Ilatyň zähmete ukyply böleginiň oba hojalygynda – 5%-i,

senagatda – 32%-i, hyzmatda – 69,1%-i zähmet çekýär. Gazyp alyjy senagatyň önümlerine ýarymmetallar, boksitler, kükürt, köp mukdarda granit we mermer daşlary, az möçberde nebit-gaz önümleri degişlidir. Ýurduň ykdysadyýetinde 25 mln-a golaý adam zähmet çekse-de, işsizlik haýal azalýar.

ÝB-niň walýuta birleşigine goşulmagyň şertine laýyklykda Maastrihter ölçeglerini kanagatlandyrmak üçin Italiýa hümmetsizlenmäniň derejesini 2018-nji ýylda 1,5%-e çenli aşaklatmak başartdy. 2018-nji ýylda döwletiň býujeti boýunça ýurduň girdejisi 998 mlrd dollar, çykdajysy 1,823,3 trln dollar boldy.

Italiýa halkara söwdalaryna işeňňir gatnaşýar. Onuň eksporty 2018-nji ýylda 474,8 mlrd dollar, importy bolsa 483,6 mlrd boldy. Ýurduň altyn walýutasynyň möçberi 69 mlrd boldy. Daşary ýurt bergisi 2,345 trln bolup, bu Beýik Britaniýanyňkydan ýa-da Fransiýanyňkydan iki esse az diýmekdir. Daşyndan çekilen maýa goýumlar 294,8 mlrd dollara ýetip, Italiýanyň daşary ýurtlarda ýerleşdirilen maýa goýumlary 375,8 mlrd dollarlyk boldy.

Bu makroykdysady görkezijiler ýurduň ykdysady ýagdaýynyň gowudygyna şaýatlyk edýär. Bu ýurduň milli hojalygyny ösdürmegiň dürli ýagdaýlarynyň peýdalanylmagy, şonuň bilen birlikde ýurduň netijeli bank ulgamynyň döredilmegi we ulanylmagy netijesinde mümkin boldy.

Italýan ykdysadyýetiniň aýratynlyklarynyň biri hem ýurduň milli baýlygynyň azsanly monopoliýalaryň elinde jemlenenligidir. Mysal üçin, himiýa we elektroniki önümçiliginde «Montedsion», awtomobil senagatynda «Fiat», rezin tehniki senagatynda «Pirelli» ýaly monopoliýalar agalyk edýärler. Şolbir wagtyň özünde döwlet orta, kiçi we ownuk telekeçiligi ösdürmeklige ýykgyn edýär. Iri monopoliýalary paýdarlar jemgyýetine öwürmeklik işini güýçlendirýär. Iri kompaniýalaryň paýnamalarynyň gözegçilik bukjasyny döwlet eline almaga jan edýär. Döwletiň özi ýurtda iň iri telekeçi bolup çykyş edýär. Ykdysadyýete döwletiň goşulyşmasy aýratyn-da energetikada, metallurgiýada, gämigurluşykda, ýeňil senagatda has ýokarydyr. Birnäçe iri banklar millileşdirildi. Ykdysadyýetindäki döwletiň paýy beýleki ösen döwletleriňkiden has ýokary bolup, onuň

ösüş depgini hem çaltdyr. Döwletiň ykdysadyýete goşulyşmasynyň esasy maksady üznüksiz önümçiligi üpjün etmek, hojalygy milli maksatnamalaryň esasynda ösdürmek döwlet we hususy maýany bir ýere jemlemek, merkezleşdirmek, ykdysadyýetde döwletiň paýyny ýokarlandyrmak, serişdeleri gaýtadan paýlamakdan ybaratdyr.

Italiýanyň ykdysadyýetiniň oňaýly taraplaryna aşakdaky pudaklar degişlidir. Olara dünýä belli dizaýnerçilik, modaçylyk ugurlar mysal bolup biler. Meselem, awtomobil senagatynda «Fiat», plastmassa önümçiliginde «Montedison», kommunikasiýada «Oliwetti», egin-eşik tikmekde «Benetton» kompaniýalary ýokary dizaýnerli we modaly harytlary öndürmekde dünýäde uly meşhurlyga eýedirler. Şeýle hem birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda Rim imperiýasynyň ýerleşýän ýurdy bolmaklygy, adam eli bilen döredilen ajaýyplyklaryň taryhy binalary, olaryň sany boýunça dünýäde 1-nji orunda bolmagy halkara syýahatçylygynyň üznüksiz akymynyň ýurda gelmegini üpjün edýär.

Bu ýagdaý syýahatçylygyň üznüksiz ösmegine we ondan örän uly serişdeleriň gazanylmagyny şertlendirýär. Ykdysadyýetiň gowşak tarapyna döwlet býujetiniň gytçylygynyň ýokarylygy, döwlet bergisiniň yzygiderli artmagy, ykdysady ösüşiň pesligi, milli baýlygyň Demirgazygyň we Günortanyň arasynda deň paýlanylmazlygy, Günortada işsizligiň 3 esse ýokarylygy, salgyt ulgamynyň ýetmezçilikleriniň kiçi, ownuk kärhanalaryň halkara bäsleşige ukyplylygynyň gowşaklygy, energiýa serişdeleriniň importynyň baglylygynyň örän ýokarylygy degişlidir.

Italiýada bank işi Rimde döredi we grek bankyna meňzeşlikde we şekilinde gurnaldy. Pul goýumlary kabul etmek, pul serişdelerini geçirmek, ýönekeý we ipoteka karzlary bermek, auksionlary guramak we geçirmek boýunça amallary geçirýän hünämenler biziň eýýamymyzdan öňki III asyrda peýda boldular. Döwlet tarapyndan mejbury görnüşde mülkleri hususy eýeçilige satyn almak üçin gönükdirilýän pul maýasynyň toplanýan şertlerinde pul hojalygynyň hünärmenleri birleşikleri döredýärler, olarda telekeçilik töwekgelçiligi ähli gatnaşyjylara deň bölünýär. Bank işi orta asyrlaryň ahyrlarynda Wenesiýanyň we Florensiýanyň ösýän döwründe has giňden gerim

aldy. Bu ýerde täjirçilik banklaryndan başga-da pul serişdelerini hasaplardan geçirmek bilen meşgullanýan we žirobank adyna eýe bolan jemgyýetçilik banklar (1156–1174) öz işlerini amala aşyrýardylar. Şonuň ýaly ilkinji bank Wenesiýanyň «Monte Nuovo» banky boldy. Banklar salgytlary kabul edýän we birnäçe bank amallaryny geçirýän jemgyýetçilik edaralar ýaly bolup çykyş edýärdiler.

Banklaryň soňky ösüşi olaryň işine döwletiň gatnaşmagyna getirdi. 1401-nji ýylda köp şereketleriň – döwletiň karz berijileriniň birikmegi netijesinde Genuýada Respublikanyň karz berijisi bolan ady belli mukaddes Georgiýniň banky emele geldi. Maýa hökmünde oňa gümrükhananyň we döwletiň beýleki girdejileri geçirildi. Bank döwlet tarapyndan ýeňilliklerden peýdalanýardy. Hatda Genuýeziň häkimi çäreler geçende bankyň özbaşdaklygyny gorajakdygyna we onuň gülläp ösmegine ýardam berjekdigine güwä geçip, kasam etmeli bolupdyr. 1463–1505-nji ýyllar aralygynda Rim papasy banka buthananyň bergidarlardan aýrybaşgalaşmagyna rugsat beripdir. Diňe 1675-nji ýylda bu bank wekselli banka öwrülýär.

Şol wagtdan hem ilkinji karz edaralary ýüze çykyp başlaýarlar. Hususan-da 1473-nji ýylda hususy taraplara girewine karz berýän, ilkinji karz edaralary (lombardlar) emele gelip başlady. 1587-nji ýylda Wenesiýada döwlete degişli «Banco di Rielto» žirobank açyldy. Soňabaka bank ulgamynyň ösüşi täze žirobanklaryň we depozit täjirçilik banklarynyň emele gelmeginiň, karz-maliýe edaralarynyň torunyň döremeginiň hasabyna ösüp ugrady. 1893-nji ýylda Italiýanyň milli banky döredilýär, ol bolsa banknotlaryň emissiýasynyň ýeke-täk hukugyna (1926 ý.) eýe bolup, ýurduň merkezi bankynyň wezipelerini ýerine ýetirip başlaýar.

Italiýanyň häzirki zaman bank ulgamynyň esasy taraplary XIX asyryň 20-30-njy ýyllarynda emele geldi. XX asyryň 30-njy ýyllaryndaky çökgünlik bank ulgamyna-da täsirini ýetirdi, bu ýagdaý bolsa döwlete banklaryň ep-esli bölegini millileşdirmäge mejbur etdi we karz ulgamynyň ýokary edaralary hökmünde karzlar we süýşürintgiler boýunça ministrliklerara komiteti we Merkezi emission banky bolan Italiýanyň iki institutyny döretdi.

## 5.2. Italiýanyň bank ulgamynyň gurluşy

Italiýada uruşdan öňki döwürlerde iki derejeli bank ulgamy emele geldi. Birinji derejede karzlar we süýşürintgiler boýunça ministrler komiteti we ýurduň merkezi emission banky bolan Italiýanyň banky, karz ulgamynyň ikinji derejesini täjirçilik banklary we ýöriteleşdirilen karz edaralary emele getirdi (*5.1-nji şekil*).




***5.1-nji şekil.*** **Italiýanyň bank ulgamynyň gurluşy**

Italiýanyň häzirki zaman bank ulgamyna öz aýratynlyklary degişli. *Birinjiden*, bu banklarda döwlet pudagynyň paýy bolup, ol uly bölegi eýeleýär (şeýle banklara 35% depozit, 35% karz we 40% bank ulgamyndaky gullukçylar düşýär). Bank pudagynda döwletiň gatnaşygy 1983-nji ýylda ýatyrylan karzyň üpjünçiligi we bellibir aktiwleriň paýyny ýeriň, oba hojalyk we hereket edýän obligasiýalaryň görnüşinde ulanmaklyk borjy diýen iki görnüşde ýüze çykýar. Soňkusy häzir diňe ýer we oba hojalyk obligasiýalara degişli, olaryň hökmany paýy 4,5%-e çenli peseldi. Döwletiň bank pudagyndaky gatnaşygy syýasatlaşmagyň güýçlenmegi bilen bildirilýär. Çünki banklaryň ýolbaşçysyny bellemeklik syýasy «sortlaşdyrma» ýaly kadalaýyklykda bolup geçýär. Mysal üçin, «Banco nasionale del Raworonyň» prezidenti sosialist, «Banco di Sisiliýanyň» prezidenti respublikaçy, «Banco di Napoliň» prezidenti sosial-demokrat.

*Ikinjiden,* banklar we karz edaralary gysga möhletli, orta möhletli we uzak möhletli karzlaşdyrýan institutlara bölünýärler.

*Gysga möhletli karzlaşdyrýan institutlar* aşakdaky alty sany esasy topary özüne birikdirýär:

– iri firmalary karzlaşdyrýan döwlet karz edaralary, köplenç, täjirçilik banklary;
– bank amallarynyň giň möçberini amala aşyrýan milli bähbitleri araýan banklar;
– köp bölümleri bolup, orta we ownuk telekeçilere we hususy müşderilere hyzmat edýän döwlete degişli däl täjirçilik banklary;
– işleri hususy müşderiler bilen bagly bolup bellibir çäk bilen çäklendirilen amanat kassalar;
– senagat we oba hojalyk önümçiliginiň ownuk we orta kärhanalaryny maliýeleşdirmek üçin niýetlenen hünär we oba-hojalyk institutlary, halk we kooperatiw banklary;
– esasanam, kärhanalara maýa goýum karzlary berýän ýöriteleşdirilen karz institutlary.

*Orta we uzak möhlete karzlaşdyrýan institutlar* çäklendirilen (senagat, oba-hojalyk, ipoteka karzlary, orta we ownuk telekeçileri karzlaşdyrmak) ýöriteleşmegi bilen tapawutlanýar. Ýöriteleşmegiň häsiýeti karzyň möhletini kesgitleýär. Bu institutlaryň köpüsi döwletiňki we döwlete degişli bolmadyk. Olar öz maýalaryny emissiýanyň we zaýomlaryň hasabyna emele getirýärler. Sanlary 1000-den gowrak bolan gysga möhlete karzlaşdyrýan edaralar giňden ýaýrandyr. Italiýanyň bank ulgamy hemişe köpugurly däl, öz işinde ýiti bäsdeş bolmadyk amanat kassalar tarapyndan ýiti bäsdeşlige gabat gelýärler.

Geçen asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyryndan döwletiň paýy entek ep-esli bölegini eýeleýän hem bolsa bank ulgamynyň hususulaşdyrylmagy güýçlendi. Mysal üçin, 1988-nji ýylda «Mediabank» hususylaşdyryldy. Netijede onuň maýasynyň 50%-i hususy taraplara, 25%-i milli bähbitleriň banklaryna we 25%-i döwlete degişli boldy. Soňky ýyllarda Italiýanyň banklary daşky ösüş syýasatyny, esasanam, Fransiýa we Germaniýa bilen bank gatnaşyklaryny alyp barýarlar, Italiýanyň bazary bolsa daşary ýurt banklarynyň goýumlary üçin elýeter boldy.

Karz ulgamynyň ýokary edarasy bolup döwlet instituty hökmünde 1947-nji ýylda döredilen köp hukuklar berlen döwlet içindäki kiçiräk döwlet ýaly bolup çykyş edýän karzlar *we süýşürintgiler boýunça ministrliklerara komitet* çykyş edýär. Onuň wezipelerine aşakdakylar degişlidir:

– Italiýanyň karz ulgamynyň kadaly hereket etmegini üpjün etmek;
– karz syýasatynyň esasy ugurlarynyň işlenip taýýarlanmagy we onuň amala aşyrylmagyna gözegçilik;
– bank ulgamyndaky wajyp düzümleýin üýtgemelere, ýagny täze karz edaralarynyň açylyşyna, ygtyýarnamalaryň çagyrylmagyna gözegçilik. Komitetiň tassyklamagy bilen banklar tertipnamany kabul edýärler, olara üýtgetme girizýärler, ýolbaşçy wezipelere belleýärler;
– karz edaralarynyň işini kesgitleýän kadalaryň we düzgünnamalaryň, gymmat kagyzlaryň emissiýasynyň görkezmeleriniň tassyklanylmagy;
– Italiýanyň bankynyň işine gözegçilik etmek, onuň işi üçin esasy görkezmeleri işläp taýýarlamak.

Wezipeleriniň köplügine garamazdan komitetiň karz ulgamyna gözegçilik etmäge haky ýokdur. Bu wezipäni merkezi bank ýerine ýetirýär.

Karzlar *we süýşürintgiler boýunça ministrliklerara komiteti* gaznaçylygyň ministri bolup çykyş edýän ýolbaşçy dolandyrýar. Komitetiň agzalary bolup jemgyýetçilik işleri ministri, senagat ministri, oba hojalyk ministri, daşary söwda ministri, býujetiň we ykdysady programmalaşdyrmagyň ministri, maliýe ministri çykyş edýärler. Komitetiň işine Italiýanyň bankynyň dolandyryjysy gatnaşýar.

Ministrliklerara komiteti administrasiýa taýdan gaznaçylyk bilen baglylykda iş alyp barýar. Bu arabaglanyşyk, pul dolanyşygyna gözegçilik edýän gaznaçylygyň Baş dolandyrylyşynyň ýanynda ýerleşýär. Ol bolsa komitetiň sekretariaty bilen onuň çözgütleriniň taslamalarynyň üstünden tehniki taýdan işlemek bilen meşgullanýar we döwlet edaralary, şeýle hem karz institutlary bilen zerur bolan aragatnaşyklary belleýär.


10. Sargyt №2512

## 5.3. Italiýanyň banky

Italiýanyň Merkezi banky bolup 1893-nji ýylda döredilen we 1926-njy ýyldan bäri ýurduň ýeke-täk emissiýa merkezi bolup Italiýanyň banky çykyş edýär. Hukuk tarapy hususy paýdarlar jemgyýeti bolsa-da 1893-nji ýyldan başlap Italiýanyň banky döwlet bilen ýakyn gatnaşykda bolýar. 1895-nji ýylda oňa gaznaçylygyň amallaryny alyp barmak wezipeleri tabşyrylýar. 1926-njy ýylda banka karz ulgamyna we lira gözegçilik etmek hukugy berilýär. Häzirki wagtda guramaçylyk tarapdan Italiýanyň banky merkezi emission bank bolmak bilen 300 müň paýnamadan ybarat bolan maýaly edaradyr. Bu maýa bolsa döwlet, şeýle hem süýşürintgi kassalar, köpçülikleýin-hukuk institutlar, milli gyzyklandyrmalaryň banklary, durmuş üpjünçilik institutlary, ätiýaçlyk edaralary ýaly döwlete doly degişli bolmadyk edaralaryň arasynda paýlanandyr. Hakykatda bolsa ol döwlet instituty bolup çykyş edýär.

Italiýanyň merkezi banky pul-karz gurşawynda ýerine ýetiriji we ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmakda täsir ediji ykdysady edara bolup çykyş edýär. Administrasiýa taýdan ol gaznaçylyga degişli, karz syýasatda bolsa ol karzlar we goýumlar boýunça ministrlikara komitetiň görkezmelerine esaslanýar.

Italiýanyň merkezi bankyna ýokary geňeş ýolbaşçylyk etmek bilen, ol ministrler komitetiniň çözgütlerini durmuşa geçirýär. Ýokary mejlis tarapyndan bellenilen dolandyryjy geňeşe ýolbaşçylyk edýär. Mejlisiň düzüminde 12 direktor bolsa-da, olaryň arasynda syýasy işgärler ýokdur. Dolandyryjy dolandyryjydan, baş direktordan, onuň orunbasarlaryndan we dört sany direktordan ybarat bolan ýokary geňeşiň komitetini saýlaýar. Dolandyryjy, baş direktor we onuň orunbasarlary ministrler geňeşi tarapyndan makullanylyp, ýurduň Prezidenti tarapyndan bellenilmeli we islendik wagtda yzyna çagyrylyp bilinýär.

Ýurtda Italiýanyň merkezi bankynyň wezipeleri kanun taýdan diňe bir umumy görnüşde görkezilen. Onuň esasy wezipeleri bolup aşakdakylar çykyş edýär:

– karz pullaryň emissiýasy;

– resmi altyn-walýuta ätiýaçlyklarynyň toplanmagy we saklanmagy (bu ätiýaçlyklar merkezi bankyň aktiwiniň 5%-ini ýa-da 74 905 mln dollaryny tutýar). Altynyň dolanyşykdan çykmagyna garamazdan, olar 2592 tonna bolmak bilen altyn ätiýaçlykda uly bölegi tutýarlar, esasy zat soňky on ýyllyklarda bu san üýtgemedi;

– bank döwletiň kassiri bolup çykyş edýär, onda döwletiň hasaby ýerleşýär, ol ýerde bolsa gelýän we çykýan pullaryň hereketi alnyp barylýar. Bu ýerde Italiýanyň bankynyň we gaznaçylygyň «borçlarynyň» bellibir çäklendirmeleri bardyr. Girdejiler we çykdajylar gaznaçylyk tarapyndan üpjün edilýär, bank olary diňe bellige alýar;

– bank döwlete we karz edaralaryna karz berýär. Döwletiň ýeňillikli karzlary almaga çäksiz mümkinçilikleri bar, olaryň şertleri kanun bilen birwagtda ýa-da her ýylda bellenilýär. Şolbir wagtda hem karz edaralarynyň gaýtadan maliýeleşdirilmegi çäklendirilendir;

– bank karz edaralarynyň işine gözegçilik edýär. Bu hukuklar oňa ministrlikara komitet tarapyndan berildi we italýan banklarynyň jemgyýetiniň goldaw bermegi bilen Italiýanyň banky tarapyndan gönüden-göni amala aşyrylýar. Ministrler komiteti, esasan hem, karz syýasaty gurşawyna we süýşürintgi goýumlary goramaga jogapkärdir. Merkezi bank Komitetiň rezolýusiýalarynyň soraglary boýunça çözgütleriň we teklipleriň taslamalaryny taýýarlaýar, onuň düzgünlerini belleýär we resminamalaýyn, şeýle hem distansion görnüşlerinde gözegçiligi gönüden-göni özi amala aşyrýar. Onuň ygtyýarlygyna banklaryň işine gözegçilik etmek, karz edaralaryny hasaba almaklygy amala aşyrmak, karz ulgamynyň bitewülikde kadaly hereket etmegini üpjün etmek girýär. Maliýe kompaniýalaryna we gazna biržasyna gözegçilik edýän milli topar (komissiýa) gymmatly kagyzlaryň bazarynda karz-maliýe edaralarynyň işine gözegçilik edýär. Italiýada gözegçilik işiniň esasy ýörelgeleri banklar hakyndaky 1993-nji ýylda kabul edilen täze Kanunda görkezilýär. Onda bank we maliýe gözegçilik edaralarynyň derejeleri, eger bank kynçylykly ýagdaýa düşende oňa gönüden-göni gözegçilik etmek we dolandyrmak hukugy berlendir. Banklaryň şeýle toparlaryna gözegçiligi amala aşyrmak üçin birleşdirilen gözegçiligiň aşakdaky konsepsiýasy işlenip taýýarlanyldy:

– bank walýuta dolanyşygyna, liranyň, ýewrozolagyň walýuta birligi bolan ýewronyň hümmetine gözegçiligi amala aşyrýar;

– bank pul-karz syýasatyny amala aşyrýar, onuň esasy ugurlary gaznaçylyk we komitet bilen bilelikde kesgitlenilýär. Kesgitlenilen syýasat bolsa Italiýanyň banky tarapyndan özbaşdak durmuşa geçirilýär. Bank pul köplüginiň ösüşine elmydama gözegçilik edýär we maksatlaýyn ugurlaryň esasynda ony kadalaşdyrmak boýunça zerur bolan çäreleri kabul edýär. Pul-karz syýasatynyň esasy gurallary bolup hasap syýasaty, açyk bazardaky amallar (has hem repo amallary), hökmany iň az ätiýaçlyklaryň syýasaty (25%-e çenli) çykyş edýär. Bu borçlar Italiýanyň banky üçin töleglidir. Bu ätiýaçlyklaryň bankyň balansynyň passiwleriniň uly bölegine düşýänligi onuň aýratynlygy bolup çykyş edýär;

– bank nagt däl hasaplaşyklaryň guralyşy bilen meşgullanýar. Italiýanyň bankynyň amallary bolup pul serişdelerini çekmek (passiw) we olary ýerleşdirmek (aktiw) boýunça amallar çykyş edýär. Passiwlere banknotlaryň emissiýasy, maýalar we ätiýaçlyklar degişlidir. Esasy aktiw amaly bolup üzülmek möhleti dört aýdan köp bolmadyk wekselleriň gaýtadan hasaba alynmagy çykyş edýär. Merkezi bank tarapyndan Italiýada hususy müşderileriň wekselleriniň göni hasaba alynmagy gadagandyr. Döwletiň gymmatly kagyzlaryna, ipoteka, karz edaralarynyň obligasiýalaryna, möhleti dört aýdan ýokary bolmadyk girew şahadatnamalaryna bank girewine karz berýär we döwletiň gymmatly kagyzlaryna maýa goýýar.

## 5.4. Italiýanyň täjirçilik banklary

Italiýanyň bank ulgamynyň özeni bolup karz edaralary diýip atlandyrylýan alty sany bank, milli ähmiýetli üç sany bank şahamçalary we hususy banklar çykyş edýärler.

Italiýanyň *täjirçilik banklary* gysga möhlete karzlaşdyrýan institutlaryň toparyna degişlidir. Kanun boýunça olar 18 aýdan köp bolmadyk möhlete karz berip bilýärler. Ýöne uzak-orta möhlete karzlaşdyrýan banklaryň araçyl bolmagynda gysga möhletli birža ylalaşygynyň üsti bilen bu kanuny ulanmazdan banklar karzlary

islendik möhlete berip bilýärler. Şonuň bilen baglylykda täjirçilik banklary köpugurly häsiýete eýedirler. 1936-njy ýylda olary ýöriteleşdirmeklige synanyşyklar edilen bolsa-da, onuň netijesinde gozgalýan emläkleriň banklary, maýa goýum we depozit banklar ýüze çykdylar.

*Depozit banklara* ilkibilen milli bähbitleri araýan şahamçalary bilen üç sany bank degişlidirler. Olar senagaty üýtgedip gurmaklyk institutyna degişlidir. Olara bank ulgamynyň 11%-e golaý depoziti, 12,1% karzy degişlidir. Depozit banklar has iri (olara bäş sany bank degişli), orta (11 bank), ownuk (20 bank), has ownuk banklara (194 sany) bölünýärler.

***Gozgalýan emläk banklaryna*** bäş sany bank degişlidir, olar döwletiňki bilen bäsleşýärler, sebäbi olar aslynda hususydyrlar. Olara «Sesion» (Sezione), «Institute di kredite fondario» (Institute di credito fondario), «Edifisio» (Edifizio), «Agrario mobiliane» (Agrario mobiliane) banklary degişlidir.

***Maýa goýum banklaryna*** senagaty, ownuk we orta firmalary, şeýle hem ýurduň infrastrukturasyny orta möhlete hem-de uzak möhlete karzlaşdyrýan döwlet banklary we döwlete doly degişli bolmadyk banklar degişlidir. Olaryň arasynda «Institute Mobiýare Italýano», «Midibank», «Efibanko», «Isweýmer», «Irfis», «Çis» banklar bardyr. Italiýa üçin hususyýetçilik görnüşi boýunça garyşyk ýa-da döwletiň eýeçiligindäki bolup, karzlary diňe bir senagata däl, eýsem döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin berýän ikinji görnüşli banklar mahsusdyrlar.

Eýeçiligiň görnüşi boýunça täjirçilik banklary, esasan hem, döwletiňki bolup çykyş edýärler. Şeýlelikde döwlet banklarynyň iki görnüşi tapawutlanýar. *Birinjiden,* gönüden-göni döwlet eýeçiligindäki bolup çykyş edýän karz edaralary we sebitara banklar. Olaryň döredilmeginde aýry-aýry sebitleriň ösdürilmegini höweslendirmek boýunça döwletiň borçlary uly ähmiýete eýe bolýarlar. *Ikinjiden,* döwletiň aralykçy bolup gatnaşýan banklary. Olara senagaty üýtgedip gurmak institutynyň garamagyndaky banklar degişlidir.

Umuman täjirçilik banklary aşakdaky görnüşlerde bolup bilýärler:

1. *Doly döwlet eýeçiligindäki we bölekleýin döwlet eýeçiligindäki banklar*. Olaryň arasynda aýratyn orun aşakdakylara degişlidir:

– birnäçe şahamçasy bolan «Banko nasionale del Laworo» (Banco nationale del Lavoro), şol sanda «Banko Tiburtina»-nyň (Banco Tiburtina) şahamçasy; (Sesione), ýedi sany ýörite bölüm; «Finanziarta italiana di partecipazioni» banky; nagt serişdeleriň (EFIBANCA) banky; 18 sany lizing jemgyýeti; faktoring boýunça 28 jemgyýet; daşary ýurtda 35 bölüm we on sany şahamça banklar.

– «Institute San Paolo di Torino» (Instituto San Paolo di Torino) banky. Ol «Banco Lariano» we «Banco provintiale Lombarda» täjirçilik banklarynyň iki şahamçasyny, iki maýa goýum banky, maliýe önümi satmak boýunça jemgyýeti, gymmatly kagyzlaryň bukjasy bilen dolandyrmak boýunça iki jemgyýeti, lizing amallaryny geçirmek boýunça dört şahamçany, faktoring boýunça şahamçany, daşary ýurtdaky sekiz bölümi we dört banky özüne birikdirýär.

– sebitara «Banko di Napoli» (Banco di Napoli); «Banko di Sisiliýa» (Banco di Siziliýa), «Monte del Paşi di Siýenna» (Banco del Pasxhi di Sienna), «Banko di Sardiniva» (Banco di Sardegna) banklar;

– milli ähmiýetli üç bank, ýagny adaty şertlerde iki täjirçilik banky özüne birikdirýän, faktoring, lizing, gymmatly kagyzlary dolandyrmak boýunça şahamçasy bar bolan «Mediobankyň» maýasy bilen gatnaşýan (oňa maýanyň 18%-e golaýy düşýär), şeýle hen daşary ýurtda dokuz şahamçasy bar bolup, şol sanda «Zýudameris» banka (Sudameris) (maýasynyň 48%-i) gatnaşýan «Banko commersiale Italiano» (Italiýanyň täjirçilik banky); Rimiň banky (Banco di Roma) we «Credito Italiano» (Credito Italiano) banklar.

Geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň başynda täjirçilik banklary ýuwaş-ýuwaşdan hususylaşdyrylyp başlanýar. Netijede gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň we olary biržada ýerleşdirmekligiň dowamynda, şeýle banklarda döwletiň paýy 51%-e çenli azaldy.

2. *Hususy banklar.* Olaryň arasynda has bellisi «Ambroweneto» (Ambroveneto). Hususy banklar ýüze golaýdyr diýip hasaplanýar. Adaty karzyň banky diýip atlandyrylýan hususy banklaryň paýy, döwlet pudagynyň giňeldilmegi netijesinde köp wagtyň dowamynda azaldyldy. Ýöne muňa garamazdan oňa depozitleriň 24%-i we 26%-e golaý bank pudagynyň karzlary degişlidir. Hususy banklar milli,

şeýle hem daşary ýurt banklar tarapyndan birikdirilmegiň pidasy bolup çykyş edýärler. Täze döredilen hususy banklaryň arasynda soňundan çöken «Banko Ambro-ziano» bankynyň, «Banko Katgolika del Weneto» (Wenesiýanyň Katolik bankyny) bankyny özüne birikdiren «Täze Ambro-ziano Bank» bankynyň adyny tutmak bolar. Bu banklaryň gatnaşmagy netijesinde banklaryň milli klassifikasiýasyna (toparlanmasyna) laýyklykda aktiwleriniň ululygy boýunça onunjy bolup çykyş edýän, hususy italýan topary döredildi.

## 5.5. Italiýanyň ýöriteleşdirilen banklary

Italiýanyň bank ulgamy köpdürli bolup täjirçilik banklaryndan başga-da öz içine ýöriteleşdirilen banklary alýar. Has köpsanly banklar bolup *halk bankynyň* (banco popular) topary çykyş edýär. Olaryň müşderileri bolup oba hojalyk işgärleri we hünärmenler çykyş edýärler. Şeýle banklar özara we kooperatiw karzyň toruny döredýärler. Hukuk tarapyndan olara kooperatiw edaralar üçin bellenen düzgünnamalar degişlidir, hususan-da gatnaşyjylaryň paýlarynyň ululygy kesgitlenendir, paýyň ululygyna garamazdan her bir gatnaşyjy diňe bir ses bilen peýdalanyp bilýär. Beýle banklaryň sany köp bolsa-da, olaryň eýeleýän orny känbir uly däldir. Halk banklarynyň esasy bäsdeşleri bolup, oba hojalyk müşderilerinde uly ynam bilen peýdalanylýan süýşürintgi kassalar çykyş edýärler. Halk banklary milli assosiasiýa we tehniki assosiasiýa diýen iki sindikata birleşdirilendirler. Olary öz gezeginde şeýle edaralar üçin mahsus bolan wezipeleri ýerine ýetirýän özboluşly merkezi bank birikdirýär.

*Işewür banklar* känbir uly topar bolup çykyş etmeýärler. Bu bolsa biržanyň, maliýe bazarynyň kän ösmändigi we döwlet pudagynyň kuwwatlylygy bilen düşündirilýär. Işewür banklar dürli maliýe bazarlarynda öz hasabyna ýa-da üçünji tarapyň adyndan hereket edýärler we hususy taraplaryň hem-de kärhanalaryň emlägini dolandyrýarlar. Olar gymmatly kagyzlar we olaryň bazarlary bilen bagly bolan işlere ýöriteleşýärler ýa-da maliýe institutlar ýaly çykyş edýärler, ýa-da täjirçilik banklaryna mahsus bolan amallary ýerine ýetirýärler.

Has iri işewür bank bolup «Mediobank» (Mediobanca) çykyş edýär, onuň maýasy milli döredijileriniň üç sany bankynyň we hususy eýeleriň arasynda paýlanandyr. Administratiw wezipeleriniň deň mukdaryna baglylykda hususy paýdarlar banklar ýaly deň hukuklara eýedirler. «Mediobank» orta we uzak möhlete karzlaşdyrýan institutlara degişlidir we senagat maýa goýumyna gatnaşýar. Ol 1989-njy ýyldan başlap bölekleýin hususylaşdyryldy. Bu bankdan başga-da «Ýewromobilýare» (Euromoiliare) banky we «Praým-Meriel fonde» (Prin Menei funds SPA) jemgyýetini agzap bolar.

*Ipoteka banklar* känbir uly ösmedik, olar köp däldir. Bu ipotekanyň känbir ösmänligi bilen baglydyr. Düzgün boýunça ipoteka banklar döwletiňki ýa-da döwlete doly degişli bolmadyk banklardyr. Olaryň arasynda esasylar bolup «Institute Mobilýare Italýano», «Midibank», «Efibank» banklary çykyş edýärler.

Italiýa köp wagtlap daşary ýurt banklarynyň açylmagy çäklendirilen ýurt bolup çykyş etdi. 1985-nji ýyldan başlap bu çäklendirmeler ýatyryldy, bu bolsa daşary ýurt banklarynyň gelmegine, hasam fransuz we nemes banklarynyň we täze şahamçalarynyň açylmagyna getirdi. Şolbir wagtda-da italýan banklary öz daşary ýurt banklarynyň toruny giňeldýärler.

Italiýanyň bank ulgamynda aýratyn orun, ownuk süýşürintgileri ýygnamak bilen meşgullanýan *süýşürintgiler kassalaryna* degişlidir. Ilkinji süýşürintgi kassa Italiýada 1822-nji ýylda peýda bolýar. Ol Awstriýanyň nusgasynyň esasynda döredilýär. Süýşürintgi kassalaryň esasy wezipeleri ýönekeý adamlaryň süýşürintgilerini höweslendirmek bolupdyr. Soňlugy bilen ol ähli beýleki welaýatlara-da ýaýraýar. 1927-nji ýylda olaryň sany 204-e ýetipdir, emma soňra olary birikdirmek işi başlanýar, bu bolsa olaryň ep-esli azalmagyna getirdi. Häzirki wagtda süýşürintgi kassalaryň sany 80-e golaý bolup, olar has iri, iri, orta, ownuk, has ownuk diýen bäş topara bölünýärler.

Süýşürintgi kassalaryň esasy amallary goýumlary kabul etmek, hasaplaşyk nagt däl amallar, gysga möhletli karzlaşdyrmak bolup, bu bolsa olara täjirçilik banklarynyň bäsdeşleri bolmaga mümkinçilik berýär.

Süýşürintgi kassalaryň işi düzgünnama (ustaw) bilen tertibe salynýar. Mysal üçin, olara söwda amallary bilen meşgullanmak gadagan, maýa goýumlar boýunça bolsa kepil talap edilýär.

Süýşürintgi kassalar döwlet edaralary bolup çykyş edýärler. Döredijä baglylykda olar ýerli hökümet edaralary tarapyndan döredilen we şahsy taraplaryň esasy assosiasiýalary diýen iki topara bölünýärler. Iki ýagdaýda-da geňeşiň ýolbaşçysy edilip, maliýe ministri bellenilýär.

Süýşürintgi kassalaryň ulgamynyň düzümi iki häkimiýetlilige esaslanandyr. Bir tarapdan olar kärdeşler bileleşigi bolan Italiýanyň süýşürintgi kassalarynyň assosiasiýasyna degişli bolmak bilen, olaryň bähbitleriniň resmi wekili bolup çykyş edýärler we maslahat bermek hyzmatlary hem-de umumy häsiýetli hyzmatlary amala aşyrýarlar. Beýleki tarapdan, süýşürintgi kassalar administrasiýa taýdan Italiýanyň süýşürintgi kassalarynyň karz institutyna tabyn bolmak bilen, onuň wezipelerine hususan-da, ulanylmaýan serişdeleriň ulanylmagy girýär. Ol süýşürintgi kassalar üçin merkezi bankyň wezipelerini ýerine ýetirýär, gymmatly kagyzlara goýmak ýoly bilen olaryň serişdelerini birikdirýär, süýşürintgi kassalary we beýleki maliýe döwlet edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirýär. Ondan başga-da Wenesiýanyň iki kassasynyň hususyýetçisi bolup çykyş edýän süýşürintgi kassalaryň Federal institutyny tapawutlandyrýarlar. Ol oba hojalygyny maliýeleşdirmekde uly orun eýeleýän kassalaryň ýöriteleşdirilmegi sebäpli döredildi. Onuň wezipeleri bu gurşawda kassalaryň işini kadalaýyk getirmek (koordinirlemek) we gaýtadan maliýeleşdirmek bolup çykyş edýär.

1990-njy ýylda peýda bolan süýşürintgi kassalaryň ösüşindäki esasy ugur olaryň birleşmegi we banklara öwrülmegi bolup, netijede maýanyň düzüminiň özgerilişi bolup geçdi. Häzirki wagtda has iri süýşürintgi kassa Lombardiýa ülkesiniň süýşürintgi kassasy we şolbir wagtda dünýäde iň iri kassa bolan «CARJPLO»-dyr.

Italiýada banklardan başga-da maliýe edaralarynyň giň tory hereket edýär. Olaryň aýratynlygy bolup serişdeler hökmünde öz hususy maýasy ýa-da maliýe bazarynyň karzlaryny ulanmak çykyş edýär. Olar üçin işjeň amallar hökmünde ýöriteleşdirilen karzlary

bermek we gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallar häsiýetli bolup, olardan gelýän girdejiler hususy gaznalary doldurýar. Köplenç ýagdaýlarda şeýle edaralar maksatlaýyn ugur boýunça döredilýär. Şeýle maliýe edaralarynyň arasynda aşakdakylary tapawutlandyrmak bolar:

1) Söwda we senagat kärhanalaryna karz bermek bilen meşgullanýan we olarda paý esasynda gatnaşmaga hukugy bar bolan edaralar. Olar täjirçilik banklarynyň dürli toparlarynyň şahamçalary görnüşinde çykyş edýärler. Olaryň arasynda esasylary bolup ortamöhletli we uzakmöhletli karzlary berýän «Mediobankyň», «Eksport-import» bankyň, «Interbankyň» şahamçalary çykyş edýärler. Ol topara senagat we söwda kärhanalaryny maliýeleşdirýän «Institute Mobilýare» girýär. Olar ýöriteleşdirilen karzlaşdyrýan edaralaryň hataryna girýärler. Olar dürli derejelere eýedirler. Olaryň arasynda «Institute Mobilýare Italýano» gozgalmaýan emlägiň girewine orta we uzakmöhletli karzlaşdyrmak bilen meşgullanýan has wajyby bolup çykyş edýär. Eksporty maliýeleşdirmekde ýöriteleşýän «Mediokredit» toparam ondan känbir pes däldir. Emma ony gozgalýan hususyýetçilik bilen meşgullanýan edaralaryň toparyna degişli edýärler. Ondan başga-da paý esasynda gatnaşýan edaralar umumy we hususy guramalar ýaly çykyş edip bilýärler. Olaryň ählisi salgyt ýeňilliklerinden peýdalanýan «wençur maýasynyň» guramalarydyr. Oňa mysal bolup ownuk we orta kärhanalarda paý esasynda gatnaşmakda ýöriteleşýän «Mediokredito sentrale» çykyş edýär.

2) Depozit-konsignasion (karz) kassalar. Italýan poçta süýşürintgi ulgamyň we poçta gündelik hasaplarynyň ulgamynyň merkezi bolup «Kassa di depozite prestijiti» («Cassa di deposit e prestititi») çykyş edýär. Ol gymmatly kagyzlary çykarýar we edara görnüşli taraplardan depozitleri kabul edýär, ýerli toparlara karz berýär we käbir ýerli edara görnüşli taraplaryň gündelik hasaplaryny ýöredýär.

3) Oba hojalygyny karzlaşdyryjy edaralar. Italiýada oba hojalygyny karzlaşdyrmak wezipelerini ýerine ýetirýän birnäçe sebitleýin we milli guramalar bar. Hususan-da käbir täjirçilik banklarda we süýşürintgi kassalarda agrar karzynyň ýörite bölümleri hereket edýär. Mysal üçin, Neapolitan we Sisiliýanyň banklary, «Banko di

Sardinýa» oba hojalyk banklary bolup çykyş edýärler. Şol wagtda beýleki edaralar, şeýle hem oba hojalyk karzynyň federal institutlary bardyr.

4) Ýaşaýyş jaý gurluşygyny maliýeleşdirmek boýunça edaralar. Olara ilkibilen gozgalmaýan emlägi karzlaşdyrmk boýunça bölümleri bolan iri banklar we süýşürintgi kassalar, mysal üçin, Neapolitan we Sisiliýanyň banky, şeýle hem milli derejedäki jemgyýetçilik guramalar, hususan-da «Institute Italýano di kredite edifasio» we sebitleýin «Pýemont – Walle d Aosta» degişlidir. Ondan başga-da jemgyýetçilik işlerini maliýeleşdirmek boýunça ýörite edaralar hereket edýärler, olar, köplenç, iri maliýe edaralarynyň awtonom bölümleridir.

5) Daşary söwda banklarynyň arasynda has belli atlylary bolup daşary söwdany karzlaşdyrmak üçin 1952-nji ýylda döredilen «Mediokredito sentrale» çykyş edýär. Ol gaznaçylyk tarapyndan doldurylyp duran dotasiýa gaznalar bilen ygtyýarlyk edýär.

6) Sarp edişi karzlaşdyryş edaralary. Italiýada orta asyrlar döwründe gozgalýan emlägi girewine goýmak bilen garyplary karzlaşdyrýan, dine tabyn edýän jemgyýetler ýüze çykypdyr. Ilkibaşda şeýle karzlar göterimsizdiler. Häzirki wagtda Italiýada süýşürintgileriňki ýaly şol ýörelgelere esaslanan we şol düzgünlere boýun egýän sekiz sany karz kassalary hereket edýär.

Italiýanyň häzirki zaman bank ulgamy ösüşini dowam edýär. Döwlet emlägini hususylaşdyrmaklygy niýet edinýän ugur, ýöriteleşdirilen karz edaralarynyň geljekde giňelmegine, täjirçilik banklarynyň sanynyň köpelmegine, olaryň gurluşynyň we amallarynyň möçberiniň üýtgemegine alyp barýar.

## 5.6. Italiýadaky bank gözegçiligi

Italiýada bank we maliýe gözegçiligi karzlar we goýumlar boýunça ministrlikara komitet, Italiýanyň banky we maliýe kompaniýalaryna hem-de gazna biržasyna gözegçilik boýunça milli komissiýa tarapyndan amala aşyrylýar. Maliýe ministri tarapyndan ýolbaşçylyk edýän bu edaralaryň birinjisi, esasan, karz syýasatynyň gurşawyndaky we goýumlary goramaklykdaky umumy gözegçilige

jogap berýär. Italiýanyň merkezi banky Komitetiň rezolýusiýalary boýunça gözegçiligiň soraglary babatdaky çözgütleriň we teklipleriň taslamalaryny taýýarlaýar. Onuň düzgünlerini belleýär we özi resminamalaýyn, şeýle hem distansion görnüşlerinde gözegçiligi amala aşyrýar. Maliýe kompaniýalaryna we gazna biržasyna gözegçilik boýunça milli komissiýa gymmatly kagyzlar bazarynda karz maliýe edaralarynyň işine gözegçilik edýär. Italiýada gözegçilik işiniň esasy ýörelgeleri 1993-nji ýylda kabul edilen banklar hakyndaky täze kanunda görkezilendir. Kanunda bank we maliýe gözegçilik edaralarynyň derejesi, gözegçiligi amala aşyrmaklygyň we eger ol kyn maliýe ýagdaýyna sezewar bolsa, onda banky göni dolandyrmagyň yzygiderligi bellenendir.

1980-nji ýylda Italiýada holding görnüşinde gurnalan, maliýe we bank kompaniýalaryndan düzülen bank toparlaryna gözegçilige uly üns berlip ugraldy. Bu toparlara gözegçiligi amala aşyrmak üçin birleşdirilen gözegçiligiň konsepsiýasy işlenip düzüldi, oňa laýyklykda topara girýän aýry-aýry bank institutlaryna däl-de, toparyň işine bitewülikde gözegçilik amala aşyrylýar.

## 5.7. Italiýanyň bank ulgamynyň reformalaşdyrylmagy

Italiýanyň bankynyň reformalaşdyrylmagynyň çäklerinde onuň hususyýetçileriniň düzümini üýtgetmek hakyndaky sorag ýüze çykdy. Häzirki wagtda bu soragy işläp düzmekligiň gurluşy döwlet edaralary we ýurduň parlamenti bilen bilelikde işlenýär. Bankyň has takyk täze eýeleri hökmünde, 3,5 mlrd ýewrolyk maýasy bolan, ykdysadyýeti we ýurduň maliýe ulgamyny ösdürmek boýunça döwlet maksatnamalaryny karzlaşdyrýan döwlete degişli «Cassa Depoziti Prestiti» banky hem-de bank gaznalary çykyş edýärler.

Italiýanyň bankynyň reformalaşdyrylmagynyň ikinji ugry bolup onuň gaýtadan gurmak we içerki çykdajylarynyň azaldylmagy çykyş edýär. Bu ugruň çäklerinde birnäçe ýylyň dowamynda Italiýanyň sebitlerinde bank bölümleriniň sanyny 97-den 38-e çenli azaldylmagyny göz öňünde tutýan meýilnama taýýarlanyldy. Emma bu meýilnama garşy bolup kärdeşler arkalaşyklary çykyş etdiler. Olar

bilen geçirilen ylalaşyklaryň netijesinde azaldylmaly şahamçalaryň sany 59-dan 33-e getirildi, bank işgärleriniň umumy sanynyň 7500 adam bolmagynda, 900 adam işden çykarylmaly edildi. Bu ýagdaýda adam sanynyň azaldylmagyny pensiýa möhletinden öň çykarylmagy we maliýe kömek puluny almak bilen öz islegi boýunça işden çykarylmagy höweslendirmekligiň shemasy boýunça geçirmeklik bellenildi.

Täjirçilik maliýe institutlarynyň hereket emegi 1993-nji ýylyň 27-nji awgustynda kabul edilen «Bank we karz işi hakyndaky» kanuna laýyklykda amala aşyrylýar. Kanun bank gurşawy boýunça italýan kanunçylygyny Ýewropanyň direktiwasynyň ýagdaýlary bilen laýyk gelmeklige getirdi we italýan bank pudagynyň düzümini täzeledi. Giňden ýaýran ýöriteleşdirilen karz institutlarynyň aratapawutlaryny we karz işiniň wagtlaýyn hereket edip gelýän funksional we çäk toparlanmasyny aradan aýyrdy.

Senagat bilen ýeterlik aragatnaşygy bolmadyk we döwlet eýeçiliginiň uly bölegi bilen häsiýetlenýän dar ugurly banklaryň öňki hereket edýän ulgamyndan tapawutlylykda, kanun hyzmatlaryň ähli görnüşlerini hödürleýän köpugurly banklaryň täze nusgasynyň ýüze çykmagyna ýardam berdi. Ondan başda-da bu kanun bank işiniň telekeçilik häsiýetini resmi tarapdan belledi, banklaryň arasynda bazar bäsleşigi üçin şertleri döretdi we jemgyýetçilik institutlaryndan banklary paýdarlar jemgyýetine geçirmek üçin hukuk esaslaryny girizdi.

Italiýanyň bank pudagyny täze kanunçylygyň talaplaryna laýyk getirmeklik Italiýada we Ýewropa Bileleşiginde, şeýle hem dünýäniň beýleki ykdysady sebitlerinde ýüze çykan amatsyz ykdysady we maliýe şertlerinde bolup geçdi. Ykdyadyýetiň durnuksyzlygy italýan bank ulgamynyň ýagaýyna we netijelelerine ýaramaz täsirini ýetirdi. Italiýadaky önümçilik işiniň hakyky ýagdaýy karzlaşdyrmagyň ösüş depginleriniň saklanmagyny kesgitleýärdi. Ýurduň parlamenti Italiýanyň maliýe pudagynyň işini kadalaşdyrýan kanunlaryň toplumyna gaýtadan seretmäge girişdi. Netijede kanunçylygyň maliýe bazarlaryna gözegçiligiň berkidilmegine, audit gözegçiligiň täze gurluşynyň emele gelmegine we banklaryň maliýe-ykdysady işine barlag geçirmegine, şeýle hem bank edaralarynyň ýolbaşçy işgärleri-

niň hukuk bozmalary üçin administratiw we jenaýat jogapkärçiliginiň güýçlendirilmegine degişli ugurlaryna üýtgeşmeler girizildi.

Täze bank kanunçylygynyň kabul edilmegi we ýeke-täk Ýewropa maliýe bazarynyň emele gelip başlamagy, italýan bank pudagynyň maýalaşmagyny we bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak hakyndaky ýiti soragy öňde goýdy. Bu öz gezeginde döwlet edaralaryna, Italiýanyň banklarynyň birleşigine we öňdebaryjy kärdeşler arkalaşygynyň federasiýalaryna bank pudagynyň ösüşiniň «1997-nji ýylyň 4-nji iýunyndaky bank pudagynyň ösüşiniň protokoly» diýip at alan ýeke-täk maksatnamasyny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça güýçlerini birleşdirmäge getirdi. Protokolda Italiýanyň bank pudagy öz esasy Ýewropaly bäsdeşleri bilen deňeşdireniňde has amatsyz şertlerde hereket edýärler diýlip bellenilýär. Resminamada işleriň hemmetaraplaýyn ösüşini we ýeke-täk Ýewropa walýuta bazarynyň emele gelmegini göz öňünde tutmak bilen, dörän ýagdaýy düzetmek barada mesele goýuldy.

Ilkinji nobatdaky meseleler hökmünde aşakdakylar kesgitlenildi:

– Ýewropa ölçegleri boýunça maliýe taýdan pes kuwwatly köpsanly banklardan bäsleşige ukyply iri maliýe institutlarynyň toruny emele getirmeklige geçmek;
– köp banklaryň hususyýetçileriň kooperatiw görnüşine eýe we ownuk hususyýetçileriň köp sanyndan ybarat ulgamdan ýeterlik maliýe serişdelerine eýelik edýänleriň ellerinde paýnamalaryň uly böleginiň jemlenmeginiň peýdasyna el çekmek;
– bank institutlarynyň düşewüntliligini ýeterlik derejä ýetirmeklik.

Ýokardaky görkezilen maksatnamany durmuşa geçirmekligiň çäklerinde Italiýanyň bank pudagynyň ösüşi Ýewropanyň esasy bank ulgamlary bilen bäsleşige ukyplylygyň we bankyň maliýe mümkinçilikleriniň tapawudyny köp derejede, hususyýetçilikleriň düzümini amatlaşdyrmakda, halkara bazarlarynda orun tutmagy we düşewüntliligiň zerur bolan derejesini üpjün etmekde üzňeligi azaltmaga mümkinçilik berdi. Şoňa baglylykda 2018-nji ýylyň ahyryna bank pudagynyň jemi aktiwleriniň derejesini 4800 mlrd ýewro çenli (JIÖ-den 190%) ýetirmek başartdy; berlen karzlaryň we JIÖ-niň

gatnaşygynda 94%-e çenli, banklaryň paýyny italýan ykdysadyýetiniň goşulan gymmatynda 4%-e çenli, pudakda işleýänleriň sanyny 340 müň adama we şertnamalaýyn işleýänleriň sanyny 31,5 müň işgäre çenli azaltmak, 2018-nji ýyla çenli banklar tarapyndan tölenilen salgytlaryň ösüş derejesini 18,7 mlrd ýewro çenli üpjün etmek başartdy (bu bolsa italýan kompaniýalarynyň tölän salgytlarynyň umumy 10%--ini düzýär).

Öňdebaryjy bäş sany bank toparynyň aktiwleriniň ortaça ululygy 1993-nji ýylda 89 mlrd ýewro bolanlygyndan, 2018-nji ýylda 540 mlrd ýewro çenli ösdi. Şol görkeziji birinji üç bank topary üçin şol döwürde 96-dan 469 mlrd ýewro çenli köpeldi.

Halkara ýagdaýlarynda hem italýan banklarynyň işi ep-esli işjeňleşdi. 2018-nji ýylyň ahyrynda Italiýanyň 26 bank topary daşary ýurtlarda hereket edýärdi. Olaryň amallarynyň 26,4%-i daşary ýurt taslamalaryna degişlidi. Soňky görkeziji ýurduň birinji bäş bank topary üçin 38,3%-e ýetýärdi. Öz gezeginde Italiýada hereket edýän ýurduň bank pudagynyň amallarynyň umumy möçberinde daşary ýurtlulara degişli bank düzümleriniň paýy 2017-nji ýylda 17,8% bolanlygyndan 2018-nji ýylyň ahyryna çenli 18,9%-e deňdi. Bu görkeziji Germaniýa, Fransiýa we Ispaniýa garanyňda ortaça alnanda has ýokarydy.

Daşary ýurtlarda italýan banklarynyň işlemeginiň güýçlenmegi bu bankalaryň işleýän çäklerine italýan önümçilik kompaniýalarynyň gelmegine ýardam berdi. Kompaniýalar bellibir italýan banklaryna daýanýardylar, çünki olar bilen öz ýurtlarynda hyzmatdaşlygyň tejribesini toplapdylar. Öz gezeginde daşary ýurt maýasy üçin italýan bank bazarynyň açylmagy ýurduň maliýe ulgamyna goşmaça serişdeleri çekmäge mümkinçilik döretdi. Hususan-da, paýnamalary biržada bahalanyp başlan (kotirowkasy) bankalaryň sany iki esse (70%-e çenli) köpeldi. 2018-nji ýylyň ahyryna çenli italýan bank pudagynyň maýalaşmagy 447 mlrd ýewro ýetdi (bu san 2000-nji ýylda 194,5 mlrd ýewrody), bu biržada bahalandyrylýan italýan kompaniýalarynyň umumy maýasynyň 33%-ine deňdi. Bu ýagdaý bankalaryň maýasyndan döwletiň düzümleriniň (döwlet edaralary, sebitara we ýerli guramalar) yzygiderli çykmagy bilen alnyp barylýar. Banklarda döwlet düzümleriniň paýy göni we gytaklaýyn 1993-nji

ýylda 72% bolanlygyndan (Ýewropa üçin rekord görkezijisi), 2018-nji ýylyň ahyryna 1%-e çenli peseldi.

Bank maýasynyň jemlenmek ýagdaýy bilen birwagtda, milli bank toparlarynyň arasynda bäsleşik ösüp başlady. Onuň netijesi bolup ilat üçin bank hyzmatlarynyň elýeterliginiň giňelmegi, banklar tarapyndan karzlaşdyrmak boýunça teklipleriň ösmegi we müşderiler üçin kazlaryň gymmatynyň peselmegi çykyş etdi. Şahamçalaryň we goşmaça edaralaryň sany 17 ýylda, ýagny 1989-njy ýyldan 2018-nji ýyla çenli aralykda 15,589 bolanlygyndan 32,399-a ýetdi. Bir wagtky Italiýadaky bank ýetmezçiligi aradan aýryldy.

Banklaryň arasynda bolup geçýän bäsleşik aýry-aýry amallar boýunça olary maržanyň peseldilmegine iterdi. Karzlar we depozitler boýunça ortaça göterimiň arasyndaky üzňelik 2015-nji ýylda 6% bolanlygyndan 2018-nji ýylyň ahyryna çenli 3,95%-e çenli peseldi.

Italiýanyň bank pudagynyň gaýtadan guralmagynyň netijesinde banklaryň içerki çykdajylarynyň azaldylmagynyň we düşewüntliliginiň ýokarlanmagynyň hasabyna onuň işiniň düşewüntliligi ýeterlik derejede artdy. Bank pudagynyň düşewüntliliginiň ýokarlanmagy we düzüminiň kämilleşmegi karz bukjasynyň hiliniň gowulandyrylmagy bilen alnyp baryldy. Häzirki wagtda bank aktiwleriniň töwekgelçiligi boýunça görkeziji taryhy taýdan iň pes derejede saklanýar. 2016-njy ýyldan 2018-nji ýylyň ahyryna çenli döwürde gaýtarylmadyk karzlary 6,5%-den 1,5%-e çenli peseldi.

Pul dolanyşygynyň gurşawynda hem degerli ösüş gazanyldy. Tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak dolanyşyga 1 mln terminalyň üsti bilen nagt pul almak üçin 25 mln italýanlar tarapyndan peýdalanylýan 50 mln töleg kartlaryny goýbermäge mümkinçilik döretdi. Korporatiw pudakda 600 müňden gowrak kompaniýa inkasso amallaryny, tölegleri we hasaplar bilen dolandyrmaklygy amala aşyrmak üçin banklar bilen işinde elektron kanallary ulanýarlar.

2017-nji ýyldan 2018-nji ýylyň ahyryna çenli karzlaşdyrmaklygyň möçberi jemi içerki önümde 70-den 94%-e çenli ýokarlandy. Maliýe soraglary, hususyýtçilige goýlan goýumlar we maýa goýumda gatnaşmak bilen bagly amallar boýunça kompaniýalara maslahat bermek ýaly isleg bildirilýän bank hyzmatlarynyň ulanylmagy

işjeňleşdi. Maliýe degişli däl pudagyň kompaniýalarynda banklaryň sany 6 ýylyň içinde iki esse köpeldi we 2016-njy ýylyň ahyrynda pul görnüşinde maýasy 6,5 mlrd ýewro ýetdi.

Ýetilen sepgitleriň netijesinde italýan bank jemgyýetiniň öňünde täze şertlerde bäsleşige ukyplylygy saklamak üçin bu sepgitler ýeterliklimi diýen sorag ýüze çykdy. Italýan bank pudagynyň görkezijilerini halkara maliýe bazarlarynyň öňbaşçylarynyň görkezijileri bilen deňeşdirmek arkaly bu soraga jogap bermek bolar.

Banklaryň içerki çykdajylarynyň gurluşyna we derejesine gözegçilik iri bank toparlarynda üstünlikli ýerine ýetirilýär. Şonuň bilen baglylykda Italiýanyň bank gurşawynda birikmeklikleriň we goşulmaklyklaryň geçişi italýan bank pudagynyň Ýewropada bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna we halkara bazarlarda onuň orunlarynyň berkemegine oňat başlangyçlary döretdi. Bank maýasynyň ýygnanmagy zerur bolsa-da, Ýewropanyň öňdebaryjy bank ulgamlary bilen deň derejede bäsleşmek üçin ýeterlikli şert bolup çykyş etmeýär. Italiýada şu günki güne çenli bäsleşigiň orunlaryny ýaramazlaşdyrýan sebäpler bolan beýleki Ýewropa döwletleriniň ýagdaýlarynda ýüze çykýan artykmaç salgydyň salynmagy we içerki ýagdaýlaryň derejesinde ters täsir döredýän bank işindäki ýeterlikli däl çeýelik aýrylmandyr.

Bazaryň zerurlyklarynyň üýtgemegini Ýewropaly bäsdeşleriň çalt kabul edijiligini hasaba almak bilen, Italiýanyň bank pudagynyň öňünde bank gullukçylarynyň uly başarjaňlygy we zähmet önümçiliginiň ýokarlanmagynyň meselesi durýar. Bu ýerde gürrüň bank işiniň netijeliligini içerki çykdajylary peseltmek we kabul edilýän dolandyryş we guramaçylyk çözgütleri sazlaşdyrmak bilen ýokarlandyrmak barada gidýär.

Italiýanyň banklarynyň jemgyýeti italýan banklarynyň bäsleşik orunlaryny ýaramazlaşdyrýan bökdençligi aradan aýyrmak maksady bilen aşakdaky käbir gurşawlarda kanunçylyk reformalarynyň geçirilmegini talap edýärler.

*Durmuş ätiýaçlandyrmasy.* Italiýanyň banklarynda işgärleriň artykmaçlygynyň azalmagy haýal barýar. Bu mesele kärdeşler arkalaşyklary bilen ylalaşylan çäreleriň kömegi bilen çözülýär. Hususan-


11. Sargyt №2512

da, pensiýa wagtyndan öň çykmaklyk we bank pudagynyň raýdaşlyk gaznasyndan tölegleri tölemeklik bilen öz islegi boýunça işden çykmak bilen çözülýär. Bu usuly ulanmak arkaly alty ýylyň dowamynda (2012–2018 ý.) banklardan 24 müň adam işden çykaryldy we ýene--de bu usuly ulanmak göz öňünde tutulýar. Bu gaznanyň işi sosial tolgunmalarynyň ýüze çykmagyny aradan aýyrmakda özüni netijeli görkezdi. Şonuň bilen baglylykda gaznany döwletiň maliýe taýdan goldamaklygy barada sorag goýulýar, sebäbi bank pudagyndaky işsizlik meselesi bankyň öz serişdeleriniň hasabyna çözülýär.

*Ýewropa Bileleşiginiň bank gurşawynda kadalaşdyryjy hukuknamalar.* Transserhet bank toparlarynyň işi milli gözegçilikleriň hereket edýän ulgamynyň wagtyň talaplaryna laýyk gelmeýänligini ýüze çykardy. Bu banklaryň şeýle toparlarynyň arasynda bäsleşigiň ösmegine böwet goýup başlady. Bu gurşawda amatly çözgütleri kabul etmäge zerurlyk döredi. Olar öz gezeginde Ýewropa Bileleşiginiň zolagynda oňat bäsleşik ýagdaýlary üpjün etmäge niýetlenilen milli kanunlaryň we Ýewropa Bileleşiginiň binýat ýörelgeleriniň arasynda gapma-garşylyklaryň döremegini aradan aýyrmaga mümkinçilik berdi.

*Banklaryň batmagy we onuň bilen bagly jenaýat jogapkärçiligi.* Banklara zyýan ýetirýän we netijede olaryň batmagyna sebäp bolýan jenaýatçylykly hereketler üçin jenaýat jogapkärçiligini dikeltmeklik teklip edilýär. Bu jogapkärçilik 2005–2006-njy ýyllaryň sepgidinde kabul edilen batmaklyk hakyndaky täze kanunda ýatyrylypdy.

*Kompaniýalara salgyt salmak*. Italiýada hereket edýän salgyt ulgamy wagtyň talaplaryna laýyk gelýär we halkara meýilnamasynda italýan banklarynyň we önümçilik kompaniýalarynyň bäsleşik orunlaryna howp salmakdan başga-da, italýan salgyt gullugynyň kämil bolmazlygy we gapma-garşylyklar milli bank toparlaryny döretmek boýunça amallar geçirilende goşmaça kynçylyklary döredýär.

*Töleg ulgamlary we nagt* tölegleriň *ulanylyşy*. Kanunçylyk derejesinde Italiýada nagt pullary ulanmaklyga çäklendirmeleri girizmek teklip edilýär.

*Süýthorlyga garşy göreş*. Kanuny taýdan karzlaşdyrmaklyga garşy çykmak niýeti bilen 1996-njy ýylda kabul edilen degişli kanun

öz ukypsyzlygyny görkezdi. Oňa laýyklykda banklaryň işine uly zyýan ýetdi. Fransiýada üstünlikli hereket edýän kanunda goýlan binýat ýörelgelerini ulanmagyň esasynda ýurduň kanunynyň gaýtadan işlenilmegi teklip edilýär.

Täze kanunçylygyň kabul edilmegi ýurduň maliýe bazarynyň reformalaşdyrmagyny has işjeňleşdirdi. Gaýtadan düzümleýin gurmagyň esasy ugry bolup banklaryň birikmegi, bank telekeçiliginiň jebisleşmegi we diwersifikasiýasy, bank pudagyna italýan döwletiniň gatnaşmagyny azaltmak boýunça geçirilýän amallar çykyş edýär. Milli bank ulgamyny gaýtadan guramagyň esasy tapgyry, umuman, üstünlikli geçdi diýip hasaplanylýar we ýakyn ýyllaryň içinde onuň tamamlanmagyna garaşylýar.

Häzirki wagtda Italiýanyň iri bank birleşikleriniň düzümi «Unukredito – Kapitaliýa», «Inteza - San Paolo», «Monte Deý Paski Di Siýena», «Italiýanyň Banklarynyň Bileleşigi – UBI» we «Banka Popolare» atly banklardan ybaratdyr. Bank hyzmatlarynyň bazarynda olaryň paýy 51%-e deňdir.

Italiýada hereket edýän 800-e golaý bankdan diňe 140-a golaýy garaşsyzdyr. Olaryň işleriniň möçberi we hereket edýän çäkleri düýpli tapawutlanýar. Olar üçin özleriniň ähmiýetli orunlaryny ilkibaşda işläp başlan çäklerinde saklap galmak wajyp bolup durýar.

Italiýada bank maýasynyň jemlenmek işiniň çäklerinde agalyk edýän bäş sany bank topary bilen ýurduň galan maliýe institutlarynyň arasynda işleriniň möçberinde (masştablarynda) we maliýe mümkinçiliklerinde üzňelik döredi. Bu ýagdaý Italiýanyň ýekemenlige garşy göreş edarasy tarapyndan maliýe bazarynda agalyk edýän bank toparlarynyň paýyny çäklendirmek boýunça çäreleriň kabul edilmegine sebäp boldy. Bu topara girýän banklar boýunça kabul edilen çözgütler oňat öwrenilenden soň olaryň ýeterlik berk toplumlaýyn häsiýetlidigi we ýurduň maliýe bazarlarynda güýçleriň deňagramlylygyny goldamaklyga gönükdirilendigi mälim boldy.

Italýan ykdysadyýetiniň çökgünlik döwründen soň 2016–2017-nji ýyllarda Italiýanyň maliýe bazarlarynyň ösmeginde ynam döredýän ýagdaýlar ýüze çykyp ugrady. Bu ýagdaý ilki bilen Ýewropa Bileleşiginiň zolagynda we dünýäniň beýleki ykdysadyýetlerinde

ykdysadyýetiň janlanmagy bilen bagly bolup, karzlaşdyrmagyň ýokary derejesini saklamak bilen korporatiw, şeýle-de sarp ediş karzlaşdyrmalaryna islegiň ýokarlanmagyna getirdi.

2017-nji ýylda ýewrozolagynda geçen iki ýylyň görkezijilerine garanyňda bank işleňliginiň ösüşi bellige alyndy. Şonda aýry-aýry ýurtlarda ösüşiň depginleri biri-birinden düýpli tapawutlanýardy. Ýewrozolagyň bank institutlarynyň jemi aktiwleriniň ortaça 9,3% ýokarlanmagynda, bu görkeziji Italiýa üçin 11% boldy.

Italýan kompaniýalarynyň maliýe däl pudaklaryna berilýän karzlaryň paýy karzlaşdyrmagyň umumy möçberinde 62,6%-e çenli (ýewrozolagynda ortaça 45,9%) ösdi. Italýan banklarynyň senagat önümini öndürijiler bilen özara gatnaşyklarynyň işleňliginiň artmagyna soňky üç ýylyň dowamynda banklaryň aktiwleriniň we ýurtdaky jemi (walowaýa) senagat önüminiň goýberilişiniň arasynda gatnaşygyň ösmegi şaýatlyk edýär.

Sarp edijilik pudagyna we maliýe däl ugurly kompaniýalaryň pudagyna gönükdirilen jemi aktiwler 2018-nji ýylda 11,5%-e çenli ýokarlandy.

Edara görnüşli taraplary karzlaşdyrmak gurşawynda 2018-nji ýylda gysga möhletli karzlaryň (bir ýyla çenli) paýynyň ýokarlanmagy ýüze çykmak bilen, olaryň paýy 40,6%-e (ösüş 10,5%) barabar boldy. Şonuň bilen bilelikde uzak möhletli karzlaşdyrmagyň (5 ýyldan ýokary) ösüşi dowam etmek bilen bir ýylyň dowamyndaky ösüşi 15,5 %-e deň boldy. 2018-nji ýylyň ahyryna uzak möhletli karzlaşdyrmada edara görnüşli taraplaryň paýy 40% boldy (ýewrozolagy boýunça ortaça 52%). Italiýadaky uzak möhletli karzlaşdyrmaklygyň işjeňleşmegine, ýurduň senagat pudagynda işjeňligiň ösüşi we onuň tehnologiki enjamlaşdyrma işiniň çaltlaşmak alamaty hökmünde seredilýär.

Ýakyn ýyllarda bank aktiwleriniň durnukly ösüşiniň ugry saklanylar. 2017-nji ýylda jaýlaryň gurluşygyny karzlaşdyrmagyň giňelmegi 11%, 2018-nji ýylda – 9,5%, sarp edijilik karzlaşdyrmagynda bu görkezijiler, degişlilikde 12,8% we 13,2% boldy. Kompaniýalaryň maliýeleşdirmegi 2017-nji ýylda 10,4% we 2018-nji ýylda 9,5%-e çenli ýokarlandy. Banklar tarapyndan serişdeleriň çekilmeginiň

ösüşi 2007-nji ýylda – 9,7%, 2018-nji ýylda – 7,1% we 2019-njy ýylda 5,9% boldy. Yzyna gaýtarylmadyk karzlaryň göteriminiň peselmegi 2016-njy ýylda 1,3% bolanlygyndan, 2018-nji ýylda 1%-e çenli dowam etdi.

2017-nji ýylda depozitler boýunça göterim derejeleri 2,4%, 2018-nji ýylda 2,8% boldy. Görkezilen döwürde serişdeleriň çekilmeginiň we ýerleşdirilmeginiň arasyndaky aratapawut üýtgemän, 3,8% bolmagyna galdy.

2017–2018-nji ýyllarda göterimli girdejileriň ýokarlanmagy 7%, göterimsiz girdejileriň ösüşi 2017-nji ýylda 6,4% we 2018-nji ýylda 7,9%-e deň boldy.

Italiýa ýurduň esasy kanunynda merkezi banky agzalmaýan kän bolmadyk ýurtlaryň biri bolup çykyş edýär. Şeýlelikde Italiýanyň banky maliýe ministrliginden 1881-nji ýylda bölünip aýrylan hem bolsa, oňa doly tabyndyr. Banklaryň işine gözegçilik, köplenç, Italiýanyň banky tarapyndan amala aşyrylýar. Italiýa üçin beýleki günbatar ýurtlara garanyňda pullary salgytdan gizlemek bilen bagly bolan göreş işjeňdir. Bu göreş Italiýanyň banky tarapyndan bolşy ýaly, beýleki maliýe edaralar tarapyndan hem alnyp barylýar. Italiýanyň banky tarapyndan barlaglaryň maglumatlaryny derňew edaralaryna geçirmeklik giňden ulanylýar. Täjirçilik banklary hem şübheli amallaryň garşysyna göreşe gatnaşýarlar. Şu güne çenli Italiýada beýleki Ýewropa ýurtlaryndaky çendenaşa salgytlaryň salynmagy we içerki çykdajylaryň derejesine ýaramaz täsirini ýetirýän, banklaryň işindäki ýeterlikli bolmadyk çeýelik ýaly onuň bäsleşikli orunlaryny ýaramazlaşdyrýan ýagdaýlar ýüze çykarylanok. Ýewropanyň integrasiýa ýagdaýy Italiýanyň ykdysadyýetiniň bank pudagynda zerur üýtgeşmeleriň geçirilmegine getirdi.

## Esasy düşünjeler

**Italiýanyň banky** 1893-nji ýylda döredilip, 1926-njy ýyldan başlap Italiýanyň ýeke-täk emissiýa merkezi bolup çykyş edýän ýurduň merkezi bankydyr. Bank pul-karz gurşawynda ýerine ýetiriji häkimligi amala aşyrýar. Banka daşky geňeş ýolbaşçylyk edýär. Onuň işini geňeş tarapyndan bellenilen dolandyryjy alyp barýar. Geňeşe, şeýle hem 12 direktor girýär. Dolandyryjy ýokary geňeşiň komitetini

saýlaýar, ol öz gezeginde dolandyryjydan, baş direktordan, onuň orunbasaryndan we dört direktordan ybaratdyr. Administrasiýa taýdan Italiýanyň banky gaznaçylyga degişli, karz syýasatynda bolsa karzlar we süýşürintgiler boýunça ministrlikara komitetiň görkezmelerine esaslanýar. Ýeke-täk walýuta meseleleri boýunça Italiýanyň banky Ýewropanyň Merkezi bankynyň talaplaryny ýerine ýetirýär, sebäbi ol 1999-njy ýyldan bäri Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamyna girýär.

**Karzlar we süýşürintgiler boýunça ministrlikara komitet** Italiýanyň 1947-nji ýylda döredilen karz ulgamynyň ýokary edarasy bolmak bilen kiçi häkimiýet diýlip atlandyrylýar. Onuň wezipelerine ýurduň karz ulgamynyň kadaly hereket etmeginiň üpjün edilmegi; karz syýasatynyň esasy ugurlarynyň işlenip taýýarlanylmagy; bank ulgamynda ähli wajyp düzümleýin üýtgemelere gözegçilik; Italiýanyň bankynyň işine gözegçiligiň amala aşyrylmagy we onuň işi üçin esasy görkezmeleriň işlenilip taýýarlanylmagy girýär. Komitetiň işine Italiýanyň bankynyň dolandyryjysy gatnaşýar.

**Halk banklar (banco popular)** Italiýanyň banklarynyň köpsanly toparyny düzýärler. Olaryň müşderileri bolup hünärmenler we oba hojalyk işgärleri çykyş edýärler. Halk banklar özara we kooperatiw karzyň toruny döredýärler. Hukuk gatnaşyklarynda olara kooperatiw edaralary üçin bellenilen düzgünler degişlidir. Halk banklar milli jemgyýet we tehniki jemgyýet diýen iki sany sindikata birikdirilendir. Olary, şeýle edaralar üçin adaty wezipeleri ýerine ýetirýän özboluşly merkezi bank birikdirýär.

**Italiýanyň süýşürintgiler kassalary** ownuk süýşürintgileriň ýygnalmagy bilen meşgullanýarlar. Italiýada ilkinji süýşürintgi kassa 1822-nji ýylda ýüze çykdy. Süýşürintgi kassalaryň esasy wezipeleri sada adamlaryň süýşürintgilerini höweslendirmek. Italiýanyň süýşürintgi kassalary has iri, iri, orta, ownuk we has ownuk diýen bäş kategoriýa bölünýärler. Süýşürintgi kassalaryň esasy ýerine ýetirýän amallaryna goýumlaryň kabul edilmegi, nagt däl hasaplaşyk amallary, gysga möhletli karzlaşdyrmak degişlidir. Süýşürintgi kassalar döwlet edaralary bolup çykyş edýärler. Olar Italiýanyň süýşürintgi kassalarynyň jemgyýetine we Italiýanyň süýşürintgi kassalarynyň karz institutyna tabyn bolýarlar.

**Lira** – Italiýanyň ýeke-täk ýewropa walýutasy bolan «ýewronyň» 1999-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan nagt däl görnüşine we 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan nagt görnüşine geçmänkä, dolanyşykda bolan öňki pul birligi.

### Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Haýsy makroykdysady görkezijiler bilen häzirki wagtyň dünýä ykdysadyýetinde Italiýanyň ornuny we ähmiýetini häsiýetlendirip bolýar?
2. Taryhy ösüşiň dowamynda Italiýanyň bank ulgamy haýsy tapgyrlary geçdi?
3. Italiýanyň merkezi banky haçan döredildi, onuň esasy orny nämede we haýsy esasy wezipeleri ýerine ýetirýär?
4. Italiýanyň bank ulgamynyň häzirki zaman düzümi nähili? Onuň esasy düzüm bölekleri haýsylar?
5. Italiýanyň bank ulgamynyň ikinji derejesini haýsy maliýe edaralar düzýär?
6. Italiýanyň karzlar we süýşürintgiler boýunça ministrlikara komiteti haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
7. Italiýanyň halk banklary haýsy müşderilere we nähili hyzmat edýär?
8. Dünýä bank ulgamynda italýan iri banklary haýsy orunlary eýeleýärler?
9. Merkezi banklaryň Ýewropa ulgamynda Italiýanyň banky nähili orny eýeleýär?
10. Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşi üçin Italiýanyň ýewrozolagyna girmekliginiň netijeleri nähili?

# VI BAP
# Şwesiýanyň bank ulgamy

## 6.1. Bank ulgamynyň ösüşi we gurluşy

Şwesiýa Günbatar Ýewropanyň ösen döwletleriniň biri bolmak bilen birnäçe halkara guramalarynyň, şol sanda Ýewropa Bileleşiginiň (1995 ý.) hem agzasydyr. Şwesiýa milli sosial-ykdysady zerurlykla-

ryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen ösen, ýeterlik diwersiwirlenen ykdysadyýete eýedir. Ýurduň JIÖ-si 0,97 trln dollardan hem aşyp, ilatyň ýyllyk jan başyna düşýän JIÖ-si 40 müň dollardan-da geçdi.

Şwesiýanyň JIÖ-niň gurluşynyň 1,8%-ini oba hojalygy, senagat 28,6%-ini we hyzmatlar 69,7%-ini düzýär. Bu Günbatar Ýewropanyň ösen ýurtlarynyň görkezijilerine meňzeşdir. Şwesiýa Bütindünýä söwda guramasynyň agzasy bolmak bilen halkara söwdalaryna işjeň gatnaşýar. Onuň ýyllyk eksporty 130 mlrd., importy bolsa 105 mlrd amerikan dollaryna deňdir. Şwesiýa ylmyň we bilimiň ösmegine uly ähmiýet berýär.

Şwesiýa Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolsa-da walýuta bileleşigine girmekden we ýeke-täk ýewropa walýutasyna geçmekden saklandy. Şonuň üçin hem Şwesiýanyň bank ulgamy merkezi banklaryň Ýewropa ulgamyna garaşsyz bolmak bilen ýurtda karz-hasaplaşyk institutlarynyň işini özbaşdak we ýeterlikli netijeli üpjün etmekligi dowam edýär. Şwesiýanyň bank ulgamynyň berkligi we ygtybarlylygy 2007–2008-nji ýyllaryň düýpli maliýe çökgünliginiň ýaramaz netijelerini ýeňip geçmekligi başardy.

Şwesiýanyň bank ulgamy Şwesiýanyň ykdysadyýetiniň aýrylmaz bölegi we esasy düzümleriniň biri bolup çykyş edýär. Şwesiýanyň pul-karz ulgamynyň başynda dünýäde iň köne banklaryň biri bolan (1668-nji ýylda döredilen) Riksbank durýar. XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyryna çenli Riksbankyň pul syýasaty öňdebaryjy welaýatlary, hususan-da döwleti maliýeleşdirmegi we ýaşaýyş jaý gurluşygyny ýeterlikli karzlar bilen üpjün etmek maksady bilen, mukdar taýdan kadalaşdyrmaklykda göterim derejesiniň pes derejede saklanmagy bolup çykyş etdi.

Döwlet banky milli walýutanyň (banknotlaryň zikgelenmegi we şaýlyklaryň çykarylmagy döwlet edarasy bolan «Tumba Bruk» tarapyndan amala aşyrylýar) emissiýasynyň ýekemenlik hukugyna eýe bolmak bilen, ýurduň altyn we walýuta ätiýaçlyklaryny dolandyrýar, töleg ulgamynyň esasy operatiw zynjyry bolup çykyş edýär, pul-karz syýasatynyň işlenilmegine jogap berýär, parlamentiň tabynlygynda bolýar.

Riksbank ygtyýarlandyrylanlaryň geňeşi tarapyndan (8 adam) dolandyrylýar, olaryň ýedisi parlament tarapyndan dört ýyl möh-

lete saýlanýar. Ygtyýarlandyrylanlaryň geňeşi döwlet bankynyň ýoldaşçysyny bäş ýyl möhlete saýlaýar. Ýurduň töleg ulgamynyň işine gözegçiligiň esasy guraly bolup Şwesiýanyň ähli banklaryny birikdirýän döwlet bankynyň RIKS elektron ulgamy çykyş edýär.

Döwlet maliýe inspeksiýasy bilen bilelikde döwlet banky maliýe ulgamynyň durnuklylygyny we netijeliligini goldamakda jogapkärçilik çekýär. Bu ýagdaýda döwlet bankyna has umumy häsiýetli wezipeler, mysal üçin, ýurduň maliýe ulgamynyň durnuklylygyna we howpsuzlygyna bank ygtyýarnamasynyň berilmeginiň täsiriniň seljermesi degişli bolsa, maliýe institutlarynyň işine gönüden-göni gözegçilik döwlet maliýe inspeksiýasynyň wezipelerine girýär.

Döwlet maliýe inspeksiýasy tarapyndan amala aşyrylýan gözegçiligiň esasy gurşawy bolup pul-karz we ätiýaçlyk bazarlary çykyş edýär. Inspeksiýanyň garamagynda banklardan, gazna kompaniýalaryndan, bölekleri banklar we maýa goýum kompaniýalar bolup çykyş edýän maliýe toparlaryndan, Stokgolmyň gazna biržasyndan, gymmatly kagyzlaryň bellige alynmagynyň dolandyryş edarasyndan, «OM Gruppen» broker-kliring korporasiýasyndan, ätiýaçlyk kompaniýalaryndan we maklerlerden ybarat bolan 2,5 müňe golaý maliýe institutlary bardyr.

Bank ulgamynyň wajyp zynjyry diýlip döwlet bergisine hyzmat etmek boýunça dolandyryş edarasy hasaplanýar. Onuň esasy wezipeleri döwlet zaýomlarynyň berilmegi, döwlet bergisiniň hyzmaty, döwlet kepillikleriniň (kepillendirilen eksport karzlaryň döwlet tarapyndan dolandyrylmagy bilen bir hatarda) berilmegidir. Dolandyryş edarasy, şeýle hem döwlet edaralarynyň «içerki banky» we «döwlet kassasynyň» saklaýjysy bolup çykyş edýär. Jemgyýetçilik pensiýa gaznalary iş berijileriň pensiýa geçirmeleriniň hasabyna emele gelýär. Dolandyryş edarasynda ýerleşýän alty gazna 600 mlrd krondan gowrak aktiwlere eýedirler. Şwesiýanyň karz edarasy (2018-nji ýylyň maglumatlaryna görä) 196 maliýe institutlaryndan ybarat bolup, olaryň 20-si paýdarlar banky, 87-si süýşürintgiler banklary, 73-i karz firmalary, 17-si daşary ýurt banklarynyň we karz institutlarynyň şahamçalarydyr *(6.1-nji şekil)*.




***6.1-nji şekil.*** **Şwesiýanyň bank ulgamynyň guramaçylyk düzümi**

Paýdarlar banklarynyň arasynda hyzmatlaryň doly görnüşlerini ýerine ýetirýän banklar ýaly ýöriteleşdirilen banklar hem hereket edýärler. Bu toparyň işi Şwesiýanyň ähli çägini gurşap alýan banklara mahsus bolan hyzmatlaryň ähli görnüşlerini ýerine ýetirýän şahamçalaryň torlaryna esaslanandyr. Kada bolşy ýaly, ýöriteleşdirilen paýdarlar banklarynyň bir edarasy bolmak bilen ol telefon arkaly (telefon üstli banklar diýlip atlandyrylýar), Internet üsti bilen, hasaplaşyklaryň poçta ulgamynyň üsti bilen hyzmatlary amala aşyrýarlar.

Şwesiýanyň iri paýdarlar banky bolup bazar maýasy 41,2 mlrd amerikan dollary bolan Nordea bank we bazar maýasy 19,1 mlrd amerikan dollary bolan Svenska Handelsbanken çykyş edýärler.

## 6.2. Şwesiýanyň süýşürintgi banklary we karz firmalary

*Süýşürintgi banklar* öz işlerini geografiki taýdan çäklendirilen çäklerde, köplenç, bir ýa-da birnäçe etraplaryň çäginde amala aşyrýarlar. Işler, esasan hem hususy ýaşaýyş jaý gurluşygyny karzlaşdyrmaklyga ugrukdyrylýar.

Karz firmalarynyň arasynda karzlaşdyrmagyň möçberleri boýunça esasy ýerleri ipoteka institutlary eýeleýär. Olaryň köpüsi baş kompaniýasy bolup bank çykyş edýän haýsy bolsa-da düzümleýin bir maliýe konserne girýärler. Şwesiýanyň iri ipoteka instituty we döwlete degişli bolmadyk maliýe institutlarynyň obligasiýalarynyň esasy emitenleriniň biri bolup 400 müň müşderili, bilelikdäki zaýomy 300 mlrd kronadan gowrak, dolandyryş maýasy 3 trln krona bolan döwlet ipoteka banky çykyş edýär.

Gymmatly kagyzlaryň bazarynda 540 sany maliýe institutlary (biržalar, broker, kliring, gazna, maýa goýum kompaniýalar, olaryň daşary ýurt şahamçalary) hereket edýär. Olaryň arasynda irileriň biri bolup «OM Gruppen» broker-kliring korporasiýasy, oňa degişli bolan Stokgolm gazna biržasy, «Bankžiro», gymmatly kagyzlary bellige alýan dolandyryş edarasy; «Postžiro» çykyş edýärler. Gymmatly kagyzlaryň bazary has üýtgemelere we köpmilletlilige degişli bolan Şwesiýanyň maliýe-bank ulgamynyň bölegidir. Maliýe bazarynyň şu pudagynyň broker-kliring korporasiýasydyr. Broker-kliring korporasiýasyň institutlarynyň köpüsi iri konsernleriň düzüm bölegi bolup çykyş edýärler, olaryň içine banklar we ätiýaçlyk kompaniýalar girýär.

Häzirki wagtda Şwesiýada 90-a golaý maýa goýum kompaniýalary we 65-e golaý gazna we sekiz sany maýa goýum kompaniýalarynyň garamagyndaky 395 maýa goýum gaznalary hereket edýärler. Maýa goýum gaznalarynyň dolanyşygynda ýerleşýän serişdeleriň möçberi 360 mlrd krona bolup, olaryň 80% işi banklar bilen bagly bolan gazna kompaniýalarynyň dolandyrylmagynda ýerleşdirilendir.

Şwesiýanyň töleg ulgamynyň esasy gurallarynyň biri bolup «poçtažiro» hasaplaşyklarynyň ulgamy çykyş edýär. Her ýyl olaryň üsti bilen 400 milliona golaý maliýe amallary ýa-da her günde 1,1 mln amal amala aşyrylýar. Her ýyldaky tölegleriň möçberi 5 trln krona deňdir. «Postžironyň» müşderileri bolup 700 müňe golaý hususy taraplar we şwed kompaniýalarynyň we edaralarynyň ählisi diýen ýaly çykyş edýärler. Şwed kompaniýalarynyň we edaralarynyň ählisi diýen ýaly «Bankžiro AB»-niň müşderileri bolup hem çykyş edýärler. «Bankžiro» hasaplarynyň ulgamlarynyň üsti bilen amala aşyrylýan

her ýyldaky maliýe amallary 2,6 trln krona (her günde 10,5 mlrd krona möçberindäki 1,2 mln amal) düzýär. Onuň kompaniýalarynyň we edaralarynyň ulgamyna girýän paýnamalaryň eýeleriniň hasabynyň alnyp barlyşyna jogap berýän esasy edaralaryň biri bolup «Gymmatly kagyzlary hasaba almagyň müdirligi» PJ çykyş edýär.

Paýdarlar jemgyýetiniň işiniň beýleki wajyp gurşawy bolup gymmatly kagyzlar boýunça tölegleriň özara hasaby çykyş edýär. Onuň ulgamyna ýurduň iri maliýe institutlarynyň 60-a golaýy (ähli şwed banklary, daşary ýurt banklarynyň we gazna kompaniýalarynyň şahamçalary) girýär. Müdirligiň her ýyldaky aýlanyşygy (oborot) ortaça 331 mlrd krona deň. Şwesiýanyň maliýe institutlarynyň aktiwleri 6 trln krona golaý bolup, olaryň 58%-i banklara, 31%-i ipoteka institutlaryna, 3%-i maliýe kompaniýalaryna, 2%-i maýa goýum kompaniýalaryna, 6%-i galan maliýe institutlaryna degişlidir. Bank däl pudaga berlen zaýom 2,7 trln kronalyk bolup, zaýom serişdeleriniň 41%-i banklara, 48%-i ipoteka banklara düşdi.

Şwesiýada pul-karz syýasaty döwlet kadalaşdyrmasynyň adaty usuly ýaly ulanylýar. Soňky döwürde agalyk edýän ýagdaý bolup Şwesiýanyň karz bazarynyň yzygiderli kadasyzlygy boldy, uruşdan soňky döwürde karz-maliýe institutlarynyň işine (göterimlere, karzyň möçberlerine, gymmatly kagyzlaryň ol ýa-da beýleki görnüşlerine hökmany goýumlaryna garanyňda) döwletiň täsir edýän göni usullarynyň ähmiýetiniň peselmegi, köp ýagdaýda bolsa aradan aýrylmagy çykyş etdi. Häzirki wagtda diňe ätiýaçlyk kompaniýalarynyň zaýomlarynyň sähelçe kategoriýalary boýunça göterim derejesiniň kadalaşdyrylyşy hereket edýär. Şonuň bilen bilelikde Riksbankyň resmi derejesi banklaryň we beýleki edaralaryň göterim syýasatynda ugrukdyryjy hökmünde öz ähmiýetini saklap gelýär.

Halkara zähmet bölünişigi, hojalygyň we jemgyýetçilik durmuşynyň çuňlaşýan köp milletliliginiň daşary ykdysady gatnaşyklary döwlet kadalaşdyrylyşynyň zerurlygyny ýüze çykarýar. Daşky bazarlary özleşdirmek üçin zerur bolan çykdajylaryň bellibir bölegini döwlet öz üstüne alýar. Bu öz gezeginde eksportçylaryň kompaniýalarynyň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Bu ýerde kadalaşdyrmagyň göni maliýeleşdirmek,

ýeňillikli karzlaşdyrmak, gümrük ýeňillikleri diýen dürli usullary ulanylýar.

## 6.3. Şwesiýadaky daşary ýurt banklary

Şwesiýa üçin milli bank ulgamynda daşary ýurt banklarynyň yzygiderli açylyşy mahsusdyr. Bu ýurtda daşary ýurt banklaryna öz wekilliklerini 1974-nji ýylda açmaga rugsat edildi. Muňa soňky liberilizasiýalaşmagy, şwed banklaryna öz şahamçalaryny açan daşary ýurt döwletleri tarapyndan basyş edilmegi sebäp boldy. Ýurduň hökümeti bu meseläni öwrenmeklige başlamaga mejbur boldy, onuň netijesi 1984-nji ýylda kabul edilen «Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklaryň açylyşy» resminamasy boldy. Bu ýerde şeýle ýagdaýa garanyňda diňe dürli nukdaýnazarlar beýan edilmän, eýsem höweslendirilýän bäsleşigiň güýçlenmeginiň we öz banklarynyň daşary ýurt bazarlaryna çykmaklygynyň ýeňilleşdirilmeginiň netijesinde beýle açylyşlaryň mümkin bolan oňaýly netijeleri barada-da pikir ýöredilýärdi.

Daşary ýurt banklarynyň işleriniň kanunçylyk binýatlary diňe 1985-nji ýylyň 1-nji iýulynda kabul edildi. Oňa laýyklykda Şwesiýada bank paýdarlar jemgyýeti görnüşinde daşary ýurt banklarynyň golçur jemgyýetleriniň (emma şahamçalaryň däl) açylmagyna rugsat berilýärdi. Şwed hukugy boýunça beýle jemgyýet işi şwed banklarynyň işiniň kadalary ýaly kadalaşdyrylýan özbaşdak edara görnüşli tarap bolup çykyş edýär.

Golçur jemgyýeti bir ýa-da birnäçe daşary ýurt banklary tarapyndan döredilip bilinýärdi. Emma olara şwed karz institutlarynyň gatnaşmagyna rugsat berilmeýärdi. Daşary ýurt banklary tarapyndan döredilen jemgyýetlere öz bölümlerini açmak rugsat edilýärdi, emma golçur kompaniýalaryny döretmek gadagan edilýärdi. Ygtyýarnama berlende kriteriýalaryň berk ulgamyna esaslanýardylar, esasy jemgyýet hökmünde gürrüňsiz abraýly we berk maliýe esasly bolan birinji klasly bank çykyş etmelidi. Şwed kärhanalary bilen hyzmatdaşlygyň tejribesi, ýurtda çen edilýän işiň ugurlary we ş.m. hasaba alynýardy.

Norwegiýada bolşy ýaly, gözegçilik edýän geňeşlerde daşary ýurtlularyň paýy üçden bir bölegi bilen çäklenýärdi, şeýle hem gözegçilik edýän geňeşde ýolbaşçy bolup hökmany Şwesiýanyň raýaty bolmalydy. Geňeşiň başlygy daşary ýurtly hem bolup bilýärdi. Daşary ýurt karz institutlarynyň golçur kompaniýalary Şwesiýada bank amallaryna doly möçberde goýberilýärdi.

Şwesiýada Norwegiýada bolşy ýaly ygtyýarnama almak üçin arza bermeklige (1985-nji ýylyň 1-nji oktýabryna çenli) üç aý möhlet bellenipdi. Daşary ýurt banklarynyň diňe 14-si möhletinde şeýle arzalary (Şwesiýada daşary ýurt banklarynyň wekillikleri şol wagtda umumy sany 32-ä deň bolupdy) berip bildiler. Soňundan iki bank ygtyýarnamany almakdan ýüz dönderdi, netijede ygtyýarnama 12 sany karz edaralaryna (iki amerikan, bäş fransuz, iki norweg , iki fin we bir golland) berildi.

Berk möhletleriň bellenilmegi, şwed hökümetiniň bank hyzmatlarynyň bazarynyň açylyşyna özboluşly tejribe hökmünde seredýändigine şaýatlyk edýärdi. Tejribe ýygnalandan soň onuň netijeleri geljekki liberilizasiýanyň maksadalaýyklygy boýunça soraga jogap bermäge mümkinçilik bererdi. Şeýle seresaplylyk şwed karz bazarynyň möçberiniň çäklendirilendigi bilen esaslandyrylýardy (1985-nji ýylda onda 15 bank hereket edýärdi) we daşary ýurt banklarynyň köp golçur jemgyýetlerine ygtyýarnama berip hökümet onuň durnuksyzlygyndan gaçjak boldy.

Tejribäniň görkezişi ýaly şwed banklary öz orunlaryny saklamagy başardylar. 1985-nji ýylda ygtyýarnama alan 12 sany daşary ýurt bankyndan bäşisi soňundan şwed bazaryndan gitdiler. Häzirki wagtda daşary ýurt banklarynyň paýyna ýurtda bellige alnan banklaryň bilelikdäki maýasynyň diňe 1%-i düşýär. Bu bolsa karz bazarynyň liberilizasiýasy boýunça indiki ädimleri ätmäge mümkinçilik berdi. Hususan-da 1999-njy ýylda daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryny açmaga gadaganlyk aradan aýryldy. Emma olaryň işlerine bellibir çäklendirmeler saklanýar. Şeýlelikde, olaryň şwed karz institutlaryndaky maliýe gatnaşygy çäklendirilýär.

Bank kanunçylygynyň liberilizasiýalaşmagynyň netijesi bolup, şwed ekspertleriniň pikiri boýunça, erkinleşmeginiň bäsleşiginiň

ýitileşmegi, berilýän karzlarynyň möçberiniň giňelmegi, banklaryň işiniň hemmetaraplaýyn gowulaşmagy, şeýle hem bank maýasynyň jemlenmeginiň güýçlenmegi Şwesiýanyň bank ulgamynda batmaklygyň maliýe meseleleri ýakyn ýyllarda özbaşdak çözülmeli, sebäbi Şwesiýa Ýewropa Bileleşiginiň düzümine girse-de Ýewropanyň merkezi banklarynyň ulgamynyň agzasy däldir.

## Esasy düşünjeler

**Riksbank** 1668-nji ýylda döredilen Şwesiýanyň döwlet (merkezi) banky. Bank milli walýutanyň (banknotlaryň we şaýlyklaryň zikgelenmegi) emissiýasynyň ýekemenligine ygtyýarlyk edýär, ýurduň altyn we walýuta ätiýaçlygyny dolandyrýar, töleg ulgamynyň esasy operatiw zynjyry bolup çykyş edýär, pul-karz syýasatynyň döredilmegine jogap berýär, Şwesiýanyň parlamentiniň ygtyýarlygynda durýar.

**Şwesiýanyň hyzmatlaryň doly görnüşleriniň banklary** banklara mahsus bolan hyzmatlaryň ähli görnüşlerini hödürleýän, Şwesiýanyň ähli çägini şahamçalaryň giň tory bilen gurşap alan banklardyr.

**Şwesiýanyň ýöriteleşdirilen banklarynyň** kada bolşy ýaly hyzmatlaryny telefon arkaly, Internetiň, hasaplaşyklaryň poçta ulgamynyň üsti bilen ýerine ýetirýän diňe bir baş edarasy bardyr.

**Şwesiýanyň süýşürintgiler banklary** geografiki taýdan çäklendirilen çäkde öz işlerini amala aşyrýarlar, esasan hem olaryň işi hususy ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyny karzlaşdyrmaga we ownuk goýumçylara hyzmat etmäge gönükdirilendir.

**Krona** – şwesiýanyň hereket edýän pul birligi.

## Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Şwesiýanyň häzirki zaman ykdysadyýetini haýsy ýetilen sepgitler bilen häsiýetlendirip bolar?
2. Taryhy ösüşiniň dowamynda Şwesiýanyň bank ulgamy haýsy tapgyrlary geçdi?
3. Riksbank näçenji ýylda döredildi, häzirki wagtda ol haýsy wezipeleri amala aşyrýar?

4. Şwesiýanyň häzirki zaman gurluşy nähili? Onuň esasy düzüm bölekleri haýsylar?
5. Şwesiýanyň iri paýdarlar banklary bolup näme çykyş edýär? Olaryň sany näçe we nähili häsiýetlendirilýär?
6. Şwesiýanyň hyzmatlarynyň ähli görnüşlerini hödürleýän banklar näme bilen meşgullanýarlar?
7. Şwesiýanyň ýöriteleşdirilen banklary öz işlerinde haýsy aýratynlyklar bilen tapawutlanýarlar?
8. Şwesiýanyň süýşürintgiler banklarynyň maliýe işleri, esasan hem haýsy maksada gönükdirilendir?
9. Näme üçin Şwesiýa Ýewropa Bileleşiginiň walýuta bileleşigine girmedi we ýeke- täk ýewropa walýutasyna geçmedi?
10. Şwesiýanyň hereket edip gelýän pul birliginiň ady we onuň häzirki hümmeti nähili?

# VII BAP
# ABŞ-nyň bank ulgamy

## 7.1. ABŞ-nyň bank ulgamynyň ösüşi

ABŞ-nyň ykdysadyýeti dünýäde iň ösen ykdysadyýetdir. 2018-nji ýylyň maglumatyna görä JIÖ-niň mukdary 22 trln amerikan dollaryna, ilatyň jan başyna düşýän JIÖ-si bolsa 44 müň amerikan dollaryna barabar boldy. Ýurduň bu ýagdaýy dünýä ýüzünde bank ulgamynyň ösüşini aňladýar. ABŞ-nyň bank ulgamynyň dünýäniň ykdysadyýetine we maliýesine edýän güýçli täsiri haýsydyr bir milli ulgamyň dünýäniň maliýe ulgamyna täsirinden uludyr.

Ýokary hünärli işçi güýjüne eýe bolsa-da 328,2 mln ilatly ABŞ ýurduň 5% derejesindäki işsizlik meselesini düýpli çözüp bilmeýär. Şeýle bolsa-da hümmetsizlenme 3,2%-den geçmeýär. Soňky ýyllar döwlet bergisi ýokarlanyp, 60%-den geçdi. Ýurt 1 trln amerikan dollarlyk eksporty, 1,7 trln-dan gowrak importy bilen halkara söwdasyna gatnaşýar.

XX asyryň başlaryna çenli amerikan bank ulgamynyň aýratynlyklary bolup olaryň bölekligi we merkezi bankynyň ýoklugy çykyş etdi. «The Bank of New York», «The Bank of Boston» ýaly ilkinji hususy paýdarlar banklary ABŞ-da 1784-nji ýylda, 1791-nji ýylda bolsa ähli möhüm port şäherlerde öz şahamçalaryny açan «First Bank of the United States» döredildi. Amerikan ykdysatçysy R.Goldsmitiň maglumatlary boýunça täjirçilik banklarynyň sany 1800–1850-nji ýyllar aralygynda 28-den 700-e çenli köpeldi.

1863-nji ýylda milli banklaryň ulgamy döredildi, olar Waşingtondaky pul dolanyşygynyň gözegçisine tabyn bolýardylar. Bu banklaryň iň az maýasynyň ölçegi bellendi we federal häkimiýetiň öňünde olaryň döwürleýin hasabaty girizildi. Banknotlaryň we depozitleriniň üpjünçiligi üçin banklar tarapyndan hökmany ätiýaçlyklaryň döredilmegi esasy şerti boldy. Iri şäherlerdäki banklar banknotlar we depozitler boýunça öz borçlarynyň garşysyna nagt pul görnüşinde ýa-da habarçy hasaplarynda jemler görnüşinde 25% ätiýaçlygy saklamaga borçly edildi. Oba ýerleriniň banklary üçin ätiýaçlygyň derejesi 15% diýip bellenildi.

Milli banklaryň emele gelmegi ABŞ-nyň karz ulgamynyň ýetmezçiliklerini aradan aýyrmady. Banknotlaryň we depozitleriň üpjünçilgi üçin hökmany ätiýaçlyklaryň girizilmegi, has-da pul-karz çökgünligi döwründe maliýe kynçylyklaryny güýçlendirýärdi.

Walýuta bazaryndaky kanagatsyz ýagdaýlar, şeýle hem 1863-nji ýylyň Raýat urşy döwründäki maliýe serişdelerindäki zerurlyk şol ýylda Milli bank aktynyň (National Banking Act) çykarylmagyna getirdi. Şoňa laýyklykda banknotlaryň emissiýasyna şolbada hukuk alan banklara gözegçilik edýän walýuta gözegçilik guramasy (edarasy) emele geldi.

Ondan başga-da banklara şahamça bölümlerini döretmäge rugsat berilmedi. Görkezilen akta laýyklykda bank ulgamynda dualizm, ýagny umumy milli banklar we aýry-aýry banklaryň ştatlary emele geldi.

Şonuň bilen bir hatarda aýry-aýry adamlara degişli bolan hususy banklar ýüze çykyp başlady. Olary döretmek üçin federal edaralaryň ýa-da aýry-aýry ştatlaryň edaralarynyň rugsady gerekdi. Aýry-aýry ştatlaryň banklarynyň arasynda döwlet banklary, trast kompaniýalar


12. Sargyt №2512

we süýşürintgi banklar tapawutlanýardy. Emma beýle görnüşli banklaryň amala aşyrýan amallary birmeňzeşräkdi, ýagny hakykatdan köpugurly banklar ýaly çykyş edýärdiler. Ondan başga-da olar lokal banklar ýaly işleýärdiler. Emma bankara köptaraplaýyn depozitlere baglylykda ABŞ-nyň banklary berk arabaglanyşykdadylar.

1901-nji ýylda Nýu-Ýorkuň banklary britan nusgasyna laýyklykda 60 sany milli bank we ştatlaryň banklary (hususy bank öýleri ol hatara girmedi) girýän kliring öýleriniň jemgyýetini döretdiler. 1907–1913-nji ýyllaryň bank çökgünliginiň netijesinde we degişlilikde üýtgemesiz hereket edýän milli banklaryň amerikan ulgamynyň esasynda ABŞ-nyň Federal ätiýaçlyk ulgamy döredildi.

1913-nji ýyldan bäri ABŞ-nyň bank ulgamy durnukly ösmedik we düýpli howply ýagdaýlara sezawar bolan hem bolsa, üýtgewsiz ýagdaýda diýen ýaly işlemegini dowam edýär. 1927-nji ýyla çenli banklara öz ýerleşýän ýerlerinden daşarda (Kaliforniýadan başga) şahamçalaryny saklamak gadagan edildi. Makfelddeniň (Mc Fadden Act) aktynyň 1927-nji ýylda çykarylmagy (1933-nji ýylda üýtgedildi) bilen bankyň baş edarasynyň ýerleşen ýeri bolan ştatlaryň çäklerinde şahamçalaryň döredilmegine rugsat edildi.

1929-njy ýylyň 24-nji oktýabryndaky «gara penşenbede» Nýu-Ýorkuň gazna biržasynda paýnamalaryň hümmeti düýpli pese gaçanda, köp banklar tozdy. Gymmatly kagyzlary satyn almak üçin giňden berilýän karzlar (bankyň karz bukjasynyň 35%-inden gowragyny tutýardy) onuň esasy sebäbi boldy. Bazar çökenden soň ony üzmek kyn boldy. Depozit goýumlaryň köpçülikleýin alynmagy we «banklardan gaçmak» ykdysadyýetde çökgünligiň netijesi boldy, netijede olaryň köpüsi tozdy.

1933-nji ýylda Prezident Ruzwelt ABŞ-nyň Kongresine ähli banklary ýapmak barada kanun çykaryjy teklibini girizdi. Emma ABŞ-nyň Kongresi oňa razyçylygyny bermedi. 1933-nji ýylda Glas-Stigalyň akty (Glass-Steagall akt) çykaryldy. Ol Federal ätiýaçlyk ulgamynyň (FÄU) ygtyýarlyklaryny, giňeltmek bilen birlikde banklaryň ätiýaçlyk orunlaryny sazlaşdyrmakda we karzyň käbir görnüşlerini gadagan etmekligi giňeltdi. Ondan başga-da goýumlaryň

ätiýaçlandyrmasy girizildi. Şol aktyň üsti bilen ABŞ-nyň maliýe ulgamynyň düzüm bölekleri emele geldi.

1935-nji ýyldan başlap depozit banklara gymmatly kagyzlar bilen haýsy-da bolsa bir geleşikleri amala aşyrmak gadagan edildi. «Depozit banklar» diýlip giň manyda yzygiderli esasda gysga möhletli aktiw we passiw geleşikleri amala aşyrýan banklara aýdylýar. Şeýle banklar bolup köp täjirçilik banklary işleýärler, ýöne, esasan hem diňe uzak möhletli amallary (mysal üçin, ipoteka banklar) geçirmäge hukugy bolanlar oňa girmeýär. ABŞ-nyň maliýe ulgamynyň segmentli häsiýeti bank holding kompaniýalar (1956 ý.) baradaky Kanun bilen has-da güýçlendi, oňa laýyklykda bank däl kompaniýalara banklara eýelik etmek gadagan edildi. ABŞ-nyň maliýe ulgamy diňe bir federal derejesinde däl-de, eýsem aýry-aýry ştatlaryň derejesinde hem berk kadalaşdyrylýanlaryň biridi. Banklaryň işlerini kadalaşdyrmakda has aýgytlaýjy orny ABŞ-nyň Federal ätiýaçlyk ulgamy, pul aýlanyşygynyň gözegçisi we depozitleri ätiýaçlandyrmak boýunça Federal korporasiýa eýeleýär.

Pul aýlanyşygynyň gözegçisi ABŞ-nyň Prezidentiniň belleýän we milli banklaryň işini kadalaşdyrmak boýunça hem-de barlaglaryň üsti bilen gözegçilige jogap berýän adamdyr. ABŞ-nyň Federal ätiýaçlyk ulgamy merkezi banklaryň özboluşly ulgamy bolmak bilen, ol federal hökümetine garaşsyz hereket edýän, diňe ABŞ-nyň Kongresine hasabat berýän edaradyr.

## 7.2. ABŞ-nyň Federal ätiýaçlyk ulgamynyň gurluşy

XX asyryň başlarynda ABŞ-da azyndan bäş müň emission (milli) bank hereket etmek bilen, olaryň her biri esasy maýasynyň jeminiň ululygynda dolanyşyga banknotlary goýberip bilýärdi. Şunlukda şol milli banklaryň her biri beýleki banklaryň banknotlaryny kanuny töleg serişdeleri bolmaýanlygyna garamazdan töleg hökmünde kabul etmäge borçludylar.

Häzirki döwürde ABŞ-nyň bank ulgamy ýurduň merkezi bankynyň wezipelerini ýerine ýetirýän Federal ätiýaçlyk ulgamyndan;

täjirçilik banklaryndan; maýa goýum banklaryndan; süýşürintgiler banklaryndan; ssuda-süýşürintgiler jemgyýetinden ybaratdyr.

*ABŞ-nyň bölekleýin tabynlygyndaky banky*. Bu täjirçilik banklarynyň (milli banklaryň) bir bölegi üçin ygtyýarlandyrma, barlag, gözegçilik we olaryň işiniň kadalaşdyrylmagy federal hökümeti tarapyndan, beýleki bölegininiňki aýry-aýry ştatlaryň hökümeti tarapyndan amala aşyrylýar. Kadalaşdyrmagy hasaba almak bilen ähli amerikan milli banklary banklar; Federal ätiýaçlyk ulgamynyň agzalary bolan ştat banklary; depozitleri ätiýaçlandyrmak Federal korporasiýasyna (DÄFK) girýän Federal ätiýaçlyk ulgamynyň agzasy bolmadyk banklar; goýumlary DÄFK-da ätiýaçlandyrmadyk Federal ätiýaçlyk ulgamynyň agzasy bolmadyk banklar diýen dört topara bölünýär.

Merkezi bankyň wezipelerini ýerine ýetirýän ilkinji edara Birleşen Ştatlaryň 1791-nji ýylda Aleksandr Gamilton tarapyndan döredilen ilkinji bankydyr. Onuň ygtyýarlyklary 1811-nji ýylda uzaldylmaýar. 1861-nji ýylda Birleşen Ştatlaryň ikinji banky döredilýär, onuň ygtyýarlyklary 1836-njy ýylda uzaldylmaýar. 1837-nji ýyldan 1862-nji ýyla çenli aralykda merkezi bank resmi taýdan bolmaýar. Bu döwür ABŞ-da «erkin banklaryň asyry» diýlip atlandyrylýar. 1862-nji ýyldan 1913-nji ýyla çenli degişli kanunçylyk boýunça ABŞ-da milli banklaryň ulgamy hereket etdi.

Federal ätiýaçlyk ulgamy merkezi bankyň wezipelerini ýerine ýetirmek we ABŞ-nyň täjirçilik bank ulgamyna merkezleşledirilen gözegçiligi amala aşyrmak üçin 1913-nji ýylyň 23-nji dekabrynda ýörite döredilýär. Federal ätiýaçlyk ulgamyna iri şäherlerde ýerleşen 12 federal ätiýaçlyk banky, bank agzalary diýlip atlandyrylýan üç müňe golaý täjirçilik banklary, prezident tarapyndan bellenilýän dolandyryjylaryň geňeşi, açyk bazarlardaky amallar boýunça Federal komiteti we maslahat beriji geňeşi girýär. Döretmek baradaky esas bolup Federal ätiýaçlyk baradaky kanun çykyş edýär. Hususyýetçiligiň görnüşi boýunça maýasy hususy bolsa-da, ýagny paýnamalaryň aýratyn derejesine eýe bolan paýdarlar ýaly, FÄU-ny dolandyrmakda esasy orny döwlet eýeleýär.

1913-nji ýylyň Federal ätiýaçlyk aktyna laýyklykda hemme banklar FÄU-nyň agzasy bolmak bilen federal ätiýaçlyk banklarynyň esasy maýasyna paý hökmünde öz hususy maýasynyň 6%-i geçirilmelidi. Häzirki wagtda FÄU agza banklar FÄB-den öz hususy paýdarlar maýasyna baglylykda paýnamalaryň kesgitli möçberini almaga borçludyrlar. Bu paýnamalar diwidentler hasaplanýar, emma olaryň ölçegi çäklidir. FÄU agza banklar, şeýle hem bu ýerde möhletli goýumyň jeminiň 3%-i möçberinde we talap edilýänçä goýumyň 7%-den 13%-ine çenli mukdarda öz ätiýaçlyklaryny saklamalydyrlar.

FÄB altynda we öz depozitleriniň 35%-i möçberinde kanuny töleg serişdeleri saklamaga borçludylar. 1934-nji ýylda amala aşyrylan altyn ätiýaçlyklary döwlete degişli edilen wagtyndan bäri, federal ätiýaçlyk banklary ýurduň altyn ätiýaçlyklaryny saklaýjy bolmagyny bes etdiler. Ýöne olaryň balanslarynyň aktiwinde döwlet gaznaçylygynda ýerleşdirilen altynyň kagyz belgileri bolup çykyş edýän altyn sertifikatlary hasaba alynýardy.

Şeýlelikde federal ätiýaçlyk banklarynyň passiwleri:

1) bank agzalarynyň paý gatançlarynyň hasabyna emele gelen öz hususy maýasyndan (tölenen we goşulan);
2) banknot emissiýadan;
3) Federal ätiýaçlyk ulgamynyň agza banklarynyň ätiýaçlyklary, şeýle hem Gaznaçylygyň depozitleri bolup çykyş edýän bank depozitlerinden ybaratdyr.

FÄU-nyň döredilmegi ABŞ-nyň bank ulgamynyň merkezleşdirilmegini we iri banklaryň agalygyny güýçlendirdi. 1915-nji ýylyň ahyryndan 1972-nji ýyla çenli FÄU-nyň udel agramy amerikan täjirçilik banklarynyň umumy sanynda 28-den 41%-e çenli, şeýle hem olaryň depozitleriniň umumy jeminde 48-den 78%-e çenli ýokarlandy.

Köp banklar FÄU-nyň agzasy bolsa-da, aýgytlaýjy täsir birnäçe iri we has iri banklara degişlidir. 1935-nji ýylyň awgustynda FÄU käbir guramaçylykly üýtgeşmeleri girizen kanun kabul edildi. Bu kanunyň manysy ilkibilen ABŞ-nyň bank ulgamynyň geljekde merkezleşdirilmegi bolup çykyş edýär.

Depozitleri 1 mln dollardan az bolmadyk ştat banklary bellibir möhletde FÄU agza bolmaga borçludylar, FÄU-nyň merkezi edara-

larynyň hukuklary giňeldildi, FÄU ýolbaşçylyk etmek Dolandyryjylaryň geňeşine (ABŞ-nyň prezidenti tarapyndan 14 ýyl möhlete bellenen agzalaryň düzüminde) berildi. ABŞ-da şeýle hem açyk bazardaky amallar boýunça aýratyn komitet döredildi. Şunda federal ätiýaçlyk banklary açyk bazarda amallar geçirende onuň görkezmelerine laýyklykda hereket etmek borçlandyryldy.

Dolandyrylyşy boýunça FÄU ABŞ-da garaşsyz edara hasaplanylýar. FÄU milli merkezi bank ýaly ABŞ-nyň Kongresinden ygtyýarlyklaryny alýar. Işindäki garaşsyzlyk bolsa, pul-karz syýasaty boýunça kabul edilýän çözgütlerini ABŞ-nyň prezidenti ýa-da haýsy bolsa-da ýerine ýetiriji, ýa-da hökümetiň kanun çykaryjy edaralary tassyklamaýar. FÄU Kongres tarapyndan maliýeleşdirilmeýär, ýöne şolbir wagtda onuň işine Kongres tarapyndan gözegçilik edilýär, ol ýygy-ýygydan FÄU-nyň işine seljerme berýär we FÄU-nyň borçlaryny kanun tarapyndan üýtgedýär.

FÄU-nyň esasy wezipelerine aşakdakylar degişlidir:

- ABŞ-nyň merkezi bankynyň borçlarynyň ýerine ýetirilmegi;
- täjirçilik banklarynyň we umumy milli bähbitleriň arasynda sazlaşygy saklamak;
- gözegçiligi üpjün etmek we bank edaralaryny kadalaşdyrmak;
- sarp edijileriň karz hukuklarynyň goralmagy;
- pul emissiýasy bilen dolandyrmak (käwagt gapma-garşylykly maksady bilen, işsizligi iň pes derejä düşürmek, bahalaryň durnuklylygyny goldamak, pes göterim derejelerini üpjün etmek);
- maliýe ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmek, maliýe bazarlarynda ulgamlaýyn töwekgelçiliklere gözegçilik etmek;
- depozitariýalara, ABŞ-nyň hökümetine we resmi halkara edaralaryna maliýe hyzmatlaryny hödürlemek;
- halkara we içerki töleg ulgamynyň hereketine gatnaşmak;
- ýerli derejede likwidlilik bilen bagly bolan şübhelikleri aradan aýyrmak.

*FÄU-ny dolandyrmak ulgamy aşakdakylardan ybaratdyr:*

- ätiýaçlyklaryň derejesini kesgitlemek;

– dolandyryjylaryň geňeşi;
– açyk bazar boýunça federal komitet;
– federal maslahat beriji geňeş.

FÄU-nyň dolandyryjylar geňeşine başlyk we onuň orunbasary ýolbaşçylyk edýär. Geňeşiň başlygy ABŞ-nyň prezidenti we maliýe ministri bilen, pul-karz syýasatynyň soraglary boýunça maslahatlaşmak üçin wagtal-wagtal duşuşýar. Dolandyryjylaryň geňeşiniň ýolbaşçysynyň halkara derejesinde birnäçe borçlary bolmak bilen, hususan-da Halkara Pul gaznasynda we «uly ýediligiň» mejlislerine ABŞ-nyň wekiliýetiniň agzasy hökmünde gatnaşýar. Dolandyryjylaryň geňeşi senagatyň razylygy bilen ABŞ-nyň prezidenti tarapyndan 14 ýyl möhlete bellenen 7 sany hemişelik agzalaryndan ybarat. Emma iş ýüzünde geňeşiň köp agzalary möhletinden öň işden ýüz öwürmek bilen FÄU-da öz işlerini möhletinden öň bes edýärler.

FÄU-nyň dolandyryjylar geňeşiniň wezipelerine aşakdakylar girýär:

– karz edaralary üçin hökmany ätiýaçlyk derejesini kesgitlemek;
– açyk bazar boýunça federal komitetiň üsti arkaly gymmatly kagyzlar bilen amallarda FÄU-nyň syýasatyny kesgitlemek;
– 12 ätiýaçlyk bankyň hasap derejelerini bellemek;
– Federal ätiýaçlyk banklarynyň amallaryna, bank holdinglerine we FÄU-nyň agza banklaryna, şeýle hem bank institutlarynyň beýlekilerine gözegçilik;
– Federal ätiýaçlyk banklarynyň býujetlerini tassyklamak.

Açyk bazar boýunça federal komiteti Federal ätiýaçlyklar banklary tarapyndan ABŞ-nyň merkezi hökümetiniň gymmatly kagyzlarynyň satmak-satyn almak işlerini dolandyrmak üçin 1935-nji ýylda döredildi. Komitetiň ýolbaşçylygyna 12 adam, şol sanda FÄU--nyň dolandyryjylar geňeşiniň 7 agzasy, komitetiň hemişeki agzasy bolup çykyş edýän Nýu-Ýorkuň Federal ätiýaçlyk bankynyň prezidenti, şeýle hem ýylda bir gezek biri-birini çalyşýan beýleki 11 Federal ätiýaçlyklar banklarynyň dört prezidenti girýär.

Açyk bazarda amallary geçirmegiň meýilnamalaryna laýyklykda Nýu-Ýorkuň Federal ätiýaçlyk banky ABŞ-nyň federal hökümetiniň (esasanam, bular gaznaçylygyň obligasiýalary we federal

agentlikleriniň bergi borçnamalary) gymmatly kagyzlarynyň satyn alynmagyny we satylmagyny, bu ugurda ýöriteleşen we Nýu-Ýorkda öz wekillikleri bolan dillerleriniň üsti bilen amala aşyrýar.

*Federal mashalahat berýän geňeş* ýurduň ähli bank ulgamynyň arasynda aragatnaşygy üpjün etmek boýunça özboluşly ugrukdyryjy edara bolup çykyş edýär. Ol her bir federal ätiýaçlyk banky tarapyndan iberilýän 12 agzadan ybaratdyr. Masalahat beriji geňeş ýylda dört gezek FÄU-nyň dolandyryjylary bilen maliýe-ykdysady we pul-karz gatnaşyklarynyň ýagdaýlary barada pikir alyşmak üçin bilelikdäki ýygnagy geçirmek üçin duşuşýarlar.

Federal maslahat beriş geňeşiniň agzalary bu maglumatlary öz töweregindäki ätiýaçlandyryş banklarynyň dykgatlaryna ýetirýärler. Ýöne FÄU-nyň dolandyryjylar geňeşine bu edaranyň görkezmelerini ýerine ýetirmek hökman däl. Şonuň üçin hem pul-karz gatnaşyklar babatynda hakyky hökümiň bolmandygy sebäpli Federal maslahat beriji geňeş, känbir üns çekýän edara diýlip hasaplanmaýar.

*ABŞ-nyň Federal ätiýaçlyk banklary* – bu dolandyryjy geňeşe tabyn bolan FÄU-nyň 12 sany sebitleýin banklarynyň bileleşigidir. Olar geografik taýdan 25 şahamçada ýerleşýär we hukuklaryny olara berkidilen ştatlarynda amala aşyrýarlar.

Olaryň her bir sebitleýin bölümi bankyň gullukçysy bolmadyk *A*, *B* we *Ç* toparlara bölünen 9 adamdan ybarat bolan direktorlaryň aşakdaky hususy geňeşinden ybaratdyr:

– *A* toparyň üç direktory FÄU-nyň paýdarlary bolan banklary tarapyndan öz hususy wekillikleriniň arasyndan saýlanýarlar (biri iri banklardan, biri orta, biri hem kiçi banklardan);

– *B* toparyň üç direktory FÄU-nyň paýdarlary bolan banklar tarapyndan bank ulgamynda işleýän adamlardan saýlanýarlar (biri iri banklardan, biri orta, birem kiçi banklardan);

– *Ç* topara degişli direktorlar FÄU-nyň dolandyryjylar geňeşi tarapyndan saýlanýar.

Tehniki manysynda alnanda federal ätiýaçlyk 12 bankynyň her biri döwlet edarasy däl-de, korporasiýa bolup çykyş edýär. Federal ätiýaçlyk banklarynyň geçirýän amallarynyň maksady peýda




*7.2-nji şekil.* **ABŞ-nyň bank ulgamynyň (karz institutlarynyň) düzümi**

almak däldir. Paýdarlar-täjirçilik banklar beýleki paý goýujylardan tapawutlykda Federal ätiýaçlyk banklarynyň işinden 6%-den ýokary bolmadyk diwidentleri alýarlar, esasy girdeji döwlete barýar. Hakykat ýüzünde bu diwidentler täjirçilik banklarynyň maliýe aktiwlerini ulanandyklary üçin töleg bolup çykyş edýärler. ABŞ-nyň kanunçylygy boýunça banklar ätiýaçlyk gaznalaryny döredip, olary, köplenç, federal ätiýaçlyk banklarynda saklamaga borçludyrlar, olar öz gezeginde olary amallary geçirenlerinde ulanyp bilýärler.

Federal ätiýaçlyk banklarynyň esasy wezipelerine aşakdakylar degişlidir:

– çekler boýunça nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmak (çekleriň kliringi);

– täze banknotlaryň goýberilmegi we dolanyşykdan könelerini aýyrmak;

– ätiýaçlandyryş ýerleriniň töwereginde banklara hasap karzlary bermek;
– FÄU-da işewürleriň arasynda aragatnaşygy (amala aşyrmak) ýola goýmak;
– ştatlaryň banklaryna barlag geçirmek;
– karz edaralarynyň birikmegine rugsat bermek;
– halkara walýuta bazarlarynda gaznaçylyk bilen bilelikde amallary geçirmek;
– milli walýutanyň satyn alyjylyk ukybyny goldamak (bu esasanam, Nýu-Ýork Federal ätiýaçlyk bankynyň wezipeleri);
– töweregindäki hojalyk işleriniň şertleri barada maglumat ýygnamak;
– pul-karz syýasatynyň meseleleri boýunça derňewleri geçirmek we analitik hem-de maglumat blýutenlerini goýbermek.

FÄU agza bolmak üçin täjirçilik banky töweregindäki Federal ätiýaçlyk bankyndan onuň paýdarlar maýasynyň we paýlanmadyk peýdasynyň 3%-e deň bolan paýnamalaryny satyn almaga borçludyr.

XX asyryň 50–80-nji ýyllarynda köp banklar Federal ätiýaçlandyryş bankynyň düzüminden çykdylar, sebäbi ol öz agzalaryna, esasanam, ätiýaçlyk normalaryny kesgitlemek gurşawynda, şeýle hem depozit we ssuda derejesiniň göterimini kesgitlemekde berk talap bildirýärdi. Bu ýagdaýy düzetmek üçin 1980-nji ýylda depozit edaralaryny sazlamak we pul dolanyşygyna gözegçilik hakynda kanun kabul edildi. Bu kanunyň esasy düzgüni täjirçilik banklary, özara süýşürintgiler banklary, karz-süýşürintgiler jemgyýetleri we beýleki karz edaralary üçin ýeke-täk ätiýaçlyk möçberini girizmek, şeýle-de ätiýaçlandyryş talaplaryny ýeňilleşdirmek ýa-da ýatyrmak bolup durýardy.

Federal ätiýaçlyk bankynyň esasy wezipeleri ätiýaçlyk serişdeleri goramak we dolandyrmak, depozit edaralarynyň töleg balanslary boýunça kliring amallaryny amala aşyrmak, ABŞ-nyň Döwlet gaznaçysyna tabşyrmak, federal banknotlary dolanyşyga goýbermek,

depozitleri döretmek işine gözegçilik etmek we depozit edaralaryny karz bilen üpjün etmekdir.

Federal ätiýaçlyk banky FÄU-nyň agzalary bolan beýleki banklaryň, bank holdinkleriniň, şahamçalaryň we daşary ýurt banklarynyň ABŞ-daky wekiliýetleriniň işlerine gözegçilik edýär hem-de barlag geçirýär. Olar täjirçilik banklaryna soňky karz beriji edara hökmünde karz berýärler. Şeýle-de, FÄB birnäçe maliýe kömeklerini, aýratyn hem dolanyşyga pul goýbermek we nagt pullary kabul etmek, pul serişdelerini geçirmek we ş.m. kömekleri berýär.

Pul-karz syýasatynyň esasyny FÄU-nyň dolandyryjylar geňeşi işläp taýýarlaýar. Sebäbi olara federal ätiýaçlyk bankynyň hasap derejesini kesgitlemek, banklarynyň agzalarynyň hökmany ätiýaçlyklarynyň möçberini üýtgetmek, gymmatly kagyzlaryň esasynda karzlaşdyrmagyň möçberini kesgitlemek, ätiýaçlyklar banklarynyň direktorlar geňeşini tassyklamak hukugy berlendir. FÄB karzlaşdyryjylaryň arasynda artykmaçlyklardan peýdalanýar, sebäbi federal ätiýaçlandyryş bankynyň baş amallary döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almakdyr. Olaryň döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almaga goýan serişdeleri, ahyrky netijede korporasiýalaryň bähbidine ulanylýar, sebäbi döwlet bu serişdeleri döwlet sargytlaryny we haryt satyn almak üçin harçlaýar. Munuň bilen deňeşdireniňde az mukdardaky-gymmatly kagyzlar Federal ätiýaçlyk bankynyň FÄU agza banklarynyň karzyna degişlidir.

Federal ätiýaçlandyryş bankynyň işinden gelýän peýdanyň esasy bölegi ABŞ-nyň Döwlet gaznaçylygyna geçirilýär, sebäbi täjirçilik işi FÄU üçin esasy wezipeler däldir. Täjirçilik banklarynyň Federal ätiýaçlyk banklarynda ýygnanan ätiýaçlyk pullary pul ykdysadyýetiniň sebäbi boldy. Federal ätiýaçlyk bankynyň üstünden amala aşyrylýan nagt däl hasaplaşygyň ösmegi netijesinde FÄU-nyň guramasy nagt puluň tygşytlanmagyna we beýleki ugurlarda ýardam etdi.

ABŞ-nyň bank ulgamy Federal ätiýaçlyk bankyndan başga-da täjirçilik bankyny, maýa goýum bankyny, özara süýşürintgiler bankyny, bank öýüni özüne birikdirýär.

## 7.3. ABŞ-nyň täjirçilik banklary

Häzirki wagtda ABŞ-da bank pudagynyň edaralarynyň dürli görnüşleri hereket edýär *(7.3-nji şekil)*.




***7.3-nji şekil.* ABŞ-nyň bank ulgamynyň (karz institutlarynyň) düzümi**

Ol banklaryň işi Waşingtonda ýerleşýän dolandyrylyş tarapyndan ugrukdyrylýardy. Federal ätiýaçlyk banklar birleşdirilen merkezi bank ýaly hereket edip, olara banknotlaryň – federal ätiýaçlyk biletleriniň emissiýasynyň ýekemenlik hukugy berildi. Birinji Jahan urşy ýyllarynda ABŞ Günbatar ýurtlardan tapawutlylykda banknotlaryň altyna çalşylmagyny aradan aýyrmady, emma altyn şaýlyklaryň sany dolanyşykda birden azaldy. Banknotlar we çekler bilen hasaplaşyk esasy orun eýeledi. 1929–1933-nji ýyllaryň çökgünligine çenli altyn pullaryň uly bölegi hususy eýeleriň we banklaryň ellerinde ýerleşdiler, soňkular bolsa altyny Federal ätiýaçlyk banklaryna depozitler boýunça ätiýaçlyk hökmünde geçirýärdiler.

Hukuk derejesi boýunça täjirçilik banklary milli we ştat banklaryna bölünýärler.

Milli banklar federal kanunlaryna laýyklykda hereket edýärler we hökmany ýagdaýda FÄU-nyň düzümine agza banklar hökmünde girýärler, ştat banklary bolsa aýry-aýry ştatlaryň kanunlaryna laýyklykda hereket edýärler we islegleri boýunça FÄU girýärler ýa-da girmeýärler.

Täjirçilik banklary ABŞ-nyň bank ulgamynyň esasyny düzýärler, aktiwleriň jemi boýunça birinji orny eýeleýärler. Häzirki wagtda olaryň sany 7 müňe golaýdyr. Olardan irileri bolup «Morgan Çeýs benk»

(JP Morgan Clase Bank), «Sitibenk» (Citibank), «Benk of Amerika» (Bank of America) we beýlekiler çykyş edýärler.

ABŞ-nyň bank ulgamynyň häzirki ýagdaýy çuňlaşma, köpmilletlilik hadysasynyň ýitileşmegi we transmilli kompaniýalarynyň ösmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Täjirçilik banklary, esasan hem wekselleri karz kartoçkalary, çekleri, elektron pullary emissiýa edýär, olar bilelikde nagt däl pullary emele getirýär. 1980-nji ýylda olar pul toplumynyň 70%-ini düzdüler. Olar gündelik hasaplar we dürli depozitler görnüşinde çykyş edýärler. ABŞ-da hemme tölegleriň 90%-inden gowragy nagt däl hasaplaşygyň üsti bilen amala aşyrylýar. Bellemeli zat pul toplumynda nagt däl hasaplaşyklaryň derejesi we nagt däl pullaryň paýy ýokary boldugyça, şonça-da hümmetsizlenmäniň ähtimallygy peselýär.

Awtomatlaşdyrylan we elektron ulgamlaryň binýadynda nagt däl hasaplaşyklaryň girizilmegi ABŞ birnäçe elektron hasaplaşyk merkezleri-awtomat hasaplaşyk palatalaryny döretmäge mümkinçilik berdi. Netijede bolsa nagt däl görnüşde zähmet haky, pensiýalary we beýleki sosial tölegleri, jemagat hyzmatlary we ş.m. amala aşyrmaga mümkinçilik döredi.

Täjirçilik banklarynyň topary has köpsanly we ABŞ-nyň maliýe bazarlarynda öňdebaryjy orny eýeleýärler. Täjirçilik banklarynyň arasynda bank institutlarynyň iki toparyny tapawutlandyrýarlar. Olar köpsanly şahamçaly we bölümli banklar (Branch Banks) we şahamçalarynyň torlary bolmadyk ýa-da olary gowşak ösen banklardyr (Unit Banks). Bu banklaryň ýerine ýetirýän amallary birmeňzeş bolup, diňe bir guramaçylyk düzüminde we menejeriň wezipelerlerinde tapawut bardyr.

Manysy boýunça täjirçilik banklary, depozit banklar bolup çykyş edýärler. Olaryň serişdeleriniň çeşmesini, esasan hem, depozit goýumlar (möhletli we talap edilýänçä) düzýär. Täjirçilik banklary söwdanyň gysga möhletleýin maliýeleşdirilmegini, çekler we karz kartlary öz içine almak bilen töleg dolanyşygyny, trast hyzmatlary (emläk bilen dolandyrmany) amala aşyrýarlar.

Täjirçilik banklarynyň aktiw amallary, esasan hem, karz serişdelerinden ybaratdyr. Uly bolmadyk bölegini maýa goýumlar

eýeleýär. Olar köp ýagdaýda döwletiň, esasan hem, federal gymmatly kagyzlaryň goýumlaryndan ybaratdyr.

1933-nji ýyldaky bank beýannamasy täjirçilik banklaryna senagat we söwda kompaniýalarynyň paýnamalaryny almagy gadagan etdi. Ýöne bu banklaryň senagat kompaniýalar bilen bileleşmegini bes edýändigini aňlatmaýar. Beýle bileleşmäniň ýönekeý görnüşi bolup iri banklaryň we senagat kompaniýalarynyň şol bir maliýe – senagat toparlara (MST) girmegi çykyş edýär.

Iri täjirçilik banklarynyň senagat bilen berk arabaglanyşygy uzak möhletli karzlaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Täjirçilik we senagat karzlarynyň ähli jeminiň, takmynan, 3/4 bölegi iri täjirçilik banklara degişlidir. Bu ýerde wajyp orny möhleti bir ýyldan ýokary bolan karzlar eýelese, karzlaryň bir bölegi 8–10 ýyllyk uzak möhlete berilmek arkaly, banklaryň senagat we söwda kompaniýalary bilen işleşmeginiň anyk mysaly bolup durýar.

Iri amerikan banklarynyň senagat we beýleki kompaniýalar bilen bileleşmeginde wajyp orny ynam esasyndaky amallar eýeleýär. Täjirçilik banklary öz hasabyna senagat we söwda kompaniýalarynyň paýnamalaryny satyn almak hukugyndan mahrum edilen, ýöne öz müşderileriniň ynanç haty esasynda bu kompaniýalaryň emlägini dolandyrmaga hukugy bar. Soňkular paýdarlaryň umumy ýygnaklarynda ses bermek hukugyny banklara ynanýarlar. Manysy boýunça bu täjirçilik banklarynyň kärhanalaryň paýnamalaryna eýelik etmek gadaganlygyny aýlanyp geçmek görnüşidir.

Ähli täjirçilik banklarynyň arasynda serişdeleri beýlekileriňkiden çalt köpelýän birnäçe banklar tapawutlanýar. Diňe 1960–1970-nji ýyllar aralygynda 50 sany iri telekeçilik bankynyň depozitleri 88,8 mlrd dollardan 230,4 mlrd dollara çenli, ýagny 2,5 esse artdy. Şol döwürde galan täjirçilik banklarynyň depozitleriniň umumy jemi 141,7 mlrd dollardan 255,1 mlrd dollara çenli, ýagny 1,8 esse artdy. 1970-nji ýylda 50 sany iri bank 13705 täjirçilik banklarynyň depozitleriniň umumy jeminiň 47% -ine eýeçilik edýärdi.

ABŞ-nyň täjirçilik banklarynyň serişdeleriniň bary-ýogy 7%-e çenlisi hususy maýasy bolup, esasy bölegi depozitlerdir.

## 7.4. ABŞ-nyň maýa goýum banklary

Maýa goýum banklary, has anyk aýdylanda olar bank däldir, sebäbi esasy bank wezipelerlerini ýerine ýetirmän, ilkibilen goýum kabul etmek we karz bermek bilen meşgullanýarlar. Onuň ýene bir aýratynlygy ABŞ maýa goýum banklarynyň gözegçiligi, FÄU-nyň geňeşi tarapyndan däl-de, gymmatly kagyzlar we gazna bazary boýunça komissiýa tarapyndan amala aşyrylýar. XIX asyryň ortalarynda gymmatly kagyzlary satyn almak-satmak we ýerleşdirmek boýunça ýöriteleşen, ABŞ-nyň bank ulgamynda maýa goýum banklary görnüşinde baglanyşyk döredi.

Şondan soňra, tä 1929–1933-nji ýyllaryň çökgünligine çenli maýa goýum we täjirçilik banklarynyň arasyndaky tapawutlar has azaldy, sebäbi XX asyrda täjirçilik banklary hem gymmatly kagyzlaryň emissiýasyna we ýerleşdirilmegine işjeň gatnaşdylar hem-de özleri iri serişdeleri şol kagyzlara goýdular. Çökgünlikden soň täjirçilik we maýa goýum banklarynyň işi kanuny taýdan (1933-nji ýylyň kanuny boýunça) tapawutlandyryldy. Häzirki şertlerde banklaryň maýa goýumlary ABŞ-nyň federal döwletiniň, ştatlarynyň we ýerli häkimiýet edaralarynyň gymmatly kagyzlarynyň 9/10 bölegine deňdir. Maýa goýum banklary käte diňe ownuk maýadarlara, käte bolsa institusional, käbir ýagdaýlarda bolsa ählisine-de hyzmat edýärler.

ABŞ-nyň bu banklarynyň işleriniň esasy görnüşleri bolup maýanyň birikmegi, onuň amatly ýerleşmegi boýunça soraglara maslahat bermek çykyş edýär. Maýa goýum banklary, şeýle hem gymmat kagyzlar bilen amallaryň aşakdaky iki esasy görnüşini amala aşyrýarlar:

– *gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny kepillendirmek* (muňa anderraýting amaly diýilýär). Bank bu gymmatly kagyzlary goýberýän kompaniýalara olaryň ýerleşdirmegini kepillendirýär, şeýle hem şol kompaniýalaryň bazarda ýerleşdirip bilmedik gymmatly kagyzlaryny öz hasabyna almagy borçlanýar.

– *kompaniýalaryň gymmatly kagyzlarynyň ýerlenmegi*. Bu ýagdaýda maýa goýum banklary kompaniýalaryň paýnamalaryny we obligasiýalaryny satyn alyp, ony bazarda ýerleýärler.

Maýa goýum banklary täjirçilik banklaryndan karz alan serişdelerini gymmatly kagyzlara goýum goýmak üçin ulanýarlar. Şeýlelikde täjirçilik banklarynyň senagat korporasiýalarynyň paýnamalaryny satyn almaga haklary bolmasa-da, olar düýpli goýum banklara gytaklaýyn berýän karz serişdeleriniň üsti bilen ol paýnamalara öz serişdelerini gönükdirýärler. Iri maýa goýum banklaryna «Ferst Boston korporeýşn», «Merril Linç», «Pirs», «Finner end Smit» we beýlekiler degişlidir. Guralyşynyň görnüşi boýunça maýa goýum banklarynyň biri korporasiýa bolup çykyş etse (paýdarlar kompaniýalary), beýlekisi paýdarlar firmasy däl ýa-da hyzmatdaşlaryň çäkli sanyny öz içine alýan şereketler bolup çykyş edýärler.

## 7.5. ABŞ-nyň süýşürintgiler institutlary

Soňky ýyllarda ABŞ-nyň karz maýasynyň bazarynda ýörite *karz-maliýe institutlarynyň* orny ýokarlanyp başlady. Bu bolsa uzak möhletli süýşürintgilere ýitileşen bäsdeşligiň ösmegi, şeýle hem karz institutlarynyň wezipeleriniň differensiýasynyň güýçlenmegi bilen şertlenendir.

ABŞ-nyň karz ulgamynda wajyp orny ätiýaçlyk kompaniýalar eýeleýärler. Olar uly möçberde pul serişdelerini çekýärler. Olaryň esasy maýa goýýanlary bolup korporasiýalaryň obligasiýalary, döwletiň gymmatly kagyzlary çykyş edýär. ABŞ-nyň ätiýaçlyk monopoliýalary industrial ösen ýurtlaryň ätiýaçlyk bazarynyň ep-esli bölegine gözegçilik edýärler. 2011-nji ýylda dünýäde ätiýaçlyk kompaniýalarynyň arasynda 172 mlrd dollarlyk maýasy bilen birinji orny «Amerikan interneýşl grupp» (American Internasional Group – AIG) eýeledi. Kompaniýa gozgalmaýan emläk we betbagtçylykly hadysalardan ätiýaçlandyrmak boýunça dünýäde ikinji we durmuşy ätiýaçlandyrmak boýunça ABŞ-da birinji ýeri eýeledi. Onuň 100 müňe golaý işgäri bolup, çen bilen 100-den gowrak ýurtda 50 mln müşderi bilen işleşýär.

***Pensiýa gaznalary*** Ikinji Jahan urşundan soň karz maýasynyň bazarynda wajyp orny eýeläp başladylar. Hususy pensiýa gaznalarynyň serişdeleri, esasan hem, korporasiýalaryň paýnamalaryna

we obligasiýalaryna gönükdirilýär. Bu ýerde olar söwda-senagat we ulag firmalarynyň paýnamalaryny satyn alyp, bazara hususy borçnamalaryny goýberýän maýa goýum kompaniýalar bilen bäsleşýärler. Döwlet pensiýa gaznalarynyň serişdeleri gaznaçylygyň obligasiýalaryna maýa hökmünde goýulýar.

ABŞ-nyň ***maliýe kompaniýalary*** ilkibilen iri senagat korporasiýalar üçin, esasan hem, pes islegiň we ykdysady ýagdaýyň ýaramazlaşýan şertlerinde, uzak wagtyň dowamynda ulanylýan harytlaryň geçirilmeginiň guraly bolup çykyş edýär. Täjirçilik banklary bilen deň hatarda olar sarp ediş karzynyň gurşawynda öz işjeňligini görkezýärler. Şeýlelikde, ABŞ-nyň öňdebaryjy awtomobil kompaniýasy «Dzeneral motors akseptens korporeýşn» (General Motors Acceptance Corporation) golçur maliýe kompaniýasyna eýeçilik edýär. Ownuk sarp ediş karzynyň kompaniýalary hem çalt ösýär, olar öz içinde sarp ediş karzlarynyň ep-esli bölegini ýerleşdirýärler.

***Karz-süýşürintgiler jemgyýeti*** goýumçylaryň maksatlaýyn karzlaşdyrmasyny üpjün etmek, goýumlar görnüşinde süýşürintgileri jemlemek üçin döredilýär. Bu süýşürintgi maliýe edaralary *paý edarasyna* (eger paýçy goýumçylara degişli bolsa) ýa-da *paýdarlar edarasyna* (eger paýdarlara degişli bolsalar) eýe bolup bilýärler. Paýdarlar görnüşinde şeýle jemgyýetler unitar-holding kompaniýalara, ýeke karz süýşürintgiler jemgyýetine eýeçilik edýän ýa-da birnäçe karz süýşürintgiler jemgyýetine eýeçilik edýän holding kompaniýalaryna degişli bolup bilýärler. Unitar kompaniýalar hyzmatlaryň we işleriň görnüşlerini saýlanlarynda, holdinglerden tapawutlykda uly erkinlik bilen tapawutlanyp bilýärler. Jemgyýetler häzirki bazara uýgunlaşmak üçin uly güýç sarp edýärler. Mysal üçin, «Ferst» (First Union) jemgyýetlerine meňzeşler, hakykatda täjirçilik banklaryna öwrüldiler, «Nord Ekron Seýwings end Lan» (Nord Akron Saving & Loun) meňzeşler bolsa milli çäklerde hereket edýärler.

***Özara süýşürintgiler banklary*** özlerinde ýerleşdirilen süýşürintgiler boýunça göterimleriň (diwidentleriň) tölenilmeginiň ýoly bilen ilatyň giň gatlagynyň (ilkibilen sada girdejilileriňkini) süýşürintgilerini ýygnamak maksady bilen döredilen maliýe institutlar


13. Sargyt №2512

bolup çykyş edýärler. Bu banklara goýumlaryň ilkibaşdaky iň az ululyklary olaryň adynda, mysal üçin, «Linniň bäş sentli süýşürintgiler banky» (Lina FiveCents Savings Bank, Massaçusets ştat) ýa-da «Brukliniň onsentli süýşürintgiler banky» (Brooklyn TenCents Savings Bank, Nýu-Ýork ştat) adynda görmek bolýar. Şeýle banklaryň işjeň bank amallarynyň esasy görnüşi-ipoteka we sarp ediş karzydyr. Alnan peýda kepil gaznalaryny döretmek we göterimleri tölemek üçin ulanylýar. Özara süýşürintgiler banklarynda goýumlar boýunça göterim derejeleri täjirçilik banklarynyňkydan pesdir.

*Özara süýşürintgiler banklary* aşakdaky esasy alty alamaty bilen häsiýetlendirilýär:

– döretmek üçin rugsat ştatlaryň derejesinde amala aşyrylýar;
– kooperatiw häsiýeti;
– goýumlaryň süýşürintgi görnüşinde we gozgalmaýan emläk bilen şertleşikleri maliýeleşdirmekde ýöriteleşmek;
– maýa goýmak üçin özgelere garanyňda giň mümkinçilikler;
– maýa goýujylara (goýujylara degişli bolan, karz süýşürintgiler jemgyýetlerinden tapawutlykda) garanyňda olar bergidarlar;
– geografik taýdan bolan jemleme (esasan hem ABŞ-nyň demirgazyk-günbatarynda).

***Karz bileleşikleri* (şereketler)** federal derejesinde, şeýle hem, ştat derejesinde döredilýär. XX asyryň 80-nji ýyllary karz bileleşikleriniň döredilmeginiň gopgunly ýyllary bolup, olar köp gurşawlarda (mysal üçin, çekler, karz kartlary, sarp ediş we ipoteka karzlarynyň berilmeginde şertleşikler boýunça) amallaryny giňeltmek bilen, täjirçilik banklaryna howply bäsdeşlere öwrüldiler.

XX asyryň 80-nji ýyllarynyň başynda ABŞ-nyň maliýe ulgamynda köpugurlylyga tarap käbir öňegidişlikler görnüp başlady. Hususan hem, 1989-njy ýylda FÄU banklara bank holdingleriniň golçur kompaniýalarynyň gymmatly kagyzlaryny dolanyşyga goýbermäge kepil geçmek hukugyny berdi. ABŞ-nyň köpsanly maliýe institutlary banklar üçin kesgitlenen çäklendirmelerden sowlup geçmäge synanyşýarlar. Şeýlelikde XX asyryň 70-nji ýyllary «bank däl banklar» diýlip atlandyrylan çäkli hyzmatlary ýerine ýetirýän banklar döredi. Täjirçilik banklaryndan tapawutlylykda olar esasy

bank amallaryndan birini, ýagny  depozitleri kabul edip ýa-da ssuda berip bilýärdiler. Şeýle guramalaryň döredilmeginiň sebäbi FÄU-nyň we beýleki gözegçilik edaralarynyň berk gözegçiliginden sypmagy maksat edinýärdi.

Karz bileleşikleri bank däl institutlardan işleriniň kooperasiýa we hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanandygy bilen tapawutlanýarlar. Bu bileleşikler agzalarynyň biriniň paýlaryny we gatançlaryny özlerine çekýärler we olaryň hasabyna beýleki agzalaryna karz berýärler.

ABŞ-da karz bileleşikleri köp halatda sarp ediş karzlaşdyrmasyny amala aşyrýarlar. Şunlukda iri bileleşikler karzlaryň emissiýasyny öz içine almak bilen maliýe amallarynyň ähli görnüşlerini diýen ýaly ýerine ýetirýärler. 1980-nji ýylda ABŞ-da 17350-e golaý karz bileleşikleri hereket edýärdi. Häzirki wagtda ýurtda şeýle edaralaryň 7300-e golaýy hereket edýär. Bileleşikleriň bilelikdäki aktiwleriniň möçberi 940 mlrd dollardan geçýär. Deňeşdirmek üçin aýdylsa 2007-nji ýylda bu görkeziji 750 mlrd dollardan geçmeýärdi. Özara karzlaşdyrmak ýörelgelerinde guralan ol ýa-da beýleki kooperatiwler we bileleşikler öz düzümine 91 mln adamdan gowrak adamy, ýagny ABŞ-nyň ilatynyň dörtden birine golaýyny diýen ýaly alýar.

Sarp ediş karz kooperatiwleri manysy boýunça haýsy bolsa-da bir alamat, mysal üçin, **iş ýeri** meselesi bilen (polisiýa, ot howpundan gorag) birigen raýatlaryň topary üçin banklary çalyşýarlar. Karzlaryň berilmeginiň we goýulýan süýşürintgilere göterimleri hasaplamagyň tertibi karz bileleşigi tarapyndan hasaplanýar. ABŞ-daky kooperatiw karz bileleşikleri, banklaryň özboluşly görnüşleri bolup çykyş etmek bilen serişdeleriň maýa goýulmagy, maliýe maslahatlary we öz kiçi kärdeşleri bolan sarp ediş karz kooperatiwler üçin borçlary boýunça kepilleriň berilmegine degişli hyzmatlary hödürleýärler.

Karz bileleşigi bilen dolandyrmaklygyň ulgamy, onuň işgärleriniň we paýçylarynyň arasynda jogapkärçiligiň we hukuklaryň bölünmegi, çözgütleri kabul etmegiň wezipeleri «bir paýçy-bir ses» diýen ýörelgäniň esasynda işleýär, bellenilýär we ýerine ýetirilýär. Bileleşigi dolandyrmaklygyň ýokary edarasy bolup, onuň agzalarynyň umumy ýygnagy çykyş edýär, ýygnaklaryň arasyndaky arakesmelerde bolsa dolandyrmak işleri ýerine ýetirilýär. Şeýle

maliýe institutlarynyň işiniň umumy koordinasiýasyny *ABŞ-nyň karz bileleşikleriniň Milli dolandyrylyşy* amala aşyrýar.

Bank pudagynyň edaralarynyň aýry-aýry görnüşini ABŞ-nyň çäginde hereket edýän beýleki döwletleriň banklary düzýärler.

Beýleki ösen ýurtlardan tapawutlylykda ABŞ-da *köpdürli* banklardan ybarat bolan bank ulgamy bar. XX asyrda ABŞ-da banklaryň sany birden azalsa-da, daşyndan göräýmäge bu ýurtda banklar merkezden dolandyrylmaýan bank ulgamy hereket edýäne meňzeýär.

Bu ýagdaý ABŞ-da beýleki ýurtlara garanyňda bank şahamçalarynyň torunyň çäkli görnüşde çäklendirilendigi sebäpli döreýär. Köp wagtyň dowamynda amerikan banklarynyň öz şahamçalaryny açmaga hiç hili hukuklary ýokdy, geljekde (1927-nji we 1933-nji ýyllaryň kanunlaryna laýyklykda) bu hukuk ep-esli çäklendirmeler bilen berildi.

Şeýlelikde banklaryň diňe hereket edýän ştatlarynyň çäginde bölüm açmaga hukugy bolup, ştatlaryň käbirinde bölüm açmaga asla rugsat berilmeýär. Soňky on ýyllyklarda bank bölümleriniň sany has köpelse-de (1945-nji ýylda 4168 bolanlygyndan, 1995-nji ýylda 56513-e çenli), ýurtda bank şahamçalarynyň sany ähli banklaryň sanyndan bary-ýogy 1,5 esse köpdür.

Emma ABŞ-da bank işi tutuş ýurdy gurşap alan ýaly bolup görünse-de, has iri banklaryň uly bolmadyk toparynyň ýekemenligi duýulýar. ABŞ-da banklaryň jemlenmeginiň görnüşi bolan lokal jemlenme hereket etmek bilen bank serişdeleriniň esasy bölegi köp bolmadyk nokatlara gönükdirilendir, ýagny bäş ştatyň (Nýu-Ýork, Kaliforniýa, Illinoýs, Pensilwaniýa we Tehas) ygtyýarlygynda amerikan banklarynyň ½ serişdelerine golaýy ýerleşip, şonuň bilen birlikde Nýu-Ýorkda FÄU agza banklaryň serişdeleriniň 18%-e golaýy jemlenendir.

ABŞ-da banklaryň jemlenmeginiň ýüze çykmagy banklaryň birikmegidir. Birikmeleriň sany Birinji Jahan urşundan soň hasam ýokarlandy, ýagny 1910–1920-nji ýyllarda 2968 banky gurşap alan 1523 birikme bolup geçen bolsa, 1921–1931-nji ýyllarda 9538 sany banky gurşap alan 5094 birikme boldy.

Ikinji Jahan urşundan soň banklaryň birikmeginiň umumy sany azaldy (1953-nji ýyldan 1970-nji ýyla çenli 2754-e deň boldy), ýöne iri banklaryň birikmesi (mysal üçin, «Çeýz benk» «Mahhetten benk» bilen) ABŞ-nyň bank işinde jemlenme işini güýçlendirdi. ABŞ-da banklaryň jemlenmeginiň beýleki ýurtlardan, mysal üçin, Beýik Britaniýadan tapawudy, ol, köplenç, ýapylan görnüşde çykyş edýär. Ýapylan jemlenmäniň bir görnüşi hökmünde iri banklar tarapyndan korrespondent (habarçy) gatnaşyklaryň ulgamynyň üsti bilen ownuk banklaryň serişdeleriniň ulanylmagy hasaplanýar.

ABŞ-nyň merkezi şäherleriniň iri banklary ülkeleriň köpsanly ownuk banklary bilen korrespondent gatnaşykda bolmak arkaly olaryň serişdeleriniň bir bölegini hakykat ýüzünde öz garamagyna alýarlar. Muňa korrespondent gatnaşyklarynda bankara depozitler arkaly öz serişdelerini artdyrýan iri amerikan banklary aýdyň mysal bolup biler.

Banklaryň gizlin jemlenmesiniň görnüşi bolup, bir banky beýleki bir direktoryň dolandyrmagy baradaky olaryň ylalaşygy çykyş edýär.

ABŞ-da banklaryň gizlin jemlenmesiniň başga bir görnüşi zynjyrlaýyn baglanyş ulgamydyr. Bu ýagdaýda banklaryň «zynjyry» haýsydyr bir iri maliýe amalyny durmuşa geçirmek üçin wagtlaýyn ýa-da özara goldamak, özara paýnamalary alyşmak, ýeke-täk karz syýasatyny ýöretmek we beýlekiler üçin hemişelik ylalaşyklardyr.

ABŞ-da banklaryň gizlin jemlenmesiniň zerur görnüşi banklar toparynyň ulgamydyr. Ol köpsanly banklaryň bileleşiginiň olaryň paýnamalaryna eýe çykmak bilen «paýnamalary saklamak üçin jemgyýet» diýlip atlandyrylýan bir paýdarlar kompaniýasynyň (holding kompaniýa) garamagynda bolmakdyr.

Holding kompaniýalarynyň arasynda geçen asyryň 60-njy ýyllary aýgytly orun iri kompaniýalara degişli bolup, olardan «Уэстерн банк корпорейшн», «Марин Мидленд корпорейшин», «Норсуэст банк» «Ферст бэнк сток корперейшин» banklar hasaba alnan banklar toparynyň 70%-ine golaý serişdesine eýeçilik edýärdiler. Banklaryň holding kompaniýalarynyň arasynda has irisi «Уэстерн банк корпорейшн»-dir.

ABŞ-da we beýleki ösen döwletlerde döwletiň bank gurşawynyň işine goşulmagynyň güýçlenýändigi göze ilýär. Elbetde Beýik Bri-

taniýadan we Fransiýadan başga ýurtlarda federal gazna banky döwletiňki däldir. Emma olary döwlet dolandyrýar, olar Maliýe ministrligi bilen berk baglanyşykly bolup, esasan, döwletiň gymmatly kagyzlaryna öz serişdelerini goýýarlar. Federal ýer banky, Haryt karzy korporasiýasy we Eksport-import banky döwletiň hususy banklarydyr. Şeýlelikde 12 sany federal ätiýaçlyk bankyndan we bir ýarym müňden gowrak täjirçilik banklaryndan ybarat ABŞ-nyň bank ulgamy ösmegini dowam edýär we bäsdeşligini güýçlendirýär. ABŞ-da ipoteka çökgünligi 2006-njy ýylda başlady. Ynamsyz karz alyjylar tarapyndan jaý üçin alnan karzlaryň gaýtarylmazlygynyň ösüşi, onuň esasy sebäbi boldy. Çökgünlik iri ipoteka kompaniýasy Nýu-Ýork gazna biržasyndan gidenden soň, 2007-nji ýylyň ýazynda hasam güýçlenip, halkara derejesine çykdy. Tomus bolsa çökgünlik Beýan Stearns, Goldman Sachs, BNR Paribas ipoteka obligasiýalaryna serişdelerini goýan iri maliýe kompaniýalaryň düýpli goýum gaznalaryna täsir edip başlady. Halkara bazarlarda likwidligiň çökgünligi emele gelip ugrady. Dünýäniň merkezi banklary öz maliýe ulgamlaryna, onlarça we ýüzlerçe milliard dollarlary sarp edip başladylar.

Ýurduň iri banklarynyň biri bolan Beýan Stearns çökenden soň beýleki iri banklar bolan Goldman Sachs, Lehman Brothers we Merrill Lynch hem çökmegiň öňýanyndaky ýagdaýa düşdüler. ABŞ-nyň iň abraýly maliýe institutlary ipoteka çökgünliginiň ýetiren ýaramaz täsirine garşy durup bilmediler.

Goldam Sachs, Lehman Brothe we Merrill Lynchyň paýnamalarynyň gymmaty gazna bazarlarynda ep-esli gaçan döwri bolan 2008-nji ýylyň 17-nji martynda çökgünlik ýene-de hasam ýitileşdi. Iň pes hasaplar boýunça Goldam Sachs 3,2 mlrd dollara çenli, Lehman Brothers 1,6 mlrd dollar, Morgan Stanley – 1,2 mlrd dollar ýitgi çekdi.

## Esasy düşünjeler

**ABŞ-nyň bank ulgamy ýurduň merkezi bankynyň** wezipelerini ýerine ýetirýän federal ätiýaçlyk ulgamyndan, täjirçilik banklaryndan, maýa goýum banklaryndan, süýşürintgiler banklaryndan, karz-süýşürintgiler jemgyýetlerinden düzülendir.

**ABŞ-nyň federal ätiýaçlyk ulgamy (FÄU)** ýurduň merkezi bankynyň wezipelerini ýerine ýetirmek bilen, öz işlerinde açyk bazaryň Federal komitetine we Federal konstitusion geňeşine esaslanýan dolandyryjylaryň geňeşinden, ýurduň iri şäherlerindäki 12 sany ätiýaçlyk bankyndan we federal ätiýaçlandyryş ulgamynyň agzalary bolan köpsanly banklardan ybaratdyr.

**ABŞ-nyň täjirçilik banklary** köpşahamçaly we bölümli banklar hem-de şahamçasynyň tory bolmadyk ýa-da gowşak ösen banklar diýilýän iki görnüşe bölünýärler. Manysy boýunça täjirçilik banklar depozit banklar bolup çykyş edýärler. Olar, şeýle hem söwdany gysga möhletli maliýeleşdirýärler, töleg dolanyşygy, trast hyzmatlary we ş.m. ýerine ýetirýärler.

**ABŞ-nyň maýa goýum banklary,** esasan, ownuk maýadarlara hyzmat edýärler, maýanyň birikdirilmegi, amatly goýumlar meseleleri boýunça maslahat berýärler, şeýle hem gymmatly kagyzlar bilen bagly gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny kepillendirmek we kompaniýalaryň gymmatly kagyzlaryny ýerleşdirmek amallaryny amala aşyrýarlar. Guramaçylyk görnüşi boýunça düýpli goýum banklaryň biri korporasiýa (paýdarlar kompaniýalar), beýlekileri bolsa paýdarlar däl firmalar ýa-da hyzmatdaşlarynyň çäklendirilen sany bolan jemgyýet bolup çykyş edýärler.

**Özara süýşürintgiler banklary** döredilmegine rugsat ştatlaryň derejesinde amala aşyrylýan; kooperatiw häsiýeti bar bolan; goýumlaryň süýşürintgi görnüşine we gozgalmaýan emläk bilen geleşikleri maliýeleşdirmeklige ýöriteleşýän; maýa goýmagyň giň mümkinçiliklerni üpjün edýän; maýa goýujylara gatnaşdyrylanda bergidar bolup çykyş edýän, şeýle hem geografiki taýdan jemlenmedik (esasanam, ABŞ-nyň demirgazyk-günbatarynda) bilen tapawutlanýan alty sany esasy alamatlary bilen häsiýetlendirilýär.

**ABŞ-da banklaryň ýapyk jemlenmesi** 1) direktoratlaryň özara çalyşyk ulgamy (bu ýerde bir banklaryň direktorlary beýlekileri dolandyrmaga gatnaşýarlar); 2) zynjyrlaýyn aragatnaşyk ulgamy (bu ýagdaýda banklaryň «zynjyry» iri maliýe amallary bilelikde geçirmekde wagtlaýyn häsiýetli ylalaşyk bilen birleşýärler ýa-da

özara goldaw bermek we paýnamalar bilen özara çalyşmak ýeke-täk karz syýasaty amala aşyrmak we ş.m. boýunça birleşýärler); 3) olaryň paýnamalaryny satyn alýan bir paýdarlar kompaniýasynyň gözegçiliginde paýnamalary saklaýan jemgyýet (holding-kompaniýa) diýip atlandyrýan bank toparlarynyň ulgamyny döretmek diýen üç görnüşde amala aşyrylýar.

**Dollar** – ABŞ-nyň hereket edýän pul birligi.

## Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Häzirki wagtda ABŞ-nyň bank ulgamyny haýsy makroykdysady görkezijiler bilen häsiýetlendirip bolýar?
2. Taryhy ösüşiniň dowamynda ABŞ-nyň bank ulgamy haýsy tapgyrlary geçdi?
3. ABŞ-nyň federal ätiýaçlyk ulgamy näme bolup çykyş edýär we haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
4. ABŞ-nyň täjirçilik banklary haýsy iki görnüşe bölünýärler we nähili wezipeleri ýerine ýetrýärler?
5. ABŞ-nyň maýa goýum banklary, esasan, kime hyzmat edýärler we gymmatly kagyzlar bilen amallaryň haýsy görnüşlerini ýerine ýetirýärler?
6. ABŞ-nyň özara süýşürintgiler banklary haýsy esasy alamatlary bilen häsiýetlenýär?
7. ABŞ-da banklaryň gizlin jemlenmesi nähili görnüşlerde amala aşyrylýar?
8. Iri amerikan banklary dünýä bank ulgamynda we dünýä ykdysadyýetinde nähili orunlary eýeleýärler we nähili ähmiýete eýedirler?
9. 2008-nji ýylda ABŞ-nyň haýsy karz edaralaryndan düýpli maliýe çökgünligi başlandy?
10. 2008-nji ýylyň düýpli maliýe çökgünliginden çykmak üçin döwlet amerikan banklaryna nähili goldaw berýär?

# VIII BAP
# Kanadanyň bank ulgamy

## 8.1. Kanadanyň karz ulgamy

XX asyryň ahyry XXI asyryň başy dünýä hojalygynyň globallaşma ýagdaýynda täze ýagdaýa geçmegi bilen tapawutlandy. Bu döwürde bank maýasynyň we aktiwleriniň birden ösmegi, maliýe institutlarynyň berkemegi hem-de bank işindäki bäsdeşligiň ýitileşmegi bolup geçdi. Bu ýagdaýlarda «Uly ýedilige» girýän döwletleriň toparynyň arasynda az ilatly Kanadanyň maliýe ulgamy dünýä maliýe çökgünliginiň ykdysady pese düşmeklige, kompaniýalaryň tölege ukyplylygyna, maýa goýum ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirýän içerki we daşarky durnuksyzlandyryjy ýagdaýlaryna berk garşylyk görkezdi.

Halkara ykdysady gatnaşyklar ýurduň ykdysadyýetinde merkezi orny eýeleýär. Soňky ýyllarda ykdysadyýetiň barha açyklyk häsiýetine eýe bolmagy onuň daşary ykdysady gatnaşyklarynda öz beýanyny tapýar. 2018-nji ýylyň maglumatlaryna görä esasy daşary söwda hyzmatdaşlaryna ABŞ, Ýaponiýa, Hytaý degişli bolup, eksportynyň 84%-i ABŞ-a, 2%-i Ýaponiýa, 2%-i Hytaýa düşýär. Importynyň 57%-i ABŞ-a, 8%-i Hytaýa, 4%-i Ýaponiýa degişlidir. ABŞ bilen söwdasy oňaýly galynda eýedir. Ýurduň eksportynyň düzümi barha kämilleşýär. Tebigy gazy satmak boýunça dünýäde 2-nji orny eýeleýär. Eksportyň düzüminde mineral baýlyklaryň orny ýokarydyr. Soňky ýyllarda tebigy gazyň we mineral baýlyklaryň eksportdaky paýy 60-dan 35%-e çenli pese düşdi. Onuň ýerine maşynlaryň, aýratynda gazyp alyjy senagatyň enjamlarynyň paýy 52%-e bardy.

Kanada has ösen döwletlere degişli bolup, ol ösen 7-lige girýän ýurtlaryň biridir. JIÖ-niň umumy möçberi 2018-nji ýyl boýunça 2 trln 336 mlrd 67 müň dollara deň bolup, bu görkeziji boýunça dünýäde 10-njy orny eýeleýär. JIÖ-niň adam başyna düşýäni 2018-nji ýylda

satyn alyjylyk paritet (SAP) boýunça 46 232 dollara barabar bolup, bu görkeziji boýunça dünýäde 20-nji orny eýelýär.

Ýurduň ýerleşişi örän amatlydyr. Ýurduň kenaryna dünýä ummanynyň birbada üçüsi galtaşýar. Ýurtda köpsanly derýalaryň, kölleriň bolmagy suw üpjünçiligini ýokarlandyrýar. Tokaýlaryň adam başyna düşüşi boýunça dünýäde 1-nji orny eýelýär.

Örän giň meýdany eýelemekligi tebigy baýlyklaryň görnüşleriniň we möçberiniň köp bolmagyna şertlendirilýär. Uranyň, kobaltyň, sinkiň, nikeliň, kaliý duzunyň, asbestiň, kükürtiň gory boýunça dünýäde 1–2-nji orunlary eýeleýär. Misiň, altynyň, gurşunyň, molibdeniň, kümşüň, demir magdanlarynyň, nebitiň, tebigy gazyň, daş kömrüň gazylyp alnyşy boýunça dünýäde 3-nji orny eýelýär. Zähmete ukyply ilatyň 2,5%-i oba hojalykda, 19,5%-i senagatda, 78%-i hyzmat gurşawynda zähmet çekýär. JIÖ-niň düzüminiň 2,2%-ini oba hojalygy, 29%-ini senagat önümleri, 68,8%-ini hyzmatlar tutýar.

Ýokary derejede ösen senagat hereket edýär. Senagat önümleriniň arasynda gazyp alyjy senagat uly orun tutýar. Onuň önümleriniň 80%-i eksporta ugradylýar. Gaýtadan işleýän senagatyň düzümi gara we reňkli metallurgiýadan (sink, alýumin, kümüş, molibolen, mis) maşyngurluşyk (awtomobil gurluşyk, ulaglaryň dürli görnüşleri, elektronika, awiakosmos), himiýa we nebit-himiýa, agajy işläp bermek (dünýäde 3-nji orun), sellýuloza-kagyz (dünýäde 1-nji orun) senagatlary tutýar. Senagatda ylym siňňitli pudaklaryň sany barha artýar. Harby-senagat toplumy uly orun tutýar.

Oba hojalygy ýokary derejede mehanizmleşdirilen, ýokary önüme we bäsleşige ukyply öndürilýär. Dünýä boýunça oba hojalyk önümlerini iri öndürijileriň we eksport edijileriň biridir. Oba hojalyk önüminiň 60%-i maldarçylygyň paýyna düşýär. Onuň düzümine et--süýt berýän mallar, doňuzdarçylyk, guşçulyk girýär. Oba hojalyk ekinleriniň içinde giňden ýaýrany bugdaý bolup, onuň eksporty boýunça dünýäde 2-nji orunda durýar.

Ulag ulgamy ýokary derejede ösendir. Demir ýollaryň uzynlygy 48,6 müň *km*, gara ýollar 1,4 mln *km*, içerki suw ýollarynyň uzynlygy 3 müň *km*-e barabardyr.

Halkara syýahatçylyk ýokary derejede ösendir. Ýurda her ýylda 25 mln syýahatçy gelmek bilen bu görkeziji boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär.

Kanada halkara söwdasyna işjeň gatnaşyjydyr. Onuň eksporty, takmynan, 415 mlrd dollar, import bolsa 356 mlrd dollardan ybaratdyr. Onuň altyn walýuta ätiýaçlyk serişdeleriniň möçberi 7 mlrd dollardan ybaratdyr.

Kanadanyň çylşyrymly industrial ulgamy bar, onuň döredilmegine ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň karz ulgamlary uly täsirini ýetirdi. Bu ýurtlar Kanadada maliýeleşdirmegiň milli çeşmelerini eýelemek ýoly bilen, öz orunlaryny berkitmäge çalyşdylar.

Monreal telekeçileriniň topary 1792-nji ýylda Kanadada bank döretmäge synanyşdylar. Bu synanyşyk netijesiz boldy. 1817-nji ýylda monreally söwdagärleriň 9 sanysy häzirki Monreal bank diýip atlandyrylýan banky döretdiler. Bu bank Kanadadaky banklaryň iň bir gadymylarynyň biridir.

Soňra birnäçe ýöriteleşdirilen maliýe institutlary bolan ätiýaçlyk kompaniýalary, trast we ipoteka kompaniýalary we ş.m. döredildi. 1867-nji ýylda Kanadada 35 bank hereket edýärdi. Banklar ilkibaşda çetki künjeklerde edara görnüşli tarap ýaly bellige alynýardylar. 1867-nji ýylda Konfederasiýasynyň döredilmegi bilen täze federal hökümet pul we bank işi bilen bagly ähli kanunlary öz eline aldy. 1871-nji ýylda banklar hakyndaky kanunyň gutarnykly redaksiýasy kabul edildi. Banklar hakyndaky kanun täjirçilik banklarynyň işini kadalaşdyryp her on ýyldan gaýtadan seredildi.

Täjirçilik banklarynyň orunlarynyň berkemegine Birinji Jahan urşy öz täsirini ýetirdi. Onuň netijesinde bank däl institutlar bolan nesýesine satylýan zatlary we sarp ediş karzlary maliýeleşdirmek boýunça kompaniýalar, ätiýaçlandyryş we trast kompaniýalar ösüşe eýe boldular.

1929–1930-njy ýyllaryň dünýä ykdysady çökgünligi karz ulgamyna öz ýaramaz täsirini ýetirdi. Ýöne şol döwürde Kanadanyň banky döredildi, ýaşaýyş jaý gurluşygyny we oba hojalygyny karzlaşdyrýan ýöriteleşdirilen döwlet institutlarynyň işi işjeňleşdi.

Karz ulgamynyň kämilleşmegi Ikinji Jahan urşy döwüründe we ondan soň hem dowam edip, ýöriteleşdirilen karz institutlarynyň täze görnüşleri bolan lizing kompaniýalary, döwlet ätiýaçlandyryş kompaniýalary, pensiýa üpjünçilik kompaniýalary ýüze çykdy.

XX asyryň 80-nji ýyllaryna çenli karz gurşawynyň esasy tapawutlandyryjy aýratynlyklary bolup, ýokary durnuklylyk, wezipeleriň anyk çäklendirmeleri, degişli döwlet edaralary tarapyndan berk gözegçilik çykyş etdi. Bularyň ählisi Kanadanyň maliýe ulgamyny ösen döwletleriň arasynda iň bir «ygtybarlylaryň» birine öwürdi.

Sözüň doly manysynda özgerişiň alamatlary 1980-nji ýylda, ýagny täze bank kanunçylygy boýunça Kanada resmi taýdan daşary ýurt täjirçilik banklarynyň şahamçalary goýberilip başlandan soň peýda boldy. Emma, düýpli üýtgemeler Kanadanyň karz maýasynyň bazaryndaky «oýnuň düzgünlerinde» on ýyllygyň ortalarynda aşakdaky alamatlar boýunça bolup geçdiler:

– şol wagtdan başlap Kanadanyň maliýe edaralarynyň esasy görnüşleriniň biri-biriniň iş gurşawlaryna işjeň girişmegi başlandy;

– ýurtda Kanada üçin täze (emma ýöne Beýik Britaniýada öň belli bolan) maliýe edarasynyň görnüşi – täjirçilik we maýa goýum bankynyň we trastkompaniýanyň wezipelerlerini ýerine ýetirýän söwda banky ýaly atlandyrylýan bank döredi, bu bolsa Kanadanyň maýa goýum dilerleriniň agalygyny bozdy;

– karz-maliýe gurşawynda pudagara bäsleşik ýitileşdi, onuň netijesi bolup «maliýe konglomeratlaryň» batly ösmegi we bank däl kompaniýalarynyň köp görnüşleriniň köp ugurly (uniwersal) «maliýe merkezlerine» öwrülmegi çykyş etdi;

– Kanadanyň maliýe edaralarynyň işini kadalaşdyrýan kanunlara üýtgemeler girizildi, olar daşary ýurt firmalary tarapyndan goraglylygyny ýitirdiler, bu bolsa ýurduň karz-maliýe ulgamynyň ähli industrial düzümi üçin öňde goýlan netijelere getirdi.

1980-nji ýylda täzeden seredilen kanun banklaryň aşakdaky iki görnüşiniň bolmagyna rugsat berýär.

– *A sanawdaky banklar.* Bu banklara bir paýdara ýa-da paýdarlaryň toparyna hasaplanan, ähli ses berýän paýnamalaryň 10%-i mukdaryna eýeçilik etmek hakyndaky düzgünnama degişlidir.

– *B sanawdaky banklar.* Bu banklar paýdarlar görnüşine geçirilenden soň ýapyk görnüşli kompaniýalar ýaly hereket edip bilýärler. Bu sanawa ygtyýarnamasy bar bolan ýagdaýynda, bölümlerini açyp bank diýip atlandyrylyp bilýän, daşary ýurt banklarynyň golçur bölümleri girýär. Işlemäge ygtyýarnama gaýtadan dikeldilip bilýär ýa-da ilkinji bäş ýylyň dowamynda her ýyl berilýär we bäş ýyldan soňra üç ýyl möhlete berilýär. Her bir bankyňky we bilelikde banklaryň aktiwleriniň ýokarlanmagy ähli milli banklaryň aktiwlerinden 8%-den ýokary bolmaly däldir.

1980-nji ýylyň 1-nji dekabrynda kabul edilen banklar hakyndaky kanunyň redaksiýasynda banklaryň döredilmeginiň tertibi düşündirilýär. Pul-karz syýasatyny geçirmek maksady bilen kanun täjirçilik banklaryna birinji we ikinji ätiýaçlyklaryny döwlete degişli bolan Kanadanyň bankynda saklamaklygy borçly edýär. Banklar ilkinji ätiýaçlyklary boýunça göterim almaýarlar. Kanadanyň banky banklaryň banky bolup çykyş edýär, sebäbi ol kliring ulgamyna gözegçilik edýär, onuň üsti bilen ygtyýarlandyrylan täjirçilik banklary we gaýry maliýe institutlary özara hasaplaşyklary amala aşyrýarlar. Maliýe ministri banklaryň işine gözegçilik edýär.

Ygtyýarlandyrylan täjirçilik banklaryndaky Kanadanyň dollarynda ýerleşdirilen goýumlar, federal agentligi bolup çykyş edýän depozitleri ätiýaçlandyrmak boýunça (Canada Deposit Insurance Corporation) Kanada korporasiýasynyň her bir bankynda bir goýumça 60 müň dollara çenli ätiýaçlandyrylýar.

Kanadanyň banklary daşary ýurt bazarlarynda aktiw iş alyp barýarlar. Olaryň walýuta aktiwleri ähli aktiwleriň 45%-den gowragyny tutýarlar. Banklaryň girdejileriniň ep-esli bölegi halkara amallaryň hasabyna üpjün edilýär. Göterim derejelerine federal hökümeti öz agentiniň – Kanadanyň bankynyň üsti bilen täsir edýär.

Banklara gytaklaýyn ýa-da göni täsir edýän beýleki federal kanunlara geçirilýän wekseller hakyndaky kanun, Kanadanyň hasaplaşyk assosiasiýasy hakyndaky kanun, Kanadanyň zähmet kanun-

çylygy, Kanadanyň pensiýalar hakyndaky kanuny, depozitleri ätiýaçlandyrmak boýunça korporasiýalar hakyndaky kanuny, ipoteka we ýaşaýyş-jaýlar – gurluşyk korporasiýalar hakyndaky kanun, önümçilik-söwda korporasiýalar hakyndaky kanun, girdeji salgydy hakynda kanun degişlidirler.

## 8.2. Kanadanyň bank ulgamynyň gurluşy

Kanadanyň häzirki karz ulgamy öz içine merkezi emission banky, täjirçilik banklary, ýöriteleşdirilen edaralary alýar.

Ýurtda bank edaralarynyň aşakdaky üç görnüşi hereket edýär:

– ýurduň içinde köp bölümleri bolan çarter banklary;
– umumy milli ýa-da sebitlerdäki trast kompaniýalar;
– diňe sebitlerde bolup bilýän karz birleşmeleri.

Kanadanyň banky 1934-nji ýylda «Kanadanyň bankynyň akty» bilen döredilýär, öz işine 1935-nji ýylyň 11-nji martynda merkezi bank we Kanadanyň banklar banky hökmünde başlaýar. Kanadanyň bankynyň düzgünnamasy onuň karzy we pul dolanyşygyny milletiň ykdysady durmuşynyň bähbidinde kadalaşdyrmak, milli pul birligine gözegçilik etmek we onuň hümmetini goramak, şeýle hem onuň üsti bilen önümçiligiň, söwdanyň, nyrhlaryň we iş bilen meşgullyklaryň umumy derejesiniň ýagdaýlaryny kesgitlemek, pullaryň, bank amallarynyň täsiriniň çäklerinde näçe mümkin boldugyça peseltmek baradaky wezipelerini kesgitleýär. Banklar hakyndaky kanunyň




***8.1-nji şekil.*** **Kanadanyň bank ulgamynyň guramaçylyk gurluşy**

düzgünlerine laýyklykda Kanadanyň banky täjirçilik banklar tarapyndan topar hökümünde ulanyp biljek kassa ätiýaçlyklaryň umumy jemini kesgitläp bilýär. Her bir täjirçilik banky Kanadanyň bankynda depozitler we Kanadanyň bankynyň banknotlarynda awuarlar görnüşinde nagt ätiýaçlyklaryň kesgitli ortaça jemini saklamalydyrlar *(8.1-nji şekil)*.

Kanadanyň banky täjirçilik banklara karzlary bellibir görnüşli gymmatly kagyzlary girewine alty aýdan ýokary bolmadyk möhlete berip bilýär. Bellibir şertlerde we kesgitlenen möhlete karzlar hökümete ýa-da ülkelere berlip bilýärler. Bankyň hasap derejesi iň pes dereje bolup çykyş edýär, ol boýunça Kanadanyň banky karzlary bermäge taýýar. Kanadanyň banky, şeýle hem ygtyýarlandyrylan täjirçilik banklaryndan ikinji ätiýaçlygy saklamagy talap edip bilýär, onuň ululygy bolsa bellibir çäklerde bank tarapyndan üýtgedilip bilinýär. Ikinji ätiýaçlyk düzgünnama maýasyna, gazna weksellerine we maýadar-dilerlere berilýän bir günlük karzlara garanyňda kassa ätiýaçlyklarynyň artýan böleklerine degişlidir.

Kanadanyň bankynyň işini bankyň prezidenti, orunbasary we saýlanan 12 adamdan ybarat bolan direktorlar geňeşi dolandyrýar. Gündelik işleri bilen bolsa, alty adamdan ybarat bolan dolandyryjylar geňeşi meşgullanýar. Bankyň direktorlarynyň geňeşine ses bermäge hukugy bolmadyk şert bilen maliýe ministriniň orunbasary hem girýär, ony maliýe ministri üç ýyl möhlet bilen belleýär. Direktorlar geňeşi çözgütleri kabul etmek üçin ýylda sekiz gezek ýygnak geçirilýär.

**Kanadanyň iri banklary.** Kanadanyň iri banklaryna ilki bilen ýurduň täjirçilik banklarynyň öňdebaryjy «bäsligine» girýän «Roýal benk of Kenada», «Kenediýen impirial benk of commerce», «Benk of Monreal», «Benk of Nowa-Skoşiýa», «Toronto-Dominion benk» degişlidir *(8.1-nji tablisa)*.

*8.1-nji tablisa*

**2018-nji ýylyň hasaby boýunça ilkinji 100 sany transmilli banklaryň we ilkinji 500 sany transmilli korporasiýalaryň arasynda Kanadanyň orun alan iri banklary**

| Bankyň ady | TMB arasynda bankyň orny | TMB we TMK arasynda bankyň orny | Bazaryň maýalaşmagy, mln dollar | Arassa girdeji, mln dollar | Paýnamanyň bahasy, dollar |
|---|---|---|---|---|---|
| Royal Bank of Canada | 27 | 114 | 65 329,0 | 4 083,8 | 49,8 |
| Bank of Nova Scotia | 35 | 168 | 46 322,8 | 3 091,3 | 46,1 |
| Toronto Dominion Bank | 38 | 179 | 44 585,7 | 3 975,8 | 60,2 |
| Canadian Imperial Bank of Commerce | 47 | 262 | 32 730,8 | 2 25,5 | 86,9 |
| Bank of Montreal | 50 | 272 | 3 130,6 | 2 300,2 | 60,4 |

FT Global 500 2018 companies ranked by sector, 2018;

Htpp:// www. Forbes. Com (журнал Forbes)

Banklar Kanadanyň korporasiýalarynyň köp pudaklaýyn we halkara ekspansiýasynyň maliýe üpjünçiligine işjeň ýardam berýärler, milli bazaryň ösmegine ýardam berýän ulag, senagat we energetika taslamalarynyň köpüsine gatnaşýarlar.

ABŞ banklaryň maliýe gurşawyny giňeldýän esasy zolakdyr. Olar halkara konsorsiumlaryň işjeň gatnaşyjylary, Londondaky, Dallasdaky, Sidneýdaky, Gonkogdaky bank birleşmeleriniň köpüsiniň paýnamalaryna eýeçilik edýärler.

## 8.3. Kanadanyň banklarynyň alyp barýan işleri

*Kanadanyň karz ulgamynyň* çylşyrymly institusional düzümi bardyr. Onuň döremegine ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň karz ulgamlary güýçli täsirini ýetirdiler. Bu ýurtlar Kanadada öz orunlaryny maliýeleşdirmegiň milli çeşmelerini eýelemegiň ýoly bilen berkitjek boldular. Karz institutlary kolonial döwürlerde ýüze çykdylar. Ol wagtda bankirleriň wezipelerini söwda kompaniýalary ýerine ýetirýärdiler. Soňra ätiýaçlyk kompaniýalar, transmilli kompaniýalar, ipoteka kompaniýalary we beýlekiler diýen birnäçe ýöriteleşdirilen institutlar emele geldi.

Birinji Jahan urşy täjirçilik banklarynyň güýçlenmegine uly täsirini ýetirdi. Ondan soň bank däl institutlar bolan nesýesine satmak we sarp ediş karzlaryny maliýeleşdirmek boýunça kompaniýalar, ätiýaçlandyryş we trans kompaniýalar has çalt ösüp başladylar. Geçen asyryň 30-njy ýyllary dünýä ykdysady çökgünligi Kanadanyň karz ulgamyna, täjirçilik banklaryna, hususan-da, beýleki karz institutlaryna öz ýaramaz täsirini ýetirdi.

Şol döwürde Kanadanyň banky döredilýär, karz ulgamyna döwletiň goşulyşmagy güýçlenýär, ýaşaýyş jaý gurluşygyny we oba hojalygyny karzlaşdyrýan ýöriteleşdirilen döwlet institutlarynyň işleri işjeňleşýär.

Ikinji Jahan urşy we ondan soňky ýyllarda karz ulgamynyň kämilleşmegi dowam edýär. Netijede ýöriteleşdirilen karz institutlarynyň täze görnüşleri bolan lizing kompaniýalar, döwletiň ätiýaçlyk kompaniýalary, pensiýa üpjünçilik kompaniýalary, çarter banklar peýda bolup başlaýar.

Kanadanyň karz ulgamynda täjirçilik işinde doly erkinlik bilen peýdalanýan hususy täjirçilik ýa-da çarter diýip atlandyrylýan banklar esasy orny eýeleýärler. Ol parlamentiň partiýalary tarapyndan bellenilýär. Çarter banklar senagat, täjirçilik we ykdysadyýetiň döwlet pudaklaryna hyzmat etmelidirler. Olar depozit amallary amala aşyrýarlar, dürli görnüşli karzlary berýärler, walýuta amallary bilen meşgullanýarlar.



14. Sargyt №2512

Iri çarter banklar diýip atlandyrylýan banklara «Roýal benk of Kenada» (Roýal Bank of Canada), «Benk of Monreal» (Bank of Montreal), «Toronto-deminion benk» (Toronto-Dominion Bank), «Benk of Nowa Skoşiýa» (Bank of Nova Scotia), «Kenedian imperial benk of kommers» (Canadian Imperial Bank of Commerce), «Neşnl Benk of Kenada» (National Bank of Canada) degişlidir. Olara Kanadanyň ähli banklarynyň ygtyýarynda ýerleşýän jemi aktiwleriň 90%-i degişlidir. XXI asyryň başynda çarter banklar 7 müňden gowrak bolsa-da, ýokarda ady tutulan alty banka Kanadanyň ähli bank bölümleriniň 95%-den gowragy degişlidir.

Täjirçilik banklar bilen bilelikde Kanadanyň karz ulgamynyň wajyp zynjyry bolup *trast-kompaniýalar* çykyş edýärler, olaryň ýöriteleşmeginiň adaty ugry bolup ynam amallary çykyş edýärler (ynanç haty boýunça müşderileriň hususyçylygy bilen dolandyrmak). Resmi statistikada olar «bank görnüşindäki edaralar» (sözüň doly manysynda bank diýen ýaly) diýip atlandyrylýar.

Soňky on ýyllykda Kanadanyň ähli karz-maliýe edaralarynyň bilelikdäki aktiwlerinde trast-kompaniýalaryň çalt ösüşine syn edip bolýar. XX asyryň 60-njy ýyllary olaryň paýy 6,5-den 20%-e çenli ösdi, bu ýagdaý bolsa trast-kompaniýalary täjirçilik banklardan soň ikinji ýere çykardy.

Trast-kompaniýalar banklar bilen depozit-karz amallarynyň gurşawynda hem işjeň bäsleşik dowam edýär. XXI asyryň başynda olar kanadalylaryň 3/10-den gowrak hususy süýşürintgilerini özlerine birikdirdiler. Bu görkeziji boýunça olar diňe täjirçilik banklardan yza galýarlar. Olar gozgalmaýan emlägiň girewine kanadalylara jaý satyn almak üçin ähli karzlaryň ýarysyny bermek bilen ipoteka kompaniýalar bilen hem üstünlikli bäsleşip gelýärler. Ondan başga-da, trast-kompaniýalarda döwlet obligasiýalaryna we korporasiýalaryň gymmatly kagyzlaryna öz serişdelerini gönükdirýän pensiýa gaznalarynyň dürli görnüşleri döredilýär.

Trast-kompaniýalaryň işiniň diwersifikasiýasy bu karz-maliýe gurşawynyň pudagynyň ýekemenligine ýardam berýär. Kanadanyň alty sany öňdebaryjy trast-kompaniýalary bu görnüşli ýüze golaý Kanada kompaniýalaryna düşýän bilelikdäki (hususy ýaly, şeýle hem

ynanç haty boýunça dolandyrylýan) aktiwleriň 83%-i töweregini özlerinde jemleýärler. Trast-kompaniýalaryň kuwwatlylygyny olaryň irileriniň biri bolup, hususy aktiwleriniň ululygy boýunça ýurduň diňe alty sany öňdebaryjy täjirçilik banklaryndan yza galýan «Kanada trast» subut edýär.

Kanadada, dünýäniň köp ýurdunda bolşy ýaly, senagatyň we banklaryň milli maýasynyň birikmegi we ösmegi uly orun eýeleýär. Beýle maliýe bileleşikleriniň düzümine «Benk of Montriol», «Roýal trast», ätiýaçlyk kompaniýasy «San laýf aşurans», demir ýol «Keneýdian pasifik reýlueý», polat guýýan «Stil kompanii of senator Kenada», şeýle hem «Imperiýa» bileleşigini alýan merkezli topar girýär. «Imperiýanyň» başynda senator J.Koks durýardy, ol «Benk of kommers», «Neşnl trast», «Kenada laýf aşurans», «Sentral Kanada loun end seýwingz kompani», «Imperial laýf aşurans», «Prowident inwestment kompani» we ş.m. öz içine alýar.

Kanadanyň bankirleriniň jemgyýeti Kanadanyň kliring ulgamynyň başynda dur, onuň ýokary edarasy bolup Ýerine ýetiriji geňeş çykyş edýär. Banklaryň arasyndaky hasaplaşyk ulgamynyň işine gönüden-göni kliring we maglumatlar merkezleriniň komiteti ýolbaşçylyk edýär. Ol hasaplaşyk merkezler diýip atlandyrylýan özüniň döreden 10 sany sebitara kliring palatalaryna eýedir. Sebitara kliring palatalar Ottawada, Kalgarida, Galifaksde, Monrealda, Kwebekde, Rejaýnde, Sent-jonda, Torontada, Wankuwerde we Winnipegede hereket edýärler. Olaryň işlerini gönüden-göni, Kanadanyň bankirleriniň jemgyýetinden alan mandatlaryna laýyklykda, ýerli kliring jemgyýetleri dolandyrýarlar.

Karz ulgamynda ýurtda bank däl maliýe araçyllary diýip atlandyrylýan beýleki institutlar hem hereket edýär. Olar bank amallaryny hem, amala aşyrýarlar. Bu topara karz bileleşikleri we esasan hem ilatyň frank dilli gatlagyna hyzmat edýän kooperatiw maliýe edaralary hem degişlidir.

Kanadanyň karz ulgamynyň esasy düzümini hususy täjirçilik ýa-da ýeňillikli banklar düzýär. Olar senagat, söwda we beýleki kärhanalary karzlaşdyryp ýurtda hususy maýalaryň we sarp ediş çykdajylarynyň düzümine uly täsir edýärler. Hereket edip gelýän

döwürlerinden bäri täjirçilik banklary elmydama jemlenýärler, ýagny olaryň birikmegi bolup gelýär, sanlary azalýar, ýöne maliýe kuwwatlylygy artýar.

Iňlis nusgasy boýunça döredilen banklar boýunça Kanadanyň kanunçylygy, sebitlerde iri banklaryň we olaryň bölümleriniň guralmagyna ýardam berdi. Bu bolsa banklara dürli geografik nokatlarda pul serişdeleri bilen başarjaňlykly hereket etmäge mümkinçilik berdi.

Kanadanyň täjirçilik banklary depozit bolup çykyş edýärler, olar wekselleri hasaba alýarlar, talap edilýänçä goýumlary kabul edýärler, müşderiler üçin hususy süýşürintgi we möhletli hasaplary açýarlar. Öz bukjasynda hökümetiň we hususy korporasiýalaryň gymmatly kagyzlaryny saklaýarlar, dürli kompaniýalara, hususy taraplara karz berýärler, walýuta bilen geleşikleri amala aşyrýarlar, eksport amallaryna hyzmat edýärler.

Täjirçilik banklar karz kartoçkalaryny we ýol çeklerini goýberýärler, ýörite seýflerde gymmatlyklary saklamak üçin hyzmatlary ýerine ýetirýärler, ulaglaryň we enjamlaryň orta we uzak möhletli kärendesi boýunça amallary amala aşyrýarlar. Olar maliýe hyzmatlary ýerine ýetirýän iri institutlara öwrüldiler. Banklar senagat kompaniýalarynyň maýasyna gatnaşýarlar, senagat korporasiýalarynyň direktorlaryna maslahat, hususy kompaniýalara maglumat berýärler.

Täjirçilik banklarynyň aktiw amallarynyň esasy görnüşi bolup karz amallary çykyş edýär. Çökgünlik ýagdaýlarynda karz amallary üýtgemelere sezewar boldular. Şeýle ýagdaýda geçen asyryň 30-njy ýyllarynyň çökgünlik döwürlerinde senagatyň we oba hojalygynyň banklar tarapyndan karzlaşdyrmasy birden peseldi, ýöne döwletiň gymmatly kagyzlaryna pul serişdeleriniň maýa hökmünde goýulmagy ýokarlandy, ýagny banklar döwletiň karz berijisi bolup çykyş etdiler. 1950-nji ýylyň başynda karz amallarynyň (täjirçilik banklarynyň karz amallarynda esasy ýeri hususy kärhanalaryň gysga möhletli karzlaşdyrmasy eýeleýär) sany täzeden ýokarlandy. 2000–2007-nji ýyllarda karzyň gaýtarmaly möhletini döwürlere bölmek görnüşinde harytlara we ýaşaýyş jaýlaryna berilýän karzlaryň möçberleri ýokarlanyp başlady.

## 8.4. Täjirçilik banklarynyň maýa goýum işleri

Täjirçilik banklary ýurduň ykdysadyýetinde wajyp orun eýeleýän kompaniýalara karz berýärler. Senagaty karzlaşdyrmakda pudaklaýyn ýöriteleşmäniň ösüşini görmek bolýar. Ýöne XXI asyrda bankyň wezipelerleriniň köpugurlaşdyrylmagy, iri senagat pudaklaryny maliýeleşdirmek üçin bank konsorsiumlarynyň döredilmegi ösýär. Täjirçilik banklary, esasan, eksport edýänlere gysga möhletli karzlary berýärler, uzak möhlete karzlaşdyrmak wezipelerini bolsa döwlet öz üstüne aldy.

Uruşdan soňky ýyllar täjirçilik banklarynyň gymmatly kagyzlara maýa goýmaklygynyň düzümi üýtgedi. Uzak wagtyň dowamynda täjirçilik banklary döwlet obligasiýalaryny ileri tutýardylar, soň bolsa olar pul serişdelerini döwletiň we korporasiýalaryň gymmatly kagyzlarynyň arasynda deň bölüp ugradylar.

Täjirçilik banklarynyň passiwlerinde goýum hasaplary uly bölegi tutýar. Beýle goýumlardan banklar karz amallaryny geçirmek üçin girdejiniň has uly bölegini alýarlar. Goýum hasaplarynyň we möhletli goýumlaryň paýyny köpeltmek üçin banklar dürli täzelikleri girizmeleri kabul edýärler, ownuk goýumçylaryň süýşürintgileriniň bir bölegini süýşürintgi sertifikatlara ýerleşdirýärler. Müşderi doly gymmatyny, diňe tölegiň möhleti gelenden soň yzyna alyp bilýär. Hususy korporasiýalaryň serişdeleriniň ýerleşdirilmegi, esasan, möhletli goýumlara amala aşyrylýar.

Daşary ýurt walýutasynda goýulýan goýumlaryň gerimleri giňeldi. Olar banklar tarapyndan daşary ýurtly müşderileri karzlaşdyrmak, daşary söwda geleşikleri maliýeleşdirmek üçin ulanylýar. Täjirçilik banklarynyň orny Ýewropanyň walýuta bazarynda ýokarlanyp ugrady. Soňky wagtlarda täjirçilik banklarynyň daşary ýurt amallary içerkilerinden ýokary depginler bilen ösüp ugrady. Içerki bazaryň eýýäm banklaryň arasynda paýlanany sebäpli banklaryň peýdasynyň ýokarlanmagynyň çeşmesi bolup, olaryň daşary ýurt işleri çykyş etdi.

Täjirçilik banklarynyň bölümleriniň tory beýleki ýurtlarda giňelip ugrady, olaryň bölümleriniň, golçur kompaniýalarynyň, agentlikleriniň has köpsanlysy ABŞ-da, Beýik Britaniýada, Ýakyn we Orta

Gündogaryň ýurtlarynda açyldy. Baş edaralary Kanadanyň çäklerinde ýerleşýän Kanadanyň täjirçilik banklary, manysy boýunça, halkara karz institutlaryna öwrülýärler.

## 8.5. Kanadanyň transmilli banklary we olaryň daşary işleri

Ilkibilen transmilli banklary ýurduň täjirçilik banklarynyň öňdebaryjy «bäşligine» girýän «Roýal benk of Kanada», «Kenediýen impirial benk of kommers», «Benk of Monreal», «Benk of Nowa-Skoşiýa», «Toronto-Dominion benke» degişli etmek bolar. Olara aýry-aýrylykda seredip geçeliň.

*«Roýal benk of Kenada»* Kanadanyň iri çarter banky bolmak bilen, nebit gazyp alyjy senagaty maliýeleşdirmekde öňdebaryjy bankdyr. Emma soňky döwürde görkezilen ugurdan yzygiderli aýrylyp, bankyň wezipeleriniň ýurduň içinde bolşy ýaly daşynda-da köp ugurlylygyna  tarap ugur alynýar. Bu bolsa halkara müşderiler üçin has uly möçberde dolandyryş we maýa goýum amallarynyň amala aşyrylmagynda görünýär.

Bank 1896-njy ýylda döredilip, bu günki gün ýurduň içinde, şol sanda dünýäniň 46 ýurdunda onuň 1700 bölümi bar. Ştab-kwartirasy Monrealda ýerleşýär, Torontoda, Winniperde we Kalgaride wekilhanalary işleýär. Bank amallarynyň dolandyrylyşy ýedisi Kanadada, dördüsi daşary ýurtda ýerleşýän 11 sany sebitara dolandyrylyş edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

Bankyň 5000 sany habarçy (korespondent) hasaby bolmak bilen, täze bank tehnologiýalaryny we dolandyryş usullaryny ulanmakda öňbaşçy bolup çykyş edýär. Ýurduň banklarynyň «uly bäşliginiň» arasynda, daşary ýurt aktiwleriniň ululygy boýunça 3-nji ýer eýelemek bilen, işiň giň geografiýasyna eýedir.

Ol Latyn Amerikan sebitinde maliýe ekspansiýasyna gönükdirilen işi alyp barýan «Libra benk» konsorsiumyna gatnaşyjydyr. Konsorsiumyň maýasynda bankyň paýy 10,6%-e deňdir. Bank maliýe goýumlarynyň soraglary boýunça senagat korporasiýalaryna maslahat berýär we bu amallary karzlaşdyrýar.

*«Benk of Monreal»* Kanadanyň gadymy banklarynyň biri bolmak bilen, ýurduň banklarynyň arasynda 5-nji orun eýeleýär. Ol 1817-nji ýylda döredilýär. Bank 1935-nji ýyla çenli federal hökümetiniň banky bolup çykyş etmek bilen, döwlete degişli «Benk of Kenada» banky döredilýänçä Kanadanyň ilkinji milli pul birliginiň emissiýasyny amala aşyrýar. Beýik Britaniýada bu bankyň 1818-nji ýyldan bäri wekilhanasy bolmak bilen häzirki wagta çenli ol Kanadanyň hökümetiniň maliýe ygtyýarlandyryjysy bolup çykyş edýär. «Benk of Monrealyň» ýurduň içinde 1220 bölümi bolmak bilen, 18 ösen we 17 ösüp gelýän döwletlerde işjeň hereket edýär. Ştab-kwartirasy Monrealda ýerleşýär. Bank «Master kard» karz ulgamynyň agzasydyr.

«Benk of Monreal» Kanadanyň korporasiýalarynyň köp pudaklaýyn we halkara ekspansiýasynyň maliýe üpjünçiligine işjeň ýardam berýär. Bu işde onuň alyp barýan işini diňe bir zaýomlaryň we karzlaryň gönükdirmekliginde däl-de, eýsem milli bazaryň, halkara söwdanyň ösmegine ýardam berýän birnäçe ulag, senagat we energetiki taslamalarda görüp bolýar.

«Pauer korp.» («Greýt Wes Laýf» we «Inwestor grup» maliýe institutlaryň üsti bilen) kompaniýalarynda, ondan başga-da «Kenediýen pesifikde» paýdar bolup çykyş edýär. 1984-nji ýylda bank 7,8 mlrd dollarlyk aktiwi bilen «Herris benk korp. Of Çikago» amerikan bankyny özüne goşdy. Bu bolsa oňa amerikan bazarynda giň mümkinçilikleri açdy. Indi onuň Nýu-Ýorkda, Çikagoda, Denwerde, Hýustonda, Los-Anjelesde, şeýle hem Parižde, Bonnda, Dýussedolfda, Milanda, Madridde, Gonkongda, Singapurda, Manilada, Jakartda, Delide, Bombeýde, Mehikoda, Buenos-Aýresde, San-Paulude, Sidneýde, Beýrutda we Kaýman adalarynda öz wekilhanalary bar.

*«Kenediýen impirial benk of kommers»* banky aktiwleriniň ululygy boýunça ýurtda 4-nji orny eýeleýär. Ol «Impirial benk of kommers» bilen «Kenediýen benk of kommersiň» birleşmegi netijesinde 1961-nji ýylda döredildi. Bu bank dag magdanlary senagatyny maliýeleşdirmekde öňdebaryjy bolup çykyş edýär.

Ştab-kwartirasy Torontada ýerleşýär. Maliýe merkezleri bolan Torontada, Nýu-Ýorkda, Londonda, Tokioda we Gonkongda wekillikleri, şeýle hem ýurduň içinde 1630 we dünýäniň 34 ýurdunda

110 bölümi bar. Goýumçylaryň umumy sany 474 müň adam. Bank «Wiza kard» karz ulgamynyň agzasydyr.

ABŞ bankyň maliýe işleriniň gurşawyny giňeldýän esasy zolagydyr. «Kenediýen impirial benk of kommers» halkara konsorsiumlarynyň işjeň gatnaşyjysy bolmak bilen, Londonda, Dallasda, Sidneýde, Gonkongda köpsanly bank birleşmeleriniň paýnamalaryna eýeçilik edýär.

*«Benk of Nowa-Skoşiýa»* ýurduň ikinji täjirçilik banky bolmak bilen, ol 1832-nji ýylda döredilýär. Dünýäniň 28 sany ösen we 47 ösüp gelýän ýurtlarynda bölümleri ýerleşýär. «Benk of Nowa-Skoşiýanyň» Kanadada 1194 bölümi hereket edýär. Ştab-kwartirasy resmi taýdan Galifaksda bellige alnan, emma ähli amallary Torontada amala aşyrylýar.

Bank 1983-nji ýyldan bäri «Wiza kard» karz ulgamynyň gatnaşyjysy bolup çykyş edýär. «Benk of Nowa-Skoşiýa» daşary ýurt bilen alyp barýan işlerinde giň gerim alýar. Girdejileriniň 54%-ini bank halkara amallaryndan (şolbir wagtda «uly bäşligiň» galan agzalarynda bu san 20-den 45%-e çenli üýtgäp dur) alýar.

«Benk of Nowa-Skoşiýanyň» Beýik Brianiýada bäş sany bölümi we dört sany golçur kompaniýalary bar. Ýiti bäsleşik göreşiniň şertlerinde banka Fransiýada, GFR-de, Niderlandlarda öz bölümlerini açmak başartdy. Ol «Ýunaýted interneşnl benk» konsorsiumyna-da gatnaşýar.

«Benk of Nowa-Skoşiýa» Sidneýdäki söwdany karzlaşdyrmakda ýöriteleşýän «Şroder, Darling end kompani» konsorsial bankynyň döredijileriniň biri bolup çykyş etmek bilen, oňa paýnama maýalarynyň 25%-i degişlidir.

*«Toronto-Dominion benk»* ýurtda 3-nji orny eýeleýär. «Benk of Toronto» we «Dominion benkyň» birleşmeginiň netijesinde 1955-nji ýylda döredilýär. Onuň ýurtda 964 bölümi, şol sanda 16 sany ösen we ösüp gelýän ýurtlarda bölümleri bar.

Ştab-kwartirasy Torontada ýerleşmek bilen, bank köpugurlydyr. Bank geçen asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyryndan bäri ABŞ-da öz ornuny güýçlendirjek bolup synanyşýar. Bank Nýu-Ýorkda ilkinji bölümini 1979-njy ýylda açdy. Beýik Britaniýanyň bazaryna giriş-

megi dowam etdirip gelýär, onuň Londonda iki bölümi we bir golçur kompaniýasy bar. Bu ýerde Britaniýanyň nebit-gaz kompaniýalarynyň maýa goýum hyzmatlaryna ýöriteleşen bank däl institutlary döredildi.

Bank «Standart Çarter benk» iňlis banky bilen golaýdan hyzmatdaşlyk edýär. Bankyň geljekki meýilnamasy Günbatar Ýewropanyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň ýurtlaryna aralaşmak bolup çykyş edýär.

**Söwda banklary.** Geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň ortalarynda Kanadada maliýe we karz gulluklarynyň wezipelerlerini tapawutlandyrýan täze bir institut bolup, ilkinji söwda banklary ýüze çykyp ugradylar.

Bu görnüşli maliýe institutlarynyň çalt ösmeginiň sebäbi, söwda bankynyň Kanadanyň maliýe gurşawynyň kadalaşdyrýan kanunlaryna we ilkinji nobatda bolsa goýumçylaryň maliýe kompaniýalarynyň ses berýän paýnamalarynyň iri (10%-den ýokary) bukjalaryny satyn almak üçin hukuklaryny çäklendirýän kanunlara düşmeýänligi bilen düşündirilýär.

Şeýle edaralaryň araçyl bolmagynda karz-maliýe bazarlaryna aralaşmak monopol maýanyň iri toporlaryna has uly derejede amatlydyr. Olarda şeýle kompaniýalaryň iri edaralarynyň «maliýe eýeçiliklerine» doly eýeçilik etmek üçin degişli serişdeleri bar.

Olar munuň üçin garamaklaryndaky ähli karz-maliýe edaralarynyň maliýe-ykdysady kuwwatynyň jemine daýanýarlar we emele gelen ýagdaýy olaryň müşderilerinde, olaryň bazar hakyndaky bilimlerinde, dolandyryjylyk tejribelerinde peýdalanýarlar.

Kanadanyň ilkinji we iri maýa goýum-bank firmasy bolup Edward we Piter Bronfmanlaryň ägirt uly maşgala eýeçiliginiň bir bölegi bolan «Hiz interneşnl korp.» çykyş etdi. Bu «söwda bankynyň» hususy maýasy 1 mlrd dollardan hem köpräkdir. Bu, ýurtda maýa goýum-bank amallarynda soňky wagta çenli monopoliýany saklaýan, Kanadanyň maýa goýum-diller firmalarynyň bilelikdäki maýasyndan hem ýokarydyr.

Bronfmanlaryň giňişleýin imperiýasynda ýöriteleşdirilen ýene bir söwda banky bolan «Greýt leýke grup ink» üçin hem ýer

tapyldy. Ol Bronfmanlaryň toparynyň çäklerinde merkezi maýa goýum bank ýaly hyzmat edýär, ýagny bu maşgalanyň gözegçilik edýän korporasiýalarynyň gymmatly kagyzlarynyň ýerleşmegi bilen meşgullanýar.

Söwda bankynyň ýene-de biri «Sentral kapital menejment ink.» bolup, ol «Sentral kepital korp.» holdinginden bölünip aýrylandyr. Onuň esasy eýeçiligi bolup Kanadanyň iri trans-kompaniýalarynyň biri bolan «Sentral trast» çykyş edýär. Maliýe edaralarynyň ähli toparyna Kanadanyň iki iri telekeçileri bolan R.Koen we D. Ellen gözegçilik edýärler.

«Sentral kapitalyň» işiniň esasy ugurlary bolup telekeçiligi karzlaşdyrmak, maslahat hyzmatlary we pensiýa gaznalarynyň dolandyrylmagy çykyş etdi. «Sentral kapitalyň» eýeleri ony 1 mlrd dollarlyk hususy maýasy bolan iri maýa goýum-bank firmasyna öwürmekligi meýilleşdirdiler.

«Lankaster faýneşnl ink» hususy söwda banky «Krauneks ink.» maliýe konglomerat tarapyndan döredildi. Eger 1985-nji ýylda ýurtda şeýle edaranyň diňe biri hereket edýän bolsa, 90-njy ýylyň ahyryna olaryň sany eýýäm ondan gowrak bolmak bilen, bu san yzygiderli ösýär.

Geçen asyryň ikinji ýarymynda Kanadanyň karz-maliýe gurşawynda maýanyň merkezleşdirmeginiň wajyp aýratynlygy bolup, ýöriteleşmegi boýunça dürli maliýe kompaniýalaryndan maliýe konglomeratlaryň döredilmegi çykyş etdi.

Öňdebaryjy karz-maliýe institutlarynyň biri-biriniň maýasyna gatnaşýanlygy we olaryň arasyndaky golaý, işewür gatnaşyklaryna baglylykda, olaryň irileri, ilki bilen hem esasy Kanadanyň täjirçilik banklary, senagat korporasiýalaryna maliýe hyzmatlarynyň toplumyny bermeklige gözegçiligi amala aşyrmaga mümkinçilik alýarlar. Netijede ähli karz-maliýe gurşawynyň derejesinde gurply monopol birleşmeleri döreýärler.

Kanadada bank işi berk kadalaşdyrylýar. Banklar hakyndaky kanun bank kadalaşmagynyň ýörelgelerini kesgitleýär. Gymmatly kagyzlaryň bazaryny kadalaşdyrýan ýöriteleşdirilen aktlaryň birnäçesi, ýurtda maýanyň ýygnanmagynyň we merkezleşdirilmeginiň ugrundaky

salgyt kanunlarynyň hereketiniň üstüni ýetirýär. Banklar Kanadanyň korporasiýalarynyň köppudaklaýyn we halkara ekspansiýasynyň maliýe üpjünçiligine işjeň kömek edýärler.

## Esasy düşünjeler

**Kanadanyň banky** «Kanadanyň bankynyň akty» ady bilen 1934-nji ýylda döredilen ýurduň merkezi bankydyr. Ol öz işini 1935-nji ýylyň 11-nji martyndan başlady. Bankyň düzgünnnamasyna laýyklykda onuň esasy wezipeleri milletiň ykdysady durmuşynyň bähbitlerinde karzlaşdyrmaklygy we pul dolanyşygyny kadalaşdyrmakda, milli pul birliginiň hümmetine gözegçilik etmekde, goramakda we onuň üsti bilen önümçiligiň umumy derejesiniň, söwdanyň, nyrhlaryň we iş bilen üpjünçiligiň üýtgäp durmaklygyny peseltmekdir. Kanadanyň banky bellibir gymmatly kagyzlary girewine alyp, alty aýdan ýokary bolmadyk möhlete täjirçilik banklara karzlary berip bilýär. Kanadanyň bankyny bankyň direktorlarynyň geňeşi dolandyrmak bilen, ol 12 sany saýlanan adamdan we bankyň ýolbaşçysyndan we onuň orunbasaryndan ybaratdyr. Bankyň gündelik işini bolsa alty adamdan ybarat bolan dolandyryjylaryň geňeşi dolandyrýar. Şeýle hem bankyň direktorlarynyň geňeşine, ses bermäge hukugy bolmazdan maliýe ministriniň orunbasary girýär.

**Kanadanyň bankirleriniň jemgyýeti** Kanadanyň kliring ulgamyna ýolbaşçylyk edýär. Jemgyýetiň ýokary edarasy bolup ýerine ýetiriji geňeş çykyş edýär. Banklaryň arasyndaky hasaplaşyk ulgamynyň işine kliring we maglumat merkezleriniň komiteti gös-göni ýolbaşçylyk edýär. Ol hasaplaşyk merkezler diýip atlandyrylýan on sany döredilen ýa-da sebitara kliring palatalaryndan ybaratdyr. Kanadanyň bankirleriniň jemgyýetinden alnan mandatlara laýyklykda ýerli kliring jemgyýetleri olaryň işlerini dolandyrýarlar.

**Kanadanyň bank däl maliýe edaralary** hem bank amallaryny amala aşyrýarlar. Edaralaryň bu toparyna frank dilli ilata hyzmat edýän karz bileleşikleri we koorperatiw maliýe edaralary degişlidir.

**Täjirçilik banklary** Kanadanyň karz ulgamynyň esasy ulgamydyr. Olar manysy boýynça depozit banklar bolup çykyş edýärler, wekselleri hasaba alýarlar, talap edilýänçä goýumlary kabul edýärler, müşderiler üçin hususy süýşürintgi we möhletli hasaplary açýarlar, hökümetiň we hususy koorporasiýalaryň gymmatly kagyzlaryny saklaýarlar, dürli kompaniýalara, hususy taraplara karz berýärler, walýuta bilen geleşikleri amala aşyrýarlar, eksport amallaryna hyzmat edýärler. Maliýe hyzmatlaryny ýerine ýetirmek boýunça olar iri institutlara öwrüldiler, senagat kompaniýalarynyň maýasyna gatnaşýarlar, senagat kompaniýalarynyň direktorlaryna maslahat berýärler, hususy kompaniýalara maglumat taýýarlaýarlar. Täjirçilik banklarynyň aktiw amallarynyň esasy görnüşi bolup karz amallary çykyş edýär. Täjirçilik banklarynyň passiwlerinde ýokary udel agramy süýşürintgi hasaplary eýeleýärler. Şeýle goýumlardan banklar karz amallaryny geçirmek üçin peýdanyň uly bölegini alýarlar.

**Kanadanyň söwda banklary** giň diwersifirlenen maýa goýum-bank firmasy görnüşinde ýurt üçin maliýe edarasynyň täze görnüşi bolup çykyş edýär. Söwda banky Kanadada maliýe gurşawyny kadalaşdyrýan hiç bir kanuna degişli däldir. Söwda banklary maliýe taraplary boýunça ähli iri diwersifirlenen kompaniýalardan bölünip aýryldylar.

**Kanadanyň dollary** – Kanadanyň hereket edýän pul birligi.

## Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Häzirki tapgyrda Kanadanyň ykdysadyýetini nähili makroykdysady görkezijiler bilen häsiýetlendirip bolýar?
2. Öz taryhy ösüşiniň dowamynda Kanadanyň bank ulgamy haýsy tapgyrlary geçdi?
3. Kanadanyň banky haçan we haýsy akt bilen döredildi we haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
4. Kanadanyň bank ulgamynyň düzümi bolup näme çykyş edýär?
5. Onuň esasy düzüm bölekleri haýsylar?
6. Kanadanyň bankçylarynyň jemgyýeti bolup näme çykyş edýär we haýsy amallar bilen meşgullanýar?

7. Kanadanyň bank ulgamynda täjirçilik banklarynyň orny nähili we haýsy amallar bilen meşgullanýarlar?
8. Kanadanyň söwda banklaryna haýsy aýratynlyklar mahsus?
9. Bank däl maliýe araçyllaryň toparyna haýsy edaralar degişli we olar Kanadada näme bilen meşgullanýarlar?
10. Kanadanyň we ABŞ-nyň banklarynyň arasynda bankara aragatnaşyklar barmy?
11. Kanadada näçe sany transmilli banklar hereket edýär we dünýä bank ulgamynda olaryň orny nähili?

## IX BAP

# Ýaponiýanyň bank ulgamy

## 9.1. Ýaponiýanyň bank ulgamynyň ösüşi

Ýaponiýa ösen ýurt. Dünýäniň 2,4% ilatyny, gury ýeriniň 0,3%-ini özünde jemläp, bu ýurt ykdysady kuwwaty boýunça dünýäde ösen döwletleriň arasynda ABŞ-dan soň ikinji orunda durýar. Onuň jemi içerki önüminiň möçberi 6,4 trln. amerikan dollaryndan geçýär. Ýaponiýa dünýäde gämi, awtoulag, traktor, stanok, kompýuter, senagat robotlaryny, polat eretmekde, hojalyk elektron enjamlaryny öndürmekde birinji, elektroenergiýa we himiki süýümleri öndürmekde, mis, alýumin eretmekde, nebiti täzeden işlemekde ikinji orny eýeleýär.

Ýaponiýanyň daşary söwdasynyň geografik düzümi barada aýdylanda, ýurduň esasy eksport hyzmatdaşlarynyň hataryna: ABŞ (22,8%), ÝB (14,3%), Günorta Koreýa (7,8%), Taýwan (6,8%) we Gonkong (5,6%) degişlidir. Ýurduň import boýunça esasy hyzmatdaşlarynyň düzümine: Hytaý (20,5%), ABŞ (12%), ÝB (10,3%), Saud Arabystany (6,4%), BAE (5,5%), Awstraliýa (4,8%), Günorta Koreýa (4,7%), Indoneziýa (4,2%) degişlidir. Ýaponiýa öz daşary ykdysady strategiýasynda ABŞ, ÝB ýurtlaryna, Ýakyn Gündogar ýurtlaryna esasy orun bermek bilen sebitleýin gatnaşyklaryň wektoryny döret-

mäge-de uly üns berýär. Sebitleýin gatnaşyklaryň wektory Ýaponiýanyň Günorta Koreýanyň we Hytaýyň ykdysadyýetiniň özara täsiriniň dinamiki ösüşi bilen kesgitlenýär. Bu üç ýurduň ykdysady ýakynlaşmasyna degerli sebäpler täsir edýär. Şunda olar umumy öz häsiýeti boýunça hiç bir ýurda ýekelikde çözmek başartmaýan strategiki, ýagny halkara maliýe ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmek, energetika, ulag ulgamyny ösdürmek, umumy ýokanç keselleriň ýaýradylmagy bilen göreşmek, daş-töweregi gorap saklamak ýaly wezipelerleri çözmeli bolýarlar.

Ýaponiýa özüne gerek bolan pagtany, ýüňi, boksitleri 100%, 99,9% mis simabyny, 99,8% nebiti, 99,7% demiri, 81,8% kömüri daşyndan getirýär. Ýaponiýa ABŞ-dan, GFR-den soň halkara söwdasynda üçünji orunda durýar. Onuň paýyna dünýä importynyň 6,3%-i, eksportynyň 8,9%-i düşýär. Ýaponiýa eksportynda maşynlar we enjamlar (74,7%), metal önümleri (7,8%), importynda ýangyç (20,4%), azyk (14,7%), himiýa (8,5%) bilen öňdäki orunda durýar. Ýurt özüni 70% azyk bilen üpjün edýär. Ýaponiýanyň azyk önümlerini eksport edýän esasy ýurtlaryna ABŞ, Awstraliýa we Kanada degişlidir. Ýaponiýa ýylda 12 mln tonna deňiz önümlerini öndürmek bilen dünýäde birinji orunda durýar.

Ýaponiýa 1,3 trln. dollarlyk altyn ätiýaçlygy bilen HHR-den soň dünýäde ikinji orunda barýar. Onuň paýyna dünýä bank aktiwleriniň 40%-i düşýär. Ýaponiýanyň dört banky dünýäniň iri banklarynyň birinji elli bankynyň arasyndadyr. Onuň daşary ýurt göni maýasy 460 mlrd dollardan agyp, bu dünýäniň maýa goýumynyň 12%-inden agdygrakdyr. Ýaponiýa ösüşiň kyn we özbaşdaklyk ýolunda dünýäniň ykdysady taýdan ösen ýurduna öwrüldi. Häzirki döwürde ýurt ykdysady ösüş we ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak üçin globallaşmak ýagdaýyndan peýdalanýar. Ýurtda soňky ýyllar işsizligiň 3,8% derejesinde nol ýagdaýynda diýen ýaly hümmetsizlenme saklanýar. Ýaponiýanyň ykdysady ösüşine geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň maliýe-ykdysady çökgünliginiň synagyndan, 2008-nji ýylyň dünýä ykdysady çökgünliginden üstünlikli geçen ýurduň diýseň ösen bank ulgamy saldamly goşant goşýar.

Ýurduň modernizasiýasyna gönükdirilen Meýdziniň reformalaryndan soň 1868-nji ýylda ABŞ-nyň mysalynda Ýaponiýanyň hökümeti pul emissiýasynyň hukugyna eýe bolan döwlet banklarynyň ulgamynyň döredilmegine başlady. «Ilkinji döwlet» (gijiräk – «Ilkinji senagat») instituty şeýle görnüşdäki ilkinji karz instituty boldy. Soňra 1874-nji ýylda ýurduň ykdysadyýetinde wajyp ähmiýete eýe bolan poçta-süýşürintgiler edaralarynyň ulgamy döredildi. Olardan 1880-nji ýylda süýşürintgiler banklary döredi. 1877-nji ýylda hususy maýasy bilen ilkinji bank jemgyýeti döredilen bolsa, 1879-njy ýylda bankara hasaplaşyklary ýönekeýleşdirmek üçin «Osakada kliring jaý» emele geldi, 1878-nji ýylda iki sany gazna biržalary açyldy. Emma Ýaponiýada telekeçilik, esasan, maliýe-senagat toparlarynyň ýapyk düzümlerinde jemlenipdi. Şol sebäpli hem gymmatly kagyzlary goýbermek ýoly bilen ýurtda göni maýalaşdyrmaklyk giňden ösmedi. Ýaponiýada soňky wagta çenli banklaryň üsti bilen gytaklaýyn maýalaşdyrmaklyk has ösendir.

1882-nji ýylda diňe bir emissiýa merkezini goýmak barada çözgüt kabul edilýär. Şondan bäri häzirki wagta çenli ol wezipeleri *Ýaponiýanyň banky* ýerine ýetirýär. Galan döwlet banklary, utgaşykly ýüze çykan söwda-süýthor edaralaryndan emele gelen täjirçilik we süýşürintgiler banklary bolan hususy banklary bilen bir hatarda adaty karz institutlaryna öwrüldiler. Şeýle hususy gurluşlar 1890-njy ýylda banklar hakyndaky kanun bilen kanunlaşdyryldy. Bu banklar erkin serişdeleriň çekilmegi, karzlaryň berilmegi we kärhanalaryň arasyndaky hasaplaşyklaryň geçirilmegi ýaly ýönekeý täjirçilik işler bilen meşgullanýardylar. Emma doly möçberlerde ýurduň modernizasiýasyny we industrilizasiýasyny öz täjirçilik häsiýetine we olaryň ygtyýarynda duran pul serişdeleriniň känbir uly bolmadyk möçberinde maliýeleşdirmeklige bu adaty banklaryň ýagdaýlary ýokdy.

Bu wezipäni çözmeklige döwlete ýarym degişli ýa-da ýarym karz institutlary görnüşindäki daşary söwdany maliýeleşdirmek üçin (soňra Tokiýanyň banky diýip atlandyrylan) Iokogamanyň walýuta bankyny, uzak möhletli taslamalary maliýeleşdirmek üçin Ýaponiýanyň senagat bankyny we ş.m. döretmek bilen döwlet goşuldy. 1900-nji ýylda kiçi telekeçiligi goldamak boýunça ýöriteleşdirilen institutlaryň (soňra

oba we tokaý hojalygynyň Merkezi banky) döremegine başlangyç beren, senagat kooperatiwleriniň merkezi banky (soňra oba we tokaý hojalygynyň Merkezi banky) barada kanun kabul edildi. Bu bank ulgamynyň 1901-nji ýyl has ösen döwri bolup çykyş etdi, bu döwürde ýurtda eýýäm 1867 sany adaty bank hereket edýärdi. Ähli wajyp bolan täze girizmeleriň arasynda 1915-nji ýylda ir döwürden bäri hereket edip gelýän ýöriteleşdirilen ýapon kooperatiwleriniň, kiçi telekeçiligi özara maliýeleşdirýän kompaniýalaryň resmi derejeleri alandygyny bellemek gerek. 1917-nji ýylda jaýy karzlaşdyrýan ilkinji gurluşlar emele geldiler.

Birinji Jahan urşundan soň banklaryň arasyndaky gysga möhletli hasaplaşyklary kadalaşdyrmak üçin bellibir şertlerde karzy almaga hukuk gazanan onkol karzlarynyň bazary ýüze çykdy. 1927-nji ýylyň çökgünliginde az kuwwatly banklaryň tozmagy ýüze çykyp başlady. 1927-nji ýylda banklar hakyndaky täze kanun kabul edildi, onda ilkinji gezek banklar üçin hökman bolan maýanyň pes derejesi bellendi. Kanun şeýlelik bilen banklaryň birikmegine we ireldilmegine getirdi. Bu işleriň netijesinde Ikinji Jahan urşundan soň, ýurtda 64 sany adaty we dört sany süýşürintgiler karz institutlary galypdy. Urşuň dowamynda bank telekeçiliginiň köp ugurlylygynyň we raýdaşlygynyň ýolunda iki sany wajyp ädimler edildi, olaryň birinjisi bolan adaty banklar süýşürintgiler banklarynyň hukugyna eýe boldular, ikinjiden bolsa hasaplaşyklar Ýaponiýanyň bankynyň üsti bilen amala aşyrylyp başlandy. Ikinji Jahan urşundan soň Ýaponiýanyň bank kanunçylygynyň esaslaryna täzeden seredilmedi. Ýöne karz institutlaryny reformalaşdyrmak boýunça birnäçe ädimler edildi. Ikinji Jahan urşunyň tamamlanmagy we kolaniýalaryň ýitirilmegi bilen ýöriteleşdirilen harby maliýe institutlary we koloniýa banklary ýapyldy. 1945-nji ýylda bank jemgyýetleri Federasiýa birikdirildiler, soňra umumy milli bank gurultaýlary geçirilip başlandy. 1948-nji ýylda kabul edilen biržalar we gymmatly kagyzlar hakyndaky Kanun banklara obligasiýalardan we kesgitli göterimli kagyzlardan (debenturlar) özge gymmatly kagyzlar bilen amallary geçirmegi gadagan etdi. Şeýle-de bolsa olara,

paýnamalar bilen geleşikleri we täjirçilik häsiýetli kagyzlary bolan ýöriteleşdirilen kompaniýalaryň üstünden gözegçiligi saklamaklyk başartdy. 1949-njy ýylda Ýaponiýanyň bankynyň direktorlarynyň geňeşi döredildi, bu bolsa ýurduň merkezi bank edarasynyň garaşsyzlygyny güýçlendirdi.

Şol döwürde-de döwlet maliýe korporasiýalarynyň (kiçi telekeçiligiň, oba hojalygyň, aýratyn sebitleriň ösüşi, lukmançylyk edaralarynyň we ş.m.) tory emele geldi. 1950-nji ýylda ähli ýöriteleşdirilen banklar adaty (täjirçilik) banklara öwrüldiler. 50-nji ýyllaryň birinji ýarymynda ýöriteleşdirilen ýapon kooperatiwleri (mudzinler) özara karzlaşdyrýan karz kooperatiwlere, karz kooperatiwleri karz jemgyýetlerine öwrüldiler, uzak möhlete karzlaşdyrýan we trast banklaryň täze bank ulgamlary emele geldi. 1954-nji ýylda walýuta bank işi hakyndaky kanuna laýyklykda, daşary ykdysady işi maliýeleşdirmekde banklaryň mümkinçilikleri giňeldildi.

Ýaponiýada amerikanyň nusgasy boýunça döredilen iň ýaş bank kanunçylygy hereket edýär. Ol, esasan, Ikinji Jahan urşundan soň ösüp başlady. Häzirki görnüşli ilkinji banklar Ýaponiýada hususy milli banklar hökmünde 1872-nji ýyldan soň ýüze çykyp ugradylar. Olar täjirçilik banklary ýaly bütin ýurtda öz şahamçalaryny ýaýradyp, banknotlaryň emissiýa hukuklaryna eýe boldular. Milli banklar çalşylmaýan (konwertirlenmeýän) banknotlary yzygiderli goýberip, hümmetsizlenmäniň döremegine ýardam edýärdiler, bu ýagdaý bolsa önümçilik güýçleriniň ösmegi üçin böwet bolup durýardy. Şeýle şertlerde Ýaponiýanyň merkezi bankynyň döredilmeginiň zerurlygy has-da ýitileşýärdi. Ýaponiýanyň Merkezi banky 30 ýyl möhleti bilen 1882-nji ýylda döredildi, soňra bu möhlet ýene-de 30 ýyla süýşürildi.

Häzirki günde Ýaponiýanyň bank ulgamy diňe bir Aziýa–Ýuwaş okean sebitinde däl, eýsem bütin dünýä boýunça-da ösen we gurply banklaryň biridir. Dünýäniň öňdebaryjy 100 sany bank edaralaryna girýän ýapon banklarynyň sany yzygiderli artýar. Ýaponiýanyň banklary Aziýa ýurtlaryna, ABŞ we Günbatar Ýewropa iri maýa goýumlaryny ýerleşdirýän, maýasy boýunça iri maliýe-senagat toparlarynyň merkezi bolup çykyş edýärler. Ýapon banklarynyň käbirini halkara maliýe-karzlaşdyrma merkezlerine öwürmek maksady bilen ola-



15. Sargyt №2512

ryň daşary ýurtlarda karz işiniň beýleki banklar bilen gatyşmak ýagdaýynyň ösüşi güýçlenýär.

## 9.2. Ýaponiýanyň bank ulgamynyň gurluşy

Ýaponiýanyň bank ulgamy aşakdaky ýaly iki derejeli bolup çykyş edýär:

1) *merkezi bank* (Ýaponiýanyň banky). Onuň guramaçylyk düzümine başlygyndan, iki orunbasaryndan, alty agzasyndan ybarat bolan syýasy geňeş, üç ýerine ýetiriji auditor, üç ýöriteleşdirilen ýapon kooperatiwleriniň ýerine ýetiriji direktory, sekiz maslahatçy girýär;

2) *täjirçilik banklar*. Olaryň düzümine şäher banklary, sebitara banklary, trast banklar, uzakmöhlete karzlaşdyrýan banklar, ýapon bankynyň gatnaşmagyndaky daşary ýurt banklary girýär (*9.1-nji şekil*).




***9.1-nji şekil.* Ýaponiýanyň bank ulgamynyň gurluşy**

Emission instituty bolup çykyş edýän Ýaponiýanyň banky, öz banknotlaryny emitirleýän köpsanly hususy banklaryň täsir etmeginde ýüze çykan hümmetsizligi aradan aýyrmak maksady bilen 30 ýyl möhlete 1882-nji ýylda döredildi. 1889-njy ýylyň kanuny esasynda ol banknot emissiýasynyň hukugyna eýe boldy. Soňra bankyň hereket etmek möhleti ýene 30 ýyl möhlete uzaldylýar. 1942-nji ýylda kabul edilen kanunyň esasynda Ýaponiýanyň banky hökümetiň gözegçiligine degişli bolýar. Ýaponiýanyň maliýe ministri bankyň aktlaryny özbaşdak üýtgetmek hukugyna eýe boldy.

1949-njy ýylda monetar taýdan kadalaşdyrmak babatynda döwletiň bähbitlerini kesgitläp başlan syýasy geňeş döredildi. 1979-njy ýylda bank baradaky kanun kämilleşdirildi we Merkezi bank möhletsiz derejä eýe boldy. 1998-nji ýylyň 1-nji aprelinden başlap Ýaponiýanyň banky hakyndaky täze kanun güýje girdi. Oňa laýyklykda bank maliýe ministrligine garaşsyz boldy. Derejesi boýunça Ýaponiýanyň banky administratiw edara bolman, maýasynyň 55%-i döwlete, 45%-i maliýe institutlaryna, ätiaçlyk kompaniýalaryna we beýleki hususy paýdarlara degişli bolan paýdarlar kompaniýasy ýaly çykyş edýär, Paýdarlara 4% ululygynda diwidentler kepillenirilendir, bank uly girdeji alan ýagdaýynda bolsa olar 5%-e çenli ýokarlanyp bilýär. Galan peýda döwlet býujetine geçirilýär.

## 9.3. Ýaponiýanyň bankynyň esasy wezipeleri

Merkezi bank hökmünde Ýaponiýanyň banky aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

– banknotlaryň emissiýasy;

– pul-karz syýasatynyň ýerine ýetirilmegi (hökmany bank ätiýaçlyklarynyň kadasynyň üýtgemegi, maliýe bazarlaryndaky amallar, göterimiň hasap derejesiniň kadalaşdyrylmagy);

– täjirçilik banklarynyň özara hasaplaşyklarynyň amala aşyrylmagy;

– maliýe edaralarynyň menejmentiniň maliýe ýagdaýyna we düzgünine barlag hem-de gözegçilik geçirmek;

– döwletiň gymmatly kagyzlary bilen amallaryň geçirilmegi;

– halkara amallaryň amala aşyrylmagy;

– ykdysady seljermäniň ýerine ýetirilmegi we nazary barlaglaryň geçirilmegi.

Ýaponiýanyň Merkezi banky öz içine aşakdakylary alýan pul-karz syýasatynyň geçirilmegi bilen meşgullanýar:

– hökmany bank ätiýaçlyklarynyň mukdarynyň üýtgemegi;

– maliýe bazarlaryndaky amallar;
– göterimiň hasap derejesiniň kadalaşdyrylmagy.

Walýuta amallaryny geçirmek bilen Ýaponiýanyň banky halkara walýuta bazaryna işjeň gatnaşyjylarynyň biri bolup çykyş edýär.

## 9.4. Ýaponiýanyň beýleki karz edaralarynyň wezipeleri we amallary

Ýaponiýada emele gelen ulgamyň esasyny ***şäher banklary*** *(City banks)*, ýagny adaty iri (täjirçilik) maliýe institutlary tutýar. Şeýle karz edaralarynyň täsiri ähli ýurda ýaýraýar, olaryň hyzmat edýän gurşawyna bolsa kada bolşy ýaly bank bilen bir maliýe-senagat toparyndan bolup çykyş edýän iri kärhanalar girýär. Bu banklar, esasan, iri işewürlige hyzmat etmek bilen, ýurduň bank ulgamynda öňdebaryjy orunlary eýeleýärler. Şäher banklarynyň ählisi diýen ýaly holding kompaniýalara girýärler. Banklar öňdebaryjy tehnologiýalaryň esaslarynda öz müşderilerine hyzmatlaryň dürli görnüşlerini hödürleýärler. XXI asyryň başlarynda iri maliýe-senagat toparlaryna girýän «Misybisi» (Mitsubishi UFJ Financial Group), «Sumitomo» (Financial Group Sumitomo), «Misui» (Mitsui Financial) atly üç sany bank ýüze çykdy. Bu banklar maliýe holdinginiň merkezi bolup çykyş edýärler. Olar 2011-nji ýylda dünýäniň 50 sany iri bank edaralarynyň sanawyna girdiler.

***Sebit (prefektural) banklarynyň*** hem ähmiýeti uludyr. Bu banklar birinji we ikinji derejedäki banklar bolup çykyş edýärler, olar amallaryny düzgün bolşy ýaly bir sebitiň çäginde amala aşyrýarlar. Olar, esasan, kiçi we orta şäherlerde ýerleşýärler. Sebit banklary şäher banklary ýaly täjirçilik bilen meşgullanýarlar, emma olardan maýasynyň we aktiwleriniň ululygy boýunça biraz kiçiligi bilen tapawutlanýarlar. Soňky ýyllarda bank önümleriniň hödürlenýän görnüşleri giňeldi, sebäbi kän bir uly bolmadyk bu banklar iri şäher banklary bilen bäsleşmeli bolýarlar. Ikinji derejeli sebit banklary düzgün bolşy ýaly uly bolmadyk maýa eýeçilik edýärler. Olar, esasan, hususy taraplar we kiçiräk kärhanalar bilen amallary geçirýärler. Sebit karz edaralarynyň köpsanlysy ýurduň ykdysady merkezleri

bolan Tokioda we Osakade özleriniň wekiliýetlerini saklaýarlar. Bu banklaryň käbiri walýuta we daşarky söwdany maliýeleşdirmäge ýörite ygtyýarnama edinendirler. 2012-nji ýylda ýurtda 64 sany sebit banklary hasaba alnypdyr, olaryň arasynda «Arita Bank» (Arita Bank), «Bank Hokkaýdo» (Hokkaido Bank), «Tottori bank» (Tottori Bank) we beýlekiler tapawutlanýar. Olaryň iň irisi bolup, «Bank Ýokohama» (Bank of Ýokohama) çykyş edýär. Sebit banklarynyň bütin ýurt boýunça 7500 sany şahamçalary we 35 000 sany bankomatlary bar. Soňky on ýyllykda sebit banklarynyň umumy sany üýtgemedik bolsa-da, ikinji derejeli banklaryň sany 18% azaldy. Olaryň sanynyň azalmagy batmaklyklary we bu banklaryň ýapylmagy, şeýle hem şäher banklary bilen birikmeginiň netijesinde bolup geçdi.

*Daşary ýurt banklary* we olaryň şahamçalary ygtyýarnama alyp, adaty ýapon banklary ýaly ýurtda hereket edýärler. Olaryň hyzmat ediş gurşawyna, esasan, daşary ýurt maýasy bilen işleýän ýa-da daşary ýurt ykdysadyýeti bilen berk baglanyşykly kärhanalar degişlidir.

Ýokarda ady tutulan köpugurly, ýagny nusgawy bank amallarynyň ähli esasy görnüşlerini amala aşyrýan kärhanalardan başga-da Ýaponiýada ýöriteleşdirilen maliýe institutlary hereket edýär.

***Uzak möhlete karzlaşdyrýan banklar*** hem şäher we sebit banklary ýaly ýurduň durmuşynda wajyp orny eýeleýärler. Köp ýapon kärhanalarynyň gysga möhletleýin we orta möhletleýin maliýeleşdirmesi, olaryň girýän maliýe-senagat toparlarynyň çäginde bolup geçýär. Uzak möhlete karzlaşdyrmasynyň uly möçberini «Nippon Kredit Benk» (Nippon Credit Bank). «Long Term Kredit Benk» (Long Term Credit Bank), «Indastrial Benk of Djeten» (Industrial Bank of Japan) atly üç sany iri bank amala aşyrýar. Bank adyndan belli bolşy ýaly obligasiýalaryň goýberilmeginiň üsti bilen ýygnalan gaznalardan kärhanalary uzak möhlete karzlaşdyrmak üçin niýetlenendir. Uzak möhlete karzlaşdyrylýan banklar adaty bolşy ýaly 5 ýyla çenli üzmek möhleti bolan goýberilmeginiň ýoly bilen gaýtadan maliýeleşdirilýärler.

Ýapon maliýe edaralarynyň arasynda aýratyn orny ***trast banklary*** eýeleýärler. Olar kanuna laýyklykda adaty bank hökmünde hereket edip bilerler, ýöne adaty we trast hasaplarynyň arasynda

kesgitli gatnaşyk saklanar ýaly olara administratiw syýasat ulanylýar. Trast banklar uzakmöhletli maliýe wezipelerini ýerine ýetirişleri we maliýe dolandyryşlary bilen meşgullanyşlaryna görä toparlara bölünýärler. Olar maliýeleşdirmek boýunça hyzmatlaryny aktiwler bilen dolandyrmaklyk arkaly bilelikde alyp barýarlar. Trast banklar XX asyryň 50-nji ýyllarynda täjirçilik banklardan bölünip aýyrmaklyk ýoly bilen ýüze çykdylar. Olar ynam esasynda emläk bilen dolandyrmaklygy, şeýle hem pensiýa kassalarynyň serişdeleri bilen dolandyrmaklygy, ownuk we orta kärhanalaryň uzak möhletleýin karzlaşdyrmagyny amala aşyrýarlar. Ýönekeý bank hyzmatlaryna goşmaça trast banklary öz ýöriteleşdirilen bilimlerini maliýe hyzmatlarynyň diapozonyny giňeltmek üçin ulanýarlar. Maliýe pudagynyň liberallaşmagy banklaryň hereketlerini ýönekeýleşdirdi we olaryň netijeliligini ýokarlandyrdy.

2009-njy ýylyň 31-nji martynda trast işewürligi bilen 40 sany maliýe edarasy meşgullanýardy. Olar özüne 20 sany trast banklary, bir şäher bankyny we 19 sebit banklaryny birikdirýärdiler. Ondan başga-da sebit banklarynyň köpüsi trast banklary bilen agent ylalaşyklaryny baglaşdylar. Trast banklarynyň ynam esasynda dolandyrylyşynda pul, pensiýa serişdeleri, gymmatly kagyzlar, karzlar we zaýomlar, paýnamalar, daşary ýurt gymmatly kagyzlary, döwlet obligasiýalary we beýleki gymmatlyklary ýerleşdirilýär. Şeýle banklara «Nipon trast» (Nippon Trast), «Misubisi trast end benking» (Mitsubishi trast & Banking) we beýlekiler degişlidir.

Ýapon banklarynyň täze görnüşlerine ýapon hünärmenleri maliýe institutlarynyň tor (setewoý) banklary, bankomat banklar, şopping banklar, miras banklar we kiçi işewürligiň «täze» banklary ýaly birnäçe görnüşlerini degişli edýärler.

Nagt pullar bilen amallary amala aşyrmak üçin giňden bankomatlaryň hereket edip gelýän torlary ulanylýar. Ýöne tor banklarynyň hiç biri kompýuter ulgamynyň giň toruna eýe däldir. Müşderiler hyzmatdaşlyk barasynda ylalaşyklary bolan edaralarynyň bankomatlaryndan peýdalanýarlar. Bankomat banklar çen bilen tor banklaryňky ýaly düzgünde işleýärler. Ýöne bu bank bölümleriniň ornuny köp hereketli ýerlerde ýerleşen bankomatlar ýerine ýetirýärler.

Şopping banklar bölek söwdanyň hususy iri torly müşderilerine niýetlenendir we müşderä ýönekeý täjirçilik bank ýaly hyzmatlaryň doly toplumyny hödürlemek ýörelgesi esasynda hereket edýärler. Tor hyzmatlary maliýe institutynyň işiniň diňe bir bölegini düzýär. Geljekde satyn alyjylara edilýän hyzmatlaryň sanawyna goýumlary, ipoteka karzlary, ätiýaçlyk polisler we gymmatly kagyzlar, maýa goýumlar bilen ynam esasynda dolandyrmak, jemagat hyzmatlarynyň töleglerini, köp maksatlaýyn elektron kartlar bilen geleşikleri goşmaklygy meýilleşdirýärler.

***Gaýry karz-maliýe edaralary***. Olaryň arasynda wajyp orny «Ýaponiýanyň ösüş banky» (*Development* Bank of Japan) ýaly ýöriteleşdirilen döwlet banklary eýeleýärler. Bu bank 1951-nji ýylda döredilen «Ýaponiýanyň ösüş banklary» (Japan Development Bank) we 1956-njy ýylda döredilen döwletiň maliýe ösüş korporasiýasy «Hokkaýdo-Toxoku» (Hokaido-Tohoku Development Finance Publik Corporation) hereketini bes edensoň, şolaryň esasynda 1999-njy ýylda döredildi. «Ýaponiýanyň ösüş banky» döwletiň ykdysady we durmuş syýasatynyň wajyp ugurlaryny ýerine ýetirmek maksady bilen döredildi.

Döwlet maliýe korporasiýalary ýurduň ykdysadyýetinde wajyp orny ýerine ýetirýärler. Olaryň üsti bilen Ýaponiýanyň hökümeti ykdysadyýeti goldamaklygyň we ösdürmekligiň döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirýär. Olar hususy banklaryň karzlaşdyrmakda bähbitleri ýok ýa-da bähbitleri az bolan pudaklarda hereket edýärler, ýöne olaryň ösüşi ykdysady ösüş üçin zerurdyr. Ýaponiýanyň döwlet korporasiýalaryna aşakdakylar degişlidir:

*Ýaponiýanyň maliýe korporasiýasy.* Ol 2008-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda «Oba we tokaý hojalygyny hem-de balykçylygy maliýeleşdirýän korporasiýany» (Agriculture, Foresty and Fisheries Finance Corporation); «Kiçi we orta işewürlik üçin ýapon maliýe korporasiýasyny» (Japan Finance Corporation for Small and Medium Bisiness); «Durmuşy (durmuşy üpjün etmek) maliýeleşdirmek milli korporasiýasyny» (National Life Finance Corporation); «Halkara hyzmatdaşlygyň ýapon bankyny» (JBIC) resmi taýdan maksatlaýyn

döwlet halkara maliýeleşdirmegi amala aşyrmak üçin döredilen karz edarasyny birleşdirmek arkaly döredilýär.

– *Ýerli kärhanalar üçin ýapon maliýe korporasiýasy* (Japan Finance Corporation for Municipal Enterprises);

– *Okinawany ösdürmegiň maliýe korporasiýasy* (Okinawa Development Finance Corporation).

Ýaponiýada oba we tokaý hojalygyna hyzmat edýän karz-maliýe edaralary giňden ösendir. Oňa oba we tokaý hojalygynyň Merkezi kooperatiw banky; ygtyýarynda 260-dan gowrak şahamça; 50-ä golaý oba hojalyk karz federasiýalary; 15 müňden gowrak şahamçaly 3500-e golaý oba-hojalyk kooperatiwleri; balyk awlaýan kooperatiwleriň karz birleşikleri (100 şahamçaly 30-dan gowrak); balyk awlaýan kooperatiwler (3 müňden gowrak şahamçaly) degişlidir. Bu edaralar ýurduň bilelikdäki bank maýasynyň 7%-ini özünde jemleýärler, olaryň karz amallarynyň paýy bolsa 5%-e deňdir.

Ýaponiýada orta telekeçilige niýetlenen karz edaralaryndan umumy banklar, karz jemgyýetleri we karz kooperatiwleri işleýär. Orta telekeçiligi karzlaşdyrmak ulgamynyň merkezi elementi bolup, döwlete doly degişli däl, mysal üçin, oba we tokaý hojalygynyň Merkezi kooperatiw banky degişlidir. Ol kooperatiwleriň artykmaç serişdelerini ýerleýär we gazna ýygnamak üçin obligasiýalary dolanyşyga goýberýär.

Ýapon banklary ýurduň ähli künjeginde we iri şäherlerinde geografik ýerleşişi boýunça döredilen bank jemgyýetleriniň agzalarydyr. Olaryň wezipeleri bank telekeçiliginiň ösmegine, şeýle hem sebitleriň maliýe we ykdysadyýet tarapyndan ösmegine ýardam bermekdir. Sebitleriň bu jemgyýetleri Ýaponiýanyň bank jemgyýetiniň federasiýasynyň agzasydyr. Sebit banklarynyň we trast institutlarynyň umumymilli jemgyýetleri bardyr. Şeýle hem ýygnaklaryna häkimiýetiň wekilleri gatnaşýan maliýe jemgyýetleriniň geňeşi ýurtda hereket edýär.

Ýaponiýanyň banklary dürli firmalara jemagat hyzmatlary üçin tölegleri töleýär, dükanlardaky söwdalar üçin töleg töleýär, müşderileriň çeken zähmetleri üçin olaryň hasabyna töleg geçirýär, eger

işgäriň hasabyna öz wagtynda aýlyk geçirilmese, onda özbaşdak iş beriji kompaniýalar bilen habarlaşýar.

Ýaponiýada 6500-e golaý täjirçilik maliýe-karz edaralary hereket edýär. Bank söwdasy Ýaponiýada döwlet derejesinde wajyp hasaplanylýar. Uruşdan soňky döwürde Ýaponiýada bankyň ýaramaz işländigi ýa-da çökendigi hasaba alynmandyr. Bu döwletiň bank pudagynda ýöredýän syýasatynyň we ösmedik banklara kömeginiň netijesidir. Ýaponiýada bank amallaryny amala aşyrmaga ygtyýarnama almak örän kyn. Şeýle-de bolsa ýurtda bank ýetmezçiligi duýulmaýar. Ýaponiýanyň bank ulgamy şäher banky diýip atlandyrylýan 11 sany iri hususy bankdan, 64 sany ýerli hususy bankdan, esasan, ýurduň iri söwdasyna we korporasiýalaryna uzak möhletleýin hyzmat edýän üç sany kuwwatly hususy banklardan ybaratdyr.

Ýaponiýanyň karz ulgamynyň aýrylmaz bölegi ummasyz maliýe serişdelerini ýygnap, olary gymmatly kagyzlara we 220 sany gazna kompaniýalaryna serişde goýmak üçin peýdalanýan 47 sany ätiýaçlandyryş kompaniýasydyr.

Amerikan nusgasynda gurlup, gymmatly kagyzlar bilen amallara ýöriteleşdirilen kompaniýalaryň bolmagy Ýaponiýanyň bank ulgamynyň esasy aýratynlygydyr. Dünýäniň beýleki ýurtlaryndakydan tapawutlylykda Ýaponiýada hereket edýän kanun bank bilen gazna kompaniýanyň wezipelerini aýyl-saýyl etmek bilen biri-biriniň amal edýän gurşawyna aralaşmaga mümkinçilik bermeýär.

Ýaponiýada banklar üçin resminamalaryň köp bolmazlygy bu ýurduň aýratynlygydyr. Telekeçilik banklarynyň ulgamy ugrukdyryjy görkezmelerden, ýagny Maliýe ministrliginiň ýatdan görkezmelerinden ugur alýar. Bu görkezmeleriň kanuny güýji bolmasa-da, banklar olary ýerine ýetirýärler. Eger ilatyň ownuk süýşürintgilerini ýygnaýjy diýip ykrar edilen poçta-süýşürintgiler kassalary barada durlup geçilmese, onda Ýaponiýanyň karz ulgamy hakdaky düşünje doly bolmaz.

***Poçta-süýşürintgi kassalary.*** Olar karz gatnaşyklarynyň institutsional düzüminde wajyp orny eýeleýärler. Kassalar ilatyň ownuk süýşürintgilerini ýygnamak üçin niýetlenendirler. Şeýle hyzmatlary ýerine ýetirýän şäher, sebitara we beýleki banklardan tapawutlykda

poçta bölümleriniň gapdalyndaky ýapon süýşürintgiler kassalary, şahsy taraplara hyzmatlaryň has köp görnüşlerini hödürleýärler, orta gurply adama has amatly şertlerde karz almaga we süýşürintgilerini saklamaga mümkinçilik döredýärler. Şoňa baglylykda poçta edarasyna degişli bolan döwletiň poçta-süýşürintgiler kassalary, özlerinde maliýe serişdeleriniň uly möçberini jemläp bildiler. Ýaponiýanyň poçta-süýşürintgiler kassalarynyň ulgamy dünýäde iň irileriniň biri bolup, özüne 24 müňe golaý ofisleri birikdirýär. 2007-nji ýylda poçta-süýşürintgiler kassalary «Ýaponiýanyň poçta bankyna» (Japan Post Bank Co) birikdirildi.

**Ätiýaçlandyryş kompaniýalary.** Ýaponiýada ätiýaçlandyrmak durmuşy ätiýaçlandyrmaklyga we umumy ätiýaçlandyrmaklyga bölünýär. 2010-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda ýurtda umumy ätiýaçlandyrmak bilen meşgullanýan 51 kompaniýa, şol sanda 29 sany milli kompaniýa we 50% we ondan köpräk daşary ýurt maýasy bolan 22 sany kompaniýa hereket edýärdi. Durmuşy ätiýaçlandyrmak gurşawynda 43 kompaniýa hereket edýär, olaryň 15-i 50% we ondan gowrak daşary ýurt maýaly, 9-y bolsa umumy ätiýaçlandyrmak kompaniýasynyň gözegçiliginde ýerleşýärler.

Ýaponiýada, şeýle hem daşary ýurt kompaniýalarynyň dört edarasy ýerleşýär. Olar iki amerikan (American Life Insurance Company, American Family Life Assurance Compani of Columbus), nemes (Zurich LifeInsurance Company Ltd.) we fransuz (CARDIF Assurance Vie) kompaniýalarydyr.

***Gazna kompaniýalary.*** 2009-njy ýylyň 31-nji martynda ýurtda 239 gazna kompaniýasy hasaba alnypdyr. Olar Ýaponiýanyň häzirki zaman karz ulgamynyň esasy aýratynlyklary bolup çykyş edýän, esasan hem, gymmatly kagyzlara ýöriteleşendirler.

## 9.5. Ýaponiýadaky daşary ýurt banklary

Dünýäniň 95 döwletiniň ***daşary ýurt banklary*** we onuň şahamçalary, ygtyýarnama alyp, ýurtda ýönekeý (täjirçilik) ýapon banklary ýaly hereket edýärler. Olaryň hyzmat edýän gurşawyna, esasan hem, daşary ýurt maýasy bolan kärhanalar ýa-da daşary ýurt

ykdysadyýeti bilen gysga aragatnaşykda bolan kärhanalar girýär. Esasan hem, ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň banklary agalyk edýärler, Germaniýanyň we Fransiýanyň banklarynyň hem bellibir agramlary bar. Öňbaşçy bolup «Sitibenk» (Citibenk), «Cevs Manhetten benk» (Chase Manhattan bank) we «Benk of Amerika» (Bank of Amerika) ýaly amerikan banklary çykyş edýärler.

Daşary ýurt banklarynyň adaty işi daşary ýurt walýutasy bilen söwda etmekdir. Olara bagly bolup Ýaponiýada daşary söwdada töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrýan täze maliýe gurallary ýüze çykdylar. Olar, şeýle hem, göterim bazarynda-da çykyş etmek bilen, häzirki wagtda Ýaponiýa SWOP-yň iri halkara bazarlarynyň biri bolup çykyş edýär.

Ýaponiýada bank gurşawyny internasionallaşdyrmak hadysasy, has işjeň geçýän ýurtlaryň hataryna degişlidir. Ýaponiýada ilkinji daşary ýurt banklarynyň bölümleri ýüzýyllygyň başynda açyldy. 1865-nji ýylda «Gonkong end Şanhaý banking korporeýşn» Iokogama şäherinde edarasyny açdy, onuň yzyndan «Gartered bank» (Beýik Britaniýa) işe başlady. Ilkinji amerikan banky 1902-nji ýylda açyldy. Daşary ýurt banklarynyň bölümleriniň has işjeň emele gelmegi Ikinji Jahan urşundan soň başlady. Bu banklar milli ykdysadyýetiň dikeldilmegine öz bellibir goşandyny goşmaga niýetlenildi.

Soňra 1970-nji ýyla çenli Ýaponiýa daşary ýurt banklarynyň işleriniň birnäçe çäklendirmeleriniň mysaly bolup çykyş etdi. Banklaryň öňünde ýurda girmegine päsgel berýän berk böwetler goýuldy. 1970-nji ýylda bank gurşawyny daşary ýurt maýa goýumlaryň liberilizasiýa maksatnamasynyň üçünji bölümine (raundyna) goşmak hakyndaky çözgüt kabul edildi.

Liberilizasiýanyň şertlerine laýyklykda daşary ýurt banklaryna Ýaponiýa girmek üçin daşary ýurt maýasy bolan täze banky ýa-da garyşyk maýasy bolan bank edaralaryny döretmek, hereket edip gelýän bankyň dolandyrylmagyna gatnaşmak we bölümi açmak ýaly üç ýoly açylýardy. Ýaponiýada daşary ýurt banklarynyň ýerli depozitlere goýberilmegine çäklendirmeler aýryldy, pul bazarynda

karzlar alnanda öňünden habarly etmek boýunça talaplar, banklar arasynda karzlary almak boýunça çäklendirmeler aýryldy.

Daşary ýurt banklaryna iýenadaky zaýomlaryň we awuarlaryň (*Awuarlar* – döwletiň daşary ýurtlaryň hasaplarynda saklaýan gyzyl pul serişdeleri (daşary ýurtlaryň aragatnaşykçy banklarynda)) 30% çäklerinde depozit sertifikatlary goýbermäge, şeýle hem rezident dällere iýenadaky karzlary bermäge rugsat edildi. Geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrynda dünýä bazarlarynda ýapon karz maliýe institutlarynyň ösüp barýan ekspansiýasynyň şertlerinde, Ýaponiýa olara, ýerleşen ýurtlarynda ýokary amatly şertleri üpjün etmek we özara ýörelgesini hasaba almak bilen jogap beriljek çärelerden gaçmak üçin, milli bank institutlaryndakydanam has giň bolan hukuklary daşary ýurt banklaryna bermek boýunça birnäçe ädimleri etdi. Ýaponiýada ABŞ-daky ýaly hereket edip gelýän ssuda-depozit we maýa goýum amallaryndaky kanuny çäklendirmelerine garamazdan, daşary ýurt banklaryna 50% ygtyýarlygy bilen maýa goýum kompaniýalary döretmäge rugsat berildi.

Ýaponiýada 5,5 trln iýena maýasy (ýurduň bank maýasynyň 0,6%) bilen daşary ýurt banklarynyň 90-a golaýy hereket edýär. Karz berlen maýanyň göwrümi 12,2 trln iýena deň. Ýaponiýada hereket edýän daşary ýurt banklary aktiwlerininň ululygy, aýlanyşygy, esasy amallarynyň görnüşleri, şeýle hem ýurduň bank ulgamynda tutýan orny boýunça hem biri-birinden tapawutlanýarlar.

Ýaponiýada daşary ýurt banklarynyň sanynyň artmagy ýagdaýy känbir üýtgetmedi. Sebäbi bu ýerde agalyk edip gelýän orunlary öňküsi ýaly birnäçe ir döredilen banklar eýeleýärler. Olaryň arasynda amerikan banklary tapawutlanýarlar. Mysal üçin, «Ferst neşnl Siti-bank», «Çeýz manhettan bank» we «Amerikanyň banky» atly üç sany amerikan bankyna Ýaponiýada daşary ýurt banklaryna berlen ähli karzlaryň 30%-i düşýär.

## 9.6. Ýaponiýanyň banklarynyň halkara ekspansiýasy

Ýapon banklarynyň halkara ekspansiýasynda birnäçe esasy tapgyrlary belläp bolýar. Geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň başyna çenli olaryň halkara aktiwligi gaty çäklidi, esasan hem, ýurduň daşary

ykdysady gatnaşyklary bilen bagly bolan ýapon eksportynyň we walýuta amallarynyň maliýeleşdirilmegine gönükdirilýärdi. Halkara işlerini giň masştablarda diňe «Bank of Tokiyo» amala aşyrdy. 1970–1972-nji ýyllarda köp ýapon banklarynyň daşary ýurt aktiwleriniň birbada ösüşi bolup geçdi.

«Karz dempingininiň» syýasatyny ulanyp, ýapon banklary daşary ýurt bäsdeşlerini gysmaga ymtylyp, halkara karz bazarynda orun eýelejek boldular. Ýaponiýa daşary ýurtda bank edaralarynyň giň topuny döretmeklige diňe geçen asyryň 70-nji ýyllarynyň başynda başlady. Ýapon banklary gysga wagtyň dowamynda daşary ýurtda amallary geçirmek üçin gurply binýady döretdiler we öz daşary ýurt torunyň ululygy boýunça dünýäde 3-nji orna (amerikanlardan we iňlislerden soň) çykdylar. 2007-nji ýylyň ýagdaýyna görä Ýaponiýanyň Maliýe ministrliginiň maglumatlary boýunça dünýäniň dürli ýurtlarynda ýapon banklarynyň 200-e golaý bölümleri, 166 golçur kompaniýalary we 380-den gowrak ýapon banklarynyň wekilleri hereket edýär. ABŞ-daky ýapon bank institutlarynyň uly bölegi iki merkezde Nýu-Ýorkda we Kaliforniýada ýerleşýär. Olaryň Nýu-Ýorkda ýerleşmegi soňkynyň halkara walýuta-maliýe merkez ýaly ähmiýetini ýaýbaňlandyrýar.

1952-nji ýylda Nýu-Ýorkda «Bank of Tokiýonyň» açylmagy bilen Ýaponiýanyň daşary ýurt bank torunyň dikeldilmegi başlandy. Nýu-Ýorkda ýapon banklarynyň jemi 24 bölümi, bäş golçur kompaniýasy we bäş sany wekillikleri ýerleşýär. Kaliforniýada ýapon banklarynyň amallary anyk görünýän söwda ugruna eýedir. Bu ştatda has öňki orunlary geçen asyryň 50-nji ýyllarynda döredilen «Bank Tokiýo Kaliforniýa» we «Sumitomo bank Kaliforniýa» eýeleýär. Kaliforniýada ýapon banklary tarapyndan 24 bölüm, dokuz sany golçur kompaniýa we bäş wekilçilik açyldy.

Ýapon banklarynyň iri ýewropa hyzmatdaşlary bolup Beýik Britaniýa we Germaniýa hyzmat edýär. Londondaky ýapon bank topary amerikanyňkydan soň iň köp sanlysydyr.

Geçen asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyryndan başlap, ýapon bank maýalarynyň Awstraliýa yklymyna ornaşmagy has depginli bolansoň gysga wagtyň dowamynda ýapon banklary diňe bir deň derejäni

däl-de, eýsem käbir ýagdaýlarda Beýik Britaniýadan, Fransiýdan we ABŞ-dan bolan tejribeli bäsdeşler bilen göreşde has amatly orunlary eýelediler.

Günorta-Gündogar Aziýada ýapon banklary has ýokary derejede Singapury we Gonkongy özleşdirdiler. Daşary ýurt pul bazarlaryna ýapon banklarynyň ornaşmagynyň usullarynyň biri bolup köp milletli maliýe institutlarynyň döredilmegi çykyş etdi. Ýapon maýasynyň gatnaşmagyndaky köpmilletli bank toparlaryny guramaklygyň häsiýetli aýratynlygy bolup, kada bolşy ýaly halkara bank işinde uly tejribesi bolan diňe iri banklar bilen hyzmatdaşlyk çykyş edýär.

Iri ýapon we daşary ýurt banklarynyň arasynda «Misubisi – Çeýz Manhettan bank», «Fudzi –Sitibank», «Sumitowo-Bank Amerika» ýaly toparlary görkezip bolýar. Has çylşyrymly gatnaşyklar bolsa «Daýiti Kange bank» we «Longterm kredit bank of Dzapan» «Menýu fekçurers Henower» bilen, «Sanwa» we «Kontinentl bank» arasynda ýüze çykdy. XXI asyryň başynda aktiwleriniň umumy jemi boýunça Ýaponiýanyň 110 sany banky 2000 öňdebaryjy dünýä banklarynyň sanyna girdiler. Dünýäniň 100 iri banklarynyň 20 sany banky ýaponlaňkydyr.

## 9.7. Ýaponiýanyň bank işine gözegçilik ulgamy

Ýapon banklarynyň durnuklylygy olaryň döredilmegine we işine gözegçiligiň ösen ulgamy bilen üpjün edilýär. Gözegçilik Ýaponiýanyň banky we Maliýe ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar. Bank işine gözegçilik amala aşyrylanda esasy üns banklaryň yzygiderli gözegçilik barlagyna berilýär. Goýumçylaryň bähbitlerini goramak, karz ulgamynyň durnuklylygyny we maliýe institutlarynyň ýagdaýlarynyň durnuklylygyny goldamak maksady bilen Maliýe ministrligi we Ýaponiýanyň banky gezek-gezegine, iki ýylda bir gezek, banklaryň barlagyny geçirýärler.

Barlagyň esasy usullary aktiwleriniň ýagdaýlarynyň seljermesi, banklaryň şahamçalaryna gözegçilik edilmegi we dolandyryjy hünärmenler bilen söhbetdeşlik geçirmekdir. Has uly üns bankyň töwekgelçiliklere gözegçilik edilmegine, hususy serişdäni köpeltmek

boýunça kabul edilen çärelere, düşewüntlilige, menejmentiň maksatnamasyna, düzümleýin gaýtadan gurulmagyň amala aşyrylmagyna we beýleki parametrlere berilýär. Karzlaşdyrmak we aktiwleriň beýleki görnüşleri bilen bagly ýagdaýlary anyklamak üçin banklaryň aktiwleriniň seljermesi geçirilýär, bu bolsa öz gezeginde karz töwekgelçiligiň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Seljerme karzlaşdyrmagyň ugurlary, aksept boýunça müşderileriň borçlary, bank tarapyndan berlen kepillikler, gymmatly kagyzlar, gozgalýan we gozgalmaýa emläk boýunça geçirilýär. 1971-nji ýylda Ýaponiýada bank ulgamynyň durnuklylygyny goldamak we mümkin boljak bank batmalarynyň öňüni almak üçin bank goýumlarynyň kepillikleri boýunça korporasiýa döredildi. Onuň esaslyk maýasy 455 mln iýena deň bolup, olaryň 300 mln iýeny hökümete we Ýaponiýanyň bankyna, galany hususy banklara degişlidir. Hakykatdan ýapon banklary her aýda Korporasiýanyň gaznasyna onuň depozitleriniň jeminden 1,012% ululygynda geçirimleri (wznoslary) töleýär.

1998-nji ýylyň 1-nji aprelinden Ýaponiýada wagty boýunça täze maliýe ýyly bilen gabat gelýän maliýe ulgamynyň reformasy geçirildi. Reforma walýuta amallarynda, şeýle hem maýanyň getirilmegi we çykarylmagy bilen bagly bolan köp çäklendirmeleri aradan aýyrýar. Broker komissionlarynyň bellenen göterimi 50 mln iýenadan geçmeýän geleşikler üçin goýuldy.

Ýaponiýa diňe bir Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde däl-de, eýsem bütin dünýäde iň ösen we gurply döwletleriň biridir. Dünýäniň öňdebaryjy banklarynyň sanyna girýän ýapon banklarynyň sany ösýär. Ýapon banklary maliýe-senagat toparlarynyň iri maýasy boýunça senagat maýalaryny Aziýa, ABŞ we Günbatar Ýewropanyň ýurtlaryna ýerleşdirmekligiň merkezi bolup çykyş edýär. Daşary ýurtlarda ýapon banklarynyň karz-ssuda işlerinde internasionalizasiýalaşdyrmak boýunça, olaryň birnäçesini halkara maliýeleşdirmekligiň we karzlaşdyrmaklygyň merkezlerine öwürmek maksady bilen ösüşler güýçlenýär. Paýnamalaryny, obligasiýalaryny we beýleki maliýe borçnamalaryny ýerleşdirýän Günbatar Ýewropa we ABŞ ýurtlarynyň bazarlarynda gymmatly kagyzlaryň emmisiýasy bilen meşgullanýan ýapon karz-bank kärhanalarynyň işleriniň giňelişini görmek bolýar.

## Esasy düşünjeler

**Ýaponiýanyň banky ýurduň** 1882-nji ýylda döredilen merkezi bankydyr. Ýaponiýanyň banky hakyndaky täze kanuna laýyklykda 1998-nji ýylyň 1-nji aprelinden başlap, bank Maliýe ministrliginden garaşsyz boldy. Derejesi boýunça Ýaponiýanyň banky paýdarlar kompaniýasy bolup çykyş etmek bilen onuň maýasynyň 55%-i döwlete degişli, 45%-i maliýe institutlaryna, ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna we hususy paýdarlara degişlidir. Ýaponiýanyň merkezi banky hökmany bank ätiýaçlyklarynyň kadasynyň üýtgemegini, dünýä maliýe bazaryndaky amallary, göterimiň hasap derejesini kadalaşdyrmagy öz üstüne alýan pul-karz syýasatynyň ornaşdyrylmagy bilen meşgullanýar. Banka syýasy geňeş ýolbaşçylyk edýär (ýolbaşçysy, 2 orunbasary we alty agzasy) we onda üç sany ýerine ýetiriji auditorlar, üç sany ýerine ýetiriji direktor we sekiz sany maslahatçy işleýär.

**Ýaponiýanyň şäher banklary –** Ýaponiýanyň bank ulgamynyň esasyny düzýän iri (täjirçilik) maliýe institutlardyr. Olaryň täsiri ähli ýurda ýaýraýar, olaryň hyzmat ediş gurşawyna bolsa bank bilen bir maliýe senagat topary bolan iri kärhanalar girýär.

**Ýaponiýanyň sebit banklary** – öz iş ýeri bilen ýurduň bellibir ykdysady etrabyny – bir ýa-da birnäçe goňşy sebitini we ol ýerde ýerleşen kärhanalary gurşap alýarlar. Sebit banklarynyň köpüsiniň ýurduň iki sany ykdysady merkezinde – Tokio we Osako şäherlerinde öz hususy wekillikleri ýerleşýär.

**Ýaponiýanyň uzak möhletli karzlaşdyrýan banklary** kärhanalary, kiçi we orta telekeçilik firmalaryny uzak möhlete karzlaşdyrmaga niýetlenendir. Olar bilen bir hatarda Ýaponiýada kiçi işewürligiň karz edaralary, ylaýta-da umumy (özara) banklar, karz jemgyýetleri we karz kooperatiwleri hereket edýärler.

**Ýaponiýanyň bank jemgyýetiniň federasiýasy** ýurduň ähli sebitlerinde we iri şäherlerinde geografiki alamatlary boýunça döredilen sebit bank jemgyýetini birikdirýär. Ýaponiýanyň ähli banklary bank jemgyýetlerine girýärler, olaryň wezipelerlerine ýurtda bank işewürliginiň ösmegine goldaw bermeklik girýär.

**Ýaponiýanyň poçta-süýşürintgiler kassalary** ilatyň ownuk süýşürintgilerini jemlemäge gönükdirilendirler. Poçta bölümleriniň ýanyndaky süýşürintgiler kassalary ýekebara (indiwidual) müşderilere hususy banklardan tapawutlykda hyzmatlaryň uly bölegini hödürleýärler, orta girdejili raýatlara has amatly şertlerde karz almaga we süýşürintgilerini saklamaga mümkinçilik berýärler. Poçta edarasyna tabyn bolmak bilen döwletiň poçta-süýşürintgiler kassalary, iri maliýe serişdeleri çekip bilýärler.

**Iýena –** Ýaponiýanyň hereket edýän pul birligi.

## Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Häzirki döwürde Ýaponiýanyň ykdysadyýetini haýsy makroykdysady görkezijiler bilen häsiýetlendirip bolýar?
2. Taryhy ösüşiniň dowamynda Ýaponiýanyň bank ulgamy haýsy tapgyrlary geçdi?
3. Ýaponiýanyň banky haçan döredildi we haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
4. Ýaponiýanyň häzirki zaman bank ulgamy bolup näme çykyş edýär? Ony düzýän bölekler haýsylar?
5. Ýaponiýanyň bank ulgamynyň ikinji derejesini haýsy banklar düzýär?
6. Ýaponiýanyň şäher banklary bolup näme çykyş edýär we haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
7. Ýaponiýanyň sebit banklary öz işleri bilen nämäni gurşap alýarlar?
8. Ýaponiýada kiçi işewürligiň kärhanalaryna haýsy karz edaralary hyzmat edýär?
9. Ýaponiýanyň poçta-süýşürintgiler kassalary näme bilen meşgullanýarlar we kime hyzmat edýärler?
10. Ýaponiýanyň Federal bank jemgyýeti kimi birikdirýär we düýpli maliýe çökgünligi şertlerinde onuň öňünde haýsy wezipeler dur?



16. Sargyt №2512

# X BAP
# Hytaý Halk Respublikasynyň bank ulgamy

## 10.1. Hytaýyň bank ulgamynyň ösüşi

Geçen asyryň 70-nji ýyllarynda Hytaýda «hytaý aýratynlygy bolan sosializmiň» nusgasyny döretmek maksady bilen ykdysady we sosial reforma amala aşyrylyp başlandy. Onda bazar ýörelgeleriniň baştutanlygy bilen döwletiň dolandyryjy edaralary tarapyndan netijeli makro gözegçilik utgaşmalydylar. Şeýle modeli emele getirmek işinde wajyp orun Hytaýyň bank ulgamyna berilýär. Sebäbi onuň jemgyýet, onuň düzüm bölekleri hem-de ilat üçin ykdysady we sosial ähmiýeti bar, şeýle hem ykdysadyýete we jemgyýete bazar gatnaşyklarynyň ösmeginde döwlet tarapyndan göni administratiw goşulyşmagy azaltmaga mümkinçilik bermegi mümkin. Şol ugurda hem bazar ýörelgeleriniň we Hytaý aýratynlyklarynyň utgaşmagyny hasaba almak bilen Hytaýyň bank ulgamynyň işjeň reformalaşdyrmagy talabalaýykdyr.

Geçirilen we heniz dowam edip gelýän maliýe-ykdysady reformalaryň netijesinde Hytaý jemi içerki önümi boýunça ykdysady ösüş gazandy. Netijede 2018-nji ýylda JIÖ 14,173 trln amerikan dollaryna, altyn walýuta ätiýaçlygy 6,8 trln amerikan dollaryndan hem köp boldy.

Hytaýyň Bütindünýä söwda bileleşigine goşulmagy bilen Hytaý bank işine dünýä ykdysadyýetine tarap ýol açdy. Emma Hytaý banklarynyň BSG (Bütindünýä Söwda Guramasyna) goşulmagy diňe bir amatly mümkinçilikleri döretmän, olaryň öňünde köpsanly meseleleri hem goýýar. Öz kemçiliklerine duş gelmek we daşary ýurt banklary bilen göreşde ýeňilmek Hytaý banklaryna reformanyň depginini hem-de daşky liberallaşmagy çaltlandyrmagy talap edýär. Öňi bilen Hytaý banklaryna we Hytaý bank ulgamyna BSB goşulanda ýüze çykýan kynçylyklary ýeňip geçmek üçin çäreleri işläp düzmek gerek, ondan soňra bar meseleleri çözmek we dünýä bank tejribesini hasaba almak bilen indiki ösüşleri meýilleşdirmek

gerek. Bäsdeşligiň we göterim derejesiniň liberallaşmagynyň ýitileşen döwründe Hytaýyň banklarynyň durnuklylygy Hytaýyň hökümetiniň we bank ulgamynyň gaýdyp berilmedik bergiler bilen bagly meseleleri çözüşine baglydyr.

Hytaýyň bank ulgamy döräli bäri ol ýa-da beýleki tapgyrda döwlet tarapyndan geçirilýän ykdysady syýasatynyň aýratynlyklaryny şöhlelendirip ösüşiň çylşyrymly we gapma-garşylykly ýoluny geçdi. Bank ulgamy Hytaýyň taryhynyň dowamynda, hasam 1978-nji ýyldan bäri ýurtda ykdysady we sosial ýagdaýlary dolandyrmagyň wajyp guraly bolup çykyş edýär. Haryt-pul gatnaşygynyň üznüksiz ösüş şertlerinde bank ulgamyna pul dolanyşygynyň we milli puluň durnuklylygy, oba hojalygyny, iri senagat kärhanalaryny, döreýän halk hojalygyny we jemgyýeti kiçi we orta telekeçilik bilen birlikde pul bilen üpjün etmek jogapkärçiligi degişlidir.

1994-nji ýyldan bäri Hytaýda geçirilýän bank ulgamynyň täze reformasy bir tarapdan ýurtda ýagdaýy düzgünleşdirmäge we durnuklaşdyrmaga, beýleki tarapdan bolsa XXI asyrda strategik meseleleri çözmäge gönükdirilendir. Reformalaşdyrylýan bank ulgamynyň esasy meseleleriniň biri önümçilik bilen maliýe-pul aragatnaşyklarynyň berk ýola goýulmagyndan, önümçilige pul serişdeleri bilen hyzmat edilende, kärhanalary dolandyrmakdan we hojalyk gatnaşyklaryna bellibir giňişlik bermekden ybaratdyr.

Hytaýyň bank ulgamynyň ösüşiniň maksady milli maliýe gurşawynda durnuklylygy üpjün etmek, ýurduň içindäki pul aýlanyşygyny berkitmek, öz banklarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, milli hojalykda pul-karz serişdelerini netijeli ýerleşdirmek we beýlekilerdir. Bank reformasynyň dowamynda, Hytaý banklary üýtgedip gurnamak we düzmek zerurlygyny; täjirçilik banklarynyň maýalaşmagynyň ýokarlanmagy; bank gözegçiliginiň kämilleşmegi, halkara ülňüleriniň ulanylmagy; bank işini alyp barmagynyň kanun binýadyny berkitmek ýaly meseleleri çözýärdi. Hususy aýratynlygyny hasaba almak bilen, Hytaýda bu meseleleriň çözülmegi yzygiderli alnyp barylýardy.

Hytaýyň bank ulgamynyň guralyşynyň aýratynlyklary ýurtdaky umumy ýagdaýy görkezýär. Ýurtda administratiw-buýruk beriji ulgam we bazar ykdysadyýetiniň elementleri bilelikde hereket edýär,

ykdysadyýet bolsa manysy boýunça «sosialistik bazarynyňky» bolup çykyş edýär.

Ýurduň bank ulgamyna pul-karz syýasata jogap berýän we gözegçilik wezipelerini ýerine ýetirýän Hytaýyň halk banky (HHB) ýolbaşçylyk edýär.

Ýurduň ykdysady ösüşini üpjün etmek we milli walýutanyň hümmetini goldamak üçin Merkezi bankyň öňünde aşakdaky wezipeler durýar:

– pul-karz syýasatyny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek;

– pul goýbermek we pul aýlanyşygyny dolandyrmak;

– kadalaşdyryjy aktlara laýyklykda bank we maliýe edaralarynyň işine gözegilik etmek;

– maliýe amallar barada dekretleri we kararlary kabul etmek;

– döwletiň walýuta we altyn ätiýaçlyklaryny saklamak we olary dolandyrmak;

– maliýe meseleler boýunça statistik maglumatlary ýygnamak, soraglary we seljermeleri geçirmek, çaklamalary düzmek.

Kanun Merkezi banka aşakdaky hukuklary berýär:

– maliýe edaralaryndan Merkezi bankyň derejeleri (stawkalary) boýunça ätiýaçlyklaryny deponirlemegini talap etmek;

– binýat göterim derejesini bellemek;

– Merkezi bankda hasaby bolan maliýe edaralarynyň weksellerini gaýtadan hasaba almak;

– täjirçilik banklaryna karz bermek;

– açyk bazarda döwlet zaýomlarynyň obligasiýalaryny ýa-da beýleki döwlet obligasiýalaryny, şeýle hem walýutany satyn almak we satmak.

XX asyryň ahyrynda Hytaýyň bank ulgamy buýrujy-meýilnamalaýyn ykdysadyýetden Hytaý aýratynlyklary bolan bazar ykdysadyýetine geçmekligi üpjün etdi. Bu ýerde onuň reformalaşdyrylan düzümi wajyp ähmiýete eýe boldy.

## 10.2. Hytaýyň bank ulgamynyň gurluşy

Hytaý Halk Respublikasynda iki derejeli bank ulgamy hereket edýär. Birinji derejede MB, ikinji derejede döwletiň ýöriteleşdirilen banklary we täjirçilik banklarynyň köpsanlysy hereket edýär. Depozit,




***10.1-nji şekil.*** **Hytaýyň bank ulgamynyň guramaçylyk düzümi**

karz we hasaplaşyk amallar şäher we oba hojalyk kooperatiwler, şeýle hem şäher karz banklary tarapyndan amala aşrylyp bilinýär (*10.1-nji şekil*).

Hytaýyň bank ulgamynyň düzüminde öňdebaryjy orunlary «Hytaýyň banky» (Bank of China), «Hytaýyň gurluşyk banky» (China Construction bank of China), «Hytaýyň Senagat-täjirçilik banky» (Idustrial &Commercial Bank of China), «Kommunikasiýa banky» (Bank of Communications), «Hytaýyň söwda banky» (China Merchants Bank) atly bäş sany iri bank eýeleýär. Ähli depozitleriň we karzlaryň 70–80%-i umumy paýy bilen Hytaýyň bank ulgamynyň esasyny emele getirýärler.

Bu karz institutlary ilkibaşda ýöriteleşdirilen banklar ýaly döredilen hem bolsalar geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň başyndan ýuwaş-ýuwaşdan ýöriteleşdirilen häsiýetini ýitirmek bilen ähli ýurdy gurşap alýan gymmat bahaly şahamçalaryň toruny emele getirýärler. Bu bolsa olaryň arasynda ýitileşýän bäsdeşlige getirýär.

Hytaýyň bank ulgamy tutuşlygynda döwlet gözegçiliginde duran hem bolsa, banklaryň özi berk dolandyryjy ulgam arkaly gurlandyr.

Hytaý Halk Respublikasynda hereket edýän iki derejeli bank ulgamynyň birinji derejesini Hytaýyň halk banky we syýasy ösüş banklary emele getirýär. Halk bank (merkezi bank) ýurduň emission, karz we töleg-hasaplaşyk merkezi bolup, pul we karz syýasatynyň işlenip düzülmegine we geçirilmegine jogap berýär. Bank ulgamyna gözegçiligi bolsa bank kadalaşdyrylmasynyň Ählihytaý komissiýasy amala aşyrýar.

Üç sany syýasy ösüş banky – Hytaýyň Döwlet ösüş banky, Hytaýyň Oba hojalygynyň ösüş banky we Hytaýyň Eksport we import banky, degişlilikde senagat, agrosenagat, daşary söwda bölümlerindäki döwlet maksatnamasynyň amala aşyrylmagyna jogap berýärler.

Hytaýyň bank ulgamynyň esasyny ikinji derejede ýerleşýän döwlet täjirçilik banklary düzýärler, olaryň arasynda «uly dörtlügiň» banklary, ylaýta-da Hytaýyň banky, Hytaýyň Senagat-söwda banky, Hytaýyň Gurluşyk banky we Hytaýyň Oba hojalyk banky agalyk edýärler. Olar hytaý bazarynyň 60%-ine golaýyna gözegçilik edýärler.

Iş ulgamlary boýunça döwlet täjirçilik banklar şäher we oba banklar ýaly çykyş edýärler.

Olardan başga-da ikinji derejede bank amallaryny amala aşyrýan dürli maliýe kompaniýalary hereket edip, olar aktiwleri dolandyrmak boýunça korporasiýalary, trast maýa goýum kompaniýalary, lizing maliýe kompaniýalary we beýlekilerdir.

Hytaýda, şeýle hem ýurtda kiçi we orta telekeçiligi maliýeleşdirmegiň esasy bolup çykyş edýän şäher we oba kooperasiýasynyň ösen ulgamy hereket edýär. Ol oba hojalyk we şäher karz kooperatiwleri, şeýle hem aragatnaşygyň köpsanly poçta bölümleri ýaly görnüşinde hereket edýärler.

Hytaýda «uly dörtlük» adyny alan iri banklar hereket edýär. Olardan dünýäde bileleşen aktiwleri we bazar maýasy boýunça 2018-nji ýylda iň iri we has gymmatly hasap edilen «Industrial and Commercial Bank of China (ICBC)» bankydyr. Ol «The Banker's Top 1000 World Banks ranking» derejesinde birinji orny, şeýle hem «Forbes Global 2000» atly dünýäniň iri kompaniýalarynyň sanawynda birinji orny eýeleýär.

Hytaýyň ikinji bir banky «China Construction Bank (CCB)» «uly dörtlügiň» düzümine girýär, onuň ştab-kwartirasy Pekinde ýerleşýär. Bazar maýalaşmasy boýunça ol 2015-nji ýylda dünýäde ululygy boýunça ikinji bank bolupdyr. CCB-niň golçur banky Londonda açyldy, onuň şahamçalary bolsa Barselona, Ýohannesburg, Frankfurt, Lýuksemburg, Nýu-Ýork, Tokio, Singapur, Gonkong ýaly şäherlerde hereket edýär.

Hytaýdaky ABC (Agricultural Bank of China) bank aktiwleriniň ululygy boýunça üçünji karz beriji bolup çykyş edýär. Dünýäde iň iri, gurply we gymmatly kompaniýa hökmünde ol her ýyllyk Forbes sanawyna girýär. Ol 2018-nji ýylda üçünji orny eýeledi. Bankyň şahamçalary bütin dünýäde, esasan hem, Gonkong, Ýaponiýa, Beýik Britaniýa, Germaniýa, ABŞ, Awstraliýa, Günorta Koreýa we Singapur ýaly uly döwletlerde has meşhurdyr.

«Uly dörtlügiň» düzüminde ýene-de bir gurply hytaý banky bolup, ol «Bank of China» bankydyr. Ol döwlet täjirçilik bankynyň derejesine eýe bolup, paýdarlar jemgyýeti ýaly çykyş edýär. Onuň wekillikleri dünýäniň 27 ýurdunda, şol sanda Russiýada ýerleşýär. Ol ýerde onuň golçur banky bolan «Hytaýyň PTB banky Epos» döredildi. Onuň bölümleri Moskwada, Wladiwostokda we Habarowskde ýerleşýärler.

**Döwlet we paýdarlar banklary.** Döwlet bankynyň derejesi Hytaýda üç sany banka berlendir. Olar Hytaýyň Eksport-import banky (Export-Import Bank of China), Hytaýyň Ösüş banky (China Development Bank) we Hytaýyň Oba hojalygynyň ösüş bankydyr (Agricultural Development Bank of China). Bu banklar daşary söwda işlerine, senagat we oba hojalyk pudagy boýunça işlere jogap berýärler.

Täjirçilik banklary döwlet we paýdarlar banklary diýen iki sany esasy topara bölünýärler. Ýokarda bellenilişi ýaly döwlet täjirçilik banklary «Uly dörtlüge» girýärler. Bu banklar manysy boýunça paýdarlar jemgyýeti bolup çykyş edýän bolsa-da olar döwlet gözegçiliginde ýerleşýärler, olaryň paýnamalarynyň esasy bölegi bolsa döwlete degişlidir. Öz iş gurşawy boýunça döwlet täjirçilik banklary şäheriňki ýaly obaňky hem bolýarlar.

Hytaýyň Gurluşyk banky (China Construction Bank) we Hytaýyň Senagat-söwda banky (Industrial and Commercial bank of China) ilkibaşda täjirçilik bank bolup çykyş edýärdiler. «Hytaýyň gao ýan banky» (Bank of China) 1994-nji ýylda döwlet täjirçilik bankynyň derejesine eýe boldy. Hytaýyň «Oba hojalyk banky» (Agricultural bank of China) ilkibaşda döwletiňki bolup, 70-nji ýyllaryň ahyrynda ol paýdarlar bankyna öwrüldi.

Ýokardaky sanalyp geçilen dört bank edaralardan başga-da döwletiňkä, şeýle-de 2018-njy ýyldan süýşürintgiler we geçirimler boýunça öňki Býuronyň esasynda döredilen Poçta-süýşürintgiler bankyna (Postal Savings Bank of China) degişlidir.

Täjirçilik banklarynyň toparynda Hytaýyň iň belli banklarynyň biri bolup «Ping an bank co ltd» çykyş edýär. Onuň ştab-kwartirasy Şençjende ýerleşýär. Bu bank Şanhaýda we Fuçzouda işleýär. «Ping An Insuranceniň» golçur kompaniýasy bolmak bilen, bank «Ping An Groupyň» üç düzüm böleginiň biri bolup çykyş edýär hem-de ätiýaçlandyrmak, bank işi we aktiwler bilen dolandyrmak bilen meşgullanýar.

Şeýle-de belli täjirçilik banklarynyň biri bolup, «China Merchants bank» çykyş edýär. Onuň ştab-kwartirasy Hytaýyň günortasyndaky Şençzen şäherinde ýerleşýär. Bu bank Hytaýda koperatiw edara görnüşli taraplara degişli bolan ilkinji maliýe edara bolup çykyş edýär. Bu bankyň Hytaýda 500-e golaý we Gonkongda bir şahamçasy bar.

Döwlete dahylsyz düzümlere degişli bolan ýene-de bir bank «Minshend Bankdyr». Bu bank orta we kiçi telekeçilige berýän karzlary bilen belli. Bu günki gün bankyň ähli Hytaý boýunça 200 golaý şahamçasy bar.

## 10.3. Hytaýyň Halk banky

Ýurduň bank ulgamyna pul-karz syýasatyna jogap berýän we gözegçilik wezipelerini ýerine ýetirýän Hytaýyň Halk banky (HHB) ýolbaşçylyk edýär. HHB 1948-nji ýylyň 1-nji dekabrynda birleşen Demirgazyk Hytaýyň Halk bankynyň, Halk Beýhen bankynyň we Demirgazyk-Günbatar daýhan bankynyň esasynda döredilýär. Ilki-başda HHB-niň wezipeleri döwlet gaznaçylyk amallaryny ýerine ýetirmek, hususy karzlara gözegçilik etmek, döwlet zaýomlaryny ýerleşdirmek, daşary ýurt walýutalary we gymmat bahaly metallar bilen geçirilýän amallara gözegçilik etmek bolupdyr.

Wagtyň geçmegi bilen bu ulgam birnäçe üýtgemelere sezewar boldy. Olardan iň esasysy bolup, 1983-nji ýylda Merkezi halk

häkimiýetiniň - HHR-iň Döwlet geňeşiniň degişli karary çykyş edýär. Oňa laýyklykda HHB mundan beýläk HHR-iň merkezi bankynyň wezipelerini ýerine ýetirmek bilen, senagat-söwda karzlaşdyrmasy we amanat kassalar bilen meşgullanmaýar. Onuň maýasy döwlet tarapyndan doly maliýeleşdirilýär we ol döwletiň emlägidir.

HHB-niň işine direktor ýolbaşçylyk edýär. Onuň saýlawy bilen bagly sorag Döwlet geňeşiniň premeriniň teklip etmegi boýunça HHR-iň kanun çykaryjy ýokary edarasy bolan halk wekilleriniň ähli Hytaý ýygnagy tarapyndan çözülýär. Onuň mejlisleriniň arasyndaky arakesmede Hemişelik komitet çözgüt kabul edýär. Bu ýagdaýda HHB-niň direktory wezipesine bellemek we wezipeden boşatmak işini HHR-iň başlygy amala aşyrýar.

HHB aşakdaky sazlaýjylary ulanmak bilen döwletiň pul syýasatyny dolandyrýar:

– karz-pul edaralaryndan depozit ätiýaçlandyryş gaznasyna geçirilişiň talabyna laýyklykda kesgitlenen deňeçerligi döretmek;

– merkezi bankyň esaslyk göterim derejesini kesgitlemek;

– HHB-de hasap açan karz-pul edaralarynyň weksellerini täzeden hasaplamak işini geçirmek;

– täjirçilik banklaryna karz bermek;

– açyk bazarda döwletiň zaýomynyň obligasiýalaryny we hökümetiň beýleki obligasiýalaryny hem-de walýutalaryny satyn almak we satmak.

HHB döwletiň gaznasyny dolandyrýar we Döwlet geňeşiniň maliýe edarasynyň tabşyrygy boýunça döwlet zaýomlaryny we hökümetiň beýleki obligasýalaryny karz-pul edaralaryna emissiýa etmäge başlap hem-de ýerläp bilýär, şeýle hem isleg bolan ýagdaýynda ol karz-pul edaralaryna hasap açyp bilýär. HHB karz-pul edaralarynyň arasynda hasaplaşyk ulgamyny döredip we hasaplaşyklary geçirmek üçin hyzmatlary hödürläp bilýär. Bu ýagdaýda olar tarapyndan hasaplaşygyň anyk usullary kesgitlenilýär. Ondan başga-da, pul syýasatyny durmuşa geçirmegiň talabyna laýyklykda HHB täjirçilik banklaryna beriljek karzyň göwrümi, möhleti, göterim derejesi we görnüşi (bu ýagdaýda karzyň möhleti bir ýyldan ýokary bolmaly däl) barada karar kabul edip bilýär.

HHB-niň köpsanly ygtyýarlyklarynyň arasynda täjirçilik banklaryny dolandyrmak mümkinçiligi aýratyn üns bermäge mynasypdyr. Eger täjirçilik banky çökgünlik ýagdaýynda ýa-da çökmek ýagdaýynda bolup, goýumçylaryň bähbidine täsir edýän bolsa, onda HHB bu banky özi dolandyryp biler. Täjirçilik bankyny dolandyrmagy öz üstüne almak bilen HHB goýumçylaryň bähbidini goramak we täjirçilik bankynyň kadaly işlemegini dikeltmek üçin degişli zerur çözgütleri kabul edip başlaýar. Bank dolandyrmagy öz üstüne almak baradaky soragy çözýär we onuň durmuşa geçirilmegini guraýar. Şeýle dolandyryşy durmuşa geçirmek çözgüt kabul edilen gününden işe girizilýär. Dolandyryş möhletiniň tamamlanmagy HHB-niň karary boýunça uzaldylyp (bu ýagdaýda aňrybaş uzaltma iki ýyldan köp bolup bilmez) bilner.

Dolandyryş möhleti HHB-niň kesgitlän möhletiniň tamamlanmagy ýa-da täjirçilik bankynyň kadaly işlemek mümkinçiliginiň dikelmegi, ýa-da onuň başga täjirçilik bankyna goşulmagy, ýa-da dolandyryş möhleti tamamlanýança degişli karar esasynda onuň çökendiginiň yglan edilmegi bilen tamamlanýar.

Bu günki gün bankyň şahamçalary dünýäniň ähli künjeginde açylandyr. HHB täjirçilik we maýa goýum hyzmatlaryny, şeýle hem ätiýaçlandyrma boýunça hyzmatlary hödürläp bilýär. Onuň ulgamynda on iki müň bölüm hereket edip, olarda 192 müň işgär zähmet çekýär.

Ýurduň içinde on iki müňden gowrak şahamçasy hereket edýär. Daşary ýurtlaryň ýigrimi altysynda onuň alty ýüze golaý şahamçasy işleýär. Bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen Hytaý banky 2000-nji ýyldan başlap, dolandyryş ulgamyny kämilleşdirip başlady. Ol munuň üçin 2001-nji ýylda Sýangan Hytaý bank birleşigini üýtgedip gurup, onuň esasynda Hytaý bankynyň paýdarlar kompaniýasyny (Sýangan) döretdi. 2002-nji ýyldan başlap bu kompaniýanyň paýnamalary Sýangan gazna bazarynda bahalandyrylyp başlandy.

Hytaýyň Halk banky ýokary derejede bazary nazarlaýan bankdyr. Ol 2004-nji ýyldan başlap, alyp barýan işiniň ykdysady görkezijilerini ilerletmäge ugur aldy. 2004-nji ýylyň jemleri onuň girdejisiniň

artandygyna we balansynda oňaýly ilerlemeleriň bardygyna şaýatlyk edýär. Ýöne umytsyz karzlaryň göwrümi 5% azalsa-da, ol ýene-de 22% bolmagynda galýar.

Ýurduň ykdysady ösüşini üpjün etmek we mili walýutanyň hümmetini goldamak üçin Merkezi bankyň öňünde aşakdaky wezipeler durýar:

– pul-karz syýasatyny işlemek we durmuşa geçirmek;

– puly ulanyşyga goýbermek we pul aýlanyşygyny dolandyrmak;

– kadalaşdyryjy aktlara laýyklykda bank we maliýe edaralarynyň işine gözegçilik etmek;

– maliýe amallary barada dekretleri we görkezmeleri kabul etmek;

– döwletiň walýuta we altyn ätiýaçlyklaryny saklamak we olary dolandyrmak;

– statistik maglumatlary ýygnamak, maliýe soraglary boýunça sorag-jogap we seljerme geçirmek, çaklamalary deňeşdirmek.

Bankyň şahamçalary häzirki wagtda dünýäniň çar künjeginde işleýär. HHB täjirçilik we maýa goýum hyzmatlaryny ýerine ýetirýär. Şeýle hem ätiýaçlandyrmak boýunça Hytaýyň banky has ýokary derejede bazara gönükdirilen diýip hasap edilýär.

## 10.4. Hytaýyň täjirçilik banklary

Hytaýyň ähli täjirçilik banklary («Uly dörtlügiň» döwlet-täjirçilik banklaryny hasaba almak bilen) bank hyzmatlarynyň aşakdaky görnüşlerini hödürleýärler:

– karz bermek we depozit goýumlary çekmek;
– hasaplaşyklary ýerine ýetirmek we müşderilere kassa hyzmatlaryny etmek;
– maýadarlaryň görkezmesi boýunça müşderiniň hasabyna, şeýle hem bankyň serişdeleriniň hasabyna goýumlary maliýeleşdirmek;
– gymmatly kagyzlaryň çykarylmagy, saklanylmagy we ýerlenmegi;

– maliýe amallaryny amala aşyrmak üçin üçünji taraplara zamunlyklaryň we kepilleriň berilmegi;
– daşary ýurt walýutalarynyň satylmagy we satyn alynmagy;
– gymmat bahaly daşlaryň, metallaryň we bezegleriň satylmagy we satyn alynmagy;
– gymmat bahaly metallaryň goýum hökmünde ulanylmagy;
– müşderiniň tabşyrygy boýunça (trast amaly) maliýe serişdelerini we gymmatly kagyzlary çekmek we olary dolandyrmak;
– lizing amallary amala aşyrmak, maslahat hyzmatlaryny, şeýle hem broker hyzmatlaryny bermek;
– bank hasaplaryny açmak.

*Senagat-täjirçilik banklary* (ICBC) 1984-nji ýylda merkezi bankyň düzüminden çykmak bilen döredilýär. Bu ýurduň ähli bank aktlarynyň ¼ bölegini özüne birikdirýän iň iri döwlet bankydyr. Onuň ýurtda 22 müň bölümi bolup, onda 400 müň gullukçy işleýär. Bank 8 mln firma we 100 mln şahsa hyzmat edýär. Ol soňky ýyllar dörese-de, bahalaryň ösýändigi we bazarda gozganmaýan emlägine isleg ýokary bolan girdejili we ynamdar ipoteka karzlaşdyrma gurşawynyň öňbaşçysy. Ol halkara statistikasynda dünýäniň öňdebaryjy on bankynyň sanawyna girmek bilen 2007-nji ýylda 3-nji orny eýeledi.

*Hytaýyň Gurluşyk banklary* (CCB) 1954-nji ýylda döredilenden soňra olaryň esasy işi döwletiň maýa goýum taslamalarynda, mysal üçin, demir ýoluň, elektrostansiýalaryň we awtomagistrallaryň gurluşyklarynda orta we uzakmöhletli karzlaşdyrma boldy. 1994-nji ýyldan başlap, karz menejmenti, içki barlag we töwekgelçiligi azaltmak, şeýle hem girdejili ownuk we orta kärhanalardan müşderileri ýygnamak boýunça düýpli reformalar geçirildi. Esasy üns çykdajylara gözegçilige berildi. Tygşytlylyk maksady bilen bankyň işgärleriniň sany 320 müňe çenli azaldyldy we birnäçe bölüm ýapyldy.

*Karz kooperatiwleri.* Esasan süýşürintgiler kassalary hökmünde gadymy we kiçiräk şäherlerde ýerleşip, hereket edýän 44 müň sany karz kooperatiwleri Hytaýyň 5 sany iri bankyna bäsdeş bolup çykyş edýärler. Olaryň teklip edýän hyzmatlary köp bolman, olar azsanly amallaryň daşynda jemlenendir. Olaryň köp bolmadyk işgärleri we emelsiz ýolbaşçylary umytsyz karz bermek bilen döwlet edaralaryna

olaryň üstünden berk gözegçilik etmäge ýa-da karz kooperatiwlerini ýapmaga mejbur edýärler. Sebitleýin we ýerli pul öwrülişikleri düzgün bolşy ýaly seýrek ýagdaýlarda amala aşyrylýar, ýerlerde zerur karz serişdeleri bolmansoň depozitler iri şäherlere ugrukdyrylýar. Geň bolsa-da, ösen oba ýerlerinde maýa goýumlaryndan köp ýygym ýygnanandyr.

Hytaýyň täjirçilik banklaryny Hytaýyň we Sýanganyň çäginde ýerleşen banklar toparyna bölmek bolar. Sýangan ýurduň çäginden daşarda Gonkong ady bilen belli bolup, ol 1840-njy ýylyň urşundan soň Beýik Britaniýa tarapyndan basylyp alynýar we 100 ýyldan gowrak döwürde Sýangan, Szýulun we Täze çäk bu döwletiň golastynda bolýar.

1997-nji ýylyň 1-nji iýulynda Sýangan käbir geleşikler bilen Hytaýa birleşdirilenden soň HHR-iň bank ulgamynyň üsti Sýangandaky banklar bilen dolduryldy. Ýöne 1990-njy ýylyň 4-nji aprelindäki Halk wekilleriniň Bütinhytaý maslahatynyň ýedinji çagyrylyşynyň üçünji sessiýasynda aýratyn Sýangan administratiw etraby barada kabul edilen esasy kanunyň 5-nji maddasyna laýyklykda Sýanganda hususy eýeçilik hukugy saklanyp galdy. Ondan başga-da, bu etrap döredilenden soň 50 ýylyň dowamynda bu ýere sosialistik gurluşyň girizilmejekdigi bellenildi.

Sýanganda merkezi bank hem walýuta gözegçiligi hem ýok. Serişdeler hiç hili çäklendirmesiz hereket edýär. Bank göterimi Sýanganyň hökümetiniň meýlini hasaba almak bilen Sýanganyň bank assosiasiýasy tarapyndan kesgitlenilýär. Pul emissiýasy hukugy gonkong dollarynda emissiýa etmäge hukugy bank tarapyndan bellenýän Sýangan häkimiýetine degişlidir. Banka emissiýa hukugyny edinmek üçin amerikan dollarynda 100% ätiýaçlyk gaznasynyň bolmagy hökmanydyr.

HHR-iň kanunyna laýyklykda täjirçilik bankyny döretmeklik HHB bu soraga seredip, anyk çözgüt kabul edensoň amala aşyrylýar. Bu ýagdaýsyz hiç bir edara we aýry-aýry adamlara jemgyýetçilik depozitlerini we täjirçilik banklaryna degişli amallar bilen meşgullanmaga rugsat berilmeýär.

Häzirki wagtda täjirçilik bankyny döretmek üçin iň az esaslyk maýasy 1 mlrd ýuan, şäher kooperatiw banklary üçin 100 mln ýuan, oba kooperatiw banklary üçin 50 mln ýuan hökmanydyr. Esaslyk maýa hakykatda tölenen maýa bolmalydyr. HHB esasy maýanyň iň az mukdaryny artdyrmak bilen sazlap biler.

Guramaçylyk görnüşini we gurluşyny kesgitlemek täjirçilik banklarynyň bölünişi we birleşişi ýaly bolup, munuň üçin HHR-iň 1993-nji ýylyň 29-njy dekabrynda kabul edilen «Kompaniýalar hakyndaky» kararynyň düzgünnamasy ulanylýar. Şonda täjirçilik banklarynyň bölünmegi we birleşmegi HHB tarapyndan seredilýär we tassyklanylýar.

HHR-iň çäginde täjirçilik banklaryna aşakdakylar bilen meşgullanmak gadagandyr:

– paýnamalar bilen amallar we maýagoýum kepilligi bilen meşgullanmak;

– hususy zerurlyk üçin bolmadyk gozganmaýan emläge maýa goýmak;

– bank däl karz-pul edaralaryna we kärhanalara serişde goýmak.

Banklaryň gysga möhletleýin şahamçara we bankara karz bermekde HHB-niň kesgitlän möhleti dört aýdan artykmaç bolmazlyk şerti bilen ýerine ýetirilmelidir. Bu ýagdaýda esasy gaznany karzlaşdyrmak ýa-da maýa goýumy amala aşyrmak üçin şahamçara gysga möhletleýin karzlaşma arkaly alnan serişdeden peýdalanmak gadagandyr.

Täjirçilik banklarynyň depozitleri bilen amallar geçirilende HHB-niň mukdarynyň çäginde göterim derejesi teklip edilmelidir, HHB-niň ätiýaçlyk gaznasyna geçirim geçirilmelidir we hökmany tölegleri üpjün edýän gazna döredilmelidir.

HHR-iň kanunyna laýyklykda täjirçilik banklary karzlaşdyrylanda aktiwleriň we passiwleriň arasyndaky deňeçerlik, ýagny koeffisiýent boýunça maýanyň ýeterligi (8%-den az bolmazlyk), karzyň galyndysy bilen depozitiň galyndysynyň (75%-den ýokary däl) arasyndaky, likwid aktiwler bilen likwid passiwleriň galyndysynyň (25%-den az däl) arasyndaky deňeçerlik saklanmalydyr, mundan

başga-da şolbir zaýomçynyň maýasynyň galyndysy täjirçilik bankynyň hususy maýasynyň 10%-inden ýokary bolmaly däldir.

*Hususy banklar.* Iri banklar bilen köpsanly karz kooperatiwleriniň arasynda paýdarlar jemgyýeti hökmünde döredilip, hususyýetçiniň we döwletiň maýasynyň hasabyna işleýän 10 sany hususy bank hereket edýär. 100% hususy kärhana bolmasa-da Minşen bankyny şeýle bank hökmünde görkezmek bolar. Onuň girdejisi döwlet gurşawyndaky onuň bäsdeşininkiden 4–5 esse ýokarydyr. Şu we hususyýetçiligiň garyşyk görnüşindäki beýleki banklary *hususyýetleşdirmek* dowam edýär.

Şeýle banklar diýseň dinamiki ösýärler we umuman reformalaryň gidişine has ýokary derejede baglydyr. Minşen banky we oňa meňzeş Pudon Dewelopment bank 1999–2000-nji ýyllar paýnama goýbermek we onuň netijesinde umytsyz bergileriň gaýdyp berilmegi bilen bagly ýiti meseleri gowşatmak arkaly maýany üýtgetmek çäresini geçirmegi başardylar. 2003-nji ýylda ýene on bank ygtyýarnama aldy. 2002-nji ýylyň ahyrynda «Bauşparkassa Şwebiş Holl» banky bilen Hytaýyň gurluşyk banky bilelikde ilkinji bilelikdäki bank kärhanasyny döretdiler. Iki sany hususy bank bolsa çökendigini yglan etdi.

## 10.5. Hytaýdaky daşary ýurt banklary

Hytaýyň bank kanunçylygy 1985-nji ýylda daşary ýurt banklaryna bu ýurtda öz wekilliklerini açmaga rugsat berdi. Hytaýda daşary ýurt banklarynyň ýüze çykmagy halkara söwdanyň çalt ösmegi we HHR-iň çäginde daşary ýurt kärhanalarynyň döredilmegi bilen şertlenendir. 2007-nji ýylda «Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagy bilen maliýe-karz edaralarynyň dolandyrylmagy hakyndaky» düzgünnama tassyklanyldy. Bu düzgünnama bank amallarynyň çägini, olaryň mukdaryny, şeýle hem daşary ýurt maliýe edarasy üçin aktiwleriň iň az jemini kesgitleýär.

Daşary ýurt banklary öz şahamçalaryny Hytaýda diňe iki ýyldan az bolmadyk möhlet bilen HHR-de olaryň wekillikleriniň bolan hem-de aktiwlerinde ABŞ-nyň 20 mlrd dollaryndan az bolmadyk serişde bolan ýagdaýynda açyp bilýärler.

Hytaýyň maliýe bazarynda iri şäherlerde we kenarýaka golaý sebitlerinde ýerleşen 200-e golaý daşary ýurt banklary hereket edýär. Olaryň aktiwligi döwletiň ygtyýarlandyryş ulgamy tarapyndan müşderiler we işi babatynda berk çäklendirmeler bilen bellenendir. Bu ýagdaý bolsa, olaryň we ýerli banklaryň arasyndaky hakyky bäsdeşlige mümkinçilik döretmeýär. Ýurduň içinde daşary ýurt banklarynyň işiniň göwrümi uly bolmansoň, olaryň bazardaky paýy hem uly däldir. Walýuta ulgamynda çäklendirmeleriň barlygyna garamazdan walýuta amallarynyň sanynyň artmagy we Hytaýyň BSG girmegi diňe bir bank pudagynda däl, umuman, ykdysadyýetde hem bäsdeşligiň ösjekdigine umyt döredýär.

Şeýle bäsdeşligiň netijesinde üstünlikli ösýän sebitlerde özleriniň golçur banklaryny ýa-da hususy banklar bilen goşulyşmak, ýa-da nemes banklarynyňky ýaly iri döwlet banklary bilen hyzmatdaşlykda güýçler jemlenmelidir. Bu ýagdaýda ABŞ-nyň Siti banky döwlet banklarynyň şahamçalary we hususy banklar bilen işlände differensirlenen syýasaty ulanýar. Nemes banklary daşary ýurt kärhanalary bilen üstünlikli işleşýär. Töwekgelçiligiň ýokarydygy sebäpli nemes kompaniýalary bilen geleşikler azdyr. Daşary ýurt banklary ilat bilen depozit geleşiklerini 2008-nji ýylyň başyndan bäri alyp barýarlar.

BSG girende HHR gurama kabul edilenden soň bäş ýylyň dowamynda geografik we müşderiler babatdaky çäklendirmeleri aradan aýryp, Hytaý we daşary ýurt banklary üçin birmeňzeş sazlaýyş düzgünini ulanyp, Hytaýyň bazaryna daşary ýurt banklarynyň aralaşmagyna mümkinçilik döretjekdigi barada borçnama alypdy.

Şeýle-de bolsa Hytaý sözde «özüňkiler» we «kesekiler» üçin deň şert döretse-de, iş ýüzünde daşary ýurt banklaryna öz hususy düzgünini, ýagny işde milli kompaniýalar üçin hökmany bolan administratiw çäklendirmeleri daşary ýurtlaryň telekeçiliginde ulanmagy borçlandyrýar. Şeýle etmek bilen Hytaý özüni bank gurşawyndaky «deň bolmadyk» bäsdeşlikden ätiýaçlandyrýar. HMB tarapyndan döredilen administratiw päsgelçiliklerden daşary ýurt banklaryna aýlanyp geçmäge synanyşyklar, hemişe gerekli netijeleri bermeýär.

Hytaýyň gazna bazaryna daşary ýurt maýa goýumlarynyň gelşi barada aýdylanda, Hytaý kompaniýalarynyň 90%-den gowragy döwletiň emlägi bolansoň, paýdarlaryň arasynda emeldarlaryň we paýly işgärleriniň köp bolmagy sebäpli daşary ýurtly hünärmenleriniň belleýşi ýaly bütin hytaý kompaniýalary «birneme şübheli» görünýärler. Şeýle-de bolsa dünýäniň öňdebaryjy gazna bazarlarynda kesgitsizlik şertlerinde HHR gyzyklanma artýar. Ýuwaş-ýuwaşdan özgertmeler usuly degerli netijäni bermändigi üçin HHR bank ulgamynyň işleýşini düýpli üýtgetmek ýagdaýy bilen ýüzbe-ýüz boldy.

Bu ugurda ilkinji ädim eýýäm edildi. Özi hem bu ädim Hytaýyň BSG girmegi we ýurduň bank ulgamyny halkara bäsdeşligine taýýarlamagyň zerurlygy bilen başlandy. Bank pudagyny daşary ýurt maliýe institutlary üçin açmak işi haýal barýar. Hytaýyň hökümetiniň bank ulgamynda doly möçberde reforma geçirmek üçin wagty bar. Ondan başga-da, Hytaýyň bank ulgamy döwlet tarapyndan doly kepillige eýe, şonuň üçin häzirki wagtdaky kynçylyklara garamazdan ol ýeterlik berklik we durnuklylyk goruna eýedir.

Milli kompaniýalar üçin işlerindäki bellenen administratiw çäklendirmeler daşary ýurt banklarynyň telekeçilik işlerinde geçirilýär. Daşary ýurt maliýe institutlary üçin bank pudagynyň açylyşy haýal gidýär. Hytaý bank ulgamynyň Hytaýyň häkimiýeti tarapyndan güýçli kepili bar, onuň çylşyrymly ýagdaýlaryna garamazdan, ol berkligiň we durnuklylygyň ýeterlikli ätiýaçlygyna eýedir.

HHR-iň çäginde Ýewropanyň banklarynyň birnäçe şahamçasy hereket edýär, olaryň arasynda has bellileri bolup «Algemene Bank» «Nederland we Amsterdam-Rotterdam Bank» niderland banklary, «Deutsche Bank» nemes banky, «Credit Suisse First Boston» şweýsar banky çykyş edýär. Ondan başga-da Hytaýda fransuz, italýan, belgiýa we iňlis banklary hereket edýärler.

2018-nji ýylda GDA döwletleriniň arasynda diňe Russiýa Hytaýda birnäçe bank edaralaryny açdy. Hususan-da, Hytaýyň çäginde «BTB» bankyň 8 sany wekillikleri we 1 şahamçasy hereket edýär. Özi hem Pekindäki «BTB»-niň wekillikleri diňe eksport-import akkreditiwler boýunça amallary amala aşyrýarlar. Bankyň şahamçasy



17. Sargyt №2512

Şanhaýda 2008-nji ýylda açyldy. Ol Hytaý bilen Russiýanyň arasynda haryt dolanyşygyna hyzmat etmegi maksat edinýär.

«Promswýaz» bankynyň wekillikleri «Rostwertol» we «LOMO rus» kompaniýalaryna hyzmat etmek maksady bilen açyldy. Beýleki galan banklaryň wekillikleri, olaryň arasynda «Sberbank», «Gazprombank» we Russiýanyň Merkezi banky hem Hytaý müşderileriniň bellibir çägine niýetlenen hem bolsa, HHR-iň çäginde bank amallaryny amala aşyrmaga hukuklary ýok.

## 10.6. Hytaýyň bank ulgamynyň reformalaşdyrylmagy

Häzirki döwürde Hytaýyň bank ulgamy reformalaşdyrmagyň täze etabyny başdan geçirýär. Ösüşiň esasy ugry anyk kesgitlenen bolsa-da, bu ýagdaýyň nähili netijeli boljakdygy heniz aýdyň däl. Bank ulgamy köp ýagdaýda ýurduň ykdysadyýetiniň ýagdaýyny aňladýar, onuň kömegi bilen ykdysady ulgamyň durnuklylygyny netijeli goldap bolýar. Hytaý Halk banky HHR-de ykdysady ösüşiň ýokary durnukly depginleriniň saklanmagyna aýratyn üns berýär.

Şol maksat bilen HHB pul köplüginiň ösüşini haýallatmaga, hümmetsizlenmäni ýeňip geçmeklige we içerki islegi höweslendirmeklige gönükdirilen ugry alyp barmak; döwletiň bergi borçnamalarynyň emissiýasy, onuň serişdeleri bolsa iri infrastruktura taslamalarynyň, halk hojalygynyň has üns berilýän pudaklarynyň tehniki taýdan täzelenmegini maliýeleşdirmeklige gönükdirilýär; göterim derejesini peseltmek; sarp ediş karzyny ösdürmek we şäherde, obalarda mikrokarzlaryň ulgamyny giňeltmek, walýuta kadalaşdyrmaklygyň berk syýasatyny geçirmek ýaly birnäçe maliýe gurallaryny ulanýar.

Döwlet ýurduň maliýe pudagynyň durnuklylygyny kepillendirmek we Hytaýyň ykdysadyýetiniň howpsuz ösmegi üçin banklarynyň üstündäki gözegçiligi öz elinde saklaýar. Hytaýda hususy süýşürintgileriň möçberi ýokarydyr.

2007-nji ýylda öňdebaryjy Hytaý banklary birža çykyp başladylar we ol ýerde öz paýnamalaryny ýerleşdirýärler. Esasan hem Hytaý banklarynyň paýnamalaryny daşary ýurtly maýadarlar satyn alýarlar. Şunuň bilen ýurduň walýuta syýasatyny liberallaşdyrmak

ugrunda ilkinji ädim ädildi. Emma Hytaý hökümeti maliýe ulgamynyň üstünden berk gözegçilik etmegi bes etmek islemeýär. Hytaý hökümeti tarapyndan ýurtda ýüze çykan çökgünligi ýeňip geçer ýaly ýeterlik kemala gelen maliýe bazary döredilmedi. Şonuň üçin häkimiýet ýurduň öňdebaryjy banklaryna täsirini aýyrmakdan saklanýar.

2019-njy ýylyň ahyryndaky ýagdaýa görä Hytaýyň iri bäş banky dünýäniň ilkinji ýüz bankynyň sanawyna girip, bazar maýasyna laýyklykda üçünji, altynjy, ýedinji, otuz dördünji we kyrk sekizinji orunlary eýelediler.

BSG-niň şertine laýyklykda Hytaý özüniň bank ulgamyny liberallaşdyrmalydyr. 2003-nji ýyldan başlap, bu ugurda köp işler edildi. *Birinjiden*, iki sany iri bank «Bank of China» we «China Construkction Bank» hususyýetleşdirilip başlandy. Olaryň 8% paýnamasy 2005-nji ýylyň ahyrynda ilkinji ýerleşdirilende satyldy. *Ikinjiden*, «ýaramaz» karzlaryň meselesi çözülip başlandy. Munuň üçin Hytaýda iri dört bankdaky döwletiň paýyna eýe Huigin – döwletiň holding kompaniýasyna meňzeş ýörite topar döredildi. Bu kompaniýa maýa goýum kompaniýasyna meňzeş bolup, ol garamagyndaky banklaryň «ýaramaz» karzlaryny satyn almak bilen, olary tertibe salýar. *Üçünjiden*, koperatiw dolandyryş ulgamyny döwrebaplaşdyrýar. Döwlet ýuwaş-ýuwaşdan banklary dolandyrmakdan aýrylýar. Töwekgelçilikli dolandyryşy döredýär. Öňler karz bermäge degişli köpsanly çözgütler ýokarda kabul edilýärdi. Häzir emeldarlaryň bu ygtyýarlyklaryny çäklendirmäge çalyşýarlar.

Elbetde, henizem çözülmegini talap edýän köpsanly meseleler bar. Mysal üçin, häzir hem öňküsi ýaly bankyň işinde Hytaýyň Kommunistik partyýasy(HKP) uly ähmiýete eýe. Partiýanyň wekili bankda uly wezipäni eýelemän, aýdaly işgärler gullugynyň başlygy bolsa-da, onuň täsiri uly bolýar. HKP bilen direktorlar geňeşiniň gatnaşygyny aýdyňlandyrmak üçin hem köp işler etmeli.

Umuman reforma mümkin bolan uly tizlik bilen öňe gitse-de heniz edilmeli iş köp. Bank ulgamynyň diňe bir bölegi öňe süýşýär. Ýöne heniz agrar kooperatiwlerde, uly bolmadyk karz bileleşiklerinde, maliýe institutlarynda hiç hili reformalar geçirilenok.

Hytaýyň bank ulgamynyň ösüşiniň uly bolmagyna garaşylýar. Meselem, «McKinsey ekspert» kompaniýasy Hytaýyň maliýe hyzmatlar bazarynyň girdejisi boýunça dünýäde ABŞ-dan we Ýaponiýadan soň üçünji orunda boljakdygyny aýdýar. Hytaýda hususy süýşürintgiler banky ummasyz bolup, olaryň maýasy 8,8 trln dollara golaýdyr. Bu bolsa ortaça maşgala girdejisini 46% artdyrýar. Hytaý hakdaky bir çaklama görä ýurt her ýyl 600 mlrd dollar daşary ýurt maýa goýum alyp, bu Hytaý ykdysadyýetiniň kadaly işlemegine mümkinçilik berer. Daşary ýurt maýa goýumlary kesilse-de, Hytaý ykdysadyýeti kadaly işlär diýip tassyklamak bolar.

Hytaýda görlüp-eşidilmedik möçberde infrastruksiýa döredilýär. Geljekki bäş ýylyň dowamynda Şanhaýyň howa menzili ýaly 65 sany howa menzilini, 83 müň kilometr awtomobil ýoluny gurmak meýilleşdirilýär. Ýurtda Beýik Britaniýanyňkydan üç esse ýokary elektrik energiýasyny öndürmek ýola goýlan.

Hytaý banklary öz paýnamalaryny biržada ýerleşdirip başladylar. Hytaýyň banklarynyň esasy paýnamalaryny daşary ýurtly institusional maýadarlar satyn alýarlar. Ýöne olaryň arasynda bazaryň işjeň agzalary bolan maýadarlar hem bar. Üç ýyl mundan Ozal azsanly bank toparlary Hytaýda işlän bolsa, häzir köpsanly amerikan, italian, ispan, kanada we beýleki daşary ýurt banklary işleýär.

Daşary ýurt banklarynyň ýurtda işläp başlamagynyň giňelmegi bilen degişli kadalaşdyryjy-hukuk resminamalaryny işläp taýýarlamaly boldy. 1991-nji ýylda HHB daşary ýurtlaryň wekiliýetini döretmegiň tertibini tassyklan bolsa, 1994-nji ýylyň 7-nji ýanwarynda HHR-iň Döwlet geňeşi «Daşary ýurt maýasyny göz öňünde tutmak bilen maliýe-karz edaralaryny dolandyrmak hakynda» düzgünnamany kabul etdi. Hususan-da, daşary ýurt bankynyň Hytaýyň çäginde şahamçasyny açmak üçin aktiwleriniň iň az ölçegi, bank amallarynyň möçberi we mümkin bolan çägi kesgitlenildi.

Köpsanly daşary ýurt banklary daşary ýurt maýa goýumlary goýlan kärhanalaryň jemlenen etraplarynda ýerleşýärler. Mysal üçin, Şanhaýyň etraplarynda hereket edýän daşary ýurt banklarynyň paýynda Hytaýdaky daşary ýurt banklarynyň umumy aktiwi 43%, karzlary 45% we walýutadaky depozitleri 40%-e deň. Şonda ýapon

banklary olary arasynda öňdäki orny eýeleýärler. Hytaýyň bank ulgamy daşary ýurt maýa goýumlarynyň ýurduň ykdysadyýetiniň mundan beýläk hem ösmegine ýardam etmegi üçin ýurtda hereket edýän daşary ýurt banklarynyň ählisi bilen hyzmatdaşlyk edýär.

Hytaý Halk Respublikasy ykdysady ösüş boýunça dünýä öňbaşçylarynyň biri bolup çykyş edýär. 2017-nji ýylda Hytaýyň bank ulgamy aktiwleriniň ululygy boýunça dünýäde irileriň biri bolup, 2 trln. amerikan dollar aktiwi bilen Ýewropanyň jemi aktiwinden ýokary boldy.

## Esasy düşünjeler

**Hytaýyň Halk banky** (HHB) 1948-nji ýylyň 1-nji dekabrynda birleşen Demirgazyk Hytaýyň Halk bankynyň, Halk Beýhen bankynyň we Demirgazyk-Günbatar daýhan bankynyň esasynda döredilýär. 1983-nji ýylda HHR-iň Döwlet geňeşiniň degişli kararyna laýyklykda HHB mundan beýläk HHR-iň merkezi bankynyň wezipelerini ýerine ýetirmek bilen, senagat-söwda karzlaşdyrmasy we amanat kassalar bilen meşgullanmaýar. Onuň maýasy döwlet tarapyndan doly maliýeleşdirilýär we ol döwletiň emlägidir.

HHB-niň ştab-kwartirasy Pekinde ýerleşýär.

**Hytaýyň senagat-täjirçilik banklary** (ICBC) 1984-nji ýylda merkezi bankyň düzüminden çykmak bilen döredilýär. ICBC Hytaýyň we dünýäniň iri bankydyr, 2007-nji ýylda 225 trln dollarlyk bazar maýasy bilen TMB-niň (trans milli banklaryň) birinji ýüzlüginde 3-nji orny eýeledi. Onuň ýurtda 22 müň bölümi bolup, onda 400 müň gullukçy işleýär. Bank 8 mln firma we 100 mln şahsa hyzmat edýär.

**Hytaýyň gurluşyk banklary** (CCB) 1954-nji ýylda döredilenden soňra olaryň esasy işi döwletiň maýa goýum taslamalarynda, mysal üçin, demir ýoluň, elektrostansiýalaryň we awtomagistrallaryň gurluşyklarynda orta we uzakmöhletli karzlaşdyrma boldy. Işgärleriniň sany 320 müňe golaý. 2007-nji ýylda 128 mlrd dollarlyk bazar maýasy bilen TMB-niň (trans milli banklaryň) birinji ýüzlüginde 7-nji orny eýeledi.

**Hytaýyň karz kooperatiwleri.** Ol, esasan, süýşürintgiler kassalary hökmünde oba posýoloklarynda we kiçiräk şäherlerde ýerleşip, hereket edýän 44 müň sany karz kooperatiwlerinden ybarat. Olaryň teklip edýän hyzmatlary köp bolman, azsanly amallaryň daşynda jemlenendir.

**Huigin topary** – döwletiň holding kompaniýasy, oňa Hytaýyň iri banklaryndaky döwletiň bergileri degişlidir. Bu bank maýa goýum gaznasy hökmünde çykyş edýär, ol onuň gözegçilik edýän banklaryndan gaýtarylmadyk karzlary we maliýe bergileri satyn almak ýoly bilen olaryň balanslaryny tertibe getirýär.

**Ýuan** – Hytaýyň hereket edýän pul birligi.

## Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Hytaýyň bank ulgamy ösüşiň dowamynda haýsy tapgyrlary geçdi?
2. Ýurtda geçirilýän durmuş-ykdysady reformalaryň netijesinde Hytaýyň ykdysady ösüşinde haýsy netijeleri belläp bolýar?
3. Hytaýyň bank ulgamynyň gurluşy beýleki ýurtlaryň bank ulgamynyň gurluşyndan näme bilen tapawutlanýar?
4. Hytaýyň Halk banky haýsy wezipelerleri ýerine ýetirýär we olaryň manysy nämede?
5. Dünýäniň transmilli banklarynyň birinji ýüzlüginde Hytaýyň senagat-täjirçilik banky haýsy orny eýeleýär?
6. Hytaýyň gurluşyk bankynyň işiniň esasy gurşawy bolup näme çykyş edýär?
7. Hytaýyň karz kooperatiwleri Hytaýyň bank ulgamynda nähili ähmiýete eýe?
8. Hytaýyň täjirçilik banklarynda haýsy aýratynlyklary belläp bolýar?
9. Hytaýyň bank ulgamynda hususy banklar nähili orun tutýarlar?
10. Hytaýyň çäginde karz-maliýe işinde daşary ýurt banklarynyň gatnaşygynyň giňligi we çuňlugy nähili?

# XI BAP
# Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamy

## 11.1. Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamynyň gurluşy

Russiýa demokratik federatiw hukuk döwleti bolmak bilen dolandyryşyň respublikan görnüşine eýedir. Ýurtda 1993-nji ýylyň 12-nji dekabrynda ählihalk referendumda kabul edilen Konstitusiýa hereket edýär. 144.5 mln-a golaý ilatly ýurduň ykdysadyýeti industrial-agrar görnüşe degişlidir. Käbir makroykdysady görkezijileri, mysal üçin, ilat başyna düşýän 10000 dollara golaý JIÖ-si boýunça Russiýa ösüp barýan ýurtlar bilen bir hatarda ýerleşýär. Şonuň üçin Russiýanyň görkezijileri dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyňkydan 3 esse yzdadyr.

Şolbir wagtda Russiýanyň hyzmatlar gurşawynda JIÖ-si 50%-den geçýär. Bu görkeziji ösen ýurtlara degişlidir. Ondan başga-da, Russiýanyň kosmos giňişligini özleşdirmekdäki, kosmos maşyn gurluşygyndaky, dürli maksat bilen ýadro energiýasyny peýdalanmakdaky, raýat ýadro energetikasynyň ösmegindäki, ýadro gämi gurluşygyndaky, biotehnologiýadaky, lazer tehnologiýasyndaky we beýlekilerdäki meşhur ylmy-tehniki we tehnologik gazananlary ony dünýäniň ylym we tehnikasynda öňdäki orna çykarýar.

2000–2018-nji ýyllar aralygynda ykdysady ösüşde duýarlykly ýeňiş gazandy. 2008-nji ýylyň maliýe çökgünliginden soň onuň JIÖ-si ortaça 6,5% ösüp, 8,5 trln dollardan aşdy. Şol ýyllarda Russiýanyň daşarky bergisi 90% bolanlygyndan ýurduň JIÖ-siniň 28%-ine çenli azaldy. Emma onuň ykdysadyýetiniň gowşak ýeri eksportydyr. Sebäbi onuň eksportynyň 80%-ini nebit, tebigy gaz, metal we agaç önümleri tutýar. Şonuň üçin ýurt dünýä bahasynda çig malyň bahasyna bagly bolup durýar. Russiýanyň ykdysadyýetinde bir pudagy çöken önümçilik bazasy bolup, ýurt ähli taraplaýyn ykdysady ösüş gazanjak bolsa, onda ony çalyşmaly ýa-da täze tehnika bilen enjamlaşdyrmaly. Russiýanyň ykdysadyýetiniň başga bir meselesi milli bank ulgamynyň gowşaklygy, milli we daşary ýurt

maýadarlary üçin maýa goýum şertleriniň doly bahaly däl bolmagy, parahorluk we ýurduň döwlet institutlaryna ynamyň az bolmagydyr.

2018-nji ýylda ýurduň JIÖ-si (2018-nji ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda) 1,2% bolanlygyndan, geçen ýylyň degişli döwründe 1,9%-e çenli ýokarlandy. Umumy ykdysady ösüş köp ýagdaýda senagat önümçiliginiň ösüşiniň, esasy maýada maýa goýumyň we alyjylar isleginiň ýokary derejesiniň saklanan ýagdaýyndaky gurluşda pese gaçmagy bilen baglydyr.

2018-nji ýylyň ahyrynda ýurtda işsizleriň sany 6,1% bolup, işsizleriň sany 1,7% kemelip, işe ýaramly 79,2 mln halkyň 4,624 milliony işsizdi. Bäş ýylda işsizligiň sany iň ýokary derejä peseldi. 2018-nji ýylyň netijesinde işsizligiň sanynyň kemelişi 2017-nji ýylyňka garanyňda 1,7% bolupdy.

2019-njy ýylyň netijeleri boýunça Russiýa Fedarasiýasynyň söwda balansynyň saldosy 456,0 mlrd dollar bolup, 2018-nji ýylyň degişli döwrüne garanyňda 2,5% artdy. Söwda balansynyň galyndysynyň artyşy daşky söwdanyň esasy bölegini düzýän uglewodorod serişdeleriniň ekspotynyň artmagy bilen düşündirilýär. Maşynlaryň we enjamlaryň söwdasynda hem oňaýly galyndynyň köpelmegi dowam edýär.

2019-njy ýylyň jemi boýunça Russiýa Federasiýasynyň esasy eksport önümleriniň bahasynyň ýokarlanan we 250 mlrd-lyk maýanyň daşary ýurda çykarylan şertlerinde ýurduň halkara altyn walýuta ätiýaçlygy 72,2 mlrd dollarlyk köpeldi. Umuman 2019-njy ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda 55,8 mlrd dollarlyk ösüş gazanyldy. 2020-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýynda Russiýa Federasiýasynyň halkara altyn walýuta ätiýaçlyk serişdeleriniň möçberi 2170 tonna altyndan we 475,9 mlrd dollardan ybaratdyr.

Häzirki döwürde Russiýa öýken sowuklamasy keseli sebäpli emele gelen ykdysady çökgünliklerden çykmak maksady bilen 4 trln rubl möçberinde kömek bermekligi göz öňüne tutup çökgünliklerden çykmaklygy meýilnamalaşdyrýar. 2020-njy ýylda çökgünligiň ýitileşmegini göz öňünde tutup, 10,1 trln-a golaý rublyň ätiýaçlandyrylmagy bilen Russiýanyň bank ulgamyndaky çökgünligiň öňüni almak göz öňüne tutulýar. Şeýle etmek bilen döwlet




***11.1-nji şekil.*** **Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamynyň gurluşy**

ykdysadyýeti we milli bank ulgamyny guramak üçin zerur çäreleri kabul edýärler.

Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamy iki derejeli bolup, birinji derejede Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky, ikinji derejede karz edaralary, daşary ýurt banklarynyň şahamçalary we wekillikleri ýerleşýär (*11.1-nji şekil)*.

Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamynyň esaslary 1990-njy ýylyň 2-nji dekabryndaky «Banklar we bank işi hakyndaky» №395-1 belgi Federal kanunynda (soňra «Bank işi hakyndaky» kanunda) we 2002-nji ýylyň 10-njy iýunyndaky «Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky hakyndaky (Russiýanyň banky)» № 86-FZ belgili Federal kanunda (soňra «Russiýanyň banky hakyndaky» Kanunda) goýuldy. Banklaryň tölege ukypsyzlyk ýagdaýy hakyndaky soraglar 1999-njy

ýylyň 8-nji uýulynda kabul edilen «Karz edaralaryny üýtgedip gurmak hakyndaky» № 86-FZ belgili Federal kanun bilen sazlanylýar.

*Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky.* Ol Russiýa Federasiýasynyň ähli bank ulgamyny dolandyrýan edara bolup çykyş edýär. Şeýle hem Russiýa Federasiýasynyň kanun çykaryjy (ýerine ýetiriji däl) edarasy tarapyndan gözegçilik edilýän kän bolmadyk institutlaryň biridir. Döwlet dumasy Russiýanyň bankynyň başlygyny diňe wezipä bellemän, eýsem bu wezipeden aýrylmagyny hem tassyklamaga borçludyr. Merkezi bank hakyndaky kanun, şolbir wagtda Russiýanyň bankynyň düzüminde ýörite edaranyň Döwletiň bank geňeşiniň (DBG) bolmagyny göz öňünde tutýar. Geňeş öz gezeginde ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy hökümleriň dürli edaralarynyň wekilliklerinden ybarat. DBG Russiýanyň bankynyň direktorlarynyň geňeşine gözegçilik edýär we Russiýa Federasiýasynyň bank we maliýe syýasatynyň esasy ýörelgelerini işläp taýýarlamaga gatnaşýar.

*Russiýa Federasiýasynyň bank bazarynyň karz edaralary*. Bank işi hakyndaky kanuna laýyklykda karz edarasynyň banklar we bank däl karz edaralar diýen iki topary hereket edýär. *Bank* – bu degişli ygtyýarnamany almak şerti bilen bank işiniň ähli görnüşleri bilen meşgullanyp bilýän karz edarasydyr. Şeýlelik bilen Russiýa Federasiýasynda ýöriteleşdirilen bank edaralary (mysal üçin, ipoteka banklar we maýa goýum banklar) hereket etmeýär. Munuň tersine bank däl karz edarasy – bu Russiýanyň banky tarapyndan kesgitlenen bank amallaryny ýerine ýetirmäge hukugy bolan edara görnüşli tarapdyr. Banklar we bank däl karz edaralary bank toparlaryna (eger gözegçilik edýän kompaniýa karz edarasy bolup çykyş edýän bolsa) we bank holdinglerine (gözegçilik edýän kompaniýa karz edarasy bolup çykyş etmeýän şertinde) gatnaşyp bilýärler.

Häzirki wagtda daşary ýurt banklarynyň Russiýa Federasiýasynda öz şahamçalaryny açmaga hukuklary ýok, ýöne rus bankynyň golçur edarasyny açyp bilýärler. Russiýanyň bazarynda daşary ýurt banklarynyň işi bellibir derejede çäklendirilendir. Has uly çäklendirmeleriň biri dahylsyzlar üçin Russiýanyň bankyndan maýa goýumlaryň jemine bagly bolmazdan Russiýanyň bankynyň paýnamalaryny satyn almaga rugsady almaga talapdyr. Beýleki tarapdan

bolsa Russiýanyň dahyllylary üçin bankyň paýnamasynyň 20%-ini ýa-da ondan ýokarysyny satyn alanlarynda Russiýanyň bankyna ýüz tutmaklary ýeterlikdir.

*Bank işiniň görnüşleri*. Bank işi hakyndaky kanuna laýyklykda mümkin bolan bank amallarynyň sanawy pul gaznalary we maýa goýum gaznalary; gymmat bahaly metallaryň deponirlenmegi; hasaplaryň ýöredilmegi; şahsy we edara görnüşli taraplaryň hasaplaşyklaryny üpjün etmek; serişdeleriň inkassirlenmegi; daşary ýurt walýutasynyň alyş-çalşy; bank kepilleriniň berilmegi; pul serişdeleriniň geçirilmegi ýaly amallary öz içine alýar. Banklaryň, şeýle hem, bank däl amallaryň käbirini ýerine ýetirmäge, şol sanda maliýe üpjünçiligi; ynam esasynda dolandyrmak; gymmat bahaly metallar we daşlar bilen amallar; seýfleri kärende bermek; maliýe lizing amallaryna gatnaşmak; maslahat we gaýry maglumat hyzmatlaryny bermek hukuklary bar. Karz edaralaryna haýsydyr bir önümçilik, söwda ýa-da ätiýaçlyk işi bilen meşgullanmak gadagandyr.

*Ygtyýarlandyrmak*. Bank işi hakyndaky kanuna laýyklykda bank işini amala aşyrmaklyk hukugyna karz edarasy hökmany tertipde Russiýanyň banky tarapyndan ygtyýarlandyrylýar. Şonda edara hökman Russiýa Federasiýasynda bellige alnan bolmalydyr. Ygtyýarnamany almak barada arza berýänler Russiýanyň bankyna tehniki-ykdysady esaslandyrma, ýokary ýolbaşçylary we olaryň hünär talaplaryna laýyk gelýändikleri barada jikme-jik maglumat we karz edarasynyň düzgünnama maýasy goýlan serişdeleriň çeşmesini tassyklaýan resminamalary bermelidir. Täze döredilýän banklar işiň aşakdaky görnüşlerini amala aşyrmak hukugyna ygtyýarnama alyp bilýärler:

– pul serişdeleri bilen bank amallaryny diňe rublda (şahsy taraplaryň depozitlerini çekmezden);
– pul serişdeleri bilen bank amallaryny rublda we daşary ýurt walýutasynda (şahsy taraplaryň depozitlerini çekmezden);
– gymmat bahaly metallar bilen amallary.

Iki ýyldan az bolmadyk döwre ygtyýarnama alyp, bellige alnan bankyň aşakdaky goşmaça ygtyýarnamalary almaga hukugy bardyr:

– şahsy taraplardan rublda depozitleri kabul etmäge ygtyýarnama;
– şahsy taraplardan rublda we daşary ýurt walýutasynda depozitleri kabul etmäge ygtyýarnama;
– ähli ýokarda agzalan işleriň görnüşlerini (gymmat bahaly metallar bilen amallardan başga) öz içine alýan baş ygtyýarnama.

Russiýa Federasiýasynyň banky eger berlen ýüztutma resminamalar Russiýanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýän ýagdaýynda; karz edaralarynyň eýeleriniň kanagatlanarsyz maliýe ýygdaýynda; karz beriji edaranyň ýerine ýetiriji direktorynyň we baş buhgalteriniň (ýa-da onuň orunbasarynyň, ýa-da karz edarasynyň geňeşiniň agzalarynyň) edaranyň işini netijeli üpjün etmäge ukyby bolmadyk ýagdaýynda; karz edaranyň direktorlar geňeşiniň agzalarynyň kanagatlanarsyz iş abraýynda bank işini amala aşyrmak üçin ygtyýarnamany bermekden ýüz döndürip bilýär.

Hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin her bir karz edarasyna hökmany tertipde Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankynda korrespondent hasaby açylýar. Karz edarasy öz şahamçasyna korrespondent kömekçi hasabyny açyp bilýär. Korrespondent hasaby (kömekçi hasap) açylan karz edaralar we olaryň şahamçalary Russiýanyň Merkezi bankynyň müşderisi bolup çykyş edýärler. Köp şahamçaly karz edaralary öz şahamçalarynyň arasynda hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin şahamçara ýörite hasaplary açýarlar.

Karz edaralarynyň arasynda bankara hasaplaşyklar biri-birinde açylan korrespondent hasaplaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Hasaplaşyk bank däl karz edaralarynda hasaplaşyklaryň gatnaşyjylaryna kliring boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin hasaplar açylýar. Müşderilere – edara görnüşli we şahsy taraplara nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin karz edaralarynda hasaplar açylýar, aýratyn ýagdaýlarda, kanunçylyk bilen bellenen edara görnüşli taraplara hasaplar Russiýanyň Merkezi bankynyň edaralarynda açylýar.

Russiýa Federasiýasynyň banky şahsy we edara görnüşli taraplar bilen bank amallaryny amala aşyryp bilmeýär. Emma kanun tarapyndan käbir aýratynlyklar bar. Russiýanyň Merkezi banky

döwlet, häkimiýet edaralaryna we ýerli dolandyryjylara, döwletiň býujet däl gaznalaryna, harby bölümlere, harby gullukçylara hyzmat etmek boýunça bank amallaryny amala aşyryp bilýär. Ondan başga-da Russiýanyň Merkezi banky karz edaralarynyň ýok ýerlerindäki sebitlerde müşderilere hyzmat edip bilýär.

Islendik ýurduň bank ulgamynyň esasy wezipesine aşakdakylar degişlidir:

– hasaplaşyk ulgamynyň halk hojalygynda netijeli we üznüksiz hereket etmegini üpjün etmek;
– ýurtdaky wagtlaýynça boş serişdeleriň akkumulýasiýasy;
– şahsy taraplaryň önümçiligini, haryt aýlanyşygyny we zerurlyklary karzlaşdyrmak.

## 11.2. Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankynyň maksady, wezipeleri we ýurtda alyp barýan pul-karz syýasaty

Russiýa Federasiýasynyň ähli bank ulgamyny dolandyrýan esasy edara bolup Russiýanyň Merkezi banky çykyş edýär.

Merkezi bankyň pul-karz syýasaty (monetar syýasaty) – pul-karz ulgamynyň işini, karz maýanyň bazarynyň, birnäçe umumy ykdysady maksatlara ýetmek üçin nagt däl hasaplaşyklaryň tertibini, bahalaryň durnuklylygyny, ykdysady ösüşiň depginlerini, pul birliginiň berkidilmegini kesgitleýän döwlet çäreleriniň jemidir.

Ykdysadyýetiň pul-karz kadalaşmasy tölegiň kadalaşmasy ýörelgesi esasynda amala aşyrylýar, ol aşakdakylary çaklaýar:

Pul-karz üýtgedip gurma syýasatyny çaklaýar. Ol Merkezi bankda karz ulgamyna gatnaşyjylaryň ýoly bilen karz amallarynyň çäklendirilmegini, göterim derejeleriniň ýokarlanmagy, haryt massasy bilen deňeşdireniňde dolanyşykda pul massasynyň ösüş depginlerini çäklendirmegi çaklaýar.

Pul-karz ekspansiýanyň syýasaty, ol karz amallarynyň höweslendirilmegini çaklaýar (*11.2-nji şekil*).

Peýda almak Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankynyň esasy maksady däl. Girdeji ätiýaçlyklara (rezerwlere) we gaznalara




*11.2-nji şekil.* **Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankynyň pul-karz syýasaty**

gönükdirilenden soň federal býujetine geçirilýär. Girdejiniň alynmagynyň çeşmeleri bolup karzlar we depozitler boýunça göterim girdejisi, gymmatly kagyzlar we metallar bilen geçirilýän amallar boýunça alynýan diwidentler we beýlekiler hyzmat edýär.

Russiýanyň Merkezi bankynyň esasy maksatlary aşakdakylardan ybarat:

1) daşary ýurt walýutasyna garanyňda rublyň goraglylygy we üpjünçiligi;

2) Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamynyň ösüşi we berkidilişi;

3) hasaplaşyk ulgamynyň netijeli we üznüksiz hereket etmeginiň üpjünçiligi.

Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankynyň nagt pul emissiýasyny amala aşyrmaga, olary dolanyşykdan çykarmaga, banknot-

laryň we şaýlyklaryň dolanyşyga goýberilmegi barada çözgütleri kabul etmäge hukugy bar.

Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky ýeke-täk pul-karz syýasatyny işläp taýýarlaýar we durmuşa geçirýär. Onuň esasy gurallary bolup Russiýa Federasiýasynyň bankynyň amallary boýunça göterim derejeleri; Russiýanyň bankynda deponirlenýän (ätiýaçlyk talaplar) hökmany ätiýaçlyklaryň kadalary; açyk bazardaky amallar; banklaryň gaýtadan maliýeleşdirilmegi; walýuta kadalaşdyrmasy; pul massasynyň ösüşiniň gönükdirijisiniň bellenilmegi çykyş edýär.

Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankynyň çäk edaralary bolup çykyş edýän respublikalaryň milli banklary edara görnüşli tarapyň derejesine eýe däldir, kada häsiýetli çözgütleri kabul etmäge hukuklary ýokdur, şeýle hem direktorlaryň mejlisiniň rugsady bolmazdan kepillikleri we zamunlyklary, weksel we beýleki borçlary bermäge hukuklary ýokdur. Bank ulgamynyň ikinji derejesi bolan karz edaralary edara görnüşi tarapyň hukugy bolan täjirçilik düzümleridir. Olaryň işleriniň esasy maksady bolup peýda almak çykyş edýär.

**Merkezi bankyň esasy wezipeleri bolup aşakdakylar çykyş edýär:**

– pul belgileriniň emissiýasyny we olaryň dolanyşykdan alynmagyny amala aşyrýar hem-de Russiýa Federasiýasynyň bankynyň pul belgileriniň ýeke-täk emitenti bolup durýar;

– Russiýa Federasiýasynyň çäginde nagt pul dolanyşygyny guraýar;

– banklaryň banky we hasaplaşyk merkezi wezipeleri;

– täjirçilik banklary karzlaşdyrmak;

– karz edaralarynyň işine gözegçilik;

– döwletiň banky wezipeleri;

– Russiýa Federasiýasynyň kanunçylygyna laýyklykda daşary ykdysady gatnaşyklarda pul kadalaşdyrmasyny we pul gözegçiligini özbaşdak we bank ulgamynyň üsti bilen guraýar hem-de amala aşyrýar;

– daşary ykdysady we halkara işi.

## 11.3. Bank ulgamynyň ikinji derejesi bolan karz edaralary we olaryň işleriniň esasy maksady

Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamynda hereket edýän banklar esaslyk maýasynyň emele gelmegine we ululygyna; ýerine ýetirýän amallarynyň görnüşlerine; bankyň hyzmat edýän çägindäki bank hyzmatlarynyň möçberi boýunça toparlara bölünip biler. Esaslyk maýasynyň emele gelmegi boýunça paýdarlar we paý esasynda döredilen banklar tapawutlanýarlar. Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamy Russiýanyň bankyny, karz edaralaryny, şeýle hem daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryny we wekilliklerini öz içine alýar.

Häzirki wagtda daşary ýurt banklarynyň Russiýa Federasiýasynda öz şahamçalaryny açmaga hukuklary ýokdur, emma olar golçur rus bank edaralaryny açyp bilýärler. Russiýanyň bazarynda daşary ýurt banklarynyň işi bellibir çäklendirmelere gabat gelýär. Dahylsyzlar üçin has uly çäklendirme bolup maýa goýumyň jemine bagly bolmadyk Russiýanyň bankynyň paýnamalaryny satyn almaga Russiýanyň bankynyň rugsadyny almak boýunça talap çykyş edýär. Beýleki tarapdan bolsa, Russiýanyň dahyllylary, eger olar bankyň paýnamasynyň 20%-ini ýa-da ondan gowragyny alanlarynda, şeýle rugsatnamany almak üçin Russiýanyň bankyna ýüz tutmak ýeterlikdir.

*Bank işiniň görnüşleri.* Bank işindäki kanunalaýyklykda bank amallarynyň mümkin bolan ýazgysy pul jemleýji gaznalary we maýa goýum gaznalary; gymmat bahaly daşlaryň deponirlenmegini; hasaplary alyp barmaklygy; şahsy we edara görnüşli taraplaryň hasaplarynyň üpjün edilmegini; serişdeleriň inkassirlenmegini; daşary ýurt walýutasynyň alyş-çalşyny; bank kepillikleriniň berilmegini öz içine alýar.

Banklaryň käbir bank däl amallary hem, mysal üçin, maliýe üpjünçiligi; ynam esasyndaky dolandyrmak; gymmat bahaly metallar we daşlar bilen amallary; seýfleriň kärendesini; maliýe lizing amallarda gatnaşmagy; maslahatlaryň we gaýry maglumat hyzmatlaryň berilmegi ýaly amallary ýerine ýetirmäge hukuklary bar. Karz edaralaryna haýsy bolsa-da önümçilik, söwda ýa-da ätiýaçlyk işler bilen meşgullanmak gadagan edilýär.

Internet maglumatlaryna görä 2018-nji ýylyň fewral aýynyň ýagdaýyna Russiýa Federasiýasynyň 10 sany iri banklary 11.1-nji tablisada berlendir.

*11.1-nji tablisa*

| № | Bank | Arassa aktiwler, müň rubl. |
|---|---|---|
| 1. | Russiýanyň süýşürintgiler banky (Sberbank) | 23 923 567 371 |
| 2. | BTB | 12 072 943 598 |
| 3. | Gazsenagatbank | 6 073 790 112 |
| 4. | Rusobahojalykbank | 3 158 641 358 |
| 5. | Milli kliring merkezi | 3 007 397 735 |
| 6. | Alfabank | 2 646 159 899 |
| 7. | «Açyş maliýe korporasiýa» banky | 2 321 983 153 |
| 8. | Moskwa karz banky | 1 984 123 615 |
| 9. | Binbank | 1 216 956 605 |
| 10. | Senagataragatnaşykbank | 1 126 661 311 |

Öňden gelýän hasaplaryň ýygnalan netijeleri boýunça Russiýanyň banklarynyň wagtlar boýunça işleriniň sarp ediş bahalaryny yzarlap bolýar (*11.2-nji tablisa*).

*11.2-nji tablisa*

| | 2009 ý. | 2010 ý. | 2011 ý. | 2012 ý. | 2013 ý. | 2014 ý. | 2015 ý. |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Banklaryň işi bilen kanagatlanýan sarp edijileriň paýy (jogaplarynyň esasynda kesgitlenen) | 91% | 90% | 89% | | | | |
| Sarp edijiler bilen banklaryň esasy aýratynlyklarynyň bahalandyrylyşy: hyzmatlary bilen peýdalanýan banklar aşakdaky ýaly diýip hasaplaýanlar hyzmat (jogap esasynda kesgitlenen): | | | | | | | |
| Ygtybarly bolup çykyş edýän | 95% | 96% | 94% | 95% | 94% | 97% | 95% |
| Öz borçlaryny doly ýerine ýetirýän | 97% | 96% | 95% | 96% | 95% | 96% | 94% |
| Hilli hyzmat hödürleýän | 87% | 88% | 86% | 89% | 89% | 91% | 90% |
| Aňsat peýdalanyp bolýar | 94% | 92% | 92% | 90% | 90% | 91% | 92% |
| Amatly maliýe şertleri hödürleýärler | 71% | 73% | 67% | 71% | 68% | 69% | 67% |
| Häzirki zaman banklar | | | | 94% | 92% | 97% | |



18. Sargyt №2512

Russiýanyň iri banklaryna «Сбербанк», «Росвнешторгбанк», «Альфабанк», «Москва банкы», «Урал-Сиббанк» we beýlekiler degişlidir.

Ilatyň depozitini kabul edýän, takmynan, 100 banky aşakdaky üç topara bölmek bolar:

1) öz maýasynyň ýagdaýyna we berlen wagtda balansynyň hiline laýyklykda häzirki wagtda gurat bank hasap edilýär we ol çökgünlige garşy durmaga taýýarlygyň döwründe puluň azalan şertlerinde balans likwidligini goldamak boýunça jogap çärelerini taýýarlaýan banklar;

2) çökgünligiň başlan döwründe ýeterlik maýasy bar, bellibir derejede sagdyn balansy bolup, gowulyga umyt edip, öz balansynyň likwidligini dolandyrmaga ýeterlik üns bermedik banklar;

3) maýasynyň ýagdaýy we balansynyň hili çökgünligi ýeňmäge mümkinçilik bermedik banklar.

Häzirki maliýe çökgünliginiň ilkinji pidalary Russiýanyň 47 sany karz edarasy bolup, olaryň 46-sy bankdyr. 2008-nji ýylyň 1-nji iýuly – 19-njy dekabry aralygynda Russiýanyň banky banklardan 20 ygtyýarnamasyny yzyna aldy, bir ygtyýarnamany anulirledi we 26 bank ýapyldy. Ýapylan we ygtyýarnamasy yzyna alnan banklaryň esasly maýasy 8 mlrd rubldan geçýärdi.

## Esasy düşünjeler

***Russiýa Federasiýasynyň banky*** **–** Russiýanyň bank ulgamynyň başynda duran Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky. Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamynyň esaslary 1990-njy ýylyň 2-nji dekabryndaky «Banklar we bank işi hakyndaky» № 395-1belgili Federal kanunynda (soňra «Bank işi hakyndaky» kanunda) we 2002-nji ýylyň 10-njy iýunyndaky «Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky hakyndaky (Russiýanyň banky)» № 86-FZ belgili Federal kanunda (soňra Russiýanyň banky hakyndaky» Kanunda) goýuldy. Banklaryň tölege ukypsyzlyk ýagdaýy hakyndaky soraglar 1999-njy ýylyň 8-nji iýulynda kabul edilen «Karz edaralaryny üýtgedip gurmak hakyndaky» № 86-FZ belgili Federal kanun bilen sazlanylýar.

Russiýa Federasiýasynyň banky bank işiniň kadalaşdyrylmagy boýunça jogapkärlik çekýär, Russiýa Federasiýasynyň ähli çägindäki

banklar we bank däl karz edaralary üçin düzgünnamalaryň, görkezmeleriň we gaýry kadalaşdyryjy aktlaryň çykarylmagynyň ýoly bilen düzgünleri, standartlary we hökmany talaplary belleýär. Merkezi bank we hökümet bilelikde monetar syýasaty kesgitleýärler. Merkezi bank Russiýanyň rubliniň pul dolanyşygy we durnuklylygy üçin jogapkärçilik çekýär.

**Bank** – degişli ygtyýarnamalary almak şerti bilen işleriň ähli görnüşleri bilen meşgullanyp bilýän karz edarasy.

**Bank däl karz edarasy** – Merkezi bank tarapyndan sanawy berk bellenen bank amallaryny ýerine ýetirmäge hukugy bolan edara görnüşli tarap.

**Bank amallary** – mobillenen pul we maýa goýum gaznalarynyň emele gelmegini; gymmat bahaly metallaryň deponirlenmegini; hasaplaryň ýöredilmegini; şahsy we edara görnüşli taraplaryň hasaplaşyklarynyň üpjün edilmegini; serişdeleriň inkassirlenmegini; daşary ýurt walýutasynyň alyş-çalşygyny; bank kepillikleriniň berilmegini we pul serişdeleriniň geçirilişini öz içine alýar.

**Bank däl amallary** – maliýe üpjünçiliginiň berilmegini; ynam esasynda dolandyrmagy; gymmat bahaly metallar we daşlar bilen amallaryň ýerine ýetirilmegini; seýfleriň kärendesine berilmegini; maliýe lizing amallaryna gatnaşmagy; maslahatlaryň we gaýry maglumat hyzmatlarynyň berilmegini öz içine alýar.

**Karz edarasyna** (banka) bank işini alyp barmak üçin Merkezi bank tarapyndan ygtyýarnama bermek hökmany tertipde bank işi hakyndaky kanuna laýyklykda amala aşyrylýar. Şonda şeýle edara Russiýa Federasiýasynda bellige alnan bolmalydyr.

**Rubl** – Russiýa Federasiýasynyň hereket edýän pul birligi.

## Özüňi barlamak üçin soraglar

1. Häzirki tapgyrda Russiýa Federasiýasynyň ykdysadyýetiniň ýagdaýyny nähili häsiýetlendirmeli?
2. Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamynyň kanunçylyk binýadyny haýsy federal kanunlary düzýär?
3. Russiýa Federasiýasynyň bankynyň guramaçylyk düzümi nähili we ol haýsy esasy wezipeleri ýerine ýetirýär?

4. Russiýa Federasiýasynda bank bank däl karz edarasyndan näme bilen tapawutlanýar?
5. Russiýa Federasiýasynda mümkin bolan bank amallary öz içine bank işiniň haýsy görnüşlerini alýar?
6. Russiýa Federasiýasyndaky banklar haýsy bank däl amallaryny ýerine ýetirip bilýärler?
7. Russiýa Federasiýasynda karz edarasyna ygtyýarnama bermek nämäni aňladýar we ol nähili geçirilýär?
8. Häzirki tapgyrda Russiýa Federasiýasynda iri banklar haýsylar we olar nähili häsiýetlendirilýär?
9. Russiýa Federasiýasynyň çäginde daşary ýurt banklarynyň bank işine gatnaşmagynyň möçberi nämeden ybarat we onuň giňeldilmegine näme päsgel berýär?
10. Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamynyň ýagdaýyna 2008-nji ýylda bolup geçen maliýe çökgünligi nähili täsir ýetirdi?

# XII BAP
# Bütindünýä bankynyň wezipeleri we guramaçylyk düzümi

## 12.1. Bütindünýä bankynyň döremeginiň maksatlary we taryhy

1944-nji ýylyň iýulynda Bretton-Wuds konferensiýasynda entek düýbünden täze ulgam bolan Birleşen Milletler Guramasynyň agza ýurtlarynyň 44 sanysynyň wekilleri birleşdiler. Beýle birleşigiň ahyrky netijesi 1945-nji ýylyň dekabrynda esaslandyrylan Bütindünýä banky boldy. Öz işiniň başynda 1946-njy ýylda Bütindünýä banky 38 sany agzadan ybarat boldy. 50–60-njy ýyllarda olaryň sany köp sanly koloniýalar tarapyndan garaşsyzlygy alanlygy sebäpli we olaryň Bütindünýä bankynyň agzasy bolmak islegini bildirenligi sebäpli ähmiýeti köpeldi. Özüniň ösüşiniň netijesinde Bütindünýä banky, işleriň dürli görnüşlerinde ýöriteleşýän täze guramalary döretdi. Bu

ähli guramalaryň birleşmesi hem Bütindünýä bankynyň topary diýlip atlandyrylýar.

Bütindünýä bankynyň topary iň iri halkara institutlarynyň biridir. Ol ösüp barýan ykdysadyýetli ýurtlara maliýe we tehniki kömegini berýär. Bütindünýä bankynyň institutlarynyň işleriniň maksady «öz-özüňe kömek bermek» ýörelgesiniň üsti bilen ösüp barýan ýurtlara kömek berilmeginde jemlenýär. Bütindünýä bankynyň topary maýalygy çekmek üçin çalt ösüşi üpjün edýän hökmünde çykyş edýär. Ol ekspert goldawynyň we maslahat beriş kömeginiň çeşmesi bolmak bilen hususy ulgamyň bazarlarynyň ösüşine itergi berýär. Döwlet dolandyryşynyň kämilleşdirilmegine goldawy beriji, şeýle hem ösüp barýan ykdysadyýetli ýurtlarda parahorçylyga garşy göreşiň serişdesi bolup çykyş edýär. Bütindünýä bankynyň ulgamyna, maliýe serişdeleri, söwda, saglygy goraýyş, bilim, klimatyň üýtgeşmelerini ýumşatmak ýaly derejeler girýärler. 1944-nji ýylda Bütindünýä banky esaslandyrylandan soňra onuň ştab-kwartirasy Waşington şäherinde ýerleşdirildi. Bu guramanyň bütindünýä boýunça 100-den gowrak wekillikleri bar, olarda 10 000 golaý adam işleýär. Resmi taýdan gurama 1946-njy ýylyň 27-nji dekabrynda işe başlady.

Bu guramanyň döredilen pursadyndan başlap, ol bir-biri bilen içgin baglanyşykly ösüş edaralarynyň tutuş konglomeratyna öwrüldi. Öz işleriniň ilkibaşynda Halkara abatlaýyş we ösüş banky uruşdan soňra ýurtlaryň dikeldilmegine kömek berdi. Häzir bolsa Halkara ösüş assosiasiýasy bilen Bütindünýä bankynyň toparynyň düzümine girip dürli çäreleri amala aşyrýar we umumy dünýä möçberinde garyplyga garşy göreşe goldaw berýär.

Bütindünýä bankynyň işleriniň başynda onuň ştab-kwartirasynda işgärleriniň sanawy diňe inženerlerden we maliýe seljerijilerinden durýardy. Häzirki gün Bütindünýä bankynyň wezipe birliklerinde köp-ugurly we dürli ugurly hünärmenler bar. Olara ykdysadyýetçiler, döwlet syýasatynyň meseleleri boýunça bilermenler, pudak bilermenleri we sosiologlar girýärler. Işgärleriň 30%-niň Bütindünýä bankyna girýän ýurtlardaky wekilliklerinde hemişelik iş orunlary bar.

Abatlaýyş Bütindünýä bankyň işleriniň aýratyn wajyp ugrudyr. Ol ösüp barýan we geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini aradan aýyrmak we dawadan soňra dikeltme boýunça öňlerinde duran wezipeleri nazara almak bilen guruldy. Bank juda az wagtyň dowamynda özüniň işleriniň göwrümlerini ähmiýetli giňeltdi. Häzir ol sosial ulgamynda taslamalary maliýeleşdirmek bilen meşgullanýar, garyplygyň azaldylmagyna ýardam berýär, bergililigiň agyr ýüküniň ýeňilleşdirilmegine synanyşýar we döwlet dolandyryşynyň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna itergi berýär.

Şu gün Bütindünýä bankynyň topary 2800 köpräk taslamalary dolandyrýar, onuň işleriniň netijeleri garyplygyň göwrüminiň azaldylmagyna we ösüp barýan ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ähli ulgamlaryna degmek bilen ýaşaýşyň derejesiniň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilýär.

Bütindünýä bankynyň, Halkara pul gaznasy bilen bir hatarda Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasynyň (agentliginiň) derejesi bar, mazmuny boýunça, onuň ykdysady wezipelerini durmuşa geçirýär. Birleşen Milletler Guramasynyň institutlarynyň ulgamynda düýpli ykdysady meseleleriň çözgüdi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysadyýet we sosial geňeşi (EKOSOS) meşgullanýar. Halkara pul gaznasy we Bütindünýä banky munda çykarylan çözgütleriň ýerine ýetirilmegi bilen hem meşgullanýarlar.

Bütindünýä banky Birleşen Milletler Guramasy bilen edil durnukly ösüşe ýardam bermek, garyplygyň derejesiniň peseldilmegine ýardan bermek, şeýle hem adam maýalygyna maýa goýumlaşdyrmaklyga ýardam bermek boýunça hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny saklaýar. Birleşen Milletler Guramasynyň we Bütindünýä bankynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň resmi derejesini berkitmek üçin 1947-nji ýylyň noýabrynda ýörite ylalaşyk kesgitlenildi. Umumy maksatlardan we meňzeş häsiýetli gündelik gün tertibinden başga, Bütindünýä bankynyň we Birleşen Milletler Guramasynyň agzalarynyň edil şolbir diýen ýaly düzümi bar. Bütindünýä bankynyň toparynyň agza ýurtlarynyň düzümine Kuba we Koreýa Demokratik halk respublikasy girmeýärler.

Syýasy tarapdan Bütindünýä banky Birleşen Milletler Guramasynyň käbir edaralarynda, şol sanda Baş Assambleýada hem gözegçiniň ornuny eýeleýär. Emma munda, Bütindünýä banky agza ýurtlary we olaryň syýasy toparlary bilen, mysal üçin, «77 Topary», şeýle hem sebitleýin birleşikleri, mysal üçin, ÝB bilen işjeň gatnaşyklary saklaýar.

Anyk hereketler babatynda, Bütindünýä banky Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy we Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki maksatnamalary we gaznalary bilen bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegiň çäklerinde, hereketleriň utgaşdyrylmagynda we kömekçi maliýeleşdirmede hyzmatdaşlyk etmek boýunça işjeň orny eýeleýär. Mysal üçin, Bütindünýä banky, BMG-niň AIW/AIDS garşy göreşmek boýunça Bilelikdäki maksatnamasynyň alty sany howandarynyň biri, munda iň iri howandary bolup durýar. Dünýä banky bütindünýä azyk maksatnamasy bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny saklaýar we açlyga garşy göreşmegiň halkara maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegine ägirt goşandyny goşýar.

2014-nji ýylyň 26-njy aprelinde Ykdysadyýet we sosial geňeşi ýokary derejesindäki Ýörite mejlisiniň çäklerinde bretton-wud edaralary we Bütindünýä söwda guramasy bilen, müňýyllygyň Jarnamasynda emele getirilen, ösüş ulgamyndaky maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine gözegçiligiň amala aşyrylmagynda Bütindünýä bankynyň maksatlary we eýeleýän orny kesgitlenildi. Maksatlaryň we görkezijileriň gazanylmagyna gözegçilik edýän Birleşen Milletler Guramasyndan tapawutlylykda, Bütindünýä banky Halkara pul gaznasy bilen bilelikde Müňýyllygyň Jarnamasyny gazanmak üçin ýurtlaryň syýasatyna we çärelerine gözegçilik etmelidirler. Bütindünýä bankynyň gedaýlygyň derejesini azaltmagyň ýörelgesiniň durmuşa geçirilmeginiň ulgamyndaky içerki resminamalary, müňýyllygyň Jarnamasynda emele getirilen ösüş ulgamyndaky maksatlaryna laýyk getirmekde we milli derejedäki dürli çäreleriň we syýasatyň ugurlaryny laýyk getirmekde, esasan hem, olary milli şertler we ileri tutulmalary bilen ylalaşygy bar bolsa, peýdaly gural bolup durýarlar.

Bütindünýä banky Birleşen Milletler Guramasynyň her bir global konferensiýasynyň taýýarlanylmagyna kömek berýär we olara

işjeň gatnaşýar, şeýle hem işjeň gatnaşyjy hökmünde, BMG-niň konferensiýalarynyň netijeleri boýunça döredilýän iş toparlaryna girýär we milli häsiýetli maksatlaryň gazanylmagy hem-de çözgütleriň ýerine ýetirilmegi üçin girewi bolup durýar.

Bütindünýä bankyny dolandyrmak, şeýle hem kooperatiw jemgyýeti tarapyndan amala aşyrylýar, onda paýdarlar bolup bu guramanyň 189 sany agza ýurtlary çykyş edýärler. Dolandyryjylaryň geňeşi bu paýdarlardan durýar we öz ýanyndan, Bankyň çözgütlerini kabul edýän we syýasatyny kesgitleýän ýokary edara bolup durýar. Esasan dolandyryjylar agza ýurtlaryň Maliýe Ministrleri wezipelerlerini eýeleýärler. Dolandyryjylaryň geňeşiniň mejlisleri ýylda bir gezek geçirilýär we geçirilýän wagty boýunça Halkara pul gaznasynyň we Bütindünýä bankynyň toparynyň dolandyryjylarynyň geňeşiniň her ýyldaky mejlisleri bilen gabat gelýärler.

Mejlisleriň ýylda bir gezekden köp geçirilmeýänligi sebäpli, Bütindünýä bankyň ştab-kwartirasynda 24 sany ýerine ýetiriji direktorlar hemişelik işleýärler, olara ähli ygtyýarlyklar berilýär. Bu direktorlardan bäşisi agza-döwletler bolup durýarlar, olarda Bankyň paýnamalarynyň iň iri bukjalary bar. Olar Germaniýa, Ýaponiýa, ABŞ, Birleşen patyşalyk we Fransiýa döwletleridir.

Bütindünýä bankynyň prezidenti direktorlar Geňeşiniň mejlislerine başlyklyk edýär we bankyň işlerine umumy ýolbaşçysylygy amala aşyrýar. Adatlary berjaý etmek bilen Bütindünýä bankynyň prezidenti Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, ýagny Bankyň iň iri paýnamalar bukjasyna eýelik edýän ýurduň raýaty bolmaly. prezidenti saýlamagy dolandyryş Geňeşi geçirýär, bäş ýyldan bir gezek saýlanylýar, ol gaýtadan saýlanyp biler.

Ýerine ýetiriji direktorlar Bütindünýä bankynyň direktorlar Geňeşine girýärler. Olarda mejlisler hepdede iki gezek geçirilýär, onda bankyň işlerine umumy ýolbaşçylyk amala aşyrylýar, şol sanda ähli karzlar tassyklanylýar we bankyň işlerine degişli bolan syýasy çözgütler kabul edilýär. Şu ýerde ýene-de karzlar we kepillikler, işleriň täze prinsipleri, administratiw býujet, ýurtlara kömek bermegiň

ýörelgesi tassyklanylýar, şeýle hem maliýe işleriniň alynmalary we ýöredilmegi barada çözgütler kabul edilýär.

Bütindünýä bankynyň gündelik işleri prezidentiň, işleriň ugurlary boýunça jogapkärçilik çekýän we anyk wezipelerleri durmuşa geçirýän wise-prezidentleriň we guramanyň ýokary ýolbaşçylarynyň ýolbaşçylyk etmeginde bolup geçýär.

Bütindünýä bankynyň ösüşi dürli tapgyrlarda amala aşyryldy, dürli gurluş üýtgeşmeleri geçirildi. Şol sebäpden Bütindünýä banky diýlip dürli wagtlarda dürli guramalara düşünilýärdi.

Ilkibaşda, Bütindünýä banky Halkara abatlaýyş we ösüş banky bilen assosirlenýärdi, ol Ikinji Jahan urşundan soňra Günbatar Ýewropanyň we Ýaponiýanyň dikeldilmegine maliýe goldawyny amala aşyrýardy. Biraz giç, 1960-njy ýylda Halkara ösüş assosiasiýasy döredildi, ol bu bankyň syýasy wezipelerleriniň bir bölegini öz üstüne aldy.

Aşakda bankyň düzümine girýän dürli institutlaryň döredilmeginiň hronologiýa tertibi getirilýär.

**Halkara abatlaýyş we ösüş banky** – Halkara pul gaznasy bilen bilen bir wagtda 1944-nji ýylda Bretton-Wudsda Halkara walýuta-maliýe konferensiýasynyň çözgütlerine laýyklykda esaslandyryldy. Halkara abatlaýyş we ösüş banky barada ylalaşyk 1945-nji ýylda resmi taýdan güýje girdi, emma bank 1946-njy ýylda işläp başlady.

**Halkara ösüş assosiasiýasy** – Bütindünýä bankynyň toparyna girýän gurama. 1960-njy ýylda döredildi. Onuň maksady iň garyp ýurtlara kömek bermek. Halkara ösüş assosiasiýasyndan karzlary almak hukugy ilatyň baş sanyna jemi içerki önümi 835 amerikan dollaryndan köp bolmadyk ýurtlarda bar.

**Halkara maliýe korporasiýasy** – halkara maliýe instituty, Bütindünýä bankynyň gurluşyna girýär. Halkara maliýe korporasiýasy 1956-njy ýylda ösüp barýan ýurtlara hususy maýa goýumlarynyň durnukly gelmegini üpjün etmek üçin döredildi.

**Maýa goýumlaryň kepillikleri boýunça köp taraplaýyn agentlik** – garaşsyz halkara edarasy, onuň maksady ösüp barýan ýurtlara daşary ýurt maýa goýumlarynyň göni gönükdirilmegine ýardam bermekdir, hususy maýa goýumçylary ätiýaçlandyrmak

we kepillikleri bermek, şeýle hem maslahat beriş we habar beriş hyzmatlaryny bermek. Maýa goýumlaryň kepillikleri boýunça köp taraplaýyn agentlik 1988-nji ýylda döredildi.

**Maýa goýumly jedelleri düzgünleşdirmek boýunça halkara merkezi** 1995-nji ýylda döredildi, hökümetleriň we daşary ýurtly maýa goýumçylarynyň arasyndaky jedelleri arbitraž seredilmegi we düzgünleşdirilmegi boýunça hyzmatlary bermegiň ýoly bilen halkara maýa goýumlarynyň köpelmegine ýardam berýär.

Maýa goýumlaryň kepilligi boýunça Köp taraplaýyn agentlik bilen bir hatarda we Halkara maliýe korporasiýasy, şeýle hem Maýa goýumly jedelleri düzgünleşdirmek boýunça halkara merkezi bilen bilelikde – bu edaralaryň ählisi Bütindünýä bankynyň toparynyň guramalarynyň düzümine girýärler we ony döredýärler. Olaryň bankyň işleriniň düýbünden dürli ulgamlarynda maksatnamalaryny durmuşa geçirýändiklerine garamazdan, olaryň ýeke-täk maksady garyplyk ýok dünýäni döretmek.

Bütindünýä bankynyň toparynyň esasy maksatlaryny aşakdaky görnüşde emele getirip bolýar:

• agza ýurtlaryň halk hojalygynyň dikeldilişine we ösüşine ýardam bermek;

• kepillikleri bermegiň ýoly we hususy karz berijileriň hem--de dürli maýa goýumçylaryň maýa goýumlaryna, karzlaryna gatnaşmagyň ýoly bilen hususy, şeýle hem daşary ýurt maýa goýumlaryny höweslendirmek;

• halkara söwdanyň balanslaşdyrylan ösüşine itergi bermek we agza ýurtlaryň balanslaşdyrylan töleg balansyny goldamak.

Wezipeleriň durmuşa geçirilmeginiň utgaşdyrylan usulynyň hemişe işlenip taýýarlanylmagy alnyp barylýar. Bu bolsa gurama tarapyndan integrasiýany, mysal üçin, umumy prezidentiň, ýerine ýetiriji direktoryň we dolandyryjylaryň Geňeşiniň bolmagyny üpjün eder. Şeýle hem kwotalary kesgitlemegiň, sesleriň sanynyň, Dünýä bankynyň toparynyň dolandyryş edaralarynda wekilçilik etmegiň düzgünleri umumy bolmalydyr, Halkara pul gaznasy bilen meňzeş bolmaly. Ýylda bir gezek Halkara pul gaznasynyň we Bütindünýä

bankynyň toparynyň dolandyryjylarynyň geňeşiniň bilelikdäki mejlisi geçirilýär.

Emma her niçik bolsa hem, ähli meňzeşlikler bilen birlikde, Bütindünýä bankynyň toparynyň guramalaryny maliýeleşdirmegiň mehanizminiň aýratynlyklary bolup durýan tapawutlar hem bar. Kömek alýan ýurtlary – dalaşgärleri saýlap almagyň görkezijileriniň aýratynlyklary, karzlary bermegiň şertleri hem tapawutly bolup bilerler. Hukuk babatynda her gurama özbaşdakdyr. IFC we MIGA-da işgärleri üçin özleriniň hususy ştaby bar, olarda hususy ygtyýar ediji wise-prezidentleri bar.

Halkara pul gaznasyna meňzeşlikde Bütindünýä bankynyň toparynyň sebitleýin-pudak ýörelgesi boýunça bolup geçýär, ýagny käbir wise-prezidentler sebitleýin departamentlerine ýolbaşçylyk edýärler, beýlekileri dolandyryşyň anyk ulgamlary üçin jogapkärçilik çekýärler. Şolbir wagtda bolsa, Bütindünýä bankynyň toparynyň hünärmenleriniň has şahalandyrylan gurluşy bar, ýagny onda standart maliýe bilermenlerinden we ykdysadyýetçilerden başga (Halkara pul gaznasyndaky ýaly) wezipeler birliklerinde, şeýle hem agronomlar, inženerler, hukukçylar, telekommunikasiýalar boýunça hünärmenler we beýleki dürli görnüşli pudaklaryň işgärleri bar. Olaryň borçlaryna serişdeleri bermek teklip edilýän taslamalaryň oňat eskpertizasyny geçirmeklik girýär.

## 12.2. Bütindünýä bankynyň esasy düzümi, ýerine ýetirýän amallary we maýa goýumlary

Bütindünýä banky ösüp barýan ýurtlarda maliýe we tehniki kömegini amala aşyrmak üçin döredilen halkara maliýe guramasydyr. Käwagtlar Bütindünýä banky henize çenli hem diňe, Bütindünýä bankynyň işleriniň esasy bolup durýan Halkara abatlaýyş we ösüş banky bilen assosirlenýär.

Şu günki gün Bütindünýä banky hakykat ýüzünde aşakdaky iki sany gurama wekilçilik edilýär:

- Halkara abatlaýyş we ösüş banky;
- Halkara ösüş assosiasiýasy.

Bütindünýä banky wezipelerini çözmek üçin dürli döwürde ýene-de aşakdaky üç sany gurama goşuldylar:

- Halkara maliýe korporasiýasy;
- Maýa goýumlaryň kepillikleri boýunça köp taraplaýyn agentlik;
- Maýa goýumly jedelleri düzgünleşdirmek boýunça halkara merkezi.

Ýokarda bellenilişi ýaly, Halkara abatlaýyş we ösüş bankyna 187 sany agza ýurtlar girýärler. Bütindünýä bankynyň toparynda agzalyk barada umumy maglumatlar (The World Bank) 2013-nji ýylyň 24-nji martynda ilkinji çeşmeden arhiwleşdirildi. Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň tertipnamasyna laýyklykda, her ýurtda maýalyk gaznasynda kwota bellenilmeli, çözgütler kabul edilende sesleriň paýlanylmagy kwota barabarlykda bolup geçýär.

Bütindünýä bankynda sesleriň iň ýokary udel agramy Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna düşýär, bu Bütindünýä bankynda paýnamalarynyň bukjasynyň göwrümine laýyk gelýär.

Halkara ösüş assosiasiýasynda 164 sany agza ýurtlary bar (World Bank Group Members. The World Bank. 2011-nji ýylyň 24-nji awgustynda arhiwleşdirildi.). 24 sany ýerine ýetirijileriň, dolandyryjylaryň Geňeşleriniň mejlisleriniň arasyndaky döwürde Banky dolandyrmak boýunça anyk ygtyýarlyklary bar. Olar öz işini we Waşingtonda Bankyň ştab-kwartirasynda iş mejlislerini geçirýärler. Direktorlar geňeşi ýerine ýetiriji direktorlardan ybarat bolýar, oňa Bütindünýä bankynyň prezidenti ýolbaşçylyk edýär. 5 sany ýerine ýetiriji direktorlar Geňeşine girýärler we paýnamalaryň iri bukjasy bar bolan ABŞ, Germaniýa, Ýaponiýa, Fransiýa we Beýik Britaniýa ýaly agza döwletleriň bähbitlerine wekilçilik edýärler. Beýleki 19 sany ýerine ýetiriji direktorlar ýurtlaryň toparlaryna wekilçilik edýärler.

Direktorlar Geňeşiniň mejlisleri, adatça hepdede iki gezek geçirilýär, onda bankyň işlerine umumy ýolbaşçylyk amala aşyrylýar, şeýle hem ähli karzlar tassyklanylýar we Bankyň işlerine degişli bolan aşakdaky çözgütler kabul edilýär:

- karzlar we kepillikler tassyklanylýar;

- Bütindünýä bankynyň işleriniň umumy düzgünleri kesgitlenilýär;
- Bütindünýä bankynyň býujeti tassyklanylýar;
- ýurtlara ýardam bermegiň ýörelgeleri işlenip taýýarlanylýar;
- amallara degişli we maliýe işleriniň beýleki derejelerine degişli çözgütler kabul edilýär.

Bütindünýä bankynyň prezidenti (şu gün – bu Jim Ýon Kim), direktorlaryň Geňeşiniň mejlislerinde başlyklyk edýär we Bankyň işlerine umumy ýolbaşçylyk amala aşyrylýar. Adatça Bütindünýä bankynyň prezidenti – Bankyň iň iri paýdarlarynyň biri bolup durýan ABŞ-nyň raýaty bolmaly. Prezidenti saýlamaklygy dolandyryjylaryň Geňeşi amala aşyrýar. Prezident 5 ýyl möhlet bilen saýlanýar we gaýtadan saýlanyp biler. Bäş sany wise-prezident, şol sanda üç sany uly wise-prezident (iňlisçe Senior Vice-Presidents) we iki sany ýerine ýetiriji wise-prezident (iňlisçe Executive Vice-Presidents) anyk sebitler we ulgamlar üçin, Bütindünýä bankynyň işleriniň ugurlary üçin jogapkärçilik çekýärler hem-de paýlamaga laýyklykda beýleki anyk wezipelerini ýerine ýetirýärler.

Ähli ösüp barýan ýurtlara olaryň durnukly ösüşi üçin kömek bermekde sosial adalatlylyk düzgünini berjaý etmek bilen, Bütindünýä banky özüniň maliýe serişdelerini, bilimleriniň ägirt binýadyny we ýokary derejeli hünärmenlerini ulanýar.

Soňky birnäçe ýylda Bütindünýä banky ýagdaýyň düýpli gowulandyrylmagyna özüniň serişdeleriniň ähmiýetli göwrümini gönükdirdi. BB bergililigiň agyr ýüküniň ýeňilleşdirilmegine elinden gelen goldawy berýär.

Bütindünýä banky we Halkara pul gaznasy 1996-njy ýylda, bergileri ýokary derejedäki garyp ýurtlara degişli bolan birnäçe teklipleri öňe sürdüler, olar dünýäniň iň garyp ýurtlarynyň has köp bergileriniň agyr ýüküni ýeňletmek üçin ilkinji toplumlaýyn çemeleşme boldy. Bu teklipler başlangyç diýlip atlandyryldy. Şu günki gün bergililiginiň agyr ýüküniň ýeňilleşmesi hökmünde 26

sany ýurt kömek alýar. Hödür edilen teklipleriň, bergileriň agyr ýüküni ýeňilleşdirmegiň beýleki usullaryndan tapawutlylykda, mätäçlik çekýän ýurtlaryň daşarky bergileriniň 2/3 bölegini azaltmaga mümkinçilik berýär, olary ähli ösüp barýan ýurtlaryň orta derejesinden pes görkezijilere çenli peseldýär. Başlangyç ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ugruny gaýtadan guraýar we olaryň býujet ileri tutulmalaryny sosial ugurdaky wajyp ulgamlaryň we adam serişdeleriniň ösüşine tarap ugrukdyrýar.

Mysal üçin, Ruandada, başlangyç mekdebe alynmaly çagalaryň sanyny köpeltmegiň maksatlaýyn görkezijilerini, şeýle hem işe hakyna tutulýan mugallymlaryň görkezijilerini bellediler. Gondurasda garyp sebitlerden 100 müňden gowrak adam üçin enäniň we çaganyň saglygyny goramagyň üpjün edilmegi, şeýle hem olara iň ýönekeý lukmançylyk kömeginiň berilmegi meýilnamalaşdyryldy. Kamerunda AIW-e garşy göreşiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna serişdeler gaýtadan paýlanyldy, ilatyň ýokary töwekgellige meýilli bölegine düşündirişleriň geçirilmegi, gorag serişdelerini ulanmagyň wajyplygy boýunça wagyz-nesihat işleri işjeňleşdirildi, şeýle hem bu hyzmatlaryň tölegsiz berilmegi bellenildi.

Meseleleriň çözülýän wagtynda we garyplyga garşy göreşde bank raýat jemgyýetleri we dürli guramalar bilen giňişleýin özara gatnaşyklaryny amala aşyrýar, çünki ýokary netijeleriň gazanylmagy diňe ähli tagallalaryň jemlenmeginde mümkin bolýar.

Müňýyllygyň Jarnamasyna laýyklykda, şu gün Bütindünýä banky özüniň işlerini we özüniň ähli tagallalaryny müňýyllygyň ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirdi. Birleşen Milletler Guramasynyň ýolbaşçylygynda üçünji müňýyllyga geçiş döwründe sekiz sany maksat emele getirildi, olar halkara guramalarynyň esasy maksatlary bolmalydyrlar. Müňýyllygyň Jarnamasynda 2015-nji ýyla çenli gazanylmaly maksatlar görkezilýär. Bu maksatlar şu aşakdaky görnüşdedirler:

1) garyplygy we açlygy ýok etmek;

2) jan saglygy we abadan ýaşaýşy üpjün etmek;

3) ýokary hilli bilim;
4) çaga ölümini azaltmak;
5) gender deňligi;
6) arassa suw we sanitariýa;
7) arassa we arzan energiýa;
8) mynasyp zähmet we ykdysady ösüş we beýlekiler.

Düýpli wezipeleri çözende, adamzadyň dünýäde ösüşiniň meseleleri çözülende, Bütindünýä banky Halkara Abatlaýyş we ösüş bankynyň karzlary bermek usulyny ulanýar, munda ol, ortaça girdejili ýurtlara, bu ýurtlaryň bazarynyň derejesine laýyk gelýän göterim nyrhlary boýunça karzlary berýär. Bütindünýä bankynyň beýleki maliýe guramasynyň işleri Halkara ösüş assosiasiýasyna, iň pes göterim nyrhlary bilen girdejisi pes derejeli ýurtlara karzlary bermekde ýa-da asla göterimsiz karzlary bermekde jemlenýär.

Bütindünýä banky tarapyndan grantlar görnüşinde maliýe goldawy berilýär. beýle grantlary bermegiň maksady dürli täze girizilmeler boýunça taslamalaryň işlenilip taýýarlanylmagyna, olary höweslendirmek üçin ýardam bermek, ýerli gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmaklaryna we taslamalaryň üstünde işlemekde guramalaryň arasynda hyzmatdaşlygy üpjün etmeklige ýardam bermekdir. Soňky wagtlarda göni maliýeleşdirilýän Halkara ösüş assosiýasiýasynyň grantlary, şeýle hem hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň çäklerinde sazlaşdyrylýan grantlar şu aşakdakylar üçin ulanyldylar:

– bergililiginiň derejesi juda ýokary bolan ýurtlaryň bergililik agyr ýüküni ýeňilleşdirmek;

– suw üpjünçilik we lagym ulgamy gulluklarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak;

– ýokanç keseller bilen keselçiliginiň derejesini peseltmek üçin waksinasiýa we immunizasiýa maksatnamalaryna goldaw bermek;

– AIW/AIDS-iň pandemiýasyna garşy göreşmek;

– parnik gazynyň zyňylmagyny azaltmak üçin höwes döretmek.

Bütindünýä banky diňe agza ýurtlara kömek bermeýär. Ol, mätäçlik çekýän ösüp barýan ýurtlar üçin maslahatlary we seljermeler geçirýär. Bu ugurda Bütindünýä banky ýurtlar tarapyndan geçirilýän syýasaty seljerýär we sosial-ykdysady ýagdaýyny hem-de bu

ýurtlaryň ilatynyň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin degişli maslahatlary işläp taýýarlaýar. Bu hem Bütindünýä bankynyň işleriniň bölegi bolup durýar. Şeýle hem, mysal üçin, garyplygyň, daşky gurşawyň, söwdanyň, globallaşmagyň meseleleriniň giň çäginde barlag işleri geçirilýär. Bank anyk ulgamda ykdysady we pudaklaýyn meselelerini barlaýar. Dürli ýurtlaryň ösüş gelejeginiň seljermesi, şeýle hem bank we maliýe ulgamynyň ösüşiniň, sosial goragyň seljermesi geçirilýär.

Bütindünýä banky ähmiýetli tagallalaryny bilim işleriniň ösüşine we bilimleriň ýaýradylmagyna, aýratyn hem garyp ýurtlarda ýaýradylmagyna gönükdirýär. Ol ýurtlarda ilatyň bilim derejesi olaryň ösüşinde aýgytlaýjy orny eýeleýär.

Bütindünýä bankynyň işlerinde raýat jemgyýeti ähmiýetli orny eýeleýär. Bank tarapyndan tasyklanylan ähli taslamalaryň 2/3 bölegi ýakyndan bäri hökümete degişli däl guramalar tarapyndan amala aşyrylýar, ýurtlara ýardam bermegiň ýörelgeleriniň aglaba bölegini işläp taýýarlamak üçin bolsa, raýat jemgyýeti bilen maslahatlar geçirilýär.

Raýat jemgyýetiniň bankyň taslamalaryna gatnaşmagyny görkezýän mysallardan biri bu Gündogar Timordyr. Bu Taslamanyň çäklerinde ýerli jemgyýetleriň täsirini we mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça, şeýle hem ýerli derejedäki dolandyryş ulgamlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin, demokratik usul bilen saýlanylan ýerli oba geňeşlerine goldaw berildi, olara ýaşlar, aýallar, fermerçilik we dindarlaryň wekilleri girýärler. Ilaty agyz suwy bilen üpjün etmek gurnaldy, jemgyýetleriň ýerli derejede durmuşa geçirýän taslamalarynyň çäklerinde ykdysady işler dikeldildi.

Bütindünýä bankynyň institutlaryny döretmegiň maksatlaryna aýratynlykda seredip geçeliň:

**1. Halkara abatlaýyş we ösüş banky** Bütindünýä bankynyň esasy karz beriji edarasy bolup durýar. Bu edara Birleşen Milletler Guramasynyň garamagynda bolup Waşingtonda ýerleşýär. Bütindünýä bankynyň toparynyň bu gurluşy abatlaýşa we ösüşe, söwdanyň halkara ösüşine, töleg balanslarynyň deňagramlylygyna ýardam berýär we daşary ýurt, hususy maýa goýumlaryny gurnaýar.

**2. Halkara ösüş assosiasiýasy** 1960-njy ýylda döredildi, onuň esasy maksady, düzümine girýän agza ýurtlaryň meýletin haýyr--sahawat serişdeleriniň hasabyna ýurtlara kömek bermekdir.

**3. Halkara maliýe korporasiýasy** 1956-njy ýylda döredildi. Ýörite institutda, onuň işleri ösüp barýan ýurtlara maýa goýum akymlarynyň gönükdirilmeginde jemlenýär, berlen serişdelere laýyklykda döwlet kepilliklerini talap etmeýänligi bilen tapawutlanýar. Çeşmeler hökmünde gurama agza ýurtlaryň maliýe goýumlaryny ulanýar, hususy ykdysady amallaryndan alynýan girdejileri we bütindünýä maliýe bazarynda obligasiýalaryň emissiýasyny ulanýar.

**4. Maýa goýumlaryň kepillikleri boýunça köptaraplaýyn agentlik** guramanyň awtonom bölümçeleriniň biri bolup durýar. Bu bölümiň işleri öňi bilen juda meňzeş (maýa goýumçylara kepillikleri bermek (şol sanda hususy maýa goýumçylara hem), maýa goýumlarynyň akymlaryny ösüp barýan ýurtlara gönükdirmek, bolup biljek töwekgellikleri ätiýaçlandyrmak (şol sanda syýasy) we şuňa meňzeş). Emma guramanyň özi göni maýa goýumçy ýa-da karz beriji däldir. Gyzykly, ýagny kepillikleriň maksimumy maýa goýumlaryň bir taslamasyna 100 million amerikan dollary bilen ölçenilýär we ýurt üçin 440 million amerikan dollarynda ölçenilýär. Emma gaýtadan ätiýaçlandyrmagyň we ätiýaçlandyrmagyň hasabyna ýeňilligi köpeltmek mümkindir.

**5. Maýa goýum jedellerini düzgünleşdirmegiň halkara merkezi.** Gurama taraplaryň dawalaryny düzgünleşdirmek üçin ähli mümkin bolýan hukuk mümkinçiliklerini ulanýar we bütindünýä maýa goýumly dawalarda arbitraž amallaryny ýerine ýetirýär. Juda abraýly gurama bolmak bilen, maýa goýum jedellerini düzgünleşdirmegiň halkara merkezi hususy maýa goýumçylaryň we döwletiň arasyndaky dawalary deňleşdirmeklige çalyşýar, jedeliň, meseläniň dürlüligine garamazdan – hyzmat etmeklik meýletinlik başlangyçlarynda we tölegi bolup geçýär. Häzirki döwürde Bütindünýä banky, paýdarlar jemgyýetidir, onuň 189 sany agzasy bar. Bu ýurtlara dolandyryjylaryň Geňeşi wekilçilik edýär. Geňeşiň çözgütleri ösüş ýollaryna, guramanyň işlerine, umuman syýasata täsirini ýetirýär. Her bir agza ýurtdan Geňeşde maliýe ministri bolýar.



19. Sargyt №2512

Netijeleri çykarmak bilen, Bütindünýä bankynyň baş wezipeleri ösüp barýan ýurtlara olaryň ykdysady ösüşini üpjün etmek üçin ýardamyň berilmeginde, şeýle hem gedaýlygyň azaldylmagynda jemlenýär. Emma onuň eýeleýän orny halkara gatnaşyklarynyň ulgamynyň ösüş hadysasynda guramalaryň işleriniň diňe ykdysady tarapynyň çäkleri bilen çäklendirilmeýär.

Bankyň ileri tutulmalary gurluş özgertmelerine, saglygy goraýşyň we bilimiň özgerdilmegine, söwdanyň liberallaşmagyna, infragurluşyň guramaçylygyna maýa goýumlara, hususylaşdyrylma we ş.m. gönükdirilýärler. Alyjy ýurduň Bütindünýä banky bilen hyzmatdaşlygynyň artykmaçlygy – bu dürli halkara karz berijileri bilen deňeşdirilende, peseldilen göterim nyrhlary boýunça karzlary we zaýomlary almakdyr. Bank bilen hyzmatdaşlyk etmegiň beýleki geljekki düzümi bolup, hökümetara karzlary durýarlar, olar Bütindünýä bankynyň karzlaryndan soňra durýarlar, bu bolsa hususy maýa goýumçylar üçin ýurduň karz abraýyny ýokarlandyrýar.

**Bütindünýä bankynyň toparynyň maliýe serişdeleri**

Bütindünýä bankynyň toparynyň baş edarasynyň – Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň serişdeleriniň düzümine hususy (paýdarlar) maýalygy, çekilen serişdeler we önümçilik amallaryndan paýlanylmadyk girdeji girýärler.

Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň agza ýurtlary olara berlen kwota laýyklykda Bankyň paýnamalaryna ýazylýarlar, ol takmynan Halkara pul gaznasynyň kwotasyna deň (bu bolsa ýene bir gezek Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen bu iki edaralarynyň özara baglanyşyklylygyny görkezýär). Bu ýagdaýda Bütindünýä bankynyň maýalyk gorunyň emele getirilmegi bolup geçýär.

Maýalyk gorunyň halkara komiteti maliýe mazmunynda ykdysady häsiýetli beýleki halkara guramalaryndan tapawutlanýar. Onuň esasy tapawudy halkara ösüş banklarynyň ygtyýar etmegindäkilerden maýalygyň tapylmagynda jemlenýär, ol paýnamalardan ybarat bolýar, olara diňe bu banklaryň agza döwetleriniň ýazylmaklaryna mümkinçilik bardyr. Munda hökümetara karz-maliýe guramasynyň agza ýurdunyň ýazylyp biljek paýnamalarynyň sany, bu guramalaryň esaslandyryjy ylalaşyklaryndaky ýörite goşundylarynda görkezil-

ýärler. Olaryň ýazylmasynyň möçberi agza döwletleriň jogapkärçiligini kesgitleýär.

Bütindünýä bankynyň maýalygynyň baş çeşmesi bu halkara pul bazary, onda karzlary üzmekde agza ýurtlaryň hökümetleriniň kepillikleri sebäpli has peýdaly derejesi bolýar. Garaşsyz karzyna alyjylaryň karz ukyplylygy bolsa, onuň tebigy serişdeleri we ösüş geljegi bilen milli ykdysadyýetiniň tutuş goruna daýanýar. Bank maýalygyň bazarynda esasy karzyna beriji bolýar. Bütindünýä banky tarapyndan ösüp barýan ýurtlara karzyna beren serişdeleriniň bir bölegi, agza ýurtlaryň goýumlary görnüşinde alynýar.

Bütindünýä banky hökümetlere, merkezi banklara wekselleri we obligasiýalary göni satmagyň ýoly bilen pullary karzyna alýar. Muňa Ýaponiýany mysal almak bolar. 14 ýyllap ol Halkara abatlaýyş we ösüş banky tarapyndan berlen karzlardan peýdalandy. Indi Bank Ýaponiýadan beren jeminden artykmaç karzyna alýar. Dünýä banky baý ýurtlara ýa-da aýratyn hususy taraplara karzlary bermeýär, goldaw diňe geçiş ykdysadyýetli ýurtlara we ösüp barýan ýurtlaryň karza ukyply hökümetlerine berilýär.

Halkara abatlaýyş we ösüş bankynyň we Halkara ösüş assosiasiýasynyň üsti bilen karzyna bermegiň maliýe şertleriniň tapawutly bolmagyna garamazdan, iki gurama tarapyndan ulanylýan taslamalara baha bermegiň görkezijileri birmeňzeş. Taslamalaryň esaslandyrylanlygyna baha bermek şol bir ülňüleri ulanmak bilen bolup geçýär. Taslamanyň Halkara ösüş assosiýasiýasy ýa-da Halkara abatlaýyş we ösüş banky tarapyndan maliýeleşdirilmegi barada çözgüdiň çykarylmagy ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşiniň tapgyryna bagly bolup, taslamanyň özüniň şertlerine bagly bolmaýar. Bütindünýä bankyndan karzlary almagyň has amatly şertleri garyp ýurtlara berlendir.

Bütindünýä bankynyň toparynyň wezipesini umumy görnüşde şeýle görkezmek bolýar: «Biziň arzuwymyz – dünýäde garyplygyň bolmazlygy». Munda esasy maksatlar Bütindünýä bankynyň toparynyň düzümine girýän anyk edaranyň ugrundan ugur almak bilen emele getirilýär.




***12.1-nji şekil.* Bütindünýä bankynyň toparynyň dolandyrylyş düzümi**

Öňde goýlan maksatlary gazanmak üçin aşakdaky serişdeler ulanylýar:

1. Maýa goýumly taslamalaryna ortaça möhletli we uzak möhletli karzlary bermek.

2. Maýa goýumly taslamalarynyň tehniki we maliýe-ykdysady esaslandyrmasyny taýýarlamak.

3. Ösüp barýan ýurtlarda we sosializmden soňky ýurtlarda gurluş özgertmesiniň maksatnamalaryny maliýeleşdirmek.

2000-nji ýylda 182 sany ýurt tarapyndan geçirilen müňýyllygyň mejlisinde «Müňýyllygyň bosagasynda ösüş ulgamyndaky maksatlar» ylalaşyldy. Onda garyplygyň derejesini durnukly azaltmak üçin edilmeli zatlar anyk maglumatlar arkaly aýdylýar.

2019-njy ýylda Bütindünýä bankynyň guramalarynyň topary 197,3 milliard amerikan dollaryny ätiýaçlandyrdy, şeýle hem zaýomlar, grantlar, paýdarlar maýalygyna goýumlar görnüşinde we özüniň agzalary we hususy kärhanalar üçin ätiýaçlandyrdy. Halkara Abatlaýyş we ösüş banky tarapyndan ätiýaçlandyrylan serişdeleriň jemi 26,7 milliard amerikan dollaryna deň bolup, 2018-nji ýyl bilen deňeşdirilende 44,2 milliard dollar, emma öňküsi ýaly çökgünlige çenli derejelerde ýokarydyr. Halkara ösüş assosiýasiýasynyň garyp ýurtlar üçin bankyň gaznasy 16,3 milliard amerikan dollaryny ätiýaçlandyrdy, bu 2017-nji ýyl bilen deňeşdirilende 12% köpdür. Halkara maliýe korporasiýasy tarapyndan berlen kömegiň göwrümi 3% ýokarlanyp, 12,2 mlrd amerikan dollaryna çenli, Maýa goýumlary kepillendirmek agentligi bolsa 2,1 mlrd amerikan dollarynda kepillikleri berdi. Bu 2017-nji maliýe ýyly bilen deňeşdirilende 43% ýokarydyr. Mundan başga-da, 51 sany donor düzüminde giňeldilen bileleşik Halkara ösüş assosiasiýasy 16% serişdeleriniň üstüni doldurmagyň çäklerinde 49,3 mlrd amerikan dollaryndan hem köp serişde ýygnamak geljek üçin borçnama aldy we ony üstünlikli ýerine ýetirdi.

## 12.3. Bütindünýä bankyna girýän maliýe institutlary

**Halkara abatlaýyş we ösüş banky; Halkara maliýe korporasiýasy; Halkara ösüş assosiasiýasy; Maýa goýum kepillikleri boýunça köptaraply agentlik, Maýa goýum jedellerini düzgün-**

**leşdirmegiň halkara merkezi Bütindünýä bankyna girýän Halkara maliýe institutlardyr.**

Bütindünýä banky halkara walýuta gatnaşyklary bilen baglanyşykly çylşyrymly halkara guramadyr. Bütindünýä bankynyň edaralarynyň topary ösüş maksatlary üçin kömek berýän guramalaryň dünýäde iň ulularyndan biridir. 2018-nji maliýe ýylynda müşderi ýurtlara 119,5 mlrd amerikan dollarynda umumy pul möçberinde karzlar beren bank, häzirki wagtda öz işini ösüp barýan ýurtlaryň 130-dan gowragynda amala aşyrýar, garyp ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak hem-de durmuşyny gowulandyrmak maksady bilen maliýe we maslahat beriş kömegini berýär. Bank öz müşderi ýurtlarynyň her biri üçin döwlet edaralary, hökümete dahylsyz guramalar we hususy pudak bilen hyzmatdaşlykda kömek bermegiň strategiýasyny işläp taýýarlaýar. Dünýäniň dürli ýurtlarynda bankyň wekilhanalary onuň maksatnamalaryny durmuşa geçirmek bilen meşgullanýar, hökümet we raýat jemgyýeti bilen aragatnaşyk saklaýarlar hem-de ösüşiň meselelerine has çuňňur düşünmäge ýardam edýärler.

Bütindünýä bankynyň ulgamyna onuň prezidentine tabyn bolan özbaşdak edaralar bolan Halkara abatlaýyş we ösüş banky; Halkara maliýe korporasiýasy; Halkara ösüş assosiasiýasy; Maýa goýum kepillikleri boýunça köptaraply agentlik, Maýa goýum jedellerini düzgünleşdirmegiň halkara merkezi girýär. Bu edaralaryň umumy maksady maliýe we maslahat beriş kömegini bermek hem-de işgärleri taýýarlamakda ýardam etmek arkaly BMG-niň az ösen agzalarynyň ykdysady we durmuş ösüşine ýardam etmekdir. Bu umumy maksatlaryň çäklerinde her bir edara öz wezipelerini amala aşyrýar.

## 12.3.1. Halkara abatlaýyş we ösüş banky

Halkara abatlaýyş we ösüş banky (HAÖB) iň uly halkara maliýe institutlarynyň biridir. Ol 1945-nji ýylda döredildi. Onuň gatnaşyjylary GDA ýurtlaryny goşmak bilen döwletleriň örän köp sanlysydyr. Onuň maksatlary:

– önümçilik maksatlaryna maýa goýumlar arkaly agza döwletleriň üýtgedip gurma işlerine we ösüşine ýardam etmek;

– kepillikler bermek ýa-da karzlara we beýleki hususy maýa goýujylaryň maýa goýumlaryna gatnaşmak arkaly hususy hem-de daşary ýurt maýa goýumlaryny höweslendirmek;
– halkara söwdasynyň deňeçerleşdirilen ösüşini höweslendirmek, şeýle hem önümçiligiň ösüşine halkara maýa goýumlary arkaly deňeçerleşdirilen töleg balansyny saklamak.

HAÖB-niň ýokary guramasy agza döwletleriň wekillerinden durýan dolandyryjylar geňeşidir. Olaryň her biri bankyň maýasyndaky goýumyň paýyna barabarlykda sesleriň sanyna eýelik edýär. Dolandyryjylar geňeşiniň täze agzalary kabul etmäge, paýdarlyk maýasynyň möçberini artdyrmaga ýa-da gysgaltmaga hem-de bankda ýurduň agzalygyny wagtlaýyn togtatmaga bolan hukugy bardyr.

Gündelik iş bilen ýerine ýetiriji direktorlaryň 24-si meşgullanýar, olaryň bäşisi Beýik Britaniýa, Germaniýa, ABŞ, Fransiýa we Ýaponiýa tarapyndan bellenilýär. Direktorlar prezidenti saýlaýarlar, ol bankyň gündelik işlerini alyp barýar. Ýerine ýetiriji direktorlaryň geňeşi bankyň işini kadalaşdyrýan düzgünler babatda kararlaryň kabul edilmegi hem-de ähli berilýän karzlaryň makullanmagy üçin jogapkärçilik çekýär.

Paýyna Bütindünýä karzlaşdyrmak banky tarapyndan berilýän ýyllyk walýuta möçberiniň ýarysyndan gowragy düşýän Halkara abatlaýyş we ösüş banky özüne gerek bolan gaznalaryň ähli möçberini diýen ýaly maliýe bazarlaryna gönükdirýär. Halkara maliýe edaralary tarapyndan iň bir seresaply we konserwatiw dolandyrylýanlaryň biri bolup durýan HAÖB bergi borçnamalary bolan obligasiýalary we beýleki gymmatly kagyzlary pensiýa gaznalaryna, ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna, korporasiýalara, beýleki banklara we bütindünýä boýunça hususy adamlara satýar. HAÖB öz karz alyjylaryndan karz bermegiň gymmatyny görkezýän möçberler boýunça göterimleri alýar. Karzlar 15–20 ýylyň dowamynda üzlüşilmeli edilip, karzyň esasy möçberini üzlüşip başlamaga çenli 3–5 ýyllyk ýeňillikli döwür göz öňünde tutulýar.

**Bankyň binýatlyk maýasy** aksiýalara (paýnamalara) ýazylyp döredilen bankyň peýdalyk maýasy boýunça (170 mlrd amerikan

dollaryna golaý) dünýäde iň uly banklaryň biri hasaplanýar. HAÖB maýasynyň köp bölegini dünýä maliýe bazarlaryndan alyp jemleýär. Bank obligasiýalary we başga bergi borçnamalary, pension gaznalara, ätiýaçlandyryş kompaniýalara, korporasiýalara, banklara hususy taraplara satýar. Bulardan başga-da HAÖB paýdarlar maýasy we paýlanylmadyk girdeji hem çeşme bolup çykyş edýärler.

HAÖB agza ýurtlaryň kwotasy HPG-däki kwota laýyk gelýär. Sesler ol ýa-da beýleki ýurduň eýelik edýän paýnamalarynyň sanyna barabarlykda paýlanylýar. Sesleriň has köp paýy ABŞ (16,33%), onuň galany Ýaponiýa (7,93%), Germaniýa (4,53%), Fransiýa (4,34%) we Beýik Britaniýa (4,34%) degişlidir.

**HAÖB-niň karz syýasaty.** Agza bolan ýurtlaryň kepillendirilen maýasyna daýanyp, HAÖB dünýä maliýe bazaryndan serişdeleri alýar we bazara ygtyýarlary çäklendirilen döwletlere dellal hökmünde, karzlary berýär. HAÖB üýtgeýän ýagdaýlary we toplanan tejribäni hasaba almak bilen, birnäçe gezek üýtgän strategik ugra laýyklykda karzlaşdyrmak syýasatyny geçirýär.

1950-nji ýylyň birinji ýarymynda HAÖB-niň esasy maksady uruşdan zyýan çeken hojalyklary dikeltmäge ýardam bermekdi. Öz işini Bank «Marşallyň Meýilnamasy» maksatnama boýunça ugrukdyrýardy. Birinji karzy Bank 1947-nji ýylda Fransiýa berdi. Soňra karzlar beýleki Ýewropa ýurtlaryna, Ýaponiýa, Awstraliýa, Hindistana, käbir Latyn Amerikasy ýurtlaryna (Çili, Braziliýa, Meksika) berdi. Esasan, belli infrastruktura obýektler karzlaşdyryldy.

1950-nji ýylyň ortasynda Günbatar Ýewropanyň we Ýaponiýanyň ykdysadyýetleri dikeldildi we olar HAÖB-niň karzlaryna mätäç bolmadylar. Şol wagtda ösýän ýurtlaryň maliýe serişdelere bolan islegleri ýokarlandy. HAÖB-niň saýasynda 40 ýurt üçin donor ýurtlary kömek etmekligiň strategiýasyny işläp taýýarlaýan maslahat beriji toparlary döredilýär. Şol döwürde bank öz esasy wezipelerini infrastruktura obýektlerini karzlaşdyrmak arkaly ykdysady ösüşe itergi bermekde görýärdi. Şunuň bilen birlikde hem, bank bellibir syýasy maksatlary hem göz öňünde tutýardy. Käbir ýurtlar (Günorta Koreýa, Taýwan) Günbatar standartlary boýunça «ösüşiň aýnasy» hökmünde saýlanýardylar we olara köpçülikleýin kömek berilýärdi.

HAÖB-niň strategiýasy 1960-njy ýylyň ahyrynda düýpgöter üýtgedi (1968-nji ýylda BB-niň Prezidenti hökmünde R. Maknamara boldy). Infrastruktura obýektleriň karzlaşdyrmagyna öňküsi ýaly wajyp orun berilýär, emma sosial taslamalar hem ileri tutulýar. Bu bolsa ykdysady ösüşiň depginleri erbet bolmadyk ýurtlarda sosial meseleleriň çözülmän galmaklary bilen düşündirilýärdi. Garyplyk derejesi peselenokdy, garyplygyň we baýlygyň aralygy ýokarlanýardy. «Kämilleşmesiz ösüş» bolýardy. Şunuň bilen baglylykda esasy zerurlyklary (iýmitde, arassa suwda, ýaşaýyş jaýda, medisina hyzmatlarynda, bilimde) kanagatlandyrmak strategiýasy işlenip düzülýär we oňa laýyklykda HAÖB-niň karz syýasaty döredilýär.

80-nji ýyllarda HAÖB karz syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň birine, ýagny bellibir pudaklar üçin karzlary bermeklige gaýtadan seredilmegini talap eden täze meselelere duçar boldy. HAÖB-niň ýolbaşçylary, umumy ykdysady ýagdaýa täsir etmän, diňe bir taslama maliýeleşdirmeklige bil baglamaly däl diýip netijä geldiler. Şol sebäpli, HAÖB bellibir obýektlere degişli bolmadyk uly karzlary berip başlaýar. Bu karzlar maksatnamalar üçin berilýärler. Bu maksatnamalaryň esasy ýörelgeleri HPG tarapyndan işlenip taýýarlanylýan maksatnamalar bilen meňzeş. Olara döwletiň ykdysadyýete goşulmaklygyny gowşatmaklyk; ykdysady işiniň liberalizasiýasy; eksporty höweslendirmek; daşary ýurt maýasyna degişli çäklendirmeleri ýatyrmak we ş.m. degişli. Emma, HAÖB-niň we HPG-niň işläp taýýarlaýan maksatnamalarynyň ýörelgeleri meňzeş bolsa-da, HAÖB-niň işiniň aýratynlyklary bar. HAÖB pudaklaýyn, mikroykdysady meseleleri çözmek üçin has gowy taýýarlanan. Onuň taslama maliýeleşdirmekde uly tejribesi bar. HPG seresaplyk bilen garaýan ýurtlaryň köpüsi HAÖB bilen üstünlikli hyzmatdaşlyk edýär. HAÖB HPG-den az ýazgarylýar.

Taslama däl (bagly bolmadyk) karzlaryň ähmiýeti güýçlense-de, bankyň işiniň esasy ugry bolup taslama maliýeleşdirilmegi galýar. Şu ugurda bankyň abraýy öňküsi ýaly ýokary.

Karz syýasaty göz öňünde tutulmadyk çökgünlik ýagdaýlary bilen baglylykda üýtgeýärdi. Şunuň has aýdyň görkezijisi 1997–1998-nji ýyllardaky maliýe çökgünlikleri bolup, 12.1-nji tablisada

görkezilişi ýaly, 1998-nji ýylda maliýe giňişliginiň durnuklaşmagyna goýberilen pullar berlen karzlaryň möçberiniň, takmynan 29%-ine barabar boldy. 2012-nji ýylda olar kadaly derejä (5%) gaýdyp geldiler, emma ösýän ýurtlaryň köpüsinde 90-njy ýyllardaky çökgünlikler döwlet dolandyrylyşynyň netijesiz bolandygyny ýüze çykarandygy sebäpli, ony kämilleşdirmek üçin goýberilýän pullaryň möçberleri köpeldi.

90-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda HPG we HAÖB-niň işine nägilelikler güýçlendi. Olary düýpli üýtgetmekligiň taslamalary düzüldi.

*12.1-nji tablisa*

**HAÖB karzlarynyň pudaklaýyn gurluşy (%)**

| | 2008 | 2018 |
|---|---|---|
| Ulag | 10,1 | 13 |
| Energetika | 10,7 | 6 |
| Oba, tokaý we balyk hojalyklary | 11,2 | 5 |
| Işläp taýýarlaýan senagat | 0 | 5 |
| Saglygy goraýyş we başga sosial hyzmatlar | 4,3 | 12 |
| Bilim | 9,1 | 7 |
| Maliýe ulgamy | 28,9 | 5 |
| Döwlet dolandyryş | 7,7 | 31 |
| Başga pudaklar we ugurlar | 18,0 | 16 |
| Jemi | 100 | 100 |

Emma, HAÖB-niň, edil BB-niň ugry ýaly, karz işiniň esasy ugry garyplyk bilen göreşmek bolup durýar. Bu ugurda bank öz güýçlerini HPG, ÝUNKTAD we başga institutlar bilen ugrukdyrýar. Ekologiýa meselelerine, adamzat kuwwatynyň ösmegine has köp üns berilýär.

Karz bermek barada mesele çözülende, bank karz alyjy ýurduň ykdysady ýagdaýy barada giň maglumaty talap edýär we şu maksat bilen şol ýurda öz missiýalaryny iberýär. HAÖB-niň ýurda karz

bermekden boýun gaçyrmagy, hususy maýa goýujylaryň ol ýurda bolan garaýyşlaryna ýaramaz täsir edip bilýär.

1983-nji ýyldan bäri HAÖB hususy maýa goýujylar bilen bilelikde taslamalary maliýeleşdirmek tejribesini girizdi. Şular ýaly maliýeleşdirmegiň çäklerinde HAÖB ekspertizany üpjün edýär we karz töwekgelçiligi meselelerini doly aradan aýyrýar.

HAÖB-niň karzlaryny, köplenç, diňe walýuta çykdajylary ýapýarlar. Şunuň bilen, bank karz alyjy ýurtdaky maýadarlyk hadysalaryna täsir edýär. Emma, şol sebäpli hem bankyň karzlary, köplenç, örän haýal özleşdirilýär.

Bankyň ýokary karz derejesi (AAA) bolandygy sebäpli, dünýä maliýe bazarynda isleg bildirilýän obligasiýalary ýerleşdirmäge ýeňillik berýär. Alnan serişdeleriň 85%-i BB hasaba alnan derejelerden alýar, karzlar boýunça bolsa, esasan, LIBOR esasynda göterimiň üýtgeýän derejeleri kesgitlenip, oňa spred goşulýar.

Sowet Soýuzynyň dargamagyndan soň, öňki SSSR-iň respublikalary, şeýle hem Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň bazar reformalaryna geçmekleri bilen, «Ýewropa we Merkezi Aziýa sebiti» (BB-niň klassifikasiýasy) bankyň syýasatynyň esasyny düzdi. 2002-nji ýylda bu sebitiň paýyna bank tarapyndan berlen karzlarynyň 42%-i düşýärdi. Şeýlelikde, bankyň karzlaryny alyjylaryň arasynda ilkinji ýerleriň birini Russiýa Federasiýasy, ikinji ýeri – Latyn Amerikasy ýurtlary (37%) tutýardy. 1998-nji ýyldaky maliýe çökgünligi döwründe birinji ýerde Günorta-Gündogar we Gündogar Aziýanyň ýurtlary durýardylar. 2012-nji ýylda olaryň paýy Bankyň beren karzlarynyň möçberiniň 9%-ine çenli peseldi. BB-niň topary aşakdaky şahamçalary öz içine alýar:

HAÖB agza bolan ýurtlara HÖA girmäge mümkinçilikleri bar. Emma, olaryň hemmesi bu hukuklaryny peýdalanmaýarlar. 2002-nji ýylda HAÖB agza bolan ýurtlaryň 184-ünden diňe 164-i HÖA girdiler.

Umumy strategik wezipeleri ýerine ýetirip, HAÖB we HÖA wezipeleriň paýlanylmagy esasynda hereket edýärler. Bu bolsa, BB öz älemine ykdysady ösüşiniň dürli derejeli ýurtlaryň köp sanyny gatnaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Biri-birini dolduryp, HAÖB we HÖA karz alyjy ýurtlardaky sosial-ykdysady wakalara täsir edip bilýärler.

## 12.3.2. Halkara ösüş assosiasiýasy

**Halkara ösüş assosiasiýasy** (HÖA) 1960-njy ýylda döredildi, ol BMG-niň ýöriteleşdirilen halkara maliýe edarasynyň hukuk ýagdaýyna eýedir. 165 döwlet agzasydyr. Esasy wezipeleri karz alýan agza döwletlerde ykdysady ösüşi çaltlandyrmak, durmuş ulgamynyň ösüşini goldap adam maýalaryna maýa goýmak, ýaragly çaknyşyklaryň zyýanly netijelerini aradan aýyrmak, halkara we sebit söwdalarynyň ösüşine ýardam etmek.

Onuň maksatlary, esasan, bankyň maksatlary bilen laýyk gelýär. Bank adaty telekeçilik banklara garanyňda has ýeňillikli şertlerde we esasan, puly gaýtaryp biljek döwletlere karz berýär. HÖA-nyň tertipnamasy 1960-njy ýylda güýje girdi. Gondurasa, Hindistana, Sudana we Çili döwletine karz bermek baradaky ilkinji karar 1961-nji ýylda kabul edildi.

Halkara ösüş assosiasiýasy iň garyp döwletlere erkin konwertirlenýän ýa-da konwertirlenmeýän walýutada (käbir döwletlere 50 ýyla çenli möhlet bilen) göterimsiz karz beýär. Iň garyp dowlet diýip, raýatlarynyň adam başyna ýyllyk girdejisi 950 amerikan dollaryndan az bolan, şertlerde karz pul almaga mümkinçiligi bolmadyk döwletler hasaplanýar. Häzirki wagtda bu sanawa 80 döwlet girýär. Olarda, takmynan 3,2 mlrd adam ýaşaýar. Bu ösüp gelýän döwletleriň ilatynyň 65%-ine deňdir. Bu adamlaryň 1,2 mlrd-a golaýy günde 1 dollara ýakyn gazanç edýär. Ýurduň umumy milli önümi HÖA-da kabul edilen iň pes derejeden ýokary geçse, ol döwlet göterimsiz karz alyp bilmeýär. Mundan beýläk ol döwlet HÖB-den göterimine karz alyp bilýär.

HÖB agzalaryň paý goýumlarynyň, has baý agzalarynyň goşmaça goýumlarynyň, HÖB-niň girdejileriniň, öň berlen karzlaryň gaýtarylmasynyň hasabyna maliýeleşdirilýär. Häzirki wagtda 34 karz beriji döwlet assosiasiýa täze serişdeleri çekmegiň meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin her 3 ýyldan bir gezek öz wekillerini belleýär. Şunda karz berýän döwletiň walýutasynda karz berilýär. Berilýän maliýe kömegi iň ýokary derejede netijeli bolar ýaly, her bir maliýe taslamasy jikme-jik syýasy-ykdysady seljerme edilýär. Taslamalaryň birnäçesi RF-de ykdysady çäreleri geçirmek, şeýle hem

ösüp barýan ýurtlarda garyplyk bilen göreşmek üçin assosiasiýanyň serişdelerini çekmegiň tertibini kesgitleýär. HAÖ-niň karzynyň möçberi bütindünýä bankynyň karzynyň möçberiniň, takmynan dörtden biridir. Bu gurama diňe bir Beýik Britaniýa, Germaniýa, ABŞ, Fransiýa, Ýaponiýa ýaly senagat taýdan ösen agza döwletler däl-de eýsem Argentina, Braziliýa, Bengriýa, Koreýa, Russiýa Federasiýasy, Türkiýe ýaly ösüp barýan döwletler hem pul goýýarlar. Bu döwletleriň käbiri öň HÖA-dan karz pul alan ýurtlardyr.

HÖA-nyň maliýesini dolandyrmak berk hasaply konserwatiw we seresap amala aşyrylýar. HÖA-nyň beren karzlary boýunça tölegi amala aşyrylmadyk bir hadysa hem bolup geçen däldir. Assosiasiýa dolandyryjylaryň geňeşi (dolandyryşyň ýokary guramasy) direktordan hem prezidentden düzülendir. HÖA-nyň direktorlygy hemişe hereket edýän ýerine ýetiriji guramadyr. Dolandyryjylar geňeşinde we direktorlykda ähli meseleler sesleriň köplügi bilen çözülýär. Sesler esasy maýa goýlan paýlaryň möçberine laýyklykda paýlanýar. HÖA-nyň her bir agza ýurdy 500 sese we özüniň ilki başdaky paýynyň her 5000 dollaryna, bir goşmaça sese eýelik edýär. Senagat taýdan ösen döwletler paýlaryny altyn ýa-da gyzyl pulda ösüp gelýän döwletler bolsa öz paýynyň diňe 10%-ini altyn bilen ýa-da gyzyl pul bilen, galan 90%-ni milli walýutalarynda goýýarlar. HÖA-nyň karzlary, adatça 50 ýyla göterimsiz berilýär. Olar boýunça töleg 10 ýyldan soň başlanýar, şunda birinji 10 ýylda 1% tölenýär, galan 30 ýylda her ýyl 3% tölenýär. Karz pul ýurduň hökümetine ýa-da onuň kepil geçmeginde aýry-aýry administratiw birliklere hususy ýa-da jemgyýetçilik guramalaryna berilýär. HÖA-nyň karzlary elektrostansiýalary, demir we gara ýollary gurmaga, şeýle hem oba hojalygyny ösdürmäge gönükdirilýär. HÖA-nyň maksady hususy daşary ýurt maýa goýumlaryna oňyn şertleri döretmekden we köp maýa goýum talap edýän hem-de hususy telekeçiler üçin peýdasyz obýektleriň gurluşygy bilen bagly harajatlary peseltmekden ybaratdyr.

1960-njy ýyldan başlap 2018-njy ýyla çenli HÖA 90-a ýakyn döwlete 261 mlrd dollardan köp karz berdi. Bu, takmynan her ýylda 3,2 mlrd dollara deňdir.

### 12.3.3. Halkara maliýe korporasiýasy

1956-njy ýylda döredilen Halkara maliýe korporasiýasy bu gün BMG-niň ösüp barýan ýurtlaryň hususy pudagynda taslamalary amala aşyrmak maksady bilen karz pul berýän we bölekleýin maliýeleşdirýän iň iri, köpugurly, özbaşdak ýöriteleşdirilen edarasydyr. HMK garyplygyň möçberini peseltmek we adamlaryň ýaşaýşyny gowulandyrmak maksady bilen, ösüp barýan ýurtlaryň hususy pudagyna maýa goýumlara durnukly gelip durmagyny höweslendirýär. HMK bütindünýä bankynyň edaralar toparynyň agzasydyr, olaryň ştab-kwartirasy Waşington şäherinde (Kolumbiýa federal okrugy) ýerleşýär. HMK-nyň işi bütindünýä bankynyň guramalary toparynyň ähli edaralarynyň baş maksadyna amal etmäge, ýagny ösüp gelýän agza ýurtlaryň ilatynyň ýaşaýşynyň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. HMK aşakda görkezilýän ýollar bilen hususy pudagyň durnukly ösüşine ýardam edýär:

– ösüp barýan ýurtlaryň hususy pudagynda taslamalary maliýeleşdirmek;

– ösüp barýan ýurtlaryň hususy kompaniýalaryna halkara maliýe bazarynda maliýe serişdelerini çekmäge kömek etmek;

– kärhanalara we hökümetlere maslahat hem tehniki kömek bermek.

HMK-nyň düzümine 175 döwlet girýär. Bu döwletler korporasiýanyň syýasatyny kesgitleýärler we maýa goýum taslamalaryny tassyklaýarlar. HMK girmek üçin ýurt hökmany suratda HAÖB agza bolmalydyr. HMK-da korporatiw ygtyýarlyklar dolandyryjylar geňeşine degişlidir. Bu geňeşe korporasiýanyň agza ýurtlary öz wekillerini belleýärler. HMK-nyň maýasy agza ýurtlaryň tölenen paýlaryndan ybaratdyr we sesler her bir ýurda degişli paý birligine laýyklykda paýlanylýar. HMK-nyň çykarmaga rugsat berlen tertipnama laýyk maýasynyň möçberi 2,45 mlrd dollara barabardyr.

Dolandyryjylar geňeşi öz ygtyýarlyklarynyň köpüsini direktorlar geňeşine geçirýärler. Bu geňeşiň düzümi HÖB-niň ýerine ýetiriji direktorlaryndan ybaratdyr. Ähli taslamalar direktorlar geňeşinde seredilmäge degişlidir. Bütindünýä bankyň guramalar toparynyň pre-

zidenti şolbir wagtyň özünde HMK-nyň hem prezidentidir. HMK-nyň ýerine ýetiriji wise-prezidenti korporasiýanyň gündelik işine umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar.

Öz işini köp ugurlarda bütindünýä bankynyň ulgamyna girýän edaralar bilen sazlaşykly alyp barýan HMK hukuk hem maliýe nukdaýnazaryndan awtonomiýa eýe bolan, öz ylalaşyk maddalary, paýdarlar maýasy, ýolbaşçylygy we hemişelik işgärleri bar bolan gurama hökmünde özbaşdak hereket edýär. HMK-nyň paýdarlar we kwazi paýdarlar maýalaryna goýumlar görnüşinde amala aşyrylýan maýa goýumlary korporasiýanyň agza ýurtlarynyň tölenen paýlaryndan we paýlanmadyk girdejilerinden ybarat bolan öz maýasynyň hasabyna maliýeleşdirilýär. Paýdarlaryň durnukly goldawy we tölenen paýlaryň ýeterlikdigi HMK karz bermek üçin zerur bolan pul serişdelerini iň ýokary AAA derejesi bolan obligasiýalary goýbermek ýoly bilen halkara maliýe bazarlaryndan çekmäge mümkinçilik berýär. Karz bermek üçin zerur bolan maliýe serişdeleriniň 80%-ini HMK döwlet obligasiýalaryny goýbermek ýa-da gymmatly kagyzlary hususy görnüşde ýerlemek ýoly bilen çekýär. Galan 20%-i HAÖB-niň karzlary görnüşinde çekilýär. Soňky ýyllarda HMK tehniki kömek bermek boýunça öz işini has işjeňleşdirdi. Daşary ýurt maýa goýumlary boýunça maslahat beriş gullugy döredildi.

Bu korporasiýa agza bolmak isleýän ýurt hökmany suratda HMK-nyň dörediliş şertnamasyna gol çekmelidir. Dörediliş şertnamasynyň şertlerini kabul edýändigi baradaky resminamany saklamak üçin HÄÖB tabşyrylmalydyr.

### 12.3.4. Maýa goýumlar kepilligi boýunça köpugurlaýyn agentlik

Maýa goýumlarynyň daşary ýurt bazarlary üçin göreşiň ýitileşmesi sebäpli, 1985-nji ýylyň Seul konwensiýasynyň esasynda Bütindünýä bankynyň başlangyjy bilen maýa goýumlar kepilligi boýunça halkara agentlik döredildi. Agentligiň umumy maksady önümçilige, hususan-da ösüp barýan ýurtlardaky önümçilige daşary ýurt maýa goýumlaryny höweslendirmekdir. Bu maksada ýetmek

üçin daşary ýurt maýa goýumlarynyň telekeçilik töwekgelliklerini ätiýaçlandyrmak we täzeden ätiýaçlandyrmagy hem goşmak bilen kepillikler berilýär. Şeýle töwekgelliklere walýutany çykarmaga gadagançylyk girizilmegi, millileşdirmek we şoňa meňzeş çäreler şertnamanyň bozulmagy, uruş, rewolýusiýa, içerki syýasy tertipsizlikler degişli edildi. Agentligiň kepillikleri maýa goýumlaryny ätiýaçlandyrmagyň milli ulgamyny üýtgedýän däl-de, eýsem olara goşmaça hökmünde kabul edilýär.

Gönüden-göni daşary ýurt maýa goýumlary bazar gatnaşyklary emele gelýän ýurtlarda ykdysady ösüşiň möhüm ýagdaýy bolup durýar. Agentligiň wezipeleri syýasy töwekgekçilikleri ätiýaçlandyrmak ýoly bilen (karz berijilere we karz alyjylara kepillik bermek bilen) gönümel daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekden, tejribäni ornaşdyrmakdan we serişdeler bermekden ybarat bolup, olar bazar gatnaşyklary emele gelýän ýurtlara maýa goýumlaryny çekmäge we saklamaga kömek edýärler. Agentlik tarapyndan goldanylýan taslamalar, adatça olaryň amala aşyrylýan ýurtlarynda örän köp görnüşden peýda getirýär, ýagny ilat üçin täze iş ýerleri döreýär, işgärleri taýýarlamak we okatmak üçin goşmaça hem uzak wagtlaýyn maýa goýumlary çekilýär, şeýle hem bu taslamalar salgytlaryň gelmegi we önümleriň eksport edilmeginden gelýän walýutalar sebäpli milli ykdysadyýete oňyn täsir edýär.

Agentlik guramaçylyk taýdan bütindünýä bankynyň ulgamyna girýän HAÖB bilen baglanyşyklydyr. Şeýle-de bolsa agentlik hukuk hem maliýe nukdaýnazaryndan özbaşdakdyr, şeýle hem şertnamalaýyn esasda özara hereket etmek bilen BMG-niň ulgamyna girýär. HAÖB bilen baglanyşyp, diňe bankyň agzalarynyň agentligiň agzalary bolup bilýändiginde öz beýanyny tapýar. Agentlige agza döwletleriň sany 120-den geçýär. Olaryň hatarynda Russiýa hem GDA döwletleri bardyr. 1999-njy ýylda Russiýa agentligiň 2391 sany paýyna ýazylmak ýoly bilen onuň maýasynyň üstüni ýetirdi, 2000-nji hem 2001-nji ýyllardan başlap bolsa Russiýa her ýyl 2283082 amerikan dollary möçberinde agentligiň kapitalynyň üstüni doldy. Agentligiň guramalary dolandyryjylar geňeşinde direktordan (direktorlygyň başlygy wezipeler boýunça HAÖB-niň prezidentidir) we wise-prezidentden ybaratdyr. Her agza döwlet 177 sese we her

goşmaça paýy üçin goşmaça ýene-de bir sese eýelik edýär. Netijede maýa eksport edýär we birnäçe döwlet import edýän köpsanly döwletiň bilelikdäki sesine barabar sese eýelik edýär. Tertipnamalaýyn gazna agzalaryň paýlarynyň we olaryň goşmaça goýumlarynyň hasabyna emele gelýär. Agentligiň karz berijiler bilen gatnaşygy hususy hukuk şertnamasy bilen resmileşdirilýär. Bu şertnama karz berijini ätiýaçlandyryş kepilliginiň göterimi hökmünde kesgitlenilen her ýyllyk ätiýaçlyk paýy tölemäge borçly edýär. Öz tarapyndan agentlik ýeten zyýanyň möçberine baglylykda bellibir ätiýaçlandyryş puly tölemegi borç edinýär. Şunda degişli döwlete bolan närazylyk agentlige geçýär, jedel halkara hukuk görnüşini kabul edýär. Agentligiň arada durmagy bilen jedeliň iki döwletiň arasynda däl-de, eýsem olaryň biri bilen halkara guramanyň arasynda döreýändigine üns bermelidir. Bu bolsa jedeliň olara gatnaşýan döwletleriň arasyndaky aragatnaşyklara ters täsir etmek mümkinçiligini azaldýar.

# XIII BAP
# Sebitleýin ösüş bank ulgamy

## 13.1. Halkara hasaplaşyklar banky

**Halkara hasaplaşyklar banky (HHB; Bank for International Settlements) köne halkara walýuta-maliýe guramalarynyň biridir.** Ol 1930-njy ýylda Şweýsariýanyň Bazel şäherinde Angliýanyň, Fransiýanyň, Germaniýanyň, Belgiýanyň, Italiýanyň merkezi banklary, «Morgunow bankir öýi» tarapyndan ABŞ-nyň hususy banklarynyň üçüsi we Ýaponiýanyň hususy banklary tarapyndan döredildi.

HHB-niň paýnamalarynyň 75%-i Merkezi banklara we 25%-i hususy banklara hem-de adamlara degişlidir, dörediji banklar paýna-


20. Sargyt №2512

malaryň 50%-inden gowragyna eýelik edýärler. Bankyň ýokary dolandyryş edarasy bankyň paýnamalaryna eýe bolan ýurtlaryň Merkezi banklarynyň ýolbaşçylarynyň umumy ýygnagydyr. Bankyň paýnamalaryna eýelik edýän şahsy we hususy edara görnüşindäki taraplar ýygnaga gatnaşmaýarlar. Umumy ýygnak, kada bolşy ýaly, bankyň işi hakyndaky nutugy, onuň balansyny, girdejiler we ýitgiler hasabyny tassyklamak üçin ýylda bir gezek çagyrylýar. Bankyň gündelik işlerine direktorlar geňeşi ýolbaşçylyk edýär, onuň düzümine Ýewropa ýurtlary bolan Angliýanyň, GFR-iň, Fransiýanyň, Belgiýanyň, Italiýanyň, Şweýsariýanyň, Şwesiýa we Niderlandlaryň merkezi banklarynyň dolandyryjylarynyň 8-si hem-de bu sekizlik tarapyndan bellenilýän maliýe, senagat we söwda toparlarynyň wekilleriniň 5-si girýär. HHB-niň halkara walýuta-karz gatnaşyklary babatynda barlaglary amala aşyrýan walýuta-ykdysady bölümi bardyr. Ol her ýylky syny çykarýar, ol bir ýyl üçin halkara walýuta-karz gatnaşyklarynyň maglumatlaryny we barlaglaryny berýär.

HHB-niň tertipnamasy banknotlar çykarmagy, hökümetlere karz bermegi, hökümetleriň adyna gündelik hasaplary açmagy, öz ygtyýarynda paýnamalar saklamagy we gozgalmaýan emläge eýelik etmegi ýa-da haýsydyr bir kärhananyň üstünden gözegçiligi ýola goýmagy gadagan edýär.

Täjirçilik banklary bilen amallary ol diňe çäginde bu banklaryň ýerleşýän ýurduň MB-si bilen ylalaşyp geçirýär.

HHB-niň aýratynlygy onuň işiniň pugta ýaşyrynlygyndan ybaratdyr. Munuň özi HPG-niň kömekçi edarasy we HAÖB-niň topary hökmünde HHB-niň ornuny kesgitleýär.

HHB esasy maglumat-barlag merkezidir. Bankyň ýyllyk hasabatlary dünýäde abraýly ykdysady neşirlerden biridir. HHB öz barlaglarynyň binýadynda 1975-nji ýylda banklaryň halkara amallaryna syn etmegiň hartiýasyny neşir etdi. Ol döwletara kararlaryna garanda uly ähmiýete eýedirler.

Hasaplaşyklar altyn şweýsar franklarynda alnyp barylýar, diwidendler Sýurih şäherinde walýuta bazarynyň hümmeti boýunça her ýyl amerikan dollarynda tölenilýär.

HHB gatnaşyjylaryň düzümi we işiniň häsiýeti boýunça halkara walýuta-kredit guramasyna öwrüldi. Munuň özi HHB-niň merkezi banklaryň halkara banky bolup durýandygy, dürli halkara walýuta-hasaplaşyk we maliýe amallarynda agent hem-de serenjam beriji, ykdysady barlaglaryň merkezi we halkara walýuta-karz hyzmatdaşlygynyň forumy bolup durýandygy bilen şertlendirildi.

Resmi taýdan ABŞ HHB-niň döredilmegine gatnaşmady. Emma, federal ätiýaçlyk banklar HHB bilen habarçy we başga gatnaşyklary saklaýarlar. FRB-niň we amerikan gaznaçylyklarynyň wekilleri Bazelde geçirilýän merkezi banklaryň dolandyryjylarynyň her aýda geçirilýän ýygnaklaryna we umumy ýygnaklaryna gatnaşýarlar. Nýu-Ýorkuň federal ätiýaçlyk banky HHB-niň habarçysy bolup, onuň buýrugy esasynda ABŞ-nyň karz maýasynyň bazarynda amallary amala aşyrýar. HHB-niň esaslandyryjylary we onuň maýasyna ilkinji ýazylanlar bolup, 6 ýurduň merkezi banklary bilen bilelikde Morgan bankir öýüniň baştutanlygynda ABŞ-nyň hususy täjirçilik banklary çykyş edýärler. ABŞ HHB gatnaşýan bolsa-da, HPG-den we Bütindünýä bankynyň toparlaryndan tapawutlylykda, esasy orny Günbatar Ýewropa ýurtlary tutýarlar.

1996-njy ýyldan başlap, bu bank täze agzalary kabul edip başlady. Olaryň sanynda Aziýa ýurtlarynyň (Taýlandyň, Malaýziýanyň), Argentinanyň merkezi banklary, Ýewropa merkezi banky bar. Russiýa Federasiýasynyň HHB-na girmegi (1996-njy ý.), Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankynyň, bu bankyň komitetleriniň we komissiýalarynyň merkezi banklaryň işleriniň aktual meseleleri boýunça maslahat bermeklik amala aşyrylýan işine gatnaşmaga mümkinçiliklerini giňeltdi.

Merkezi banklar HHB-niň esaslandyryjylary, ýolbaşçylary we müşderileri hökmünde çykyş edýärler. Bu bank hemme merkezi banklaryň halkara banky boldy. 2002-nji ýyldan bäri, onuň paýnamalaryna diňe merkezi banklaryň eýeçilik etmäge hukuklary bar. Şol sebäpli, maýaýň 14%-e golaýyny paýnamalaryň eýeleri bolan hususy paýdarlaryň paýnamalary satyn alyndy (72,6 mün), emma olaryň ses hukuklary ýokdy. Täjirçilik banklary we hususy şahslar bilen amallary

HHB diňe degişli ýurduň merkezi bankynyň razyçylygy bilen amala aşyryp bilýär.

HHB 1,5 mlrd altyn frankly maýaly paýdarlar jemgyýeti görnüşinde gurnalandyr.

1978-nji ýyldan bu halkara walýuta birligini SDR-e çalşylmagy barada döwletara ylalaşyklaryň bardygyna garamazdan, HHB bu görnüşde altyn gymmatlygy arassa altynyň 0,290 *gramyna* barabar bolup, Fransiýada 1799-njy ýylda girizilen we 1865-nji ýyldan bäri Latyn moneta birleşiginiň, şol sanda Şweýsariýanyň ýeke-täk walýutasy hökmünde hyzmat eden franky ulanmagy dowam edýär.

HHB-niň dolandyryjy guramalary hökmünde paýdarlaryň umumy ýygnagy we 13 merkezi banklaryň dolandyryjylarynyň düzümindäki Direktorlar geňeşi (şol sanda, bankyň esaslandyryjylary bolan Germaniýanyň, Belgiýanyň, Fransiýanyň, Beýik Britaniýanyň, Italiýanyň) we dolandyryjylar çykyş edýärler. Galan agzalar diwidendleriň alynmagy we müşderiniň derejesi bilen çäklenýärler.

HHB – bu merkezi banklaryň banky. HHB Tertipnama laýyklykda aşakdaky iki sany esasy wezipe ýüklenen:

1) Merkezi banklaryň aralarynda hyzmatdaşlyga ýardam etmek, halkara maliýe amallar üçin amatly şertleri üpjün etmek;

2) öz agzalaryna halkara karz we başga amallar geçirilende bank gullukçy ýa-da bank-depozitariý hökmünde hereket etmek. Bu wezipelerden ugur alyp, HHB aşakdaky amallary amala aşyrýar:

- Merkezi banklar bilen depozit-karz amallary;
- aýratyn ylalaşyklar boýunça hökümet gatançlaryny kabul etmek;
- walýuta we gymmatly kagyzlar bilen amallar (paýnamalardan başga);
- altynyň satyn alnyşy-satuwy (HHB-niň altyn ätiýaçlygy 210 t), altyn bilen swop geleşikleri;
- Merkezi banklaryň gullukçysy ýa-da habarçy hökmünde dünýä bazarlarynda amallar (walýutalar, karzlar, gymmatly kagyzlar, altyn bilen);
- Merkezi banklar bilen ylalaşyklaryň esasynda halkara özara hasaplaşyklaryň ösmegine ýardam bermek;

– Tertipnama laýyklykda, bankyň amallary degişli ýurtlaryň merkezi banklarynyň pul-karz syýasaty bilen ylalaşylmaly. Banka hökümetlere gündelik hasaplary açmaklyga we karz bermeklige rugsat berilmeýär.

HHB-niň serişdeleriniň esasy çeşmesi merkezi banklaryň daşary ýurt walýutasyndaky ýa-da altyndaky gysga möhletli (3 aýa çenli) gatançlary. Olar boýunça göterimleri tölemek üçin bank olary bazar şertlerinde başga merkezi banklarda, halkara guramalarda ýa--da bank-korrespondentlerde ýerleşdirýär. HHB-niň esasy aktiw amallary bolup, merkezi banklara walýuta karzlaryny bermeklik çykyş edýär. Bulardan başga-da, merkezi banklaryň hyzmatdaşlygynyň guramaçysy bolup, ýörite wezipeleri ýerine ýetirýär. Olara halkara amallaryň bilelikdäki geçirilişi, walýuta-maliýe meseleleri boýunça özara maslahatlaşmalar, gullukçy wezipeleri degişlidir. Şeýlelikde, geçen asyryň 1960-njy ýyllarynda HHB altynyň bazar bahasyny durnuklaşdyrmak maksady bilen altyn puluň ulanylmagyna ýardam edýärdi, funt sterlingi, franky toparlaýyn goldamaga gatnaşýardy; wagtal-wagtal walýuta interwensiýasyny amala aşyrýan merkezi banklar bilen swop amallaryny geçirýärdi.

1982-nji ýyldan başlap HHB HPG-niň karzyna garaşýan ýurtlara merkezi bankyň kepilnamasy bilen aralyk karzyny berip başlady. Şular ýaly karzlary Wengriýa, Meksika, Braziliýa, Argentina, öňki Ýugoslawiýa aldylar. Töleg balanslary ýetmezçilik edýän ýurtlaryň Gaznanyň karzlaryna ygtyýarlyklaryny giňeltmek syýasatyny goldamak üçin, HHB 17 sany merkezi bank bilen bilelikde Gazna 2,5 mlrd  dollar karz berdi. HHB daşky bergileri ugrukdyrmaga hem gatnaşýar.

HHB ÝWB, YHÖG, ÝÝWB-niň (1979–1993 ý.), soňra Ýewropa walýuta institutynyň (1994–1998 ý.), 1998-nji ýylyň iýunyndan bolsa Ýewropa merkezi bankynyň, şeýle hem halkara walýuta kliringleriň (ÝB-de 1950–1958 ý., ekýudaky amallary boýunça 1998-nji ýyla çenli) gullukçysy hökmünde hyzmat edýär.

HHB Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň töleg ylalaşyklarynyň gurnalmagynda we ýerine ýetirilmeginde (1947–1958 ý.), dünýä walýuta bazarynda bikanun hüjümlerini ýeňip geçmek üçin topar-

laýyn çäreleri işläp taýýarlamakda, ýewrobazaryň meselelerini ara alyp maslahatlaşmakda, bank gözegçiligini, esasan hem, banklaryň halkara amallaryny kämilleşdirmekde uly ähmiýete eýedi.

Bank gözegçiligi boýunça Bazel komiteti (HHB-niň ýanynda 1974-nji ýylda döredildi) şu mesele boýunça wagtal-wagtal täzelenýän Bazel düzgünnamasyny çap etdi we maýanyň hasaplanmagynyň halkara unifikasiýasy we maýanyň standartlary boýunça Bazel ylalaşygyny (1988-nji ý.) işläp taýýarlandy. Esasy banklar, şol sanda Russiýa Federasiýasy bu talaplary berjaý etmäge borçlandy (Bazel-10). 2000-nji ýylyň başynda maýanyň ýeterligini töwekgelleriň göz öňünde tutulmagy bilen kesgitlemek boýunça, bank gözegçiligi we bazar tertibini berjaý etmek boýunça (maglumatyň aýdyňlygy we takyklygy) täze talaplar düzüldi (Bazel-2). Bu talaplar ösen ýurtlaryň uly banklaryna degişli bolup, 2008-nji ýyla çenli ýerine ýetirildi. Käwagt ylalaşyk esasynda HHB tarapyndan taýýarlanan hödürnamalaryň döwletara kararlaryndan ähmiýetleri uly boldy.

HHB käbir ýörite wezipeleri ýerine ýetirýär, ýagny esasy walýutalaryň hümmetini saklamak maksady bilen merkezi banklaryň bilelikdäki walýuta interwensiýalaryny ýerine ýetirýär, şeýle hem hökümetara karzlar boýunça howandar hökmünde çykyş edýär. Merkezi banklar HHB Ýewrobazaryň ýagdaýyna we işlemegine gözegçilik etmek wezipelerini ýüklediler. Merkezi banklardan alynýan maglumatyň esasynda, HHB milli kanunçylyga tabyn bolmadyk bu bazaryň göwrümini hasaplamak nusgalaryny ulanýar. HHB halkara walýuta-karz gatnaşyklaryny durnuklaşdyrmak maksady bilen, halkara walýuta-karz gatnaşyklarynyň döwletara ugrukdyrylmagyna gatnaşýar, dünýä walýuta we karz syýasatyny kadalaşdyrmak maksady bilen merkezi banklaryň dolandyryjylarynyň duşuşyklaryny guraýar.

HHB-niň aýratynlygy onuň işiniň, Bazel klubynyň (Bankyň agza bolan ýurtlary girýär) walýuta-karz gatnaşyklarynyň zerur meseleleri we maksatnamalary ara alnyp maslahat edilýän her aýdaky ýygnaklarynyň konfidensial häsiýetinde jemlenýär. Bu bolsa, HHB-niň HPG we BB toparyny doldurýan guramasy hökmünde ornuny kesgitleýär. HHB HPG-niň Wagtlaýyn komitetinde we «onluk toparynda» administratiw orny bar, ÝB-niň guramalary bilen işleşýär.

HHB – bu esasy maglumat-gözleg merkezi. Bankyň ýyllyk hasabatlary – bu dünýädäki abraýly ykdysady neşirleriň biri.

HHB gatnaşyjylaryň düzümi we işiniň häsiýeti boýunça Günbatar Ýewropa guramasyndan halkara walýuta-karz guramasyna öwrüldi. Bu bolsa, HHB-niň merkezi banklaryň halkara banky, dürli halkara walýuta, hasaplaşyk we maliýe amallaryna gullukçy we buýruk beriji, ykdysady gözlegleriň merkezi we halkara walýuta-karz hyzmatdaşlygyň forumy hökmünde çykyş edýändigi bilen düşündirilýär.

Ykdysadyýetiň internasionalizasiýa we globalizasiýa şertlerinde halkara maliýe guramalarynyň orny ýokarlanýar. Olaryň işinde dünýä bileleşigine mahsus bolan hyzmatdaşlyk we ýurtlaryň aralaryndaky gapma-garşylyklar bolan ösüşler güýçlenýär.

## 13.2. Yslam ösüş banky

Ol 1973-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Yslam konferensiýa guramasyna gatnaşyjy ýurtlaryň maliýe ministrleriniň birinji konferensiýasynda esaslandyryldy we 1975-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda öz işine başlady. Bankyň maýasy esaslandyryjy ýurtlaryň gatançlarynyň hasabyna döredildi, Yslam ösüş banky BMG-niň Baş Assambleýasynda synçynyň hukuk derejesine eýedir (United Nations Genjeral Assembly observer).

**Häzirki wagtda Yslam ösüş bankynyň topary döredilip, ol şu aşakdaky guramalary öz içine alýar:**

- Hususy pudagy ösdürmek boýunça Yslam korporasiýasy (Islamic Corporation for the Development of the Private Sector (ICD));
- Maýa goýumlaryny we eksport karzlaryny ätiýaçlandyrmak boýunça Yslam korporasiýasy (Islamic Corporation for the Insurace of Invesment & Export Credi (ICIEC));
- Yslam barlag we okuw instituty (Islamic Research and Traing Institute (IRTI));
- Halkara Yslam söwda-maliýe korporasiýasy (International Islamic Trade Finance Corporation (ITFC)).

## Yslam ösüş bankynyň maksatlary we wezipeleri

Yslam ösüş banky toparynyň wezipeleri agza ýurtlarda ykdysady we sosial ösüşiň taslamalaryny maliýeleşdirmeklige gatnaşmakdan ybaratdyr. Bank öz işini kanunlara we şerigatyň ýörelgelerine esaslanyp amala aşyrýar. Bankyň pul birligi 1 SDR-e deň bolan yslam dinarydyr. Resmi dili arap dilidir, ýöne iňlis we fransuz dilleri hem iş dilleri hökmünde peýdalanylýar.

Bankyň öz maýasy 45 mlrd-dan gowrak yslam dinaryna deňdir.

## Yslam ösüş bankynyň agzalary

Häzirki wagtda 57 döwlet bankyň agzalarydyr. Olar Aziýanyň, Afrikanyň, Ýewropanyň we Latyn Amerikasynyň ýurtlarydyr. 2016-njy ýylyň maý aýyndaky şol maglumatlara görä, bankyň düzgünnamalaýyn serişdesiniň mukdary 35 milliard yslam dinaryna çenli ýetirildi. Onuň tassyklanan serişdesiniň mukdary bolsa 85 milliard yslam dinaryna barabar boldy. Bankyň agzalygyna kabul etmek üçin esasy talap yslam maslahatlar guramasyna gatnaşmakdyr, bankyň maýasyna agzalyk gatanjyny tölemekdir we bankyň Direktorlar geňeşi tarapyndan kabul edilen kadalary, amallary, adalgalary berjaý etmekdir.

Yslam ösüş bankyna goşulan ýurtlar iň azyndan 250 paýnama (aksiýa) gol çekýär, her paýnama 10 müň yslam dinaryna deňdir. Häzirki wagtda tölenen serişdäniň hasabyna Saud Arabystany patyşalygy, Kuweýt, Liwiýa, Türkiýe, Birleşen Arap Emirlikleri, Eýran Yslam Respublikasy, Müsür we Katar bankyň esasy paýdarlarydyr.

Yslam ösüş banky Yslam Konferensiýasy Guramasynyň ýöriteleşdirilen guramalarynyň biridir. Şeýle ýöriteleşdirilen guramalaryň guramadan garaşsyzlykda özüniň dolandyryş ulgamy bolýar. Bank guramanyň ähli duşuşyklaryna we onuň komitetleriniň ýygnaklaryna synçy hökmünde gatnaşýar. Bank olar bilen ykjam aragatnaşyk saklaýar. Ýöne ykdysady gurama bolan bankyň Ykdysady we söwda hyzmatdaşlygy boýunça hemişelik komitet bilen ýörite gatnaşygy bar.

Agza döwletleriň her biri bankyň dolandyryjylar geňeşinde dolandyryjy we onuň orunbasary bolup wekilçilik edýär. Her wekil esasy bäş ses bilen bir hatarda gol çekilen her bir paýnamasy üçin bir ses bermäge hukugy bar. Şeýlelikde, dolandyryjylar geňeşinde ses berlişikde sesleriň köplügi nazarda tutulyp, karar kabul edilýär. Dolandyryjylar geňeşiniň agzalary ýylda bir gezek ýygnanyşyp, bankyň bir ýylyň dowamynda eden işlerini gözden geçirýärler we geljekde edilmeli işler barada çözgütler kabul edilýär. Dolandyryjylar geňeşi bankyň iň ýokary edarasy hasaplanýar. Agzalyga we bankyň düzgünnamalaýyn serişdesini azaltmak ýa-da köpeltmek baradaky meseleler diňe dolandyryjylar geňeşinde çözülýär.

Häzirki wagtda bankyň Ýerine ýetiriji direktorlar geňeşiniň düzüminde 15 wekil bar. Olaryň 8-i bellenen, galan 7-si bolsa saýlanandyr. Sekiz sany wekil iň köp paýnamasy bolan ýurtlaryň wekilleridir. Beýlekiler bolsa agza döwletleriň arasynda saýlanýar.

Ýerine ýetiriji direktorlar geňeşi bankyň ähli işlerine jogap bermek bilen aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýärler:

1) dolandyryjylar geňeşiniň işini taýýarlamak;

2) dolandyryjylar geňeşiniň tassyklamagy üçin ýyllyk hasabaty taýýarlamak;

3) bankyň býujetini tassyklamak.

Bankyň 4 sany sebitleýin edarasy bar. Olar Marokkonyň Rabat, Malaýziýanyň Kuala-Lumpur, Gazagystanyň Almaty we Senegalyň Dakar şäherinde ýerleşýär. Şeýle hem bankyň bioduz oba hojalygynyň halkara merkezi bar. Ol Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde ýerleşýär.

Sebitleýin edaralaryň alyp barýan işlerine aşakdakylar degişlidir:

1) öz sebitindäki agza döwletler bilen bankyň arasyndaky aragatnaşygy saklamak;

2) taslamalaryň durmuşa geçirilmegine ýardam bermek;

3) bankyň maliýeleşdirmek mümkinçiliklerini ilerletmek we soňra degişli işler barada düşündiriş çärelerini geçirmek;

4) saparlary guramaga ýardam etmek.

Bankyň resmi dili arap dili hasaplanýar. Munuň bilen birlikde iňlis we fransuz dilleri iş dili hökmünde ulanylýar.

Bankyň taslamalaryny maliýeleşdirmegi makullan ýurtlaryň arasynda Türkmenistan, Türkiýe, Eýran, Pakistan, Bangladeş, Liwan we Surinam ýaly döwletler bar. Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, bank käbir ýurtlara grant hem berdi. Geňeş Somalide 8 mekdebiň gurluşygy üçin maliýe kömegini grant hökmünde berdi.

Bankyň maliýeleşdirilen taslamalaryna aşakdakylar girýär:

– Türkmenistana nebit we nebit önümlerini daşamak üçin gämi satyn almaga 31 million dollar möçberinde pul kömegini berdi;

– Liwan Respublikasynyň Akara sebitinde agyz suwy we lagym ulgamy taslamasyny durmuşa geçirmek üçin 52,7 million dollar serişde berdi;

– Pakistan gidro elektrik stansiýasyny gurmak üçin bankdan 137 million dollar karz pul aldy;

– Türkiýe Respublikasy bankdan karz alan 220 million dollaryna barabar karz puluna 80 sany häzirki zaman lokomotiw satyn aldy;

– Bangaldeş Respublikasy 25 million dollarlyk pul serişdesini azyk howpsuzlygyny üpjün etmäge sarp etdi;

– Eýran Yslam Respublikasy 69,2 million ýewro (91 million dollar) bilen suw bekedini gurdy.

– Surinam Respublikasy bolsa 5,5 million dollar möçberindäki karz puly deňiz portuny döwrebaplaşdyrmak üçin sarp etdi.

Şeýlelikde Yslam ösüş banky dünýäde daşary döwletlere maliýe kömegini berýän abraýly banklaryň biridir. Türkmenistan şol bankyň agzalygyna 1996-njy ýylda girdi. Häzirki wagtda Türkmenistanda saglygy goraýyş, ulag, gurluşyk ulgamlarynda bankyň gatnaşmagynda taslamalaryň birnäçesi üstünlikli durmuşa geçirilýär.

## 13.3. Halkara sebitleýin ösüş banklary

Bütindünýä bank topary bilen bilelikde Halkara sebitleýin ösüş banklar (HSÖB – Amerikanara, Afrikan, Aziýa) we ýöriteleşdirilen banklary hem işleýärler. Olar ösýän ýurtlaryň sosial-ykdysady ösüşleri üçin karz we tehniki ýardamyny berýärler.

**Döredilmeginiň sebäpleri we maksatlary.** Aziýanyň, Afrikanyň we Latyn Amerikasynyň halkara sebitleýin ösüş banklarynyň

geçen asyryň 60-njy ýyllarynda döremekleri birnäçe sebäpler bilen şertlendirilendir. Olardan içerki sebäplere aşakdakylar degişlidir:

1) Baknalyk ulgamynyň dargamagy, syýasy garaşsyzlygy gazanmaklyk, dünýä ösüşinde ösýän ýurtlaryň ornunyň ýokarlanmagy we olaryň täze ykdysady görkezijiler üçin göreşmeklikleri;

2) HPG we BB-niň topary tarapyndan hemme wagt göz öňünde tutulmaýan sebitleýin wezipeleriň çözülmeginiň zerurlygy;

3) sebitiň ýurtlarynyň sosial-ykdysady ösüş taslamalaryny karzlaşdyrmak maksady bilen, dürli çeşmelerden serişdelerini almak;

4) ösýän ýurtlaryň sebitleýin hyzmatdaşlygyny we ykdysady integrasiýany goldamak.

Daşky sebäpleriň arasynda – ösen ýurtlaryň – HAÖB-niň sebitleýin däl agzalarynyň ösýän ýurtlara eksportyny höweslendirmekde we olary öz täsiriniň astynda saklamaklykda bähbidini görmek (*12.1-nji tablisa*).

*12.1-nji tablisa*

**Halkara sebitleýin ösüş banklary**

| Ady we ýerleşýän ýeri | Döredilen ýyly | Agza bolan ýurtlaryň sany | Şol sanda ösýän | Tertipnama maýalary | Şol sanda tölenen | Taslama maliýeleşdirilmegi |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | mlrd dollar | | |
| Amerikanara ösüş banky (AmÖB), Waşington | 1959 | 46 | 30 | 101,0 | 4,3 | 13,6 |
| Afrikanyň ösüş banky (AfÖB), Abidžan | 1963 | 77 | 51 | 29,7 | 2,0 | 2,6 |
| Aziýa ösüş banky (AzÖB), Manila | 1965 | 67 | 45 | 47,3 | 3,0 | 5,4 |

**Tapawutlylyklar we umumy häsiýetler.** Bu banklaryň aralaryndaky tapawut Latyn Amerikasynyň, Aziýanyň we Afrikanyň yklymlarynyň ýurtlarynyň sosial-ykdysady, medeni ösüşleriniň derejesi, olaryň taryhy ösüşiniň aýratynlyklary bilen düşündirilýär.

Şonuň bilen birlikde, sebitleýin ösüş banklaryň birnäçe umumy häsiýetleri hem bar.

*Birinjiden*, bu banklaryň, esasan, meňzeş maksatlary bar, ýagny sebitleriň ýurtlarynyň ykdysady, 1990-njy ýyldan bäri bolsa, sosial ösüşlerini höweslendirmek (saglygy goraýyş, bilim, şäher hojalygy, ekologiýa). Garyplyk bilen göreşe, esasan, garyp bolup, 1 mlrd golaý adam ýaşaýan Aziýada we Afrikada aýratyn üns berilýär. HAÖB sebitleýin ykdysady integrasiýa ýagdaýyny we hususy eýeçiligiň ösüşini goldaýar.

*Ikinjiden*, ösüş banklarynyň agzalarynyň, takmynan 1/3 möçberi – ösen ýurtlar. Olara maýanyň we banklaryň sesleriniň ähmiýetli bölegi degişli bolandygy sebäpli, olar onuň işine görnükli täsir edýärler. AmÖB-niň dürli karary ABŞ, AzÖB-niň bilelikde sesleriň 1/3 möçberine eýe bolan Ýaponiýa we ABŞ tarapyndan bökdelip bilýär. Ilkibaşda, Tertipnama laýyklykda, AfÖB-niň agzalary, diňe Afrikan sebitleriniň ýurtlary bolup bilýärdiler. AfÖB-niň serişdeleriniň ýetmezçiligi sebäpli, 23 sebitleýin däl donor ýurtlaryň gatnaşmaklary bilen, Afrikanyň ösüş gaznasy döredildi (AÖG, 1972-nji ý.), 1982-nji ýyldan bäri bolsa, Bankyň agzalary hökmünde ösen ýurtlar hem kabul edilýärler. Häzirki wagtda, AfÖB-niň topary öz içine AfÖB-den başga, Nigeriýanyň trast gaznasyny we subregional guramalary (Merkezi Afrikanyň döwletleriniň ösüş banky, Günorta-Afrikanyň ösüş bileleşigi, Günbatar-Afrikan we Gündogar-Afrikan ösüş banklary) alýar. Tölenen maýa baglylykda sesleriň paýlanylmagy ýörelgesi arkaly, sebitleýin ösüş banklara ösen ýurtlaryň täsirleri saklanyp galýarlar. HAÖB-niň Tertipnamasyna laýyklykda, sesleriň köpüsi sebitleýin agzalara degişli bolmaly bolsa-da, sebitleýin däl agzalaryň köpelmegi bilen, olaryň paýy rugsat berilýän iň az çäge çenli (50,02 %) peseldi.

*Üçünjiden*, HAÖB-niň, esasan, passiwleriň döredilmekleriniň bir görnüşli çeşmeleri (tertipnama maýasy, obligasiýalaryň çykarylyşy, ýörite we trast gaznalary) we karz syýasaty bar.

**Adaty serişdeleriň döredilmegi.** AmÖB we AzÖB-niň tölenen tertipnama maýasy 10%-den ýokary däl, galan tölenmedik bölek, onuň çykarýan obligasiýalarynyň üpjün edilmegi üçin kepillendiriş

gaznasy hökmünde hyzmat edýär. Bu usul bilen banklar dünýä maliýe bazarynda öz gymmatly kagyzlaryny satyp, karz serişdeleri özlerine çekýärler. HAÖB-niň obligasion karzlarynyň möçberleri we möhletleri olaryň derejesine bagly. Umuman, olaryň serişdeleriniň, takmynan 80%-i daşky çeşmeleriň hasabyna döredilýärler. Bu obligasiýalaryň ýerlenmegi HAÖB-niň sebitleýin ykdysady komissiýalaryň üsti bilen BMG bilen aragatnaşygyň barlygy bilen ýeňilleşdirilýär. Şunuň bilen, bu halkara guramanyň abraýy banklara goldaw bolýar.

**Ýeňillikli karzlaşdyrmagyň ýörite gaznalary.** Ýörite gaznalaryň döredilmegi sebitleýin ösüş banklar üçin umumy häsiýet boldy. Olar bu gaznalar arkaly, esasan, has az ösen ýurtlarda, az girdejili ýöne ykdysady we sosial gurluşlary toplumlaýyn ösdürmek üçin zerur bolan obýektleriň ýeňillikli karzlaşdyrmagyny giňeltjek bolýarlar. Bu gaznalar HÖA-nyň Bütindünýä bankynyň toparynda ýetirýän wezipeleri ýaly wezipeleri ýerine ýetirýärler. Bu gaznalaryň köpüsi ösen ýurtlaryň döwlet gatançlarynyň hasabyna döredilýärler we olaryň üsti bilen öz haryt eksportyny ösýän ýurtlaryň bazarlaryna eltýärler. Bäsdeşligiň bu gizlin görnüşi ýeňillikli karzlaryň degişli donor ýurtlaryndan maýa goýum harytlaryň satyn alynmaklygyna «daňmak» arkaly amala aşyrylýar, Latyn Amerikasynda bu, ilkibilen, AmÖB-niň ýörite amallarynyň gaznasyna serişdeleriň ýarysyndan köp bolan möçberi goşan ABŞ, Aziýada – Aziýa ösüş gaznasyna serişdeleriň ýarysyny goşan Ýaponiýadyr. Has az ösen ýurtlaryň köpsanly topary Afrika sebitinde ýerleşse-de, onuň ýeňillikli karzlaşdyrmagyň iň pes çeşmesi bar.

**Trast (ynamly) gaznalar.** Bu gaznalar ösýän ýurtlara öz eksportyny ýerlemekde gyzyklanýan donor ýurtlaryň (şol sanda HAÖB-niň agzalary bolmadyk) gatançlarynyň hasabyna döredilýärler. Şunuň bilen birlikde, öz bähbitlerini hasaba alyp, donor ýurtlaryň firmalary belli döwletlere we pudaklara gönükdirilýärler.

**Aktiw amallary we karz syýasaty.** HAÖB-niň aktiw amallary sindisirlenen karzlary we goşmaça maliýeleşdirmegi ulanmak bilen maýa goýumlar taslamalaryny karzlaşdyrmagy; edaralaryň paýdarlar maýasyna maýa goýumlary; güwänamalary özüne birikdirýär. Sebitleýin ösüş banklarynyň ösýän ýurtlary karzlaşdyrmagynyň

möçberi we şertleri olaryň serişdeleriniň möçberine we gurluşlaryna bagly. Sebitleýin banklaryň aktiw amallarynyň ösmegi, esasan, karzlaryň umumy ýyllyk möçberiniň 1/3-den az bolmadyk ýeňillikli karzlaryň hasabyna amala aşyrylýar. Ýeňillikli karzlar 40 ýyla çenli möhlet bilen berilýärler, olar boýunça göterim derejeler bolsa bazaryňkydan pes. Bu şertler ösýän ýurtlaryň köpüsi üçin, bazar göterim dereje boýunça 10 ýyldan 20 ýyla çenli möhlet bilen berilýän adaty karzlaryň şertlerinden has amatly. 5 ýyla çenli iň gysga möhletler maşynlaryň we enjamlaryň sebitiň içinde satuwyny ösdürmek maksady bilen Latyn Amerikasynyň ýurtlaryny karzlaşdyrmak üçin niýetlenen AmÖB-niň karzlaryna mahsus. Karz işiniň möçberi boýunça AmÖB öňde bolup, ondan soň AzÖB we AfÖB barýar.

Mysal üçin, AmÖB her ýyl Latyn Amerikasy ýurtlarynyň ösüşi üçin döwlet kepilligi bilen 6 müň maýa goýum taslamalary karzlaşdyrylýar. Bankyň taslama maliýeleşdirilmeginde BB, OPEK gaznasy, And ösüş korporasiýasy we başgalar bilen bilelikde paý gatnaşygy köpden ulanylýar (40% çenli). 1995-nji ýyldan bäri AmÖB, taslamanyň möçberinden 25% çäklerinde hususy eýeçiligi döwlet kepilnamasy bolmazdan karzlaşdyrmaga gatnaşýar. 1990-njy ýyldaky maliýe çökgünlikleri bilen baglylykda, ÖB adatdan daşary karzlary Argentina we Braziliýa berdi. Ýörite gaznalardan bank göterim derejeleri pes bolup, üzülmegi dollarda däl-de, başga walýutada göz öňünde tutulan ýeňillikli karzlary berýär.

AmÖB-den we AzÖB-den tapawutlylykda, AfÖB-niň işi ýeterlikli netijeli däl. Onuň işiniň bütin döwründe karzlar (2,5 müň maýa goýum taslama 40 mlrd dollar), esasan, hökümetlere we diňe soňky wagtlar hususy eýeçilige berildi. Afrika maýa goýujylar üçin has howply sebit hasaplanýandygy sebäpli, bilelikdäki taslama maliýeleşdirme görnüşindäki daşary ýurt maýasyny çekmeklik kynlaşdyrylan. AfÖB-niň sebitleýin taslamalaryna gatnaşmagy ujypsyz (2%-den az). «Täze afrikan teklipler guramasy», ýagny şu sebitdäki maksatnamalaýyn reformalaryň jemini durmuşa geçirmek üçin, halkara maliýe guramalary AfÖB maliýe goldawyny berýärler *(12.2-nji tablisa)*.

*12.2-nji tablisa*

**HAÖB-niň karzlarynyň pudaklaýyn gurluşy, %**

| | AmÖB | AfÖB | AzÖB |
|---|---|---|---|
| Döwlet maksatnamalary | 17 | 21 | 16 |
| Oba hojalygy | 11 | 23 | 19 |
| Ulag, aragatnaşyk | 12 | 17 | 20 |
| Senagat | 10 | 16 | 3 |
| Energetika | 15 | - | 21 |

HAÖB-niň karz syýasatynyň ýörelgeleri üýtgeýärler. Ilkinji 20 ýylda olar awtotrastadalaryň, portlaryň, howa menzilleriniň we ş.m. gurluşyklary we modernizasiýasy maksady bilen ykdysady we sosial infrastrukturanyň obýektlerini karzlaşdyrdylar. Şol wagtda bu karzlar karz goşantlaryň 1/2, häzirki wagtda 1/3 möçberinden ýokarydyr.

Bu bolsa, onuň ösüşine diňe sebitiň içindäki gatnaşyklaryň giňemegi bagly däl-de, ösýän ýurtlaryň ykdysadyýetiniň beýleki pudaklarynyň emele gelýändigi bilen düşündirilýär we özüne daşary ýurt maýasyny çekýär. Şolbir wagtda, transkontinental magistrallaryň, milletara aragatnaşyk ulgamynyň we energoulgamlarynyň döredilmegi, sebitiň az ösen ýurtlaryny integrasiýa ýagdaýyna çekmäge ýeňillik döredýär. Karzlaşdyrmagyň möçberi boýunça ikinji ýerde oba hojalygy, şol sanda agrosenagat obýektleri dur. HAÖB-niň karz goýumlarynyň üçünji ugry senagat bolup, köplenç, gazyp alýan we işläp taýýarlaýan senagat karzlaşdyrylýar.

1980-nji ýylyň ortasyndan, AmÖB we AzÖB energetikany we senagaty karzlaşdyrmaga başladylar. AfÖB öňküsi ýaly oba hojalygyna we döwlet edaralaryna karz goýumlaryny goýmaklygy saklaýar. 1990-njy ýyldan karz syýasatynyň strategiýasy sosial infrastrukturanyň ösmegine we döwleti dolandyrmagyň kämilleşmegine gönükdirildi.

**Karzlaryň döwletler boýunça paýlanylmagy.** Karzlaryň ähmiýetli möçberini AmÖB «uly üçlüge» (Argentina, Braziliýa, Meksika); AzÖB 5 ýurda (Indoneziýa, Günorta Koreýa, Filippinlere, Pakistana,

Taýlanda), häzirki wagtda dördüsine (Hindistana, Hytaýa, Indoneziýa, Pakistana), olaryň hersi ýylda karzlaryň 10% alýarlar, bilelikde AzÖB karzlarynyň 2/3 alýarlar. Karz alyjy öňbaşçylaryň orny çalyşýar. Mysal üçin, Hindistan 1,5 mlrd dollar ýa-da şu bankyň karzlarynyň 28%-ini alýar. AzÖB-niň göwrümi boýunça üçünji paýdary bolan Hytaý, onuň uly karz alyjysy boldy (1 mlrd dollara golaý) we karzlary ykdysadyýetiň netijeliligini ýokarlandyrmak, daşky gurşawy goramak, tebigy serişdeleri işläp taýýarlamak, garyplygy aradan aýyrmak üçin ulanýar. 1995-nji ýyldan AzÖB-niň agzalary we karz alyjylary Azerbaýjan, Gyrgyzystan, Gazagystan, Özbegistan, Türkmenistan, Täjigistan boldy.

AfÖB karzlarynyň 55%-ini Demirgazyk we Günorta Afrikanyň ýurtlaryna, 20%-ini Günbatar Afrikanyň ýurtlaryna, galanyny Gündogar we Merkezi Afrikanyň ýurtlaryna berýär. Onuň esasy tölege has ukyply bolan karz alyjylaryna Marokko, Tunis, Nigeriýa, Alžir, Müsür, Efiopiýa degişli. AÖF Merkezi we Günbatar Afrikanyň has az ösen ýurtlaryny hem karzlaşdyrýar.

HAÖB ösýän ýurtlara, degişlilikde olaryň ykdysady ösüşleriniň we syýasatyň ugrunyň derejesine baglylykda differensirlenen karz syýasatyny alyp barýar. Banklaryň adaty gaznalara açyk ygtyýarlary bolan has ynamly (täjirçilik nukdaýnazardan) karz alyjylar ileri tutulýarlar. Olaryň hasabyna ösýän ýurtlaryň senagaty karzlaşdyrylýar, ýerli banklary we ösüşiň maliýe korporasiýalary aýratyn ähmiýete eýe bolýarlar çünki olaryň üstünden girdejili hususy edaralaryň haýryna sebitleýin senagat karzlary gaýtadan paýlanýarlar. Şunuň bilen, diňe ýerli maýa däl-de, daşary ýurt maýasy girizilýän ösýän ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň hususy eýeçiligi berkleşýär we ösýär.

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň gelmegini höweslendirmek üçin, AmÖB 1984-nji ýylda Amerikanara maýa goýum korporasiýasyny döretdi. Onuň wezipelerleri HMK-nyň wezipelerleri bilen meňzeş. Onuň maýasynyň ýarysyndan köp möçberi Latyn Amerikasy ýurtlarynyň, 1/4-i ABŞ-nyň paýyna düşýär.

Sebitleýin ösüş banklary BB-niň toparynyň we milli ösüş banklarynyň aralarynda aralyk orny tutýarlar. Bu bolsa, ösen ýurtlara ösýän ýurtlara, degişlilikde öz syýasatyny, şol sanda daşary ykdysady

syýasatyny amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Şunuň bilen birlikde, sebitleýin banklar milli ykdysadyýetiň, ykdysady hyzmatdaşlygyň ösmegine we ösýän ýurtlaryň integrasiýasyna ýardam berýär.

HAÖB-niň toparyna Karib we Yslam ösüş banklary degişlidir. Karib ösüş bankyň işi (1970-nji ýylda döredilen), esasan, donorlaryň hasabyna döredilen serişdeleriň az möçberi bilen çäklenen. Yslam ösüş bankynyň aýratynlygy (1974-nji ýylda döredilen, tertipnama maýay 15,0 mlrd dollar) diňe «Yslam konferensiýasy» Guramasynyň (YKG) ýurtlary onuň agzalary bolup bilýärler. Bu bankyň maksady gurama girýän ýurtlaryň sosial-ykdysady ösüş taslamalaryny karzlaşdyrmak, şeýle hem musulman jemgyýetini goldamak.

Ýöriteleşdirilen köptaraply banklara we ösüş gaznalaryna, Afrikanyň ykdysady ösüşiniň Arab banky, Ykdysady we sosial ösüşiň Arab gaznasy, Beýik kölleriň ýurtlarynyň ösüş Banky, Gündogar-Afrika ösüş banky, Aziýaara ösüş banky, Skandinaw ösüş banky degişlidir.

***Aziýanyň ösüş banky*** (häsiýetnamasy, dörediliş taryhy, maksatlary, wezipeleri, ähmiýetli ösüşiniň aýratynlyklary we geljegi).

Soňky ýyllarda sebit ösüş banklarynyň tagallalary görnetin boldy, olar bütindünýä bankynyň toparynda has düýpli bäsdeşlik edip başladylar.

Aziýanyň ösüş banky (AzÖB) 1963-nji ýylda Aziýa we Uzak Gündogar üçin ykdysady toparyň howandarlygynda döredilip, gijräk Aziýa we Ýuwaş umman üçin ykdysady we sosial topary diýip (AÝUUYST) ady üýtgedildi. AzÖB-ni döretmek hakyndaky ylalaşyk 1966-njy ýylyň 22-nji awgustynda güýje girdi, şonda ol hökümetleriň 15-i tarapyndan tassyklanyldy. Bank öz amallaryna 1966-njy ýylyň 19-njy dekabrynda başlady. AzÖB-niň tertipnamasy boýunça oňa gatnaşyjylar sebite girýän ýurtlar, şeýle hem BMG-niň beýleki agza döwletleri ýa-da onuň ýöriteleşdirilen agentlikleriniň biri oňa gatnaşyjylar bolup biler. AzÖB-niň maýalyk gory ABŞ-nyň 43 mlrd dollaryndan gowrakdyr.

AzÖB-niň agzalary 67 ýurtdur (2002), olaryň köpüsi bu sebitde ýerleşýär. Öňki SSSR-iň düzümindäki ýurtlardan: Azerbaýjan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan bankyň paýdarlarydyr. Ýaponiýa (Dolandyryjylaryň geňeşinde we Müdü-


21. Sargyt №2512

riýetde sesleriň 13%-i), ABŞ (13%), Hytaý (5,6%), Hindistan (5,5%), Awstraliýa (5,1%), Indoneziýa (4,8%), Günorta Koreýa (4,4%), Germaniýa (3,9%) bankyň iň uly paýdarlarydyr.

Dolandyryjylaryň geňeşinde we Müdiriýetde sesleriň umumy sanynyň 20%-i gatnaşyjy ýurtlaryň ählisiniň arasynda deň, galan 80%-i her bir ýurduň maýalyk goruna gatnaşyk paýyna görä paýlanmak arkaly geçirilýär.

Ştab-kwartirasy Manila şäherinde (Filippinler). AZÖB-niň dünýäniň dürli ýurtlarynda sebit wekilhanalarynyň 23-si, şol sanda Aziýa ýurtlarynda 14-i, Ýewropada, ABŞ-da (Waşington) Germaniýada (Frankfurt) wekilhanalary bar. Dünýäniň 50 ýurdunda işleýän işgärleriniň sany 2 müň golaýdyr.

**AzÖB-niň maksatlary:**

– Aziýa we Uzak Gündogar sebitlerinde ykdysady ösüşe we hyzmatdaşlyga ýardam etmek;

– garyplygyň derejesini peseltmek;

– aýallaryň ýagdaýyny gowulandyrmak;

– ýurduň ilaty babatda meýilleşdirmegi goşup, zähmet serişdelerini ösdürmek;

– sebitiň tebigatyndan peýdalanylmagyny üpjün etmek.

Şeýlelik bilen bankyň iň möhüm wezipeleri Aziýanyň ösüp barýan ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň we daşary söwdasynyň ösüşine ýardam etmekden, sebit hyzmatdaşlygyny höweslendirmekden, olaryň ykdysady syýasatynyň utgaşdyrylmagynda tehniki ýardam etmekden ybaratdyr. Tertipnama laýyklykda bank diňe sebitiň ösýän ýurtlaryna maýa goýumlaryny geçirýär, bir karzyň ortaça pul möçberi 15 mln amerikan dollaryny düzýär, has uly karzlary (ABŞ-nyň 50 mln dollaryna çenli) bank örän seýrek berýär.

Karzlar, esasan, gaznalaryň ikisinden berilýär: adaty we ýörite diýip atlandyrylýar. Birinji karz täjirçilik şertlerinde, ýagny bazar göterim derejesi boýunça we has gysga möhlete (adatça 15–25 ýyl) ösüp barýan ýurtlary karzlaşdyrmak üçin niýetlenendir. Ýörite gazna ýeňillikli göterim derejesi (1–3%) boýunça uzak möhletli karzlaşdyrmak (25–40 ýyl) üçin niýetlenendir. Bankyň ähli karzlarynyň

ýeňillikli döwri bardyr: bankyň adaty gaznasyndan karzlar üçin ol 3–5 ýyly, käte 7 ýyla çenli döwri düzýär; ýörite gaznadan bolsa – kada bolşy ýaly 10 ýyldyr. Karzlary bermegiň daşyndan bank Aziýanyň ösüp barýan ýurtlaryna dürli taslamalar taýýarlanylanda we amala aşyrylanda bilermenleriň hyzmatlary görnüşinde tehniki kömegi berýär.

**AzÖBankyň wezipeleri:**

– ösüp barýan agza döwletleriň ykdysady we sosial ösüşini gazanmak maksady bilen karzlary bermek we öz serişdelerini goýmak;

– ösüş maksatnamalaryny we taslamalaryny taýýarlamak we amala aşyrmakda bilermenleriň tehniki kömegini we hyzmatlaryny bermek;

– ösdürmek maksady bilen döwlet we hususy maýa goýumlaryny höweslendirmek;

– ösüş meýilnamalary we maksatlary utgaşdyrylanda kömek bermek.

AzÖB-niň maliýe serişdeleri ýazylyşyk ätiýaçlyk maýasyny we maýa bazarlarynda karz bermeler arkaly alnan serişdeleri, şeýle hem ýeňillikli karzlaşdyrmak we tehniki kömek bermek maksady bilen döredilen ýörite gaznalary (esasan agza döwletleriň gatançlarynyň hasabyna maliýeleşdirilýän) öz içine alýan adaty maýalyk serişdelerinden durýar.

Adaty çeşmeler AzÖB-niň agza ýurtlaryndan tölenilýän maýanyň bölegi, dünýä bazarynda karz bermegiň maýasy, maýa goýumlaryndan alynýan girdejidir.

AzÖB maýa goýumlaryny diňe Aziýa we Ýuwaş umman ýurtlarynda amala aşyrýar.

AzÖB-den karz serişdelerine dalaş etmek gatnaşygy ýurtlaryň hökümetleri hem-de edara görnüşindäki taraplar dalaş edip biler.

Soňkular 10 müň dollara çenli karzlara bil baglap bilerler. Bankyň goýumlarynyň ileri tutulýan çygyrlary ulag we aragatnaşyk, senagat, energetika, oba hojalygy, maliýe pudagydyr.

AzÖB resmi, täjirçilik we eksport-import guramalary bilen bilelikde maliýeleşdirmegi hem amala aşyrýar we öz serişdelerini goýýar.

Karzlary bermegiň daşyndan bank Aziýanyň ösüp barýan ýurtlaryna dürli taslamalar taýýarlananda we amala aşyrylanda bilermenleriň hyzmatlary görnüşinde tehniki kömegi berýär.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, TDNG, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, TDNG, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, TDNG, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Eserler ýygyndysy. I kitap. Aşgabat, TDNG, 2007.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 1–12-nji tomlar. Aşgabat, TDNG, 2008–2019.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, TDNG, 2009.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, TDNG, 2008.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. I–XII tomlar. Aşgabat, TDNG, 2009–2020.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, TDNG, 2010.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I-II tomlar, Aşgabat, TDNG, 2010.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Beýik özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Aşgabat, TDNG, 2010.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – melhemler mekany. Aşgabat, TDNG, 2011.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer (Roman). Aşgabat, TDNG, 2011.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Janly rowaýat. Aşgabat, TDNG, 2011.

15. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Beýik özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Aşgabat, TDNG, 2011.
16. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – GDA: ösüşleriň hatyrasyna hyzmatdaşlyk. Aşgabat, TDNG, 2012.
17. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet guşy (Roman). Aşgabat, TDNG, 2013.
18. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ynsan kalbynyň öçmejek nury. Aşgabat, TDNG, 2014.
19. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Medeniýet halkyň kalbydyr. Aşgabat, TDNG, 2014.
20. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bagtyýarlyk saglykdan başlanýar. Aşgabat, TDNG, 2014 .
21. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. Aşgabat, TDNG, 2014.
22. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan. Aşgabat, TDNG, 2014.
23. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Suw – ýaşaýşyň we bolçulygyň çeşmesi. Aşgabat, TDNG, 2015.
24. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ile döwlet geler bolsa... Aşgabat, TDNG, 2015.
25. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen medeniýeti. Aşgabat, TDNG, 2015.
26. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. Aşgabat, TDNG, 2015.
27. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bitarap Türkmenistan. Aşgabat, TDNG, 2015.
28. *Gurbanguly Berdimuhamedow* Türkmenistanyň Bitaraplygy: parahatçylygyň we ösüşiň syýasaty (Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň resmi çykyşlarynyň we ýüzlenmeleriniň ýygyndysy). Aşgabat, TDNG, 2015.
29. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Watan goragy mukaddesdir. Aşgabat, TDNG, 2015.
30. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Çaý – melhem hem ylham. Aşgabat, TDNG, 2016.
31. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Gadamy batly bedew. Aşgabat, TDNG, 2016.

32. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Arşyň nepisligi. Aşgabat, TDNG, 2016.
33. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. Aşgabat, TDNG, 2016.
34. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan. Aşgabat, TDNG, 2016.
35. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Mertler Watany beýgeldýär. Aşgabat, TDNG, 2017.
36. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
37. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. Aşgabat, TDNG, 2018.
38. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Enä tagzym – mukaddeslige tagzym. Aşgabat. TDNG, 2018.
39. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi, II. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.
40. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. I tom. A-Ž. Aşgabat. TDNG, 2016.
41. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. II tom. K-Z. Aşgabat. TDNG, 2016.
42. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. Aşgabat, 2019.
43. Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasy. Aşgabat, 2012.
44. Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasy. Aşgabat, 2011.
45. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşindäki milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2015.
46. Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy. Aşgabat, TDNG, 2019.
47. Türkmenistanyň Bilim, ylym, saglygy goraýyş, sport we arhiw ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy. Aşgabat, TDNG, 2019.
48. Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy, Aşgabat, 2017.
49. Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy, Aşgabat, 2018.

50. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. №167-IV. 2011-nji ýylyň 25-nji marty.
51. Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. №168-IV. 2011-nji ýylyň 25-nji marty.
52. «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2011.
53. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2009.
54. Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda Düzgünnama, 2009.
55. Eýeberdiýew G., Hajygurbanow H. Bank işi. Aşgabat, TDNG, 2012.
56. Eýeberdiýew G., Geldimämmedow A. Birža işi we gymmat bahaly kagyzlar bazary. Aşgabat, TDNG, 2013.
57. Hajygurbanow H., Taýharow B. Halkara walýuta-maliýe gatnaşyklary. Aşgabat, TDNG, 2011.
58. Hajygurbanow H.G., Taýharow B., Halkara walýuta-karz gatnaşyklary. Aşgabat, TDNG, 2011.
59. Taýharow B., Hajygurbanow H. Pul, karz we banklar. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
60. Востриков А.А., Калюжный В.П., Сергеев М.Б. Пластиковые карты с открытой памятью. Учебное пособие. Санкт-Петербург, 2002.
61. Завалеев В. Internet-технологии в проектах с пластиковыми карточками. 2000.
62. Копытин В.Ю. Межбанковские расчеты и международные платежные системы. Курс лекции. Ростов-на-Дону, 2008.
63. Позднякова Л.А. Основные платежные системы России, стран Западной Европы, США и Японии. – М.: ЦПП Банка России. 1998.
64. Ройтберг П.Г. Некоторые проблемы электронных наличных. Финансы и кредит. 2003. №19.
65. Феоктистов И.А., Минаков В.Ю. Пластиковые карты.
66. Френк Фабоччи. Финансовые инструменты. Москва, 2010.
67. Стратегия развития банковского сектора Российской Федерации на период до 2008 года.
68. Международные банковские стандарты. Под. ред. С.И. Кумок. -М.: Московское финансовое объединение, 2005.

69. Автоматизированные информационные технологии в банковской деятельности. Под ред. Титоренко Г.А., М.: Финстатинформ, 2007.
70. Шейнин Р. К. Банковская система зарубежных стран. М. Финансы и статистика. 2010.
71. Жук И. Н. Финансово-кредитные системы зарубежных стран. Минск, 2014.

# MAZMUNY


Giriş . . . . . . 7

**I bap**

**Ýewropa Bileleşigi: Ýewropanyň bank ulgamy** . . . . . . 16

1.1. Ýewropanyň bank ulgamynyň ösüşi . . . . . . 16

1.2. Ýewropanyň bank ulgamynyň döreýiş taryhy we esasy wezipeleri . . . . . . 26

1.3. Ýewropanyň Merkezi bankynyň maksady we wezipeleri . . . . . . 51

1.4. Ýewropa Bileleşiginiň halkara sebitleýin maliýe guramalary . . . . . 55

**II bap**

**Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen patyşalygynyň bank ulgamynyň ösüşi** . . . . . . 65

2.1. Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen patyşalygynyň bank ulgamynyň ösüşi . . . . . . 65

2.2. Angliýanyň bankynyň maksady we ýerine ýetirýän wezipeleri . . . 68

2.3. Beýik Britaniýanyň täjirçilik banklary we maliýe kompaniýalary . 76

2.4. Angliýada daşary ýurt banklary . . . . . . 81

2.5. Şotlandiýanyň bank ulgamy . . . . . . 83

**III bap**

**Germaniýanyň bank ulgamy** . . . . . . 88

3.1. Germaniýanyň bank ulgamynyň ösüşi . . . . . . 91

3.2. Germaniýanyň bank ulgamynyň gurluşy . . . . . . 93

3.3. Bundesbank – bank ulgamynyň gurluşynyň birinji derejesi . . . . . . 95

3.4. Germaniýanyň banklarynyň görnüşleri we ýerine ýetirýän amallary . . . . . . 102

3.5. Germaniýanyň bank ulgamynyň Ýewropa ulgamynyň Merkezi banklary bilen özara gatnaşyklary . . . . . . 109

**IV bap**
**Fransiýanyň bank ulgamy** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 114
4.1. Fransiýanyň bank ulgamynyň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 114
4.2. Fransiýanyň bank ulgamynyň gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 124
4.3. Fransiýanyň bankynyň (Bank de Franc) wezipeleri
we ýerine ýetirýän amallary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 131
4.4. Fransiýanyň bank ulgamynyň ýewrozolakda tutýan orny . . . . . . . 134

**V bap**
**Italiýanyň bank ulgamy** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 139
5.1. Italiýanyň bank ulgamynyň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 139
5.2. Italiýanyň bank ulgamynyň gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 143
5.3. Italiýanyň banky . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 146
5.4. Italiýanyň täjirçilik banklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 148
5.5. Italiýanyň ýöriteleşdirilen banklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 151
5.6. Italiýadaky bank gözegçiligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 155
5.7. Italiýanyň bank ulgamynyň reformalaşdyrylmagy . . . . . . . . . . . . 156

**VI bap**
**Şwesiýanyň bank ulgamy** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 167
6.1. Bank ulgamynyň ösüşi we gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 167
6.2. Şwesiýanyň şüýşürintgi banklary we karz firmalary . . . . . . . . . . . 170
6.3. Şwesiýadaky daşary ýurt banklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 173

**VII bap**
**ABŞ-nyň bank ulgamy** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 176
7.1. ABŞ-nyň bank ulgamynyň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 176
7.2. ABŞ-nyň Federal ätiýaçlyk ulgamynyň gurluşy . . . . . . . . . . . . . . 179
7.3. ABŞ-nyň täjirçilik banklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 188
7.4. ABŞ-nyň maýa goýum banklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 191
7.5. ABŞ-nyň süýşürintgiler institutlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 192

**VIII bap**
**Kanadanyň bank ulgamy** . . . . . . . . . . 201
8.1. Kanadanyň karz ulgamy . . . . . . . . . . 201
8.2. Kanadanyň bank ulgamynyň gurluşy. . . . . . . . . . 206
8.3. Kanadanyň banklarynyň alyp barýan işleri . . . . . . . . . . 209
8.4. Täjirçilik banklarynyň maýa goýum işleri . . . . . . . . . . 213
8.5. Kanadanyň transmilli banklary we olaryň daşary işleri. . . . . . . . . . 214

**IX bap**
**Ýaponiýanyň bank ulgamy** . . . . . . . . . . 221
9.1. Ýaponiýanyň bank ulgamynyň ösüşi . . . . . . . . . . 221
9.2. Ýaponiýanyň bank ulgamynyň gurluşy . . . . . . . . . . 226
9.3. Ýaponiýanyň bankynyň esasy wezipeleri . . . . . . . . . . 227
9.4. Ýaponiýanyň beýleki karz edaralarynyň wezipeleri
we amallary. . . . . . . . . . 228
9.5. Ýaponiýadaky daşary ýurt banklary . . . . . . . . . . 234
9.6. Ýaponiýanyň banklarynyň halkara ekspansiýasy . . . . . . . . . . 236
9.7. Ýaponiýanyň bank işine gözegçilik ulgamy . . . . . . . . . . 238

**X bap**
**Hytaý Halk Respublikasynyň bank ulgamy** . . . . . . . . . . 242
10.1. Hytaýyň bank ulgamynyň ösüşi. . . . . . . . . . 242
10.2. Hytaýyň bank ulgamynyň gurluşy . . . . . . . . . . 244
10.3. Hytaýyň Halk banky . . . . . . . . . . 248
10.4. Hytaýyň täjirçilik banklary . . . . . . . . . . 251
10.5. Hytaýdaky daşary ýurt banklary . . . . . . . . . . 255
10.6. Hytaýyň bank ulgamynyň reformalaşdyrylmagy. . . . . . . . . . 258

**XI bap**
**Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamy** . . . . . . . . . . 263
11.1. Russiýa Federasiýasynyň bank ulgamynyň gurluşy . . . . . . . . . . 263
11.2. Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankynyň maksady,
wezipeleri we ýurtda alyp barýan pul-karz syýasaty. . . . . . . . . . 269
11.3. Bank ulgamynyň ikinji derejesi bolan karz edaralary . . . . . . . . . . 272
we olaryň işleriniň esasy maksady . . . . . . . . . . 272

**XII bap**

**Bütindünýä bankynyň wezipeleri we guramaçylyk düzümi** . . . . . . 276

12.1. Bütindünýä bankynyň döremeginiň maksatlary we taryhy . . . . . 276

12.2. Bütindünýä bankynyň esasy düzümi, ýerine ýetirýän amallary we maýa goýumlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 283

12.3. Bütindünýä bankyna girýän maliýe institutlary . . . . . . . . . . . . . 293

12.3.1. Halkara abatlaýyş we ösüş banky . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 294

12.3.2. Halkara ösüş assosiasiýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 300

12.3.3. Halkara maliýe korporasiýasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 302

12.3.4. Maýa goýumlar kepilligi boýunça köpugurlaýyn agentlik . . . . 303

**XIII bap**

**Sebitleýin ösüş bank ulgamy** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 305

13.1. Halkara hasaplaşyklar banky . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 305

13.2. Yslam ösüş banky . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 311

13.3. Halkara sebitleýin ösüş banklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 314

Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 325

*Hüseýn Hajygurbanow, Maýa Myradowa*

DÜNÝÄ DÖWLETLERINIŇ BANK ULGAMLARY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *E. Berdiýewa* |
| Surat redaktory | *P. Pürmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nuryagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *S. Ýarmakowa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |
| Neşir üçin jogapkär | *G. Eýeberdiýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 18.11.2020. Ölçegi 60 x $90^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 21,0. Şertli reňkli ottiski 18,3. Hasap-neşir listi .
Çap listi 21,0. Sany 400. Sargyt № 2512.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.